TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMEN HALK ERTEKILERI

## (Jadyly ertekiler)

**Çapa taýýarlan**
**Ş.Geldiýewa**

**AŞGABAT «MIRAS» 2006**

**UOK 894.361+396**
**T90**

**T90** **Türkmen halk ertekileri.** (Jadyly ertekiler) A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 – 392 s.

**REDAKTOR**

**Nury Seýidow**

*Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy esasynda Garaşsyzlyk zamanamyzda ilkinji gezek neşire hödürlenilýän «Jadyly ertekiler» atly ýygyndy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasyndaky iň kämil nusgalardan saýlanylyp alyndy. Durmuşa, esasan, toslama, jada ýugrulyp döredilen jadyly ertekiler okyjyny täsinliklerden doly ertekiler dünýäsine syýahata alyp gidýär. Ol älemde okyjy zemin bähbitli gudratlary, arzuwlary amala aşyrmakda adatdan daşary güýçlere hötde gelýän pälwansypat gahrymanlary bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Erteki gahrymanlar ýaşlarda jadyly güýçlere garşy göreşmek, batyrgaýlyk, hyjuwlylyk mümkin, däl zatlary hakykata öwürmäge isleg döredýär.*

**TMMMM №67**

**TDKP №108.2** **2006** **KBK 84.Tü1**

© Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezi, 2006 ý.
Türkmen halk ertekileri (Jadyly ertekiler), 2006 ý.
Geldiýewa Ş., çapa taýýarlama, sözsoňy, 2006 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY – GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri – ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras – bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*». Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## ALDARKÖSE, DÖW HEM TILKI[1]

Gadym zamanda Aldarköse diýen bir adam bolupdyr. Ol bir gün aýalyna:

— Keýwany, men talap etmäge gitjek – diýip aýdypdyr-da çöl beýewana çykyp gidiberipdir.

Ol şol gezip ýörşüne bir gün döwe duşupdyr. Aldarköse oňa salam beripdir. Onda döw:

— Şunça salam bermedik bolsaň, seni iki üzüp, bir ýalmardym. Derrew aýt, atyş gerekmi ýa-da tutuş? – diýipdir.

Onda Aldarköse:

— Atyş ataň başyna, tutuş gerek, döw aga – diýipdir.

— Onuň ýaly bolsa, gel. Ýöne welin, adamzat, janyňa haýpyň gelsin.

— Tutuşan bolup, biri-birimizi heläk edip ýörenden, başga jüre synanyşyp, biri-birimiziň kuwwatymyzy biläýeli, döw aga.

— Nädip synanyşjak bolsaň, aýt, göreli.

— Onda döw aga, her birimiz ýerden bir gysym gum alyp, şony sykyp, ondan ýag çykaraýaly, haýsymyz gumdan ýag çykaryp bilsek, şonuň güýçlüdigi belli bolar.

Döw bu şerte razy bolupdyr. Aldarköse döwden ogrynça bir ýerde towugyň ýumurtgasyny gömüp goýýar. Synanyşygy

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951[f]-nji bukja. Toplanlar: N.Kürreýew, A.Taýymow, 1960.

öňürti döwüň başlamalydygyny-da, onuň boýnuna goýýar. Aldarköse döwe garap:

— Gezek seniňki, döw aga, başlaber – diýipdir.

Döw ýerden bir gysym gum alyp, bir gezek sykypdyr, hiç zat çykmandyr, ikinji gezek sykypdyr, hiç zat çykmandyr, üçünji gezek bar güýji bilen sykypdyr, emma onda-da öňküsi ýaly hiç zat çykmandyr. Ondan soňra döw özüniň synanşygynyň şowsuz bolanyna gynanyp, Aldarkösä garap:

— Köse, indi gezek seniňki, näme gudratyň bolsa görkez, göreli – diýipdir.

Aldarköse bir-iki gezek her ýerden gum alyp gysan bolýarda, iň soňunda häki gömüp goýan ýumurtgasyny gum bilen garyp gysýar welin, barmaklarynyň aralaryndan ýumurtganyň sarysy akyberipdir. Döw muny görüp, ýerinden tarsa turup, aljyraňňylyk bilen:

— Köse, gudratyňy gördüm, gel ikimiz dost bolaly – diýip, Aldarkösä elini uzadypdyr.

Aldarköse döwüň sustunyň pesligini görüp:

— Gel, bäri, dost bolsaň – diýip, elini döwe göwünli-göwünsiz uzadan bolupdyr.

Döw Aldarkösä garap:

— Dost, ýör, bize gideli – diýipdir.

Aldarköse ýylgyryp:

— Bolýa, ýör bäri, gitseň – diýip, döwüň öňüne düşüberipdir.

Döw Aldarkösäni öýüne eltip, ony myhman alyp, onuň görkezen gudratyny özüniň aýalyna gürrüň beripdir. Agşam ýatmaly bolanlarynda, myhman üçin myhmanhanadan düşek salýarlar. Döw gije ýatyrka, Aldarköseden edýän howpuny aýalyna aýdýar:

— Ir-u giç şu Köseden biziň başymyza zowal ýetse gerek. Gowusy, ukyda ýatyrka, onuň üstüne dagyň bir bölegini getirip

oklaýyn – diýip, aýaly bilen dil birikdirýär. Aldarköse döwüň päliniň geň däldigini ilkagşamdan aňlany üçin, öý eýesiniň özi hakynda eden gürrüňini öýüň daşyndan diňläp eşidipdir. Şoňa görä ol öz düşegini misli adam ýatan dek edipdir-de, özi başga ýere baryp ýatypdyr. Döw bolsa dagyň uly bir bölegini göterip getirip, myhmanyň düşeginiň üstüne oklaýar-da, aýalynyň ýanyna baryp:

— Kösäniň howpundan dyndyk. Onuň janyny jähenneme iberdim – diýip çişipdir.

Aldarköse öz içinden: «Bu ýerden basymrak gitmesem boljak däl, haçana çenli bu belanyň deminden hile bilen gutularyn» diýip oýlanypdyr-da, döwüň edil alkymyna baryp:

— Döw dost, gije meniň üstüme näme ýapdyň? Goýmadyk bolsaň sowukdan ýaňa üşäp heläk boljak ekenim – diýipdir.

Aldarköse çaý-suw içip bolandan soň:

— Indi, dost, rugsat bolsa, öýüme gaýdaýyn, ýogsam yzymda mal-garam dagap gider – diýip, hondanbärisi bolan bolupdyr.

«Dag böleginiň astynda Kösäniň bir eýýäm myžžygy çykandyr» diýip, öz içinden begenip oturan döw Aldarkösäni görüp aňka-taňka bolupdyr. Ol öz içinden: «Muňa ölüm ýok ekeni, asyl bu biziň çakymyz däl ekeni, muny basymrak başdan sowaýyn» diýip, gorkusyna läheň humy gyzyldan dolduryp, Aldarkösäniň öňünde goýupdyr-da:

— Rugsatdyr, dost, rugsatdyr, hormat goýup geleniňe sag bol – diýipdir.

Aldarköse döwüň sowgat beren humuny göterip gidip bilmejegine gözi ýetenden soň, bir bahana tapýar:

— Bizde, adamzatda, öý eýesi myhmany ýüki zady bilen öýüne barýança ugratmasa, aýyp görülýändir – diýýär.

Onda döw oňa:

— Onuň ýaly bolsa göterişerinem, eltişerinem dost – diýip, humy goltugyna alyp, Aldarkösäniň öňüne düşüp, loňkuldap, olaryň öýüne gelýär.

Aldarköse döwi jaýyna eltýär-de, özi daşaryk çykýar, döwden gutulmagyň ýoluny agtarýar:

— Keýwany, men odun aýran bolaryn-da, senden: «Naharyň ugruna çykdyňmy?» diýip soraryn, sen bolsaň: «Öýden gideniňe iki aý boldy, men gelýänçäm şunuň bilen mydar edersiň diýip diňe iki sanjak döw goýup gitdiň, olary bolsa bir eýýäm iýip gutardyk, indem getiripsiň ýekeje döwi, şony öldür, dessine bir zat bişirip bereýin» diýersiň – diýip tabşyrypdyr.

Aldarkösäniň aýaly bolşundan-da beter edýär. Döw bolsa är-heleýiň gürrüňini eşidip, «Assa gaçan namart» diýip, ökjäni göterýär weli, Aldarköse-de eli taýakly düşýär onuň söbügine. Şeýdip, bir salym kowalan bolýar-da soň galýar. Şol gaçyp barşyna döwüň öňünden bir tilki çykýar. Tilki ondan:

— Ýeri, döw, nireden niräk aldyranyň bar ýaly bolup barýarsyň? – diýip soraýar.

Döw bolan wakany jikme-jigi bilen tilkä gürrüň berýär. Onda tilki aýdýar:

— Päheý, ol Aldarkösedir, ol seni aldapdyr, onda kuwwat-da ýokdur, zat-da – diýipdir.

Tilki döwi yzyna eýerdip, Aldarkösäniň üstüne eltmek isleýär, döw bolsa ör-gökden gelýär. Ahyr bolmansoň tilki döwüň öňünde şert goýupdyr:

— Döw dost, eger sen meniň sözüme ynanmasaň, boýnuma ýüp dakyp, ujundan özüň tut-da, git-de otur, aýdanym çyn bolmasa, meni iki üzüp bir ýalmaý – diýip, tilki ant içip awy ýalapdyr.

Döw tilkiniň aýdyşy ýaly edip, niredesiň Aldarkösäniň öýi diýip baryberipdir. Bular obanyň çetinden girenlerinden Aldar-

köse olaryň gelýändiklerini görüp, eli taýakly uly gykylyk bilen olara garşy ylgap:

— Ha-haýt, kezzap tilki! Kakaň üç döw bergisi bardy. Seň getirýäniňem ýekeje döwmi? Hasapla, kakaň ölenine näçe ýyl boldy? Sen entek bärik bir gel, boýnuňy ýolaýyn – diýip dyzaýar.

Öňem gözüniň ody alnan döw Aldarkösäniň bu haýbatyndan soň, içinden: «Bu hilegär şum tilki meni Aldarkösäniň üstüne özüniň bergisini üzmek üçin alyp barýan eken asyl» diýýär-de, yzyna bakan ökjäni göterýär. Indi habary tilkiden alyň. Boýnundan ýüp dakylandan soň oňa hine ýa-da çöpe-çöre siňere-de mümkinçilik bolmaýar. Tilkiniň eden gyk-wagyna-da döw gulak asmandyr. Iň soňunda tilki öz emeline özi çolaşyp, döwüň aýagyna eýerip bilmän, bir daşa, bir agaja degip, her tikesi bir çöpüň başyna ilip galypdyr. Şondan bäri döw Aldarkösäniň adyny eşiden ýerinden gaçyp ýörüpdir.

# ÝYLANBAÝ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir garryja adamyň üç sany gyzy bar eken. Bu adam bir gün oduna gidenden odunyň düýbünden bir ullakan ýylan çykyp:

— Gyzlaryň birini berseň-ä berersiň, bermeseň hem men şu ýerde seni diriligiňe ýuwdaryn – diýen.

Onda garry:

— Baryp gyzlarymdan sorap göreýin, soň aýdaýyn. Häzir men aýdyp biljek däl – diýen.

Goja öýüne gaýdyp gelip, ilki uly gyzyna:

— Gyzym, meniň başyma şeýle bir bela indi, siziň biriňizi bermesem, bir ýylan meni iýjek – diýen. Onda uly gyzy:

— Iýse hälä goýmasyn, kaka – diýen.

Görgüli goja ortanjy gyzynyň ýanyna baryp şeýle diýen:

— Gyzym, men bir bela duş geldim. Gaýrat etmeseňiz, bir ýylan meni iýjek – diýdi.

Onda ortanjy gyzy:

— Iýse hälä goýmasyn, men janymdan geçmerin – diýen.

Goja ýaýdana-ýaýdana iň kiçi gyzynyň ýanyna gelip, onuň ahwalyny soran, soň göwnündäkini duýduran. Onda gojanyň kiçi gyzy säginmän:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 872[f]-nji bukja. Toplan: G.Esenow. Mary welaýatynyň Mary etraby.

— Janymdan geçerin, senden geçmerin, kaka jan – diýen. Atasy ýylanyň ýanyna gelip:

— Kiçi gyzymy berýän – diýip aýdan.

Ýylan oňa:

— Ertir baryp gyzyňy alyp giderler. Ýöne barmazlaryndan öň bir uly ýel turar, gyzyň gorkmasyn, ýel sowlansoň dünýäni suw-sil edip ýagyş ýagar. Ondan soň goşun tutup ýylanlar geler, şondan hem gorkmasyn. Onuň yzyndan bezelen bir at geler, ondan ýüpek lybaslary alyp gyzyňa geýdirersiň we ata mündürip goýberersiň – diýen.

Ertesi ýel turýar, yzyndan çagba ýagyp dünýäni suw-sil edýär. Soňra dumly-duşdan ýylanlar süýşüşip gelýärler. Iň yzda bir bezelen at gelýär. Gyz onuň üstünden biri-birinden owadan nepis lybaslary alyp geýip, ata münýär. At ony bir köşge eltýär. Ýaňky ýylan ak telpekli, gara ädikli, gyrmyzy donly bir owadan, syratly ýigit bolup gyzyň öňünden çykýar.

Günlerde bir gün gyzyň hossarlary gelýärler. Gyzyň uly doganlary jigilerinden:

— Ýylan bilen nähili ýaşap bilýäň, gyz? Ol seni çakanokmy? – diýip soraýar.

Onda kiçi doganlary:

— Agşam ak telpekli, gyrmyzy donly, gara ädikli ýaşajyk owadan oglan bolýar – diýýär. Gyzlar:

— Onuň gowunyň nädeniňde ýanýandygyny bil – diýýärler.

Gyz bir gün adamsyndan:

— Seniň gowuň nädende ýanýar? – diýip soraýar. Ýigit hem göwnüne hiç zat getirmän:

— Soganyň gabygy bilen ýanýandyr – diýip jogap berýär.

Ýylanyň gelni onuň diýenini doganlaryna aýdýar. Olar bir gün gije gelip, ýylanyň gowuny otlaýarlar. Ýylanbaý ertir turup görse, gowy ýok. Gelnine:

— Meniň gowumy seniň doganlaryň, bahyllyk edip ýakypdyrlar. Sen etdiň-etdiň, özüňe etdiň, maňa hiç zat bolmaz. Sen weli eliňe demir hasa alyp, aýagyňa demir köwüş geýip, meni gözleseň, şolar sürtülip gutaranda taparsyň – diýip, bir gökje kepderä öwrülýär-de, uçup gidýär.

Ýylanyň gelni aglap-eňräp, atasynyň ýanyna gelip, doganlarynyň eden işlerini aýdýar. Gyzyň kakasy gyzlarynyň ikisini hem öýünden çykaryp kowýar. Gojanyň kiçi gyzy bolsa eline demir hasa alyp, aýagyna demir köwüş geýip Ýylanbaýyň gözlegine çykýar. Gidip barşyna onuň öňünden bir süri düýe çykýar. Çopandan:

— Bu düýeler kimiňki? – diýip soraýar. Ol:

— Ýylanbaýyňky – diýip jogap berýär.

Ýene gidiberýär, öňünden bir süri goýun çykýar.

— Bu kimiň goýny? – diýip sorasa:

— Ýylanbaýyňky – diýip jogap berýärler.

Gelin:

— Ýylanbaýyň öýi nirede? – diýip sorasa:

— Gidiber, gidiber ahyr öňüňden çykar – diýýärler. Gelin ýene gidiberýär. Öňünden bir süri sygyr çykýar.

Çopandan:

— Kimiň sygry? – diýip soraýar.

Ol:

— Ýylanbaýyňky – diýip jogap berýär.

Gelin gidiberýär, öňünden bir süri towukmy, gazmy çykýar. Çopandan olaryň kimiňkidigini soraýar: Ol:

— Ýylanbaýyňky – diýip jogap berýär. Öýüni sorasa:

— Holha, baryber – diýip, öýüni görkezýär. Barýarka öňünden eli kündükli bir gyzjagaz çykýar. Gelin gyza:

— Kündügiňden bir owurt suw içeýin-le – diýip soraýar, onda gyzjagaz:

— Berjek däl, öňem Ýylanbaý kakam elini ýuwmaga howlugyp otyr – diýýär-de, ylgaşlap gidiberýär.

Gelin yzyndan:

— Haý, suwuň gan bilen iriň bolsun – diýip gatyrganýar. Gyzjagaz suwy eltip, Ýylanbaýyň eline akydanda, kündükden gan bilen iriň akýar. Ýylanbaý geň galyp:

— Bu näme beýle? – diýip soraýar. Gyzjagaz:

— Şol ýerde bir gelin otyr, ol «Kündügiňi ber, suw içeýin» diýdi, menem bermedim. Ol şonuň üçin gargady – diýýär. Onda Ýylanbaý:

— Bar, dök-de, täzeden doldur, hem oňa içmäge ber, galanyny hem dökmän getir – diýýär. Gyzjagaz Ýylanbaýyň aýdyşy ýaly edýär. Gelin suw içip, kündüge barmagyndaky ýüzügi atyp goýberýär. Gyzjagaz baryp suwy Ýylanbaýyň eline akydanda, ýüzük patylap eline gaçýar. Ol derrew ýüzügiň öz gelniniňkidigini tanaýar. Tanaýar-da, onuň öňünden çykýar we oňa:

— Meniň enem-atam, doganlarym döwdür. Olar seni gördükleri iýerler, olar meni öýerjek bolup toý edip ýörler – diýýär. Soň Ýylanbaý gelnini okap-okap, bir alma öwürýär-de, ony jübüsine salyp, dogry enesiniň ýanyna gelýär. Enesi derrew bir zady duýup:

— Balam, adam ogly adamzadyň ysy bar – diýýär. Ogly enesine:

— Eje, bir gizlinje zadym bar, şony çykarsam iýmezmiň. Şert etseň çykaraýyn – diýýär. Ejesi şert edýär. Ýylanbaý bolan wakalary ejesine aýdyp, almany jübüsinden çykaryp, okap-okap gelin edýär. Ýylanbaýyň ejesi gelne şäher ýaly howlyny toýa çenli süpürip, suw sepip goýmagy buýurýar. Gelin süpürip-syryp howlynyň aňyrsyna çykyp bilmän ýadap, aglamaga oturýar.

Ýylanbaý gelip:

— Näme aglaýarsyň? – diýip soraýar, onda ol:

— Ejeň maňa şu howlyny suwlap süpür diýip buýurdy. Heý, muny hem bir aýda, iki aýda suwlap-süpürip bolarmy? Men aglaman, kim aglasyn? – diýýär. Ýylanbaý okap-okap bir tüweleý turuzýar. Tüweleý howlynyň içini gül pürkülen ýaly edip gidýär. Bir bölejik bulut hem gelip, ýagyş ýagyp, howlynyň içini suw-sil edýär-de gidiberýär. Ýylanbaýyň ejesi haýran galýar. Ýene kyrk sany goýnuň garnyny berýär-de, yzyna hem kyrk sany iti salýar-da:

— Bar, şularyň birini hem ite aldyrman, ýuwup gel – diýýär. Itleriň hersi bir ýandan çekeläp, gelni aljyradýarlar. Gelin aglap-eňräp barýarka, ýene Ýylanbaý öňünden çykyp:

— Indi, näme aglaýarsyň? – diýip soraýar. Onda ol:

— Men aglaman, kim aglasyn, ejeň kyrk garyn berip, yzyma hem kyrk it saldy, itler meni iýjek – diýýär. Onda Ýylanbaý, okap-okap itleri öldürýär. Garynlaryň hem özleri suwa girip arassalanýar. Gelin garynlary yzyna eltip berýär. Ýylanbaýyň ejesi, gelne ak keçe berip: «Şuny gara keçe et» diýýär. Soňra ýene-de gara keçe berip: «Şuny ak keçe et» diýýär. Bulary hem Ýylanbaý okap, aýdyşy ýaly, edip berýär. Ahyry iýmäge bahana tapman:

— Pylan ýerde meniň doganym bardyr, git-de, şondan gaýçy getir. Ýylanbaýa don biçjek, diýip, döw doganynyňka iýsin diýip iberýär. Gelin aglap, bu wakany hem Ýylanbaýa aýdýar.

Ýylanbaý oňa:

— Gidersiň-gidersiň, öňünden bir takyr ýer çykar weli: be, bu ýeriň otlukdygyny diý, otluk ýer çykar weli: bu ýeriň takyrdygyny diý, egri söwüt çykanda, dogry diý, dogry söwüt çyksa, egri diý. Düýäniň öňünde süňk bardyr. Itiň öňünde bede bardyr. Bedäni düýä ber, süňki-de ite ber, açyk gapyny ýap, ýapyk gapyny aç-da, geç-de gidiber. Gapynyň agzynda çüýde gaýçy asylgydyr, al-da gaç, otur diýse etmegin – diýip, öwredip ýola

salýar. Gelin Ýylanbaýyň aýdyşy ýaly edip, baryp döwe salam berýär hem-de habaryny aýdýar. Döwüň dogany:

— Men gaýçyny gözläýin, otur – diýip, dişini çarhlamaga içerik girýär. Gelin gaýçyny asylgy duran ýerinden alyp gaçýar. Döw görse, gyz gaçyp barýar. Döw ýapyk gapa:

— Tut – diýýär. Ýapyk gapy:

— Sen maňa «ýapyk gapy» diýdiň. Ol meni açyp goýup, «açyk gapy» diýdi, tutjak däl – diýýär. Açyk gapa:

— Tut – diýse:

— Näme üçin tutaýyn, sen maňa «açyk gapy» diýdiň, ol maňa «ýapyk gapy» diýdi, tutjak däl – diýýär.

— Itim tut – diýýär. It:

— Sen maňa bede berdiň, ol maňa süňk berdi, tutmaryn – diýýär. Düýe hem tutmaýar.

— Eý, meniň düzüm, söwütlerim, ony tutuň – diýse, hemmesi:

— Tutjak däl – diýip gygyryşýarlar. Gelin gaýçyny sagaman alyp, Ýylanbaýyň ejesine getirip berýär.

Ýylanbaýyň toýuny tutup başlaýarlar. Ýylanbaýyň ejesi ogluna özüniň doganynyň gyzyny alyp berýär. Toýdan soň gelin bilen oglany tama salyp, ýaňky gelniň hem eline şem berip olara çyra ýakdyrýar. Gije ýarym bolýar, hemme döwler ýatýar. Oglan turup, döw gelnini okap-okap, bir oýmak edýär-de, ýorganyň içinde goýýar. Ýedi sany hem kepderi ýasap, olary bir taz suwa salyp, gelni bilen tüýnükden çykyp gaçyp gidýär. Daň atýar, döw gelse, gapy içinden gulply, suwdaky kepderiler hem şapyr-şapyr edişýärler.

— Aý, oglum ýuwunýandyr – diýip ejesi gapyda durup-durup gidýär. Soň ýene gelip barlaýar, hiç şapyrdy galanok diýýär. Ýene durup-durup gidýär. Gün günorta bolýar. Heniz hem şol şapyrdy kesilenok. Ol:

— Gapyny açmarsyňyzmy? – diýip, bir depýär weli, görse, içerde hiç kim ýok. Döw gelni oýmak bolup ýatyr. Ýedi sany kepderi suwda oýnap ýör. Tamyň üstüne çykyp seretseler, uzakdan bir nokatjyk bolup çala garalary görünýär. Döwler olaryň yzyndan kowýarlar. Ýetdim-ýetdimde olar bir deşige girip bukulýarlar-da ýatýarlar. Döwler olaryň garasyny ýitirip, näme etjegini bilmeýärler.

Ýylanbaýyň ejesi köprüniň üstünden bir eýläk, bir beýläk güpürdäp geçýär. Ahyrda tapyp bilmän, ýer sarsdyryp yzlaryna gaýdýarlar. Bular hem arkaýynlyk bilen turup, ýola düşüp gidiberýärler. Gelin jaýlaryna gelip seretse, öwürlip gelýänçä aýagyndaky demir köwşi eleme-deşik bolupdyr. Elindäki demir hasasy bolsa, çöp ýaly bolup galypdyr. Ýylanbaý gelni bilen uly döwletiň eýesi bolup, bagtly ýaşapdyrlar. Olar çagajyklary bilen häli-şindi babalaryna gezelenje gidipdirler.

## SYRLARYŇ AÇYLYŞY[1]

Bir garyp kişiniň kän ogly bolupdyr. Günlerde bir gün bir täjir garyba:

— Eý, garyp, men perzentsizlikden ejir çekýärin. Sen Allanyň haky üçin maňa bir ogluňy ber – diýenmiş. Garybam göwünjeň bolmasa-da, garaz razylaşypdyr. Ol täjire ogullaryny görkezip:

— Ynha, halanyňy alaý – diýipdir.

Täjir hem olaryň arasyndan gara gözli, açyk maňlaýly bir akyllyja oglanjygy saýlap alypdyr.

Täjir ogluny mekdebe beripdir. Ol oglan oňat bilim-terbiýe alyp, kämillik ýaşyna ýetýär. Ol öz ýurtlarynyň patyşasynyň gyzyna aşyk bolýar. Günlerde bir gün ol oglan atasyna:

— Ata, maňa patyşanyň gyzyny alyp ber – diýýär.

Täjir:

— Oglum, ol bir şa gyzy, biziň aslymyz olaryňkydan pes. Olar bize gyz bermez – diýipdir. Oglan bolmajagyny bilip, ahyr özi ýol tapyp, göni şa gyzynyň ýanyna barypdyr-da, oňa aşykdygyny we ondan başga öýlenmejekdigini aýdypdyr.

Onda patyşanyň gyzy:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1320[f]-nji bukja. Toplan: M.Şirdinow. Mary welaýatynyň Baýramaly etraby. 1970.

— Eger-de seniň maňa aşyklygyň çyn bolsa, onda meniň bir şertim bar. Şony bitirseň, men seniňki – diýýär. Täjiriň ogly razylaşýar. Şa gyzy:

— Şu ýerden pylan ýurda bararsyň, ol ýurtda bir adam bardyr. Ol adam ertirden iş edinip eýer ýasar, onsoň bir gurjak ýasar, dutar ýasar. Onsoň eýeriň üstünde gurjagy goýup, dutar çalar. Onuň dutarynyň şirin owazyna ýerden ýörän üýşer. Ol tä gün batýança şol çalar oturar. Soň dutary ýaňky gurjak bilen eýere urar. Olar kül-owram bolar. Ol adam her gün şu işi şol gaýtalap durar. Bar, şonuň näme üçin şeýdýändigini bilip gaýt, onsoň men saňa gelin bolaryn – diýipdir.

Täjiriň ogly atasy bilen hoşlaşyp, şol syry bilmäge gidýär. Ýigit az ýöräp, köp ýöräp, şol salgysy berlen adamyň ýanyna ýetýär.

Dogrudan hem, ol adam ilki eýer, soň gurjak ýasapdyr. Gurjagy eýeriň üstünde goýup, dutar ýasapdyr. Ol ýaňky gurjaga seredip, şeýle bir şirin owaz bilen dutar çalypdyr welin, onuň daş-töweregine uly märeke ýygnanypdyr. Ol tä agşama çenli dutar çalyp, gün gizlenende dutary ýaňky gurjaga aýlap urupdyr welin, gurjagam, eýerem, dutaram hemmesi kül-uşak bolupdyr. Adamlar dargapdyr, ondan hiç kim: «Näme beýdýäň?» hem diýip soramandyr. Täjiriň ogly üçünji gün ähli adamlar darganda, ýaňka näme üçin gelendigini aýdypdyr welin, ol:

— Men öz syrymy saňa bir şert bilen aýdaryn. Pylan derýanyň boýunda bir aýal bardyr. Ol agşama çenli nan bişirer. Agşam bolaram welin, bişiren nanyny derýa atar. Sen şonuň sebäbini bilip gelseň, men öz syrymy saňa açaýyn diýipdir.

Täjiriň ogly ýene ýola düşýär. Gepiň gysga ýeri, ol şol aýalyň ýanyna baryp ýetýär. Aýdyşlary ýaly, ol aýal agşama çenli nan bişirip, gün batanda bişiren nanyny ýeke-ýekeden derýa

goýberipdir. Täjiriň ogly ondan näme üçin beýdýändigini soranda ol aýal:

— Eger-de seniň bu syryň sebäbine düşünesiň gelýäni çynyň bolsa, şu ýerden pylan şähere bararsyň, ol ýerde bir uly derwezäniň gapysynda bir gedaý samrap oturandyr. Onuň deňinden geçip, oňa pul berseňem seni alkyşlar, bermeseňem. Özem şol bir diýen sözüni gaýtalap oturandyr. Sen bar-da, şonuň sebäbini bilip gaýt. Onsoň men öz syrymy saňa aýdaýyn – diýipdir.

Täjiriň ogly ýene-de ýola düşüp, şol şähere baryp ýetýär. Ol bir derwezäniň agzynda oturan gedaýa bir pul oklaýar. Ol gedaý aýal puly alyp, täjiriň ogluna alkyş baryny aýdýar. Bir gezek pul bermän, onuň ýanynda säginip geçýär. Ol ýene şol öňki alkyşlaryny gaýtalaýar. Onda täjiriň ogly gedaý aýalyň edil garşysyna geçip durýar-da:

— Garry ene, men saňa pul berip geçdim, sen maňa alkyş okadyň. Hiç zat uzatman, ýöne ýanyňda eglenip geçdim. Sen ýene maňa alkyş okadyň. Bu ýagdaýyň sebäbini bilip bolmazmyka? – diýýär.

Onda gedaý aýal:

— Han ogul, öz ugruňa gidibersene. Meniň nädenim bilen seniň işiň bolmasyn – diýýär.

Täjiriň ogly çyny bilen gedaý aýala onuň şu bolşuny anyklamak üçin gelendigini aýdýar.

Onda ol aýal:

— Eger seniň näme üçin meniň beýdýänimiň sebäbini bilesiň gelýän bolsa onda pylan dagda bir patyşa bardyr, onuň bir tazysy, bir ganjygy, birem doňzy bardyr. Ol ilki tazyny naharlap, ondan galanyny ganjyga berýär. Ganjykdan galan nahary doňza berýär. Sen şonuň sebäbini bilseň, menem öz syrymy saňa aýdaryn – diýýär.

Täjiriň ogly ýene ýola rowana bolýar. Ol az ýöräp, kän ýöräp, bir çynaryň düýbüne baryp, dynjyny almak üçin gyşarýar. Ol ýatyrka oýanyp gözüni açsa, ýokarsy uly gykylyk. Bir seretse, ýaňky çynaryň üstüne bir gara ýylan çykyp Symrug guşuň jüýjelerini iýjek bolup dur. Guşjagazlar bolsa ala-zenzele edip gygyryşýarlar. Täjiriň ogly ok ýaý bilen ýaňky gara ýylany öldürip, dogram-dogram edip, Symrugyň jüýjelerine berýär. Olar ýylanyň etini iýýärler. Bir salymdan ene Symrug gelip görse, çynaryň düýbünde bir adamzat ýatanmyş. Symrug içinden her ýyl meniň jüýjelerimi şu adamzat awlaýar eken diýip, dagdan bir uly daş äkelýär. Ol ony täjiriň oglunyň üstüne zyňjak bolanda, onuň jüýjeleri özlerini täjiriň oglunyň üstüne zyňýarlar. Symrug ýene daşy yzyna taşlap gelýär. Ol gelende jüýjeler bolan wakany oňa aýdyp berýärler. Symrug täjiriň ogluna:

— Eý, adamzat, sen maňa uly ýagşylyk etdiň. Bu ýylan her ýyl meniň balalarmy iýýän eken. Men bolsa munuň sebäbini hiç bilemokdym. Aýt, men saňa eden ýagşylygyň öwezine näme kömek edip biljek? – diýýär.

Täjiriň ogly näme üçin gelendigini oňa aýdýar. Symrug:

— Men ol patyşany bilýärin. Ol bu ýerden daşda däl. Onuň ýaşaýan şäherinde özünden başga adam ýok. Ýöne onuň syryny sorap baran adama syryny aýdyp, soň öldürýändigini saňa duýduraýyn. Ýöne ol syryny aýdyp bolýar welin, sen oňa iki rekat namaz okajak, şondan soň sen meni öldüräý diýseň, ylalaşar-da, seni goýar. Men saňa öz perimi bererin, ol peri tütedersiň welin, men gelip seni alyp gaçaryn – diýip, täjiriň oglunyň şol patyşanyň ýanyna eltýär.

Täjiriň ogly gala girip görse, adam süňklerinden we kellelerden başga zat ýokmuş. Ol köşgüň içinde oturan patyşa, onuň ýanynda ýatan tazyny we aňyrrakda ganjygyň hem doňzuň bardygyny görýär. Patyşa oglany oňat garşy alýar.

Soň ol:

— Eý, ogul, saňa näme gerek, mal gerekmi, pul gerekmi, bereýin — diýipdir.

Täjiriň ogly:

— Maňa diňe seniň syryň gerek – diýipdir.

Patyşa:

— Eý, ogul, sen şu kelleleri, süňkleri görýärmiň? Olar hem bir wagt seniň maňa beren sowalyňy beripdiler – diýipdir.

Emma täjiriň ogly ol syryny aýtmasa, hiç goýmandyr. Patyşa:

— Kesekiniň ýaşyryn syryny bilmek saňa juda zerur bolsa, ony saňa aýdaýyn, ýöne kesekiniň syry üçin gül ömrüňi kül etmek nämä gerek – diýipdir.

Onda täjiriň ogly:

— Men ölümime razy – diýipdir.

Patyşa eline gylyjyny alyp:

— Ýöne soň eşitmedim diýme, aýdyp bolamsoň, başyňy şunuň bilen aljakdyryn – diýip, gylyjyny görkezipdir-de gürrüňe başlapdyr.

Gör bak, ol näme diýýär.

— Hawa, men bir uly ýurduň patyşasydym. Meniň iki sany ýyndam atym, hemem şu tazym bardy, men olary gowy görýärdim. Atlarymyň birine Şemal, beýlekisine Ýagyş diýýärdim. Aýalym jadygöýdi. Men her gün atlarymyň ýanyna baramda, olaryň gün-günden horlanýandygyna göz ýetirdim. Atbakardan atlaryň näme üçin hordugyny soradym. Ol ötünç sorap: «Men bilmedim. Eger bilesiňiz gelse, agşam gelip şu ýerde bukulyň, onsoň bilersiňiz» diýdi. Men onuň aýdyşy ýaly agşam gelip bukulyp, atlara syn edip ýatdym. Ýary gije aýalym gelip, atbakara: «Bu gije Ýagyşy eýerle» diýdi. Men aýalymy sesinden tanadym. Atbakar aýalymyň aýdyşy ýaly Ýagyşy eýerläpdir. Aýalym Ýagyşa mündi-de, ýüzüni gündogara tutup sürüberdi. Menem atbakara: «Şemaly eýerle» diýdim-de onuň yzyndan

kowdum. Ol bir daglyga ýetip, atdan düşdi-de, bir gowaga girip gitdi. Menem aty baglap yzyndan girdim. Ol bir ýat adamyň ýanyna baryp oturdy. Olar biri-birini gujakladylar. Menem aýalymyň oýnaşyny gylyçlajak boldum. Şol wagt aýalym:

— Git, güm bol — diýip, jynssyz gygyrdy. Men ony hem gylyçladym. Emma oňa uly zeper ýetmedi. Olar iki bolup, meniň daşyma geçdiler. Nätanyş erkek menden güýçli çykdy. Ol meni öldürjek boldy. Şol wagt bagtyma şu tazy onuň arkasyna hopba boldy, ony erbet dişledi welin, onuň meni goýup, taza topulanyny bilýärin. Onsoň näme, men hem özümi dürsäp, ýaňka gylyç saldym. Aýalym gaçdy. Men tazymy sypalap maňlaýyndan ogşadym.

Patyşa şol wagt ganjyk bilen doňza ýüzlenip:

— Meniň aýdanlarym dogrumy? – diýip sorapdyr. Olar «Hawa» diýen manyda baş atypdyrlar. Patyşa gürrüňini dowam edipdir.

— Hawa, onsoň men aýalymyň yzyndan kowdum. Aýalym eýýäm baryp ýatypdyr. Men onuň ýanyna baryp, ony gylyçlajak boldum welin, ol maňa:

— Häý, it – diýdi. Men läheň ite öwrüldim-de, çykyp gitdim. Şol gidişime bir garyp jadygöý gyzyň öýüne barmagy ýüregime düwdüm.

Men olaryň işigine baramda ol gyz kakasy bilen daşarda çaý içip otyrdy. Ol meni görüp:

— Kaka, sen näme biziň patyşamyzyň öňünden çykaňok? – diýdi. Kakasam:

— Hany patyşa, gyzym. Men-ä ak itden başga zat göremok –diýdi.

Onda gyzy:

— Ýok, kaka, ol biziň patyşamyz. Ony aýaly jadylap, şu sypata getiripdir – diýdi.

Onda kakasy:

— Gyzym, onuň ýaly bolsa patyşamyza kömek et. Ony öňki sypatyna getir. Senem jadygöý ylmyny bilýäň ahbetin – diýdi.

Gyzy:

— Kaka, men şu ýerde bir doga ýazyp goýaryn. Patyşamyzy adama öwrerin. Özüm welin it bolaryn. Ol şu dogany üç gezek okar welin, menem öňki sypatyma gelerin – diýip, bir doga ýazyp goýup, özi ýene bir zat okady welin, meniň derim aýrylyp, gyza ýelmeşdi. Men hem gyzyň ýazyp goýan dogasyny okadym welin, ol adama öwrüldi. Olar maňa kän hezzet-hormat etdiler. Soň gyz maňa bir gysym gum berip:

— Me, şu gumy al. Häzir aýalyň bilen ikisi oturandyr. Sen bar-da, şu gumy olaryň üstlerine sep, şonda olar seniň aýdan zadyňa öwrüler – diýdi.

Men onuň beren bir gysym gumuny alyp, öz tagtyma geldim. Görsem, dogrudanam, aýalym bilen oýnaşy – menden dynan adamlar dyzlaşyp çaý süzýärler. Men gyzyň beren gumuny olaryň üstüne sepip: «Aýalym ganjyk, oýnaşy doňuz bolsun» diýdim. Olar meniň aýdan zadyma öwrüldi. Ondan soň men olary hiç kime görkezmän tazymy hem özüm bilen şu daga getirdim. Men şu syrymy tä adamlar bilip, halka ýaýraýança ýaşaryn. Eger-de syrymy biläýseler, özümi öldürerin – diýip, patyşa gylyjyny galdyrýar-da täjiriň ogluna:

— Indi hem seni öldürjek – diýýär.

Onda täjiriň ogly:

— Patyşam, ölmezden ozal iki rekat namaz okamaga wagt berjekmi? – diýýär.

Patyşa:

— Bar oka – diýipdir.

Täjiriň ogly kündük alyp daş çykyp, Symrugyň perini otlaýar welin, aňyrda garaşyp duran Symrug derrew gelip, ony as-

mana galdyrýar. Şeýlelik bilen, Symrug ony öz höwürtgesine çenli getirýär.

Täjiriň ogly Symrug bilen hoşlaşyp, aýal gedaýyň ýanyna baryp ýetýär. Aýal gedaýa patyşanyň syry hakda doly gürrüň berýär. Aýal gedaý bolsa ýigidiň Symrug guş bilen dostlaşanyna has geň galypdyr.

Olam öz syryny täjiriň ogluna gürrüň berip başlapdyr:

— Meniň ýekeje gyz doganym bardy. Biz ata-eneden mahrum bolupdyk. Biz gedaýçylyk edip, günümizi görerdik. Gündiz gapy gezýärdik, gije harabaçylyklarda ýatyp turýardyk. Günlerde bir gün irden men ukudan oýandym. Doganymy oýarjak boldum welin, şol wagt onuň burnundan bir ary çakyp, köne harabanyň düýbündäki deşige girdi. Ol ary biraz eglenip, ýene deşikden çykyp, ýene gyz doganymyň burnuna girdi. Men gorkup ony ukudan turuzdym. Ol:

— Maňa näme üçin azar berdiň. Men düýşümde bir küýze gyzyly aljak bolup durdum – diýdi-de, ýene uklady. Men kän pikirlendim. Içimden: «Gel, ýaňky arynyň giren deşigini barlap göreýin» diýdim-de, deşigi gazmaga başladym. Kän gazmankam bir hum göründi. Agzyny açyp görsem – doluja altyn. Men olary öňküsi ýaly goýup, gyz doganymyň başujyna bardym. Meniň göwnüme şeýle bir hyýal geldi: «Eger men bu gyzyllary gyz doganyma görkezsem, ol bulary eýelär. Ondan gel, men bulary doganym oýanmanka alyp gaçaýyn» diýdim. Bada huma ýapyşdym-da, aýak aldygyna ol ýerden gaçdym. Gaçybam bir şähere bardym.

Bir ýyl geçmänkä, ähli puly sowdum, ýöne weli şol bir ýylda kişi kimin ýaşadym. Onsoň ýene öňki ýaly gedaýçylyga başladym. Şol öňki harabalyga baryp, aglap-aglap doganymy gözledim, tapmadym. Eger men gyzyllary doganyma görkezen bolsam, onda ol bize ömür horluk görmez ýaly ederdi, menem ýalňyz galmazdym, olam, belki, bagtymyzam açylardy. Gara

nebis meni doganjygymdan jyda düşürdi, şondan bäri näme edip, näme diýýänimem bilemok. Pul berene hem, pul bermedige hem alkyş okaýaryn. Alkyş gowy zat, oňa-ha aklym ýetýär. Ýöne şol alkyşlar bilen eden günämiň bolmanda ýüzden birinden saplanjagyma welin ynanamym ýok.

Täjiriň ogly sesini çykarman gedaý aýal bilen hoşlaşyp, ýola düşüpdir. Ol az ýöräp, kän ýöräp ahyry nan bişirip derýa oklaýan aýalyň ýanyna gelipdir.

Ol oňa gedaý aýal hakda gürrüň beripdir. Nan bişirýän aýal öz syryny aýdyp başlaýar:

— Men biriniň ýekeje gyzydym. Atam garypdy. Ol elmydama: «Şu gyza derek bir oglum bolan bolsa bolmaýarmy? Gyzdan ata-ene eklenermi» diýip zeýrenerdi. Men bir gün erkek egin-eşigine girip başyma hem telpek geýdim. Bir baý maňa: «Eger talaban dursaň kyrk gün bakyp bir gün işletjek» diýdi. Men oňa talaban durdum. Kyrkylanjy gün ol maňa bir sygyr berip:

— Meniň yzymdan gidiber – diýdi.

Men sygry idip onuň yzyna düşdüm. Ol bir daglyga baryp, düýeden düşdi. Sygry güýlüp soýduk. Ol sygryň hamyny bütinligine aldy. Soň maňa:

— Içine gir-de barla, hamda deşik barmy? – diýdi.

Menem kellämi sokdum welin, ol meni itiberip goýberdide, hamyň iki ýerinden berk daňdy. Men kän dady-perýat etdim. Bir salymdan meni garaguşlar asmana – dagyň üstüne eltip taşlap, sygryň hamyny çokalap başladylar. Men gygyryp, onuň içinden çykdym. Görsem, uly bir dagyň üsti.

Şol wagt baý aşakdan:

— Seret, şol ýerde her hili gymmatbaha daşlar bardyr, şolardan zyňyber aşak, onsoň men saňa nirden düşmelidigini salgy bererin – diýdi. Men her dürli öwşün atýan daşlary aşak zyňdym. Baý olary çuwala gapgaryp, düýä ýükläp:

— Daş-töweregiňde başga näme bar? – diýip sorady.

Men:

— Adam süňkleri bar, men gorkýan, basymrak nireden düşmelidigini aýt – diýdim.

Ol:

— Sen hem şolar ýaly bolarsyň – diýdi-de, düýesini idip gidiberdi. Men kän gygyrdym, emma alaç ýok. Ahyram «Gel aýlanyp göreýin, belki, düşer ýaly ýer bardyr» diýip, gaýaň üstünde aýlanyp başladym. Aňyrrak bardym görsem, aşakda-da göm-gök deňiz. Men: «Şu dagyň üstünde guşlara iým bolanymdan, derýadaky balyklara şam bolanym gowudyr. Her näme-de bolsa, süňklerim topraga garyşar» diýip, uçut gaýadan özümi goýberdim. Suwa ýetdim-ýetdimde bir ullakan balygyň özüme garşy agzyny açanyny bilýän. Şol wagt ol balyk kenara tarap ýüzüp gitdi-de, meni agzyndan kenara oklady. Soň ýene-de suwa çümüp gitdi. Men özümi ölümden halas eden hossarymyň yzyndan garap galdym. Soň ýola düşdüm. Men az ýöräp, köp ýöräp, bir ýerden köne şylhalary tapyp, ýene şol baýyň ýanyna bardym.

Ol:

— Eger talaban dursaň, kyrk gün bakyp, bir gün işletjek – diýdi. Men razy boldum. Kyrk gün iýip-içip, oňat dynç aldym. Kyrk gün dolup, kyrk birinji gün diýlende, baý ýene bir sygryň ýüpüni elime berip: «Şuny al-da, yzymdan geliber» diýdi. Men sygry alyp, onuň yzyna düşdüm. Ol ýene-de öňki ýerine baryp durdy. Sygry güýlüp soýduk. Baý maňa ýene:

— Deriň içine gir-de barla, deşik barmy? – diýdi.

Men:

— Nähili barlamalydygyny özüň öňürti görkez – diýdim. Ol gaharlanyp:

— Ynha, şu deşikden kelläňi sok-da, içine gir – diýdi.

Men ýene:

— Hany, özüň ilki girip görkez-dä, onsoň gireýin – diýdim. Ol sygryň dersiniň içine girdi welin, men çalasynlyk bilen onuň deşigini öz taýýarlap goýan ýüpi bilen daňdym. Ol deriniň içinde çabalanyp, şeýle bir gygyrdy, sesine gulagym gapylyp gitdi. Men düýäni alyp başga bir ýere baryp bukuldym. Ullakan garaguşlar gelip, hamy dagyň üstüne göterdiler. Baý şol ýerden aglap, şeýle bir gygyrýar welin heý goýaý. Ol:

— Men indi nädip düşeýin, aýt basymrak – diýýär.

— Ýadyňdamy, öňki gezek sen meni äkeleňde, men ol ýerden düşdüm. Indi biraz daş zyň, men saňa soň salgy bererin – diýdim. Ol daşlardan zyňyp başlady. Men düýäni mas ýükläp: «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň» diýdim-de, kakamyň ýanyna gaýtdym. Kakam düýäni we onuň üstündäki gymmatbaha daşlary görüp haýran galdy. Biz şondan soň oňat ýaşap başladyk. Men bolsa günde nan bişirip, derýa – özüme ýagşylyk eden şol balyga nan berýärin.

Täjiriň ogly onuň bilen hem hoşlaşyp gurjak, eýer hem dutar ýasaýan adamyň ýanyna gelýär. Görse, onuň ýanyna heniz hem şol öňküleri ýaly adamlar üýşüp, saz diňläp, ýap-ýaňyja darganlar eken. Täjiriň ogly onuň ýanyna baryp nan bişirýän aýal hakda gürrüň beripdir.

Ol täjiriň ogluna:

— Gulak goý, indi men özümiň gamgyn günlerimiň depderini açaýyn – diýip, gürrüňe başlapdyr.

— Men şazadadym, kakam meni ýaşkam bir sazandanyň eline berip: «Şuňa saz öwret» diýdi. Ol adam hem maňa öz bildiginden saz öwretdi. Aradan esli wagt geçenden soň, men onuň özünden hem ökde boldum. Dogrusy, men saza aşyk boldum. Gije-gündiz, parhy ýok, şol çalyp oturasym gelerdi. Men baglaryň arasyna baryp, guşlaryň owazyna goşulyp, saz çalmagy söýerdim. Dutaryň owazyna wagtal-wagtal kepderiler uçup

gelip, agaja gonup saz diňlärdiler. Men garaňky düşende turup gaýdardym, soň olar hem uçup giderdiler.

Bir gün saz çalyp otyrkam, bir zat gelip, meni penjesine gysyp, asmana göterdi, men huşum başymdan uçup, birnäçe wagtdan özüme gelsem, daş töweregim duran gyzu-gelin. Olaryň edil aýyň bölegi ýaly iň owadany maňa:

— Eý, adamzat ogly, sen ajap saz çalýarsyň, biziň aslymyz peri. Biz her gün kepderi sypatyna girip, seniň bagyňa baryp, saz diňlärdik. Ahyr seniň özüňi äkelmegi buýurdym. Indi sen bize saz çalyp ber – diýdi. Men olara şirinden-şirin sazlary çalyp bererdim. Olar meniň sazym bilen tans ederdiler. Olar awaşikara gidenlerinde meni hem özleri bilen alyp giderdiler. Men şol aýdan-günden görkli perä aşyk boldum, däli-diwana bolup, täze-täze, şirin-şirin sazlaram dörediberdim. Bir gün men biedeplik etdim. Şol gözel perä oýun edip, elimi uzatdym.

Ol:

— Eý, bisabyr adamzat. Men seni söýmedim. Seniň sazlaryňy söýdüm – diýdi. Şondan soň men özümi bilmändirin. Özüme gelip görsem, şol öňki joşup-joşup saz çalýan bagymda otyryn. Emma periler, onda-da şol gözel peri gelip, meniň sazymy diňlemedi. Men ony küýsemek küýsedim. Özümi ýalňyz duýdum. Şondan soň men ol perä meňzetjek bolup, gurjak ýasap, eýeriň üstünde goýup saz çalýan. Ynha, dost, meniň bar syrym şu –diýipdir.

Täjiriň ogly oňa kän minnetdarlyk bildirip, şa gyzynyň ýanyna baryp, ähli gören eşidenlerini birin-birin gürrüň beripdir. Patyşanyň gyzy bilen täjiriň ogly ýedi gije-gündiz toý tutupdyrlar.

# AKPAMYK[1]

Öň wagtda bir adamyň ýedi ogly bolupdyr. Olaryň bar käri aw awlamak eken. Oglanlaryň hiç bir aýal dogany ýok eken. Günlerde bir gün eneleri göwreli bolupdyr. Enesiniň aýy-güni dolan wagty, oglanlar awa gitmekçi bolup, atasyna:

— Biziň aýal doganymyz bolaýsa, howlymyzyň agzyndan gurjak asyp goýuň, erkek doganymyz bolsa, ok-ýaý asyp goýuň – diýip gidipdirler.

Bularyň yzynda gyz dogany bolupdyr. Atasy derwezeden gurjak asyp goýupdyr. Emma bir görip goňşusy ýamanlyk edip, ony aýryp, ýerine ok-ýaý asyp goýupdyr. Oglanlar awdan gelýärkäler, ok-ýaýa gözleri düşüp: «Hudaý bize gyz dogan bermändir» diýip öýkeläp, öýlerine-de, obalaryna-da gelmän, başga bir ýerde mesgen tutup, aw awlamak bilen gün görüp başlapdyrlar.

Indi oglanlar bu taýda galsynlar, habary täze bolan gyzdan alyň.

Ata-enesi täze bolan gyzyň adyna Akpamyk dakyp, oglanlaryň ýoluna göz dikip oturypdyr. Gün geçýär, aý geçýär, gelmeýärler, ýyl geçýär, gelmeýärler. Bular oglanlaryndan tamalaryny üzýärler. Ata-enesi garry bolansoňlar, ogullarynyň gözlegine çykyp bilmeýärler, gyza hem aýtmaýarlar. Aý aýlanyp,

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 699[f]-njy bukja.

ýyl dolanyp, gyz dokuz-on ýaşyna barýar. Bir gün goňşulary üme edýär. Akpamygyň enesine hem gelip: «Gyzyňy ümä ber» diýip soraýarlar.

Enesi:

— Hon-ha, özi razy bolsa, gidibersin, özüne aýdyň – diýip jogap berýär.

Akpamyk hem göwünli bolup, ümä barýar. Ümä baran gelinleriň biri Akpamygy synap görmek hem oňa gizlin bolan bir syryň üstüni açmak üçin şeýle diýýär:

— Kimiň erkek dogany bolsa törde otursyn, kimiň erkek dogany bolmasa aşakda, köwüş bazarynda otursyn.

Bu sözden soň Akpamyk hem baryp, gapyda dogansyz gyzlaryň arasynda oturýar. Bir garry kempir Akpamyga:

— Wiý, Akpamyk, sen ýokarrak geç – diýýär.

Akpamyk:

— Wiý, ene jan, meniňem erkek doganym ýok ahyry – diýýär.

Onda ol:

— Aý, ýüzigara, iliň bir-iki dogany bolsa, seniň ýedi sany aždarha ýaly doganlaryň bardyr, ýokaryk geç, ýokaryk – diýýär

Akpamyk geň galyp:

— Men ony bu wagta çenli atamdan-enemden eşitmedim-le – diýýär.

Onda garry ene:

— Keýigim, olar garry bolansoň, özleri gidip gözläp bilmeýärler. Gözlegine çykarsyň öýdüp gorkup, saňa-da aýdýan däldirler. Doganlaryň pylan dagyň gowagyndadyrlar. Men saňa eneňe aýtdyrmagy öwredeýin. Öýüňize baryp: «Ene, maňa gowurga edip ber» diý. Edip berer welin, her zat bilen berse-de alma, «eliň bilen ber» diýip aýt. Eli bilen alyp berer welin, eliniň daşyndan tutup, gysyp sorasaň aýdar. Ýogsam aýtmaz – diýýär.

Akpamyk ümeden gaýdyp, öýlerine gelip:
— Eje, meniň kelläm agyrýar – diýýär. Ejesi:
— Balam, näme iýip-içjek zadyň bar? – diýip soraýar.
Akpamyk:
— Eje, sen bir azajyk gowurga edip beräý! Kellämi birneme sarsdyraýsam gowy bolmazmyka? – diýýär.
Ejesi gowurga etmäge başlaýar.
Akpamyk ejesine:
— Eje, maňa oduň üstündekä ber – diýýär.
Ejesi çemçe bilen uzadýar welin:
— Ýok, eliň bilen ber – diýýär.
Ejesi pahyr eli bilen berýär. Akpamyk ejesiniň eliniň daşyndan pugta tutýar.
Ejesi:
— Waý, elim ýandy – diýip gygyrýar.
Akpamyk:
— Eje, meniň doganym barmy, ýokmy? –diýýär.
Ejesi gyzgyna çydaman:
— Bardyr, emma sen bolanyňda gidişleridir – diýýär.
— Heý, barmyş sesi barmy?
— Pylan dagyň gowagyndamyş.
Akpamyk ejesiniň elini goýberip:
— Men olary görmäge gitjek – diýýär.
Ejesi:
— Sen tapmarsyň, men bir köke bişirip bereýin, şony tigirle-de git, nirä baryp dursa, doganlaryň şol taýda bolar – diýýär.
Akpamygyň ejesi bir köke bişirip beripdir. Akpamyk kökejigini öňüne salyp, tigirläp ugranda, Akpamygyň bir pişijegi bar eken, olam Akpamygyň yzyna düşüp, üç tirkeşik bolup ýola düşüpdirler. Ýolda barýarka pişigi kökejiginiň bir gyrasyny gädipdir. Akpamyk ýene tigirläpdir, bolmandyr. Ahyry

aglamaga başlapdyr. Birden palçyk edip, gädigi beklemek ýadyna düşüpdir. Derrew palçyk edip, kökäniň gädik ýerini bekläpdir. Ondan soň tigirläp barýarka, bir dagyň gowagyna barypdyr. Görse, gowagyň içi ganly geýimden doly. Birnäçe ýerde et asylyp goýlupdyr. Akpamyk bu geýimleri ýuwup, etden bişirip, nahar taýyn edip goýupdyr. Bir seretse, bir topar adam ýetip gelýär. Akpamyk bir ýere bukulýar. Doganlary gelip görseler, hemişeki ýaly däl. Naharlary bişirilgi, geýimleri ýuwulgy, jaýlary arassa, hiç düşünip bilmän, töwereklerine göz aýlaýarlar, janly-jemendä gözleri düşmeýär. Oglanlar bu gije geýimlerini çalşyryp, arkaýyn ýatýarlar. Ertir awa gidýärler. Akpamyk ýene ganly geýimleri ýuwup, nahar taýyn edip bukulýar. Bular gelip görseler, düýnküden hem artyk edilip goýlupdyr. Oglanlar dil birikdirip, her gün birimiz gowagy saklalyň diýşip, maslahat edýärler. Birinji gezek iň ulusy galyp saklapdyr welin, ýadaw awçy tiz uklapdyr. Akpamyk onuň uka gidenini bilip, bukulan ýerinden çykyp, ýene geýimleri ýuwup, nahar bişirip, gowagy arassalap, ýene bukulypdyr. Doganlary gelip görseler, nahar taýyn, geýim ýuwulgy. Olar: «Kim edýän eken?» diýip sorasalar, ol dogany: «Men uklap galypdyryn» diýýär. Ertir ýene ondan kiçisi saklapdyr. Bu hem uka gidip galypdyr. Bular ýeke-ýekeden garawullap altysy hem bilip bilmändir. Ahyry iň kiçisi galypdyr. Ol sylaça barmagyny dilip, duz sepipdir. Gözüne asyl uky gelmändir. Birden bir gyz çykyp, geýimleri ýuwup, nahar atarmaga duranda, ýaňky saklamaga galan dogany bukulan ýerinden çykypdyr-da:

— Ynsan bolsaňam, jyn bolsaňam dur-da kimdigiňi tanat – diýipdir.

Akpamyk:

— Men yns-da däl, jyns-da däl, öz doganyňyz – diýipdir.

Bular tanşyp, beýleki doganlary gelýänçä, nahar taýyn edipdirler. Soňra kiçi dogany uly agalarynyň öňünden buşlap çy-

kypdyr. Doganlar gyz doganlarynyň yzlaryndan gelenine köp şat bolupdyrlar. Bular Akpamygy keýigiň ýiligi bilen bakýarlar. Aradan birnäçe gün geçýär. Akpamyk bir gün öý süpürip ýörkä, bir kişmiş tapyp, «piş-pişim» diýip, pişigini çagyrýar. Pişigi gelmänden soň, ony özi iýýär.

Bir salymdan soň pişigi gelip:

— Näme diýip çagyrdyň? – diýip soraýar.

Akpamyk:

— Bir kişmişjik tapdym, şonuň üçin çagyrdym.

— Hany, ony nätdiň?

— Gelmäňsoň, iýäýdim.

Pişigi:

— Onda oduňa buşugaryn – diýip, oda buşukjak bolýar.

Akpamyk:

— Buşukma, men çakmak bilen ot alyp bilmerin, indi tapsam beräýerin – diýip, ýalbaryp, zordan goýdurýar.

Soň ýene bir gün öý süpürip ýörkä, bir igde tapyp, «piş-piş» diýip çagyrýar. Pişik gelmänsoň, ýene-de özi iýýär.

Bir salymdan soň pişik gelip:

— Meni näme diýip çagyrdyň? – diýip soraýar.

Akpamyk:

— Bir igde tapdym – diýýär.

— Hany igde?

— Iýdim.

Pişik:

— Onda oduňy söndürjek – diýip, oda buşugyp, oduny söndürýär.

Akpamyk çakmak bilen ot aljak bolýar welin, bolmaýar, naharam gijä galyp barýar. Ahyry nalaç bolup, gowakdan çykyp, daş-töweregine garaýar, görse, uzagrak bir ýerden tüsse çykýar. Akpamyk «Şol tüsseden ot getireýin» diýip ugraýar. Baryp, gapydan salam berip girýär welin, görse, bir çal döw otyr.

Döw Akpamygy görüp:

— Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym, gel, gyzym, meniň başymy gözläp ber – diýýär.

Akpamyk biraz salym döwüň kellesini gözläp:

— Men ot almaga geldim, gaýtjak – diýip aýdýar.

Döw:

— Onda sen etegiňi tut! – diýip Akpamygyň etegine ilki bir köz atyp, yzyndan kül guýup, soň ot atyp: «Bar gyzym» diýip ugradýar.

Akpamyk ody alyp ugraýar. Ýaňky guýlan külüň aşagyna atylan köz onuň etegini deşipdir, ondan kül az-azdan dökülip, yz edip gidipdir. Emma Akpamyk mundan bihabar, gelip nahar bişirip, taýyn edip goýýar. Doganlary awdan gelip, ertesi ýene awa gidýärler welin, döw kül bilen Akpamygy yzarlap gelýär. Akpamyk döwüň gelýänini görüp, gapyny içinden bekläp oturýar.

Döw:

— Barmagyň birini gapynyň arasyndan çykar – diýip gygyrýar.

Akpamyk barmagyny çykarýar. Döw barmakdan pugta tutup, bir temen bilen deşip, ganyny sorýar. Yzyndan hem:

— Doganlaryňa aýtsaň, iýerin – diýip gaýdýar.

Akpamyk gorkusyna doganlaryna aýdyp bilmeýär. Döw her gün gelip, gyzyň barmagyndan ganyny sorup gaýdýar. Akpamyk gün-günden horlanýar. Doganlary «näme bolýar» diýseler hem «maňa hiç zat bolanok» diýip jogap berýär.

Doganlary:

— Geliň, şuny saklalyň — diýşip, awa ugran kişi bolup, bir ýerde bukulyp ýatýarlar.

Akpamyk işlerini jaýba-jaý edip, döwüň geler wagty bolanda, gapyny içinden bekläp oturýar. Hemişe gan içmäge öwrenen döw gelip, gapyny kakýar welin, ýedi dogan ýedi ýerden

topulyp, döwüň janyny asmanda kakýarlar. Onuň kellesi «çöp-den-çörden kän bolaryn» diýip, togalanyp gidýär. Akpamygyň doganlary onuň yzyndan ýetip bilmän galanlar. Birnäçe wagt geçen soň, ol kelle birnäçe döw bolup gelip, ýedi doganyň ýedisini hem öldürip, etlerini iýip, süňklerini taşlaýarlar. Akpamyk bolsa keýik derisiniň aşagyna girip bukulýar. Döwler muny görmeýärler. Akpamyk aman galýar. Döwler öz mekanlaryna gidýärler. Akpamyk döwler gidensoň, bukulan ýerinden çykyp, doganlarynyň süňklerini bir ýere ýygnap, üstüni keýik hamlary bilen basyryp, bir aty münüp, galama-gala aýlanyp, bilimli adamlardan doganlaryny direltmegiň ýoluny sorap ýörkä, ahyry bir garry kempiriň üstünden barýar.

Garry:

— Gyzym, seniň doganlaryňy döw öldüren bolsa, ony direltmegiň alajy bolar, emma gaty kyndyr – diýýär.

Akpamyk:

— Garry ene, kynam bolsa, aýt – diýip, oňa ýalbarýar.

Garry:

— Akmaýanyň süýdünden getirip, üstlerine sepseň, jana gelerler, emma Akmaýa adam görse, iýer. Emma köşegi adamy gaty gowy görýändir – diýip aýdýar.

Akpamyk eline ýanlyk alyp, Akmaýany gözläp, ýola düşýär. Ahyry bir gün Akmaýanyň köşeginiň üstünden barýar. Köşek Akpamygy görüp, oýnap, bökjekläp, ýanyna gelýär. Gyz köşegiň ýüzünden, gözünden sypap, ogşap, köp mähribanlyk edip, ahyry arzy-halyny aýdýar.

Köşek:

— Bolýar, emma enem bilse, ikimizem iýer, gel, sen meniň goltugymyň aşagyna girip, tüýüme gabsanyp bar. Men emip, ýanlyga guýaýyn – diýýär. Sebäbi köşegiň garnynyň aşagynyň we gapdalynyň tüýi ýerden süýrenip ýörmüş.

Akpamyk: «Bolýar» diýip, köşegiň tüýüne bukulup, görünmän, Akmaýanyň ýanyna barýar.

Akmaýa:

— Adam, adam ysy bar – diýip, tarp urup başlaýar.

— Eje jan, adam näme işlesin? – diýip, köşegi ýalbarandan soň, Akmaýa köşeşip, emdirmäge durýar. Akpamygyň gaby dolansoň, köşek usullyk bilen aýrylyp, otlan bolup, arany açyp ugran. Emma Akmaýa-da müňkür bolup, yzyndan seredýän eken. Akpamyk ozal atyny bir ýerde gizlän eken, köşek otlan bolup, atyň ýanyna golaýlanda, Akpamyk çykyp, ata baka ugraýar. Akmaýa-da muny görüp topulýar. Gyz zordan ata münüp gaçýar. Akmaýa kowup, ýetip bilmän galýar. Akmaýa dolanyp gelýärkä, köşegine: «Gara daşlar bolgaý sen, balam» diýip gargyş edýär. Köşegi şol taýda gara daş bolup doňup galýar.

Akpamyk Akmaýanyň süýdüni getirip, doganlarynyň süňklerini ýerbe-ýer goýupdyr welin, biriniň ýagyrnysynyň süňküni tapmandyr, ony döw çeýnäpmi, nädipmi, garaz ýok. Bar süňküniň hemmesini ýerbe-ýer goýup, süýdi üstüne sepip, bir gara keçä dolapdyr. Birnäçe wagt geçenden soň, doganlary asgyrşyp:

— Aý, kän ýatypdyrys – diýşip, ýerlerinden galypdyrlar.

Akpamyk doganlaryna eden işlerini aýdyp beripdir. Olar doganynyň beýle jepa çekenine köp gynanypdyrlar. Emma özgesi abat bolup, ýeke iň kiçileriniň ýagyrnysynyň süňküniň birjigi kem bolupdyr. Ýedi dogan täzeden öňki ýaly aw awlap ýörýärler. Soň Akpamyk ýedi doganyny öýerip, her haýsyna gelin alyp berýär. Emma ýedisi hem aýallaryndan gyz doganlaryny ýagşy görýär ekenler. Aýallar muny gabanyşyp: «Bizi şu gyzça görmeýärler, geliň bir maslahat edeliň» diýýärler. Onda iň uly doganyň aýaly:

— Geliň, şuny basyp, bogazyna we gulagyna gurşun guýalyň — diýýär.

Iň kiçi doganynyň aýalyndan özgesi şu maslahata goşulan, emma ol:

— Beýle iş etmek bolmaz – diýip, garşylyk görkezende, oňa:

— Seniňem bogazyňa gurşun guýarys – diýip gorkuzanlar.

Bular Akpamygy basyp, bogazyna we gulaklaryna gurşun guýupdyrlar. Şonda iň kiçi doganynyň aýaly hem gorkusyna Akpamygyň bir sylaçasyndan tutupdyr. Akpamygy şeýdip, lal we güň edipdirler. Emma Akpamygyň körpe gelnejesi, gorkusyna gaýynagalaryna hiç zat aýdyp bilmändir. Akpamyk gün geldigiçe horlanýar.

Doganlary:

— Uýam jan, saňa näme bolýar? – diýseler hem, ol jogap bermeýär.

Ahyry ýeňňeleriniň iň ulusy:

— Muňa näme bolýanyny men bilýän – diýip jogap berýär.

— Ýeri, bilseň, näme bolýar, aýt-da!

Ol aýal:

— Akpamyga är gerek, ýürejigine kär gerek – diýýär.

Onda agalary:

— Kimi halasa, baraýsyn – diýýärler.

Şonda ýeňňeleriniň kiçisi:

— Muny bir düýä mündürip goýberiň, kimi halasa, özi barar –diýýär.

Doganlary bir akmaýany kejebeläp, bezäp, Akpamygy mündürip goýberýärler. Şol wagtlarda patyşanyň ogly bilen weziriň ogly awa çykan ekenler, olaryň gözleri çölüstanda bir gara kaklyşýar. Gelseler, üsti bezegli, kejebeli maýa öz ugruna otlap ýör.

Patyşanyň ogly:

— Içi meniňki – diýýär.

Weziriň ogly:

— Daşy meniňki – diýýär.

Ikisi iki ýerden at salyp barýarlar welin, ine, akmaýanyň üstünde kejebäniň içinde şeýle bir gyz bar welin, iýme-içme-de seret-de otur.

Ýigitler:

— Aý, gyz, ynsmysyň, jynsmysyň, dillen – diýip, soraýarlar.

Jogap ýok. «Gyz hiç geplemese-de, lal bolsa-da aljak» diýip patyşanyň ogly Akpamyga öýlenýär.

Aradan bir ýyl geçýär, onuň bir ogly bolýar. Bu oglan dörtbäş ýaşaýar. Akpamyk geplemeýär.

Patyşanyň ogly:

— Gel, indi bir aýal alaýyn, ýogsam boljak däl – diýip, aýal gözlemäge çykýar.

Akpamyk öz içinden: «Bu kembagtlyk hemme ýerde maňa zyýan getirýär» diýip, çörek hem bişirmän oturýar.

Akpamygyň ogly gelip:

— Eje, çörek – diýýär.

Akpamyk öňki dilsizliginiň üstüne äri hem öýlenmegiň ugruna çykansoň, gamgyn bolup oturşyna ogluna hem çörek bermeýär. Ogly ýeňsesinden itip: «Eje, çörek diýýän» diýip, gaty kakan welin, bogazyndaky gurşun «lark» edip gaçan we dili açylan.

Ondan soň Akpamyk ogluna:

— Balam, gulagyma-da bir ur – diýýär.

Gulagyna urýar, gulagyndaky gurşun hem gaçýar, gulagy hem açylýar.

— Beýleki gulagyma hem ur – diýýär. Ogly ol gulagyna hem «eje çörek» diýip urýar, ol gulagyndaky gurşun hem gaçyp, Akpamyk salamat bolýar. Patyşanyň ogly şol gün yzyna

bir ýaş gelni tirkäp gelýär. Ol gelen wagty, Akpamyk çökelik[1] gaýnadyp oturan eken. Çökelik çogup, dökülip duran eken. Täze alnyp gelen gelin atyň üstünden:

— Mesdi haýran, döküldi aýran! – diýip gygyrýar.

Heniz gelip atdan düşmedik gelniň beýle zäherli sözüne Akpamyk:

— Geline bak, geline.
Gele-gelmän diline,
Özi eýer gaşynda,
Gözi ojak başynda – diýip jogap berýär.

Şazada Akpamygyň diliniň açylandygyny görüp, begenjinden yzyna tirkäp gelýän aýalyny şol wagt atdanam düşürmän, yzyna iberýär. Ol Akpamyk bilen täzeden bagtly ýaşaşyp başlaýar.

Akpamyk doganlaryndan umydygär bolup, ogluna altyn aşyk ýasadyp, özüne hem aşygyňy atan wagtyň:

— Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men ,
Altyn aşygym, alçy gop,
Alty daýym başy üçin,
Iň kiçisi Baýramdyr,

Baýram daýym başy üçin – diýip, aşygyňy atgyn – diýip öwreden.

Indi habary Akpamygyň ýedi doganyndan alyň. Olaryň iň kiçisi Baýram: «Biz şeýle ýagşylyk eden doganymyzy düýä mündürip goýberdik, bu ýyl bäş ýyl boldy, öldümi, barmy, biziň habarymyz ýok, geliň, onuň ugruna çykyp gözläliň» diýip, bir maslahat tapýar. Beýlekileri hem muny makullap, ýedi doganyň her haýsysy uýasyny bir şäherden gözläp ugraýar. Ýekýagyrny bir şäherde aşyk oýnap ýören bir topar oglanyň

[1] Çökelik – peýnir etmek üçin ýagy alnan süýdüň ýa-da gatygyň gaýnadylmagy.

üstünden barýar. Içinde bir oglanyň elinde altyndan aşyk bar, ol her atanda:

— Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men,
Altyn aşygym, alçy gop! – diýýär.
Ýekýagyrny oglana:
— Ýene bir aýt – diýýär.
Akpamygyň ogly ýene aşygyny atýar:
— Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men,
Altyn aşygym, alçy gop!
Alty daýymyň başy üçin,
Iň kiçisi Baýramdyr,
Baýram daýym başy üçin,
Altyn aşygym, alçy gop! – diýýär welin, daýysy ony tanap:

— Hany, oglanjyk, ýör, öýüňizi görkez – diýýär.

Oglanyň yzyna düşüp barýar welin, Akpamyk doganyny tanaýar. Dogany hem Akpamygy tanaýar. Ikisi hal-ahwal soraşýar. Akpamyk başyndan geçiren wakalaryny doganyna aýdýar.

Bir gün dogany gaýtmakçy bolýar. Akpamyk obaň adamlaryna möý, içýan tutduryp, ýedi halta tikip, ol haltalary möý bilen içýandan doldurýar. Diňe birini nohutly-kişmişden doldurыp, onuň hem agzyna ýekeje içýan salýar. Soňra:

— Her gelnejeme birini ber, şuny hem iň kiçi gelnejeme ber – diýip, nohutly-kişmiş salnan haltany berýär.

Ýekýagyrny obalaryna gelip, her aýala bir haltany berýär. Aýallar: «Baldyzymyz sowgat iberipdir» diýşip, ellerini sokýarlar welin, ellerinden möý, içýan çakýar.

Olar: «Waý-da waý» bolýarlar. Iň kiçi doganyň aýaly hem özüne iberlen haltany açyp görse, içi doly nohutly-kişmiş, iň

üstünde-de ýekeje içýan bar eken. Ol içýan onuň sylajasyndan çakypdyr-da gaçypdyr. Ol gelin iberilen sowgadyna guwanypdyr. Ýekýagyrny hemme doganlaryny çagyryp:

— Geliň, men Akpamygy tapdym, pylan patyşanyň ogly alypdyr – diýip aýdýar.

Yzyndanam Akpamygyň başyndan geçiren günlerini aýdyp berýär. Ýedi dogan: «Bize uly ýagşylyk eden doganymyzy şeýle eden bolsalar, bulary ýok etmeli» diýip maslahat edýärler. Baýramyň aýalyndan özgesini ýok edýärler. Soň doganlar üýşüşip, Akpamyklara myhmançylyga gelýärler. Soň onam alyp öýlerine gaýdýarlar. Gelseler, ene-atalary has garrapdyr. Kiçi gelin garrylara hyzmat edip başlaýar. Ol Akpamygyň kömegi bilen gaýyn agalaryny öýerýär. Soň hoşlaşyp, Akpamygy ýola salyp, ýedi dogan maşgalalary bilen ene-atasynyň ýanynda mekan tutýar. Bu ýagdaýa il-gün hem begenýär.

## DIWANANYŇ OGLY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşanyň örän owadan, akylly we okuwly gyzy bolupdyr. O gyz kemsiz ýetişip kemala gelipdir. Şol döwürde diwanalykda hemmä mälim bir adam bolupdyr.

Günlerde bir gün bu diwana, özi üçin patyşanyň gyzyna söz aýtdyrýar. Bu söze patyşanyň gahary gelýär-de, diwanany öldürmekçi bolýar. Onda wezirleri:

— Diwanany öldürmäň. Muňa kyn-kyn ýumuş buýursaňyz, başarman özi hem ýok bolup gider – diýýärler. Bu sözi patyşa hem makul bilýär-de diwana:

— Gyz gerek bolsa, ilki üýtgeşik şamçyrag getir. Soňkusyny soň aýdaryn – diýýär.

Diwana:

— Aýby ýok, getiräýerin — diýip, patyşanyň ýanyndan gaýdýar. Baryp bir deňziň gyrasynda oturyp, eli bilen deňziň suwuny meýdana serpiberýär. Esli wagt şeýdip oturýar. Ahyry deňizden suw adamy çykyp muňa:

— Ýeri, diwana! Näme işleýärsiň? – diýýär.

Diwana:

— Deňziň suwuny daşyna döküp, düýbündäki şamçyragdan aljak – diýýär.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 819$^{f}$-njy bukja.

Suw adamsy:

— Ömrüň ötýänçä hem el bilen deňziň suwuny daşyna döküp gutaryp bilmersiň. Geregiň şamçyrag bolsa kösenip oturma, men getirip bereýin – diýýär-de, suwa çümüp derrew bäş sany şamçyragy diwana getirip berýär.

Diwana hem olary goltugyna salyp, gaýdyp gelýär-de, onuň birini patyşa çykaryp berýär.

Patyşa, muny görüp:

— Hany, munuň taýy? – diýýär.

Diwana ýene birini goltugyndan çykaryp berýär-de:

— Ine, taýy – diýýär.

Onda patyşa:

— Bularyň ikisi hem öz şamçyragymyz. Bulary hazynamyzdan haçan aldyň? – diýýär.

Diwana, goltugyndan beýleki üçüsini hem çykaryp berýär-de:

— Bular hem özüňizkimi? – diýip soraýar.

Diwananyň bir şamçyragyň deregine bäş sany şamçyrag getirenine patyşa we onuň wezirleri gaty geň galýarlar. Patyşa munuň bilen kanagatlanman diwana:

— Indi sen bir at torbany dolduryp gyzyl getir – diýýär.

Diwana:

— Bu hem kyn zat däl – diýip gidiberýär. Ýüzüniň ugruna hiç ýerde aýak çekmän beýik-beýik daglara tarap tutdurýar. Daga baryp ýetenden soň, paltasy bilen ullakan dagyň gapdalyndan gädiberýär. Şol halatda diwananyň gulagyna: «Bu ýerde näme işleýärsiň?» diýen owaz gelýär. Diwana hem:

— Maňa bir torba gyzyl gerek. Ony hem şu dagdan aljak – diýýär. Onda: «Gyzyl gerek bolsa, ine şu gowakda kän. Geregiňi al» diýen owaz eşidýär. Diwana hem sesiň çykýan ýerine barýar. Görse, ol ýerde ullakan gowak bar eken. Ol gowagyň içine girip görse, gyzyl çagyl ýaly üýşüp ýatyr diýýär. Diwana

hem özi bilen getiren suwluk torbasyny dolduryp, arkasyna alýar-da gidiberýär. Ony hem patyşa eltip berýär welin, ol ondan gyzyly alyp:

— Wah, gyzymyz içinden bir zat tutup öldi. Ýaňyja ony jaýlap geldik – diýýär.

Diwana ýüküni öz bolýan ýerinde goýup, gonamçylyga gidýär. Baryp patyşanyň gyzynyň mazaryny agtarýar. Görse, gyz mazarynda tirsegine söýenip otyr. Diwana ony kepeni bilen göterip çykarýar-da öz jaýyna äkidýär. Şol gün tanyş mollasyna nika gyýdyrýar-da gyz bilen ýaşaberýär.

Aradan kän wagt geçýär. Diwana öňki diwanalygy bilen geziberýär. Patyşanyň  gyzyndan bir ogly bolýar. Oglan üç-dört ýaşap, oýnamaga ýaraýar. Şol döwürde patyşanyň dört-bäş ýaşly oguljygy hem altyn aşygy bilen köçelerde oýnap başlaýar.

Diwananyň oguljygy oýnamaga baranda, patyşanyň aýaly bu oglany öz gyzyna gaty meňzedýär. Ýöne onuň ölendigi ýadyna düşüp, ýüregi gyýym-gyýym bolýar. Bolsa-da bir gün saklanyp bilmän oglanjykdan:

— Öýüňiz nirede? Ejeň barmy? – diýip soraýar.

Onda ol oglanjyk:

— Hol ýerde, golaýjak – diýip, derrew salgy berýär.

Patyşanyň aýaly, öz ýanyndan: «Näme-de bolsa, şu oglan del ýeriň çagasy däldir. Gyzyma meňzäp dur. Birjik hem üýtgän ýeri ýok» diýip, bu ýagdaýy bir gün äri patyşa hem aýdýar.

Patyşa:

— Gyzyň çabalanyp-çabalanyp gözüň alnynda ölenini, mazaryny öz gözüň bilen gördüň indem, bolmajak zady agzaýarsyň. Öleniň gaýdyp direlenini şu çaka çenli görüpmidiň? – diýýär.

Aýaly:

— Her näme-de bolsa, ygtyýar berseň, şojagaz oglany öňüme salyp baryp, onuň ejesini bir görüp, anygyna ýetesim gelýär – diýýär.

Şunlukda, patyşanyň ygtyýary bilen aýal, ol oglanjyk öz oglunyň ýanyna oýnamaga gelende, çagalaryň ikisini hem öňüne salyp, oglanjygyň öýlerine barýar. Baryp görse, hut öz gyzy. Ol içi bezelen we hemme zatdan üpjün ýerzeminde otyr. Gyz ejesini görenden, ony gujaklaýar. Ejesiniň ýüzünden, gözünden ogşaýar. Ejesi gözlerine ynanman balasyny ogşaýar. Gyzy enesine oňat hezzet-hormat edýär. Soň mazarynda birden özüne gelip direlenini, demigip, erbet gorkanyny, şol wagtyň özünde diwananyň üstüne gelip, mazaryny açanyny gürrüň berýär. Enesi begenjinden diwana alkyş okaýar. Ol bu ýerde kän oturyp, gününiň nädip geçenini hem duýman galýar. Ondan soň öz oguljygynyň elinden tutup, gyzy bilen hoşlaşyp, öýüne gaýdýar. Baryp hem patyşa bu günki gören-eşden zatlaryny birin-birin aýdýar. Patyşanyň begenjinden gözlerine ýaş aýlanýar. Gyzjagazyny görmäge howlukýar.

Ana, şonluk bilen hem patyşanyň maşgalasy diwananyň maşgalasy bilen ýygy aragatnaşyk edip başlaýar. Diwana bolsa şol öňki diwanalygyny dowam etdirip geziberýär.

Hälki oglanjyklaryň ikisi hem kemsiz ýetişip kemala gelýärler. Bileje okap, doly okuwly bolýarlar. Wagtynyň köpüsini çöllerde aw-awlamak bilen geçirýärler.

Şunlukda, günlerde bir gün aw-awlaşyp ýörkäler bir düzlükde bu ikisine bir gaty owadan boz gulan gabat gelýär. Bularyň her haýsy bir tarapyndan baryp, ol gulany tutmakçy bolýarlar. Gulan hem äwmän olardan gaçjak bolup hem durmaýar. Tersine, diwananyň ogluna barha ýakynlaşmak bilen bolýar. Şol barmana diwananyň ogly öňe at salyp gulanyň boýnuna halka tanap taşlaýar we şunluk bilen ony tutýar. Gulan hem gyrpalyk etmän, depirjiklemän ýuwaşja durýar. Patyşanyň ogly

hem at salyp gelip ýetişýär. Şazada atlary tutup diwananyň ogly öz atynyň eýerini we uýanyny derrew gulana salyp, ony oňat eýerleýär. Soň patyşanyň ogluna:

— Ynha, mün-de, sürüp gör. Emma habardar bolgun, birden ýykaýmasyn, diýýär. Şazada gulany münýär we sürüp görýär, çapyp görýär. Gulan birjik hem bulagaýlyk etmeýär. Soň patyşanyň ogly düşüp, gulany ýegeni diwananyň ogluna berýär.

Diwananyň ogly hem ezberlik bilen gulany gorgunyna, öňňürdegine esli wagt sürýär. Soň uzagraga gidip, bu hem şol ýerden yzyna çapyp gaýdýar. Gulan barha batly çapyp, şazadanyň duşundan geçýär. Ondan arany esli açyp, birden asmana galyp başlaýar. Diwananyň ogly saklajak bolup hernäçe çytraşsa-da gulana güýji ýetmeýär. Şunluk bilen, hem boz gulan diwananyň ogluny alyp, gözden gaýyp bolup ötägidýär.

Şazada bu ýagdaýa nätjegini bilmän esli garaşandan soň, öz atyny münüp, ýegeniniň atyny idip, öýlerine gaýdyp barýar. Bu günki bolan wakany gynanyp hem jikme-jik ene-atasyna we aýal doganyna gürrüň berýär.

Patyşa giýewisi diwanany çagyryp:

— Giden ogluňy tapyp getirmek üçin näme etsem diýýäň? – diýip soraýar.

Diwana:

— «Eli bilen eden egni bilen çeker» diýipdirler. Ol öz başyny özi çarar. Goý, mysapyrçylyk çeksin. Onuň üçin men-ä uzadan aýagymy hem ýygnajak däl. Siz hem hiç zat etjek bolmaň – diýýär-de, öz ugruna gidiberýär. Şondan soň, patyşa hem öz işi bilen boluberýär.

Indi sözi diwananyň oglundan eşideliň. Diwananyň ogluny äkiden gulan esli wagt uçup gidenden soň, baryp gür baglykda gonýar. Ýykylmasa kaýyl bolup, gulanyň ýalyna berk ýapyşyp oturşyna diwananyň ogly düşen ýeriniň nire-niredigine düý-

bünden üns bermeýär. Ol uly bagçylygyň ortarasyndaky kaşaň jaýyň gapysyna baryp gütläp düşýär. Gulan ýigidi düşürýär-de kaşaň jaýa girip gidýär. Az salymdan gulanlykdan döwe öwrülip, diwananyň oglunyň ýanyna barýar. Görse, ol tukatlanyp ýüzüni aşak salyp otyr. Döw onuň göwnüni açmak üçin:

— Kesäňden seniň bilen gürrüňdeş we ýürekdeş ata-ogul bolmagy maksat edinip, seni ele saljak bolup, örän kän heläk bolup gezdim. Ele salmakda hem maksadym, seni şu jaýlaryma, bag-mülküme we ähli emlägime eýe etmek boldy. Onuň üçin hem göwnüňi giň tut, melul bolma. Meniň şu baýlyklarymyň hemmesine eýe bol. Men hem seniň hyzmatyňda bolaýyn. Dünýäde näme isleseň, diýen sagadyň özünde tapyp bermek meniň işim. Seniň üçin janymy hem aýamajaklygymy pygamberimiz Süleýmanyň başyndan ant içýärin. Bu jaýlarymyň hemmesiniň açary hem sende bolsun. Emma ýokkam şu bagdan daşary hiç ýere çykmagyn. Çünki töweregimizde gezip ýören salpaýak döwleriň saňa zyýan ýetirmegi bolup biljek zat. Men ýok wagtymda, bilip bolmaz, başyňa iş düşäýse, tüýümi oda çirkizseň ýanyňda şol sagat tapylaryn – diýip, öz tüýünden bir penje gyl hem berýär.

Döwden bu sözleri, ylaýta-da Süleýman pygamberiň başyndan ant içenini eşidip, diwananyň ogly ýüzüni ýokary galdyrýar. Döw bile nahar-şor hem edinýär. Soň döw öňüne düşüp, jaýlarynyň hemmesini açyp, hemme baýlyklaryny hem görkezýär. Arasy her dürli miweli agaçlardan we güllerden doly gaty ullakan bagyna hem aýlap görkezýär. Diwananyň ogly bu jaýlaryň we bagyň hemme ýerine belet bolýar, onuň her bir ýerini aýratyn gezip hem görýär.

Aradan birnäçe gün geçýär. Döw özünden uly agasynyňka gezmäge çykýar. Döwüň gitmegi bilen hem diwananyň ogly baga gezmäge gidýär. Gezip ýörkä, aýratyn gowy salnan, suwa düşülýän howza gabat gelip, oňa esli wagtlap syn edip durýar.

Bir görse, üç sany kepderi bagyň çür depesinde pelpelleşip, çarýan tarapa uçýarlar. Şo halatda diwananyň ogly öz ýanyndan: «Bular menden gorkup, gonjak ýerlerine gonup bilmän durmasynlar» diýýär-de, howzuň golaýjygyndaky gülleriň içinde gizlenip oturýar. Ol kepderiler onda hem pelpelleşip we barha ýerläp uçup, telim gezek öwrüm edýärler. Ahyram howzuň golaýynda hiç zat görmän, ýeke-ýekeden howzuň başyna gonýarlar we peri sypatyna girýärler. Şonluk bilen, üçüsi hem howzuň başynda oturyp, ilki özleriniň kepderi lybaslaryny çykarýarlar. Biraz oturyp we daş töwereklerine garanjaklaşyp hiç zat görmän içki geýimlerini hem çykaryp, howza girip suwa düşmäge başlap, garabaşlaryna gaý bolýarlar. Diwananyň ogly hem bu ýagdaýdan peýdalanyp süýşenekläp baryp, ol üç periniň iň kiçisiniň hemme geýimini alyp, ýene öňküje ýerinde bukulyp oturýar-da, olaryň suwdan çykarlaryna garaşýar. Perileriň üçüsi hem äwmezlik bilen kemsiz ýuwnup, ahyram suwdan howzuň gyrasyna çykýarlar. Iki ulusy derrew geýnip uçup gidýärler welin, iň kiçileri hernäçe garanjaklasa hem geýimini tapmaýar. Ahyry hem tapmajagyna gözi ýetip: «Geýimlerimi alan kim bolsa, bersin we maksadyny aýtsyn» diýip, gygyryp başlaýar. Ol bu sözleri gaýtalap üç gezek gygyrýar. Hiç ýerden ses çykmaýar. Dördünji gezek: «Her kim hem bolsaň geýimlerimi ber-de, maksadyňy aýt. Men seniň maksadyňy Süleýman pygamberiň haky üçin kabul edeýin» diýýär. Onda hem hiç ýerden ses çykmaýar. Bäşinji gezek: «Geýimlerimi berseň, islegiňi tüýs ýürekden kabul etjekligime Süleýman pygamberiň başyndan ant içýärin» diýip gygyrýar.

Bu sözden soň diwananyň ogly hem ýerinden turup, ol perä:

— Meniň islegimi doly kabul etjekligiňe Süleýman pygamberiň başyndan ant içýänligiňi täzeden gaýtalasaň, men seniň geýimleriňi tapjak bolaýyn – diýýär. Peri bu söze kaýyl bolup, oglanyň edýän talapyny ýene bir gezek gaýtalaýar. Oglan hem

onuň içki geýimlerini alyp, daşky geýimini özünde saklaýar. Peri eşiklerini geýip, oglana:

— Geýimlerimi alyp, doganlarymyň ýanynda meni masgara edip, maksadyň nämedi? – diýýär.

Oglan:

— Saňa nazarym düşenden aşyk boldum. Aşyklygymy duýdurmak we seni gola salmak maksady bilen hem geýimleriňi aldym. Indi hem ýaňky eden şertiňe görä, meniň bilen iň soňky demiňe çenli bile ýaşamagyňy isleýärin – diýýär-de, periniň ýanyna barýar.

Peri özüni yzyrajyk çekip:

— Özüň adamzat bolsaň hem menden bolmajak zady talap edýärsiň. Adamzat bolup, perizady alabilmejegiňe akylyň ýetmeýärmi? Başarsa, şu bagyň eýesi döw hem meni gola saljakdy. Şu bagy meniň üçin saldyrypdy. Şonda hem men oňa boýun egmeýärin. Bu niýetiňi bilse, ol döw seniň müň janyňdan birini hem goýmaz. Onuň üçin hem janyňa haýpyň gelsin. Beýle maksadyňdan şindi hem bolsa el çek. Meniň kepderi geýimimi hem özüme ber. Kän wagt geçdi. Doganlarymyň yzyndan ýeteýin – diýýär.

Onda diwananyň ogly:

— Bu baga, jaýlaryň hemmesine döwüň özi meni ygtyýarly etdi. Meniň göwnümi ýykmajaklygyna Süleýman pygamberiň başyndan ant hem içdi. Bolmanda hem bäşlän-üçlän döwden gorkjak adam bu işlere baş goşmaz. Galyberse hem, geýimleriňi berip, yzyňda sergezdançylyk çekebilmerin. Maksadyma ýetenimden soň diňe bir geýimiň däl, hut öz janymy hem seniň üçin bagyşlabilerin – diýýär. Peri bu sözleri eşidýär-de:

— Görenimden meniň hem saňa göwnüm gitdi. Şeýle hem bolsa ejap edip, syr sakladym. Döw hem aýdyşyň ýaly, Süleýman pygamberiň başyndan ant içen bolsa, onda meniň dagy hiç kimden ähtiýajym ýok. Her niçik hem bolsa, döw gaýdyp ge-

lende gamgynsyrap otur, ikimiziň tapyşmagymyza özi aladalanar ýaly et – diýýär. Juwanlar howuzda ikiçäk suwa düşýärler, suwda aşyr atyşyp, kowalaşyp oýnaýarlar. Soň peri ýigide:

— Geýimlerimiň beýlekilerinem ber. Men iki gün geçirip, üçünji güni şu howzuň başyna gelerin. Oňa çenli sen hem döwüň ugruny tap, ikimizi birikdirer ýaly et – diýýär.

Diwananyň ogly periniň kepderi geýimini hem berýär-de, pugta hoşlaşyp, wadalaşyp, perini ugradýar. Özi hem döwüň jaýyna baryp, nahar-şor edinýär. Şol günüň ertiri döw agasynyňkydan gaýdyp gelýär. Görse, ýigit ýüzüni sallap tukat bolup otyr.

Onuň üçin hem döw oglana:

— Meniň saglygymda nämäni gaýgy edýärsiň? Bir maksadyň bar bolsa, ýaşyrman aýt, şu sagat maksadyňa ýetireýin. Seniň üçin janymy hem aýamajakdygymy ynandyrmak üçin ozal Süleýman pygamberiň başyndan ant içendirin. Şu wagt hem şol şertimi gaýtalaýaryn. Menden syryňy gizleme, her näme-de bolsa aýt. Bitirmek meniň bilen – diýýär.

Onda diwananyň ogly:

— Meni maksadyma ýetirmek seň güýjüňden daşarymyka diýip güman edýärin. Onuň üçin hem gamlanyp oturşym – diýýär.

Döw ýigide has hem içgin durup, göwün maksadyny aýtmagyny pugta talap edip başlaýar. Şonuň üçin hem diwananyň ogly döwden syryny ýaşyrman, perileriň birine aşyk bolandygyny, ol periniň baş bermän gidendigini aýdýar.

Bu sözleri eşidýär-de, döw esli wagt dymyp, keýpsiz oturýar. Ýene hem Süleýman pygamberiň başyndan ant içeni ýadyna düşüp:

— Aý, bolýar! Şu ýerlere geläýse, ol perini saňa göwnedeýin. Şonluk bilen seni maksat-myradyňa ýetireýin – diýip, täzeden ýene-de pugta söz berýär.

Oglanyň ýüzi açylýar. Döw hem az-kem özüne gelýär. Bular bagyň içinde bile gezýärler. Kemsiz ajygyp iň tagamly naharlary taýýarlap nahar edinýärler. Ol gün geçýär, ertiri hem geçýär. Periniň wada beren güni hem gelip ýetýär. Ol gün oglan hem döw bilen maslahatlaşyp, bagyň içine gezelenje gidýär. Wagtyň köpüsini serhowzuň töwereginde geçirýär. Aýny öz diýen wagtynda peri hem şol çynaryň üstüne gelip gonýar. Amanlyk-saglykdan soň, gizlinje maslahatlaşyp, perä ýalbarmak üçin oglan döwi çagyrmaga gidýär-de, periniň gelip serhowzuň başyndaky çynaryň üstüne gonandygyny döwe aýdýar.

Döw hem öz sözünde tapylmak üçin ol çynaryň aşagynda durup:

— Seniň şu ýigide razylyk bermegiňi çynym bilen isleýärin. Men bu oglana wada hem etdim. Sözümi tutup şu ýigit bilen ýaşaberseň, hiç wagt horluk, zarlyk görmersiň. Men hem siziň hyzmatkäriňiz bolaryn – diýip, üznüksiz ýalbarýar.

Peri hem ozal razylaşmadykdan bolup, döwe:

— Sen tüýs ýürekden razy bolup, özüň hem hemişe biziň ýagşylygymyzda bolsaň, men hem seniň sözüňi ýykmaýyn – diýip, çynardan düşýär. O ýerden hem döw öňünde, ýigit bilen gyz hem yzynda üç tirkeşik bolup gelýärler.

Şol günüň özünde döw, öz aga-inilerini çagyryp, ullakan toý edip, ol perini diwananyň ogluna berýär. Bu gyzykly toý ýedi gije-gündizläp dowam edýär.

Aradan birnäçe aý geçýär. Döw bularyň ikisini hem öz ogly we gelni ýaly gaty gowy görýär. Onuň üçin hem olara her dürli gymmatbaha geýimler alyp berýär. Öz garamagyndaky döwleriň hemmesini hem olara bakna edýär. Peri bilen diwananyň ogly hem döwden öz hyzmatlaryny gaýgyrmaýarlar. Şeýle durmuşda esli wagt ýaşaýarlar.

Günlerde bir gün döw göwni açylyp, şat bolup oturan wagty diwananyň ogluna:

— Men seniň bir ýurda patyşa bolanyňy görmek we saňa kesäňden guwanmak isleýärin. Eger sen razy bolsaň deňli-derejeli ýagdaýda ýurduňa baraly. Ol ýurduň adamlaryndan seni patyşa etmeklerini soraly – diýýär.

Diwananyň ogly:

— Bu diýýän zadyň örän gowy zat welin, meniň atam diwana kişi bolansoň, oglunyň patyşa bolup, ile agalyk sürmegini islemez. Ol razy bolsa, şol ýurduň patyşasynyň hem özi razylyk berse, şa bolup ýaşamaga menem garşy däl – diýýär.

Onda döw:

— Patyşa bolup, zalym bolmasaň, adyl bolsaň, ýetime-ýesire kast etmeseň, halkyň bähbidini bilýän patyşa bolup bilseň, ataň hem, ol ýurduň patyşasy hem razy bolman durmaz. Özüň oňlasaň, baryp bu işi synap göreli – diýýär.

Döwüň bu maslahatyna oglan hem, peri hem razy bolýar. Onuň üçin döw öz arkasyna laýyk bir tagt ýasap, ony her dürli reňkli gymmatbaha zatlar bilen bezeýär. Gymmatbaha ýüpek mata, ýorgan-düşek ýaly zatlardan we gyzyl-kümüşden hem bir döwi mas ýükläp, peri bilen oglany hem gören aňk bolarlyk halda oňat geýindirip bezeýär. Gün gijigýär, gün ýaşýar, garaňky düşýär, ol gije şol ýerde ýatýarlar. Daň atýar, bular hem turup derrew nahar-şor edinýärler. Şol halatda başga bir ullakan ak döw hem bularyň ýanynda häzir bolýar-da:

— Menlik näme hyzmat bar? – diýip soraýar.

Bir gün öňünden taýýarlanylan iki taý ýüki ak döwüň üstünde butnamaz ýaly jaýlaşdyryp goýýarlar. Beýleki oňat bezelen tagty, her dürli gowy zatlardan häzirlenen gaty kän azygy we peri bilen ýigidi bu döwüň özi öz arkasynda mäkäm ýerleşdirýär.

Şonluk bilen, iki döw asmana galyp, oglanyň ata watanyna tarap ýüzlerini öwürýärler. Az wagtyň içinde gün dogup, asma-

na galan wagty parlaşyp, şäheriň üstünden aşak eňýärler hem patyşanyň köşgüniň gapysyna baryp gonýarlar.

Bularyň gelenini görüp, patyşa ähli neberesi bilen, diwananyň aýaly hem çagalary bilen ol ýere barýarlar. Görseler diwananyň ogly iki döwi her dürli zatdan mas ýükläp we bir perini alyp gelipdir.

Patyşa ýigidi ähli zatlary bilen özüniň aýratyn bezelen kaşaň jaýly howlusynda ýerleşdirýär. Ähli ilatyny çagyryp, ýedi gije-gündizläp toý berýär. Bu toýa ol iki döw hem gatnaşýar.

Toýy sag-aman sowýarlar. Toýda döwler diwana bilen gürrüňdeş bolup, ony hem öz taraplaryna çekýärler. Soň patyşa bilen gürrüňdeş bolup, diwananyň oglunyň haýsy hem bolsa bir döwlete patyşa etmek maksatlarynyň bardygyny aýdýarlar.

Garrap dyzynyň kuwwaty gaçyp başlan patyşa diwananyň ogly bilen bir ýerde oýnap ösen, aw-şikara hemişe bileje giden häzir bolsa goşun baştutanlarynyň serkerdesi bolup ýören ogly bilen agzybirje maslahatlaşyp tüýs, sap ýürekden: «Öz diýenimiz bolsa, bu oglany hiç ýere goýbermeris. Gözümizden ýitip gezeni hem az däl. Patyşa bolsa ine, şu öz ýurdumyza şa bolsun. Bu patyşa bolsa hem özümiziň patyşa boldugymyz. Çünki bu-da keseki däl. Il halk bu pikiri goldar» diýýärler. Şonuň üçin uly ili çagyrýarlar. Ýedi gije-gündizläp toý berýärler. Toý sag-aman sowlandan soň, patyşa ähli märekäni daşyna üýşürip, özüniň garrap, huşunyň gaçyp başlandygyny aýdyp, öz ýerine başga bir iş oňarjak adamyny getirmelidigini ilatyndan towakga edýär. Şunluk bilen halk hem, wezir-wekiller hem ýene-de patyşanyň özüne ýüzlenip: «Özüňiz kimi laýyk bilýärsiňiz? Biz hem siziň makul bilen adamyňyza kaýyl» diýýärler.

Onda şa:

— Kimiň kimdigini we onuň ilata baş bolup biljekdigini ilatyň özi ýagşy biler. Kimi makul bilýän bolsaňyz, «ol, bu» diýmän, özüňiz aýdyň – diýýär.

Bu sözden soň adamlaryň käbirleri patyşanyň hut öz oglunyň adyny, käbirleri diwananyň oglunyň adyny tutýarlar. Onda şol wagt ady tutulýan şazada:

— Meni bu zeýilli tükeniksiz garamatly işe bellejek bolmaň. Men öňki işimi oňarsam hem az däl – diýýär.

Bu ýerde duran wezirleriň biri:

— Köp wagtlap ýitip gezen, ahyrda hem her ýerde öz başyny çarap, şeýle belent derejä eýe bolup, döwlere hem diýenini etdirýän adam, biziň ýurdumyza hem patyşalyk edip biler. Onuň üçin hem aňrujy razy bolsaňyz, diwananyň ogluny patyşamyzyň ýerine belläýeliň. Patyşanyň ogly bolmasa, agtygy eken. Ol ikisiniň tapawudy hem ýok – diýýär.

Weziriň bu sözüni märekäniň hemmesi, wezir-wekiller, kazy-kelanlar, patyşanyň ogly we onuň hut özi hem tüýs ýürekden goldaýarlar.

Ana, şonluk bilen şol günden başlap, diwananyň ogly tagt üstünde oturyp, uly ile patyşalyk edip başlaýar. Diwananyň oglunyň adalatlylygy, başarnygy halk bilen gatnaşygynyň gowulygy uludan-kiçä ýaraýar. Ýyl geçdigiçe diwananyň oglunyň abraýy barha artyp başlaýar. Bu ýagdaýa goňşy ýurtlardan göriplik edýän hem tapylýar. Emma käbir daşardan gelýän hüjümleri dost döwleriniň kömegi bilen milletiniň burnuny ganatdyrman ýom-ýok edýär. Bu ýagdaý beýleki käbir päli ýaman duşmanlara hem sapak bolýar. Onuň üçin hem bu döwlete gaýdyp hüjüm eden ýurt bolmandyr. Diwananyň oglunyň döwleti agzybir, baý, asuda ýaşapdyr.

## KÖR GARGA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir sygyr çopan bar eken. Ol diňe aýaly bilen ýaşaýar eken. Ol aýal sygrynyň süýdünden gurt edýän eken we gurtlary tamynyň üstünde serýän eken. Bir gün ol öz gurtlarynyň azalýandygyny duýýar. Muny ärine-de aýdýar. Ondan soň olar kimiň alýanyny bilmek üçin, gurtlaryny saklaýarlar weli, bir wagtdan soň bir gözi Kör garga gelip, gurt iýmäge başlaýar. Çopan ýaňky gargany tutup öldürjek bolýar, emma Kör garga:

— Meni öldürme, men saňa kän zat bereýin. Ertir öýüme bar. Meniň öýümi kimden sorasaň aýdarlar – diýýär.

Çopan Kör garganyň sözüne ynanyp ony goýberýär.

Ertesi çopan sygyrlary eýelerine tabşyryp, özi Kör garganyň öýüne baka ugraýar. Gidip barýarka öňünden bir goýun çopan çykýar. Ýaňky adam goýun çopandan:

— Bu goýunlar kimiňki? – diýip soraýar.

Onda goýun çopan:

— Bu goýunlar Kör garganyňky – diýýär.

Ýaňky adam:

— Kör garganyň öýi nirede? – diýip soraýar weli, goýun çopan:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 872[f]-nji bukja. Toplan: G.Esenow. Mary welaýatynyň Mary etrabynyň 2-nji Gökje obasy. 1951-nji ýylyň Gurbansoltan aýy.

— Şu ýoldan gidiberseň öňüňden atbakar çykar, şondan sorasaň aýdar – diýýär.

Ýaňky adam gidip barýarka, öňünden atbakar çykýar. Ol atbakardan:

— Bu atlar kimiň aty? – diýip soraýar.

Onda atbakar:

— Bu atlar Kör garganyňkydyr – diýip jogap berýär. Onda ýaňky adam:

— Kör garganyň öýi nirede? – diýip soraýar.

Atbakar:

— Şu ýoldan gidiberseň öňüňden düýe çopan çykar. Şondan sorasaň aýdar – diýýär. Çopan gidiberýär, öňünden düýe çopan çykýar. Ondan:

— Bu düýeler kimiňki? – diýip soraýar. Onda düýe çopan:

— Bu düýeler Kör garganyňkydyr – diýip jogap berýär, onda ol adam:

— Kör garganyň öýi nirede? – diýip, düýe çopandan soraýar. Düýe çopan ol adama Kör garganyň öýüni görkezýär. Çopan Kör garganyň öýüne barýar. Onuň bilen salamlaşýar, oturýar, çaý-çörek iýýär. Kör garga ýaňky adamyň eline bir boş saçak berýär we şu saçaga: «Açyl saçagym açyl, dürli tagamlar seçil» diýseň, şu saçagyň üsti her hili naharlardan dolar duruberer – diýýär.

Çopan saçagy alyp gaýdyp, öýüne gelip aýalyna:

— Eliňi ýuw, keýwany, nahar edineli – diýýär.

Onda aýaly:

— Men entek nahar bişiremok, nahar bolsa iýeris-dä – diýýär. Onda çopan:

— Açyl, saçagym, açyl, dürli tagamlar seçil – diýip, saçagy ortarada goýýar. Saçagyň üsti dürli-dümen iýmişden, her hili nahardan dolýar. Bular iýip doýanlaryndan soň:

— Ýapyl, saçagym, ýapyl – diýýärler welin, saçak ýapylýar.

Bir gün çopan aýalyna:

— Keýwany, ertir patyşany, wezir-wekillerini çagyrjak – diýýär. Onda aýaly:

— Çagyrma, gerek däl, eger olar bilseler biziň saçagymyzy alarlar – diýýär. Onda çopan:

— Ýok, çagyrjak, saçagy tapan özüm – diýip, patyşany we wezir-wekillerini nahara çagyrýar. Olar gelip oturanlaryndan soň çopan:

— Açyl, saçagym, açyl, dürli tagamlar seçil – diýýär weli, patyşanyň ömründe görmedik naharlary saçagyň üstünde taýýar bolýar. Myhmanlar kemsiz naharlanyp, bir sellem oturyp, soň turup gaýdýarlar. Patyşa köşgüne gelip, iki sany ýasawulyny ýanyna çagyryp:

— Derrew gidiň-de çopanyň saçagyny alyp geliň, eger bermese onuň özüni hem alyp gaýdyň – diýip iberýär. Ýasawullar gelip, garybyň elinden saçagyny zor bilen alyp gidýärler.

Garyp ertir irden turup, ýene Kör garganyň öýüne tarap ugraýar. Ol Kör garganyň öýüne baryp:

— Meniň saçagymy patyşa aldy – diýip aýdýar weli, Kör garga ol garyba bir eşek berip:

— Şu eşege «Hyh» diýseň, gyzyl tezeklär – diýip öwredýär. Ondan soň ýaňky çopan eşegi alyp gelýärkä, patyşanyň köşgüniň duşundan tiz geçjek bolup, eşegi gyssap, «Hyh» diýýär weli, eşek gyzyl tezekleýär. Eşegiň gyzyl tezeklänini patyşanyň derwezebanlary görüp, şolbada patyşa ýetirýärler. Patyşa ýene öňki ýasawullaryny iberip, çopanyň eşegini alýar. Çopan ýene-de Kör garganyň ýanyna baryp aglaýar.

Onda Kör garga:

— Näme üçin aglaýarsyň? – diýip soraýar.

Çopan:

— Eşejigimem patyşa aldy – diýýär.

Bu gezek Kör garganyň gahary gelip, garybyň eline bir owadan sandyk berýär we:

— Şu sandyga «Açyl, sandygym, açyl, çyk, tokmaklym, çyk» diýseň, sandygyň içinden bir tokmakly adam çykyp, buýran adamyňy urup galmaz ýaly eder. Isleseň öldürer. Yzyna saljak bolanyňda: «Gir, tokmaklymym, gir, ýapyl, sandygym, ýapyl» diýseň, ýapylar duruberer – diýip, onuň eline bir ýeňiljek sandyk berýär. Ýaňky garyp sandygy alyp gelýärkä, ýolda öz-özüne:

— Heý, şu sandykda-da tokmakly adam ýerleşermi?! – diýip, barlap görmekçi bolup, sandygy depäniň üstünde goýup, özi hem bir ýerde bukulyp:

— Açyl, sandygym, açyl, çyk, tokmaklym, çyk – diýip çagyrypdyr. Sandykdan tokmaklyja adam çykyp, töwerekde şol çopanyň özünden başga adam bolmandan soň, ýaňkyny urmaga başlapdyr. Ol agyrysyna çydaman zordan:

— Gir, tokmaklym, gir, ýapyl sandygym ýapyl – diýip gygyrypdyr, sandyk ýapylypdyr. Soňra ol garyp sandygy alyp, patyşanyň köşgüne barypdyr. «Patyşama sowgat getirdim» diýip derwezedäki ýasawullary aldap, şanyň köşgüne giripdir. Giripdir-de edil patyşanyň gaşyna baryp, tokmaga diýmeli sözleri gaýtalapdyr welin, ol aňalyp duran patyşanyň bir ýanyndan degiberipdir. Ony galmaz ýaly hala ýetiripdir.

Soň çopan:

— Gir, tokmaklym, gir, ýapyl, sandygym, ýapyl diýip – gygyrypdyr. Sandyjak ýapylypdyr. Soňra ýaňky garyp özüniň saçagyny hem, eşegini hem alyp, öz öýüne gelipdir, gulagy dynyp, oňat ýaşap başlapdyr. Şeýlelikde, garyp myrat-maksadyna ýetipdir.

## ÖWEZ ÝALTA[1]

Gadym eýýamda bir adam bar eken. Onuň Öwez atly bir ogly bar eken. Bu oglan öýden daşaryk hem çykman, ata-enesiniň gazanjyny iýip-içip ýatar eken. Şeýdip, bu oglan on sekiz ýaşyna çenli elini sowuk suwdan yssy suwa degirmän gezipdir.

Ine, şol bolýar, şol bolýar, il oňa Öwez ýalta diýip at dakýar. Öwez il-günüň gyjalatyna çydaman, «Be, menem adam, uly-kiçi işleýär, meniň beýdip ýatmagym bolýan zat däl» diýip, içini gepledipdir. Şundan soň Öwez söwdagärleriň kerwenlerine goşulyp, başga bir şähere eklenç-gazanç etmäge ugrapdyr. Öwez kerwenler bilen az ýöräp, köp ýöräp, bir şähere baryp ýetýär. Ol gün dem-dynjyny alyp, ertesi talap gözläp bazara çykypdyr weli, bir söwdagär «Kim maňa talaban dursa, her aýyna haram pul islese, ýüz teňňe, halal pul islese, bir teňňe berjek, kim günlükçi dursa gelibersin» diýip gygyryp ýörmüş. Öwez bu söwdagäriň ýanyna baryp, halal puldan bir teňňä günlükçi durýar. Öwez söwdagäriňkide bir aý işläp, bir teňňe alýar. Öwez «Oba gidýän ýokmuka?» diýip, bazara barýar, barsa, bir kerwen oba gidýär eken. Ol gazanan bir teňňesine aňry-bäri alyp, öýlerine ibermekçi bolup, dükandan-dükana aýlanýar. Emma bir teňňä düşýän hiç zat tapman, ahyry oňa bir pişik

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 262[f]-nji bukja. Aýdan: Sapar Gulmyrat ogly. Ahal welaýatynyň Abadan şäheri. Ýazyp alan: N.Muhammetmyradow. 1941-nji ýylyň Nowruz aýy.

alýar. Ony tanyş adamlaryndan öýlerine iberýär. Kerwenbaşy Öweziň bu pişigini torba salyp, oba alyp gaýdýar. Öwez bolsa ýene-de öňki ýerinde işläberýär. Öweziň pişigini alyp gaýdan kerwen birnäçe menzil ýol ýöränden soň, bir oba ýetip, şol ýerde dem-dynjyny almaga düşleýär. Bu obada şeýle bir syçan köp eken, hiç aýdyp-diýer ýaly däl, asyl bularyň naharlaryna hem düşüp barýar eken. Bu obada bolsa ýekeje-de pişik ýok eken. Ol obanyň adamlary kerwenbaşydan bu pişigi aljak bolup, köp ýalbarypdyrlar. Emma kerwenbaşy:

— Bu pişik meniň özümiňki däl, amanat, biri «Öýümize elt» diýip iberdi – diýen.

Ondan soň obanyň ýaşululary ýygnanşyp:

— How, kerwenbaşy, pişigi salyp gelýän torbaňy gyzyldan dolduryp bereli, ýöne sen şu pişigi bize goýup git – diýipdirler.

Şundan soň kerwenbaşy pişigi bulara berip, onuň torbasyny gyzyldan dolduryp, Öweziň öýüne eltip beripdir. Öwez bolsa ýene-de bir aý işläp, bir teňňe gazanypdyr. Ojagaz puluna-da bir zat alyp, öýlerine ibermek üçin bazara barypdyr. Emma amatly zat tapmandyr. Ahyry şol aýlanyp ýörşüne ojagaz teňňesine bir it alýar. Ony hem öýlerine ugratmakçy bolup, obalaryna gidýän adam gözläp, ýola çykyp uklap galýar. Öwez ertir irden turup görse, daşyna ullakan bir aždarha aýlanyp ýatyr eken.

— Eý, ýigit, men aždarhalaryň patyşasynyň ýalňyz ogludyryn. Meniň kakamdan öýkeläp gaýdanyma köp wagt boldy. Indi sen meni kakam bilen ýaraşdyrsaň, maksadyňa ýetersiň, ýogsamam men seni iýerin – diýen.

Öwez bu aždarhadan gorkusyna näme etjegini bilmän:

— Bolýar, men seni ataň bilen ýaraşdyraryn – diýip, onuň yzyna düşüp gidiberen.

Bular birnäçe menzil ýol ýöränlerinden soň, ol aždarha Öweze:

— Ýolda barýarkak, öňümizden uly ýylanlar çykar weli, sen olardan gorkmagyn, meniň bar ýerimde, olar saňa zat diýip bilmezler. Ýöne sen meni kakam bilen ýaraşdyrjak bol. Şu işi bitireniňden soň, kakam senden: «Näme möhümiň bar?» diýip soranda, onuň bir ýüzügi bardyr, sen şony dilegin, ol ýüzük näme diýseň bitirer, başga her zat berse hem almagyn – diýip tabşyran.

Bular ep-esli ýöränlerinden soň, olaryň öňlerinden uly-uly eýmenç aždarhalar çykyp: «Patyşanyň ogly gelýär» diýşip, begenip olara ýol berýärler. Öwez şanyň ýanyna baryp, edep-tagzym bilen saglyk-esenlik soraşýar. Ondan soň Öwez gürrüňe başlaýar:

— Eý, kyblaýy älem, bir ýurduň patyşasy bolup otyrsyň, sen näme üçin ýeke ogluň bilen öýkeleşipsiň? Bu boluş patyşalara gelişýän zat däldir, gaýtam siz öýkelänleri ýaraşdyrmaly ahyry – diýipdir weli, öňem oglunyň öýkeläp gidenine gynanyp oturan patyşa derrew ýaraşmak bilen bolupdyr.

Şeýdip, Öwez aždarhany öz ogly bilen ýaraşdyrýar. Oglunyň sag-aman gelenine patyşa begenip, üç gije-gündiz toý berýär. Birnäçe gün hezzet-hormat görenden soň Öwez yzyna öwrüljek bolýar. Patyşa oňa garap:

— Sen maňa uly ýagşylyk etdiň, şonuň üçin men hem saňa ýagşylyk edeýin, sen menden näme isleseň dile – diýende Öwez:

— Maňa saglygyň gerek hem sende bir ýüzük barmyş, şony berseň – diýen. Patyşa Öweziň ýüzügi dilänine köp gamgyn bolýar, ahyry alaçsyz ýüzügi Öweziň eline berýär.

Öwez aždarhalar bilen hoşlaşyp, öýüne gelýär. Başyndan geçenleri ene-atasyna gürrüň edip berýär. Öwez ýüzügine buýrup, özüniň şol satylan pişigini-de getiren. Ondan soň Öwez ejesini patyşanyň gyzyna sözaýdyjy edip ibermekçi bolýar. Ol şäheriň patyşasy bolsa, birehim, ejize ganym adam eken. Öwe-

ziň ejesi sawçy bolup, patyşanyň ýanyna barmaga gorkýar. Emma Öwez: «Bar, näçe galyň sorasa aşagyndan çykarys» diýip, irginsiz ýalbaryp ony yrýar.

Patyşanyň gyzyna başga-da hyrydar köpdi, emma patyşa ummasyz zadyň adyny tutansoň, oňa hiç kim ýürek edip bilmeýärdi.

Öweziň enesi ýaýdanman, patyşanyň ýanyna baryp, oňa öz habaryny aýdýar weli, patyşanyň muňa gaty gahary gelipdir. Gyzyna bir garybyň sawçy bolup gelenine hum ýaly çişipdir. Dolanyp gelmesin diýip gyzynyň bahasyny ummadan çykarypdyr:

— Ertir irden turamda, daşy gyzyldan gala, onuň her burçunda gyzyldan bir jaý, biriniň içi ýaz, biriniň içi güýz, biriniň içi tomus, biriniň içi gyş bolmaly, şu şerti ýerine ýetiren gyzy alar, bolmasa-da janyňdan umydyny üzmeli bolar – diýen.

Öweziň enesi patyşanyň aýdan zatlaryny eşidip, ýüregi ýarylan dek bolup, gargynyp öýüne gelen. Öwez enesiniň öňünden çykyp:

— Ýeri, eje, gurtmysyň, tilkimisiň? – diýip soran.

Enesi:

— Wah, seniň gurduňam bar bola, tilkiňem, patyşa saňa gyzyny bermejek bolup şeýle bir galyň saldy, asla ony üzer dagy ýaly däl! Bardy-geldi, şol zatlaryň hötdesinden gelip bilmeseňiz, baryňyzy gyraryn diýip otyr ol-a – diýýär.

Öwez:

— Eje, sen zady gaýgy etme, patyşa bize hiç zadam edip bilmez. Ynha, häziriň özünde patyşanyň ol diýen zatlaryny artykmajy bilen bitireris – diýip, ýüzügine buýrupdyr weli, edil diýşi ýaly ähli ymarat taýyn bolupdyr.

Öwez patyşanyň gyzyna öýlenip, ýedi gije-gündiz toý-tomaşa berip, halkyň öňünde giň saçak ýazan. Patyşa bu işe haýran galyp, «Alla janlarym, bu nähili boldy! Üç-dört patyşanyň

baýlygy hem meniň salgydyma ýetmeýärdi, indi gel-gel, meniň gyzymy it urup, ýerinde ýatyp ýören garyp aldy, munuň bir emmasy bardyr» diýip, köp pikir edipdir. Patyşanyň gyzy bolsa kakasynyň gylygyna belet eken.

Ol öz ärine:

— «Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz» diýenleridir, indi kakam saňa gün bermez, ol: «Bu oglan meniň gyzymy nähili gudrat bilen aldyka?» diýer-de, şol yzyňa düşer ýörer. Ol bize rahat ýaşamaga ýol bermez. Iň gowusy biz derýanyň aňry ýüzüne geçeli-de ýaşabereli – diýen.

Öwez gelnine gulak salyp, pişigini, itini alyp, ýüzügine buýrup, derýanyň gaýrasyna geçip, ýaşamaga başlaýar. Patyşa Öwezde bir gudratly ýüzügiň bardygyny eşidýär. Ol: «Şol ýüzügi kim alyp gelse, boýy bilen gyzyl berjek» diýip jar çekdiripdir. Muny bir garry kempir eşidip, «Meni derýanyň aňyrsyna geçirseňiz, bir synanşyp göreýin» diýen. Patyşa adamlaryna bu kempiri derýadan aňry geçirmegi buýurýar, kempiri derrew derýanyň aňyrsyna taşlaýarlar. Kempir derýanyň kenarynda, Öweziň öýüniň golaýynda hykgy-çokgy eden bolup ýatyrmyş. Bir wagtdan soň munuň üstünden Öwez gelip:

— Ýeri, mama, sen näme bu ýerde aglap otyrsyň? – diýip soraýar.

Kempir:

— Wah, balam, men aglaman kim aglasyn, meni ekläp oturan ýekeje çagam bardy, ony-da patyşanyň adamlary öldürip, özümi hem derýanyň şu tarapyna taşladylar, indi men niräk gitjegimi hem bilemok – diýip, şumjaran bolup otyrmyş.

Öwez:

— Mama, ýör onda horlanyp oturma-da, bizde boluber, gelnimiň ojuk-bujuk işine kömekleşersiň, iň soňy hem ol «içim gysýar» diýip ýör. Seniň ýaly garry bolsa, kem däl – diýen. Garry Öweziň öýünde birnäçe gün bolýar. Olar bilen mazaly

öwrenişýär. Öwez bolsa her gün awa gidýär eken. Günlerde bir gün kempir Öweziň gelnine:

— Seni äriň gowy görenok. Saňa ol janyny hem ynananok. Eger ol seni oňat görýän bolsa, saňa janyny ynanýan bolsa, onda şol jadyly ýüzügini saňa sakladardy – diýip, ýaş gelniň ýüregini çişirýär.

Öwez agşam awdan gelende gelni:

— Sen şol ýüzügiňi maňa dakynmaga ber – diýen.

Öwez ýüzügi gelnine berýär-de:

— Ýöne berk saklagyn – diýip, pugta tabşyrýar.

Ol ertesi ýene-de awa gidýär. Kempir ýüzügi gelniň elinde görüp:

— Men, ynha, suw gyzdyraýyn, sen suwa düş. Sen ýaly gelin örän arassa gezmelidir – diýip, suw gyzdyrmaga başlaýar. Suw taýýar bolandan soň, gelin ýüzügi elinden aýyrýar-da, ýorganyň arasynda goýýar. Bu zatlary kempir görüp duran. Onuň näme şol ýüzükden başga işi barmy? Gelin ýüzügiň ýanyndan aýrylan badyna, kempir towsup ýüzügi garbap alýar, ony barmagyna dakýar-da: «Ýa keramatly ýüzük, Öwezi şu sagat öldür, gelnini ölüm pillesinde et, meni bolsa patyşanyň ýanyna aşyr» diýip buýruk edýär weli, edil aýdyşy ýaly bolanmyş. Melgun kempir ýüzügi barmagyndan çykaryp, patyşa berýär-de onuň sylagyny alyp, öýüne baka ýelk ýasaýar.

Öweziň iti bilen pişigi bolan zatlardan habarly bolup maslahat edip, ýaňky ýüzügi gözlemek üçin derýanyň ýakasyna gelenler. It pişigi arkasyna alyp, derýadan geçirýär. Olar ýüzügiň patyşadadygyny aňypdyrlar. Pişik: «It dost, sen gapyda dur, men bir patyşanyň köşgüne girip barlaýyn» diýen. Şundan soň it razy bolup, gapyda duran, pişik bolsa, dogry patyşanyň uklap ýatan jaýyna girip, patyşa garap oturypdyr. Patyşa ýüzügi diliniň aşagynda saklaýar eken. Pişik ony almagyň aladasyny edip otyrka, birden bir syçan zomp edip çykýar. Muny pişik

derrew tutaga-da: «Sen patyşany asgyrtsaň, seni goýbereýin» diýen. Syçan «Bolýar» diýip, guýrugyny ölläp, patyşanyň burnuna sokýar weli, patyşa gaty asgyrýar, ýüzük bolsa honda zyňlyp gidýär. Pişik haýdan-haý böküp, ýüzügi alyp gaçýar. Patyşa şolbada oýanyp: «Ýüzük gitdi» diýip, şubela gygyrsa-da, hiç alaç bolmandyr. Pişik bilen it ýüzügi alyp, derýanyň başyna gelipdirler.

It:

— Pişik dost, sen ýüzügi maňa beräý – diýen.

Onda pişik:

— Ýok, it dost, sen bir zada üýrüp agzyňdaky ýüzügi derýa gaçyrarsyň, onsoň ony hiç hem tapyp bolmaz – diýen. Pişik ýüzügi ite şubela bermejek bolsa-da, ahyry it ony razy edipdir. Ondan soň it pişigi arkasyna alyp, derýanyň aňry gyrasyna ýetip barýarka, agzynda ýüzük baryny ýadyndan çykaryp, dilini şalkyldadyp, suw içipdir weli, ýüzük suwa gaçypdyr. Itiň ondan habaram ýok. Bular derýanyň gyrasyna çykypdyrlar.

Pişik:

— It dost, indi ýüzügi maňa beräý – diýen. Itiň ýadyna ýüzük güpbe düşüp, şol wagt agzyny barlasa, agzynda ýüzük ýok eken.

It:

— Pişik dost, ýüzük agzymda ýok-la, şol suw içen ýerimde, derýa gaçan bolaýmasa – diýen. Pişigiň jany ýanyp:

— Bela edipdir, zäher edipdir. Men saňa şubela bermejek bolsam, hem sen etmediň, ähli azabymyz biderek boldy diýsene! Derýanyň suwuny serpip, düýbüni barlaly diýsek, güýjümiz ýetjek däl. Indi näme ederis? – diýip, pişik ite gygyrypdyr.

Ýüzügi ýitirenlerine it bilen pişik gaty gamgyn bolupdyr, aglaşypdyrlar. Ahyry-da it:

— Pişik dost, «Müň gaýgy bir iş bitirmez» diýipdir. Ýör, iň gowusy şu günler derýanyň suwam birneme çekilýär, derýanyň gyrasynda balyklaryň garnyny barlaly, belki taparys – diýen.

Bular şeýdip, derýanyň boýundan balyk çöpläp iýip ýörkäler, pişik bir balygyň içinden ýüzügi tapaýypdyr. Pişik bilen it muňa aşa begenişip, ylgaşyp, ýüzügi Öweziň gelnine eltip berenler.

Ol: «Özümi hem-de Öwezi sagaldyp, şu ýere getir» diýip, ýüzüge buýran weli, Öwez şol sagadyň özünde gelniniň ýanynda peýda bolan. Öweziň gelnem sagalan. Bular dünýä täze inen ýaly bolupdyrlar.

Öweziň gelni bolan wakany Öweze gürrüň edip beren. Öwez:

— Men «Dünýäde iň lezzetli zat öz zähmetiň bilen gazanylan baýlykdyr» diýip, garrylardan köp eşidipdim. Şol gaty dogry aýdylan eken. Meniň hut öz zähmetim bilen gazanan itim bilen pişigim bize gaty köp kömek etdi – diýip, Öwez pişikdir itine guwanan. Soň Öwez: «Eý, ýüzügim bize kast edeni – melgun kempiri ýer bilen ýegsan et. Enem-atamy bolsa hemme goş-golamlary bilen şu ýere göçürip getir» diýip, buýruk beren. Ýüzük ony aýdyşyndan hem, zyýat ýerine ýetiren. Soň bular uly toý tutupdyr. Il-halk Öwez bilen gelnine köp alkyşlar okap, dostlar şat, duşmanlar mat bolanlar.

## KAŞAMŞAM[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir garyp adam bar eken. Onuň bir kişä köp bergisi bar eken. Ol bergilerini näçe wagt geçse-de hiç üzüp bilmändir. Çykgynsyz günde galypdyr. Onsoň ol garyp algydary ýene gyssap gelende ertä deňiç mütdet berilmegini sorapmyş. Ana, onsoň, ol garyp tanalýan batyrlaryň ýanyna baryp ýagdaýyny düşündirse-de oňa kömek eden bolmandyr. Garyp adam öýüne lapykeç bolup gelipdir. Şol mahal onuň ýanyna bir üýtgeşik adam gelipmiş. Sebäbi garyp ile ýagşylygy köp edenmiş diýýärler. Ol gelen adam garyba kömek etjekdigini, adynyň bolsa, Alybabadygyny aýdýar. Alybaba garyba:

— Sen bergiňi üzmek üçin meni bazara eltip sat, soň özüm başymy çararyn. Sen şeýt-de algydaryňa meni satyp alan puluňy gowşur-da dyn – diýen. Şeýlelikde, Alybaba bilen garyp şol şäheriň uly bazaryna barýarlar. Garyp Alybabany satmakçy bolýar. Alybabanyň öwredişi ýaly, onuň bahasyny «müň teňňe» diýýär. Emma bu nyrhy gymmat görüp, ony hiç kim almaýar. Bu gymmat guluň gürrüňi patyşa hem baryp ýetýär. Ol beýle gymmat nyrhly guly geň görüpdir hem guly we satyjyny ýanyna çagyrypdyr.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1171[f]-nji bukja. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Babarap obasyndan ýazyp alan: B.Welibaýramow. 1970-nji ýylyň Nowruz aýy.

Patyşa:

— Goç ýigit, sen näme üçin bu guluňy ýerde-gökde goýman gymmat bahalaýaň. Onuň ilden üýtgeşik näme artyk hünäri bar? – diýip soraýar.

Onda garyp adam:

— Aý, tagsyr, bu gulum köp iş bitirýär. Müň teňňäni-de gymmat göremok — diýýär. Patyşa Alybabany uzak synlap, ahyrda ony satyn alýar. Garyp adam bolsa ökjesi ýere degmän, begenip gidip, bergisini berýär. Pulunyň artanyna bolsa gol doly çagajyklaryna üç dört günlük iýip doýar ýaly zat alanmyş.

Indi habary Alybabadyr patyşadan eşideliň.

Patyşa satyn alan gulunyň adyny soraýar. Gul säginmän «Kaşamşam» diýip jogap berýär. Patyşa guluň adyny geň görýär. Ýöne muny duýdurmaýar. Patyşa satyn alan guluna üç sany ýumşunyň bardygyny aýdyp:

— Meniň birinji ýumşum, ýurdumda uly pälwanym bar, şony göreşip ýyksaň. Eger ýykylsaň ölünçäň zyndanda saklanarsyň, muny bilip goý. Ýyksaň ýagty dünýäde rahat gezdirerin – diýýär. Kaşamşam patyşanyň bu şertine razy bolýar. Şonda patyşanyň pälwany Kaşamşamy gowja synlap, göreşe başlamazlarynyň öň ýany patyşa garap, göwni ýetmän:

— Bujagaz oglana haýpyňyz gelenokmy, maňa öldürtjek bolýarsyňyzmy? – diýen.

Şonda şa:

— Aý, gör-dä, ynsap sende – diýen. Şanyň pälwany apaňapaň basyp gelip, Kaşamşamyň bilinden tutup, ony göterjek bolupdyr. Emma ýerindenem butnadyp bilmändir. Ol nalaç ýagdaýda ýene bir synanşypdyr, başarmandyr. Onýança, Kaşamşam ony göteräge-de allowarra zyňyp goýberipdir.

Aradan bir gün geçenden soň, patyşa oňa ikinji şertini aýdypdyr.

— Ikinji ýumşum, hol, ilerki derýanyň düýbünde dür bar diýip eşitdim. Sen şol derýany bekle. Eger ony başarmasaň, şol derýaň düýbüne boýnuňa degirmen daşyny daňyp oklajak – diýip aýdypdyr. Kaşamşam onuň bu şertine-de razy bolup taýýarlanýar.

Kaşamşam derýanyň ýanyna barsa, ony kyrk müň adam bekläp bilmän durmyş. Kaşamşam olary kowuşdyryp, derýany beklemäge başlaýar. Ol derýanyň çuňlugyny gylyjy bilen ölçäp görse, kyrk gez eken. Beýle ýanyndaky dagdan kyrk gez bolar ýaly daşy çapyp alýar we suwa oklaýar. Derýa beklenýär. Patyşa dür gözlegine başlamaga adamlara buýruk berýär. Emma düri tapmaýarlar. Halk bolsa suwsuzlukdan ejir çekýär. Patyşa Kaşamşama:

— Sen derýanyň bir ýerini suw akar ýaly et, böwedi az-kem gät – diýen.

Kaşamşam bäş barmagyny beklän daşynyň arasyndan urýar welin, bäş ýapdan suw akyp başlaýar. Halk agyz suwly bolýar. Ol bu işleriň baryny aty bilen gyljyny işledip bitirýär.

Kaşamşam patyşanyň ýanyna baryp, indi üçünji şertini hem aýtmagyny soraýar. Şonda patyşa:

— Üçünji ýumşum, şu eýýamda bir Alybaba diýen pälwan döräpmiş diýýärler. Ol gaty gaýduwsyzmyş. Öňünden çykanyň köşgüni başyna ýumurýarmyş. Sen şony tap-da, tutup getir, biz ony öldürmekçi. Onsoň saňa şu ýurduň bir çetinden ýer-mülk berjek — diýen. Kaşamşam patyşa niýetiniň erbetdigini aýdýar-da, beýle ýumşy bitirmejekdigini duýdurýar, yzyndanam:

— Ine, men Alybaba-da, men – Aly, Aly mendirin – diýýär. Patyşanyň nökerleri şol bada kyrk adam kyrk ýerinden Alybabany zynjyrlap daňýarlar. Alybaba ýagşy daňlansoň uludan bir gerinýär welin, zynjyrlar duw-dagyn bolýar. Patyşa Alybaba hiç zat edip bilmändir. Alybaba bolsa ol ýurtdan ol ýurda erkin aýlanyp, şol mätäje kömek edip ýörenmiş diýýärler.

## HOJA KÜŞ-KÜŞ

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň bir ogly bar eken. Onuň atasynyň kyrk bir galasy bar eken. Patyşa kyrk galasyny ogluna görkezýän eken, bir galasyny bolsa hiç görkezmeýän eken. Ogly atasy awa gidende bilgeşleýin kesellän bolup: «Ata, meniň kelläm agyrýar» diýip, atasynyň açaryny ogurlap galypdyr. Atasy awa gidenden soň, hiç wagt görmedik galasynyň işigini açyp görüpdir. Görse, bir perizadyň suraty bar eken. Oglan ony görüp huşundan gidipdir. Birnäçe wagtdan huşuna gelip, zordan jaýyna baryp, iýmän-içmän, geplemän ýatypdyr.

Patyşa awdan gelse: «Ogluň üç günden bäri iýmän-içmän, geplemän ýatyr» diýip habar beripdirler.

Patyşa muny eşidip:

— Meniň oglumy kim gepledip bilse, boýuna barabar gyzyl berjek — diýip, jar çekdiripdir.

Her kim gepletjek bolupdyr, başarmandyr. Ahyrda bir garry tapylyp:

— Oglum, saňa näme bolýar, kimi halaýarsyň, pylan patyşanyň gyzy oňatmyşyn, pylan ýerde bir perizat barmyşyn, haýsyny halaýarsyň? — diýip soraýar.

Perizadyň adyny eşiden oglan böküp turupdyr:

— Maňa hiç kim gerek däl, atamyň kyrk birinji galasyndaky perizadyň özi gerek, atama aýdyň, şony alyp bersin –

diýipdir. Atasy muny eşidip, näderini bilmän oglunyň ýanyna baryp:

— Oglum, sen bu niýetiňden el çek, men kyrk ýyllap urşup, birnäçe goşunymy zaýalap, diňe onuň suratyny alyp galdym — diýipdir.

Ogly:

— Ata, onda maňa bir horjun tylla ber, özüm giderin — diýipdir.

Patyşa ogluna bir horjun tylla bilen bir at beripdir. Oglan: «Niredesiň perizat» diýip, çykyp gidiberipdir. Gidip barýarka, öňünden üç sany urşup duran adam çykypdyr. Ýanlarynda-da bir goja bilen bir gürji seredip duran eken. Ol gojanyň ady Hoja küş-küş eken. Oglan:

— How, ýigitler, paýlaşyp bilmeýän zadyňyz näme? — diýip soraýar. Onda ol adamlar:

— Biz üç dogan, atamyzdan galan bolsa şu baba bilen gürji. Biz şony paýlaşyp bilmeýäris — diýýärler.

Onda oglan:

— Razy bolsaňyz, men paýlap bereýin. Siz şol baba bilen gürjüni maňa satyň, men size bir horjun tylla bereýin. Siz şu babanyň näme häsiýetiniň bardygyny aýdyp beriň – diýýär.

Onda ol adamlar:

— Biziň bu babamyz «ur» diýseň urar, «öldür» diýseň öldürer, «bir zat getir diýseň getirer», «tap» diýseň tapar, ine, babamyzyň häsiýeti — diýenler.

Oglan gojany alyp gidiberýär. Ol ýolda goja maksadyny gürrüň berýär:

— Bir ýerde üýtgeşik perizat barmyşyn, men şony gözläp çykdym.

— Onda baba:

— Oglum, işiň kyn eken, kyn bolsa-da men bir synanyşyp göreýin. Sen atyňy soý, etini özüň iý, süňküni gürjä ber. Men

bolsa kyrk bir gün diýlende aýlanyp gelerin, sen şu deryanyň ýüzüne garap otur, deryanyň ýüzi ak köpük bolup galyberse, babam perizady alyp gelýändir diýip begeniber. Eger deryanyň ýüzi gara gan bolup dursa babam ölendir diýip, başyňy gutarmak bilen bol — diýip, deryanyň düýbüne çümüp gidipdir.

Oglan babasynyň aýdyşy ýaly edip, atyny soýup, etini özi iýip, süňküni gürjä beripdir. Etem gutarypdyr, süňk hem. Kyrk bir gün hem dolupdyr. Oglan deryanyň ýüzüne garap duran eken. Birden derýa ak köpük bolup gidiberipdir. Köpükleriň astyndan Hoja küş-küş baba bir sandyk alyp çykypdyr. Onsoň oglana:

— Men kyrk bir gün bäri ukusyz, azajyk ýatjak, sen bolsa sandygy alyp, saga baka gidiber. Hiç çepe gitmegin — diýýär. Oglan baş atyp, sandygy göterip gidiberipdir. Birden oglan: «Men bu sandygy göterip gidip oturmaýyn, açyp göreýin» diýip, sandygy açypdyr. Sandykdan suratyny gören perizady çykypdyr. Oglan onuň bilen oýnaşyp, babanyň «çepe gitme» diýenini hem ýadyndan çykarypdyr. Birden ullakan çal döw peýda bolup, perizady alyp, asmana baka uçup gidipdir. Gürjüjik hem: «Waý, ejeke» diýip, eteginden asylyp, sallanyp gidipdir.

Döw perizady eltip, bir gala salyp goýupdyr. Gyz görse, hatda daşary çykara gürji sygar ýaly hem deşik ýokmuşyn. Perizat döwe:

— Meniň gürjümiň meýdana çykasy gelýär — diýipdir. Döw galadan gürji sygar ýaly deşik ýasap beripdir. Gürji daşaryk çykyp:

— How, Hoja küş-küş baba, how! — diýip gygyrypdyr. Hoja küş-küş baba ýetip gelip:

— Bar tizräk ejekeňe aýt, döwden «janyň nirede?» diýip sorasyn. Döwleriň jany başga ýerde bolýarmyş. Men hem şoňa öz janymy goşjak diýip aýtsyn. Döwüň gahary gelip, bir şarpyk urar weli, ejekäň ölesi ýok — diýipdir.

Gürji baryp, bu gürrüňi ejekesine aýdypdyr. Perizat döwden:

— Janyň nirede bolýar? diýip sorapdyr. Döwüň muňa gahary gelip, perizada bir şarpyk urupdyr.

— Muny bilmegiň saňa nä geregi bar — diýende, perizat:

— Men hem janymy goşjakdym — diýýär. Döw:

— Bar onda goşsaň, pylan derýanyň düýbünde bir çüýşe bardyr, çüýşäniň içinde bir kepderi bardyr, ana, şol kepderi meniň janymdyr — diýipdir.

Muny gürjüjik eşidip, derrew Hoja küş-küşe aýdypdyr. Hoja küş-küş şol derýanyň düýbündäki çüýşäni çykaryp, içindäki kepderiniň boýnuny ýoljak-ýoljak boluberende, döw hasanaklap gelip:

— Näme hyzmat, baba? — diýen. Onda Hoja küş-küş:

— Alyp giden perizadyňy galaň bile pylan patyşanyň köşgüniň günbatar tarapyna bir sagadyň içinde eltip gelmeseň, ine, gitdiň – diýip, kepderiniň bogazyna ýapyşyberipdir. Döw şol sagadyň özünde babanyň ýumşuny bitiripdir.

Ertir patyşa daşary çyksa, günbatarda bir gün, gündogarda bir gün görüpdir. «Bu näme boldugyka?» diýip, haýran bolup durka, Hoja küş-küş baba gelip:

— Buşluk, patyşa, ogluň perizady alyp geldi — diýipdir.

Patyşa muňa begenip, kyrk gije-gündiz toý beripdir.

## PATYŞANYŇ OGLY[1]

Bir patyşanyň iki aýaly bar eken. Uly aýalyndan Kerim atly ogly bolýar. Kerim dokuz ýaşyna ýetende ejesi ölýär. Patyşanyň kiçi aýalynyň hem bir ogly bolýar.

Patyşa uly ogly Kerimi ýylky bakmaga iberýär. Aradan esli wagt geçenden soň, patyşa ogluny okatmak maksady bilen, oba alyp gaýdýar we oňa:

— Men seni okatjak. Ýylkylary, goý, çopan baksyn, sen özüňe haýsy taýy gowy görseň, alyp gel – diýýär.

Kerim ýylkylaryň arasyndan bir hor taýy alyp gelýär. Kerim molla gatnap ugraýar. Ol her gün okuwa gidende we okuwdan gelende taýynyň ýüzüni sypaýan eken.

Günlerde bir gün Kerim okuwdan gelip, taýynyň ýüzüni-gözüni sypap görse, taýy aglap dur. Kerim taýyndan:

— Nämä aglaýarsyň? – diýip soraýar.

Taý bolsa oňa:

— Seniň öweý ejeň seni öldürmek isleýär. Ol awuly çapady bişirip goýdy. Şony berseler iýmegin – diýip tabşyrýar.

Oglan öýlerine baryp, kitaplaryny goýýar-da:

— Eje, men ajykdym, maňa çörek ber?! – diýip aýdýar.

Kerimiň öweý ejesi bolsa:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 872[f]-nji bukja. Toplan: G.Esenow. Mary welaýatynyň Mary etraby. 1951-nji ýylyň Gurbansoltan aýy.

— Men çapady bişirip goýdum, şony iýäý – diýýär.

Kerim:

— Ýok, meniň çapady iýesim gelmeýär, çörek iýesim gelýär – diýýär-de, özi saçakdan çörek alyp iýýär.

Ertesi Kerim ýene-de okuwa gidýär. Okuwdan gelip taýynyň ýüzüni-gözüni sypap görse, taýy ýene aglap dur diýýär. Munuň sebäbini soranda, taý:

— Sen öweý ejeň öňki eden pyrryldagy paşmandan soň, saçak goýýan ýerinde iki-üç gulaç çukur gazdyryp onuň hem içine üç-dört sany naýza dürtüp goýdy. Çukuryň üstüni hem keçe bilen ýapypdyr – diýip, bu zatlaryň hemmesini Kerime bolşy ýaly edip aýdyp berýär. Soň ýene-de Kerime:

— Sen saçagyň ýanyna baryp özüň nan almagyn – diýip tabşyrýar.

Kerim ejeliginiň ýanyna baryp:

— Eje, men ajykdym. Maňa çörek ber? – diýip aýdýar.

Ejeligi hem:

— Özüň geç-de, saçakdan alaý? – diýýär.

Onýança Kerimiň oýnap ýörenje beýleki jigisi daşardan ylgap gelýär-de, «Menem çörek iýjek» diýip, saçaga ýapyşýar. Kerim ony saklap ýetişmeýär. Şol bada-da ejesiniň gazan çukuryna ýykylýar-da, onuň garnyndan naýza geçýär. Oglunyň gykylygyna ejesi ylgap gelip aglap, ony gujagyna alýar. Şundan soň Kerimiň öweý ejesi hasam öjügip Kerimi ýok etmegiň külkülüne düşýär. Ahyry bir kempiriň ýanyna baryp, bolan işleri aýdýar we kempirden Kerimi nähili ýol bilen ýok edip boljakdygynyň syryny soraýar. Ol öz etmişleriniň syrynyň Kerime taýdan ýetýändigine müňkürdigini hem aýdýar.

Kempir bolsa:

— Sen öýüňe bar-da, hassala-da ýatyber. Äriň seniň halýagdaýyňy sorar weli, ýatan ýeriňden: «Süňklerim owranyp barýar» diý. Şonda äriň: «Onuň dermany näme bolarka?» diýip

sorasa: «Onuň dermanyny pylan kempir biler» diýip, meni salgy ber, galanyny soň, men özüm oňararyn – diýip öwreden.

Patyşanyň aýaly kempiriň öwredişi ýaly edýär. Ol äri gelende agdarylyp bilmediksirän bolup:

— Waý, süňklerim döwlüp barýar – diýip nalaýar.

Patyşa bolsa hiç zatdan habarsyz:

— Seniň keseliňe näme derman bolarka? – diýip soraýar.

Aýaly kempiri salgy berýär. Patyşa kempiriň ýanyna adam iberip, aýalynyň keseline nämäniň derman boljakdygyny soradýar.

Şonda kempir patyşanyň aýalyna bir gara taýy öldürip, şonuň ýüregini iýdirmelidigini aýdyp goýberýär. Patyşanyň iberen adamsy gelip, kempiriň aýdan zadyny oňa aýdýar. Onda patyşa aýalyna gara taýy gözlemeli boljakdygyny aýdýar.

Onda aýaly:

— Özüňde barka, taý gözläp ýörüp nätjek. Kerimiň taýyny al-da öldür – diýýär.

Patyşa muňa närazy bolýar. Emma aýaly onuň gulagyny gazap, şol taýy öldürtmese, gününe goýmaýar. Ahyrda patyşa näme etjegini bilmän:

— Bolýar, oglum gelsin, sorap göreli. Eger razy bolsa öldüreris – diýýär.

Kerim okuwdan gelip, taýynyň ýüz-gözüni sypasa, taýy ýene aglap dur. «Suwsadymyka ýa-da ajykdymyka» diýip oýlanýar. Soň taýyndan:

— Sen nämä günde gelsem ýöne aglap dursuň, saňa näme boldy? – diýip soraýar.

Taý Kerime:

— Kakaň öldürmek üçin meni senden dilejekdir. Sen «Berjek däl» diýmegin. Haçan gelip tanapymdan tutsalar, bir kişňärin, aýagymy çüýlänlerinde bir kişňärin, bogazyma pyçak go-

ýanlarynda hem bir kişňärin, ine, şoňa çenli ýetişip gelseň bolar. Eger ýetişip gelmeseň, men ölerin – diýýär.

Kerim öýlerine barýar weli, atasy taýyny dileýär. Kerim hem taýynyň öldürilmegine razy bolýar. Şol günüň ertesi Kerim okuwa gidýär. Onuň gulagy taýynyň sesinde bolýar. Taýy bir kişňeýär welin, Kerim mollasyndan rugsat soraýar. Mollasy rugsat bermeýär. Taýy ikinji gezek kişňeýär. Kerim mollasyndan ýene-de rugsat soraýar. Mollasy rugsat bermeýär. Keriminiň gahary gelip, rugsat bererine garaşman gaýdýar we ylgawyny ýazdyrman öýlerine gelýär. Görse, taýy heniz öldürilmändir.

Şonda Kerim:

— Kaka taýymy öldürmänkäňiz, bir münüp göreýin-le. Men heniz münübem göremok – diýip, atasyna ýalbarýar. Atasy muňa razy bolýar. Soň Kerim tüpeňini, gylyjyny dakynyp, horjunyny gyzyl-puldan dolduryp, baryp taýy pugta eýerleýär, üstüne münýär. Soň ony eýläk-beýläk ýöreden kişi bolup: «Gelişýänmi?» diýip, kakasyndan soraýar. Onda Keriminiň kakasy ogluna guwanyp:

— Oglum, gaty gelişýäň, indi düşäý – diýýär. Şol wagt Kerim elindäki gamçysy bilen taýy bir çalýar weli, taý asmana göterilýär we gözden ýitýär. Kerim şeýdip ölümden halas bolup, taýjagazy bilen uzak bir ýurtda biri-birine kömek edip, hor-zar bolman, ýaşap başlaýar.

# GALANDAR SOLTAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym-gadym bir eýýamda bir garyp adam ýaşapdyr. Onuň üç sany gyzy bar eken. Olar her gün öz ýanlaryndan bolsady eker ekenler. Bir gün olaryň ulusy: «Eger men patyşanyň ogluna barsam bir put tüwi bilen ähli leşgerini doýrardym» diýýär. Ortanjy gyz: «Bir gulaç ýüpekden köşge ýetjek tor dokap bererdim» diýýär. Üçünjisi bolsa «Men oňa bir görmegeýje ogul, bir owadanja gyz dogrup bererdim» diýýär.

Muny patyşanyň ogly eşidip, ol garybyň gyzlarynyň üçüsini hem alyp, köşge eltýär. Olar köşkde ýaşaberýärler. Günlerde bir gün şazada uly gyza:

— Sen aýdan şertiňi bitir – diýýär. Ol bir put tüwä üç put duz atýar-da, palawy leşgerlere paýlaýar. Ol palaw durşuna şerebe bolansoň, onuň başy-da egsilmeýär. Ortanjy gyz hem şertini bitirýär. Ol bir gulaç ýüpüň her taryny sogrup köşge ýeter ýaly tor dokaýar. Üçünji gyza: «Şertiňi bitir» diýýärler. Ol: «Howlukman, Alla berse bitirerin» diýýär.

Günlerde bir gün şazadanyň şikara giden wagty üçünji gyzyň ekiz çagasy bolýar. Olaryň biri ogul, birem gyz eken. Oňa

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 846[f]-njy bukja. Ýazyp iberen: O.Bazarow. Lebap welaýaty. 1957-nji ýylyň Baýdak aýynyň 27-si.

doganlar göriplik edip başlaýarlar. Olar bir kişiniň ýol şaýyny tutup, şazadanyň yzyndan iberýärler. Oňa:

— Sen baryp: «Üçünji aýalyň güjük bilen pişik dogurdy» diýip aýdarsyň – diýip sargaýarlar. Bu adam gidip, sargydy şazada mälim edýär. Şazadanyň gahary gelip: «Ony çagasy bilen çöllere taşlaň, gurtlara iým, şagallara şam bolsun» diýip buýruk berýär.

Iki görip aýal dogan bu permany berjaý etmegiň ýoluny agtarýarlar. Ahyry olar bir näkesi tapyp, kiçi doganlaryny öldürdýärler, çagalary bolsa guýa taşladýarlar. Aradan birnäçe wagt geçensoň, bir täjiriň ýoly guýynyň üstünden düşýär. Ol suw çekip içjek bolsa, meşigi bir gaty zada degip, boş çykyp durmuş. Ol ýüpüň ujuny ýoldaşyna tutduryp, özi suwa girýär. Görse, guýynyň düýbünde bir sandyk ýatyr. Täjir sandygy ýüpe daňýar-da çekdirýär. Sandygy açyp görseler, onuň içinde iki sanyjak çagajyk ýatyr. Täjir olary alyp gaýdýar. Oglanjygyň adyna Galandar, gyzjagaza Galdyrgaç dakýar-da, geziberýär. Olar ulalyp, mekdebe gatnap ugraýarlar. Olaryň ikisi-de örän zehinli bolýar. Çagalaryň zehinine ilem haýran galýar. Galandaryň örän ýakymly sesi bolupdyr. Üýşmeleňde, toýda-tomaşada çagyryp, oňa goşgy okadar ekenler. Galandaryň şöhraty baryp, ýurt patyşasyna-da ýetýär. Şa ony çagyryp, goşgy okaýşyny diňleýär. Onuň sesi köşk adamlaryna-da ýaraýar. Özem ol gaty akyllyja, kiçiligine garamazdan, salyhatly bolýar. Patyşa oglana her gün diýen ýaly gelip goşgy okap bermegi buýurýar, her gelende-de oňa bir jam tylla berip goýberýär. Galandar okuwdan soň öýlerine gaýdar eken. Günlerde bir gün täjir keselleýär. Ol oglana: «Oglum, men ölsem, maňa hiç zat etmän, bir akmaýanyň gelerine garaşyp oturgyn. Akmaýa geler welin, şonuň üstünde meniň üçin taýýarlanylan kepen bardyr. Meni şoňa dolap, şol Akmaýa ýüklärsiňiz we ony öz ugruna kowarsyňyz.

Ol nirä baryp çökse, meni şol ýerde-de jaýlarsyňyz» diýip tabşyrýar.

Birnäçe günden soň ýaňky täjir ölýär. Ol ölenden soň Galandar ony aýdyşy ýaly edip jaýlaýar. Onsoň Galandar ýene-de okuwa gatnap, gaýdyşynam şa köşgünde goşgy okamagyny dowam etdiriberýär. Emma Galandar özüniň goşgy okap berýän patyşasynyň öz kakasydygyny tanamaýar. Patyşa hem ony öz ogludyr öýtmeýär. Emma Galandaryň ejesini öldüren aýallar Galandary tanap: «Bu oglan şol biziň kiçi doganymyzyň ogly bolmaly, ony guýa atan hem bolsak ölmändir. Indi bu oglan biziň syrymyzy açaýmasyn» diýip, Galandary ýok etmegiň küýüne düşüp ugraýarlar. Olar bir mekir garry kempire bir jam tylla berip:

— Garry ene, sen köp zady başyňdan geçirensiň, şu oglanyň hem bir alajyny tapyp, ýok edip ber. Ýöne muny hiç kim bilmesin – diýýärler.

Kempir tyllany alýar-da, ertesi Galandaryň ýok wagty Galdyrgajyň ýanyna baryp:

— Gyzym, doganyň gelse aýt. Men agşam düýşümde Babasaýat täjiri gördüm. Ol «Pylan dagyň gündogar tarapynda kyrk sany at bardyr. Galandar şol atlary getirmese, men o dünýe-bu dünýe ondan razy bolmaryn» diýip sargady. Şony ýadyňdan çykarman aýdaweri – diýip, gyzy ýagşy ynandyrýar. Ol hem:

— Bolýar, ene jan hökman aýdaryn – diýip galýar.

Birnäçe wagtdan soň Galandar gelýär. Galdyrgaç oňa garry kempiriň aýdanlaryny düşündirýär. Ertesi Galandar şol dagyň salgysyny alyp, ýola rowana bolýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, ahyr daga ýakynlaşýar. Şol pursat onuň öňünden bir betnyşan garry çykýar. Onuň saçlary gyzgan ýaly, kellesi tamdyr ýaly, dişleri kürek ýaly, agzy gazan ýaly, burny ojak ýaly. Onuň aýaldygyny-da, erkekdigini-de biler ýaly däl.

Ol Galandary göreninden agzyny hatap ýaly açyp, oňa topulyp, ýuwutjak bolýar. Edil şol wagt Babasaýadyň: «Eý, garry, ahmal bolma, sen öz öwladyňy ýuwudýarsyň» diýen sesi eşidilýär.

Ol saklanýar-da:

— Eý, adam, sen bu ýerlere nähili niýet bilen geldiň, kim bolarsyň? – diýip soraýar.

Onda Galandar:

— Men Babasaýadyň ogly, kyrk aty idäp geldim – diýýär.

— Şeýle diýsene. Dagyň eteginde bir ak at ýatandyr. Sen ahmalyna garap, duýdurman baryp, şoňa münersiň. Ol at özüni oda ursa-da, suwa girse-de, asmana uçsa-da düşmegin – diýýär.

Galandar onuň aýdyşy ýaly edip, şol ýatan ak aty münýär. Ol at özüni oda urýar, suwa urýar, Galandar düşmeýär, at ahyr ýola düşüp ugraýar. Galandar yzyna garap görse, 39 sany at onuň yzyna düşüp gelýär. Galandar olaryň hemmesini alyp gelýär. Ony görüp, pälini ýamana tutan iki dogan Galandaryň bolup gelşine akyllary haýran bolup hem gynanyp, ýene garry kempiriň ýanyna barýarlar. Garry kempir onuň gaýdyp gelenine ynanmajak bolýar. Şanyň aýallary oňa Galandaryň getiren atlaryny görkezýärler. Kempir olara: «Şu işi bitiren bolsa, indiki etjek pirimlerimizem kär etmez» – diýýär.

Onda patyşanyň aýallary:

— Ýok, mama jan, beýle diýmesene, näme alsaň al-da ýene bir synanyşyp gör – diýip, olar ýene iki jam tylla berýärler. Kempir tyllany alyp, ýene Galdyrgajyň ýanyna barýar:

— Gyzym, men düýşümde ýene Babasaýat täjiri gördüm. Ol: «Pylan ýerde bir bag bardyr. Onda bir Bilbilgöýä diýen guş bar. Galandara aýdyň, şol Bilbilgöýäni getirmese, men razy bolmaryn» diýip sargady – diýýär. Galdyrgaç muny-da Galandara aýdýar. Galandar biriniň içigaraçylyk etjek bolýanyny aňýar. Ol doganyna:

— Galdyrgaç jan, ol baga baryp gaýdyp gelen ýokmuş – diýip, gitmejegini aýdýar. Ynanjaň Galdyrgaç:

— Ýok, ýok, atamyzy närazy etmäli. Bolmasa men gideýin – diýip, ýol şaýyny tutup ugraýar. Galandar ony ibermäge dözmän, ýene özi gidýär. Az ýöräp, köp ýöräp, şol baga ýetýär. Derwezesini kakýar weli, iki sany peri gelip, onuň habaryny alýar. Galandar Bilbilgöýäni sorap gelendigini aýdýar. Onda ol periler:

— Eý, ýigit, beýle bolsa sen zalym periden soraşmaly bolarsyň – diýýärler. Onsoň Galandar zalym periniň ýanyna barýar. Zalym peri oňa: «Bilbilgöýäniň ýanyna barylýan ýolda guşlar saýraşyp, bägüller açylyşyp durandyr. Eger sen şolara seretseň, doňňara daş bolup galarsyň. Sen şolaryň hiç birine seretmän, geçip bilseň, Bilbilgöýäni alyp bilersiň» diýýär.

Galandar: «Bolýar» diýip gaýdýar. Ol Bilbilgöýäli bagyň howlusyna girýär weli, bilbiller saýraşyp, totular kah-kah urup, dürli owaz edip duran eken. Galandar periniň sargydyny unudyp, olara aňalyp galýar. Şol durşuna-da doňňara daşa öwrülýär.

Galdyrgaç doganynyň gelerine köp garaşýar. Emma ol geler ýerde gelmänsoň, erkek geýimine girip, onuň gözlegine çykýar. Ol sorap-idäp, Bilbilgöýäniň bolýan çarbagyny tapýar. Derweze sakçylary gyzy zalym periniň ýanyna goýberýärler. Zalym peri oňa doganynyň doňňara daş bolandygyny aýdýar. Eger baga girse, onuň hem şeýle boljakdygyny düşündirýär. Galdyrgaç zar-zar aglap: «Doganym ölen bolsa-da, men ony görmän durup bilmen, dogansyz dünýäniň maňa näme geregi bar, men ölümden gorkmaýaryn» diýip, Bilbilgöýäniň bagyna girmekçi bolýar. Ony zalym peri saklaýar-da: «Görüp gelseň rugsatdyr, ýöne ýüzüňi ýokaryk galdyrmagyn, diňe ýoluňa garagyn, ýüzüňi galdyrsaň, senem doňňara daş bolarsyň» diýip sargaýar. Galdyrgaç «Bolýar» diýip, gidiberjek bolýar weli, zalym peri:

— Dur, howlukma, sen şol ýodadan gidiberseň, Bilbilgöýäniň oturýan ýerine ýetersiň. Sen ony tut-da ganatlaryny gyryşdyryber. Şonda ol saňa: «Näme dilegiň bolsa, dile» diýer weli, sen «Doňup galan adamlary janlandyr, özüňem köşgüň bilen göçürip äkitjek» diýersiň. Ol muňa razy bolar weli, gaýdyşyňyň meni-de alyp gidersiňiz. Ýöne başyňy galdyrmagyn – diýip ýene sargaýar.

Galdyrgaç zalym periniň aýdyşy ýaly edýär-de, ýokarsyna seretmän, göni baryp, Bilbilgöýäni tutup, onuň ganatlaryny towlap ýoluşdyryberýär. Bilbilgöýä çydaman gyza ýalbarmaga başlaýar. «Näme dileseň bereýin, näme işiň bolsa bitireýin, ýöne meniň ganatymy gyrma!» diýýär. Onda Galdyrgaç: «Şu doňduran adamlaryňy ýene janlandyr, özüňem köşk-eýwanyň bilen biziň ýurda göçmeli» diýýär. Bilbilgöýä bir gysym toprak alyp, çüfläp-çüfläp, dem salyp, seçip goýberýär weli, daş bolup galan adamlar asgyryşyp-üsgürişip janlanýarlar-da, Bilbilgöýäniň köşgüne ýygnanýarlar. Galdyrgaç doganyny tanap gujaklaşýar. Bilbilgöýä aýaklaryny biri-birine urýar weli, Ak döw peýda bolýar-da: «Lepbeý, aga» diýýär. Bilbilgöýä ak döwden Galdyrgaçlaryň ýurduna näçe wagtda barjagyny soraýar.

Onda döw:

— Bir günde bararyn – diýip jogap berýär. Bilbilgöýä:

— Bizi köşgi-eýwanymyz bilen göterip alyp git – diýýär.

Olar zalym perini-de alyp, köşge girýärler. Döw köşgi durşy bilen arkasyna alýar-da, asmana galyp, niredesiň Galdyrgaçlaryň ýurdy diýip ugraýar. Olar ýagşy garaňky düşensoň, Babasaýadyň külbesiniň gapdalyna baryp düşýärler.

Ol obanyň adamlary ertir turup görseler, iki tarapdan hem gün dogan ýaly bolup durmuş. Olar geň galyşyp:

— Bu näboluş. Hemişe beýle zady görmeýärdik-le, iki tarapdan hem gün dogaýypdyr öýdýän – diýişýärler. Soňra ýygnanyşyp, ünsli seredip görseler, olaryň biri gün däl-de ýalpyl-

dap duran köşk eken. Gün doganda şol köşge şöhlesi düşüp, ýalkym salyp duran eken. Adamlar topar-topar bolşup, täze köşgi görmäge barýarlar.

Görseler, tylla köşk töwerege şöhle saçyp dur. Adamlar Galdyrgajyň Galandary getirenini bilip begenýärler-de, gyza alkyş baryny aýdyp, patyşa habarçy ugradýarlar. Ol habarçylaryň habaryny patyşanyň iki aýaly alýar-da ýene şol garry kempiriň ýanyna etek alty, ýeň ýedi bolup ylgaýarlar. Olar: «Ene jan, Galandar soltan ýene giden ýerinden gelipdir. Özem Bilbilgöýänem, onuň köşgünem alyp gelipdir. Sen oňa ýene bir bitirmez ýaly kyn ýumuş tapyp ber» diýýärler.

Onda ol kempir:

— Ol indi biziň hilelerimize başartmaz – diýýär.

— Seniň başarmajak zadyň bolmaz, ene, gaýrat et-de ony gitse gelmeze iber. Diliň gepläni özüňki – diýşip, ýene oňa ýalbarýarlar. Emma bu gezek garry kempir ol ýumşy boýnuna almaýar. Onsoň aýallar kempire öz içlerinden sögünişip, bialaç bolup gaýdýarlar.

Galandar özüniň sag-salamat gelenine uly toý berýär. Şonda Bilbilgöýe toýa patyşany hem çagyrmagy tabşyrýar. Onda Galandar:

— Patyşa biziň toýumyza gelermikä? – diýýär. Onda Bilbilgöýe:

— Seňki çagyrmak, gelmese görüberýäris – diýýär. Onsoň Galandar patyşa çakylykçy ýollaýar.

Toý çakylygyna patyşa wezir-wekillerinem alyp gelýär. Bilbilgöýä Galandary ýanyna çagyryp:

— Sen adamlaryň atlaryna iým bereniňde, patyşanyň atynyň torbasyna daşdan başga zat salmagyn – diýip sargaýar.

Galandar Bilbilgöýäniň aýdanyny şol wagt geň görse-de, sebäbini sorap durmaga wagty bolmandan soň, aýdyşy ýaly ed-

ýär. Içinden welin: «At janawerde näme ýazyk barka?» diýip pikir edýär.

Myhmanlar gaýtjak bolanlarynda atlarynyň ýanyna barýarlar welin, patyşanyň aty namys edip gözünden ýaş döküp duranmyş. Onuň torbasyny aýran patyşa, içindäki daşy görüp, aşa gaharlanýar we:

— Galandar, bu näme etdigiň, atam bir daş iýermi? – diýýär. Onda Bilbilgöýä oturan ýerinden:

— Eý, merhemetli patyşamyz! Aýallar pişik, güjük dogranda at daş iýmezmi? – diýýär. Onda Galandaryň eden işine namys edip duran patyşa:

— Men siziň bu oýnuňyza düşünmedim. Näme aýtjak bolsaňyz düşnükliräk edip aýdyň – diýýär.

— Düşünmeseň, gatyrganma-da gulak as – diýip, Bilbilgöýä patyşanyň jeza çeken aýaly, çagalaryň başyna düşen işler hakynda birin-birin gürrüň berýär.

Patyşa dergazap bolup aýallaryny çagyrýar. Aýallar gorkusyna titreşip, eden işlerini boýunlaryna alýarlar.

Patyşa şol wagtyň özünde: «Päliýaman aýallary ata süýretmeli» diýip buýruk berýär. Hilegär kempiri bolsa, ilem näletlesin diýip, obanyň ortarasynda agaja saradyp goýdurýar.

Şondan soň patyşa täzeden toýa başlap, raýatlarynyň razylygy bilen Galandary öz ornuna geçirýär.

Galandar patyşa bolan döwründe bolçulyk bolup, açlaryň garny doýýar, ýalaňaçlar eşikli bolýar. Halk adyl şanyň saýasynda ýaýnap ýaşaýar.

## KERWENBAŞY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir kerwenbaşy bar eken. Onuň käri hemişe kerwenbaşylyk etmek eken. Ol obanyň azykçy-suwlukçy kerwenlerine ýolbaşçylyk edip, her ýurtlara gidip, azyklap geler eken. Emma bu kerwenbaşy örän garrapdyr. Şonuň üçin indi öňküsi ýaly, her ýylda, islän wagty gidip-gelip bilmeýär eken.

Günlerde bir gün oba adamlarynyň birnäçesi azyk üçin, bir ýurda gidermen bolýarlar. Olar ýaňky kerwenbaşynyň ýanyna gelip:

— Hany, pylan aga, sen bize ýolbeletlik edip ber – diýýärler.

Kerwenbaşy diňe bir ýolbelet däl, eýsem ol köp ýurtlara, olaryň dürli taraplaryna belet bolupdyr. Onuň her ýerde, her ýurtda tanşy, dosty-ýary bardy, haýsy ýerde haýsy zadyň nyrhynyň arzandygyna, haýsy zadyň gymmatdygyna – baryna beletdi.

Kerwenbaşy:

— A-how, adamlar, men indi gaty garrapdyryn, sandan galypdyryn, şonuň üçinem, gaýrat edip, mensiz oňjak boluň – diýýär.

Adamlar:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951$^f$-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow. 1960.

— Aý, pylan aga, seniň ornuňy tutjak bolmaz, bolmasa iniňiz gitsin – diýýärler.

Kerwenbaşy:

— Bolýar, onda, siz inimi alyp ýöräberiň, ynha, men onuň eline bir hat ýazyp bererin welin, şol şäherdäki tanyşlarym size mazaly kömek bererler – diýýär.

Şunluk bilen her kim ýerli-ýerden şaýyny tutup, ugramakçy bolýarlar. Kerwenbaşy bolsa olaryň barjak ýerlerindäki şäherlerde bolan tanyş ýerlerine, tanyş adamlaryna: «Şulara gowy kömek edip, işlerini bitirip goýberewериň» diýip hat ýazýar-da, bulary ugradýar.

Kerwenbaşynyň inisi ýorgany eýerläp münýär. Oňa kerwenbaşynyň ogly:

— Maňa-da bir sowgat getirip ber – diýip sargyt edýär.

Şunluk bilen bulary obanyň adamlary we kerwenbaşy ýola çykaryp, hoşlaşyp:

— Baryň, işiňizi Hudaý oňarsyn, sag-aman baryp, sag-aman geliň! – diýip ýola salýarlar.

Kerwen ýola düşýär. Bular ýeriň pesi bilen, Jahanbike ejäniň garaja çatmasynyň üsti bilen barha-bar, ýörhä-ýör, sürhä-sür bolşup, ahyry barjak şäherlerine baryp ýetýärler. Bular birnäçe gün bu şäherde gezip, bazarlap, gerek-ýaraklaryny alyp bolanlaryndan soň, ýene yzlaryna ugramakçy boldular. Kerwenler şäherden öňli-yzly bolup, çykyp ugradylar. Bir menzil ýol ýöränlerinden soňra, ýaňky kerwenbaşynyň inisi:

— Bo-how! Men agamyň ogluna sowgat almagy unudypdyryn, zad-a kän aldyk weli, bolsa-da şonuň özüne at tutup alan zadym ýok, bolmasa siz gidiberiň, men yzyma dolanyp, bir zat alyp geleýin, siziň indiki düşlejek ýeriňizde yzyňyzdan ýeterin! – diýip, yzyna gyp basaýypdyr.

Birki sagatda şähere gelip, «Nämedir bir ýakymly zat ýokmuka» diýip, aýlanyp ýörkä, ynha, biri bir kiçijik guş satyp ýör eken.

Kerwenbaşynyň inisi:

— Bu näme? Munuň bahasy näçe? – diýip soraýar welin, guşuň eýesi:

— Bujagaz guşuň bahasynyň boljak ýeri ýüz tylla, bir teňňesi hem kem bolsa, boljak däl – diýýär.

Kerwenbaşynyň inisi:

— Aý, agam, hiý, bir guşuň bahasy-da ýüz tylla bolarmy? Bu nähili guş, beýle gymmat bahalar ýaly? – diýýär.

Guş satýan:

— Aý, agam, muňa totyguş diýerler, örän akylly guşdur, onuň gadyryny bilen adama, bu guş her zada deger. Bu guş ulalansoň, edil adam ýaly gepläp, akyl we nesihatlar berer, bu örän döwletli guşdur. Eger gurbuň ýetse alaý, ynha, soň meniň gepimiň çynlygyny bilersiň – diýýär.

Kerwenbaşynyň inisi, ýüz tyllany berip, ýaňky toty jüýjesini alyp gaýtdy-da, ýörhä-ýör, sürhä-sür edip, ikinji menzilde kerweniň yzyndan ýetdi. Şunluk bilen kerwenler az ýöräp, köp ýöräp, ýol kesip, çöl kesip, ahyry özleriniň şäherlerine golaý geldiler weli, ynha, bularyň öňünden ýaňky kerwenbaşynyň ogly çykaýdy. Oglan atasy garry kerwenbaşydan öýkeläp gaýdan eken. Ol özüniň öýkeliligini agasyna gürrüň edip berdi.

Kerwenbaşynyň inisi oňa:

— Bu bolşuň ýagşy däl, ataň bolsa bir garry adam, heý, ondanam bir öýkelärlermi! Ýör, yzyňa gaýdaly – diýip, kän töwella edip ýalbarsa-da, peýdasy degmedi.

Kerwenbaşynyň ogly:

— Eý, agam, indi men çykypdyryn-çykypdyryn, yzyma gaýtman, onuň üçin töwella hem etme! – diýdi.

Ondan soňra ýaşuly, ýaşkiçi hemmesi bu oglana hernäçe töwella etseler-de, peýdasy bolmady.

Kerwenbaşynyň inisi:

— Onda men seni ýeke goýberip, nä ýüzüm bilen agamyň ýanyna bararyn? Iň gowusy menem seniň bilen bile gideýin! – diýdi-de, ýoldaşlaryndan rugsat aldy.

Kerwenler oba golaý gelensoňlar oňa rugsat berdiler. Bular guşlaryny hem ýanlaryna alyp, ýorga artlaşdylar-da gidiberdiler, ýol aşyp, düz aşyp, çöl kesip, dag kesip, ahyry bir şähere ýetip, bir kerwensaraýa düşüp, bu saraýda mekan tutdular.

Kerwenler bolsa oba golaý geldiler weli, häki kerwenbaşy obadaşlary bilen bularyň öňünden çykyp görse, inisi ýok. Kerwenbaşynyň ýüregine başga pikir gelip:

— Hany, pylany? – diýip, inisini sorady.

Kerwendäkiler:

— Ýolda gelýärkäk, pylan ýerde öňümizden siziň ogluňyz çykdy. Ol: «Men atamdan öýkeläp barýan» diýdi. Siziň iniňiz we ähli kerwen bolup töwella edip ýalbardyk weli, gulak salmady. Onda iniňiz: «Men muny ýeke goýberip agamyň ýanyna baryp bilmen, bile gitsem, bir gün yrmasam, bir gün yraryn» diýen pikiri göwnüne getirip, ogluňyz bilen bile gitdi – diýip, bolşy ýaly edip, kerwenbaşa aýtdylar.

Kerwenbaşy bu ýagdaýa birneme gynansa-da:

— Aý, olar bu gün gelmese, erte geler-dä, hop, sag-aman gelipsiňiz, şol ýeri bolýar – diýip aýtdy.

Her kim öýli-öýüne baryp düşdi.

Indi habary kimden al, kerwenbaşynyň ogly bilen inisinden al. Olar ellerindäki bar zatlaryny satyp gutardylar, ýorgalaryny hem satyp iýdiler.

Agasy:

— Ahow, inim, indi gel, ikimizem gaýdaly, ýogsam bolmasa, biz bu ýat ýurtda masgara bolarys – diýip töwella etdi. Og-

lan agasynyň diýenini etmedi. Şol barmana bular zatlaryny gutaryp, «Indi näderkäk» diýip otyrkalar, birden gulaklaryna «Eý, pylany, ynha pylan patyşanyň bir süri sygry bar, baryp, şony baksaňyz, her aýda pylança berýämiş» diýen owaz geldi. Bu ses nirden gelýärkä diýşip, töweregine seretseler, asyl bu sözleri olaryň guşy aýdýar eken.

Kerwenbaşynyň inisi derrew baryp, patyşanyň sygryny bakmaçy bolup gepleşdi-de, birnäçe günlük harjylyk pul alyp gelip, oglana berdi, özi sygyr bakmaga gitdi. Şunluk bilen aradan birnäçe gün geçdi welin, oglan bu pullary hem sowup gutardy. «Indi näme iş ederkäm» diýip otyrka, ýaňky guş şeýle diýipdir:

— Eý, oglan, ynha şu ýurduň patyşasynyň bir gyzy barmyş, eneden dogma geplemeýärmiş. Onsoň patyşa: «Kim şony gepledip bilse, gyzymy şol gepleden adama berjek» diýip, jar çekdiripdir. Ine, sen şol patyşanyň gyzynyň gapysyna barsaň, onuň işigi märekeden hümmerdir. Her ýurtdan her hili şazadalar gelip, ony gepletjek bolup, gepledip bilmän durandyrlar. Nobat ýetmän oturanlar hem bardyr. Emma sen baryp, göni jaýyň içine gir, gyz tagtyň üstünde gözüni süzüp ýatandyr, ýanynda bolsa hyzmatkär gyzlar bardyr. Sen meni hem ýanyň bilen alyp git-de, jaýa gireňsoň, meni bir tekjede oturt-da, özüň derrew ynha şu ertekini aýtmaga başla:

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda üç sany dost bar eken, bularyň biri agaç ussasy, biri tikinçi, biri hem molla ekeni. Günlerde bir gün bular maslahat edişip, bir ýurda eklenç diýip ugraýarlar-da, ýolda gün ýaşan ýerinde, meýdanda ýatmakçy bolýarlar. Emma bu bir howply ýer bolansoň bular maslahat edip, gijäni üç bölüp, her böleginde biri garawulçylyk çekmeli bolan. Birinji nobatda agaç ussasy garawul bolan, beýlekileri uka giden. Garawulçylykda oturan agaç ussasynyň bikär oturmaga karary ýetmän, töweregindäki agaçlary ýonuşdyr-

maga başlan. Agaçdan bir adamyň suratyny ýasan welin, ol suratyň adamdan üýtgeşik ýeri bolmandyr. Agaç ussasy şu iş bilen dyrmanyp, gijäniň üçden bir essesini geçiripdir. Soň ikinji nobatçy bolan geýim tikýän ýoldaşyny turzup, özi ýerine geçip, rahat uka gidipdir. Ýaňky tikinçi bir görse, ynha, gapdalynda bir adam dur, ýuwaş-ýuwaşdan golaýlap seretse, ynha, bir agaçdan edilen adamyň heýkeli. Onuň adamdan üýtgeşik ýeri ýok, diňe ýalaňaç eken. Tikinçi munuň agaç ussasynyň görkezen hünäridigini bilip, derrew muňa saç, geýim we başga zatlar edip, kemsiz bezäp goýdy. Bu surat misilsiz owadan bir gyza meňzedi. Oňa deňiç hem gijäniň üçden iki essesi geçdi weli, geýimçi derrew «Tur, nobatyň geldi» diýip, mollany turzup, özi ýerine geçip, rahat uka gitdi. Molla turup, töwerek daşyna seretse, ynha, bir gara dur, «bu nämekä?» diýip, ýakynyna baryp görse, ynha bir owadan gyzyň heýkeli, bir kemsiz zat, emma jany ýok. Bu işiň öz ýoldaşlarynyň görkezen hünäridigini aňlap, molla derrew täret kylyp, namaz okap: «Ýa Hudaýym, şuňa jan ber!» diýip, dileg etmäge oturdy. Onuň dogasy kabul bolup, bu agaja jan girip, heýkel aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi bar, güler ýüzli, inçe billi, badam gabak, ýuka dodak, pisse dahan, mürçe miýan bir owadan gyz boldy welin, görmäge göz gerek. Ertir turup, bu üç dost bu gyzyň üstünde dawagär bolupdyrlar.

Ine, sen şu ertekini aýdyp bolanyňdan soň şa gyzyndan: «Hany aýt şol gyz şu üçüsiniň haýsy birininki bolmaly? diýip sorarsyň weli, patyşanyň gyzy jogap bermänkä, men tekjede oturan ýerimden: «Ol gyz agaç ussasynyňky bolar» diýip jogap bererin, emma sen «Tikinçiniňki bolar» diýip aýtgyn. Şunluk bilen ikimiziň aramyzda jedel başlanar weli, gyz hem şol wagt ýöne ýatyp bilmez. Bir zat diýmeli bolar, gepläýse hem biziň bagtymyz geldigi. Şeýdip, totyguş oglana berk tabşyrdy.

Oglan totusyndan bu sözleri eşidip, derrew totusyny alyp, patyşanyň gyzynyň köşgüne baka ugrady. Baryp görse, guşuň aýdyşy ýaly, gyzyň gapysy ýigitlerden hümer. Nobatyna garaşyp otyrlar. Her kim patyşanyň gyzyny gepletmekçi. Ahyr kerwenbaşynyň hem ogluna nobat ýetdi. Kerwenbaşynyň ogly derrew gyzyň jaýyna girdi. Görse, gyz tagtyň üstünde gözüni süzüp ýatyr. Gyz şeýle bir owadan welin, ony görmäge göz gerek diýýär. Oglan totyguşyny bir tekjede goýup, onuň öwreden hekaýasyny başdan-aýak, ýeke-ýeke edip aýdyp berýär. Soňra bolsa:

— Hawa, ýaňky agaçdan ýasalyp, jan giren gyzyň üstünde üç dost dawagär bolanmyş, hany seniňçe şol gyz üç dostuň haýsy biriniňki bolmaly? – diýip gyzdan soraýar.

Gyz heniz jogap bermänkä, toty:

— Pahaý, görnüp durmanmy näme? Elbetde, ol gyz ýasanyňky bolar-da – diýýär.

Oglan:

— Ýok, ol beýle däl, oňa geýim-gejim edip, bezäp, zähmet çeken tikinçiniňki bolar! – diýen weli, ýaňky geplemän ýatan şa gyzy:

— Ýok, ol gyzy zähmet çekip, jana getiren molla, şoňa görä-de ol mollanyňky bolar – diýip, tirsegine galan.

Kerwenbaşynyň ogly:

— Weý, weý, näjüre mollanyňky bolar? – diýýär.

Onda gyz:

— Molla uzyn gije ýatman, doga edipdir, onuň dilegi kabul bolupdyr Hudaýtagalla oňa jan beripdir, eger-de jany bolmasa, ol ýatan heýkelden ne peýda, onuň ýaly heýkeli her ussa ýasar – diýýär.

Gyzyň kenizleri ýagşy gulak salyp, onuň geplänini ýeke-ýeke eşitdiler. Patyşa ozal kenizlere: «Kim meniň gyzymy gepletse, şony buşlana pylança zat bererin» diýip aýdypdy. Gyz

gepledi weli, ýaňky kenizler bir-birinden öňürtjek bolup, ýykan-da-sürän bolşup, ylgap baryp, patyşa habar berdiler. Patyşa bu gyzlaryň her haýsyna halat berip, gepleden oglana hem bir halat iberip:

— Siz ol oglana ýagşy hyzmat ediň hem-de ýagşy tanaň! – diýip tabşyrdy.

Gyzyň kenizleri derrew yzyna dolanyp gelip, patyşanyň iberen haladyny kerwenbaşynyň ogluna geýdirdiler. Kerwenbaşynyň ogly guşuny alyp, öýüne gaýtdy. Gyzy gepletjek bolup, nobata duranlar keýpsiz yzlaryna dolandylar.

Kerwenbaşynyň ogly öýüne bardy weli, ýaňky guş:

— Ýeri, oglan, indi ertir baraňda-da ony gepletmek gerekdir. Ertir şu aşakdaky ertekini gürrüň edip ber – diýip, ýene ertekisine başlady:

Bir bar eken, bir ýok eken, öň bir zamanda bir uly söwdagär bar eken, onuň üç sany ogly bar eken. Bir günden bir gün bu söwdagär gaty owadan gyzly bir maşgala bilen guda bolupdyr. Şol gyzy iň kiçi söwer ogluna alyp beräýse onda, özge ogullary närazy boljak. Şoňa görä söwdagär oglanlaryna: «Men siziň her haýsyňyza söwda maly, pylança ýüz tümen pul bereýin, her haýsyňyz bir ýurda söwda gidiň, haýsyňyz iş bitirip gelseňiz, gyzy şoňa alyp berjek» diýip, bularyň ellerine pul berip ugradypdyr. Oglanlar atasynyň maslahatyny makul bilip, üçüsi hem ýola düşüp ugrady. Olar gidip barýarkalar, barýan ýollary üç aýryldy. Bular ýol aýyrdyna ýetdiler-de, bu ýerde bir dynç alyp, her haýsy bir ýola gitmegiň maslahatyny etdiler. Şunluk bilen biri-birleri bilen hoşlaşyp, her haýsy bir ýol bilen gitdi.

Iki uly doganyň her haýsysy bir şähere baryp, biri bir täleýçä şägirt bolup, palçy-täleýçiligi öwrendi. Ýanyndaky pullary hem zat goýman sowdy. Ýene biri bolsa ähli puluny bir jama berdi-de, jam aldy. Ol jamyň häsiýeti şeýle: her kim şol jamdan suw içse, her neneň agyr syrkaw bolsa-da gutulýarmyş.

Kiçisi agalaryndan aýrylandan soň, az ýöräp, köp ýöräp, ahyry bir daglyga ýetip, bir dere bilen gidip barýarka, urşup duran üç sany döwüň üstünden geldi. Döwler muny görüp uruşmasyny goýup: «Ynha, indi biziň dawamyzy adamzat açsyn, biz oňa bolşy ýaly gürrüň edip bereli» diýşip gürrüňe başladylar:

— Eý, adam, biz halyça tapdyk. Onuň häsiýeti, kim şoňa münüp:

«Meni pylan şähere ýetir diýse», göz ýumup-açýança islän ýerine ýetirýär. Ine, biz indi şuny paýlaşyp bilmän, urşup durus, hany sen biziň dawamyzy çöz! – diýdiler.

Bu oglan:

— Aý, men munuň ýaly dawany açyp bilmen, ýöne öz araňyzda oňşuk etjek boluň – diýdi.

Döwler:

— Ýok, ýok, sen näme diýseň, biz seniň diýeniňde duraly – diýşip, Süleýman pygamberden ant içdiler.

Bu oglan derrew üç sany ýaý okuny ýasady-da:

— Ynha, men şu oklaryň her haýsyny bir ýana ataryn weli, atyp bolanymdan soňra, üçüňizem ylgap gidiň-de, şu oklary getiriň, kim öň gelse, haly şonuňky bolsun! – diýip aýtdy weli, oglanyň aýdan sözi döwlere makul geldi.

Oglan olaryň her haýsyny bir ýana atdy, oklar örän daş gitdi.

— Hany, indi baryň, ylgaň! – diýip aýtdy weli, döwler hasyrdaşyp, ylgaşyp okuň yzyndan gitdiler.

Oglan halynyň üstüne münüp: «Eý, haly, meni uly agam haýsy şäherde bolsa, şonuň ýanyna ýetir» diýdi. Haly göz ýumup açýança muny bir şähere getirdi. Döwleriň üçüsi-de üç ýerden ylgaşyp geldiler. Görseler, ne adam bar, ne halyça. Olar aldananlaryny bilip, gynanyşyp, uruşsyz-jenjelsiz hersi öz ugruna gitdiler.

Oglan bolsa şähere girip, gözläp-gözläp, ahyry uly agasyny tapdy weli, bu-da bir jam alan eken. Ikisi bir-biri bilen görşüp, bir-biriniň halyny soraşdylar. Agasy jamynyň häsiýetini aýtdy. Şunluk bilen bular aga-ini ikisi derrew hala münüp:

— Eý, haly, bizi ortanjy doganymyz haýsy şäherde bolsa, şoňa ýetir! – diýdiler weli, haly göz ýumup-açýançalar şol şähere düşürdi.

Bular şäheri gezip, ahyrda ortanjy doganlarynyň üstünden bardylar, onuň bilen hal-ahwal soraşdylar. Ortanjy dogany hem:

— Men täleýçilik öwrendim – diýdi.

Onda doganlary:

— Hany, onda bilip ber, atamyz gurgunmyka? – diýdiler.

Ortanjy pal atdy-da:

— Wah, atamyz-a edil eňek atyp ýatyr, biz barýançak öljek – diýdi.

Doganlar derrew turup, ýaňky halynyň üstüne münüp:

— Eý, haly, bizi atamyzyň ýanyna ýetir! – diýdiler weli, halyça göz ýumup açar salymda bulary atalarynyň ýanyna getirdi.

Doganlar ýaňky jamy dolduryp, atalaryna suw berdiler weli, atalary, ynha, bir sagat adam boldy. Emma oglanlar gyzyň üstünde dawagär boldular. Biri aýdýar:

— Eger-de men bilmedik bolsam, siz atamyň syrkawlygyny bilmeýärdiňiz.

Onda beýleki dogany aýdýar:

— Eger-de meniň halyçam bolmasa, bilseňizem gelip ýetişmeýärdiňiz.

Onda ulusy aýdýar:

— Eger gelsegem, meniň jamym bolmasa, atamyz ölüp, biz onuň soňuna galardyk.

Ine, şuny gürrüň berip, ýene-de:

— Ýeri, indi şol gyz şularyň haýsyna degişli bolar? – diýip sora, oňa deňiç men gyzdan öň: «Ol gyz bilgije degişli» diýip aýdaryn weli, sen: «Ol gyz ulusyna degişli, jamy bilen atasyny ölümden gutardy» diýip aýtgyn, hany göreli, onda gyz näme diýýärkä? – diýdi.

Şunluk bilen, ikinji güni kerwenbaşynyň ogly ýene-de gyzyň ýanyna bardy weli, beýlekiler:

— Aý, ynha, gyzy gepleden düýnki ýigit ýene geldi – diýşip, oňa ýol berdiler.

Oglan içeri girip oturdy-da, ertekä başlady:

— Gadym zamanda bir söwdagär bar eken, onuň üç ogly bar eken. Bu söwdagär bir gowy gyzyň atasy bilen guda bolupdyr-da, gyzy haýsy ogluna alyp berjegini bilmän, bulary söwda iberip: «Haýsysy iş bitirip gelse, gyzy şoňa alyp bereýin» diýen pikire gelipdir – diýip, başdan jamyň, halyçanyň, palçynyň gürrüňini birme-bir hekaýat edip aýdyp berdi. Olaryň dawagär bolanlygyny hem aýdyp:

— Indi söwdagär şol gyzy haýsy ogluna alyp bermeli bolýar? –diýdi.

Oňa deňiç guş:

— Päheý, görnüp duran zat, ol gyz şol bilgiç oglunyňky bolmaly, eger-de şol bilmedik bolsa, bular ol gün gaýtman, atalarynyň soňuna galardylar! – diýdi.

Kerwenbaşynyň ogly:

— Ýok, ol gyz şol jam tapanyňky bolmaly, sebäbi ol atasynyň janyna ýetişdi, ýogsam ölýärdi – diýdi.

Bular şu dawanyň üstünde jedelleşip durka, ýaňky gyz tirsegine söýenip:

— Aý, akmaklar, ol gyz, halyça tapan barka, başga hiç kime ýetmez – diýdi.

Kerwenbaşynyň ogly:

— Ýeri, nähili bolup gyz oňa ýeter? – diýip sorady.

Patyşanyň gyzy:

— Birinjiden, sen ol söwdagäriň oglunyň döwlerden halyny nähili emel bilen alşyna bir syn et, eger-de beýlekileriň biri bolsa, ony döwler iýip goýbererdi. Ikinjiden, ol alyp giden pulundan bir köpük harç etmän, hemmesini dolap getirdi. Üçünjiden bolsa eger-de şonuň halyçasy bolmasa, bular dolanyp ýurduna wagtynda gelip hem bilmeýärdiler. Atasyny hem ölümden gutaryp bilmeýärdiler. Oňa görä-de gyz iň kiçi oglunyňky bolmaly – diýdi.

Ýaňky kenizler ýene-de ylgaşyp baryp:

— Aý, patyşamyz, ynha, şeýle-şeýle, gyzyňyzy ýene şol oglan gepletdi – diýip, gepleşen geplerini, oglanyň aýdan ertekilerini aýdyp berdiler.

Patyşa bu oglanyň akylyna haýran galdy, gaty begenip kenizlere halat salyp, kän zat berdi, kerwenbaşynyň ogluna halat we köp engam berdi. Şunluk bilen, ol gün üýşmek dagady, kerwenbaşynyň ogly bolsa totusy bilen ýene-de öz jaýyna geldi.

Märekäniň arasynda bolsa «Patyşanyň gyzyny, ynha, şu oglan aljak» diýip, uly gowur bolup ugrady.

Patyşa bolsa:

— Men gyzymy pylan ýerden gelen pylan kerwenbaşynyň ogluna berjek – diýip, gije-gündiz jar çekdirdi.

Patyşanyň jaryny eşidip: «Bu nähili gep boldy» diýip, kerwenbaşynyň inisi hem gelip, habar aldy weli, kerwenbaşynyň ogly totynyň bitiren işlerini birin-birin aýtdy. Agasy bu habarlary eşidip, gaty begendi. Bular: «Patyşadan haçan habar gelerkä» diýşip otyrkalar, birden-de patyşanyň ýasawullary gelip, kerwenbaşynyň ogluna gowy geýimler getirip geýdirdiler. Özüne-de ýörite bir at getirip berip, aga-ini ikisini patyşanyň köşgüne alyp bardylar. Ýedi gije-gündiz toý edip, şa gyzyny kerwenbaşynyň ogluna nikalap berdiler.

Ýaňky gyz bu patyşanyň ýekeje perzendi ekeni. Patyşanyň bolsa ýaşy örän ýokary eken, oňa görä-de birnäçe wagtdan soňra, patyşa raýaty bilen geňeşip, özüniň patyşalyk tagtyna giýewsini çykaryp, gutlag edip, ýene-de birnäçe gün toý berdi. Bu toýa hälki kerwenbaşyny hem alyp geldiler. Dostlar şat, duşmanlar mat boldular.

## ŞA GYZY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym-gadym zamanda özüni bütin raýatyna kemsiz aldyran örän akylly patyşa bar eken. Munuň şeýle adyl bolmagy bilen ol patyşanyň ýurdunda daýhanyň eken ekini edil bolsady ekilen ýaly hasyl berer eken. Onuň üçin hem ilaty agzybirlikde, baý ýaşaýan eken.

Ol ýurtda birek-birege bahylçylyk, göripçilik, ogurlyk diýen ýaly zatlar düýbünden ýok eken. Mätäçler bar bolsa goldanýan eken. Hatda söwdagärler öz söwda dükanlaryny gijelerine gulplaman, açyklygyna galdyryp gidiberýän ekenler. Hiç kim hiç zat ellemez eken. Bu ýurduň patyşasynyň bar perzendi ýekeje gyzy eken. Ol gyz gaty owadan hem örän akylly eken. Begde-handa bu gyza öýlenmek isleýänleriň gatnawyndan şanyň özi-de bizar bolýar. Şa gyzy welin ýekeje ýigide göwnüni bölýär. Ýigit hem oňa aşyk bolsa-da olaryň ikisi-de syrlaryny biri-birine duýdurabilmän içinde saklaýarlar. Şonluk bilen hem bular wagty bilen maksatlaryna ýetip bilmeýärler.

Günlerde bir gün şa köşgüniň derwezesinde bir ullakan až
darha peýda bolýar. Ol ýasawullardan patyşany çagyrmagy talap edýär. Eger çagyrmasaňyz, «Baryňyzy gyraryn» diýip, aždarha haýbat atýar.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 852[f]-nji bukja. Aýdan: A.Hojaýew. Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mäne – Çäçe obasy. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1948-nji ýylyň Bitaraplyk aýy.

Ýasawullar gorkularyna derrew ýurduň patyşasyny çagyryp getirýärler. Aždarha patyşanyň ýüzüne garap:

— Razylyk bilen maňa iýmek üçin her gün bir adam berseň, öz abraýyň. Bu ýagdaýda ilatyň basym tükenmez. Bolmasa hem her gün öňümden çykanjany ýuwdaryn. Maslahatlaşmagyňyza hem üç gün möhlet berýärin. Şol üç günden soň, jogabyny almaga gelerin. Buýtar-suýtar etseňiz, özüňize gowy bolmaz, onam öňünden aýdaýyn – diýýär-de, gelen yzy bilen gidiberýär. Aždarhadan beýle söz eşiden patyşa hem onuň wezirleri öz aralarynda maslahatlaşyp, derrew ilatyň özüne göwni ýetýänleriniň hemmesini çagyrýarlar. Olary kemsiz naharlap, yzyndanam aždarhanyň aýdanlaryny jikme-jik gürrüň berip, soňky etmeli zady olardan soraýarlar.

Bu ýere üýşen adamlaryň hemmesi bir agyzdan: «Beýle päli azan aždarhanyň özüni ýok etmeli, ony ýok etmäge edermen ogullarymyz az däl. Edermen, özüne göwni ýetýän ýigitler ýeke birimiziň obamyzda bolman, hemmämiziň obamyzda-da bardyr. Onuň üçin hem bu ýerden gaýdyp, olary gözläp tapmaly we ýagdaýy bolşy-bolşy ýaly düşündirmeli. Onuň netijesini hem ertiriň özünde size mälim ederis» diýip gidýärler.

Bu gelnen netijäni patyşa we wezirler hem makul bilýärler.

Şeýle maslahat bilen adamlar obaly obasyna dagaýarlar. Her kim öz obasyna baryp, ýaşuly-ýaşkiçini ýygnap, aždarha bilen bagly aýdylan gürrüňleri we gelnen netijeleri jikme-jik gürrüň berýärler.

Şeýlelikde, her obadan aždarha bilen darkaş gurmaga döwtalap ýigitler tapylýar. Daň atandan ýaşulular ýigitleri alyp, ýola düşýärler. Ýurduň şasy ýigitleriň her biriniň eline almazdan gylyç berip, olaryň aždarha köpçülik bolup hüjüm etmeklerini sargaýar, ýogsam eýgertmejekdigini aýdýar.

Şadan rugsat alyp, ýigitler aždarhanyň üstüne ugraýarlar.

Aždarha çişip, başyny dik tutup, hiç bir zatdan eýmenmän, göni ýigitleriň üstüne ugraýar. Aždarha üstüne abanandan öňem sandyraşyp duran ýigitleriň imany başyndan uçýar. Emma masgara bolmajak bolşup, daşrakda durup, «Degene gözüm menden däl» edip, gylyçlaryny aýlap başlaýarlar. Gylyçlar aždarha ýetmän bärden gaýdandan soň, olaryň hiç biri aždarha kär etmeýär.

Aždarha bir sapar guýrugyny aýlanda, olaryň hemmesini allaowarra zyňyp goýberýär we olar esli wagt huşsuz ýatyp, soň turup, gös-göni patyşanyň ýanyna gelýärler. Gelmek bilende:

— Oňa şu almaz gylyç hem kär edenok. Ony ýarag bilen alyp bolmaz, hile bilen bir zat ediläýmese – diýýärler.

— Şeýle diýjekdigiňizi gitmäkäňizem bilýärdim welin, özüňiz gitmäge döwtalap bolduňyz – diýip, şa oýa batýar.

Şa şol güniň ertesi raýatlaryny çagyryp, olara sala salýar.

— Aždarha ýok edilmese, diri adam galmaz. Ol bir ýuwdarha. Onuň garşysyna giden oglanlaryň hem oňa edebilen zatlary bolmady. Nätmegi maslahat bilseňiz, şoňa görä hem bolmaly bolarys – diýýär-de, şa ilatyň özünden belli bir zat eşitmek isleýär.

Ýüzlerini aşak salşyp, dymşyp oturan adamlara ýüzlenip, ýene şa:

— Ýa, aždarhanyň diýenini edip, oňa her gün bir adam bermekden ýa-da ýurdy taşlap, başga bir ýurda gitmekden başga alaç ýok — diýýär. Onda dymyp oturan wezirleriň biri:

— Yzymyz aždarhaly gaçyp barsak, baran ýurdumyzyň hökümdary: «Yzyňyz ýuwdarhaly biziň ýurdumyzyň golaýyndanam gelmäň» diýse näderis? Ol ýagdaýy hem oýlanmak gerek. Her gün bir adam berip durmak, elbetde, kyn. Kyn hem bolsa azajyk çydasak, belkem, Allanyň özi rehim edip, bu beladan

özi gutarmazmykan. Belki-de, özi bir zowal tapyp ýok bolar – diýýär.

Maslahat köpe çekýär. Ahyrda hem dagy alaç tapman, aždarha her gün bir adam bermeli diýen netijä gelinýär.

«Kim gitmeli?» diýen soraga patyşanyň özi:

— Onuň üçin uly-kiçi, aýal-erkek diýmän, şeýle hem patyşa-wezir, beg-han, molla-işan we baý-gedaý diýmän, her gün bije atyşmak gerek. Ýene iki günden kimiň bijesi galsa şol aždarhanyň üstüne barmaly bolar. Eger ol adam bagty işläp, aždarhany öldürip, özüni we halky ol beladan halas etse, ol tükeniksiz döwlet. Bolmasa hem bagtyndakyny görmeli bolar. Ondan başga häzir-ä meniň size berip biljek maslahatym, edip biljek kömegim ýok – diýýär. Şol wagt bu gürrüňleri diňläp oturanlaryň biri:

— Bije atyşmaga patyşanyň maşgalasyny salmaly däl. Hakyna garanyňda wezirleriň we işanlaryň hem maşgalalaryny bijä salmaly däl – diýýär.

Onda patyşa:

— Hiç bir adam öz çagasyny meniňkiden, işanyňkydan we weziriňkiden pes görýän däldir. Bu meselede şa üçin hem, wezir üçin hem egilşik bolmaz – diýip, men aýtdym-a. Her kim bagtyny synasyn. Bijesi galan, öz kysmatyny özi çözsün – diýýär.

Şeýlelik bilen, aždarhanyň beren möhleti dolýar. Adamlar hem bije atyşýarlar. Bijesi galan bir gyz bolup, ol şol gün aždarha iýmit bolýar.

Şeýle ýagdaý birnäçe güne çekýär. Bir gün patyşanyň öz gyzynyň bijesi galýar. Şol halatda bu gyza aşyk bolan bir ýigit patyşanyň ýanyna gelip: «Gyzyňyzyň aždarha iýmit üçin iberilmegine men garşy. Onuň üçin men öz janymy siziň gyzyňyzyň deregine bagyşlaýaryn. Aňrujy razy bolsaňyz, onuň öwezine bu gün men gitjek» diýýär.

Şol halatda ýigidiň sözlerini perdäniň aňyrsyndan eşidip duran şa gyzy oglana:

— Ol ýere gitmek üçin bijesi galan sen däl. Bijesi galan men. Şonuň üçin hem men gitmeli – diýýär. Onda ýigit:

— Sen ölseň, meniňem ýaşajak gümanym ýok. Onuň üçin hem men aždarha senden öňürti iýmit boljak – diýýär.

Gyz özi galyp, ýigidiň ölüme gitmegine razy bolmaýar. Oňa:

— Ýolumdan sowul-da öz işiň bilen bol, saňa-da nobat ýeter – diýýär.

Bu ikisi çekeleşip durka, bir keseki adam ýanlaryna gelýär-de:

— Bu ýerden ikiňiz hem gidiň, aždarhanyň ýanyna özüm giderin we ol ýerde bagtymy synap görerin. Bagtym ýatsa, men hem oňa iýmit bolaryn. Bardy-geldi, bagtym işläýse, aždarhany öldüren adam bolaryn – diýip, eli syrma gylyçly aždarhanyň üstüne gidýär.

Aždarha hem bu adamyň gelýänini görüp, başyny asmana galdyryp, muňa garşy ugraýar.

Hälki adam gylyjyny aýlap, aždarhadan salýar. Aždarha guýrugyny ýere urýar. Töwerek ala tozan bolýar. Nätanyş adam aždarhanyň çem gelen ýerinden gylyjyny geçirýär. Aždarha jan howluna ala tozan turzup, oňa topulýar. Tozan asmana galýar. Gorkusyna ýüregi agzyna gelen ýigit gaçyp ýetişýär. Emma güýçden gaçan aždarha özüni bir gezek ýokaryk zyňýar-da, patylap ýere gaçýar. Soň onuň gymyldysy galýar. Nämälim adam onuň ölenini bilip arkasyndan tasma alýar-da, olary jübüsine salýar. Soň bolsa gara gana bulaşan eşigi bilen patyşanyň ýanyna gelýär-de, aždarhany öldürendigini aýdýar. Patyşa bu ýagdaýa çaksyz begenip:

— Aždarhany öldürip, gyzjagazymy, ilatymy ol beladan gutardyň. Indem näme islegiň bolsa aýt, bitirmek biz bilen – diýýär.

Ol adam:

— Maňa dünýä baýlygy gerek däl. Dünýä baýlygy mende ozal hem az däl – diýýär. Onda patyşa:

— Durmuş diňe baýlykdan duranok. Başga-da zat az däl. Göwnüňde näme bolsa aýt. Adamlary ölümden halas etdiň. Biz seni razy etmesek ynjalmarys – diýýär.

Ol adam:

— Meniň üçin şu edilen işiň gadyryny bilseňiz, uly hormat hem abraý – diýýär. Onda patyşa:

— Her näme-de bolsa diý bir zat – diýip, ony saklaýar.

Ol adam:

— Döwletim her näçe kän bolsa hem şu çaka çenli öýlenmedim, maňa özümi tüýs ýürekden söýen we meniň hem söýen gyzym gerek. Beýle gyz hem sizde tapylmaz. Onuň üçin muny sizden islemegimiň hajaty hem ýok – diýýär.

Patyşa:

— Il arasynda owadan gyz örän kändir. Olaryň hemmesini şu ýere çagyrarys. Belkem, olaryň arasyndan seni tüýs ýürekden söýen gyz tapylar, sen hem ony halarsyň – diýýär.

Patyşanyň buýrugy bilen abraýly-abraýly adamlar şanyň köşgüne gyzlaryny iberýärler. Şeýle edermen, syratly, güýçli hem döwletli pälwan ýigit bilen toý tutmaga gyzlaryň hemmesi diýen ýaly razy bolýar.

Ol adamyň nazary gyzlaryň birinde hem eglenmeýär. Patyşanyň göwni jaý bolmaýar. Nätjegini hem bilmän, mähetdel galýar.

Şol halatda patyşanyň öz gyzy atasyna:

— Men hem onuň ýanyna baryp, eger mende göwnüň bolsa ikirjiňlenme diýeýin – diýýär.

Patyşa gyzyna:

— Heý-de, şeýle zat bolup bilermi? Seniň aşyk ýigidiňi gözi bilen gören soň, ol beýle işe ýol bermez – diýýär.

— Ýok, kaka! Saňa perzendiňi gaýdyp beren, bütin raýatyňy ölümden halas eden adama janyňy berseň hem az. Men ynanýaryn, ol gaty gowy ýigit, ol maňa özüni söýdürer – diýýär. Atasy göwnemese-de, gyz ondan rugsat alyp, ol ýigide öz göwnündäkini aýdýar.

Onda ýigit gatyrganyp:

— Öz diýýäniňe özüň bir ynanýarmyň? Söýmegi we söýülmegi oýunjak zat hasap edýärmiň? Seniň bu sözüňe kim ynanar? Gizläp oturmaýyn, bu ýerik gelmekden maksadym – saňa öýlenmekdi, saňa özümi söýdürmekdi. Emma başgaça bolup çykdy. Men öz bähbidim üçin, beýle zatlara ýol berip, saňa öýlenip bilmerin. Men size bagt isleýärin, sen bagtly ýaşasaň, şol maňa bes. Ýöne men saňa bir ýüzük sowgat berjek. Ony saňa niýetläpdim. Hiç wagt ýitirmegin – diýip, ýigit gyzyň näzijek barmaklaryna ol ýüzügi dakýar. Ahyrda patyşa bu nätanyş adamyň hormatyna uly meýlis guraýar. Soň onuň öz islegine görä, şäherden çykaryp, esli ýere barýança ugradýarlar. Soň ýagşy dilegler edip hoşlaşyp gaýdýarlar.

Aradan esli wagt geçirip, patyşa gyzyny nikalap, öz aşygyna berýär. Ýedi gije-gündizläp uly ile toý tutýar. Patyşa gyzyna we giýewsine golaýjaklarynda ýerleşýän bir ýerden içi bagbakjaly, daşy gaty beýik hem berk howluly iň gowy jaýlaryň birini bagyşlaýar. Gyzyna köp engam we baýlyk berýär.

Aradan wagtyň geçmegi bilen patyşa kemsiz garraýar we keselläp başlaýar. Uzak wagtlap keselinden aýňalmaýar. Ol bir gün wezirlerine: «Gutularymdan meniň ölerim ýakyn. Onuň üçin hem mende ogul ýok, raýatym razy bolsa maslahatlaşyp, giýewimi ornuma şa belleseňiz» diýýär.

Emma şanyň gyzy atasynyň bu pikirine kes-kelläm garşy bolýar. Ol şol günüň özünde atasynyň ýanyna ylgap baryp:

— Atam jan, etjek bolýan işiň düýbünden telek. Sen giýewiňi gowy tanaňok. Onda ýurda baş bolar ýaly ukybam, akylam ýok. Men ony indi tanadym. Meni diňlemeseň, gaty ýalňyşarsyň – diýýär. Onda şa:

— Gapdalynda meniň akyllyja gyzym bar. Sen onuň iň ýakyn maslahatçylarynyň biri bolarsyň. Ataňa gulak as. Bu gürrüňiň ýerliksiz – diýýär.

— Atam jan, ol maňa gulak salmaz. Şa bolsa onuň gözi ýer görmez – diýýär.

Emma şa gyzy ýaşlyk edip ýalňyşýandyr diýip pikir edýär, ony diňlemeýär. Wezirleriň il içine kän atly ýollamaklary bilen aňyrsy iki günüň içinde ilatyň köp essesi patyşanyň köşgüniň öňüne ýygnanýarlar. Wezirler halka patyşanyň pikirini aýdýarlar. Netijede, halk öz şalarynyň pikiri bilen ylalaşyp, onuň ýerine giýewisini şa saýlaýarlar.

Ýaş şazada uly ile ýedi gije-gündizläp toý berýär. Toýuň sag-aman sowulmagy bilen täze patyşa tagta çykyp, köşkde ýaşaberýär. Ol başda gaýnatasy we wezirleri bilen maslahatlaşyp, ýurdy dolandyrýar. Käte aýalyna hem geňeşip işläberýär. Ahyrda öňki patyşa dünýäden ötýär. Ony uly iliň gatnaşmagy bilen şa nesliniň jaýlanylýan mazarystanlygynda jaýlaýarlar. Bütin ýurdy ýygnap, şanyň aşyny-suwuny berýärler.

Aradan ýarym aý geçýär. Patyşanyň aýaly hem ölýär. Muny hem äriniň ýanynda jaýlaýarlar. Şanyň dünýäden ötmegi bilen ondan az-kem eýmenýän giýewsiniň nebsi artyp başlaýar. Raýatlaryna üsti-üstüne salgyt salýar. Bermedigini jezalandyryp başlaýar. Wezir-wekillerine ynanmaýar, ynanmansoň, olaryň döwletli maslahatlaryny hem almaýar. Ýurtda agzalalyk artyp başlaýar. Patyşanyň gyzyndan çaga önmeýär. Şonuň üçin şa başga bir ýaş gyza öýlenýär.

Patyşa ýaş aýaly bilen has ysnyşyp, onuň bilen aýry jaýda ýaşap, şa gyzynyň gapysyndan hem seretmän geziberýär. Bu hili ýaşaýyş gaty köpe çekýär. Şeýle halda ýaşamak öňki şa gyzyna gaty ýokuş degýär. Şeýle bolsa hem ärine hiç zat diýmän, içini gepledip geziberýär. Esli wagtdan soň bu gelin syrkawlaýar. Ol ölmegi ýüregine düwüp, däri-derman hem, hiç bir zat hem iýip-içmeýär. Barha ysgyndan düşýär. Ýagdaýy güngünden agyrlaşýar. Şol agyr ýagdaýda birdenem şeýle pikir kellesine gelýär: «Men nä sebäbe görä, özüme beýle kast edýärin we kime ýamanlyk edýärin. Ol näme men ölsem gynanjakmy? Üstüme aýal aldy. «Ýüzüň üstünde burnuň bar» diýdimmi? Ýa çagany men islämokmy, çaga bolmasa meni zyňaýmalymy? Men kömege mätäç wagtym, halymy soramaly dälmi? Ol atamyň döwletine, ýurduna eýe boldy ahyry?»

Şa gyzy oýlanyp-oýlanyp, öz-özüni bu dertlerden saplamak isleýär. Tebip çagyrdýar. Hyzmatkärlerine süýji-süýji naharlar taýynladyp, ýuwaş-ýuwaşdan işdäsine görä iýip başlaýar. Ol gün-günden keselinden saplanýar. Öňki görküne gelýär. Gamgussadan daşlaşyp, ol-da ärine: «Sen barmysyň» hem diýmeýär. Wagtyny has hem hoş we şadyýan geçirmek üçin, wagtal-wagtal kenizekleri bilen çöle şikara hem gidiberýär. Her gezek hem ol şikarda gezip ýörkä, daýaw hem syratly, pälwan sypat bir adama gabat gelýär. Her sapar görende hem onuň her bir bolşuny halaýar. Ýene hem bolsa ol adamyň özi söz atmansoň, lak-atmansoň ejap edip saklanýar. Ol adam şa aýalyny ilki görenden tanap, özüni tanatmajak bolup, ondan daşrakda saklanýar.

Şa aýaly ýene bir gün çöle şikara gidende, ol adama ýene gabat gelýär. Bu sapar welin, saklanyp bilmän, oňa öňürti özi lak atýar. Ilki amanlyk-saglyk soraşyp, sabyrsyzlyk hem edepsizlik edip, öňürti özüniň lak atanyna geňlemezligini ondan to-

wakga edip, nätanyş adamy öň bir gezek gören adamsyna meňzedýändigini duýdurýar.

Onda ol awçy:

— Siz kim? Kimiň nämesi? Bu çölüň içinde kän görünýärsiňiz? Bu ýerler hatarly, gorkaňyzokmy? – diýýär. Onda şanyň aýaly:

— Men hiç zatdan gorkamok. Hatda ölümden hem gorkmadym – diýip, ol nätanyş adamy bir hili özüne ýakyn tutup, oňa başyndan geçirenlerini birin-birin gürrüň berýär. Çagasy bolmandan soň, äriniň öz üstüne başga aýal alyp, özüni düýbünden unudandygyny, agyr günde hemaýat etmedigini, halkynyň agyr ýagdaýyny jikme-jik aýdyp berýär. Soňra:

— Entek wagt geler, ärimden arymy alaryn. Men hem ondan kem atanyň çagasy däl. Patyşa bolsa özi üçin patyşa. Patyşa bolýan bolsa, öz öýünde-de adyllyk etsin. Ondan ilem bizar, ýurdam. Açgözlükden zyndanlaram bendilerden doldurdy – diýýär.

Awçy şa aýalyna özüni tanadýar. Häzir hem onuň yşkynda gezip ýörendigini gizlemän aýdýar. Eger islese, şa aýalyny öz ýurduna alyp gitjekdigini hem aýdýar. Muňa şa aýaly razy bolmaýar:

— Ýok, atamyň ýurduny, il-günümi taşlap gidip bilmerin. Men atamyň wezirleri bilen maslahatlaşyp, onuň özüni tagtdan güm etdirerin. Onuň halkyň arasynda-da, wezirleriň arasynda-da abraýy ýok. Men atamyň raýatyny horlaýan näkesiň atamyň ornunda oturmagyny islemeýärin – diýýär.

Onda awçy:

— Maksadyň şu diýýän zatlaryňy etmek bolsa äriňem dereksiz bolsa, hiç kime hiç zat diýme. Patyşany soňky aýaly bilen şu gijäniň özünde bir özüm dagdan aşyryp gelerin. Ertir hem ir bilen baryp, ataň tagtynda otur-da, wezirleri çagyryp,

diýmeli zady soň diý. Bu zatlary etmek maňa kyn däl. Özüm edişdirerin – diýýär.

Şa aýaly awçy bilen ylalaşýar we onuň bilen köşge barýar. Kemsiz nahar-şor edinip, gijäniň köpüni geçirýärler. Soň bolsa tirkeşip, şanyň jaýyna barýarlar. Görseler, şa ýaşajyk aýaly bilen hezil edişip gülşüp otyrlar.

Patyşa bulary gören badyna aýak üstüne galýar-da:

— Bu ýere tirkeşip gelmäge kim size ygtyýar berdi? Asla, näme üçin geldiňiz? Hany derrew çykyň! Ýeňsäňizi göreýin! – diýip, dazarylyp başlaýar.

Onda şa aýaly:

— Näme beýle etegiňe ot düşen ýaly bolýarsyň. Entek howlukma. Gözüň nämäni görýär. Özüňiň kimdigiň we kim bilen bu derejä ýeteniň eýýäm ýadyňdan çykdymy? Näme beýle hemleli gepleýärsiň? Öz razylygyň bilen heleýiňi tirkäp, şu sagadyň özünde şu ýerden ýok boljakmy ýa başga ýol bilen çykjakmy? – diýýär.

Patyşa:

— Biz däl, siz çykarsyňyz. Häziriň özünde jellatlary çagyryp, ganyňyzy gotura derman etdirerin – diýýär.

Awçy şanyň alkymyna barýar-da, ony egnine atyp ötägidýär. Sähelçe salymyň içinde hiç kim duýmanka, ony beýik daglardan aşyryp, yzyna köwlenmez ýaly edip gaýdýar. Daň atandan soň, şa aýaly wezirleri we köşkdäki adamlary çagyryp, gijeki bolan wakalary ýeke-ýeke gürrüň berýär we awçynyň kimdigini olara tanadýar. Wezirler bir wagt halka şeýle uly ýagşylyk eden adama öňki eden işi üçin, şeýle-de häzirem olary zalym şadan halas edeni üçin gaty uly hoşallyk bildirýärler.

Açgöz şadan ýürekleri daglanan halk wezir-wekilleriň ýardam bermegi bilen uly hudaýýoly berýärler. Ertesem toý tutýarlar. Şol toýda hem maslahatlaşyp, awçyny özlerine şa göterýärler.

Şol wagt dilewarlaryň biri: «Garry patyşamyz öldi, soňky patyşamyz ýok edildi, olaryň ýerine täze patyşa saýlandy. Geliň, ikisem razy bolsa garry patyşamyzyň gyzyny hem täze patyşamyza nikalap bereliň we ýene ýedi gije-gündizläp toý toýlalyň» diýýär.

Ýurt ýedi gije-gündizläp toý tutýar. Ýyllar geçýär. Ýurtda dokçulyk bolup, halk adyl şanyň saýasynda asuda ýaşaýar.

# KÖRPE OGUL[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Öň bir zamanda bir ýurtda Amanylla diýilýän tütjar baý adam bar eken. Bu baý örän akylly hem sahylykda hemmä mälim eken. Amanyllanyň üç sany ogly bolup, ogullarynyň üçüsi hem ýetişip başlanmyş.

Amanylla baý ogullarynyň akyllaryny, iş başarnygyny, adamlar bilen aragatnaşyk etmegi başaryşlaryny barlamak üçin olary synamaga başlaýar. Olara ýönekeýje ýumuşlardan başlap, her tüýsli işleri buýrup, synap görüp, haýsy birini näzeýilli işde peýdalanmak boljakdygyny takyklamagy ýüregine düwýär.

Günlerde bir gün ogullarynyň iň ulusy Kerimi ýanyna çagyryp, eline eslije teňňe berýär-de: «Şulary mätäç garyplara paýlaşdyryp gel» diýýär.

Kerim iki jübüsini hem teňňeden dolduryp, ertirden agşama çenli şäherde we obalarda kaňkap, teňňeleri hiç kime bermäge eli barman, agşam gaýtaryp getirip, kakasyna berýär-de:

— Teňňeleriňi paýlamaga gysgandym. Her kimiň eli bar, egninde kellesi bar, gazanybersin özleri diýdim – diýýär.

Kakasy Amanylla:

— Aýby ýok, oglum, «Haýyrly mal eýesini tapar» diýipdirler – diýýär-de, soň sesini çykarmaýar.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. $672^{f}$-nji bukja. Aýdan: Ogultäç Sary aýaly. Mary welaýatynyň Peşanaly obasy. Ýazyp alan: Ç.Garabekow. 1941-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 22-si.

Aradan bir iki gün geçenden soň, Amanylla ogly Azymy öz ýanyna çagyryp, oňa-da:

— Me, şu teňňeleri garyp-pukaralara paýlaşdyryp gel – diýýär-de, Kerime berşi ýaly eslije teňňäni eline tutdurýar.

Azym hem ýaňky teňňeleri alyp, ertirden agşama çenli şäherden-şähere, obadan-oba aýlanyp, ahyr ýarygije dolanyp gelýär. Teňňeleri kakasyna gaýdyp berýär-de:

— Gezmedik ýerim galmady, hiç bir ýerde teňňe soran adama gabat gelmedim. Onuň üçin hem kimiň baý, kimiň pukaradygyny bilmedim. Şol zerarly hem puly kime bermelidigini, kime bermeli däldigini anyklap bilmedim – diýýär.

Kakasy Amanylla:

— Tüýs bolaýjak zat-da, bu teňňelerde garyplaryň nesibesi ýokdur-da, ýadansyň, bar, git-de, dynjyňy al – diýýär.

Aradan ýene birnäçe gün geçirýär-de, Amanylla baý öz ýanyna üçünji ogly Keremi çagyrýar-da:

— Bar, körpäm, şu teňňeleri äkit-de, garyp-pukaralara paýlaşdyryp gel – diýýär-de, öňki ogullarynyň äkidip getiren teňňeleriniň hemmesini oňa berip goýberýär.

Kerem kakasynyň beren pullaryny yzyna gaýtaryp getirmeýär. Şäherleri we obalary ýaltanman gezýär we haýsy ýerde açýalaňaç, garyp-pukara görse, azdan-köpden teňňeleri paýlaýar. Şunluk bilen äkiden pullarynyň, teňňeleriniň alty-ýedi teňňesinden özgesini berişdirip, onam ätiýaç üçin özüne goýup, öýlerine tarap gaýdýar. Onuň ýoly mazarystanlygyň üstünden düşýär. Bir görse iki sany degenek jahyl täzeje mazary gazyp içindäki jesedi daşyna çykaryp garabaşlaryna gaý diýýär. Keremiň beýle ýagdaýy görüp depe saçy üýşüp gidýär. Gaharyny saklap bilmän, sandyr-sandyr edip, olaryň edil alkymlaryna dykylyp barýar. Barýar-da demi-demine ýetmän:

— Bu edip duranyňyz näme? Bu nä ilden çykanlyk? Onda näme kastyňyz bar? – diýip gygyrýar. Onda olar:

— Bu meýit seň nä iki dogup bir galanyňmy? Han ogul! Geçiber-dä ýoluň bilen. Ýa kazymy sen? Kazy bolsaň diňle – diýip, olaryň dillirägi Keremiň al-petinden alyp şeýle diýýär:

— Bu imansyz biziň algymyzy üzmän gitdi. Bizem, ynha, özi ýaly haklaşarys welin, arymyz ýerine düşer duruberer.

— Garaw gaýtmajak bir biçäre ölüden şu boýuňyz, şu göwräňiz bilen ar almak namartlyk bolmazmy, agalar? Onsoňam ol garyby daşyna çykaranyňyz bilen aryňyz ýerine düşýärmi?

— Aý, ony seljermek saňa galmandyr, han ogul, bize akyl satmadajyk öz ugurjagazyňa gidiber.

— Şu garyba näme jeza berýäniňizi görmän, şu duran ýerimden bir ädimem butnajak däl, näme güýjüňiz bolsa, ynha, men, görkeziberiň! – diýip, Kerem bir ädimem yza tesmeýär.

— Jezamy, ol jezany han ogul seniň gözüňe görkezip bereris. Görden çykardyk dälmi? Bu öwlüýäniň sygdyrmadyk adamy bolar. Bu ýagdaýda ony il pislär. Ine, gerek bolsa, şuňa jeza diýýärler. Ýene, soragyň barmy, han ogul!

Pälibozuk adamlar pillerini eginlerine atandan Kerem olaryň öňüni gabalap:

— Bu jesedi öňküsi ýaly edip ynjytman jaýlasaňyz algyňyzy men üzeýin. Näçedigini aýtsaňyz bolýar – diýýär.

— Sen ýaly entäp ýören sümüklide ýedi teňňe näme işlesin – diýip, şol göhert adam säginip, gözlerini ýyldyradyp Kereme seredýär.

Kerem bu näkeslere özünde galanja ýedi teňňesini uzadýar. Iki näkes biri-birinden öňürti jesede ýapyşyp, ony Keremiň islegine görä ýerleýärler. Şonluk bilen Kerem kakasynyň beren pullarynyň hemmesini ýerleşdirip, agşamara öýlerine gaýdyp gelýär. Ol kakasynyň ýanyna barýar-da, beren pullarynyň hemmesini nädip ýerleşdirişini jikme-jik gürrüň berýär. Kakasy hem:

— Bolupdyr oglum, «Ataň barka dost gazan, atyň barka ýol gazan» diýipdirler, dünýä maly dünýäde galar, gysgançlyk, bahylçylyk etmegin! Agalaryňdan tamam çykmady. Olar hiç wagt hem don ýapasy, il agasy bolup, mätäjiň göwnüni alan hem özlerini aldyran adam bolmazlar. Sen meniň tamamy ödediň. Indi hiç haçan seniň edeniňe däl diýmerin, senden dünýä malymy gysganmaryn. Seniň öz eliň, öz ýakaň bolar ýaly edip goýbererin, oglum. Şu niýetiň, şu päliň bolsa, hiç wagt hor, zar ýa bir zada mätäç bolmarsyň. Bar oglum, niýetiň ýoldaşyň bolsun, ýüzüň ýamanlyk görmesin – diýip, göwnüniň hoş bolandygyny aýdýar.

Kakasynyň hoşal bolanyna begenip, Kerem ejesiniň ýanyna baryp, çaý içip, nahar iýip arkaýynja ýatyp, hemişekisinden hem oňat dynjyny alýar. Onsoň öz işi bilen boluberýär.

Aradan birnäçe aý geçenden soň şäheriň söwdagärleri uly kerwen gurap, başga bir ýurda argyşa gitmekçi bolýarlar. Aýny şol wagt Keremleriň ýurdunda galla gytçylyk edýärdi. Amanylla baý hem Keremi ýanyna çagyryp: «Senem ýol şaýyňy tut-da argyşa gidýän söwdagärler bilen gidip, düýeleriňi galladan ýükle-de, argyşlap gel. Ýöne meniň köneje gylyjymy ýanyň bilen alyp gitgin. Şu pendimem tutgun. Hiç wagt suwly ýabyň güzerine golaý ýerde, şeýle hem köne harabanyň golaýynda ýatmagyn. Galanyny hem özüň bilersiň-dä» diýip, Keremi azyk, geýim-gejim, pul bilen üpjün edýär-de, söwdagärlere goşup, argyşa ýollaýar.

Şonluk bilen, Kerem hem argyşçylara goşulşyp öňi-yzy görünmez uzyn kerwen bolup, başga bir ýurda argyşa ugraýar. Ýolagçylar şäherden çykyp gidip barýarkalar, kerweniň ýoly häki gonamçylygyň üstünden düşýär. Kerem şol tanyş mazara telim gezek göz aýlaýar we onuň goýlup gaýdylşy ýaly duranyna göz ýetirenden soň ynjalýar. Edil şol halatda donunyň iki ýan synyny gaýtaryp guşagyna gysdyran bir daýaw pyýada ar-

gyşçylaryň ýanyna gelip: «Men talaban durjak, hak dawam ýok» diýip, özüniň talabanlyga alynmagyny soraýar. Emma argyşçylaryň hiç birinden ses çykmaýar.

Ol pyýada ahyryn Kereme ýüzlenip:

— Aý, ýigit, saňa talaban gerek dälmi, menem siziň kerweniňize goşulyp, ýurtlary görüp geläýsem diýýärin – diýip, örän sypaýçylyk we mylaýymlyk bilen haýyş edýär.

Şeýle mylakatly, daýaw, nurana adamynyň örän sypaýçylyk bilen ýalbaryp durşuna Keremiň rehimi gelip:

— Ahow, dogan! Seniň maksadyň biziň bilen gidip ýurt görüp gelmek bolsa, onda maňa ýoldaş bolaý, iýjek-işjegiň menden, talaban gerek bolmasa hem seniň ýaly süýji sözli adam bilen ýoldaş bolsam, armanym näme — diýýär.

Ol adam:

— Ýok, ýok, men mugthor däldirin. Gerek ýerinde kömek ederin. Talaban durjak, emma hak dawam ýok, siziň kömegiňiz bilen başga ýurtlary görüp gelmek niýetim bar – diýip, ýene gaýtalaýar.

Kerem nätanyş adamyň bu sözleri çyny bilen tüýs ýürekden aýdýanlygyna pugta ynanyp: «Aý, bir adamyň göwnüni awlap bilmesem kör bolaýyn» diýen pikir bilen:

— Seniň islegiňi bitireýin welin, birimiz talaban, birimizem hojaýyn bolan kişi bolmaly, ony men oňarmaryn, ýöne ikimizem bir meňzeş ýürekdeş ýoldaş bolaly-da, her bir işi bileje hem deňje edibereli – diýýär. Talaban durýan:

— Men talabançylyk eden ýagdaýymda-da ikimiz ýürekdeş ýoldaş bolup bileris — diýip ylalaşmaýar. Şunluk bilen bular argyşçylar bilen gidiberýärler. Bular birnäçe wagt ýol ýöränlerinden soň, gün gijigip başlaýar. Argyşçylar özleri we mallary üçin düşlemäge amatly ýer peýläp başlaýarlar. Olaryň öňlerinden uly ýap hem otluk meýdan çykýar. Ýolagçylar öz aralarynda maslahatlaşyp, şol ýerde düşleýärler-de, garaňky düşýänçä

mallaryny otluga goýberip bakýarlar. Onýança özleri hem nahar edinip we mallaryny ýanlaryna getirip, düýelerini çökerişdirip, beýleki ulaglaryny hem daňyşdyryp ýatmakçy bolýarlar.

Bir görseler, Keremiň ýüküni ýazdyran we ýatmakçy bolýan ýeri edil suwly ýabyň güzeri eken. Şol wagt kakasynyň: «Suwly ýabyň güzerine ýakyn ýerde ýatmagyn» diýeni ýadyna düşüp, goşlaryny güzerden daşrak bir ýere daşamakçy bolýar. Emma ýoldaşy:

— Indiden soň daşap ýörmäli. Gowusy arkaýynja ýat-da, oňat dynjyňy al. Mallara-da özüňe-de, men hüşgär bolaryn. Galyberse-de, bu ymgyr çölüň içinde gorkup-ürker ýaly hiç zat ýokdur. Eger bolaýan ýagdaýynda hem başa gelenini görübereris. Sen ýöne şol köne gylyjyňy maňa ber-de rahatja ýatyber – diýýär.

Bu sözleri eşiden Kerem, göwnüne hiç zat getirmän:

— Her kim öz hakyna kaýyl bolmaly bolar. Goşumyzy başga ýere daşamasak daşamaly welin, ýatmagy we garawulçylygy ikimiz hem gezekleşip, deňje ederis. Aýratyn meniň ýatyp, seniň garawulçylyk çekmegiňe men razy bolup bilmerin – diýýär. Onda ýoldaşy:

— Başga näme diýseň edeýin welin, maňa «gijesine ýat» diýme. Çünki gündiz düýäniň üstünde ukymy kemsiz alýaryn. Men gije ýatyp bilmeýärin. Saňa dözmezçilik edip ýa aýratyn gowy göwrünjek bolup edýändir öýdüp göwnüňe gelmesin – diýip, pugta ynandyrýar hem Keremiň gylyjyny alyp, düýeleriň gapdalynda, suwly ýabyň güzerinde daş-töweregine hüşgär bolup oturýar.

Dym-dyrslyk, howa bolsa maýyl. Her kim çiň arkan düşüp, süýji ukuda ýatyr.

Gijäniň köpi geçip, Aý dogýar. Az wagtdan soň Aý asmana galyp töwerek gündizlik ýaly ýagtylyp başlaýar. Çarlaklaryň sesi hem eşidilip başlaýar. Talabanyň gözüne ot-çöpleriň ara-

syndan suwly ýabyň güzerinde bir zat kaklyşan ýaly bolýar. Talaban has hüşgärlik bilen seredip, gözüni şol tarapdan aýyrman, bir oturşyny üýtgetmän oturýar. Ol nämälim zat talabanyň gözüne ýene iki gezek äşgär görünýär. Talaban aýyň ýagtysyna pugta synlap, onuň ýylandygyny, onda hem aždarha çykan ullakan ýylandygyny anyklaýar.

Keremiň we beýlekileriň aždarhadan salamat galmaklarynyň alajyny edip başlaýar. Ol çalasynlyk bilen argyşçylaryň özleri bilen göteren agaçlaryndan iki sanysyny alyp, çuň çukur gazýar-da aždarhanyň suwdan çykaýjak ýerinde, güzeriň her ýan tarapyna birini pugta dikýär, soň Keremiň gylyjyny gynyndan çykaryp, ýiti ýüzüni suwa tarap edip, her ujyny bir agaja berkleýär. Özi bolsa ýene öňki ýerine baryp, «Indi nähili bolarka?» diýip, iki gözüni hem şol ýere dikip oturýar. Aradan az wagt geçenden soň, guşlaryň jürrüldisi köpelip, aýyň ýagtysyna ýatan mallaryň we adamlaryň hemmesi has aýdyň görnüp başlandan, hälki aždarha göwresiniň ýaryny suwdan çykaryp, başyny galdyrýar-da, agzyny hatap ýaly açyp, güzere has golaý ýatan Kereme tarap okdurylýar. Ýüzi güzere baka edilip iki ujy agaja berkidilen gylyç onuň hatap ýaly açylan agzyna germew bolup, aždarhany göni iki bölüp taşlaýar. Şol wagtyň özünde talaban ýatanlaryň hiç birini oýarman, bu işi hiç kime duýdurmajak bolup, ýuwaşlyk bilen baryp, gylyjy çözüp alýar-da, aždarhanyň iki bölünmedik guýrugynyň kiçelen ýerini hem gylyç bilen iki bölýär. Soňra bolsa, onuň iki bölünen maslygyny ýeke-ýekeden süýräp, ot-çöpleriň gürräk we ösgünräk ýerine eltip taşlaýar. Süýrelende ýere ýepbeşen otlary hem aýagy bilen kakyşdyryp, hiç kim bilmez ýaly edýär. Güzeriň gyrasynda diken agaçlaryny hem derrew sogrup, öňki ýerinde eltip goýýar, agaçlary diken çukuryny-da hiç kim bilmez ýaly gömüp tekizleýär.

Az wagtdan soň daň atýar. Mallar örüşip başlaýar. Talaban Keremiň mallaryny duşaşdyryp otlamaga goýberip, özi çaý gaýnatmaga, nahar taýýarlamaga girişýär. Çaý gaýnap nahar taýýar bolandan soň Keremi oýarýar. Her kim malyny örä goýberip, çaý-çörek iýip-içmek bilen ýol şaýyny tutýarlar. Az salymdan kerwen ýola düşýär.

Olar az-ýöräp, köp-ýöräp agşamlyk ýene bir otluk ýere baryp düşýärler. Ýöne bularyň düşlän ýerleri harabaçylyga golaýjyk ýer ekeni. Ýene kakasynyň: «Köne harabaçylygyň golaýynda ýatmagyn» diýen sözi Keremiň ýadyna düşse-de beýleki argyşçylar düşlänlerinden soň sesini çykarmaýar, gylyjy ýene talabanyna berýär-de, özi arkaýyn ýatýar.

Talabany bolsa, adamlaryň hemmesi arkaýyn ýatandan soň, şol bir bolşy ýaly, düýeleriniň arasynda bir garaňky ýerde oturyp, hüşgärlik bilen öz garawulçylygyny edýär. Gijäniň köpi geçip, azy galanda birden harabaçylyk tarapdan bir uly nämälim zat görünýär we ýatanlara tarap ugraýar. Ol ilki bir diňşirgenip durýar. Soň uklap ýatan adamlaryň burnuna bir zat ysgadyp çykýar-da, ýene yzyna öwrülip gidýär.

Talaban «Adamlaryň burunlaryna bihuş derman ysgadandyr. Hä diýmänem ýoldaşlaryny getirip bulary talajakdyr» diýen pikir bilen assa-assa ol garanyň giden ugruna tarap ýöreýär. Baryp görse, köne harabaçylyga girilýän ullakan derweze bar. Talaban gylyjyny syrýar-da, özüni pugta ykjamlap, derwezäniň agzynda garaňky böwrüne gysylyp duruberýär. Hä diýmän harabanyň içinden uzyn tirkelen düýe ýaly bolşup, läheňläheň gara zatlar çykyp, bir-biriniň yzyndan derwezä golaýlaşýarlar we ýeke-ýekeden derwezeden çykyp başlaýarlar.

Talaban bolsa bar güýjüni jemläp, gylyçly derwezeden çykanyň başyny kesip taşlaýar, ýene bir az garaşyp durýar. Soň hiç zat görünmeýär. Ol yzyna adamlaryň arasyna aýlanyp görse, ýoldaşlarynyň hemmesi edil öli ýaly ýatyrlar diýýär. Tala-

ban aralarynda gezip ýörse-de, birem oýanmandan soň, kerwençilere bir zowal ýetendigini duýýar. Soňra hälki derwezeden girip, harabaçylygyň içine aýlanyp başlaýar. Şol barmana bir jaýda saçyny darap oturan çaksyz owadan, ýaraşykly gyzyň üstünden barýar-da:

— Basymjak bol-da, bihuşy huşuna getirýän derman tapyp ber, işim gaty gyssagly, men geçip barýan ýolagçy – diýip, ony howlukdyrýar. Onda gyz:

— Galmagal etmäweri, ýuwaşja gepläweri, janyňa haýpym gelýär, bu harabaçylyk kyrk sany döwüň mesgenidir, bu ýere guş gelse ganatdan, gulan gelse toýnakdan galýandyr. Seniň hem öz janyňa haýpyň gelsin, duýmakalar ýuwaşlyk bilen çykyp gaçaweri – diýip jogap berýär. Onda talaban:

— Bu ýerde ýaşaýan döwleriň sany näçe we olaryň baştutanlary haýsy? – diýip gyzdan soraýar. Gyz:

— Olar kyrk sany, kyrkysam dogan, iň ululаryna bolsa Salar diýýärler, meni hem şu ýere getiren şol – diýýär. Talaban öldürilen döwleri gözüne görkezýänçä, gyz olaryň öldürilenine ynanmaýar. Gyz kellesiz ýatan döwleri görüp aşa begenip:

— Wah, şulary öldüren elleriňe güller bitsin, gum diýip garbanyň gyzyl-altyn bolsun! Hernä men biçäräni hem özüň bilen alyp gideweri – diýýär. Soň gyz döwleriň gymmat baha daşlarynyň, janly-jansyz mallarynyň örän kändigini talabana gürrüň berip başlaýar welin, talaban:

— Sabyr et, hemmesine wagty gelende eýe bolarys. Häzir bolsa meniň diýen dermanymy tapyp ber – diýýär-de, gyzy howlukdyrýar. Gyz dermany tapyp berenden soň oňa:

— Sen entek bu ýerde gal. Biz sanlyja günden gaýdyp geleris we seni hem ähli baýlyklaryň bilen alyp gideris – diýip, ýatan ýoldaşlaryna tarap ylgaýar hem-de dermany olara ysgadyp çykýar-da ýene düýeleriň arasyna baryp oturýar.

Aradan az wagt geçenden soň, ýoldaşlarynyň hemmesi asgyryşyp, bihuşlykdan açylýarlar. Onýança-da daň atýar we daştöwerek ýagtylyp başlaýar.

Talaban bolsa hiç zat bolmadyk ýaly mallaryny duşaşdyryp goýberýär we hemişekileri ýaly çaý-çörek taýýarlamaga girişýär. Şunluk bilen ýolagçylar çaý nahar edinişip, goşlaryny düýelerine ýükläp, ýene ýola rowana bolýarlar we hiç ýerde düşlemän, düýelerini aýak aldygyna diýen ýaly haýdadyp agşam garaňky düşüberende barjak ýurtlarynyň bir ýan çetinden girip başlaýarlar.

Bu gün kiçiräk bir galanyň golaýjygynda bir otluk ýerde düşüp agşam şamyny edinýärler. Ertirden soň galanyň adamlary bilen salamlaşyp, hal-ýagdaý soraşyp, bu ýurduň ýagdaýyny bilýärler. Galla bolçulygy argyşçylary begendirýär. Olar ertesi günortan şähere girip, bir beletden salgysyny alyp, örän ullakan we tämiz bir saraýa baryp düşleýärler hem-de şol gün şähere çykyp galla satylýan bazarlara aýlanýarlar. Zatlaryň nyrhyny soraşyp bilýärler.

Olar saraýlaryna gaýdyp gelýärkäler ýolda: «Kim patyşanyň gyzynyň ýaşaýan jaýynda bir gije bolup, ertesi ölmän çyksa, patyşa gyzyny şoňa berjek» diýip gygyryp ýören jarça gabat gelýärler. Bular geňirgenişip: «Bu gygyryp ýören adam dälimi ýa hakykatdan-da şeýle bir zat barmy?» diýip, ol şäheriň adamlaryndan soraýarlar. Soran adamlarynyň hemmesi-de: «Bu söz çyn, ýöne şu çaka çenli patyşanyň gyzynyň jaýynda bolup, ertire diri çykýan adam ýok. Näme belasynyň bardygyny-da bilýän ýok» diýip jogap berýär.

Gün ýaşýar, garaňky düşýär. Kerem hem talaban bilen kireýine tutan jaýlaryna barýarlar. Kerem talabana:

— Bagta töwekgellik edeli, soňuny görüp gelen ýok, gel, patyşanyň gyzynyň jaýyna bileje baryp göreli – diýýär.

Onda talaban:

— Men razy, ýöne şeýle şert bilen, sen gyzyň jaýyna gir-de, onuň ýanyna bar, men bolsa gapyda gyza görünmän perdä bukulyp duraýyn, ýöne gylyjy maňa ber. Men töweregiňde garawulçylyk edeýin. Göze görnüp gelen bela bolsa, öňünde ölýänçäm duraýyn – diýýär. Onda Kerem:

— Muny saňa men diýjek bolup ýüregime düwüpdim. Ikimiz hem bileje gideli gylyjy maňa ber-de, özüň gyzyň ýanyna bar. Özüň bolsa tüýs diýen wagtyň, patyşanyň gyzyna mynasyp syratyň hem bar. Bu zatlaryň hemmesi bagty synamakdyr – diýýär. Şol günüň ertesi Kerem şa gyzynyň jaýynda bir gije bolmakçydygyny patyşa eşitdirýär. Patyşa hem kabul edýär-de:

— Ertir öli çykaýsaň, soragyň bolmaly däldir – diýip, Kereme şertini pugta düşündirýär.

Kerem talaban bilen maslahatlaşyp, bu pikirini kerwenbaşa hem duýdurýar. Agşam gylyjyny ýoldaşyna berýär-de, özi gyzyň jaýyna girýär. Talaban hem gyzyň ýaşaýan jaýyna duýdurman girip, gapysynyň iç agzyndaky perdä bukulyp, hüşgärlik bilen seredip durýar.

Kerem gyz bilen bir entekläp gürleşýär, bälçireşýärler, söhbet edýärler. Şunluk bilen gijäniň köpüsi geçýär. Şol halatda Keremiň ukusy tutýar. Gyz dyzyny ýassap, Keremiň kellesini dyzynyň üstünde goýup ýatyrýar. Ikisem bada uka gidýärler. Edil şol pursat hälki gyzyň agzyndan bir ýylan kellesini çykaryp, dilini ýalmandyryp, Keremi çakmaga hyýallanýar.

Bu zatlaryň hemmesini görüp duran talaban diýseň çalasynlyk hem hüşgärlik bilen gylyjyň ýitije ujy bilen ýylanyň kellesini kakyp goýberýär. Ýylanyň göwresi bolsa, ýene gyzyň içine girýär. Talaban ýylanyň kesilen kellesini gylyjyň ujy bilen alýar we gizleýär.

Daň atýar, gün dogýar: «Geçen gije patyşanyň gyzynyň jaýynda bolan ýigit ölmän çykypdyr, bagty gelipdir» diýen gürrüň ir bilen bütin şähere ýaýraýar. Hoş habary eşiden adam-

laryň hemmesi «Patyşanyň gyzynyň bagty açylypdyr we ne gözel ýigitleriň ölümine sebäp bolmakdan dynypdyr» diýşip çaksyz begenýärler.

Şonluk bilen hem, patyşa Kerem bilen gürleşip, onuň nireden we näme maksat bilen gelendigini anyklap, az wagtyň içinde galla we gaýry gerek zatlaryndan argyşçylaryň ýüküni ýetirýär. Gyzyny hem bir giden baýlyk, özüne degişli hemme gymmat baha zatlary bilen Kereme bagyşlaýar, uludan toý tutýar. Soň gyzy üçin aýratyn oňat Akmaýany bezäp berýär-de, argyşçylary, öz nökerleri, sazandalary bilen öňlerine düşüp, ýolboýy saz-söhbet edip, günüň köpi geçýänçä ugradýar. Soň sag bollaşyp saglykda görüşmegi dileg edip yzlaryna öz şäherlerine gaýdýarlar.

Argyşçylar hem az ýöräp, köp ýöräp, ýolda pylança gün ýatyp-turup, ahyrda köne harabaçylyga ýetýärler, şu ýerde agşam-şamyny edinmekçi bolup düşýärler.

Talaban ýükleri ýerbe-ýer edip düýeleri duşaşdyryp goýberenden soň, çaý-nahar taýýarlaşdyryp iýip-içip harabaçylyga tarap gidýär-de, hälki «Gaýdyşyn alyp gideris» diýen gyzyny Keremiň ýanyna özi bilen alyp gelýär. Gyzyň gözelligine aňk bolan hem onuň nireden peýda bolanyna düşünmän Kerem hiç kime duýdurmanjyk ýoldaşyna:

— Gözüň aýdyň, iki gözüň dört bolupdyr, senden tamam hem şeýledi – diýýär.

Onda talaban:

— Ýok, beýle däl, bolup hem bilmez. Bularyň ikisi hem döwleti bilen seniňki. Entek bu gyzyň tükeniksiz janly-jansyz gymmat baha döwleti hem bar. Olary hem häzir bir ýere jemläp, özümiz bilen alyp gideris – diýýär.

Kerem talabanyň bu gyzy nirden we nätüýslülik bilen getirendigine we janly-jansyz döwletiniň bolşuna düşünmeýär-de oňa ýüzlenip:

— Şu çaka çenli seniň diýeniňe, edeniňe däl diýmedim, indi senem meniň diýenimi etmeli bolarsyň, atyňy ýeke çapmak gowy bolmaz, maňa biri bes, muny özüň al, bolmasa men hem hiç haýsyny aljak däl. Ondan soň gyzlaryň ikisini hem ýerli-ýerine eltäýmeli bolarys – diýeninde talaban:

— Sen-ä juda dikdüşdi ekeniň. Eger sözümi ýyksaň, onda men bu gyza öýlenmän şa gyzyna öýlenjek – diýýär.

Onda Kerem:

— Öýlen, öýlen ikisini alsaňam seniň diýeniňe «däl» diýjek gümanym bolmaz – diýip jogap berýär.

Onda talaban:

— Patyşanyň gyzyna öýlenmegime razy bolýarmyň? Eger razy bolsaň, onda men ony öldürjek, gylyjyňy ber – diýýär-de, sen men ýok, Kerem oýlanyp ýetişmänkä onuň elinden gylyjyny alyp, gynyndan çykarýar-da gyzyň üstüne topulýar. Gyz gylyç depesinden inerli bolanda, sandyrap gorkusyna zähresi ýarylan ýaly, aýylganç gygyrýar. Şol halatda gyzyň agzyndan başy kesilen aždarhanyň läşi zyňlyp ýere gaçýar we gyz bihuş bolup ýykylýar. Ol birnäçe wagt ýatyp, ýene huşuna gelýär. Bu waka olaryň töweregindäki adamlaryň hemmesi haýran galýar. Şol pursat talaban Keremi ýoldaşlaryndan gyra çekip oňa beýlekiler eşitmez ýaly ýuwaşja şeýle diýýär:

— Dostum, Kerem, men ýurt görmek üçin saňa ýoldaş bolmadym. Men seniň ýedi tylla berip, näkeslerden halas eden jesediňdirin. Seniň ol eden ýagşylygyňy entek gaýtaryp bilmedim. Elbetde, kysmatdyr, nesip çekse ýene hem gabat gelişeris. Ol eden ýagşylygyňy haklaşmaga synanyşaryn. Ölen adam baýlygy, gyzy näme etsin – diýýär we ýigide suwly ýabyň güzerinde iki bölüp taşlan aždarhasy bilen bolan wakany-da, döwleri gyryp, Keremiň özüni we ýoldaşlaryny bihuşlykdan açyşyny-da, gyzy nädip alyp gaýdandygyny-da jikme-jik gür-

rüň berýär. Soňra bolsa şa gyzynyň agzyndan çykan ýylanyň kellesini kesendigini aýdyp, onuň dilini Kereme görkezýär.

— Ine, onsoň ýylanyň şa gyzynyň içinde galan läşini syrma gylyç bilen gorkuzyp daşyna çykardym – diýip, bolan wakalaryň baryny Kereme düşündirýär. Kerem bir agzam geplemän ýoldaşynyň ýüzüne seredip haýran galyp durýar. Ol:

— Bu zatlar, şu çaka çenli size gümürtik bolan hem bolsa, indi hemmäňize äşgär boldy. Döwleriň läşini hem aýlanyp görüň, olaryň döwletini ýygnaň, hemmäňize-de ýeter, taşlap gitmäň, öz gazanjyňyzdyr, hökman alyp gidiň. Gyzyň özüne degişli zady özüne berip, galanyny deň paýlaşsaňyz hem, alyp gidip bilseňiz az däldir. Galan işleriňe hem kömekleşerdim welin, maňa-da belli möhlet berildi, wagtynda baryp ýetişmesem bolmaz. Ýöne menden agyrap-ynjan bolsaň günämizi geçeweri – diýýär-de, hoşlaşan wagtynda, sakalyndan birentek gyl ýolup, Kereme berýär hem-de:

— Bardy-geldi bir kynçylyga duçar bolsaň, şularyň birini tütetseň, şol sagat ýanyňda tapylaryn – diýip, ýigidiň gözünden gaýyp bolup gidýär. Ýürekdeş ýoldaşynyň birden özüni terk edip gitmegi Keremi tukatlandyrýar, ýüki agralan ýaly bolýar. Şol halat ýanyndaky gyzlaryň ikisi iki ýerden Kereme ýüzlenip:

— Bu ymgyr çölüň içinde tukatlanyp ýüzüňi asyp oturmak ýagşy däl. Mallaryňyzyň ýanynda adam goýuň, galanlaryňyz harabaçylyga baryp, döwleriň janly-jansyz hemme gymmat baha döwletini alyň-da, soň öz araňyzda maslahatlaşyp, paýlaşyň – diýýärler. Kerem hem bularyň sözüni makul bilip:

— Şeýle artykmaç, kän döwleti alyp gitmäge biziň hiç birimizde hem artykmaç ulag ýok — diýýär. Onda döwlerden alnan peri:

— Ulag işi aňsat, döwleriň teblehanasy bardyr. Ol ýerde ullakan asylgy jaň bardyr. Şol jaňy üç gaýta batly kaksaňyz

kyrk bäş sany eýerli-uýanly jylawlaryny çeýneşip duran atlar we kyrk bäş sany hem hemme zady üpjün palanly gulan hasanaklaşyp geler. Hemmesiniň öňünde has güýçli we nazarkerde bir gulan bardyr. Ol şol kyrk dogan döwleriň iň ulusynyň mün-ýän gulanydyr. Ony eýesi ýa-da men bolaýmasam başga hiç kim tutup bilýän däldir. Ol tutulandan soň beýlekilerini tutmak aňsatdyr. Eger döwleriň janly mallary zerur bolsa onda nazarkerde gulany harabaçylygyň günbatar çetindäki depä çykarsaňyz, ol iki gaýta kişňär weli, meýdandaky öz peýwagtyna gezip ýörän çopansyz goýundyr geçileriň, düýedir sygyrlaryň hemmesi hökürdikleşip gelerler. Düýeleriň içinde howutly-halykly ýük daşalýany örän kändir. Howlukmasaňyz, olary hem toplap alyp gitseňiz, köplük etmez – diýýär.

Kerem, bu sözleriň hemmesini diňläp we indiki etmeli işlerini oýlanyp, baryp kerwenbaşa şol baýlyklar hakynda gürrüň berýär. Döwleriň gaznasyny we mallaryny toplamagyň hem paýlaşmagyň zerurdygyny aýdyp sala salýar hem olary kömege çagyrýar, ol baýlyklary öz aralarynda paýlaşmalydyklaryny aýdýar.

Bu sözleri eşidip duran argyşçylaryň käbirleri öz aralarynda: «Keremiň şu diýýän zatlary çynmyka, patyşanyň gyzynyň jaýynda bolup ölmän çykan gijesi akylyna zyýan ýeten bolaýmasyn. Şa gyzynyň ýelginine kelle ýeňillik edip, agzyna geleni ýaňrap duran bolaýmasyn. Kyrk sany döwi bir adamyň öldürip biljegi, heý, akyla sygjak zatmy? Şeýle zady öň eşideniňiz barmy, munuň diýýän zatlary şu harabaçylykda bolsa, onda daş däl, barlaýmak boljak welin, beýle tükeniksiz döwlete eýe bolmak kellä sygmajak zat. Ýöne bu bir salgyma çapmak bolaýmasa diýişýärler. Bularyň gürrüňlerini dymyp, diňläp oturan garry kerwenbaşy:

— Dünýede her hili zadyň hem bolmagy mümkin, ynanmazçylyk etmäň, bu zatlaryň hemmesi bagt işidir. Her niçik-de

bolsa, öňürti döwlerden galan gyzyň göwnüne ýetip galanyny öz araňyzda deňje paýlaşmagyňyz gerek. Az-kem ynanmazlyk edýäniňiz derwezäniň agzyna baryp görüň, ol ýerde döwleriň maslygy barmy, eger bar bolsa agzyňyza gelen rysgy sessiz-üýnsüz gaýrat edip ýygnaň we alyp gidiň – diýýär.

Garry kerwenbaşynyň sözüni gutararyna mähetdel argyşçylardan üç-dört sanysy gidip, derwezäniň golaýyna barýarlar, porsan maslygyň ysy burunlaryndan beýnilerine çenli ornap, yzlaryna gaýdyp gelýärler we serreleşip ýatan kellesiz döwleri görendiklerini aýdýarlar. Kerwenbaşynyň maslahaty bilen argyşçylar, mallar ürkmez ýaly döwleriň maslyklaryny şol ýerdäki ullakan çukura gapgaryp, üstüni gömýärler, çöp baryny ýygyp üstüne üýşürýärler-de otlaýarlar. Soňra bolsa, Keremdir gözel peri bilen gidip, döwleriň gaznaly jaýlaryny barlaýarlar. Baýlyklaryny ýygnap, ulaga ýüklemeli edip goýýarlar. Onsoň mallaryň ugruna çykýarlar. Peri gulanlaryň, ylaýta-da döwleriň hut özleriniň münüp, öz terbiýelerine öwrenişdiren gulanlarynyň adamzatdan ürkjekdigini bilýänligi üçin argyşçylaryň hemmesini bir buky ýerde gizläp, özi üç gaýta jaň kakýar. Gulanlar derrew ýüzün salyp tozan turzuşyp gelýärler. Hemmesinden öň uly döwüň münýän gulany gelip gyzyň alkymynda durýar. Gyz bolsa gulany ýörite ýasalan agyzdyrygy bilen agyzdyryklaýarda, ýatagynda mäkäm daňyp goýýar. Beýleki münülýän we ýük ýüklenýän gulanlary hem şonuň ýaly edişdirýär. Soňra ilki gelen gulany münüp, soň harabaçylygyň günbatar çetindäki depäniň üstüne çykýar-da, gulanyň iki gulagynyň arasyny we ýeňsesini sypaşdyrýar. Gulan bar güýji bilen üç gaýta kişňeýär. Onuň sesini eşiden batlaryna döwlere degişli mallaryň hemmesi hasanaklaşyp harabaçylyga gelýärler. Gyzyň ýolbaşçylygynda düýeleriň arasyndaky howutly, halykly, owsarly erkekleri, ýük ýüklenýän gulanlary, taýýarlanylyp goýlan gymmatbaha baýlyklaryň ýanyna eltip hemmesini ykjam ýükleýärler. Gyzyň

maslahaty bilen uly döwüň münýän gulanyna kerwenbaşy, galanlaryna beýleki argyşçylar münmeli bolýarlar. Şeýle ýük bilen argyşçylar az ýöräp, köp ýöräp argyşa barýarkalar bir gije ýatyp geçen güzerleriniň ýanyna barýarlar. Ol ýerde ýük ýazdyryp, biraz dynç alýarlar. Şol halatda Kerem, usullyk bilen ot-çöpleriň arasyny barlap, iki ýarylyp taşlanan uly aždarhanyň maslygyny görýär-de talaban töwereginde gezip ýören ýaly ony küýsäp garanjaklaýar. Soňra Kerem bu wakany hem kerwenbaşa gürrüň berýär. Kerwenbaşy başlary kesilip ýatan döwleri hem ýatlap:

— Seniň talabanyň biziň salamat galmagymyza, munça baýlyga eýe bolmagymyza sebäp bolupdyr. Eger ol bolmadyk bolsa, döwlere ýetirmän, diňe şunuň özi hem biziň hemmämizi ýuwdardy – diýýär.

Birnäçe menzil ýol ýöränlerinden soň, günüň agramly bölegi geçip, gün gijigip başlaýar. Olar oňat otluk-suwluk ýere ýetýärler-de, şol ýerde agşamlamakçy bolýarlar. Ýükleri düşürýärler, ýük ýüklenýän mallary duşap goýberýärler. Kerem ýoldaşynyň özlerine birigen ýerinden çen tutup, onuň ýatan gonamçylygynyň daşda däldigini bilip, hiç kime hiç zat diýmän, adamlardan saýlanyp öwlüýä girip, ýoldaşynyň mazaryna baryp, aýat okaýar. Gaýdanda welin, ol mazaryň içinden çykyp, özi bilen ýene bir gezek hoşlaşaýjak ýaly yzyna garanjaklaýar.

Soň bolsa iň ýakyn ýürekdeş dostuny öwlüýäde goýup gaýdan ýaly gynanyp-gynanyp gaýdýar. Kerwenbaşy ýola düşen batlaryna sag-salamat gelýändiklerini buşlamak üçin öňi bilen Amanylla baýa bir daýaw atlyny buşlukçy ugradýar. Buşlukçy gapyda ardynjyraýar. Amanylla baý içerden: «Kim hem bolsaň geliber, gapy açykdyr» diýip gygyrýar. Buşlukçy jaýa girýär-de, salam berip, baý bilen görüşýär.

Amanylla baý amanlyk-saglyk soraşyp, myhmanyny düşek üstüne öz ýanyna geçirip oturdýar. Soň aýalyna çaý buýrup öz

ýanyndan: «Oba oglany hem bolsa, elbetde, bir işjagazy bardyr, ýogsam beýle gijigip gelmezdi, indem utanyp aýdyp bilmän oturan bolaýmasyn» diýen pikir bilen:

— Ýeri, hanym, sag-aman gezip ýörenmisiňiz, bize gelen özüni agasynyň-inisiniň öýüne gelen ýaly duýýandyr, çekinjiräp oturma – diýip, oňa söz açmaga ýol arçaýar. Onda buşluga gelen adam:

— Men-ä Kerem dagy bilen argyşa gidipdim. Şähere bir menzil galanda düşledik. Kerwenbaşymyz bilen Kerem ikisi maslahatlaşyp, meni size buşlukçy edip iberdiler. Kerem jan özi bilen iki sany perinem alyp gelýär – diýýär.

Şeýle hoş habar eşiden Amanylla baý özi üçin geýmäge niýetläp ýörite tikdiren ýüpek donuny buşlukça berýär. Soňra Amanylla baý aýaly bilen maslahatlaşyp, iki uly ogluny ýollap, hossarlaryny, göwün diýen adamlaryny çagyryp, olar bilen daň atan badyna argyşçylary garşylamaga ugraýarlar.

Aýalyna bolsa:

— Sen hem gelinleriň, goňşularyň bilen toý serenjamyňy tutuber – diýip tabşyrýar.

Şonluk bilen Amanylla baý atlylara baş bolup, şäherden çykyp ugraýar. Gün günorta boluberende, haýdaşyp gelýän argyşçylaryň öňünden çykýarlar. Argyşçylar we bärden baranlar atdan düşüp, görüşýärler, saglyk-amanlyk soraşyp, ýene atlanyp şähere ugraýarlar.

Argyşçylar ýolda bolan wakalary biri-birinden öňürti Amanylla baýa gürrüň berşip, şähere nädip ýetenlerini hem duýman galýarlar.

Şähere gelenlerinden soň kerwenbaşy döwlerden alnan gymmatbaha zatlary Amanylla baýyň howlusyna eltdirip, mallar paýlaşylýança, ýaş oglanlary garawul goýýar. Garawullar garawulçylygyny edýärler, beýlekiler öz ýükleri bilen hersi öz öýüne dargaýar. Amanylla baý bolsa tä daň atýança meýlis ed-

ýär. Ertesi ýene ýedi günden soň üç gije-gündizläp toý tutjakdygyny mälim edip, üç sany jarçyny goňşy şäherlerdäki we obalardaky adamlara tarap ugradýar.

Kerwenbaşy ertir ir bilen Keremiň we onuň kakasynyň ýanyna gelip:

— Hany, ol mallary we zatlary näderis? – diýeninde Amanylla baý:

— Ol baýlyklar bilen meniň işim ýok: «Ekgende ýok, dikgende ýok, harmanda häzir hoja» bolup bilmen, maňa azar bermäň-de, näme etseňiz özüňiz ediberiň – diýýär-de, ol zatlara düýbünden üns bermeýär.

Kerem hem:

— Men bir ýaş oglan pylan zeýilli edeliň diýip maslahat berip biljek däl. Hemmesine ýolbaşçylyk edip, ýygnadanam we getirdenem özüňiz. Onuň üçin hem ol zatlaryň we mallaryň hemmesini özüňiz ýolbaşçylyk edip, hiç kimiň göwni galmaz ýaly edip paýlasaňyz, men razy. Men-ä öz tarapymdan sizi wekil edýärin. Onuň üçin menden örän arkaýyn boluň-da näme etseňiz şony ediberiň. Dogrymy aýtsam, şol belalardan sag salamat galyp, sag-aman gaýdyp gelmegim meniň üçin tükeniksiz döwlet – diýip, ol işe özüniň gatyşmajagyny pugta ynandyrýar.

Kerwenbaşy:

— Kerem, oňatja bol, özüňi oglanlyga salan bolup, işiň iň jogapkärli ýerini meniň üstüme ýüklejek bolma, bu zatlary paýlamagy we adamlaryň hemmesini razy etmegi, men arkam bilen daş çekenden agyr görýärin. Onsaňam baýlyklaryň ele düşmeginiň sebäpkäri özüň. Ol zatlarda beýleki adamlaryň dahyly ýok. Diňe getirişdiler. Gazanmagyň hötdesinden gelşiň ýaly olara eýe bol. Öňüňde-de uly toýlaryň bar. Seniň edeniňe menä hasap däl, beýlekilerem razy bolarlar. Bu zatlaryň hemmesiniň nähililik bilen gazanylyşyna, oglanlaryň özleriniň aman galyşyna hemmesi oňat düşünýär – diýýär.

Onda Kerem:

— Maňa uly mallaryň birem gerek däl. Paýlaşyň-da gutaryň diýýär-de, gidiberýär.

Kerwenbaşy haýal etmän, ýoldaşlarynyň hemmesini mallaryň ýanyna çagyrýar, hem mallaryň hemmesini derrew hasaba alýar-da, ýoldaşlaryna:

— Ýeri, oglanlar, indi näme beýdişip dursuňyz, mallardan haýsyňyza näçe gerek bolsa alyň-da gidiberiň – diýýär. Emma ýoldaşlary Keremiň özüniň gelmegini talap edýärler.

Kerwenbaşy:

— Kerem ýaly ýaş oglana azar bermäň, onuň onsuz hem paýlamaly zady az bolmaz. Ýöne özüňiz gaýrat ediň-de basymjak paýlaşyň, mallary aç saklamaň – diýýär.

Kerwençiler ýene Keremiň gelmegine garaşýarlar. Soňra ony gidip alyp gelýärler. Emma Kereme gulak asman, iki gyzy hem paýa şärik etmekçi bolýarlar. Kerem düýbünden ylalaşmaýar. Onda kerwençileriň biri:

— How, millet, aslyna seretseň, bu mallaryň hak eýesi peri gyz bolmaly. Bular döwlerden oňa galan miras ahyryn. Geliň, hemmesini eltip Amanylla baýyň howlusyna gapgaralyň. Toýlaryna goşant bolar. Mallarda biziň dahylymyz ýok. Biz ony diňe getirişdik – diýýärler. Bularyň aýdanlaryny kerwenbaşy bada makullaýar:

— Asyl meniň kelläme gelmese näme? Baýlyklaryň eýesi bar eken-ä, asyl biz bulary paýlaşmakçy bolýarys. Şindi hem bolsa aýny wagtynda duýupdyrys.

Onda Kerem:

— Ol gyzyň miras eýesi bolmaga dawasy ýok. Bu diýýän zatlaryňyz onuň düýbünden ýadyna hem düşmeýär. Nirde bir ýada düşmeýän zatlary tapýarsyňyz. Şol perini, meni razy etjek bolsaňyz, oňat razylaşyp öz araňyzda paýlaň-da gutaryň. Ony

etmeseňiz, onda eger razy bolsaňyz men olaryň hemmesini şäherden çykaryp tokaýa kowaryn – diýýär.

Onda märekeden biri:

— Ähli bela beterlerden sypyp gelip çagajyklarymyza ýüzümiz düşdi. Oňat argyşlap geldik. Bize mundan uly nähili sylag bolsun? Şol sylagyň aşagyndan çykyp bilsek biz razy – diýýär.

Kerem:

— Meniň sözümi kabul etmeýän bolsaňyz, onda men kakamy we ol gyzy getireýin – diýip, öýlerine ylgap gidýär. Kerwenbaşy:

— Munuň çyny, kakasam, ol gyzam munuň sözünden çykmaz. Ylalaşaýmasak mallary şäherden çykaryp kowmaga hem ýaltanmaz – diýýär.

Az salymdan soň Amanylla baý ýany bilen Keremi we gyzy hem alyp gelýär-de:

— Ýeri, how, adamlar! Keremi näme öýkeledipsiňiz, onuň göwnüni ýykmaň-da diýenini ediň. Menem, ynha, gelnimizem şoňa razy. Basymrak paýlaşyp gutaryň-da, toýa kömege baryň! – diýip, çürt-kesik jogap berýär-de, gyssanmaç yzyna öwrülýär. Ahyrda mallar agzybirlik bilen paýlaşylýar. Gulak assa-asmasa Keremiň perisine-de bir ülüş berýärler we seslerini-üýnlerini çykarman olary Amanylla baýyň howlusyna goýberýärler.

Amanylla baý başyny ýaýkap olaryň yzyndan seredip galýar.

Amanylla baýyň toýuny uly il bolup sowýarlar. Baý toýda döwlerden galan altyn-kümüşleriň hemmesini ilata paýlaýar.

Toýdan soň Kerem bütin şäheri ýygnap, talabana uly hudaýýoly berýär. Yzyndan hem argyşa gidenler bilen birleşip, talabanyň üstüne gümmez galdyrdýar.

## GARYP OGLAN[1]

Gadym wagtda bir patyşa bar ekeni. Ol patyşanyň dogany, doganynyň hem bir ogly bar eken, özüniňem bir gyzy bar eken. Bu patyşa nansyza nan, donsuza-don paýlar eken. Munuň dogany weli ondan hiç bir zat almaz ekenem, barmaz ekenem.

Onsoň günleriň birinde ogly:

— Aý, ata, sen bizi aç horlap ýörsüň. Patyşa il-halka zat paýlaýar. Senem baryp alsaň bolmaýamy? – diýen.

Onda atasy:

— Aý, ol-a bermez, menem alman – diýen.

Onda ogly:

— Onda ata, biz horlanyp ýörmäli, şol şa agamyň gyzynyň minarasynyň ýanyna meni elt-de «Men şu oglany satjak!» diýip, minaraň aňyrsyndan bir gygyr, bärisinden bir gygyr-da, meni sat – diýen.

Onsoň oglanyň kakasy şeýdip, minaranyň ýanyna baryp: «Men şu oglany satjak!» diýip gygyryp ýören welin, patyşanyň gyzy gözenekden seretse, gygyryp ýören öz agasy. Gyz bir kenizine:

— Bar, derrew şol adamy çagyryp getir – diýen. Keniz «Bolýar» diýip, derrew gyzyň agasynam, oglunam alyp gelen.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1098$^{f}$-nji bukja. Ýazyp alan: Ş.Halmuhammedow. 1966-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 19-y.

Gyz oňa:

— Ýeri, aga, seniň doganyň patyşa, nä ogluňy satyp doganyňy biabraý etjek bolýaňmy, näme gerek bolsa men bereýin, ambaryň açaryny diýseňem bereýin, ýöne beýtme – diýen.

Onda ol:

— Ýok, men şu oglany satjak – diýip, şol eňegine tutup duran. Ahyry gyz:

— Muny nämä satjak? – diýen. Ol:

— Bara-bar jöwe[1] – diýen. Gyzam bir ýanynda arpa, bir ýanynda oglany goýup, deňe-deň edip alandan soň, oglanyň öňüne bir oýnam geçini salyp:

— Şuny bakyber – diýen. Gyz oglan her gezek mal bakmaga gidende gowy zatlardan torbasyny dolduryp berýär weli, bu oň agzynam açman getirýär – diýýär.

Ahyry gyz:

— Sen näme üçin iýeňok? – diýip soraýar.

Onda oglan:

— Bir aksakgal goja gelip şundan bir «bissimilla» etmese, açjagam däl, iýjegem däl – diýýär.

Onsoň günlerde bir gün Hydyr alaýhyssalam gyzyň ýanyna ýaşuly adam sypatynda özüni tanatman gelen. Gyz ony görenden:

— Atam, pylan ýerde bir oglan bar welin, hiç zat iýenok, şoňa bir bissimilla edip berseňiz – diýen.

Ol bissimilla edenden oglanam hezil edip iýip başlan. Onsoň günlerde bir gün Hydyr alaýhyssalam gelýär-de oglana aýdýar:

— Hudaý şol gyzy saňa ýazdy, ol seniňki – diýýär. Şa gyzyna gelýän sawçylaryň yzy üzülenokmyşyn. Ahyr bir güni patyşa bizar bolup:

[1] Jöw – arpa.

— Kim pylan ýurda öňürti gidip, şol ýurtdan heniz görülmedik bir zat getirse, şoňa gyzymy berjek! – diýen.

Weziriň ogly, wekiliň ogly gidermen bolşup ýola düşenler. Onda gyz aýdan:

— Agamyň ogly, senem git! Atyň-ýaragyň, başga gerek zatlaryň menden.

Onda oglan:

— Men gideýin, ýöne maňa zadyň gerek däl – diýen. Ondada gyz bir hasaň içini köwdürdip, horlananda gerek bolar diýip altyn-kümüş saldyryp berjek bolan weli, oglan: «Ýok, munyňam aljak däl» diýýär-de, bir tamdyryň kesewisini alaga-da, gidenleriň bir gün yzyndan ýola düşen.

Weziriň ogly bilen wekiliň ogly bolsa bardy bir çaýhana diýýär. Onuň eýesi bir söwdagär täjir ekeni. Ol ýigitlere çaý berdi, nan berdi. Garaňky düşdi welin, weziriň ogly söwdagäre:

— Biziň ýatara-da ýerimiz ýok – diýen. Onda ol:

— Aý, zeleli ýok, bize myhman bolaýyň – diýip, bulary alyp gidýär. Onsoň ol bir üç sany aşygy çykaraga-da:

— Geliň, humar oýnalyň! – diýen. Bular bilen humar oýnap, ikisiniňem atyny, ýaragyny utup alan. Onsoňam ertesi ir bilen howlusyndan çykaryp kowan. Bularam başga barara ýer tapman, ýene çaýhana baranlar.

Bir gün häki oglanam bu çaýhana gelen. Munam söwdagär öýüne alyp gaýdan. Täjir gelip, ol oglan bilenem humar oýnan welin, oglan onuň ähli mal-mülküni, emlägini üstesine häkileriň at-ýaragyny-da utup alan. Onsoňam bu zatlary söwdagäriň özüne tabşyryp: «Şularyň biri kem bolsa, seniň misiňi kakaryn» diýip, häki oglanlary agtarmaga giden. Oňa barýar, muňa barýar tapmaýar. Onsoň ýoluny dowam edip bir çöle çykýar. Ahyrda ýadap bir agajyň düýbünde ýatýar. Ýaňy irkilip başlanda beýle ýanyndaky agajyň aşagyna bir tilki, soň bir şagal gelýär, soň bir möjek gelýär.

Onsoň bular:

— Geliň, gürrüň edeliň-le – diýşip, her kim bilýän syryny aýdýar.

Ilki tilki:

— Men gijelerine şu ýerde ýatsamam, gündizlerine palan ýerde ýedi hum dünýä bar, şony saklaýan – diýýär.

Onda möjek aýdýar:

— Pylan çopanyň sürüsinde bir ala it bar, şoň kellesini alyp, otda ýakyp, beýnisiniň külüni saýlap alsaň, hem-de sokur gözlere çalsaň, sokur gözler hem açylýar, muny adamzat bilenok – diýýär.

Onsoň şagal aýdýar:

— Men pylan baýyň ýurdunda bolýan. Şonda bir daragt bar, şondan alyp, däli-telbä-de em etseň açylýar – diýýär.

Oglan bularyň üçüsiniňem diýenlerini eşidýär. Irden turýarda göni tilkiň aýdan ýerine gidýär. Barsa, aýdyşy ýaly, ýedi hum dünýä bar ekeni. Gülberini dolduryp, ondan geregini edinýär. Onsoň şol ala itli çopanyň ýanyna barýar. Barýar-da:

— Çopan jan, şu ala itiň kellesini kes-de, maňa satsana – diýýär.

Onda çopan:

— Bo-how, munam bir berip bolarmy, bu bir süri goýna ýeke özi seredýär-le – diýýär.

Onda oglan:

— Men iki süri goýnuň bahasyny bereýin – diýýär. Çopan:

— Onda bererin – diýip, itiň kellesini kesip berýär. Oglan gülberinden çykaryp, iki süri goýnuň bahasyny berýär. Soň kelläni alyp ýola düşýär. Ol çölüň içinde bir ojarlyk ýere gelip ýetende ojarlardan ýygyp-ýygyp, üýşürýär-de aşagyndan ot berip, üstüne-de zyňyp goýberýär ýaňky kelläni. Kelle-de ýanyp-ýanyp kül bolýar. Oglan onuň beýnisini alyp bir bölejik esgä düwýär-de, alyp gaýdyberýär. Öňünden hasasyny tyrkyldadyp

sokur kör gelýär diýýär. Bu hem baraga-da çalýar muň gözüne, körüň gözi ýalpyldap açylyp duruberýär. Kör begenjinden: «Men saňa näme bereýin?» diýip böküberýär. Ýogsa körüň bermäge zadam ýok diýýär. Oglan muny duýup, oňa ep-esli altyn berýär.

Onsoň oglan ýaňky şagalyň aýdan ýerine barýar. Ýaňky daragtyň şahasyndan bir hasalyk kesip alýar-da, gidiberýär. Şol gidip otурşyna bir ýurda barýar welin, oň patyşasy jar çekdirýär ekeni: «Bir gyzym bar, şol däliredi, şony açana hem gyzymy berjek hem patyşalygymy».

Onsoň oglanam jarçynyň ýanyna baryp:

— Biz bir synanaly – diýýär. Şanyň razylyk bermegi bilen oglany däli gyzyň ýanyna alyp barýarlar. Däli gyz muny görýär-de gymyldaman oturyberýär. Ýigidem oňa hasany degirýär-de yzyna çykyp gaýdyberýär. Onsoň muny patyşanyň ýanyna eltýärler. Patyşa wadasynda durýar:

— Men saňa gyzymam berjek, patyşalygymam – diýýär.

Onda oglan:

— Maňa gyzyňam, patyşalygyňam gerek däl – diýýär.

Patyşa geň galyp, oglana baýlyk hödürleýär.

Onda oglan:

— Maňa dünýä-de gerek däl, ýöne rugsat berseň bolýar – diýýär.

Patyşa haýran galyp, oglana rugsat berip, goşuny bilen ugradyp goýberýär. Ýigidiň ýoly hälki bakgalyň üstünden düşýär. Görse, hälki wezir bilen wekiliň ogullarynyň biri odunjyk salan bolýar, biri otjagaz ýakan bolýar diýýär. Oglan olara:

— Hany, indi ýurda gaýtmarysmy? – diýýär.

Onda olar:

— Bizä gaýdar ýaly bolmadyk – diýýärler.

Onda oglan:

— Men siziň atyňyzam, ýaragyňyzam gaýtaryp alyp bereýin! – diýýär. Bular söwdagärden almaly zatlaryny alyp ýola düşýärler.

Oglan agasy patyşanyň gaşyna baryp dälini açýan hasasyny, körüň gözüni açýan külüni görkezýär hem uly baýlygyň eýesi bolup gelendigini aýdýar. Patyşa wadasynda tapylyp, razylaşyp, gyzyny doganynyň ogluna ýedi gije-gündizläp toý tutup berýär we wezir-wekilleri, raýatlary bilen maslahatlaşyp, olaryň makullamagynda şalygy hem oňa bagyşlaýar. Oglan diýseň adyl şa bolup ýetişýär.

## SOWGAT[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym-gadym zamanlarda Türkmenbaý diýen ile meşhur, ady belli awçy bar eken. Ol aw awlamakda taýsyz eken. Türkmenbaý has garrap, ýüz ýigrimi ýaşy dolansoň, awa gidip bilmän, golaýjaklarynda bir ýerde gapan gurupdyr. Türkmenbaý goja gapan guran ýerine baryp görse, gapanyna bir täsin owadan guş düşüpdir. Ol guşuň çaksyz owadanlygy, ýelekleriniň dürli-dürli öwüsýän gözüňi gamaşdyryjy lowurdusy Türkmenbaýy haýran galdyrypdyr. Ol bu guşa dözmän, ony gapandan boşadypdyr-da:

— Eý, täsin guş, sen azat, meniň hatamy öt. Men ömrümde seniň ýaly üýtgeşik owadan guş göremok. Eger seniň gapana düşjegiňi bilen bolsam, men gapan gurmazdym. Sen öň hem azat, indi hem azat, bar uç, erkin ýaşa! Meniň gapan guranymyň iň soňky gezegi-de şu bolar – diýip, täsin guşy asmana uçuryp goýberipdir. Guş uçup, Türkmenbaý babanyň üstünden bir öwrüm edipdir-de, onuň edil öňünde gonup, dillenipdir:

— Eý, Türkmenbaý goja, sen meni azat etdiň, sen rehimli adam ekeniň. Men hem saňa bir ýagşylyk etmesem, ynjalyp ýaşap biljek däl. Ýör, yzyma düş – diýip uçup başlan.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1171[f]-nji bukja. Aýdan: R.Hojadurdyýew. Ahal welaýatynyň Gökdepe etraby. Ýazyp alan: B.Welbaýramow. 1970-nji ýylyň Nowruz aýy.

Türkmenbaý baba hem ýuwaşja ýöräp, ak gunduz ýaly sakgalyny sypalap, pessaýja uçup barýan guşuň yzyna düşüp ugrapdyr. Guş şol uçup barşyna aňrysyna-bärsine göz ýetmejek uly jeňňellige ýetipdir. Owadan guş Türkmenbaý goja «duruber» diýip, yşarat edipdir-de, jeňňelligiň içine uçup gidenmiş. Guş az salymdan soň dolanyp gelipdir-de, agzy bilen getiren gutusyny Türkmenbaý baba berip:

— Şu gutyny täze ýurt tutjak ýeriňde, il-günüň arasynda açgyn. Ýolda çem gelen ýerde ýeke özüň açmagyn – diýip, goja sargyt edenmiş. Türkmenbaý gojanyň ýolda gutynyň içinde nämäniň barlygyny bilesi gelip, ýüregi takat etmändir. Obalary onuň gözüne has daş görnüpdir. Bilesigelijiligi onuň erkini elinden alypdyr. Ol oba ýetmän, gutyny çöl-beýewanda açypdyr. Şol wagt asmana täsin bir tüsse tüweleý ýaly bolup göterilipdir. Ol tüsse asmany tutupdyr. Asman gara bulut bolupdyr. Ýyldyrym çakyp, gök gürläpdir. Howa açylyp, ýene-de gün çykypdyr, dünýä ýüzi ýagtylypdyr. Dünýä, töwerek-daş al ýaşyl öwsüp, göm-gök otlar çykypdyr, gülälekler, çigildemler öwşün atypdyr. Guşlar saýraşypdyr. Ol ýerde kiçijek derýa emele gelip, derýanyň boýunda biri-biri bilen gujaklaşyp oturan gür baglyk emele gelipdir. Ymgyr çölüň içinde, bag-bakjasyz ýerde kiçijek obada ýaşaýan Türkmenbaý goja uzak eglenmän obadaşlary, mal-garalary bilen bu ýerik göçüp gelipdirler. Günlerde bir gün Türkmenbaý goja öňküsinden birneme ýigdelip, baglaryň arasynda aýlanyp ýörkä, şol owadan guş oňa gabat gelip, ýokardan bir sandyjak sallapdyr. Türkmenbaý goja ol sandyjagy obadaş ýigitleriniň birine göterdip, adamlaryň arasyna eltdiripdir. Adamlar sandyjagy açypdyrlar. Sandyjakdan pil, kätmen, çarşak, palta, çekiç, aňňal çykyberenmiş. Adamlar gülşüp:

— Türkmenbaý aga, bu täsin guşuň-a bize: «Iş gurallary alyň-da, biliňizi berk guşaň» diýipdir, nädýäris, daýhançylyga başlaýarysmy? – diýipdirler.

Şunlukda, öň mal-gara bilen başagaý bolup ýören gumlular täsin guşuň kömegi bilen ekerançylyga geçipdirler.

Soňabaka Türkmenbaý gojanyň obasy bag-bakjaly uly şähere öwrülip gidenmiş.

## GYZ-ÝIGIT[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir ýurduň patyşasy:

— Her zat etmeli welin, hojalyk başyna bir ýigidi goşun üçin orta çykarmaly. Eger öz ogluň bolmasa, başga birini hakyna tutmaly welin, hökman birini dikläýmeli – diýip buýruk beripdir.

Ana, şol wagtlar bir garyp adam bar eken. Onuňam ogly ýok eken-de, üç sany gyzy bar eken. Hakyna tutaýyn diýse-de, gurby ýetmeýän eken. Ana, onsoň ol garyp iki uly gyzyny gezekli-gezegine atyny-ýaragyny guratlap, erkek eginbaşyny geýindirip, bir ýerlere ugradan bolup goýberipdir. Özi bolsa duýdurman, gijäniň ýarymynda ýaňkylaryň öňlerinden çykyp:

— Duruň, nirä barýarsyňyz? Hany näme goş-golamyňyz bolsa, orta döküň – diýip, haýbat atypdyr welin, olar: «Waý, eje!» diýşip, göteripdirler ökjäni.

Ol adam öz ýanyndan: «Bulardan-a netije çykjak däl eken, gel, şu iň körpämem bir synap göreýin» diýip, oňa hem erkek lybasyny geýindirip, ata mündürip, ýola salyp goýberipdir. Ine, gijäniň bir mahaly duýdurman, onuň hem öňünden çykyp, urýar haýbaty. Gyz welin, sarsanogam diýýär. Gaýta atyň üzeňňisine galyp, gylyç salyp, alyp barýar diýýär. Ahmal bolsaň, kelläňi şalgam ýaly edip togalaýjak, zalywat.

---

[1] Şamar. Ertekiler. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

Ana, onsoň ýaňky adam öýüne dolanyp gelýär-de, şol kiçi gyzyny erkek adam eşigine salaga-da:

— Bar, gyzym, patyşanyň haýsy ýumşam bolsa, gorkmagyn-da barybergin – diýip, şol çakylyga ýollap goýberýär.

Ýigit lybasyndaky bu gyz hem goşuna gelip, beýleki ýigitler bilen birhatarda gulluk edip geziberýär. Ýurduň patyşasynyň örän erbet adamçy bir aty bar eken-de, hiç kimi ýanyna eltmeýär eken. Ana, onsoň bir gün bu patyşa:

— Kimde-kim şol adamçy aty getirip bilse, gyzymy berjek – diýip jar çekdiripdir. Emma hiç kim ol şerti ýerine ýetirmäge döwtalap bolmandyr. Ahyrsoňy hälki ýigit sypatyndaky gyz:

— Men getireýin şol aty – diýip, ony getirmäge boýun bolupdyr. Onsoň ol agşam atasynyň ýanyna gelip, oňa bu barada maslahat salypdyr. Atasy gyzynyň aýdanlaryny diňläp, oňa şeýle maslahat beripdir:

— Seniň tutup getirmeli atyň ýalaňaçdyr. Şoňa görä-de öz münýän atyňa dört sany keçe sal. Haçan-da ol adamçy at ylgap gelende, sen öz atyňdan düş-de, şoňa garşy goýberiber. Olar garpyşyp, gemirşip başlarlar. Ýöne sen gorkmagyn, her näçe gemirşselerem, seniňki basylmazam, ejizem gelmez. Gaýta ahyrsoňy ýalaňaç at basylyp, gaçgaklap ugrar. Sen hem şol wagt bar-da, onuň agzyna torba geýdir. Onsoň eden zady bolmaz, arkaýyn it-de gaýdyber – diýipdir.

Gyz hem: «Bolýar, ata» diýip, ýigit eginbaşyny geýnip, atasynyň öwredişi ýaly edip, öz atyna dört sany keçe salyp, hälki adamçy atyň gezýän mekanyna ugraýar. At bulary görenden, agzyny hatap ýaly açyp topulýar welin, gyz hem aljyraman, atdan düşýär-de, bir ýerde bukulýar duruberýär. Şol barmanada iki at garpyşýar. Biri-birine agyz salyp, endamlaryndan goparyp-goparyp alýarlar. Emma adamçy atyň agzy keçä ilip, barha lapy keç bolýar, beýleki bolsa muny gyzyl, gara gan edip barýar diýýär. Şeýlelikde, ahyrsoňy adamçy at halys ejizläp,

ýan berip ugraýar. Gyz hem şol wagt barýar-da, onuň agzyna torba geýdirýär. Soňra öz atyna münüp, onam ýany bilen idip, patyşanyň köşgüne getirýär. Onsoň patyşa tagzym edip, adamçy aty görkezýär hem:

— Ynha, patyşamyz adamçy atyňyz-a şu bolmaly – diýýär.

Patyşa-da eden şertine görä muňa gyzyny berýär. Bu hem özüniň gyzdygyny bildirmän, ony aldym edip geziberýär.

Günleriň birinde patyşa ony ýene ýanyna çagyryp:

— Ýene bir şertim bar, şonam bitirseň, saňa ikinji gyzymy hem bereýin – diýýär. Onda gyz:

— Nähili şert? Aýdyp oturyň, bitirjek bolup synanyşarys — diýýär.

Patyşa:

— Aýtsam, suw aty bar diýip eşidýän, şony tapyp getirseň – diýýär.

Gyz hem:

— Hany, bir ugruna çykyp göreýin – diýip, ýene atasynyň ýanyna gelip, oňa maslahat salýar.

Atasy hem:

— Atyň keçesini öňküsindenem galňat-da, derýaň kenaryna goýberiber. Seniň atyňy görüp, suw atyň özi çykar. Seniň atyň ýanyna gelip, onuň bilen uruşmaga başlar. Ýöne sen howatyrlanmagyn. Ol hem iň soňunda seniň atyňdan asgynlar — diýip, gyzyň etmeli işlerini birin-birin öwredip goýberen.

Gyz hem atasynyň diýşi ýaly edip, bu aty hem irişmeläp, patyşanyň ýanyna alyp gelipdir-de:

— Ynha, suw atyňyz, patyşamyz! – diýýär.

Patyşa hem:

— Başga adam eýgeribem bilmez, hanym, bu suw atyny özüň al, gyzam al – diýip, şertinde durupdyr.

Onsoň günleriň birinde patyşa:

— Ýene bir şertim bar, şonam bitiräýseň-ä – diýip, ýene ýaňky gyzy çagyrypdyr. Olam:

— Nähili ýumuş? – diýip sorapdyr.

Onda patyşa:

— Kerk diýen bir haýwan bolmaly, ana, şonuň şahyny getiräýseň, üçünji gyzymam bereýin – diýipdir.

Gyz: «Bolýar» diýip gaýdýar-da, ýene gelip, atasy bilen geňeşýär. Atasy:

— Git, oglum, gorkma, onuň-da ugruny taparsyň. Suw atyňy derýaň içine goýbermelidir, suw atyňy alyp gitgin. Özem kerk diýlen haýwanyň dilegi kabul bolýarmyş. Belki, saňa ýagşy bir dilegem edäýedi-dä! – diýip, ýene-de gyzyna ak pata berip, ýola salyp goýberýär.

Gyz hem ýene-de ýigit lybasyna girip, suw atyna münüp, derýanyň boýuna barýar. Şol wagt bir ýerden Hydyr ata peýda bolup:

— Ýeri, oglum, bu ýerde näme işläp ýörsüň? – diýip soraýar.

Gyzam:

— Men-ä kerkiň şahyny almaga geldim, atam – diýýär.

— Be-ýe, heý, janyňa haýpyň gelenokmy, oglum, beýle hatarly işe baş goşupsyň.

— Hatarly bolsa-da, atam, kerkiň şahyny-ha almaly – diýip, gyz jogap berýär.

Hydyr ata:

— Gaty zerur bolsa oglum, menem saňa biraz kömek edeýin. Atyňy suwa goýber-de, özüňem mäkäm gizlen. Şahy men ýere gaçyryp bereýin – diýýär.

Gyz hem Hydyr atanyň maslahat berşi ýaly edişdirip, özem gizlenipdir. Kerkler üýşüp gelip, bir çukurdan suw içýär ekenler. Olaryň suw içip duran wagty, Hydyr ata-da görünmän gelip, gylyjy yzly-yzyna saldy diýýär ýaňkylaryň şahyndan. Mu-

ňa ürküp gaçan kerkler aňyrrak baryp, bir silkinipdirler welin, olaryň birenteginiň şahy ýere gaçaýypdyr.

Onsoň olar:

— Be-ýe, näme üçin şahlarymyz ýere gaçdyka?! – diýşip, derýanyň ýakasynda şol aýlanyp duranmyşlar. Ahyry olar hol beýleräkde aýak çekipdirler welin, Hydyr ata-da biriniň şahyny alyp beýleräkde garap duruberipdir. Şol barmana suw aty suwdan çykypdyr welin, ýaňky şahy onuň eýeriniň üstüne berkläpdir, ýigit lybasyndaky gyzam suw ata mündürip:

— Bar, oglum, Alla ýaryň, ýöne örän gaty gaçgyn, ahmal bolsaň ýeterler – diýip, ugradyp goýberipdir. Şeýdip, Hydyr ata gyzy ýola salýaram welin, kerkler hem ol gaçyp barýan atlyny görüp, söbügine münýärler. Gaçha-kow, gaçha-kow bolşup, bir meýdan kowalaşypdyrlar. Emma gyz ýetdirmän gaçyp gutulypdyr. Kerkler muňa näderini bilmän, çynlary bilen:

— Ýigit bolsaň-a gyza öwrül, gyz bolsaňam ýigide – diýip gargyş edenmişler.

Ana, onsoň bu gyz hem hakyt ýigit bolup duruberipdir. Şonuň üçinem ol hasam dogumlanyp, patyşanyň ýanyna gelipdirde:

— Ine, muňa kerkiň şahy diýerler – diýip, ýaňky şahy şanyň öňünde goýupdyr.

Patyşa munuň edermenligine boýun bolup, kiçi gyzyny hem oňa bagyşlapdyr.

Ol soňra atasynyň ýanyna gelip:

— Aý, ata, indi zady gaýgy etme, kerkleriň gargyşyna galyp, erkege öwrülendirin – diýip, ýagdaýy aýdyp beripdir.

Atasy köp şatlanypdyr. Ýigit patyşanyň iň kiçi gyzy bilen toý tutup, maksat myradyna ýetipdirler.

## GÜLÝAKA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň bir ogly bar eken. Ol patyşa ogly ýedi ýaşyna ýetende, ony on iki ýyllap bir jaýdan çykarman okatdyrypdyr. Oglan 19 ýaşap ýigit çykypdyr. Patyşa günlerde bir gün aýnasyz-gapysyz altyndan bir jaý saldyrypdyr. Jaýyň diňe bir diwarynda kiçijik deşik goýupdyr. Onuň diwarlaryny tekjeläp, şol tekjeleri kitapdan doldurypdyr. Aýsyz garaňky gijeleriň birinde bolsa ogluny şol jaýa göçüripdir. Ýigit şol jaýda kitap okap ýatyrmyş. Aý yzyndan aý, ýyl yzyndan ýyl geçip, oglan ýigrimi bäş ýaşapdyr. Şeýlelikde, ol şol wagta çenli ene-atasyndan başga ynsan ýüzüni görmändir.

Günlerde bir gün patyşa ogluny öýermekçi bolupdyr. Ýigit öýlenmäge garşy çykypdyr. Oňa iki-üç gezek töwella edipdirler, emma oglan edilen töwellany almandyr.

Ahyrda patyşa nalaç halda näme etjegini bilmän, ýigide ýaşajyk, owadan bir gyzy hyzmatkär goýupdyr. Ýigit muny duýup, nahary deşikden alanda, ýüzüne gara matadan perde çekipdir.

Patyşa bu ýagdaýy bilip, oda-köze düşüpdir. Ahyry başga alaç tapman, ähli müneçjimlerini, gurrandazlaryny, palçylaryny ýygnapdyr-da:

[1] Türkmen halk ertekileri. III jiltlik. II j., Aşgabat, «Ylym», 1979.

— Ogluma öýlenmezeklik keseli degipdir. Näme edende oglumy şol keselden halas edip boljak? Şonuň alajyny tapyň! – diýip gyssamaga başlapdyr. Olar hiç alaç tapmandyrlar. Soňra patyşa ähli ilata jar çekdiripdir, goňşy welaýatlara çapar ýollapdyr.

Başga bir welaýatda bir jadygöý kempir ýaşaýan eken. Günleriň birinde ol patyşanyň jaryny eşidip: «Sylagymy ýetirse, patyşanyň hyzmatyny men bitirerin» diýip, patyşanyň köşgüne gelipdir.

Muny eşiden patyşa kempiri ýanyna çagyryp, ony sylap, oňa iň gymmatbaha halat-serpaýlardan, lagly-göwherlerden berip bilenini beripdir. Munuň bilen hem kanagatlanman, kempire köşgüň iň oňat otaglarynyň birini ýaşamak üçin beripdir.

Kempir berlen sowgatlary beýlesine geçirip, jady kitabyny açyp, ýer diňlemäge durupdyr. Görse, başga welaýatda bir ýetişen gyz özbaşyna jaý saldyryp, edil şu patyşanyň ogly ýaly, ilgüne görünmän otyrmyş. Özem şol ýurduň patyşasynyň gyzymyş. Ol gyzam atasynyň: «Islän ýigdiňe durmuşa çykaraýyn» diýen sözüni ýykyp, «Asla durmuşa çykjak däl» diýip otyrmyş.

Jadygöý kempiriň güni gelipdir. Ol jady edip, özüni guş sypatyna geçiripdir-de: «Niredesiň şol gyzyň mekany?» diýip, uçup ötägidenmişin.

Az uçup, köp uçup, ençeme ýurduň, deňizleriň, derýalaryň üstünden geçip, ol gyzyň ýaşaýan mekanyna baryp ýetipmiş. Ol asmandan synlasa, köçede bir jarçy gygyryp, jar çekip ýörmüş. Gulak asyp diňlese, patyşa gyzyny durmuşa çykmaga göwnedip bilen adama ähli baýlygynyň deň ýarsyny eçiljekmiş. Muny eşiden kempir: «Hop, ýagşy» diýipdir-de, duran ýerinde gurçuga öwrülip, gyzyň ýaşaýan otagyna giripdir. Baryp gyzy elýaglyga öwrüpdir-de, ýany bilen alyp gaýdyp, oglanyň ýaşaýan ýerine getiripdir. Ony ýigidiň ýanynda ýatyryp, oglany hu-

şundan gidiripdir-de, gyza jan beripdir. Gyz huşuna gelip görse, ynha, ýüzi gül ýaly öwşün atyp duran bir nurana ýigidiň ýanyndamyş. Ol: «Meger, ýer ýüzünde bir ýigidi söýýän bolsam, ol şu oglan bolsa gerek» diýip, oňa hyrydar bolupdyr. Gyzyň oglana aşyk bolanyny aňan kempir şol wagt gyzy huşundan gidiripdir-de, oglany huşuna getiripdir. Oglan huşuna gelip görse, ynha, onuň gapdalynda aý diýseň agyzly, gün diýseň görkli bir gyz ýatyrmyş. Onuň hem oňa derrew göwni gidipdir-de, elindäki ýüzügini gyzyň barmagyna ötüripdir.

Kempir olary biri-biri bilen duşuşdyrandan soň, oglany huşundan gidirip, gyzy onuň gapdalyndan alyp gidipdir-de, öňki alyp gaýdan ýerinde goýup gaýdypdyr. Ertesi aşyk-magşuklar özlerine gelipdirler. Olar gören zatlarynyň düýşüdigine ýa huşudygyna akyl ýetirip bilmän, işdäden kesilipdirler. Özlerem şeýle bir horlanypdyrlar weli, diýip-aýdar ýaly dälmiş. Ikisiniňem dodaklaryny yşkyň heseri ýakypdyr.

Perzentleriniň bu hala düşendigini gören patyşalaryň ogullysy oglunyň, gyzlysy hem gyzynyň agyr kesele duçar bolandygyny, olary şol keselden halas eden adama sylag-serpaý ýapjakdyklaryny aýdyp, jarçylaryna jar çekdirmäge başlapdyrlar.

Jadygöý kempir bolsa ilki oglanyň atasynyň, soňra bolsa gyzyň atasynyň ýanyna baryp: «Perzentleriňiz biri-birine aşyk bolupdyr» diýipdir.

Oglanyň atasy kempirden oglunyň haýsy gyza aşyk bolandygyny sorapdyr weli, kempir oňa: «Pylan ýurduň patyşasynyň gyzyna» diýip, ýaňky jadylan gyzyny salgy beripdir.

Patyşa kempire garap:

— Eger sen ol gyzyň ata-enesini göwnedip, şol gyzy ogluma alyp berseň, saňa şunça zat bereýin – diýip, bir topar engam beripdir. Kempir oňa razy bolupdyr. Soňra kempir ýigidiň ýanyna baryp:

— Sen şähdiňi açyk tut, gaýgy-gam çekme, gyzy hökman getirerin – diýipdir-de,  özi gyzyň kakasynyň ýanyna ugrapdyr.

Kempir gyzyň kakasynyň ýanyna barsa, ol hem:

— Eger sen şol ýigidi gyzymyň ýanyna getirseň, seni bir welaýata häkim edeýin – diýip, oglanyň kakasynyň beren zadyndan hem köp zat bermegi wada edipdir.

«Zat bereýin» diýseň, bu kempirleň jany barmy näme?! Ol derrew gyzyň ýanyna barypdyr-da:

— Sen beýdip perişan bolup oturma, ýigit seniňki bolar – diýip, ýigidi jadylapdyr-da alyp gaýdypdyr. Getiribem salypdyr gyzyň gujagyna. Pah, ýetişen ýigit bilen ötüşen gyz özüňize belli, ýylan ýaly çyrmaşyp ýatyberipdirler.

Aýdan-aý, günden-gün geçipdir. Bir gün säher wagty ýigit bir ah urupdyr weli, gyz ýigidiň çeken ahyna ukudan oýanypdyr.

Gyz:

— Mähribanym, sen altyn köşkde ýaşaýaň. Daş-töweregiň gülzarlyk. Näme kemiň bolup ah çekdiň? – diýipdir.

Onda ýigit:

— Bu aýdýan zatlaryň hemmesi dogry. Ýöne men pylan ýurduň patyşasynyň ýeke perzendi. Kakam, ejem ilim-günüm ýadyma düşdi-de, şolary göresim gelip, ah çekäýdim – diýipdir.

Gyz ertir turanlaryndan soň, adamsynyň diýen zatlaryny kakasyna aýdypdyr weli:

— Siziň ikiňizem meniň jan ýaly perzentlerim bolduňyz. Nirede ýaşasaňyzam, nirede gezseňizem, başyňyz dik bolsa bolany – diýip, oglanyň Watanyna gitmäge rugsat beripdir. Ol kyrk düýäni altyn-kümüşden ýükläp, öňlerine serkerde salyp, olara ak pata beripdir. Ýolagçylar ugraberenlerinde, gyzyň ejesi yzlaryndan ýetip:

— Gyzym, sag-aman baryň. Gezen ýeriňizde sag geziň, agzybir ýaşaň. Ine, şu gülýakany hem al-da dakyn. Ony ahmal etme. Eger şu gülýakany ýitiräýseň, öz mähriban ýaryňdan jyda düşersiň – diýipdir-de, gyzynyň boýnuna bir gülýaka dakypdyr. Onsoň bular ýoluny dowam etdiripdirler.

Ýigitdir gyz ýanyndaky adamlar bilen ençeme gün ýol ýöräp, ahyrda bir ýerde dynç almak üçin düşläpdirler. Täze çatynjylara päsgel bermezlik üçin, olaryň çadyryny bir çetden gurdurypdyrlar.

Telim günüň ýadawlygy sebäpli, ýigitdir gyz az salymdan uka gidipdirler.

Ýarygije boluberende olaryň çadyrynyň üstünde bir guş saýramaga başlapdyr. Guşuň sesine ýigit oýanypdyr. Görse, çadyryň içi ýap-ýagtymyş. Aýyň şöhlesi gyzyň boýnundaky gülýakanyň gaşlaryna düşüp, çadyryň içini ýagtyldyp durmyş.

Ýigit gülýakany elläp görmekçi bolupdyr. Ýene hem gyzy turuzmakdan ätiýaç edip, onuň bagyny kesipdir-de, gülýakany gyzyň boýnundan alyp, ony daşarda aýyň ýagtysyna synlamaga durupdyr. Edil şol pursat çadyryň depesinde saýrap oturan guş ganatlaryny gerip aşak düşüpdir-de, onuň elindäki gülýakany alyp gaçypdyr. Ýigit hem gijäniň içinde ýoldaşlaryny örüzmekden çekinip, ýaňky guşy kowalamaga başlapdyr.

Olar bir gije-gündiz kowalaşypdyrlar. Şol gidip baryşlaryna guş bir deňziň üstünden uçup geçende, oglanam bir gämä münüpdir.

Ahyrda guş şol gaçyp gidişine baryp, bir dagyň gowagyna giripdir, ýigidem onuň yzyndan giripdir. Ol gowakda oglana bir adam duşupdyr.

Ol adam ýigide:

— Bu ýere at gelse toýnakdan, adam gelse aýakdan galýandyr, inim. Men hem aşpez bolamsoň, diri gezip ýörün. Sen nädip bu ýerlere düşdüň? – diýipdir.

Ýigit bolan işleri ol adama gürrüň beripdir.

Onda ol adam:

— Seniň bu ýere geleniňi bilseler, döwler her tikäňi gulagyň ýaly ederler. Onuň üçin ysyňy döwleriň ysyna öwrüp, seni gizläýin, şonda döwler bilmezler – diýipdir-de, oglany döwleriň suwa düşünýän gazanyna eşigi-zady bilen salyp çykarypdyr. Onsoň ony bir buky ýerde gizläpdir. Ertesi ir bilen döwler işli-işine gidipdirler. Olaryň gidenine mazaly göz ýetiren ýigit aşpeze garap:

— Agam, gülýaka tapylmasa, men bu ýerden gitmerin. Ýöne sen gaýrat et-de, maňa kömek et – diýip, ýalbarmaga başlapdyr.

Aşpeziň oňa rehimi gelip, döwleriň gizläp giden gülýakasyny alypdyr-da, oglanyň eline tutdurypdyr.

Ýigit gülýakany alyp begenjinden ýaňa aşpez bilen hoşlaşmagy-da, oňa minnetdarlyk bildirmegi-de ýadyndan çykaryp, gowakdan atylyp çykyp, haýdan-haý ýola düşüpdir. Ol ylgawyny ýazdyrman, hälki gämä münüp geçen deňziniň kenaryna gelipdir. Gelse, deňizde gämi ugrajak bolup durmuş. Ol hasyr-husur oňa münüp, mazaly jaýlaşypdyr. Diňe şol mahal onuň aşpez bilen hoşlaşman gaýdandygy ýadyna düşüpdir. Ol ähli zadyny gämide goýup, gäminiň hojaýynynyň ýanyna baryp, aşpez bilen hoşlaşyp gelýänçä, özüne az-owlak garaşmaklaryny haýyş edipdir. Gämiçi oňa razy bolupdyr. Oglan ýene-de yzyna aşpeziň ýanyna ylgapdyr. Gowaga baryp görse, gülýakany bereni üçin, döwler aşpezi öldüripdirler-de, özleri hem çykyp gidipdirler. Oglan bu ýagdaýa gynanyp: «Indi aýagym bilen ge-

lipdirin. Gelenime görä, bu bendäniň jesedini topraga duwlap ötägideýin» diýip, ony jaýlamaga durupdyr.

Oglan gynanyp-gynanyp aşpezi jaýlapdyr. Soň ylgaşlap gämiçiniň duralgasyna gelse, gämi bir eýýäm ugrapdyr. Onuň ähli goşy-golamy hem şol gämi bilen gidipdir. Şeýdip, oglan kenarda galyberipdir.

Ýigit bu ýerde galybersin, indi habary kimden eşit, uklap ýatan gelinden eşit! Ol daňa golaý oýansa, ne gülýakasy bar, ne-de ýigit. Onsoň ol hiç kime bildirmän, ýalňyz özi äriniň gözlegine çykypdyr. Ol ýolda bir çopanyň goşuna baryp, ol ýerdäki garry çopandan bir laý erkek eşigini alyp, olary geýip, ýoluny dowam etdiripdir. Gelin başga bir patyşalyga baryp, şol ýerde ownuk-uşak söwda-satyk işleri bilen meşgullanmaga başlapdyr. Gyz erkek eşiginde bolany sebäpli, hiç kim ony aýal maşgaladyr öýdüp güman etmeýär eken. Ýöne welaýatdaky adamlar gözelligine haýran galyp, ony ýörite görmäge geler ekenler. Gyzlar gitse, oglanlar gelipdir, oglanlar gitse, gyzlar gelipdir. Şeýdip, onuň söwda-satyk işleri hem kem-kemden ugrugyp başlapdyr.

Aý yzyna aý, ýyl yzyna ýyl geçipdir. Günleriň birinde bu owadan «ýigidiň» tarypy patyşanyň gyzyna baryp ýetipdir. Patyşanyň gyzy bu habary eşidenden, bezenip-beslenip ol «ýigidi» görmäge gidipdir. Görse, ynha, bir syrdam boýly, ak ýüzli, galam gaşly, ýaňaklary nar deý lowurdap duran owadan ýigit. Ony görmäge göz gerek diýýär. Patyşanyň gyzy bu «ýigidi» görenden, oňa aşyk bolupdyr. Barybam derrew kakasyna buşlapdyr.

Gyzynyň aşyk bolandygyny eşiden, patyşa ol «ýigidi» köşgüne çagyrypdyr-da:

— Meniň gyzym saňa aşyk bolupdyr. Şonuň üçin men ikiňiziň toýuňyzy tutjak – diýipdir.

— Maňa üç ýyla çenli öýlenmek bolmaýar. Eger şu möhlete razy bolsaňyz, men siziň gyzyňyza öýlenmäge razy – diýip, ol jogap beripdir.

Patyşadyr gyzy bu möhlete razy bolup, ýedi gije-gündiz toý tutupdyrlar. Toý sowlandan soň, «ýigidi» patyşalygyň başga bir welaýatyna häkim edipdirler. Şeýdip, olar ýaşaberipdirler. Aradan bir ýyl çemesi wagt geçipdir. Günlerde bir gün oglan eşigindäki gelin häkimlik edýän welaýatynyň içinden geçýän uly derýanyň kenaryna gezelenje çykypdyr. Şol wagtam derýa bilen bir gämi ýüzüp, kenara gelipdir. «Oglan» gämidäki adamlara salam berip:

— Ýeri, myhmanlar, gezen ýerleriňizde näme geň-enaýy zat gördüňiz? – diýip sorapdyr.

Onda gämiçileriň biri:

— Aý üýtgeşik görüp-eşiden zadymyz ýok. Ýöne pylan welaýata ýüzüp gelenimizde, üýtgeşik owadan bir ýigit gördük. Ol döwleriň mekanynda ýaşaýar eken. Onsoň ol biziň gämimize mündi-de, goş-golamyny gämide goýup: «Men biri bilen hoşlaşyp geljek weli, goşlarym şu ýerde dursun. Az-owlak garaşaweriň, özümem tiz öwrülerin» diýdi-de, şol gidişi-gidişi boldy. Öwrülip gara bermedi. Ynha-da onuň goşlary – diýip, ol ýigidiň goýup giden zatlaryny görkezipdir. «Ýigit» gülýakany gören dessine, onuň öz gülýakasydygyny tanapdyr. Ýene hem ol şol gämiçä garap:

— Eger sen şol hoşlaşmaga giden ýigidi şu ýere alyp gelseň, saňa islän zadyňy bereýin – diýip ýalbarmaga başlapdyr. Gämiçi gyzyň islegini ýerine ýetirmäge razy bolupdyr. Ol yzyna öwrülip, alty aýlyk ýoly alty günde geçipdir-de, gyzyň adamsyny getiripdir. Edil şol wagt «ýigidiň» öýlenen gyzynyň kakasy ölüpdir. Patyşa ölmezinden öň: «Meniň ýerime giýewimi patyşa ediň» diýip wesýet edipdir. Gyzyň kakasynyň wes-

ýetini berjaý edip, onuň «giýewisini» patyşa etjek bolupdyrlar welin, ol geçen wakalaryň hemmesini ähli jemagata gürrüň beripdir. Jemagat onuň gürrüňini diňläp, bolan işlere haýran galypdyr. Soňra bolsa ölen patyşanyň gyzyny başga bir ýigide durmuşa çykarypdyrlar. Gülýakaly gelniň adamsyny bolsa özlerine patyşa saýlapdyrlar.

Gülýaka bagtly maşgalalaryň bezegi. Belki, onuň häzire çenli saklanyp gelmegi hakyky aşyk-magşugy maksat-myradyna ýetirendigi üçindir.

# GURJAK GYZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda, Günüň nury düşen, Aýyň nuruny saçan ýurdunda bir goja bilen garry kempir ýaşaýar eken. Olar günüň-güni hysyrdanyp ölmez ödi gazanar ekenler. Gün batdygam: «Wah, perzentsiz ötmeli boldukda» diýşip, her gije ahmyr edip daňlaryny atyrar ekenler.

Günlerde bir gün meýdanda hoşa çöpläp ýörkä, ýaňky goja owadanja, edil janly ýalyjak bir gurjak tapypdyr. Görse, gurjak kemi ýok, agyz ýerinde agzy, göz ýerinde gözi, kirpikleri syh-syh, aý garaz, on iki synasy ýerbe-ýermiş. Goja begenip, gurjagy goltugyna salypdyr. Öýüne gelip kempirine görkezse, ine, edil şol wagt Beýik Biribaryň gudraty bilen gojanyň tapan gurjagyna dil bitdipdir. Ol sekiniň üstünden böküp düşüpdir-de:

— Ýüregiňizde arman galmasyn. Men siziň perzendiňiz. Zada hor-zar etmen – diýip, jedir-jedir edipdir.

Bu sözi eşiden iki garrynyň depesi göge ýetipdir. Kempir gurjagy garbap alyp, bagryna basypdyr. Goja bolsa:

— Kempir, gurjaga at dakaly diýip, begenjinden ýyljyraklap uçaýjak bolupdyr. Kempir hem:

— Daksak dakaýaly – diýipdir.

— Gurjaga haýsy at gelşerkä?

— Gurjak gyz ýaly-la, goý, ady Gurjakgyz bolsun.

---

[1] Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Ylym», 1986.

— Gurjakgyzyň ady özi bilen garrasyn! Iýjegi öňünde, iýmejegi yzynda, bagty alnynda, nebsi yzynda bolsun!

Garrylar begene-begene iki bolup bilmändirler. Öň: «Hoşa tapylarmyka, tapylmazmyka?» diýşip, gününi ötürýän bu biçäreler Gurjakgyzly bolandan soň, wagtyň nähili geçýänini hem bilmändirler. Gurjakgyz garyp öýe hem çaga, hem bagt bolup giripdir. Goja bazardan ýüň daşapdyr. Gyz haly dokapdyr. Kempir halyny bazarda satypdyr. Şeýdip, olaryň maşgalasy kem-kemden gurplanyp başlapdyr.

Gün yzyndan gün geçipdir, aý yzyndan aý dogupdyr. Gurjakgyz ulugyz bolup ýetişipdir. Onuň aý diýseň agzy barmyş, gün diýseň gözi barmyş. Gyz ýetişse ne bolar? Geň-enaýy toý bolar. Gurjakgyz: «Başymy bir bogduraýyn basym gelerin» diýip, gojadyr kempir bilen hoşlaşyp, ýola düşüpdir.

Ol aç ýöräp, köp ýöräp, şol gidip barşyna öňünden bir goýun çopany çykypdyr. Gurjakgyzyň görküne aňk bolan çopan:

— Nirä barýaň? – diýip sorapdyr.

Onda Gurjakgyz:

— Är alsa, äre barýan, är almasa göre barýan – diýipdir.

— Maňa geläý!

— Toýuma näme soýjak?

— Guzujyk soýjak.

— Garyn bokun kim silkjek?

— Aýalym silkjek.

— Eýýäm etegim poh boldy – diýip, gyz ýola düşüpdir. Az ýöräpdir, köp ýöräpdir, gün çäşe galanda, Gurjakgyz sygyr çopana duşupdyr.

Çopan:

— Nirä barýaň? – diýip sorapdyr.

— Är alsa, äre barýan, är almasa göre barýan – diýip jogap beripdir.

— Maňa geläý!

— Toýuma näme soýjak?
— Gölejik soýjak.
— Garyn bokun kime silkdirjek?
— Aýalym silker.
— Eýýäm etegim poh boldy – diýip, sygyr çopany hem ýolda goýup, gidiberipdir.

Çölden ötüpdir, gumdan geçipdir. Gün ýere salam berende, bir obanyň eteginde ekin ekip ýören daýhan ýigidiň ýanyna ýetipdir. Ýigit Gurjakgyzdan nirä barýanyny sorapdyr. Gurjakgyz jedir-jedir edip:

— Är alsa, äre barýan, är almasa, göre barýan – diýipdir.
— Maňa geläý!
— Toýumda näme bişirjek?
— Bugdaý ýarmasyny bişirjek.
— Bugdaýy kim ýarjak?
— Degirmen ýarjak.
— Saňa baraýaryn.

Gurjakgyz daýhan ýigide wada berip, ony garry enesi bilen gojanyň ýanyna golundan tutup alyp gelipdir. Iki garry gyzsyz ýerden gyzly, ogulsyz ýerden ogully bolanyna begenişip, iki bolup bilmändir. Kyrk sany kyrk gulakly gaçany ataryp, kyrk gije-gündiz toý beripdirler. Toýuň toý kemi galmandyr. Gurjakgyz bilen daýhan ýigidiň ady-owazasy patyşalyga baryp ýetipdir. Patyşa daýhan ýigidi edermen görüp, özüniň weziri edip alanmyşyn. Sada hem pähimli daýhan ýigit, Gurjakgyzyň akyl-nesihaty bilen abraýly adam bolanmyşyn. Il-ulusa delalaty ýetip, alkyş baryny alanmyşyn.

## SATYLAN DÜÝŞ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir garry adam kempiri bilen ýaşaýan eken. Olaryň ogly-gyzy bolmandyr. Olar örän garyp ekenler. Bir gije garry baba düýş görýär, düýşünde onuň her egniniň üstüne bir bilbil gelip gonýar, ertesi goja düýşüni aýalyna aýdyp berýär-de, düýşüniň ugruna gitmekçi bolýar. Gojanyň aýaly ilki onuň düýşüniň yzyndan gitmegine razylyk bermeýär. Onda baba:

— Meniň ýaly garybyň ykbaly düýşünde beýan bolýandyr. Men gitjek – diýýär.

Soňra aýaly hem onuň bilen razylaşýar. Goja şaýyny tutup, ýola rowana bolýar. Birnäçe menzil ýol ýöräp, ol bir süri goýun bakyp ýören çopanyň üstünden barýar. Goja bu çopanyň ýanynda dem-dynjyny alyp, onuň bilen gürrüňdeş bolýar. Ol öz gören düýşüni çopana bolşy ýaly aýdyp berýär. Çopan:

— How, atam, seniň ýaly ak sakgala şunuň ýaly düýş nämä gerek? Iň gowusy men saňa on sany goýun bereýin welin, sen düýşüňi maňa sataý – diýen.

Goja:

— Goý, seniň aýdýanyň näme, heý-de munuň ýaly düýşi on goýna berip bolarmy? – diýen.

— Bar, onda, ýüz goýun bereýin.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 938$^{f}$-nji bukja.

— Ýok, bolmaz, ýüz goýna beýle düýş berilmez.
— Bolýar onda, bäş ýüz goýun bereýin.
— Ýok, hiç bolmaz.
Çopan:
— Aý, atam, onda men saňa şu goýun taýagyma çenli bereýin. Sen şu düýşüňi maňa sat — diýen.
Goja ahyry muňa razy bolup, düýşüni çopana satýar. Çopan goja bilen hoşlaşyp, ýola düşýär. Az ýöräp, köp ýöräp birnäçe menzil ýol geçip, bir çar baglygyň üstünden barýar, baryp görse, bu bagda bilbiller saýrap, bulaklar akyp, güller açylyp, bir ajaýyp ýer diýýär. Baglaryndan ok atsaň, geçjek dälmiş. Çopan bagyň içinde aýlanyp ýörkä, ynha, bir görse, bir owadan köşk, köşgüň işiginde, agajyň düýbünde bir beg ogly eline täsin bir gyr atyň jylawyny dakyp, uklap ýatyrmyş. Bu ýigidiň birine garaşyp ýatandygyny çopan aňyp, onuň elinden atynyň jylawyny kesip alýar-da, onuň ýerine özi garaşmaga başlaýar. Biraz wagtdan soň, onuň gözi köşgüň ýokarsyndan görünýän agzy gözelgi bir doly horjuna düşýär. Çopan ol horjuny alyp, atyň syrtyna bökderýär. Ýene birazdan soň bolsa bir perizat gökden gizlinlik bilen sallanyp düşýär. Çopan bu owadan gyzy atyň syrtyna alyp, ýola düşýär-de gidiberýär. Ol perizada garaşýan beg ogly bolsa, şol uklap ýatyşyna habarsyz ýatyp galýar. Çopan perizady syrtyna alyp barýarka, bu gyz: «Be, bu oglan kimkä? Öz-ä çopan bolmaga çemeli, ýöne bu ýigit düýe çopanymyka ýa sygyr çopanymyka, ýa goýun çopanymyka? Gel, muny bir synap göreýin» diýen. Birsellem ýöränlerinden soň, bularyň öňünden bir ýandaklyk meýdan çykypdyr. Gyz: «Wah, şu meýdanda bir düýe baksadyň» diýýär welin, oglan sesini çykarmaýar. Aňyrrak barypdyrlar weli, ynha, bir gamyşlyk, çaýyrlyk meýdan öňlerinden çykýar. Gyz: «Häk, bu ýerde sygyr bakaýsaň» diýýär weli, oglan ýene-de sesini çykarmaýar. Ýene aňyrrakdan, öňlerinden bir gülälekli begres ýaly bolup ýatan

otluk meýdan çykýar. Gyz: «Wah, bu meýdany…» diýenden çopan:

— Häk, şu ýerler tüýs goýun bakar ýaly ýer eken. Guzularyny bir tarapa, enelerini bir tarapa goýberip, arasynda mollatorgaýlaryň sesini diňläp, arkan düşüp asmany synlap ýatsaň, goýunlar hem şol agyp-dönüp gezip ýörseler – diýen.

Peri ýigidiň gürrüňinden onuň goýun çopandygyny bilýär. Soň «Çopan» diýip, onuň adyny tutmaga başlaýar.

Birnäçe gün atly ýol ýöräp, çopan bilen peri bir şähere ýetýärler we ol şäheriň çetinden jaý alyp, ýaşamaga başlaýarlar. Aradan dört-bäş aý geçenden soň peri çopana:

— Çopan, ikimiz hem beýdip işsiz ýatmaly-da, indi eklenç aladasyny edeli. Sen bazara bar-da, her dürli reňkde ýüpek alyp gel. Men tahýa bejereýin, soň sen ony bazarda satarsyň, iň bolmanda çaý-suwumyza ýeter – diýýär.

Çopan hem periniň aýdanlaryna razy bolýar. Ol perizatdan pul alyp, bazara ýüpek almaga ugramakçy bolýar. Şol wagt peri oňa şeýle sargyt edýär:

— Çopan, bir-ä nesýe zat almagyn, hemem köse adam bilen söwda etmegin, işiň oňuna bolmaz.

Çopan bazara barýar. Baran derwezesiniň agzynda her dürli ýüpekleri satyp oturan bir köse adama gabat gelýär. Çopanyň göwni gidip, onuň ýüpeklerinden saýlap almaga başlaýar. Saýlap alan ýüpekleriniň puluny bermäge durýar welin, çopanyň puly ýetmeýär. «Galan puluňy öýde bereýin» diýip, çopan köşäni yzyna tirkäp öýüne gelýär. Köse onuň gözel perisini görüp, aňkaryp galýar. Çopandan algysyny alan badyna patyşa buşlamak üçin onuň köşgüne ylgaýar.

Patyşa patyşa bolýar, ol derrew buýruk berip, çopany perisi bilen köşgüne getirýär. Çaksyz owadan ýalkym salyp duran peri patyşanyň akylyny jylawlaýar. Ol çopana syr bildirmän:

— Eger sen biziň şäherimizde ýaşamakçy bolsaň, maňa nökerlige geç – diýýär.

Şeýlelikde, çopan patyşa nökerlige geçýär. Aradan esli wagt geçenden soň köse bilen patyşa maslahat edip, çopandan dynmak üçin oňa Gara baýtalyň süýdüni getirmegi buýurýarlar. Çopan uly gaýga batyp öýüne gelýär. Perisi ony garşy alyp, hal-ahwalyny soraýar. Çopan perä patyşanyň tabşyran ýumşuny bolşy ýaly edip aýdýar. Peri:

— Hä, bu işleri şol seniň yzyňa tirkäp gelen köse «dostuň» edýändir. Şonuň jany sag bolsa, bular ýaly ýumşuň telim dokuzsyny görersiň. Bar-da, patyşadan kyrk gün möhlet al, patyşanyň sürüsinde gezýän ala ýabysyny diläp al – diýýär.

Çopan hem ertesi turup, patyşanyň ýanyna barýar, şol ala ýaby bilen kyrk gün möhlet soraýar.

Patyşa:

— Eger şol ala ýaby bilen iş bitirerçe bolsaň, bar saňa segsen gün möhlet – diýýär.

Çopan baryp ýylkynyň içinden ala ýabyny tapýar. Ol ýaby öler ýaly hor eken, hatda ýerinden hem galyp bilmän ýatan ekeni.

Çopan ony getirip, kyrk gün bakýar. Ala ýaby gün-günden semräp, örän daýaw bolýar. Kyrkynjy gün ala ýaby çopana garap:

— Sen näme maksat bilen meni beýle hezzetläp bakdyň – diýip soraýar.

Çopan:

— Seni münüp gidip, Gara baýtalyň süýdüni getirjek – diýär.

Ýaby:

— Arman, öň bilen bolsam, sizden gaçyp giderdim. Ozal hem men şol Gara baýtaldan gorkyma gan siýip, şeýle arrykladym. Indi bolsa nätjegimi bilmeýärin. Sen bolsa meni bakdyň,

bejerdiň, näme-de bolsa ýumşuňy bitirmäge synanyşyp göreýin. Ýöne sen kyrk gulaç biýz bilen kyrk sany hem öküz hamyny tapyp getir – diýýär.

Çopan ýabynyň aýdan zatlaryny tapyp getirýär, çopan ilki öküziň hamlaryny ýeke-ýekeden ýaba geýdirýär, soň bolsa biýz bilen pugta saraşdyrýar. Soň ýaba münüp ugraýar weli, at şeýle bir uçýar, çopan at bilen ala bulutlaryň içine garyşyp barýar. Ahyrynda ala ýaby bir dagyň etegine baryp düşýär. Çopany bir dagyň köwegine salyp, onuň üstünde degirmen daşyny goýup, bir kiçijek deşikden yşyklap oturmagyny tabşyrýar:

— Eger men Gara baýtaldan basylsam, sen ölersiň, ýeňäýsem Gara baýtaly idip äkidip, patyşa bereris – diýýär. Şondan soň ala ýaby meýdana çykyp bir kişňeýär weli, daglar-daşlar lerzana gelýär. Gara baýtal hem jogap berip, bir kişňeýär welin, asmandan buz ýagmaga başlaýar. Iki ýaby ylgap gelip garpyşyp asmana uçup gidiberýärler. Gara baýtal her agyz uranda, bir öküziň hamyny goparyp taşlaýar. Ala ýaby her agyz uranda, bir bölek et goparyp zyňýar.

Şeýlelikde, kyrk gezek çaknyşandan soň, ala ýabyň güýji artyk bolup, ahyry ýeňýär. Çopan Gara baýtaly idip patyşa getirip berýär we:

— Ynha, patyşamyz, Gara baýtalyň diňe süýdüni getirmek däl, men onuň özüni hem getirdim, sagyp, gymyz tutup, iç-de otur – diýýär.

Soňra patyşa ýene köse bilen maslahatlaşýar. Olar çopany Gülhakgas periniň ýetişdiren güllerinden getirmäge ibermegi ýüreklerine düwýärler.

Çopan öýlerine uly gaýgy-gam bilen barýar. Perisi ony garşy alýar:

— Näme ýene ýüzüň salyk, janyň sagmy? – diýip soraýar. Çopan:

— Janym-a sag welin, ýöne patyşa ýene kyn ýumuş buýurdy – diýýär.

— Näme ýumuş buýurdy? Şol kösäň jany sag bolsa, ýumşuň yzy gutarmasa gerek – diýip peri gaharlanýar.

Çopan öz perisine Gülhakgas periniň gülünden getirmegi buýrandygyny aýdýar. Peri:

— Bularyň hemmesini patyşa kösäniň üsti bilen edýändir. Sen patyşanyň bu ýumşuny hem ala ýabynyň üsti bilen bitirip bilersiň – diýýär.

Çopan ala ýabynyň ýanyna baryp, patyşanyň buýran ýumuşyny aýdýar.

Ala ýaby:

— Mün, arkama – diýýär.

Çopan ala ýabynyň arkasyna münüp ýola düşýär. Bular birnäçe menzil ýol geçip, ahyry Gülhakgas periniň bagynyň bir ýanyndan barýarlar.

Ala ýaby:

— Hanha, bir gara öý görünýär, şol öýde garry döw aýal bardyr. Eger şoňa ýalbaryp, onuň göwnünden tursaň, şol kömek berip biler. Men bolsa şu giden meýdanda otlap, saňa üç gün garaşaryn, üç günden gelmeseň, seniň öldügiň bolar. Ondan soň men yzyma öwrülerin – diýýär.

Çopan ala ýabynyň ýanyndan ugraýar, döw kempiriňkä baryp, salam berýär.

Kempir:

— Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym. Bu ýerlere gulan gelse, toýnagyndan, guş gelse ganatyndan aýrylýandyr, sen nädip düşdüň? Ber derrew habaryňy! – diýýär.

Çopan kempire habaryny aýdýar we oňa ýalbarýar. Kempir çopana kömek berjegini aýdýar we oňa:

— Sen ho-ol görünýän çar baga bararsyň, bagyň ortasynda howuz bardyr, şol howzuň gyrasyndaky gülleriň arasynda bu-

kulyp ýatarsyň. Biraz wagtdan birtopar kepderi uçup gelip, peri bolarlar. Olaryň hemmesi geýimlerini bir ýerde goýup suwa düşmäge başlarlar, emma şolaryň arasyndan biri öz geýimini başga ýerde özbaşyna goýar. Şol Gülhakgas peridir. Haçan-da periler suwa düşmäge başlanda, sen Gülhakgas periniň geýimlerini alyp gaçgyn – diýýär.

Çopan edil döw kempiriň aýdyşy ýaly edýär. Haçan-da Gülhakgas periniň geýimlerini alyp gaçanda, Gülhakgas ýigidiň yzyndan «Taşla geýimlerimi, näme işiň bolsa bitireýin» diýip gygyrýar welin, çopan yzyna ýalta gaňrylyp seredýär. Şol bada duran ýerinde daşa öwrülýär. Ertesi bu ýagdaýy döw kempir duýup, jady dogasynyň üsti bilen ol daşy ýene adam görnüşine öwürýär. Kempir oňa: «Indi yzyňa seretmän, geýimini alyp gaçgyn» diýip, maslahat berýär. Çopan ikinji gezek şol howzuň gyrasynda başga bir gülüň arasynda gizlenip ýatýar. Çopan Gülhakgas peri geýimini çykaryp goýandan ony alyp gaçýar. Ýetdirmän, getirip kempire berýär. Kempiriň jadysy Gülhakgas periniňkiden has güýçli çykýar. Çopan Gülhakgas perini ala ýabynyň syrtyna mündürip, öýüne gelýär. Öz perisi bu ýagdaýy görüp örän şat bolup, bulary garşy alýar. Ol çopan bilen ala ýabyny bir ýerde gizläp, howlynyň içini gaty arassa edip süpürýär. Ol gije ýatyp, ertesi säher wagty bolanda, Gülhakgas periniň joralary uçup gelýärler. Olar saz-söhbet guraýarlar. Şol saz-söhbetde Gülhakgas peri her jak-jaklap gülende, näzenininiň agzyndan gül desseleri etegine dökülýär. Çopanyň perisi bolsa ol güllerden bir horjuny dykalap doldurýar. Daň atandan soň saz-söhbet kesilýär. Gülhakgas periniň joralary uçup gidip, ýeke özi galýar. Ertesi çopan gül salnan horjuny alyp, eltip, patyşanyň öňüne taşlaýar. Beýle owadan hem täsin ysly gülleri ömründe görmedik patyşa olary ysgap-ysgap doýmaýar, hem çopana şol periniň özüni getirmegi buýurýar. Pa-

tyşa sözüni gutarmanka, Gülhakgas peri uçup barýar-da edil, patyşanyň garşysynda gonup, bir silkinip peri sypatyna geçýär.

Patyşa aňk bolup, dili tutulyp galýar. Peri oňa:

— Ynha, men, gördüň dälmi? Indi ýigide azar berme – diýýär-de, ýene kepderä öwrülip uçup gidýär. Jadylanan ýaly bolan patyşa esli wagtdan soň özüne gelýär. Aradan birnäçe gün geçenden soň, köse ýene-de patyşanyň ýanyna gelýär hem-de patyşa garap:

— Goý, çopan kyýamatdan hem-de patyşanyň ölüp giden ata-enesinden hat-habar getirsin. Şeýle diýip buýruk beriň – diýip maslahat berýär. Emma Gülhakgas peri patyşany gorkuzyp gidenden soň, ol daşa öwrülerin gorkusy bilen çopana beýle buýruk bermäge ýaýdanýar. Ýöne muny kösä duýdurmaýar. Emma köse: «Men ony özüm seň adyňdan ibererin» diýip, ýene çopany çagyrdýar we oňa ýokardaky buýrugy berýär.

Çopan ýene uly gaýga galyp öýlerine barýar. Indi çopanyň öýünde biri-birinden akylly iki peri bar, bulardan emel gutuljakmy? Bular derrew çopanyň hal-ahwalyndan habar alyp, oňa şeýle maslahat berýärler:

— Goý, patyşa pylan kölüň başyna kyrk düýe ojar bilen kyrk bedre nebit daşatsyn. Sen şol odunyň üstüne mün-de, oduny otlat, biz hem ýokardan gelip, tüssäniň arasy bilen seni alyp gaýdarys – diýýärler.

Çopan patyşanyň ýanyna barýar, kyrk düýe odun we kyrk bedre nebit daşadýar, özi hem odunyň üstüne münüp, ony otlamagy patyşadan haýyş edýär. Patyşanyň nökerleri oduna ot berýärler. Şol wagt tüssäniň arasy bilen periler uçup gelip çopany alyp öýüne getirýärler. Iki peri oturyp, uly bir depderi ýazyp, hatdan doldurýarlar, soňra ol depderi bölekleşdirip, çopanyň jübüsine, goltuklaryna dykyşdyrýarlar. Olar on ýedinji gije çopany küle süsdürip gaýdýarlar. On sekizinji gije patyşa-

nyň hyzmatkäri «Çopan gelmedimikä?» diýip, küli barlap ýörkä, çopany tapýar. Çopan ýene patyşanyň gaşyna baryp:

— Tagsyr, men kyýamata tüssä goşulyp bardym. Öňümden bir goja çykdy, ondan kyýamatyň habaryny sorap başladym. Goja köp zatlary aýdyp, ahyrynda hem «Sen sowatsyz bolsaň ýadyňdan çykar» diýip hata ýazyp, jübüme dykdy. Ine, açyň-da özüňiz okap göräýiň, siziň ata-eneňizden hem köp salam – diýip, jany ýanyp duran ýigit hatlary patyşanyň öňüne dökýär.

Ol hatlary patyşanyň köşgündäkilerden kim okap görse, «Wäher!» diýip ýatyberýär. Ertesi patyşanyň özi çopana ynanman, onuň kyýamatda bolanyny – bolmanyny barlamak üçin köse bilen maslahatlaşyp kösäniň özüni kyýamata ibermekçi bolýar. Köse gaty gorkýar. Emma patyşa buýursa gitjek ýeriň barmy? Kösä: «Eger çopan on sekiz günde görüp gelen bolsa, sen dokuz günde görüp gel» diýip, külüň üstüne segsen düýe odun, segsen bedre nebit eltýärler. Odunyň üstüne nebit dökdürip, soňra onuň üstüne gorkudan sandyr-sandyr edýän kösäni mündürip, oduny otlaýarlar weli, köse gaçyp ýere düşjek bolýar. Emma gyzyl ýalyn ony gujagyna düýrläp alýar.

Patyşa näçe garaşsa-da köse yzyna gaýdyp gelmeýär. Patyşa aldanany bilip, çopana azar bermesini goýýar. Şeýlelikde, çopan päliýaman köseden dynyp bagtly ýaşaýar.

## HATAM – TAÝ[1]

Gadym zamanda üç sany aga-ini ýaşapdyr. Olaryň iň kiçisine Hatam diýer ekenler. Üç doganyň ata-enesi entek olar çagaka ýogalypdyr. Çagalar onuň-munuň işlerini edip, günlerini görüpdirler. Olar ep-eslije bolanlaryndan soň üç doganyň ululary ejizje Hatama güýjünden agdyk işleri-de buýrup, halys ýadadypdyrlar.

Hatam olaryň özleri bilen deň işleşip gelse-de, öýe gelenlerinde «Hatam, bar odun owradyp gel, bar suw daşa, ot ýak, çaý gaýnat, nahar bişir» diýşip, oňa bir sellem aýagyny epmäge pursat bermezler eken. Özleri welin pejiň ýyly böwründe ýassyk tirsekleşip ýatar ekenler.

Hatam şu ýagdaýda on dört, on bäş ýaşan. Soňabaka onuň agalarynyň öz günleri özlerinden geçip başlan, emma olar körpe inilerini özlerine barha ýük görenler. Oňa başarmajak agyrdan-agyr işlerini buýrup, yzyndanam degnasyna deger ýaly edip üstüne gygyranlar. Hatam bu ýagdaýa çydaman çolaja ýerde gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp aglar eken. Ýöne ol doganlaryndan özüne ýüz tapylmasa-da olardan aýrylasy gelmändir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 926[f]-njy bukja. Aýdan: S.Omarow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alan: B.Setdarow. 1959-njy ýylyň Magtymguly aýy.

Ahyrda doganlary: «Bar nirede bolsaňam, öz günüňi gör» diýip, ony kowupdyrlar. Hatamyň doganlaryndan gaty göwni galyp: «Gözümem görmesin, janymam ýanmasyn» diýip uzak-uzak obalaryň birine giden. Ýat obada kim näme buýursa edip, gününi geçiren. Şu ýagdaýda aradan günler, aýlar, ýyllar geçiberen. Ol ýigitlik ýaşyna aralaşan. Ol soňabaka arkasy bilen odun çekip satmaga başlan. Indi onuň eline azda-kände teňňe hem düşüp başlan.

Ol gije-gündiz diş-dyrnak bolup işlese-de, işledim diýmän, ajyksa-ajykdym diýmän, eline düşenini ýygnap-ýygşyryp başlapdyr. Ýöne ol egni bilen çekip ýegşenekläp getirýän odunyny bazar bahasyndan arzan satar eken. Eşikleri dagysy sallam-sajak bolsa-da, geýim edineýin diýmändir. Ol şeýdip jemlänje puluna bir at ýaly eşek edinipdir. Odunyny eşekli çekipdir. Eşek alanyndan soň, indi onuň işi has hem ýeňilleşip başlan. Şeýlelikde, geýimini düzedip, özbaşyna öýjagaz hem edinen. Ol bereket tapan zadyndan hiç gaýra tesmändir. Ol şol kärinden galka-galka ile deňleşip, ahyrda sekiz ganatly öý guran. Onuň indi tanap-tanap meýdanlara ekin ekmäge hem gurby çatypdyr. Oba-garasy onuň jepakeş ýigitligine guwanyp:

— Tüweleme, han-ha, şu töwerege gelende el ýaly çörege zar bolup ýören oglandy. Indi haýsy birimiziň güzeranymyz şoňa deň geler. Ol zähmetinden bereket tapypdyr, – diýşip gürrüň eder ekenler. Hatam uzak wagtlap odun daşamasyny goýmandyr. «Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna» diýen ýaly, ol bir gün gumda sazak köwläp ýörkä, ýumruk ýaly altyn hem tapypdyr. Şol wagt onuň beýnisi garyşyk pikirlerden dolup hem ejizläpdir, hem şatlanypdyr.

Bol, bol, Hatam bol! Onuň indi puly-da, altyny-da bar, depseň sarsmajak öýi-de bar. Indi eşek ýerine onuň ner bugralary gumdan odun çekýär. Ýerden bolsa ýyl-ýyldan köp hasyl alýar. Hatam üçin hemme zat bolsady ekilen ýaly bolýar. Indi onuň

ady obalarynyň çäginden çykyp dabarasy dag aşyp başlan. «Aşy bolmadygyň tabagy bolmaz» diýlişi ýaly, ilki onuň hiç-hili baýlygy bolmadyk bolsa, indi ol uly rysgal-döwletiň eýesi bolan.

Hatam göwni açyk, sypaýy, görmegeý hem sahy ýigit bolup ýetişipdir. Onuň öýüne Hudaý beren güni toýhana ýaly gelip gidýäniň sany bolmandyr. Indi onuň märekäniň öňünde hyzmat edýän adamlary hem bar ekeni. Ol barybir «Indi boldy» diýip, aýagyny uzadyp oturman, iş-pişe bilen şol zowzanaklap ýörer ekeni.

«Haý, bolsaň-da, Hatam ýaly bolaýsaň-da» diýip, onuň uzak-daşlarda ady eşidilip başlapdyr. Muny Hatamy ýaşka sazanakladyp, aralaryndan kowup goýberen agalary hem eşidipdir. Olar soňra öz biri-birleri bilenem oňuşman, öýlerini dargadyp talabançylyga durupdyrlar. Haý, olaryň Hatam ýaly bolup biljek gümanlary barmy? «Bazara barsam ýeter, ýransam günüm öter» diýip, agzyny öweldişip gezip ýörenler.

Hatam toý lybasyna çolanyp, mydam toý içinde bolan, hakykat ýigitlik kaddyna ýeten. Günlerde bir gün ol daş ýerli myhmanlaryň arasynda gürrüňleşip otyrka, şeýle bir täsin habar onuň gulagyny şaňladan.

Myhmanlar oňa:

— Hatam, seniň adamkärçiligiňe-de, eli açyklygyňa-da, jepakeşligiňe-de söz ýok, emma sahylykda-da, baýlykda-da seniň çakyň bolmadyk bir adam bar.

— Be-he, oňa kim diýerlerkä? – diýip, Hatam bir geňsi bolup soran.

— Oňa Taý diýýärler, özem ýaş-juwan gyz. Onuň baýlygy, sahylygy senden zor diýmegimiziň sebäbi, onuň märekesi-de köp, öý-ojagy-da seniňkiden giň. Sen gelen myhmanlara altyn gap-çanakda tagam berýän-de bolsaň, ol sende köp däl. Onuňky aşa agyr märekeden hem artyp galýar. Agyr mähelle darga-

makçy bolanda nahar edinen, çaý içen, şerap içen gaplaryny özleri bilen berip goýberýär. Günde müň adam gelsin, müňüsini-de şonuň ýaly ugradýar. Onuň baýlygynyň şonda-da egsiljek gümany ýok. Şeýle bolansoň başgasyny, garaz, özüň oýlan-da görüber.

Bu habary eşiden Hatam myhman-mediwanyny ugradyp, ähli garyp-pukarany ýygnap, bar mal-dünýäsini olara paýlap beren. Özi hem: «Men, eger şol sahawatly Taýa öýlenmesem dünýäde armanly öterin» diýip, onuň soragyna çykan.

Az ýöräp, köp ýöräp niçeme menzil ýol aşyp, dag-derýalardan geçip, ahyrda Taýyň ýurduny tapan. Ol tä özüniň islegli ýerine ýetýänçä, onuň tarypyny eşde-eşde baran. Hatam ýol ugrunda köp adamlara, toýlara-tomaşalara gabat gelen. Kimi görseň Taýyň tarypyny aýdyp ýören. Toýlarda bagşy-sazandalar hem onuň sahylygyny wasp edenler. Aý, garaz nätjek, galandarlaram «huw, hak» diýşip, ony dillerinden düşürenoklar.

Bulary eşiden-de Hatamyň halys agzy uçuklan. Ol öz maksadyny bildirmän, Taýy synlap görmek üçin beýleki adamlaryň barşy ýaly märekäniň arasy bilen baryp, gyzyň myhmançylygynda bolan. Görse, hakykatdanam, aýdylýanlar dop-dogry eken. Ony taryp edijiler häli-de bärsinden gaýdýan ekenler. Munuň ymaratlarynyň, emläginiň, meýlis-märekesiniň, sahawatynyň ne çeni bar, ne çaky. Asyl gijesi-gündizi egsilme ýok. Her bir zatda sahylygyny, aýdyp oturjak bolsaň tükener ýaly däl.

Hatam niçeme günler olarda bolan weli, şol meýlis, şol toý dowam edip duran. Hatam gyzyň sahylygyny-da anyklan, giden märekäniň bolçulykda ýaýnap, tagam iýen altyn gaplaryny öz ýanlary bilen äkidýänlerini-de gören. Onuň içinde gözden çykgynçylyk edip ýörenleri-de bar. Olaryňam «Towugyna-tok» diýýän adam ýok.

Hatam bu zatlary synlandan soň: «Alla janlarym, bu beýik mertebeli gyzyň özi haýsy otagda bolýarka» diýip oýlanan.

Ol haşamly-haşamly jaýlara girip çykan, emma gyza duçar gelip bilmedik. Onuň girip ýören jaýlarynyň içine ýagşy aralaşyp gitseň, yzyňy tapjak gümanyň ýok.

Hatam şol gözläp ýörşüne jaýlaryň haýsydyr birinden şagalaňyň gelýänini eşidipdir. Ol ýeri tapyp, baryp görse, haý tüýs meýlis-dä gözüňe söweýin, kyrkysyny gabatlap goýanyňda aňyrsyndan gün görünjek bir täsin ýuka öýmäni başyna atynan, gymmatbahaly lybaslary geýnen bir topar gelin-gyzlar, dünýäden bihabar, saz-söhbete gümra bolup oturan. Daşyndan garasaň, geýimlerine garasaň-a, olary biri-birlerinden tapawutlandyrar ýaly däl, emma olaryň içinde biri bar weli, görmäge göz, eşitmäge gulak gerek! Haý, haý maşgala bolaýşyňy. Uzyn boýly, inçe billi, ýaňaklary nar ýaly, saçlary owsun atyp duran, gaşlary, gözleri, kirpikleri, ýüzüne gelşik berip duran burunlary dagy edil ýörite bir hünär bilen edilen ýaly. Hatam sowarakdan seredip duran ýerinden: «Taý diýilýäni sen bolaýbilseň ýagşydyr» diýip içini gepleden.

Hatam: «Taý, bir jaýda ýalňyz özi süýnüp-sarkyp oturandyr» diýip pikir eden ekeni. Ol aýdany bolmansoň, oňa ýekelikde duşup bolýandygyny anyklap, birinden «Men bir ýerden onuň ýanyna habarly geldim» diýip soran.

Ol şeýdip, Taý bilen ýekelikde duşuşan we oňa edep bilen baş egip salam beren. Taý onuň salamyny alyp, habaryny soran:

— Gürrüň beriň, gadyrly myhman, siziň adyňyz kim bolar?

— Belki, size mälim bolmagy-da ähtimal, meniň adyma Hatam diýerler.

— Ýok, bu-ha meniň ömrümde eşitmedik adym.

— Bu şeýle-de bolubiler, ýöne men size nätanyş bolsam-da, siz maňa mälim. Men siziň at-owazaňyzy eşidip, öz ýurdumdan

saý-sepil bolup gaýtdym. Bu ýere gelenimde bolsa eşidenimden hem özgeräk desgaňyzyň barlygyny öz gözüm bilen gördüm.

— Göwnüňize ýaran bolsa bolýar, myhman. Siz eger daş ýurtdan gelen bolsaňyz özüňiziň kimdigiňizi maňa anyk gürrüň beriň.

— Bolşuny-bolşy ýaly edip aýtsam, sahawatly Taý, menem ýurdumda sahylykda täk özümdirin diýip ýören adamdym. Mal-dünýä mende-de kändi, emma siziň owazaňyzy eşdip, men ol zatlardan asla geçdim. Men azaby-da, eşreti-de, märekemeýlisi-de gören adam. Emma bular ýaly zatlarda men sizi özümden zor gördüm, adyňyza aşyk boldum. Meniň bu ýerlere gelmegim hem şonuň üçin!

Taý bu gürrüňleri diňläp, az salym pikire giden. Onuň owadanlygyna, sahylygyna, mal-dünýäsine aşyk bolup gelenleriň, gyza arzyny aýdanlaryň ençemesi owal hem bolan eken. Şol adamlar hem: biri alçaklykda, biri batyrlykda, biri suhangöýlükde, garaz, hersi bir zatda özlerine göwni ýetýän adamlar ekeni. Taý bularyň hiç birsiniňem göwnüne degmän bir ýol bilen başyndan sowan eken hem-de olary aňsat ýol bilen synap görer eken. Taýyň pikire gideniniň sebäbi şu ekeni. Ol öz içinden: «Muňa-da sypaýylyk edeýin, bu-da gider-dä öz ýoluna» diýip, Hatama şu zatlary aýdan:

— Men siziň şeýle adamlygyňyza guwanýan. Siziň ähli bolşuňyz maňa ýararly. Siz ýöne maňa öýlenmek küýüne düşmänkäňiz maksadyňyzyň başa barjagyny ýa-da barmajagyny saldyrlap görseňiz boljak ekeni.

Taýyň aýdýanlaryna Hatam hem aljyrapdyr, hem gaharlanypdyr. Ol:

— Eý, sahawatly Taý, men seniň göwnüňe ýararly adam bolmasamam, mende zerre ýalan ýok. Men ähli zady terk edip, seniň ugruňa çykdym. Şonuň üçin hem men öz hyýalymdan

dänmerin. Iň bolmanda men seniň meýlisiňde hemişelik galyp, seniň husny-jemalyňy görüp ýörsemem razy – diýen.

Owaldanam Hatamyň bolşuny, ýüregi ýaly owadan ýigitlik keşbini halap oturan gyz onuň bu aýdan sözlerini içinden makullapdyr. Ol ýigide:

— Hatam, sen meniň aýdýanlarymy göwnüňe getirmeli däl. Sen oňa başga manyda düşündiň. Men indi saňa öz pikirimi açyk aýtjak, onsoň özüň baryny oýlanyşyp-çemlenişip görersiň. Sen meniň baýlygymy özüňkiden artyk hasap edipsiň!

Hatam oňa:

— Hawa, mende seniň ýaly sahylyk bar bolsa-da, seniň gurbuňa garamda, meniňki ýöne bir mydar ekeni – diýen.

— Emma menden baý, sahy adam bardyr diýip, sen pikir edeňokmy?

Hatam oňa:

— Mundan artyk sahylyk-da, baýlyk-da hiç ýerde ýokdur – diýen.

— Ine, meniň saňa aýtjak zadym şu. Meniň dabaram öwselerem, goňşy ýurtlardan aňry geçenok. Emma menden arasy örän uzaklykda menden mertebesi-de, baýlygy-da ýedi esse uly bir gyz bolmaly. Onuň adyny Gül diýip eşidýäris. Ine, şol gyz menden sahy bolanlygy üçin özümiň meýlisime-de, sahylygyma-da buýsanyp bilemok. Şoňa görä-de, men bu eşitmişimiň çynlygyny-ýalanlygyny, eger çyn bolsa, onda onuň nähili ýol bilen menden şonça esse artyk baý bolanlygyny bilmekçi. Bu meniň ömür boýy arzuwym. Seniň maňa yhlaslylygyň hak bolsa şu şertimi bitir, ol gyzyň ýurduna baryp, ähli syrlaryny bilip gaýt, şondan soň men seniňki, men tä gaýdyp gelinçäň garaşaryn.

Hatamyň hyýalynda-huşunda bolmadyk bu habar, bu agyr ýumuş ony halys aldym-berdime salan. Ol:

— Eý, sahawatly Taý, sen şuny gara çynyň bilen aýdýarmyň, ýa-da meni synap görmekçi bolýarmyň? – diýen.

— Men muny hak ýüregimden aýdýaryn – diýip, Taý oňa güwälik geçen.

— Eger bu hak bolýan bolsa, ol ýollary geçmäge mundan bäş-alty esse ömrüm-de az bolarmyka diýip howatyrlanýaryn. Men gaýdyp gelmerin, gelmek-hä beýlede dursun, ol ýerlere aýagym hem ýetmez, şeýle bolansoň, belli zat: siz hem maňa garaşyp oturmarsyňyz.

Şonda Taý oňa:

— Hatam, men seni begendirmegiň deregine, ynjydan bolsam sen ony geçir, gaty görme! Men seni hiç zada borçly edemok, gözel göwnüň, öz halanyňy edäý, emma sen gitmekçi bolsaň, uzak ýollarda sergezdan bolup, bu ýere nesibäň çekmese ýa-da Gülüň ýurduna baryp, onuň menden has gözel jemalyna aşyk bolup, oňa başyňy baglasaň-da men seniň ýoluňa garaýyn, şeýdip ömrümi ötürerin. Men lebzimde duraryn, seniňem lebziňe ynanjak – diýen.

Şondan soň Hatam:

— Bolýar, men seniň bu şertiňe häzir. Bu ýola başymy gurban etmäge razy – diýen.

Taý bilen hoşlaşyp, Hatam ýola rowana bolan. Az ýöräp, köp ýöräp, niçe dag-derýalardan aşyp, gaýry ýurtlara ýeten, nätanyş adamlara duşan. Ol barýan ýerlerinde şol Gül diýen gyzy sorap barýan. Oňa duş gelen adamlaryň hemmesi:

— Biz onuň at-owazasyny eşitsek-de, haýsy ugurda we nirede bolýanlygyny bilemzok – diýenler. Hem-de:

— Ýigit, eşitişimize görä, ol gyzyň ýurdy gaty daş bolmaly, sen onuň ugruna çykyp ýörmeli däl ekeniň, ol ýerlere aýagyň ýetmez, seniň ýaly köp adamlaryň şol gyzyň ideginde ömürleriniň zaýa bolanlygyny eşidýäris – diýip, oňa maslahat berer ekenler. Hatam olaryň maslahatyny öz içinden makullasa-da,

«Atylan ok daşdan gaýtmaz» diýip, paý-pyýada ýurtdan-ýurda aşyp gidip oturan.

Şol barşyna ol bir çöl-beýewanyň çetinden girip ugran. Kä açlyk, kä suwsuzlyk azabyny başyndan geçirip, çöl bilen ençeme menzil ýol geçen. Emma näçe ýörese-de, ol täze ýurda aralaşyp bilmändir. Onuň aýagynda aýakgap, bilinde kuwwat galmandyr.

Hatam Taýyň ýanyndan gaýdan mütdetini ýadyna salyp görse, şondan bäri göni bäş ýyl çemesi ýol ýörän ekeni. Halys lapykeç bolup ol öz-özüne: «Eý, Hatam sen indi nirä barýarsyň, ony seniň özüň hem bileňok. Ozaldan näme üçin sen beýle zatlara kaýyl bolupsyň. Indi saňa Taý nirde, toý nirde, Hudaýyň «Al, gulum!» diýip, beren meýlis-märekesi nirede?» diýip, agyr gussa batan. Aňyrsy-bärsi mälim bolmadyk gorkuly çöl bolsa onuň daşyndan pyrlanýan ýaly bolup başlan. Ysgynsyzlykdan dyzlaryny epen. Hatam şol oturyşda güni batyran, garaňkyny düşüren. Hem çölüň garaňkylygy, hem nä umutlygyň howsalasy onuň kirpikli gözüni çalyşmaga goýmandyr. Ahyrda ol özüniň nirä barýanlygyny-da seljerip durman gijäniň içinde ýykylyp, sürşüp ýöremäge başlan. Şol baryşda uzyn gijäni sazanaklap geçirip, daň atyberende, aýaklary diýenini etmän, essinden aýylyp ýykylan. Hatam biçäre özüni aýylganç howpuň agzyna atanlygyndan bihabar sarsman ýatan.

Bir wagt ol ok ýaly atylyp, ýerinden turan. Görse, gün uly guşluk çemeleri ekeni. Daşyny gaplap alan gowga, zenzele, apy-tupan ony derrew huşuna getiren. Esewan bolup dursa, onuň golaý ýanynda bir agaç bar, ol beýle agajy heniz ömründe görmän eken. Ol agajyň depesiniň ösüp nirä baranlygy belli däl. Şahalary güjüm agajynyňky ýaly gür bolmasa-da, birtopar meýdana ýaýrap duran. Hatam onuň üstünde şol mähnet agajyň hem zordan göterip oturan höwürtgesini, höwürtgäniň içinde bolsa bir guşuň äpet uly üç sany çagasyny görüpdir. Ol apy-

tupanyň, zenzeläniň gohundan ýaňa entrekläp ugran. Hatam agajyň düýbüne baryp, ýokarsyna garap görse, ol guşlaryň biri aglaýar eken, biri keýpsiz, üçünjisi gülüp oturan. Hatam ýaňky guşlar bilen zordan gepleşip:

— Eý, janawarler, siziň bu bolşuňyza nähili düşünmeli?! Hemmäňiz bir guşuň çagasyna meňzeýärsiňiz, emma ýagdaýyňyz başga-başga görünýär – diýip, bogazyna sygdygyndan gygyran.

Olar:

— Eý, adam, biziň ozalky derdimiz hem özümize ýetik, sen bir bize azar bermänjik öz ugruňa git – diýip jogap berenler.

Hatam olara:

— Eý, janawarler, siz howatyrlanmaň, menden size ýamanlyk ýok, siz maňa bu bolup oturşyňyzyň manysyny aýdyň – diýip ýalbaran.

Guşlar:

— Ýüz ýyllyk ýola entiredip äkitjek, bu gowga-zenzeleden seň habaryň ýokmy? Ynha, biz şonuň üçin zeýrenişýäris – diýipdirler.

— Eýsem, ol biriňiziň şatlanmagyňyzyň sebäbi näme?

— Ah, sen derdimizi sorama! Biziň barymyzyň-da ykbalymyz keç – diýip, guşlaryň aglap oturany jogap beren.

— Bu aldajy ýaly apy-tupan nämäniň alamaty? – diýip, Hatam ondan soran.

Aglap oturan guş oňa:

— Ah, adam seniň hiç zatdan habaryň ýok. Şowhun aždarhanyň şowhuny. Ol biziň kasdymyza gelýändir. Enemiz hem häzir uzak-uzak ýerlerde. Enemiziň aýtmagyna görä, şu ýer sarsdyryp gelýän bela, hemişe onuň çagalaryny iýýärmiş. Indi ol bizi iýmäge gelýär. Aždarha biziň herne birimizi iýip, galanlarymyzy indiki gelerine goýýar. Häzir ol gelse ilki bilen meni iýjek, sebäbi, men bularyň ekabyragy, şonuň üçin aglaýaryn.

Ol birimiziň keýipsiz oturmagymyzyň sebäbi, ony indiki gelende iýjek. Soňky gelende hem ol kiçimizi aljak, şonuň üçin ol: «Entek, meniň ýaşajak wagtym kän, oňa çenli ýa Alla, ýa pelek» diýip, şatlanyp otyr – diýip, Hatama birme-bir düşündiren.
— Ol şeýle güýçli aždarha bolansoň, niçe menzil ýollardan dab-dabasy gelýär.

Birden günüň ýüzüni bütinleý duman tutup, howa gaty garaňkyran. Zenzele barha ýer sarysdyryp başlan. Güýçli şemal Hatamy togalap äkidip, bir oýa gapgaran. Şol wagt aždarha-da ýetip gelen. Ol guşlaryň enesiniň ýokdugyny görüp, uruşsyz-gowgasyz awuny ele saljagyny bilensoň, mes bolup, kükräp, ýerden göge göterlip, oýun etmäge başlan. Şol wagt: «Alla janlarym, bu niçik hikmet boldy» diýip, oýda bukup ýatan Hatamyň gulagyna guşlaryň zaryn iňňildeşýän sesleri eşidilen. Ol bu janawerleriň halyna döz gelip bilmän: «Gel, men bagtymy synap göreýin, ýogsa-da barybir men şu çölde ölüp galjak» diýen pikir bilen, «Belki bir ýerlerde gerek bolar» diýip ätiýaçdan ýanyna göteren ýalaw ýaly gylyjyny ýalpyldadyp, oýdan çykyp ugran. Aždarha munuň barýanlygyndan bihabar agaja dolaşyp, guşlary aldym-berdime salyp duran. Şol wagt Hatam onuň yz tarapyny peýläp gylyjy ras indiren. Aždarha aýylganç arryldap, guşlar bilen hem işi bolman özüni ýere goýberen. Hatam onýança, ýene-de ençeme gezek gylyç uran. Aždarhanyň deramaty gaçsa-da, Hatam bilen uzynly gün gazaply uruş eden. Onuň her arlanda, her gazap edende agzyndan çykýan ýalynlar garşydaşyny halys aljyradan. Guşuň çagalary muny görüp, aždarhanyň ýokarsynda perwaz edip uçmaga başlanlar. Bu ýagdaý köp gezek Hatama özüni raslamaga peýda beripdir. Şol tutaklaşyp ýörüşlerine, aždarhanyň kellesine hem şikest ýeten. Agşama çenli Hatam duşmanynyň ganyny sil ýaly akdyryp, özi hem ysgyndan gaçyp ýykylan.

Ertesi gün çäş galanda, täzeden apy-tupan, gowga-zenzele başlanan. Emma Hatamyň mundan habary hem bolmandyr. Ol şol ýatyşyna üç günläp öli ýaly bolup ýatypdyr. Bar zatlary ýykan-ýumran edip gelýän güýçli topalaň onuň hereketsiz göwresini alla-owaralara äkidip taşlan. Guşuň çagalary şatlanşyp, onuň üstünde perwaz edip ýörenler. Ýaňky gazap bilen gelenem şu guşlaryň enesi Symrug guş ekeni. Çagalaryny ýatlap gelýän Symrug gele-gelmäne howadan ýerdäki adamy görüp, bat bilen aşak inen. Şol gelşine ol Hatamyň külüni çykarjak ekeni, emma onuň çagalary uly gowga turuzyp:

— Dat-bidat, oňa degmäweri, ol adam bizi ölümden halas etdi. Ol bize rehim edip, seniň ganym duşmanyňy söweşip ýeňdi – diýenler.

Symrug guş höwürtgesiniň üstüne aýlanyp görse, aždarha parça-parça bolup, gana bulaşyp ýatan. Ol çagalaryna:

— Eger siz bu wakany wagtynda mälim etmedik bolsaňyz, meni ömürlik gynanjyň astynda goýardyňyz – diýip howatyrly aýdan.

Çagalary ähli zady enelerine birin-birin gürrüň berenler. Şonda Symrug guş gelip, Hatamyň üstüne ganatlaryny gerip, ony ýandyryp barýan yssydan gorapdyr.

Hatam esli wagtdan gözüni açsa, üstünde mähnet göwre pelpelläp duran eken. Ol: «Ýene bir hikmete duşdum-ow» diýip ala-basga galan. Symrug guş onuň howtyrlanýandygyny aňlap:

— Eý, adam, gorkma, muny men hormat üçin edýän – diýip, mylaýym habar gatan. Soň bolsa ýere düşüp:

— Seniň maňa eden ýagşylygyň çeni-çaky ýok. Men özümiň şol güýçli duşmanyma ömrüm boýy alaç edip bilmän gan ýuwdup gelýän, menden önen çagalaryň ählisi şonuň bokurdagyndan geçdi. Hemişe meniň günüm ah bilen wahdy, indi men

seniň bu ýagşylyklaryňy hiç wagt ýatdan çykaryp bilmerin – diýip, köp alkyşlar eden. Soň:

— Bu çöl-beýewana sen nä sebäp bilen düşdüň? – diýip, guş ondan soran.

Hatam oňa Gülüň ýurduna barýandygyny habar beren. Symrug onuň bu habaryna gaty geň galyp:

— Ol çaksyz uzakdadyr, sen onuň ugruna nähili ýürek edip çykabildiň? Ol ýoly ýöräp tüketmek üçin alty adamyň ömri-de az bolar – diýen.

— Men bu ýola ölümimi boýnuma alyp çykdym – diýip, Hatam oňa gaýgyly habar aýdan.

Symrug oňa şeýle diýen:

— Seniň bagtyň bar ekeni, indi sen hiç zady gaýgy etme, ol ýere iki-üç ýylyň dowamynda bararys. Maňa eden ýagşylygyň üçin men seni ol ýere eltip getirerin. Emma bu bize ýeňil düşmez. Men ömrümde beýle uzak ýola uçmandym. Meniň ganatlarym ysgyndan, perden düşer, köp jebirleri çekmeli bolaryn, ýöne men bularyň hemmesine razy. Iň ýagşysy, meniň arkaýynlygym, indi çagalarym gorkusyz ýaşar, öz günlerini görerler. Biziň indiki düşjek ýerimize ýeter ýaly, azyk götermegimiz gerek.

Hatam muny eşidip, Symrug guşdan köp hoşal bolan.

Bular bu ýerde dem-dynçlaryny alyp, niredesiň Gülüň mekany, diýip göge galanlar. Ýol uzak, gepiň gysgasy kä düşüp, kä uçup uzak ýollary geçenler. Üçülenji ýyl Gülüň ýurduna barmaga sanly günler galanda Symrug guşuň uçmasy haýallan. Hatam onuň iki ganatynyň aralygynda oturyp, suw diýse suw, et diýse et berip barýan.

Guşuň haýallan mahaly olar uç-gyragy görünmeýän suwuň üstünden uçup barýan ekenler. Bu ýerlerde Symrug aşaklap-ýokarlap, köp azar çekipdir. Baryndan ýamany, olaryň şol ýerde azyklary hem gutarypdyr. Guş et soranda Hatam başga alaç

tapman, oňa butlarynyň boldumly ýerinden kesip beripdir. Şeýdip, olar kyn ýollary geçip, aman-sag Gülüň ýurduna barypdyrlar. Symrug guş oňa öz perinden birini berip:

— Ine, şu peri otlasaň, şonda men her ýerde bolsam-da, seniň ýanyňda peýda bolaryn. Indi men bu ýerden yzyma dolanjak. Şol, Gün bilen çaknyşyp görünýän Gülüň köşgüdir – diýen.

Hatam guşuň maňalaýyndan sypalap, ondan köp-köp razy bolup hoşlaşan.

Gülüň köşgüniň mähnet altyn gupbasy, dürli-dürli gymmatbaha daşlardan, lagly-jöwahyrlardan bina edilen diwarlary ýüzmüň görnüş bilen lowurdap dur.

Hatam özüni bu täsin ymaratyň alkymynda duran ýaly pikir edipdir. Emma ol uzynly gün jan edip ýörände-de, ýetip bilmän ikilenji gün agşamaralar köşgüň bärsinden giripdir. Gülüň köşgüniň çar tarapyna bir menzil aralyga çenli gymmatbaha daşlardan goýlup bejerlen ýol barýan ekeni. Ýoluň iki gapdalynda depesinde şamçyraglar ýanyp duran sütünlerem sap altyndan edilipdir. Bu zatlaryň hemmesini görmäge göz gerek. Hatam heniz köşge girmänkä, şu zatlary synlanda, Taýyň durmuşy dagyn onuň üçin ýönekeý bir mydar ýalak bolup görnüpdir. Munuň sebäbi Taýyň baýlygy, altyn-gyzyly köp bolsa-da, ile paýlap ýörensoň, artyk-süýşük zady ýok ekeni, onuň ähli emlägi ömrüne ýetjek ekeni. Emma Gülüň dünýäsi, altyn-gyzyly egsilmez bir zat bolup, hemişe köpelip durýan bolara çemeli. Ýöne, Gül näçe sahylyk etse-de, näçe meýlis-märekeli bolsa-da, gelen myhmana bir hepdeden artyk gezmäge rugsat bermeýän ekeni. Ol muny dünýäde hiç kimi özünden öňe geçirmezlik, bu tükenmez baýlygyň syryny hiç kese bildirmezlik üçin edýän bolara çemeli.

Hatam Gülüň galasyna girende töweregindäki zatlaryň ählisini «Jady-tilsim bilen edendir» diýip güman edipdir. Eýlesine-

beýlesine zordan gözüň kaklyşýan owadan jaýlar giň halka gurap oturan. Galanyň iç ýüzi-de, daş ýüzi-de ýörite hünär bilen ýetişdirilen howluly bag ekeni. Her-hili gülleriň hoşboý yslary göwnüňi göterip duran. Gülüň şol alys ýollardan ýakynyňda ýaly bolup duran köşgi hem baglaryň, ymaratlaryň ortarasynda ekeni. Köşgüň ýarsyndan ýokarsy şolaryň hemmesinden saýlanyp, başy arşa ýetip duran ekeni. Aý, garaz, bu desganyň tarypyny aýdyp otursaň, soňuna çykar ýaly däl diýýär.

Nirä barsaň saz-söhbet. Tükeniksiz märeke. Bir ýerde çar tarapa tabak çekip ýörler, bir ýerde bagşy aýdyp otyr, bir ýerde derbaz oýnap dur, bir ýerde halka-halka bolup gürrüň edip otyrlar, ýene niçe ýerde, niçeme şuňa meňzeş şadyýanlyk.

Hatam bulara goşulmagyň çemini tapman olaryň arasynda aýlanyp ýören mahaly, Gülüň hyzmatkärleri onuň ýanyna gelip:

— Eý, myhman, sen gaty del görünýärsiň, sen nireden bolarsyň? – diýip soranlar.

Hatam:

— Men gaty uzak ýerlerden geldim. Men Gülüň sahylygyny, at-owazyny eşidip, ömürboýy onuň meýlisinde bolmagy arzuw edip ýördüm. Ine, şol maksat bilen köp agyr gowgalary başymdan geçirip, bu ýere düşdüm – diýen.

Hatam şunlukda, birniçe gün toý-tomaşa içinde bolan. Ol şindi Gül bilen duşuşman ekeni. Bir günden, bir gün Gülüň adamlaryndan biri:

— Eý, sahawatly hanym, siziň meýlisiňize indi üç hepdä golaý bolup barýar, bir myhman geldi. Özi hem gaty daş ýerlerden gelen bolmaga çemeli, del adam – diýip habar berenler.

Gül olara:

— Beýle bolýan bolsa, goý, ol gezibersin, ýöne ol del adam bolsa howatyrly bolmagy mümkin, ony hiç wagt gözden salmaň, häzir ony meniň ýanyma iberiň – diýen.

Hatamy Gülüň ýanyna getirenlerinde, Hatam gyza baş egip salam beren.

Gül ýüz müň jilwe näz bilen suw perisi ýaly bolup, ýuwaş-ýuwaş basyp, Hatamyň ýanyna gelen we:

— Hormatly myhman, eşdişime görä, siz daş ýerden gelen bolara çemeli, şeýlemi? – diýen.

Tarypyny dilde beýan ederden öteräk köşgi-saraýlar, Gülüň parahat görnüşi Hatamyň esli wagt howalasyny basmarlapdyr. Ol Güle şeýle jogap beripdir:

— Hawa, men gaty uzak ýoldan, siz bilen arasy çakdanaşa daş ýerden geldim. Men on üç ýaşlarymdakam siziň at-owazaňyzy eşidip, bu ýerlerde ömür sürmegi arzuw etdim. Şondan soňky wagty men siziň ýoluňyzda sürpek bolup geçirdim – diýipdir.

Hatamyň aýdanlaryna Gülüň ynanany-ynanmadygy belli däl. Emma Hatam ýaly köp adamlar Gülüň elinde öz ömürlerini ýandyran ekenler. Gül muny hem şolar ýaly aldawa salmagy niýetine düwen. Ol Hatama şeýle diýen:

— Eý, asylly ýigit, meniň şunça döwletim, şunça sapaly ymaratlarym bar. Men şu eşretler içinde ömür sürýän. Emma şu mütdete çenli özüme mynasyp ýigit tapmadym. Meniňkä myhmançylyga günde ýüz müň adam gelip, ýüz müň adam gidýär. Olaryň arasynda özüň hem bolup gördüň. Şonda-da men şu wagta çenli olardan göwnüme ýaraýanyny tapamok. Belki, seni maňa Hudaýyň özi ýollandyr.

Hatam oňa:

— Eý, sahypjemal gyz, siziň bu aýdýan sözleriňiz meniň başymy göge ýetirdi. Men bu ýerlerde edil asmandan düşen ýaly. Hiç bir zady akylyma sygdyryp bilemok. Beýle zatlary men hiç haçan görmändim. Meniň bütin ömrüm garyplykda geçdi. Şonuň üçin siziň mertebäňize göterilmäge men ýüz müň razy – diýip jogap beren.

Şu ýagdaýda Hatam Gülüň köşgünde iki ýarym ýyl ýaşan. Nämäniň näme ekendigine ýetik bolan. Ýeri-ýurdy, meýlis-märekesi bilen-de öwrenşen. Emma şunça wagtyň dowamynda Hatamy bir zat çakdanaşa haýran galdyran. Ol belli-belli wagtlarda Güli öz köşgünde görüp bilmeýän ekeni. Şonuň üçin ol munyň sebäbini bilmäge jan edip başlapdyr.

Gül her günde birnäçe adamlary öz ýanyna gepleşmek, gürrüňdeş bolmak üçin çagyrýan eken. Emma şol adamlaryň bary edil guýa taşlanan ýaly gaýdyp görünmeýän ekenler. Gül işi gaty assyrynlyk bilen edýän ekeni.

Hatam bu hadysa asyl akyl ýetirip bilmändir.

Günlerde bir gün ol Gülüň ýok wagtyny peýläp, onuň jaýynda mäkäm gizlenen. Gijaralar Gülüň huzuryna alty sany adam edep bilen salam berip gelen. Gül gelen myhmanlar bilen uzak wagt gürrüňe meşgul bolan. Soňra bolsa olara:

— Gadyrly myhmanlar, men siziň bilen bular ýaly ýönekeý otagda nahar edinmegi kemlik hasaplaýan. Meniň rahat dynç almaga çemeli otagyma gideliň – diýip, myhmanlary köşgüň aşagyndaky bir gizlin jaýa alyp giden. Hyzmatkärler ol ýere nahar çekenler, her hili näzi-nygmatlar, şeker-şerbetler eltenler. Şondan az salym geçenden soňra tenha Gülüň özi ol ýerden çykan. Beýlekilere bolsa näme bolany hem belli däl. Muňa gizlin syn edip ýören Hatamyň zähresi ýarylara gelen.

Hatam Gülüň şunuň ýaly tapgyr-tapgyr, niçeme gezek myhman alşyny aşaklyk bilen aňşyrypdyr. Hatamyň bu zatlardan habarlydygy Gülüň hyýalyna-da gelmeýän ekeni.

Hatam Gülüň ýok wagtyndan peýdalanyp, gizlinlik bilen şol howply jaýlara hem girip görüpdir. Sebäbi ol Gülüň şol jaýlaryň açaryny nirede gizleýändigine çenli bilýän eken. Görse, ol ýeriň sapalylygy aýdyp-diýip soňuna çykar ýaly däl ekeni. Hatam ondan aňyrda bir jaýa hem girip gören. Bu gaty giň jaý ekeni. Hatam onuň agzyndan girende depe saçy üýşüp gidipdir,

başy ýer bilen bile pyrlanyp aýlanmaga başlapdyr. Ol jaýyň içi üsti-üstüne tagtlap goýlan altyndan hyryn-dykyn bolup duran eken. Olaryň hemmesi adam ekeni. Durşuna sap altyn bolup duran adam göwrelerini görende, Hatamyň ini düýrügip, endamy jümşüldäp gidipdir. Beýleki otaglara geçmägä howatyrlanyp, howlukmaç yzyna çykypdyr. Hemme zady öňküsi ýaly ýerbe-ýer edip, açarlary öňküje ýerinde goýupdyr. Özi bolsa açyk howa çykyp, uludan demini alypdyr. Bir gizlin ýere baryp haýdan-haý, Symrug guşuň perini otlapdyr.

Gülde adamy altyna öwürýän täsin bir derman bar ekeni. Ol myhmanlary bilen gizlin jaýynda meýlis geçirende olaryň gözüne çöp atyp, tabaklaryna ýaňky dermandan döker eken. Şol wagt özi bir bahana bilen daşary çykyp, gapyny daşyndan beklär eken. Içerde galan adamlar hiç zatdan habarsyz bir-iki agyz garbanandan soňra, dermanyň täsiri bilen lowlap ýanmaga başlaýan ekeni we içerde ala-gykylyk edip, iki tarapa at salyp, janhowluna böküp-böküp, ahyrda ýykylyp galyp, sap altyna öwrüler eken. Gülüň baýlygynyň egsilmeýänligi hem şundan ybarat eken.

Şulary görenden soň, Gül Hatamyň gözüne özi bilen öçli söweş eden elhenç aždarhadan hem beter ganhor bolup görnüpdir. Ol Sumrug guşuň geler wagtyna çenli dürli bahanalar bilen Gülden sowarak bolmaga jan çekipdir.

Günlerde bir gün gyz Hatama şeýle diýipdir:

— Gözümiň guwanjy Hatam, men indi seniň bilen şeýle bir öwrenşipdirin welin, sensiz hiç bir takat edip bilemok. Şu wagta çenli seniň bilen näçe oýnap-gülüşsek-de, çynlakaý döwran sürmedik. Indi men seniň bilen parz işini berjaý etjek. Men seni özüme mynasyp hasap etmesem, onda saňa eşretli ýerlerimi görkezjek däldim. Seniň bu görüp ýören zatlaryň entek hiçdir. Gel, indi ikimiz ol ýere baryp, döwran süreli, meýlis guraly.

Hatam onuň döwranynyň, meýlisiniň nämedigine düşünsede, syr bildirmezlik edip, nalaç razylaşypdyr.

Gül Hatamy aşakdaky jaýyna alyp giripdir. Hatam owal bu zatlardan habarsyz ýaly, özem gaty haýran galýan ýaly seredip durupdyr.

— Eý, sahawatly Gül, siz meni hernäçe söýseňiz-de, sylasaňyz-da, maňa entek bu eşretleriňizi köp gören bolmaga çemeliňiz – diýip, göwnüne kireň alan kişi bolupdyr. Gül oňa:

— Eý, Hatam, sen hiç zady göwnüňe alma, ýaman görme, men bu keýpi-sapalary hiç wagt hem saňa köp göremok. Ýöne men bu sapaly otaglary seniň bilen ilkinji gezek döwran sürjek günüme niýetläpdim – diýipdir.

Şol halatda hyzmatkärler dürli-dümen nygmatlary orta üýşürip, özleri hem yzlaryna gürüm-jürüm bolupdyrlar.

Hatam şondan soňra Gülüň ähli hereketlerini assyrynlyk bilen synlap başlapdyr. Özüniň hem ýüregi gürsüldäp urmaga başlan. Hatam özüne golaýrak duran altyn gaplaryň birinden sypaýylyk bilen şerbet içmäge başlan. Gül bu gezek Hatama syr bildirmezlik üçin bir tabakda nahar iýmeklige niýetlenen. Olaryň hersi birki agyz tamşananlaryndan soňra Gülüň gözleriniň barha üýtgäp başlaýany Hatama mälim bolan. Şol halatda ol Hatama:

— Hatam, görýämiň, şol ýanyp duran dürli gymmatbaha daşlardan bina edilen nagyşlar iň ökde ussamyň hünäri. Ýöne olar nagyş däl. Ol ýerde mälim bolmaýan hatlar ýazylan. Şolarda bir kitabyň manysy bolmaly – diýip, Hatamyň arka tarapyndaky diwara hynaly barmaklaryny uzadan.

Hatam muňa nalaç seretmeli bolan. Şol wagt Gül Hatamyň nahardan ýaňy başyny gädip ugran ýerine dermany sepelän. Hatam Güle bildirmezlik üçin esli wagt nagyşlara syn edip, soňra nahara meýil edip ugran. Ol ýene-de bir zada haýran galýan ýaly bolup:

— Eý, sahawatly Gül, ol owadan nagyşlarda hem şeýle ussatlyklar barmy? – diýip, gyzyň arka tarapyndaky diwary görkezen. «Hatamy bijaý sapalaga saldym» diýip, hasap eden gyz yzyna öwrülip, Hatama ol bezegiň manysyny düşündirip başlan. Hatam şol wagt çanagyň öz öňünde duran gyrasyny çalasynlyk bilen gyza tarap öwren. Şondan soňra ikisi-de arkaýyn oturyp naharlanmaga başlan. Gül bolsa onuň ýüregine howul düşüp başlajak çemesine çenli deň garbanyşan. Şol halatda birdenkä onuň öz ýüregine howul düşüp başlan. Ol özüniň nirä topulýanyny hem saýgarman giň haşamly jaýyň içinde iki tarapa zowzanaklap başlan. Ol jaýyň beýle tarapyna ylgasa, Hatam beýle tarapyna gaçyp baran. Şondan esli salym geçenden soň, göwre lowlap-lowlap, ýanyp ýere ýykylan we sap altyna öwrülip galan. Hatam bolsa baryp köşgüň belli girelgesini bent eden. Bu wakadan zähresi ýarylara gelip, kellesini iki eli bilen gysymlap uzak wagt oturan. Şol wagt onuň gulagy üznüksiz şaňlap başlan. Ol öz içinden: «Belki, gulagymyň şaňlamasy Symrug guşuň ýetip gelýändigindendir» diýip, çykyp gaçara ugur tapman, ötlem-ötlem otaglaryň içinde ondan-oňa ýüwrüp ugran. Ahyry köşgüň depesine çykylýan basgançagy tapan. Ol basgançakdan ýokary çykmak üçin ýörite bir güni alnyňa almaly bolara çemeli. Ol basgançaklar köşgüň ýokarsyna çenli somalyp gidýän bir jaýyň içinden burmanyň aýlawy ýaly aýlaw bolup gidýän ekeni. Hatam köşgüň ýokarsyna ýetiberende açyk howanyň ýüzüni ümür-dumanyň tutup başlanyny görüpdir. Bu bolsa Symrug guşuň alamaty eken. Guş gelip köşgüň depesinde gara bulut ýaly bolup duran. Bu waka adamlary haýrana galdyran.

Hatam bu näletli köşkden çykyşyna, guşuň üstüne münüp, kä gonup, kä uçup, onuň ýelekleri düşüp, ganatlary ysgyndan gaçyp başlanda, Taýyň ýurdunyň ýakynynda bir çölüň gyrasy-

na düşen. Bir-birlerinden wagtlary hoş bolup, Symrug guş bilen hoşlaşan.

Şeýdip, Hatam Taýyň köşgüne gelen. Taý köşkde öz gözlerine ynanmaýan ýaly bir täsin bolup oturan. Soň Hatam gyza tagzym bilen baş egip salam beren. Taý oňa:

— Hatam, seni şol günden soň görerin diýip oýlanmandym. Häzir hem men öz gözlerime ynanamok. Sen maňa şondan soňky başdan geçiren günleriňi birin-birin gürrüň ber. Sen onça daş ýoly bu azajyk wagtyň içinde nähili geçip bildiň? – diýipdir.

Hatam oňa gören azap-külpetlerini, Symrug guşa duş gelşini, Gülüň ýurduna barşyny, uç-gyraňy bolmadyk baýlygyny, hatarly pursatlary başdan geçirişini bolşy ýaly gürrüň beripdir.

Taý munça bela-hikmetleri eşidip, geň galyp hiç aňyrsyna çykyp bilmändir. Ol birnäçe wagtdan soň özüni ele alyp:

— Hatam, seniň bu güzaply başdan geçirmeleriň hyýalymy-huşumy bäş ýüz ýyllyk uzak ýollara äkitdi, men özümi şol zatlaryň içinde ýaly duýdum. Seniň bu bitiren işleriňi adam ogly bitirip bilmez – diýen.

Hatam:

— Beýik mertebeli Taý, sen bu zatlaryň asyl sebäbine düşünýärmiň? Men seni janym-tenim bilen söýdüm. Ine, onsaň şol yhlasym bu uzak ýollary, azap-sütemleri ýeňip geçdi – diýen.

Taý şonda uludan demini alyp:

— Hatam, sen şu wagtlar meniň nähili ýagdaýda oturanymy bir bilsediň. Men indi ölsem-de arman bilen ölerin, men gaty ýalňyşdym – diýip, elini maňlaýyna goýan.

— Taý, sen näme üçin beýle galagoply, seniň hiç ozalkylygyň ýok – diýip Hatam biynjalyk bolan.

Taý bularyň baryny Hatamy synap görmek üçin, onuň aýdýanlarynyň hakdygyny ýa nähakdygyny bilmek üçin şeýden eken.

— Hatam, sen günämi geç we menden ýüz öwür. Men «Sen gaýdyp gelersiň» diýip pikir etmeýärdim. Şonuň üçin öz başymy başga bir adama bagladym – diýip, Taý başyny aşak salan.

Hatam muny eşidip, ah çekip huşundan giden. Taý onuň päk ýürekli ýigit ekendigini anyklap, ýüzüne gülap suwuny sepip huşuna getiren we:

— Eý, Hatam, men bulary seni synamak üçin aýtdym. Gel, indi ikimiz biri-birimiz bilen mazalyja tanşaly – diýipdir.

Taýdan az-kem göwni galan Hatam:

— Taý, meni synap-synap ýadamadyňmy? Ýa gören görgülerim, seniň üçin çeken jebirlerim azlyk edýärmi? Seniň aýdýan uzak ýollaryňy geçip, Gülüň ýurduna bardym. Dogrusyny aýtmaly bolsa ol gyzyň owadanlygy senden artyk bolmasa birjik-de kem däl eken. Şonda-da men oňa hiç meýillenmedim. Wagşylyk bilen bigünä adamlaryň ömür tanapyny kesip, baýlyk gazanýandygyny aňlanymda bolsa, ol meniň gözüme iň bir aýylganç zatlardanam eýmenç göründi. Men onuň şelaýyn sözlerine gidip, baýlygyna gyzyklanmadym, seni ýadymdan çykarmadym, şonda-da sen maňa ynanmasaň bilmedim-dä! – diýipdir. Taý Hatamyň öz degişmesini göwnüne alanyny bilip:

— Hatam jan, gyzlaryň degişmesini göwnüňe alma! Meniň sözlerimde seniň göwnüňe ýakmaýan bir zat bar bolsa, men aýdan sözlerimi yzyna gaýdyp alýaryn – diýen hem gürrüňi başga tarapa sowmak üçin ondan Gülüň geçmişini soran.

Hatam dogrujasyny aýdan:

— Ol ata-babasyndan bäri adamhorçulyk bilen ýaşapdyr, bal içinde ýaýnap, gül içinde ösüpdir.

— Onda onuň ähli zady meniň tersime eken, meniň atam ýaş wagtynda bir atly baýyň hyzmatkäri bolupmyş diýip eşid-

ýärin. Şol baýyň meniň atam bilen deňeçer bir owadan gyzy bar eken. Ýigitlik ýaşyna ýetende atam şol gyz bilen gowy görşüp, ony alyp gaçypdyr. Şondan soň olar bir gizlin mekan tapyp, şol ýerde ýaşamaga başlapdyrlar. Men dünýä inip, bäş ýaşlaryma ýetenimde, baý soraý-ideý ahyr derek tapyp, gyzyny we meniň atamy gylyçdan geçirip, gyzyl gana boýap gidipdir. Atam ol zatlardan gapyl galan bolara çemeli. Men bolsa şol wagt goňşy öýmüzde ekenim.

— Ine, şeýdip men ýaşlygymda köp jebri-jepalary çekmeli boldum. Il-gün maňa çörek berip ulaldypdyr. Onda-da «Gapaksyz gazan gaýnamaz, enesiz oglan oýnamaz» diýenleri ýaly boýnum buruk, kirimi akdyryp, el-aýagymy çorladyp köp azap çekipdirin. Dokma dokap, ik egrip, keşde çekmegiň deregine uly gyz bolynçam çölde goýun bakdym. Günlerde bir gün men ýadap, kellämi ýere goýup, uzak wagt uklapdyryn. Bir wagtlar görsem, mallarymyň bary duw-dagyn bolup gidipdir, howanyň ýüzüni hem ümür-duman alypdyr. Men gözümiň ýaşyny däne-däne edip, gum içinde aýaklarym ýadaýança ýüwürdim. Mallarymy tapmakdan geçen, özüm azaşdym. Pylança aýlap ilerini-gaýrany tanaman entäp ýörşüme at aýagynyň degmedik ýerlerinde könelşip galan geň-enaýy ymaratlara uçradym. Ol ýerler yns-jynsyň garasy düşjek ýerler däl ekeni. Ol köşgi-saraýlar edil şu günki ýaly üýtgemän durupdyr. Ol ymaratlary periler eýelän bolsa-da ähtimal.

Meniň gulagyma dürli guşlaryň, gumry-bilbilleriň, aýdym-sazyň, märeke-meýlisiň wagyrdysy ýaly her hili sesler gelip başlady. Men özümiň ýekeligimi hem ýatdan çykardym, ymaratlaryň içine ymykly aralaşdym. Bir haşamly jaýyň düýbünde bir gubur bar ekeni. Ony pil süňkünden bina edipdirler. Näçe howsala düşsem-de, onuň gapagyny emaý bilen ýokaryk göterdim. Görsem, onuň içindäki jeset edil şu günki ýaly derläp ýatan ekeni. Soňra tabydyň agzyny emaý bilen ýapyp, öňküsi

ýaly edip goýdum. Onuň özi gadymy galalaryň biri bolmaga çemeli, aňyrsyna-bärsine göz ýetirer ýaly däl. Başga bir jaýa girip görsem, gapynyň öňüne kerpiç düşelipdir. Şol kerpiçleri aýryp görsem aşaklygyna gidýän basgançaklar bar ekeni. Görüp otursam, şol köşgüň aşagy-da edil ýokarsy ýaly eken. Ol ýere baranymda özümi başga bir dünýäde ýaly duýdum. Ol ýerde altynmy-gyzylmy, lagly-jowahyrlarmy, ýene şuňa meňzeş gymmat baha zatlar gaty kän ekeni. Ine, meniň baýlygymda, sahylygym-da, at-owazam-da şol zatlardan başlandy. Emma indi men şol zatlary husyt adamlar ýaly yzymda galdyryp gitjek däl. Döwletli ojagymda günde meýlis, günde toý bolmagy şondan – diýip, Taý Hatama geçmişini başdan aýak gürrüň beren.

Şeýdip, olaryň ikisi-de mysapyrçylyk çekip, eşretli günlerde meýlis-märekäni öňküdenem giň gurup, maksat-myratlaryna ýetenler.

# EJEKEJAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym ata-babalarymyzyň zamanynda bir adam aýaly, gyzy, ogly bilen ýaşaýan eken. Çagalaryň ikisi hem ýaşajykka, olaryň ene-atalary ölüp, ýetim galypdyrlar. Bujagaz çagalaryň ulujasy gyz bolup, kiçisi oglan eken.

Çagalar heniz gaty ýaş bolanlygy üçin, duldegşir goňşularynyň birisi hossarlyk edip, olaryň ata-enelerinden galan emläklerini özlerine harçlap başlanmyş. Emma ene-atalaryndan galan emläk hem bir-iki ýyldan gutaranmyş.

Onsoň olary idetmäge alan goňşy aýalyň igenji artyp başlanmyş. Ol aýal ir ertir, giç agşam adamsyna hem ýetim çagalara ýersiz ýere käýäp, gargynyp bütin oba bellenip ugranmyş. Ýetim çagalar her gün arkalary bilen meýdandan odun daşap hem ýaranyp bilmänmişler.

Bir gün oduna gidip gelseler, olara hossarçylyk edýän goňşulary göçüp gidenmiş. Ol çagalar nätjeklerini bilmän durkalar, beýleki goňşularyndan bir aýal bulary öýlerine äkidip, o gije saklap, ertesi hersiniň eline ýarty çörek berip:

— Indi öz hajatyňyzy özüňiz görüň. Görüp dursuňyz. Biziňem sizi idetmäge ýagdaýymyz ýok – diýýär.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 6880[e]-nji bukja. Ýazyp alan: N.Şükürow. 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 28-i.

Bu iki ýetim ýüzlerini çöle tutduryp gidiberýärler.

Az ýöräp, köp ýöräp, ymgyr çölüň içinde ençe gün ýatyp-turup, ahyram bir gün bir garaja öýüň üstünden barýarlar-da, gapysynda salam berip duryberýärler.

Garaja öýde oturan garry kempir:

— Şunça salam bermedik bolsaňyz, iki üzüp, bir ýalmardym. Geliň, oturyň — diýip, olary öýüne çagyrýar. Soňra çagalary naharlap:

— Siz öýde oturyň. Men dişlerimi çarhladyp geleýin. Öýden daşa çykyp, hiç ýere gitmäň. Çyksaňyz hem demirgazyk tarapdaky harabaçylyga barmaň – diýip, küýkerilip guş tüpeňlejek ýaly bolup, öýden çykyp gidýär-de, wagty bilen gelmeýär.

Hälki gyz hem jigisini yzyna tirkäp, öýden çykýar-da, demirgazyk tarapdaky harabaçylygyň içine barýar. Görseler, bu ýerde çakraşyp ýatan adam süňkleriniň aňyrsy-bärisi ýok. Şol ýerde bulara bir aýagy ýok adam hem gabat gelýär.

Ol adam çagalary ýanyna çagyryp:

— Bu ýerde näme işleýärsiňiz? Bu ýerdäki süňkleriň hemmesi döwüň iýen adamlarynyň süňküdir. Hol, garaja öý hem şol döwüň öýüdir. Ol döw sizi hökman iýer, ol her naharyna bir adam iýýändir. Meniň bir budumy goparyp, çaý teýi edindi. Indi özümi iýmäge geljekdir. Siz bu ýerde eglenmäň-de, gaçyp gidiň – diýýär.

Soňra ol adam ýene-de:

— Siz ol döwüň öýüne baryp, başdaragyny, aýnasyny we gara kündügini alyň-da, gaçyň. Bardy-geldi, döw yzyňyzdan kowup ýetiberse, daragyny taşlap: «Tükeniksiz demir tiken bol» diýiň. Ondan geçip, ýene ýetiberer çemesi bolanda aýnany taşlap: «Aňyrsy-bärisi görünmeýän gyýçak gara daş bol» diýiň. Döw ondan hem geçip, ýene ýetiberer çemesi bolanda kündügi taşlap: «Düýpsiz derýa bol» diýiň. Şeýtseňiz, bagtyňyz işlese,

döwden gutularsyňyz. Bardy-geldi, döw sizden: «Bu suwdan nädip geçdiňiz?» diýip, sorasa, «Endam-janymyzdan uly-uly daş asyp geçdik» diýiň – diýýär.

Gyz jigisi bilen kempiriň öýüne baryp, döwüň daragyny, aýnasyny, gara kündügini, içi ýagdan doly golçasyny, iki sany tegelek çöregini alyp, jigisiniň elinden tutup, ymgyr çöle tutduryp gidiberýär. Esli wagtdan soň, hälki garryja aýal hem dişlerini çarhladyp, öýüne gelýär. Görse, hälki çagalar ýok. Öýünden çykyp seretse, iki sany gara allaowarradan gyrmyldaşyp barýar. Döw hem öň etegini dişläp, şol iki garany kowup başlaýar. Olara golaýlap: «Müň janyňyzdan birini hem gutarmaryn» diýip gygyrýar.

Gyz ilki daragy taşlap: «Demir tiken bol» diýip gaçýar. Döw ondan geçenden soň, aýnany taşlap: «Gyýçak-gyýçak gara daş bol» diýýär. Döw ondan hem geçip barýarka, gara kündügi taşlap: «Düýpsüz derýa bol» diýýär.

Şol wagt kündük düýpsüz derýa bolýar. Onsoň çagalar derýanyň ol kenarynda ýag bilen çörek iýmäge oturýarlar.

Döw olara:

— Bu suwdan nädip geçdiňiz? — diýýär. Çagalar çörek iýip bolanlaryndan soň:

— Endam-janymyza uly-uly gara daşlary daňyp geçdik — diýýär.

Döw gyzyň sözüne ynanyp, endam janyna uly-uly daşlary daňyp, suwa urup, gark bolup ölýär.

Iki dogan döwden sag-aman gutulyp, çölüň içi bilen tirkeşip gidiberýärler. Şol barmana öňlerinden goýun bakyp ýörän çopan çykýar.

Çopan olaryň nireden gelip, nirä barýanlaryny, nä söý bilen çölde gezip ýörenlerini soraýar. Soňra çagalara rehimi gelip, olary naharlaýar. Çagalar ugrajak bolanlarynda:

— Öňüňizden suw çykar weli, şondan içäýmäň, ondan içseňiz gurt-möjek bolarsyňyz. Onuň aňry ýanyndaky suwdan hem içmäň. Ondan içseňiz, keýik bolarsyňyz. Ondan aňyrda ýene bir suw çykar weli, şondan içseňiz bolar — diýip, olary ýola salýar.

Doganlar ýola düşüp barýarkalar, öňlerinden ilki çykan suwdan towsup geçýärler. Ikinji çykan suwdan hem böküp geçip gidiberýärler. Esli wagt ýol ýöränlerinden soň, iki doganyň kiçisi – oglan gyza:

— Ejeke, ýaňky suwdan böküp geçenimde, köwşümiň bir taýy gaçyp galypdyr — diýip, ony alyp gelmek üçin, yzyna gidýär. Ejekesi ony goýbermejek bolup:

— Sen şu ýerde duruber, özüm alyp gelerin — diýip, hernäçe ýalbarsa hem oglan onuň diýenini etmän, aýak aldygyna gidiberýär. Gyz hem şol ýerde jigisine garaşýar.

Aradan köp wagt geçenden soň, jigisi keýijek bolup, ýüwrüp ejekesiniň ýanyna gelip, gözünden ýaş döküp durýar. Jigisiniň keýik bolanyny görüp, gyz hem aglaýar. Ahyry alaç tapman, jigisini yzyna tirkäp, öňki ugruna gidiberýär.

Şol barmana, ýene bir suwa ýetýärler. Ol suwdan ikisi hem içýärler. Suwuň başynda oturyp, nahar edinýärler. Edil şol ýerde suwuň kenarynda örän uly bir çynar bar eken. Meýdan keýikleri şol ýerden suw içip gidýär ekenler. Şol wagt bir süri keýik suw içmäge gelýär. Ýöne gyzyň oturanyny görüp, keýikler gorkularyna yza gaçmakçy bolýarlar.

Gyz ol keýiklere:

— Bizden size zyýan ýetiren ýok. Gorkman geliberiň. Gideniňizde meniň hem keýijek jigimi özüňiz bilen äkidiň, ony horlamaň — diýýär.

Olar razy bolup, gyzyň keýijek jigisini özleri bilen meýdana äkidip, her gün suwa özleri bilen alyp gelýärler. Gyz hem her

gün jigisini görýänligi üçin, başga hiç ýere gitmeýär hem-de, şol ýerdäki çynara:

— Egil çynarym, egil — diýýär.

Çynar egilýär. Gyz hem onuň üstüne münüp, allaowarralardaky zatlary görüp oturýar.

Bir gün şol ýurduň patyşasynyň ogly çöle aw awlamaga çykýar. Onuň ýoly şol çynaryň üstünden düşýär. Atyny şol ýerde suwa ýakjak bolup, ony näçe debsese-de, aty suwa barman hokranýar. Şol barmana oglan suwuň ýüzünde bir ýalkym görýär. Ýüzüni galdyryp ýokaryk seretse, çynaryň üstünde bir owadan gyz oturanmyş.

Oglan gyza:

— Ýüzüňi ýapaweri, atymy suwa ýakaýyn — diýýär.

Gyz ýüzüni ýaglygy bilen ýapýar. Oglan atyny suwa ýakyp, gyza hiç zat diýmän, atyny aýak aldygyna sürüp, şähere gaýdýar.

Oglanyň bar küýi nähili ýol bilen bolsa-da, şol gyzy alyp gaýtmak eken. Ol öz maksadyny bir garryja aýala aýdýar.

Garryja aýal:

— Göwnüme ýetseň, ony alyp gaýtmagy men başararyn — diýýär.

Oglan hem:

— Şony alyp gaýtsaň, boýuňa barabar gyzyl bereýin — diýip, onuň bilen pugta wadalaşýar.

Garry aýal:

— Sen hem galman, meniň bilen gitmeli bolarsyň. Bir-ki kişilik ak köýnek-balak, kiçiräk gara gazany hem äkitmeli. Gijäniň içinde şol ýere baryp, meni şu zatlar bilen suwuň ýakasynda oturdyp, özüň bir ýerde bukulyp ýatmaly bolarsyň. Bukulyp ýataňda üstüňe alma üýşürmeli. Bardy-geldi, ol gyz ýanyňa alma iýmäge baraýsa, ony tutarsyň. Men ony seniň ýanyňa alma iýmäge iberjek bolaryn — diýýär.

Bular şol ýere barýarlar, patyşanyň ogly gijeden bukulyp ýatýar. Garryja aýal daňdan suwuň gyrasynda oturyp, gazany düňderip goýýar. Hälki geýimleri hem onuň üstünde goýup, üstüne suw dökýär-de, geýimi gazana oýkaşdyryp oturýar.

Garrynyň beýdip oturşyny gyz çynaryň üstünden görüp, syn edip oturýar. Gyz ahyry durup bilmän, çynaryň üstünde oturan ýerinden:

— Gazany beýlesine agdar-da, geýimi içine salyp, üstüne suw guýup, oňatja ýuwsana — diýip gygyrýar. Garry aýal ony eşitmedik bolýarmyş. Gyz birnäçe gezek gygyransoň hem garry jogap bermeýär. Onsoň gyz çynardan düşüp, kempiriň ýanyna barýar.

Garry aýal:

— Wah, men kör bolanym üçin, näzeýilli ýuwýanymy hem görmeýärin. Kyn görmeseň, her kim hem bolsaň, gelip ýuwup beräýsene — diýip ýalbarýar.

Gyz garry aýalyň kirini ýuwup berip, yzyna gitmekçi bolýar.

Garry ol gyza:

— Sag bol keýgim, Taňry ýalkasyn! Eliň-gözüň dert görmesin! Janyma ýetişäýdiň. Gelip ýuwup bermedik bolsaň, tüýs masgara boljak ekenim. Bar, hol üýşüp duran almadan iý, göterip bileniňi hem äkit — diýýär.

Gyz hem garra:

— Seniň göwnüň üçin birjigini alaýyn — diýip, almanyň ýanyna baryp, onuň birini almakçy bolup egilýär. Şol halatda almanyň aşagynda bukulyp ýatan oglan ýerinden turýar-da, gyzyň goşaryndan şapba tutup:

— Maňa kyýamatlyk ýoldaş bolmaga razy bol — diýip, ýalbarmaga başlaýar.

Gyz ahyry:

— Sözüň tüýs ýürekden bolsa, gadyr bilýän ýoldaş bolmagy başarsaň, men hem şeýle gadyrdan ýoldaşly bolmaga razy. Ýöne meniň ýeriň ýüzünde ýekeje keýik jigim bar. Onuň daşyna altyndan agyl, özüne kümüşden köken, iýmitine nohutly kişmiş dökseň, men saňa aýal bolaryn — diýýär.

Patyşanyň ogly gyzyň aýdanlarynyň hemmesini diýşi ýaly berjaý etmäge kaýyl bolup, pugta söz berýär. Oglan gyzy alyp gitmek üçin öýlerine gidýär.

Ýaňky gyz keýikler suw içmäge gelenlerinde, keýik jigisini alyp galmakçy bolup garaşyp oturýar. Garry aýal hem hil bir iş bitiren adam bolup, gazany, geýim-gejimleri ýatan-ýatan ýerinde taşlap, hasasyny tyrkyldadyp, ýapyrylyp öýüne garşy ugraýar.

Gün günortandan agyberende, keýikler hem suw içmäge gelýärler. Gyz çynardan düşüp, keýik jigisini çagyrýar-da, ony ýuwundyryp tämizleýär.

Az wagtdan soň patyşanyň ogly hem üsti gelnalyjyly, kejebeli kän akmaýany tirkeşdirip, ýüz çemesi bedew atly, daýanykly ýigitlere baş bolup, gyzyň ýanyna gaýdyp gelýär.

Gyzy keýijek jigisi bilen bir aýratyn kejebeli akmaýa mündürip, uly şagalaň-şatlyk bilen agşamlyk şähere gaýdyp gelýärler.

Patyşanyň ogly gyzy nikalap alýar. Gyzyň keýijek jigisi üçin, altyndan agyl ýasadyp, boýnuna kümüşden köken etdirýär. Öňüne nohutly kişmiş dökýär. Atasynyň patyşalyk edýän ilatynyň hemme ýerine atly iberip, uly ili ýygnap, ýedi gijegündiz toý berýär.

Bagşylardyr sazandalaryň, pälwanlaryň, aty ýyndamlaryň, mergenleriň toýda alan baýraklaryny göteribilmän, artygyny aja, ýalaňaja, ýetim-ýesire paýlaşdyrany az bolmandyr.

Patyşanyň ogly täze alan gelnini oňat görüp, öňki aýalynyň ýanyna hem barmaýar. Muňa ol aýaly öz ýanyndan kemsinip,

soňky alnan aýaly özüne duşman saýyp başlaýar hem-de aňrujy başarsa, oňa ýamanlyk etmekçi bolup gezýär.

Aradan ep-esli wagt, on-on iki aý geçensoň, hälki aýal bir gün üstüne alnan gelne:

— Gidip suwa düşeli hem-de kemsiz arassalanyp geleli — diýip, onuň içine-daşyna geçip, ahyry ony suwa düşmäge derýanyň kenaryna alyp barýar.

Ol ýerde hem bile suwa düşen bolup, amatyny tapýar-da, günüsi, ýagny ýaňky gelni derýanyň çuň ýerine itekläp, suwa gark edýär. Özi bolsa onuň geýimlerini geýip gaýdyp gelýär. Äriniň ýanynda hem gündizlerine onuň gözüne görünmän soňky alnan gelin bolan bolup, äri bilen ýaşaberýär.

Aradan esli wagt geçenden soň ärine:

— Şu günler men aş saýlaýaryn, keýik etini iýesim gelýär. Maňa keýik jigimi öldürip, şonuň etini beräý — diýýär. Äri göwnemejek bolsa hem, ahyry ony yrýar.

Äri keýigi kümüş kökenden boşadyp, boýnuna başga ýüp daňyp, howlynyň içine çykarýar-da, damagyny çalmakçy bolýar.

Şol halatda hälki keýijek:

— Buşugasym gelýär. Men buşugyp geleýin — diýýär.

Oglan oňa ynanyp, keýijegi boşadyp, özi hol beýlede garaşyp durýar. Keýijek bolsa derrew derýanyň gyrasyna baryp:

Ejekejan, Ejekejan!
Altyndan agyl ýykyldy,
Kümüşden köken üzüldi,
Nohutly kişmiş tükendi.
Bogaza pyçak goýuldy — diýip, gözünden boýur-boýur ýaş döküp aglaýar.

Onuň Ejekejany hem derýanyň düýbünden:

Barsaň aýt daýyňa,
Özüm derýa düýbünde,

Saçym derýa ýüzünde
Bir dyzymda Abdylla
Bir dyzymda Seýdylla — diýip jogap berýär.

Bu sözden soň keýijek ýene daýysynyň ýanyna gelýär-de, boýnuny burup durýar.

Daýysy ýene keýijegi güýlüp, damagyny çalmakçy bolýar.

Keýijek ýene:

— Waý, buşugýan, waý, buşugýan. Men buşugyp geleýin — diýip rugsat dileýär. Daýysy keýijegi bu sapar hem goýberýär. Keýijek ýene-de göni derýanyň gyrasyna baryp:

Ejekejan, Ejekejan!
Altyndan agyl ýykyldy,
Kümüşden köken üzüldi,
Nohutly kişmiş tükendi.
Bogaza pyçak goýuldy — diýip, aglamaga başlaýar.

Ejekejan derýanyň düýbünden:

Barsaň aýt, daýyňa!
Özüm derýa düýbünde,
Saçym derýa ýüzünde
Bir dyzymda Abdylla
Bir dyzymda Seýdylla — diýip jogap berýär.

Keýijek ýene gös-göni daýysynyň ýanyna gelip, oňa hiç zat diýip bilmän, boýnuny burup durýar. Daýysy ýene keýijegi güýlüp, onuň damagyny çalmakçy bolýar.

Keýijek ýene:

— Gaty buşugasym gelýär, rugsat ber — diýýär.

Daýysy öz ýanyndan:

— Bu nä boluş? Heý şeýle-de bir zat bolarmy? Her sapar rugsat diläp gidýär. Ýene hem öz aýagy bilen öldüriljek ýerine gaýdyp gelýär. Menden gizlin zat bolup, ony hem maňa aýdyp bilmeýän bolaýmasyn. Bu sapar hem goýbereýin. Özüm hem

yzyna düşüp gideýin — diýýär-de, keýijegi boşadyp goýberýär. Özi hem görünmän onuň yzyna düşýär.

Keýijek bu sapar hem öňki bolşy ýaly, gös-göni derýanyň gyrasyna barýar-da, bogazyna sygdygyndan:

— Ejekejan, Ejekejan!
Altyndan agyl ýykyldy,
Kümüşden köken üzüldi,
Nohutly kişmiş tükendi.
Bogaza pyçak goýuldy, gelsene! — diýip zaryn-zaryn aglaýar.

Ejekejan hem derýanyň düýbünden:

Özüm derýa düýbünde,
Saçym derýa ýüzünde
Bir dyzymda Abdylla
Bir dyzymda Seýdylla,
Barsaň, aýt daýyňa — diýip, gatydan-gaty gygyryp, jogap berýär.

Bu sözlerden soň, keýijek ýene gaýtmakçy bolup, yzyna dolanýar. Görse, daýysy ýanynda dur.

Daýysy keýijegiň ýüzünden-gözünden ogşap, derýadan nätüýsli çykaryp boljakdygyny Ejekejandan sora — diýip ýalbarýar.

Keýijek hem çirkin sesini edip, daýysynyň diýenini Ejekejandan soraýar. Ejekejan hem:

— Pylan ýerde ullakan sary sygyr bardyr. Ol her naharyna ýigrimi tamdyr çörek iýse, enesi on tamdyr çörek iýýändir. Olara suw bermän, iki günläp idedip naharlap, üçünji güni şu ýerden üç gezek yzly-yzyna suwa goýberseňiz, olar derýanyň suwuny birbada keserler. Şol halatda dört sany çalasyn adam tapylsa, bizi alyp çykaryp biler — diýip jogap berýär.

Onuň bu jogabyny äri hem eşidýär. Ol şol ýerden keýijegi gujagyna alyp gelýär-de, tylla agylynda goýup, onuň saklanýan

jaýyny hem daşyndan gulplaýar. Soň derrew ullakan sary sygry hem-de onuň enesini tapmaga gidýär. Olary tapyp, öz jaýyna getirip, iki günläp suw garasyny görkezmän, kemsiz naharlap idedýär. Üçünji güni ikisini hem derýanyň gyrasyna äkidýär. Öz ýany bilen üç sany çalasyn daýaw adamyny hem alyp barýar.

Ol sary sygry enesi bilen üç gaýta yzly-yzyna suwa goýberýär. Olar üçünji gaýta suw içenlerinde, derýanyň suwuny birbada içip gutarýarlar. Şol halatda patyşanyň ogly hem üç sany ýoldaşy bilen derýanyň düýbüne özlerini taşlap, Ejekejany iki sany ýaşajyk çagasy bilen derrew derýanyň daşyna alyp çykarýarlar.

Olary çykaranlaryndan soň, öňki aýalyna:

— Bu eden işiň üçin, saňa kyrk gamçy gerekmi ýa kyrk gatyr? — diýýär.

Aýaly:

— Atam öýüne bahymjak ýeter ýaly, maňa kyrk gatyr gerek — diýýär.

Patyşanyň ogly kyrk sany semiz gatyry çatyp we öňki aýalynyň el-aýaklaryna ýüp daňyp, ýüpüň beýleki ujuny gatyrlara tirkäp, gatyrlary saýgylap goýberýär. Mes gatyrlar hyzzyn atyşyp, ala tozan edip, az salymyň içinde pylança gezek şäheriň daşyna aýlanyp çykýarlar. Yzlaryna tirkelen päli ýaman aýalyň diňe ýüpde galan gan-kokundan başga, göwresinden çigit ýaljak hem nyşan galmandyr.

Agyr hala düşen aýalyny halas edenine, ekiz ogly Abdylla bilen Seýdyllanyň bolanyna begenip, patyşanyň ogly ýedi gije-gündiz uly toý edip, maksat-myradyna ýetýär.

## KEREM[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir garyp bar eken. Onuň ýedi gyzy, hem-de Kerem atly bir ogly bar eken. Kerem heniz ýetişmänkä bir döw gelip, onuň ýedi doganyny hem alyp gidýär. Ol döw hem ýedi dogan ekeni. Döw gyzlary öýüne eltip, hersini bir doganyna berýär. Bu işe Keremiň ene-atasy diýseň gamgyn bolup, günleriniň köpüsini aglap-eňräp geçirer ekenler. Birnäçe wagtdan soň Kerem hem ýigit çykýar. Ol oglanlykdan döwleriň elinden öz doganlaryny halas etmegiň arzuwynda bolýar. Ol atasyndan bir at bilen kesgir gylyç alýar. «Döwler seni öldürer, gitme» diýip, ene-atasynyň ýalbaranlaryna-da bakman, atyny münüp, gylyjyny biline dakynyp, «nirdesiň döwleriň mekany» diýip, ýola rowana bolýar. Ol ymgyr çöli söküp, ahyry bir patyşanyň şäherine barýar. Kerem şäheriň çetinden giren ýerinde bir öýe barýar. Görse, öýde bir garry bilen bir gyz aglaşyp otyr.

Kerem:

— Garry ene, näme diýip aglaýarsyňyz? – diýýär.

Garry ene:

— Eý, oglum, biziň ýurdumyzyň patyşasy gaty rehimsiz. Ol örän zalym, dünýäde ondan ganhor adam ýokdur. Ol her gün bir gyzy ýanyna çagyrýar, ertesi hem dardan asyp öldürýär. Bu

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 951[f]-nji bukja. Toplanlar: N.Kürräýew, A.Taýymow. 1960.

gije hem meniň ýekeje gyzymyň gezegi, şonuň üçin aglaýarys – diýip jogap berýär.

Keremiň muňa gaty gahary gelýär. Onuň gözüne gan guýlan ýaly bolup, dodaklary müňküldäp, saçlary syh-syh bolýar. Şol pursat gyzy äkitmek üçin, patyşa tarapyndan üç sany atly gelýär. Kerem olaryň ikisini öldürip, birinden hem patyşa şeýle mazmunly hat iberýär:

— Eý, patyşa!
Gaýratymy goşunyňa görkezip,
Ähli raýatyňy haýran ederin.
Rehim etmän, ejizleri horlasaň,
Dardan asyp gözüň girýan ederin.

Patyşa haty okap, bedeni lerzan bolup, ýürek bagry girýan bolup, jellatlaryna: «Şol ýigidi şu wagtyň özünde baryp öldürmeli» diýip buýruk berdi, emma patyşanyň bir akylly weziri bardy, ol: «Eý, patyşahym, ol ýigidi aňsat öldürip bolmaz, çünki, özüne ynamy bolmasa, beýle-beýle hat ýazmaz, öňürti onuň özüni çagyryp, nähili adamdygyny göreliň, gürleşeliň, soňam öldürsek giç bolmaz» diýýär.

Patyşa weziriniň maslahatyny makullaýar hem Keremiň yzyndan adam iberýär. Kerem göwni bir ýaly:

— «Çagyrlan ýere irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme» diýipdirler, çagyrlan bolsak gideris – diýip, patyşanyň edil gaşyna gelip durýar.

Patyşa Kereme bakyp şeýle diýýär:

— Ýeri, batyr ýigit, beýle sözler aýtmaga meniň gahar-gazabymdan gorkmadyňmy?

Kerem:

— Eý, hormatly patyşa, eger gorkýan bolsam, men ol sözleri ýazmazdym – diýýär.

Patyşa:

— Ýeri, seniň maksadyň näme? – diýýär.

Kerem aýdýar:

— Meniň maksadym pakyr-pukaralary seniň ýaly azan patyşanyň zulumyndan gutarmak. Günde agşam bir gyzyň ýanynda bolup, ertiri öldürýän wagşy ganhory şu ýaşyňa çenli hiý görüp-eşidipmidiň? Belki, düýşüňde hem gören däl bolsaň gerek. Öz gyzyňy ol biçäreleriň ornunda goýup görmediňmi?

Patyşa hem wezir Keremiň sözlerini eşidip, barmaklaryny dişläp, biri-biriniň ýüzlerine seredişdiler, patyşa weziriň gorkuly ýüzüňden: «Ýigidiň aýdyp duran zatlary dogry» diýen ýazgyny okap, bir hili üýşendi. Ol Keremiň gözsüz batyrdygyna haýran galyp, ony köşkden çykarmaga buýruk berdi. Keremiň ýöne-möne oglan däldigini aňlap, garrynyň gyzyny Kereme alyp bermek üçin, olara sawçy iberýär. Olaryň toýlaryny ähli raýatyny ýygnap, özi tutýar. Patyşanyň bütin ilaty bu bolan waka haýranlar galypdyr. «Patyşa toba edipdir» diýşip, soň-soňlaram ýaşuly-ýaşkiçi gürrüň edipdirler. Bu gürrüňler Keremiňem gulagyna ýetipdir.

Kerem gelni bilen birnäçe wagt ýaşaşandan soň, ýene ýoluna rowana bolýar. Az ýöräp, köp ýöräp, ýoly kesip, ýolda goýup, çöli kesip, çölde goýup ýene bir patyşanyň ýurduna barýar. Emma ol ýurtda çyra ýakmaýan ekenler. Ol çyra ýanýan bir öý hem görmändir. Nähili-de bolsa, Kerem baryp, bir öýe myhman bolýar. Kerem öý eýesinden:

— Näme üçin çyra ýakman, garaňkyda oturýarsyňyz? – diýip soraýar.

Öý eýesi:

— Biziň ilerimizde bir uly dag bar. Şol dagda äpet bir aždarha ýaşaýar. Eger çyra ýaksak, ol gelýär-de, adamlary iýýär. Patyşa çyra ýakmagy gadagan etdi – diýýär. Bir salymdan soň şaglap gelýän ses eşdilýär. Ol öýüň çagalary «gelýär-de, gelýär» bolşup, aglaşmaga başlaýarlar. Kerem derrew ýerinden turup, gylyjyny dikligine öňüne tutup, aždarhanyň öňüni gabala-

ýar. Aždarha gylyjy görmän, Kereme tarap okdurylyp gaýdýar. Gylyç göni aždarhanyň agzyndan girýär. Gaharyna ony çeýnän aždarhanyň bady ýatyp, ýere ýazylýar. Aždarhadan üýşenen Kereme täzeden güýç gelip, gylyjy onuň agzyndan çykaryp, aždarhany ikä bölýär. Ýurda «Bir edermen ýigit aždarhany öldüripdir» diýen habar ýaýraýar. Bütin şäher halky begenýär. Bu habar patyşa hem baryp ýetýär. Patyşa Kereme köp sylaglar berýär.

Kerem ýene ýola rowana bolýar. Ýoly kesip, ýolda goýup, çöli kesip, çölde goýup, ýedi dogan döwleriň mekanyna ýetýär. Bu ýedi döw her gün awa gidip, öýlän, ikindin, agşam ýeke-ýekeden gelýän ekenler. Kerem howlyň içine girip, jaýlara aýlanyp görýär. Ol her jaýa girende, öz doganlaryny görüp, olar bilen begenip-begenip görüşýär. Olar «Ýekeje doganymyz döwleriň elinden armanly öler» diýip, gamgyn bolýarlar. Olar Kereme ýalbaryp, yzyna gaýtarjak bolýarlar. Kerem doganlarynyň aýdanyny etmeýär. Ol:

— Men gaýtmak üçin gelemok, döwleriň jany nirede? Siz maňa şony görkeziň – diýýär.

Keremiň doganlary:

— Döwleriň iň ulusynyň jany bir ýolbarsdadyr. Ol bolsa gapysy kyrk sany gulp bilen gulplanan uly jaýyň içinde ýatandyr. Galan altysynyň jany bir çüýşede, ol bolsa gyzyldan sandygyň içindedir. Emma döwler gaty eýmençdir hem güýçlüdir, sen olary öldürip bilmersiň – diýýärler.

Kerem bu zatlary eşidip, baryp gyzyldan sandygy doganlarynyň kömegi bilen açyp, çüýşäni bat bilen ýere urup, külowram edýär. Şondan soň alty sany döwüň altysy hem aw awlap ýören ýerlerinde ölüp galýarlar. Emma olaryň iň uly doganlary dolanyp gelip, Keremi bat bilen ýokaryk zyňýar-da, ýere gaçmanka gapýar hem oňa ýüzlenip:

— Ýeri, adamzat, näme üçin sen bu ýerlere geldiň? – diýýär.

Kerem:

— Seni öldürmäge geldim – diýip, jöwher gylyjyny döwüň kellesinden aýlap salýar.

Döwüň kellesi togalanyp-togalanyp, bardygyça ulalyp başlaýar. Soňunyň gowulyk bilen gutarmajagyny duýan Kerem dessine bar güýjüni tijäp, gylyjyny gazap bilen kyrk gulply gapa aýlap salýar. Gapy iki bölünýär. Ýigit gylyjyny ikinji gezek ýolbarsyň kellesinden salýar. Ýolbars jan howluna, özüni bir gezek ýokaryk zyňyp, aşak şalkyldap düşýär.

Şunlukda, Kerem dagy-düzleri söküp, aždarhany öldüren şäherine gelip düşýär. Bu gije dem-dynçlaryny alanlaryndan soň, Kerem doganlary bilen gelniniň galan mekanyna tarap ugraýar.

Keremiň doganlary aýa gaýra dur diýýän, aşa görnükli gelinlerine guwanyşyp, ony hem özleri bilen alyp, az ýöräp, köp ýöräp, dosty şat, duşmany mat edip, maksatlaryna- myratlaryna ýetip, özleriniň ene-atasynyň ýanyna gelip gelýärler hem-de ýedi gije-gündizläp toý tutýarlar.

## ÜÇ GYZ DOGAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir baý adam bar eken. Ol baýyň üç sany gyzy bar eken. Olar biri-birinden ýalta eken. Baý bu gyzlaryna: «Goýnuň ýatagyny arassalap geliň» diýip, ýumşa iberse: «Häý, ýatagy garalan» diýşip hüňürdärmişler. «Sygryň ýatagyny arassalaň» diýse, «Heý, toýnagy düşen» diýermişler. Baý: «Düýäň ýatagyna serediň» diýse, «Häý, dabany düşen» diýermişler.

Bir gün baý bir ýerden gelip gyzlaryna:

— Gyzlarym, meniň guşagymy çözüşiň, çigşipdir. Halys ugruny tapmadym – diýipdir. Uly gyzy:

— Kaka men ýüpek işip otyryn — diýipdir. Ortanjy gyzy:

— Kaka, tahýa bejerip otyryn, elimi kirletmäýin-le – diýip jogap beripdir. Kiçi gyzy:

— Men gurjak oýnap otyryn — diýenmiş.

Baý ahyry aýalyny çagyryp, guşagyny çözdüren. Baýyň guşagyndan igde dökülipdir. Gyzlary ylgaşyp gelenmişler.

Kakasy olara: «Biriňiz ýüpek işýädiňiz, ikinjiňiziň tahýaňyz kir boljakdy, üçünjiňiz gurjak oýnaýardy, baryň işiňiz bilen boluberiň» diýipdir. Soň baý gyzlaryna: «Men sizi igdäniň bol ýerine alyp gideýin. Emma igdäniň ýanyna baranyňyzdan soň,

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 6880$^{e}$-nji bukja. Ýazyp alan: N.Şükürow. 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýy.

ýokaryňyza seretmäň» diýen. Baý şeýdip, gyzlaryny bir gün meýdanda goýup terbiýelemek islän. Onsoň baý her gyzynyň eline bir ýyrtyk halta berip, özi-de eline bir gaty meşik alyp gi-diberen. Igdelige ýetensoňlar, baý igdä münüp kakmaga duran. Baý bir salym igde kakyp, soňam gyzlaryň gözüne çöp, atyp gaçyp giden.

Gyzlar ýokarsyna garaman igde çöpleseler hem, hiç haltalary dolmandyr. Bir görseler, haltalarynyň düýbi ýyrtyk eken.

Gyzlaryň biriniň ýanyndan iňňe çykan, biriniň ýanyndan sapak çykan, haltalaryny tikip, gaýtadan igde çöpläp, haltalaryny dolduranmyşlar-da, öýlerine gaýdanmyşlar.

Gelseler, ýurtlary garalyp ýatyrmyş.

Gyzlaryň biri:

— Ejem meni ýagşy görýän bolsa, aýnam bilen daragymy goýandyr – diýen.

Ortanjy gyzy bolsa:

— Ejem meni ýagşy görýän bolsa, suwly kündügimi goýandyr – diýen.

Kiçi gyzy bolsa:

— Ejem meni ýagşy görýän bolsa, gatyk bilen çöregimi goýandyr – diýen.

Baryp görseler, aýdanlary ýaly, üçüsiniň hem diýen zatlary bar eken.

Olar gatyk bilen çöregi üýşüp iýipdirler.

Soň:

— Eý, goýnuň ýatagy, biziň öýümiz nirä göçüp gitdi? – diýip sorapdyrlar.

Onda goýnuň ýatagy:

— Hä, siziň «ýatagy garalan» diýen sözüňiz bardyr – diýen.
Soň:

— Sygryň ýatagy, öýümiz nirä göçüp gitdi? – diýip soranlar. Sygyr ýatagy:

— Hä, «toýnagy düşen» diýen sözüňiz bardyr – diýen. Soň düýe ýatagyna baryp:

— Düýe ýatagy, biziň öýümiz nirä göçüp gitdi? – diýenler. Düýe ýatagy:

— Hä, «dabany düşen» diýeniňiz bardyr – diýen. Soň görseler, bir toklujyk galan eken. Gyzlar tokludan öýleriniň nirä göçenini sorapdyrlar.

Toklujyk:

— Bir ýanymda suw, bir ýanymda ot goýsaňyz, aýdaýyn – diýipdir.

Bular-da toklynyň bir ýanynda ot, bir ýanynda suw goýupdyrlar.

Ondan soň tokly:

— Şu ýoldan gidiberiň, barýakaňyz ýol iki aýrylar. Hünjüli ýola düşseňiz, bararsyňyz – diýipdir.

Şundan soň, gyzlar toklynyň ýanyndan aýrylyp, ýola düşüp gidiberipdirler. Gidip barýakalar, ýol iki aýrylypdyr. Uly gyz bilen ortanjy gyz hünjüli ýola düşüp gidiberipdirler. Kiçi gyz bolsa ak ýola düşüp gidiberen. Uly gyz bilen ortanjy gyz hünji çöpläp gidiberen. Ep-esli ýöränsoňlar, kiçi gyz-da gorkup, beýleki doganlarynyň ýanyna gelen. Üç gyz ýola düşüp gidip oturyşlaryna, öňlerinde bir jaý görnüpdir. Az ýöräp, köp ýöräp, şol jaýa ýetipdirler. Görseler, jaýyň içinde bir döw bar eken. Ol:

– Gözenekden göz görünýär,
Gözi doly ýaş görünýär.
Çyk-da gözle, Gülbike – diýen.
Gülbike çykyp, gyzlara:

— Gaçyň, bolmasa döw sizi iýer – diýen. Soň jaýa girip:

— Daşarda hiç kim ýok – diýen.

Gyzlar onda-da gaçman duranmyşlar. Ýene-de döw:

— Gözenekden göz görünýär.
Gözi doly ýaş görünýär.
Çyk-da gözle, Gülbike – diýen.

Gülbike bu gezegem daş çykyp, gyzlara gaçmagy maslahat beren. Gyzlar gulak asmandyrlar.

Üçünji gezek döwüň özi çykýar. Görse, ynha, üç sany gyz dur. Döw olary öýe salýar soň:

— Siz oturyň. Men degirmen üwäp, size çörek bişirip getireýin – diýip çykyp gidipdir.

Döw giden badyna Gülbike gyzlara:

— Siz gaçyň, bolmasa döw gelensoň, sizi iýer, ol çörek bişirmäge gidenok, dişini çalmaga gitdi – diýýär. Onda gyzlar:

— Biz nädip gaçaly! – diýip ýüzlenýärler.

Gülbike olara şeýle maslahat beripdir:

— Siz işikden degirmen daşyny asyň, bir gaby külden doldurup, tüýnükden asyň. Döwüň oturjak ýerine myh kakyň, döwüň gyzynyň garnyndan ýabagy geçiriň. Döw yzyňyzdan kowup ýetiberende, aýnaňyzy zyňyň-da: «Ýylçyr gaýa bol» diýiň. Eger onda-da gutulyp bilmeseňiz, daragyňyzy zyňyň: «Demir tikenler boluň» diýiň. Onda-da gaçyp gutulyp bilmeseňiz, kündügiňizi zyňyň: «Düýpsiz derýa bolasyň» diýip gaçyň. Şunuň bilen döwden gaçyp gutularsyňyz.

Gyzlar Gülbikäniň tabşyryşy ýaly edip, gaçyp gidipdirler.

Döw dişini çalyp, gyzlary iýjek bolup gelipdir. Görse, gyzy iňläp ýatyrmyş. Döw:

— Iňleme balam, iňleme,
Ýüregim gara daşdyr – diýip, işikden girjek bolanda, maňlaýyna degirmen daşy degipdir. Maňlaýyny tutup, içerik girse, gözüne kül dolupdyr. Oturyberjek bolanda, otyr ýerine myh çümüpdir. Döw içiniň ýangynjyna gyzyny iýipdir. Soň jaýynyň üstüne çykyp seretse, gyzlaryň garasy ýitip barýarmyş. Döw olary kowup başlapdyr. Ýetdim-ýetdim diýende,

gyzlar: «Ýylçyr gaýa bol» diýip, aýnany zyňypdyrlar. Aýna ýalama gaýa bolupdyr.

Döw bu gaýadan itiň gününi görüp geçipdir. Soň ýene-de kowupdyr. Ýetdim-ýetdim diýende, gyzlar: «Demir tikenler bolasyň» diýip daragy zyňypdyrlar. Döw mundan-da itiň gününi görüp geçipdir. Döw ýene-de kowup başlapdyr. Ýetdim-ýetdim diýende, gyzlar kündügi zyňyp: «Düýpsüz derýa bolasyň» diýipdirler. Kündük düýpsüz derýa bolupdyr. Döw gyzlardan:

— Aý, gyzlar, bu derýadan nädip geçdiňiz? – diýip sorapdyr. Gyzlar:

— Etegimizi daşdan dolduryp, boýnumyzdan daş asyp, geçip gaýdyberdik – diýipdirler.

Döw boýnuna daş asyp, etegini daşdan dolduryp, derýa girip gark bolupdyr.

Indi habary gyzlardan alyň. Gyzlar ajygypdyrlar. Kiçi gyz aglap, ýer dyrmap otyrka, bir üzüm tapypdyr. Ony ejekelerine beripdir. Iki uly dogan muny iýip, kiçi gyza zat bermändirler.

Ýene-de kiçi gyz aglap, ýer dyrmap otyrka, bir erijek tapypdyr. Doganlaryna: «Ynha, men bir erijek tapdym» diýipdir. Doganlary ony hem elinden alyp, biri etini, biri maňzyny iýipdir. Ýene-de kiçi gyza zat bermändirler.

Kiçi gyz aglap, ýer dyrmap otyrşyna ýerden bir agaç tapypdyr. Ol:

— Waý, ejekeler, bu ýerde bir tagta bar – diýip gygyrypdyr. Gyzlaryň üçüsi üç ýerden ol tagtany göterip beýläk taşlapdyrlar. Görseler, tagtanyň aşagynda bir uly öý bar. Öýüň içine girip görseler, aş bişip dur, çaý gaýnap dur. Gyzlar çaý-nahar iýip-içipdirler, soňam her haýsy bir gabyň içine girip ýatypdyrlar.

Agşam döw gelip, gaty çörek bilen çaý içipdir-de ýatypdyr. Ertir döw turanda, gyzlaryň üçüsi üç ýerden döwi urup öldüripdirler. Soň gyzlaryň üçüsi-de erkek adamyň eşigine girip biri

goýun çopan, biri sygyr çopan, beýlekisi hem düýe çopan bolupdyr.

Günden gün geçipdir, aýdan aý geçipdir. Bir gün patyşa öz wezirleri-wekilleri bilen sähra seýle çykypdyr. Gyzlar bulary görüp, myhmançylyga çagyrypdyrlar. Soňra gyzlar olardan öňünçä gelip, gyz eşiklerini geýip otyrypdyrlar. Patyşany, wezir-wekillerini söwüş soýup hezzetläpdirler. Nahardan, çaýdan keýpini köklän patyşa gyzlardan:

— Durmuşa çykmak niýetiňiz barmydyr? – diýip sorapdyr. Onda gyzlaryň ulusy:

— Gyz bolsa äre barar, ýigit bolsa aýal alar – diýipdir. Patyşa wezir-wekillerine:

— Hany, ýigitler, halanyňyzy saýlaň! – diýipdir.

Wezirleriň biri:

— Men uly gyzy aljak – diýipdir.

Wekil:

— Men ortanjysyny aljak – diýipdir.

Patyşanyň özi kiçi gyzy alypdyr. Ondan soň wezir uly gyzdan:

— Sen maňa näme iş bitirip berersiň? – diýip sorapdyr. Onda gyz:

— Ýanawuçly aş bile, goşawuçly duz bilen bütin ilatyňy gaýtararyn – diýipdir.

Ondan soň wekil ortanjy gyzdan sorapdyr. Ortanjy gyz:

— Bir aty eýerleýänçäň, bir köýnek, bir balak tikip egniňe geýdirerin – diýipdir.

Ondan soň patyşa kiçi gyzdan sorapdyr. Kiçi gyz:

— Men saňa altyn saçly ogul bilen, kümüş saçly gyz dogrup bererin – diýipdir.

Patyşa wezir-wekili bilen az ýöräp, köp ýöräp, öz ýurtlaryna gelipdir, toý tutup, gyzlary nikalap alypdyrlar.

Uly hem ortanjy gyz wezire, wekile eden ähtlerini ýerine ýetirenmişler.

Kiçi gyzyň hem aýdan aý, günden gün geçip, altyn saçly ogly bilen kümüş saçly gyzy bolupdyr. Kiçi gyzyň doganlary bu ýagdaýa göriplik edip, çagajyklary ýok etmegi ýüreklerine düwüpdirler we ynsa-jynsa duýdurman, çemini tapyp, çagajyklary sandyga salyp, derýa oklapdyrlar. Gyzyň goltugyna bolsa güjük salyp goýýarlar hem-de patyşa: «Aýalyň güjük dogurdy» diýip habar edýärler.

Patyşa gazaba münüp, güjügiň gözüni oýup, guýa taşlapdyr. Aýalynyň bolsa guşaklygyndan aşagyny ýere gömüp: «Iki göwsünden it asyp goýuň» diýip buýrupdyr.

Indi habary kiçi gyzyň çagalaryndan eşidiň:

Derýada akyp barýan sandygy bir garga bilen döw görüpdir. Döw: «Sandygyň içi meniňki», garga hem: «Daşy meniňki» diýipdir.

Garga baryp sandygy derýadan çykarypdyr. Sandygy açsalar, içinde Aý bilen Güne berimsiz bir oglan bile bir gyzjagaz ýatyrmyş. Garga sandygy göterip gidiberen. Döw-de oglanjyk bilen gyzjagazy öýüne getirip idediberen.

Aýdan aý, günden gün geçip çagalar ýedi ýaşyna ýetipdir. Bir gün döw:

— Balalarym, meniň sanalgym doldy, basym ölerin – diýipdir. Olar:

— Ejemiz-de sen, kakamyz-da sen, sen ölseň, biz näme işläris?! – diýip aglaşypdyrlar. Onda döw:

— Men ölenimden soň jaýlap, başujymda kyrk gije, kyrk gündiz aglap otursaňyz, şonda bir gara at çykar, şol at sizi maksat-myradyňyza ýetirer – diýipdir.

Döw ölensoň, oglan bilen gyz onuň başujyny kyrk gije-gündizläp saklapdyrlar. Şondan soň ýerden gara at çykyp:

— Meniň üstüme münüň, gözüňizi ýumuň! – diýipdir. Soň at çagalary mähriban ýurduna getiripdir.

Ejeleriniň iki uly doganlary çagalary tanap, olary ýok etmegiň ugruna çykypdyrlar we bir köpi gören aýalyň ýanyna gelip, gyzdyr oglanyň ýaşaýan ýeriniň salgysyny berip:

— Eger-de sen şol oglany ýok edip bilseň, biz saňa boýuň bilen barabar gyzyl bereli – diýipdirler. Garryja aýal ylalaşypdyr we oglanyň gyz doganynyň ýanyna gelip:

— Utanman, şu külbede ýaşaýaňyzmy? Size ýedi gat jaý gerek – diýen.

Gyz dogany gelende aglap otyrypdyr. Dogany:

— Näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr: Gyz:

— Eşegiň ýatagyndan öý, çagşan külbeden jaý bolmaz. Bize ýedi gat jaý gerek – diýipdir. Oglan atyň ýanyna baryp, ýagdaýyny aýdypdyr. At bir dem salypdyr welin, ýedi gat jaý taýýar bolupdyr.

Ertesi haýýar aýal gelip, ýene gyza:

— Indi bir kemiň, pylan ýerde özi oýnap, özi gülüp oturan bir gurjak bar, saňa hem gurjak boljak, hem gürrüňdeş boljak – diýipdir.

Oglan gelse, ýene-de gyz dogany aglap otyranmyş.

— Indi näme aglaýarsyň ? – diýip sorapdyr. Gyz:

— Pylan ýerde özi gülüp, özi oýnap oturan bir gurjak barmyş, şony maňa getirip ber – diýipdir. Oglan ýene-de atyň ýanyna barypdyr. Aty:

— Öňi bilen kyrk gulaç ýüp tap – diýipdir.

Oglan kyrk gulaç ýüpi alyp, atynyň üstüne münüpdir. Aty bir ýat ýere baryp durupdyr. Soň oglana:

— Işigiň agzynda bir topar döw uklap ýatandyr, olary basalaşdyryp geç-de, törki gapyny aç, jaýda gurjak durandyr, al-da gaç, döwlere ýetdirmän, üstüme bir münübilseň gutularsyň, ýogsam-da döwler seni öldir – diýipdir.

Oglan atyň tabşyryşy ýaly edip, gurjagy alyp gaçan. Gurjak oglan jaýdan çykyp-çykmanka, jak-jak edip gülüpdir. Döwler ukudan oýanyp, oglanyň söbügine münüpdirler.

Oglan ýetdirmän atyna münüpdir hem döwlerden gaçyp gutulypdyr. Şeýdibem gurjagy gyz doganyna beripdir.

Ertesi kempir ýene-de gyzyň ýanyna gelip:

— Indi bir kemçiligiňiz bar, ol-da, şu derýanyň içinde sansyz mal bar. Olary alyp bilseňiz, baýlygyňyz ýere-göge sygmaz – diýipdir.

Oglan gelse, dogany ýene aglap otyranmyş.

— Jaý diýdiň, jaý saldyrdym, gurjak diýdiň, ony getirip berdim, indi näme kemiň bar? – diýip, oglan gatyrganypdyr. Gyz:

— Hurşumyz ýok, şu derýada köp mal bar diýýärler. Mallary çykaryp bilseň – diýipdir. Oglan ýene-de alaçsyz atynyň ýanyna barypdyr. Aty:

— Öz-ä kyn ýumuş, kynam bolsa göreýin. Meniň endamjanymy gaýyşla – diýipdir.

Oglan atyň endam-janyny gaýyşlapdyr. At ýene-de:

— Men derýa giren wagtymda, ganly köpük çyksa begen, ak köpük çyksa gynan – diýipdir. Oglan aty derýa eltipdir. Bir wagtdan görse, derýanyň ýüzünde ganly köpük görnüpdir. Oglan muňa çaksyz begenipdir. Biraz salymdan derýadan mäleşip goýun-geçi çykyberipdir. Süriniň bir ýan çeti patyşanyň jaýyna, ikinji çeti oglanyň öz jaýyna ýetipdir. Yzyndan aty hem suwdan çykypdyr.

Ertesi kempir ýene gelip, dilini süýjedip:

— Balam, indi ýene ýekeje kemçiligiň bar. Ol-da pylan ýerde Güljemile diýen bir gözel gyz bar, hem saňa ýeňňe boljak hem doganyňa gelin boljak. Şony alyp bilseňiz, sizden bagtly adam boljak däl – diýipdir.

Gyz dogany gelende, ýene aglap otyranmyş. Oglan:

— Ýene näme aglaýarsyň? – diýip gatyrganypdyr. Gyz Güljemile hakynda doganyna gürrüň beripdir. Oglan ýene-de atynyň ýanyna ýalbaryp barypdyr. Aty:

— Öz-ä gaty kyn iş, onda-da gideýin, mün üstüme, ýum gözüňi – diýipdir. Bir ýat ýere baryp düşüpdirler At aýdypdyr:

— Hol, ýatan daşlary görýärmiň? Şolar-da seniň ýaly adamlardy. Olar Güljemilä ýetip bilmän, şol ýagdaýa düşdüler. Seniň etmeli zadyň, gapysyna baryp, birinji gezek: «Güljemile» diýip gygyrarsyň, ses bermese, dyzyňdan aşagyň saňgaty daş bolar, ikinji gezek gygyraňda-da ses bermese, göwsüňden aşagyň saňňara daş bolar, eger-de üçünji gezegem ses bermese, onda gara daşa öwrülersiň, ýogsam-da alarsyň – diýipdir. Oglan baryp, bir gezek: «Güljemile» diýip gygyrypdyr, ses bermändir. Oglanyň dyzyndan aşagy saňgaty daş bolupdyr. Ikinji gezek gygyrypdyr, onda-da ses bermändir. Oglanyň göwsünden aşagy saňňara gara daş bolupdyr. Üçünji gezegem gygyrypdyr. Onda-da ses bolmandyr. Oglan durşy bilen som gara daşa öwrülipdir.

Indi habary gara atdan alyň! Gara at oglany maksadyna ýetirip bilmändigi üçin kyrk gije, kyrk gündiz aglap durupdyr. Kyrk gije gündizden soň, Güljemile ses beripdir. Daşa öwrülen adamlaryň hemmesi direlip: «Gyz meňki-de, gyz meňki» bolşupdyrlar. Şol wagt köse sakgal bir adam:

— Gyz biziň hiç haýsymyzyňky däl. Ol hol oglanyňky. Ol gyzy gara atyň kömegi bilen aldy – diýipdir.

Oglan Güljemiläni alyp ýola düşýär. Gidip barýakalar ýolda Güljemile oglana:

— Sen giden ýeriňde iki göwsüňden it asylgy aýaly görüpmidiň? – diýipdir. Oglan görenligini aýdypdyr.

Güljemile:

— Şol seniň ejeň-dä? Şonuň ýanyna bar-da, oňa kömek ber. Toý tutanymyzda adamlara altyn tabak bilen aş ber, aş iýen

adamlaryň hemmesine tabagy ýadygärlik berip goýber. Patyşa seni öldürip, meni özüne aýal edinjek bolar, şonda seni öldürmek üçin, öňüňe aş goýar. Şony iýmegin – diýipdir.

Bu wakalara haýran galyp gynanan oglan enesine dünýäniň ýüzünde bar bolan iýmitlerden getirip beripdir. Soň toý tutupdyr. Toýda ilata aş-nan berip: «Her kim haýsy tabakdan nahar iýen bolsa, tabagyny alyp gitsin» – diýip, jar çekdiripdir. Toýdan soň hakykatdan hem patyşa oglany köşgüne çagyrypdyr we öňünde nahar goýupdyr. Oglan nahary iýmändir. Şol wagt işikden bir it gelipdir, nahary şol itiň öňüne döküpdir. It şobada ölüpdir. Oglan patyşa garap:

— Sen meni öldürmek üçin çagyrypsyň. Mende näme aryň köýdümi? Ýa-da ejem pahyrda näme kastyň bar. Heý, aýaldan güjük dogarmy? – diýipdir.

Patyşa:

— Köçäniň ugrunda iki göwsünden it asylgy heleýi görmediňmi? – diýipdir. Ýigit:

— Gördüm, ýöne ondan it bolan däldir. Ondan biz bolandyrys — diýip, telpegini çykaryp altyn saçyny görkezip gidiberipdir.

Bu wakalary eşidip, gazaba münen patyşa derrew aýalyny köşgüne getirdipdir.

Periler patyşanyň aýalynyň gözüni açypdyrlar. Ýigit iki daýzasyny we kempiri ýere başaşaklygyna gömdürip, aýaklaryny ata gazyk edipdir.

Patyşa begenjine garyp-gasara baýlyklaryndan paýlap, altyn saçly ogluny tagta çykarypdyr.

# DÖW[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym-gadym zamanda bir beýik dagy etekläp oturan bir uly gala bar eken. Galanyň ilaty agzybirlikde asuda, bagtyýar ýaşaýan ekenler.

Günlerde bir gün galanyň daş-töweregini gurşap alýan dagda bir äpet döw peýda bolupdyr. Ol galanyň ýaşaýjylaryna uly howp abanypdyr. Döw bir gün mallaryny iýse, ertesi çopanlaryny iýipdir. Galanyň ilaty döwden gorkularyna galadan daşyna çykyp bilmändirler. Daýhanlar ekin ekip bilmändirler, çopanlar mal bakyp bilmändir, söwdagärler özge ýurtlara gidip, söwda-satyk edip bilmändirler.

Şeýlelikde, ilatyň ýagdaýy gün geldigiçe agyrlaşypdyr. Ilatyň öňüne düşýän ýaşululary akylly-paýhasly adamlary, halky ýygnap, olara maslahat salyp, ýüze çykan betbagtçylykdan çykalga gözläpdirler.

Galanyň ýaşaýjylary ýigitleriň arasyndan iň merdini, gaýratlysyny saýlap, döwüň üstüne ibermegi makul bilipdirler. Halkyň arasyndan birbada döwi öldürmäge höwesek ýigit tapylmandyr. Ýöne ýigitleriň arasynda diňe ýalňyz hossary ejesi bilen ýaşaýan bir gaýduwsyz, edermen ýigit bar eken. Ol öňem mertlikde, gaýduwsyzlykda ile özüni tanadan eken.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 699[f]-njy bukja. Aýdan: Ýa.Akyýew. Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Gowşutbent obasy. Ýazyp alan: Ç.Akyýew. 1990-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 21-i.

Galanyň ýaşaýjylary şol ýetim oglany döwüň üstüne ibermegi makul bilipdirler. Adamlaryň gelen karary bilen oglanyň ejesi hem razylaşypdyr. Ol: «Oglum il derdine ýarasa, meniň armanym ýok» diýipdir we onuň döwüň üstüne gitmegine razylyk beripdir.

Şeýlelik bilen, galanyň bütin ilaty oglana ak pata berip, ýola salypdyrlar.

Ýigit daga dyrmaşyp, bir gaýadan aşansoň, döwüň güne çoýunyp oturanyny görüpdir. Döw hem oturan ýerinden ýigidi görüp, oňa tarap okdurylypdyr. Olar ençeme wagtlap söweşipdirler. Döw urýar, oglan goranýar, oglan urýar, döw goranýar. Urşup-urşup, ahyrynda döw ysgyndan gaçypdyr. Oglan pursatdan peýdalanyp, onuň boýnuna tanap atyp ýetişipdir. Ol tanapy çekip, bir uly daşa döwi daňyp goýup, ony öldürmekçi bolupdyr. Şol pursat döw oglana:

— Dur, sabyr et, sen meni öldürme! – diýipdir.

Ýigit onuň aýdanyna gulak gabartmandyr. Onda döw:

— Eger sen meni öldürmeseň, ömrüň ötinçä hyzmatyňda bolaýyn, saňa dünýäniň baýlygyny bereýin, ýöne meni öldürmeseň bolýar – diýip, gorkup janhowluna gygyrypdyr.

Ýigit onuň aýdanlaryny eşidip säginipdir. Döw ýigidiň oýlananyny şobada duýup, ýene ýalbarypdyr:

— Sen meni goýber we maňa üç gün puryja ber. Üç günden soň men saňa örän köp baýlyk hem-de mal-mülk bererin. Sen dünýäde iň baý, rysgally-döwletli, hormatlanýan adam bolarsyň. Göwnüň islän zadyny alyp bilersiň. Islän zadyňy edip bilersiň. Sebäbi men seniň hyzmatyňda duraryn. Ömrüm ötinçä saňa gulluk ederin – diýipdir.

Ýigit bu sözleri eşidip:

— Bolýar, birinji şertim, özüm çagyrýançam, sen galanyň töweregine gara salmarsyň. Men seni halas edeýin, ýöne aňyrsy üç günden sen ähli baýlygyň, mal-mülküň bilen meniň öýüme

gelersiň! Ömrüň ötinçä meniň hyzmatymda bolarsyň! – diýip, ony tanapdan boşadypdyr.

Oglanyň ýeňiş bilen sag-aman gelenine, ähli bela-beterleriň sowulanyna şatlanyp, ilat ony şowhun bilen garşy alyp, sylag-serpaý bilen öýüne ugradypdyr. Uly il oglana alkyş okapdyr. Ilat ýene öňküleri ýaly arkaýyn, asuda, agzybir ýaşaýşa dolanypdyr.

Aradan üç gün geçipdir, döw gara bermändir. Ýigidiň bolsa içini it ýyrtýarmyş. Soň ýene üç gün geçipdir. Oglanyň bolsa gün geçdigiçe döwe bolan gahary artýar diýýär. Şeýlelik bilen, döwüň söz beren gününden on gün geçipdir, ne döw gelýär, ne ondan habar-hatyr bar.

Ana, onsoň, oglanyň sabyr käsesi dolup, gahar-gazaba münüp, ok-ýaragyny dakynyp, döwüň gözlegine çykypdyr.

Oglan ýene-de öňki baran ýerine barsa, döw hiç zat bolmadyk ýaly aýlanyp ýör diýýär.

Oglan gahar-gazap bilen döwüň üstüne topulypdyr, döw hem oňa topulypdyr. Az wagtdan oglan ýadapdyr, ysgyn-myдary galman basylypdyr. Aňsatlyk bilen ýigitden üstün çykan döw ony öz edişi ýaly, boýnuna tanap salyp, bir daşa daňypdyr. Ol oglana şeýle diýipdir:

— Men seni öldürjek, ölmänkäň näme dilegiň bolsa dile! – diýipdir.

Ýigit:

— Ölmezimden öň saňa bir soragym bar – diýipdir.

Döw:

— Soragyň bolsa soraber. Jogap bermek meň bilen – diýipdir.

Onda oglan:

— Sen öňki gezek meniň bilen uzak wagtlap urşup, ahyrynda hem menden aman diläp zordan sypdyň. Bu gezek bolsa sen

sähelçe pursatda emgenmän menden üstün çykdyň. Munuň sebäbi saňa aýanmy? – diýipdir.

Onda döw:

— Eý, ýigit, muňa akylyň ýetmedik bolsa onda diňle. Onuň sebäbini men saňa aýdaýyn – diýipdir. Öňki gezek geleniňde, sen il bähbidi bilen ili nazarlap gelipdiň. Şonda sende ýüzläp adamynyň güýji, akyly bardy. Şol sebäpden hem sen menden üstün çykdyň. Bu gezek bolsa sen diňe öz bähbidiň üçin geldiň. Şonuň üçin sende diňe bir adamynyň güýji, bir adamynyň akyly bar. Sen pikir edip gör, heý, döwüň güýji bilen bir adamyň güýji deň gelermi? Bu gezek seni nebsiň getirdi. Şol sebäpden hem men seni aňsatlyk bilen ýeňdim. «Ýagşylyga ýagşylyk» diýipdirler. Men hem seni öldürjek däl. Ýöne sen bu bolan wakany bolşy-bolşy ýaly edip, öz halkyňa gürrüň ber. Eger sen şony etmeseň, men seniň galaňy ýer bilen ýegsan ederin. Eger sen ähli başyňdan geçirenleriňi gylyny gymyldatman, galadakylara gürrüň berseň, men bu ýerden hemişelik giderin – diýipdir we ýigidi azat edip goýberipdir.

Oglan gala dolanyp, ähli bolan wakalary halka bolşy ýaly gizlemän gürrüň beripdir. Döw hem sözüňde tapylypdyr, dagy hemişelik terk edipdir.

## ÝARTYGULAK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir är-aýal ýaşan eken.

Bir gün bu adam degirmene un çekmäge gidipdir welin, yzynda ogly bolupdyr. Geň ýeri, ol çaganyň ululygy edil ýartyja gulak ýaly eken. Oglan bolan dessine:

— Eje, aý, eje, kakam nirä gitdi? – diýip sorapdyr. Ejesi hem gorkusyna:

— Kakaň pylan degirmene un çekmäge gitdi, kakaň yzyndan düýäni eltmeli — diýipdir.

Ýartygulak hem düýäni gazykdan boşadyp, ilki üstüne böküp münýär, soň gulagyna girýär. Düýe uly ýol bilen ýöräp barýarka, öňünden bir topar oglan çykyp:

— Geliň, eý, boş düýe, tutup eýesine eltip bereliň – diýşip, düýäni saklapdyrlar.

Ýartygulak hem düýäniň gulagynyň içinden:

— Goýberiň düýäni, ony näme saklaýarsyňyz? – diýip gygyrypdyr.

Oglanlar töweregine garanjaklaşyp, hiç kimi görmän «Eýwaý, bu ses nireden gelýärkän-äý» diýşip, adam görmänsoňlar, gorkularyna gaçyp gidipdirler.

Ýartygulak düýäni sürüp degirmene baryp:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 872[f]-nji bukja.

— Aý, kaka-haw – diýip gygyrýar.

Ýartygulagyň kakasy oglunyň bolandygyny bilmänden soň, ses bermändir. Ýartygulak hem kakasy ses bermänsoň, onuň adyny tutup:

— Aý, pylan kaka, haw – diýip gygyrypdyr.

Ýartygulagyň kakasy: «Be, meniň oglum ýokdur-la, bu meni çagyryp gygyrýan kimkä?» diýip, daşaryk çykypdyr. Ýartygulak içinden: «Kakam gelse gorkuzaýyn» diýip, düýeden düşüp, onuň aşagyna girip ýatypdyr. Düýe-de Ýartygulagyň gizlenen ýerindäki oty Ýartygulak bilen iýipdir.

Ýartygulagyň kakasy gelse, düýeleri bar-da, ogly ýok. Ol:

— Oglum, oglum! – diýse, Ýartygulak düýäniň içinden:

— Kaka, men düýäniň içinde, düýe meni iýdi – diýip gygyrypdyr.

Kakasy hem uny düýä ýükläp, öýlerine gelipdir. Aýaly ärinden:

— Oglumy getirdiňmi? – diýip sorapdyr. Äri:

— Oglumyzy düýe iýdi – diýipdir.

Är-aýal ikisi oturyp aglaşypdyrlar.

Bular düýelerini öldürip, içegelerini birin-birin barlapdyrlar. Hiç zat tapmandyrlar. Emma «zat ýokdur» diýip, bir bölejik ajy içegäni zyňyp goýberipdirler. Ýartygulak bolsa şol bölejik içegede eken. Är-aýal ogullaryny ýitirip, ýekeje düýelerini hem öldürendiklerine gynanyp, aglaşyp oturypdyrlar.

Bu gün bir aç möjek düýäniň öldürilen ýerine gelip, ýaňky bölejik içegäni iýipdir. Ýartygulak hem şol bölejik içegede bolansoň, möjegiň içine düşüpdir.

Möjek bir içege bilen garny doýman, bir çopanyň goýnuna darajak bolup barypdyr.

Ýaňky Ýartygulak:

— Haý, çopan haw, goýnuň gitdi-le haw – diýip, möjegiň içinden gygyrypdyr.

Çopan hem:

— Aý, bir öwejiň bar, kowaweri – diýip, özi hem itlerini küşgürip, ýaňky möjegi kowupdyrlar. Ýartygulak hem möjegiň içinden:

— Gyýw, haý-haý! – diýip, gygyrýan eken. Möjek ses geleni eşidipdir. Emma nireden gelýänini bilmändir. Ol goýun iýmekden elli bizar bolup, gaçyp zordan özüni gutarypdyr.

Biçäre möjek aç bolansoň, açlyga çydaman, ýene bir çopanyň goýnuna barypdyr. Möjek sürä ýakynlaşandan, Ýartygulak ýene:

— Aý, çopan haw! Eşitmedim diýme, haw, goýnuňy möjek aldy, haw – diýip gygyrypdyr.

Bu çopan hem:

— Aý, bir öwejiň bar, kowaweri – diýip gygyrypdyr.

Ýartygulak hem möjegiň içinden:

— Gyýw! Haý-haý! – diýip, uly gopgun turuzypdyr. Goýun çopanyň özi hem üç sany iti bilen möjegiň yzyna düşüpdir. Itler hem kowalap, möjegiň guýrugyndan ýapyşsalar-da, tutup bilmän, gaýdypdyrlar.

Aç möjek ýene bir süri goýnuň gyrasyndan barypdyr. Bu gezek hem Ýartygulak çopana habar berip, möjegiň içinde uly gopgun turuzupdyr. Garaz, bu möjek birnäçe günläp alakjap, gaty köp sürüleriň üstünden barypdyr. Haýsyna barsa-da, Ýartygulak çopanlara habar berip, onuň içinde uly zenzele turuzypdyr. Möjek biçäre hem her gezek goýunçy itleriň demine düşüp, sütüni süýnüpdir.

Ahyrda möjek bu belanyň öz içindedigini aňypdyr. Ysgyny gidip, halys bolup «Indi bu beladan nähili gutularkam» diýip, bir bilimdar tilkiniň ýanyna maslahata barypdyr.

— Eý, tilki dost, meniň içimde bir bela bar. Goýun iýmäge barsam, içimde: «Aý, pylany çopan, haw, goýnuňy gurt aldy, haw» diýip zowladyberýär. Indi bäş gündür, agzyma zat dege-

nok, açlygymdan bedenimde kuwwat galmady. Şuňa sen bir zat et, ýogsam men öljek – diýip ýalbarypdyr. Onda tilki:

— Eý, möjek, sen bir suwujak bulamak içip, birnäçe sapar ýapyýokaryk ylgasaň, içiňdäki bela gaçar – diýipdir. Onda Ýartygulak:

— Eý, tilki-tilki, seniň aňyň gaçypdyr, içmäge bulamak tapýan bolsa, möjek şu güne düşermidi? – diýip, möjegiň içinden gygyrypdyr. Tilki muny eşidip:

— Eý, möjek dost, ýagdaýyň kyn eken, ýaman bela sataşypsyň. Ýene bir zat aýdaýyn welin, şony etseň, belki, bu beladan dynarsyň – diýipdir.

Onda gurt:

— Dost, aýdaweri, bir em bolsa haýyr etse, edeli, etmese, bir başa bir ölüm ekeni-dä – diýip, tilkä ýalbarypdyr.

Tilki:

— Eý, möjek dost, sen günorta bolan wagty haýata bar-da üzümiň çigräginden iý. Köpräk iýjek bol. Içiňdäki bela her näçe gygyrsa-da, onuň sesini hiç kim eşitmez – diýipdir.

Möjek hem:

— Bolýar, – diýip, üzümli haýatyň içine girip, bir-iki düýp üzümi syrypdyr. Ýartygulak hem:

— Dat-bidat, üzüm eýesi, üzümiňi ogry aldy, haw! – diýip, möjegiň içinden gygyryberipdir.

Üzüm eýesi hem: «Bu gykylyk nämekä?» diýip, eline taýak alyp, haýatyň içine aýlansa, bir möjek üzüm iýip duran. Ol ýuwaşlyk bilen gurduň ýeňsesine bir ýapypdyr welin, möjek hem ýüregi ýarylan ýaly bolup, ýokaryk bir zyňypdyr-da, gaçyp gidipdir. Möjek asmana zyňanda, Ýartygulak syrylyp gaçypdyr. Möjek hem begenjine durman, tilkiniň ýanyna barypdyr.

Ýartygulak möjekden galandan soň, bir üzümiň düýbünde ýatypdyr. Üzüm eýesi gurdy kowup, bir çelek üzüm ýygyp, arkasyna göterjek bolanda, Ýartygulak hem çelege giripdir.

Bu adam ýolda barýarka aýdym aýdýar welin, Ýartygulak hem çelegiň içinden:

— Jan-jan, sag bol! – diýip gygyrýar. Bu adam hem yzyndan adam gelýändir öýdüp yzyna seretse, hiç kim ýok. «Göwnüme ses gelen ýaly boldy» diýip, oýlanýar-da, ýene aýdym aýdýar welin, Ýartygulak çelegiň içinden:

— Jan-jan, sag bol! – diýýär. Bu adam gorkusyna aýdym aýtmasyny hem goýup, gaty-gaty ýöräp, öýlerine gelipdir. Soňam esli salym titir-titir edip oturypdyr. Sebäbi ol sesi jyndyr öýdüpdir. Ýartygulak bolsa çelekden çykyp, çuwalyň aşagyna girip ýatypdyr. Obanyň adamlary hem: «Pylany jyn görüpdir» diýşip, ony soramaga gelipdirler.

Jyn gören adamyň öýüne şol agşam dört sany myhman hem gelipdir. Bular gije ýatypdyrlar welin, Ýartygulak çuwalyň aşagyndan çykyp, myhmanlaryň sakgalyny biri-birine daňypdyr. Ýaňky jyn gören adamyň sakgaly bilen aýalynyň saçyny hem bir daňypdyr. Agşam myhmanlaryň biri daşaryk çykjak bolupdyr welin, ýoldaşy sakgalyndan çekýändir öýdüp:

— Haw, sakgalymy goýbersene – diýipdir. Onda ýoldaşy oýanypdyr-da, öz sakgalyňdan bilgeşleýin çekýändir öýdüp:

— Sakgalymdan-a sen çekip dursuň, haw? Sakgaldanam oýun bolarmy? – diýip gatyrgynypdyr. Jaýda gopgun turupdyr. Bularyň galmagalyna beýleki ýoldaşlarynyň biri turupdyr. Dawalaryny çözjek bolsa, ýanyndaky ýoldaşy sakgalyndan aslyşýan ýaly bolupdyr:

— Näme sakgalymdan tutýarsyň, goýber, haw, sakgalymy — diýip, olam ýatan adama gygyrypdyr.

Hiç zatdan habarsyz ýatan ýoldaşy hem turup, gaharyna oňa topulypdyr. Bu dört myhman biri-birine gygyryp, öýde ala gopgun turuzypdyrlar.

Myhmanlaryň galmagalyna öý eýeleri hem oýanypdyr. Äri turjak bolanda, aýaly sakgalyndan çekýändir öýdüp:

— Eý, heleý, näme üçin sakgalymdan tutýarsyň. Goýber, diýdim men saňa, dälirediňmi? Şundanam bir oýun bormy?! – diýip, aýalyny urmaga başlapdyr. Aýaly hem:

— Dat, goňşular ýeteweriň – diýip, uly goh turuzýar. Goňşulary jaýdakylary köşeşdiripdirler. Ýartygulak bolsa çuwalyň aşagynda ýatyberipdir.

Myhmanlar «Bu öýde bir bela bar, biz bir basym gaýdaly diýşip, daň bilen turup gaçypdyrlar. Är-aýal ikisi hem gorkularyna bu jyny öýlerinden kowmak üçin, işandan doga almaga gidipdirler. Ýartygulak hem öý eýesi aýalyň gyňajynyň aşagynda gizlenip, işanyň ýanyna ugrapdyr.

Bular işanyň ýanyna baryp:

— Işan aga, şu gün üç gün boldy, biziň öýümize jyn giripdir. Şoňa bir doga berseňiz — diýipdirler. Işan hem hasyr-husur kagyzyň ýüzüne bir zatlar ýazyp:

— Ine, şu iki dogany alyp git, birini äriň dakynsyn, birini özüň dakyn – diýip, ol aýalyň getiren aklygyny alyp, ony tiz ugradan. Ýartygulak hem ýolda galyp, öýlerine baran. Ol kakasy-ejesi bilen gujaklaşyp görşen. Kakasy-ejesi aşa şatlananlar. Ýartygulak başyndan geçenleri birin-birin gürrüň berip:

— Kaka, pylan çopanda bir öweç, pylan çopanda bir öweç algymyz bar – diýip, gaty kän çopany sanan.

Kakasy gidip, çopanlardan algylaryny alyp, ýygnap, bir süri öweji öňüne salyp, alyp gelen. Olar ogullarynyň kömegi bilen mally bolanlar. Ýartygulak hem ejesi-kakasy bilen maksat-myradyna ýetipdir.

## SATYN ALNAN AKYL[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir garyp är-aýal bar eken. Bular gije-gündiz hars urup işleseler-de, iki sany çagalaryny ekläp bilmän, gara güne galyp ýörenmişler. Günleriň birinde äri aýalyna:

— Men beýleki obalara aýlanyp göreýin, munymyzdan düşewüntlиräk iş tapsam, göçüp gideli – diýen.

Aýaly:

— «Är gezse, bagty açylýar» diýipdirler. Gitseň git. Aýlanyp gör, belki, gowy eklenç taparsyň – diýipdir.

Garyp goňşularyndan üç teňňe karz alyp, ýola düşüpdir. Birnäçe obalary aýlanyp, iliň nähili eklenç edýänini görüpdir. Ýöne hiç ýerde-de bolelinlik ýokdugyna göz ýetirip, öz iline gaýdypdyr. Ol ýolda bir aksakgal adama duşup, hal-ahwal soraşypdyr. Özüniň eklenç gözläp çykandygyny aýdypdyr. Aksakgal oňa:

— Akyl satýan, oglum, eklençden galdym – diýen.

— Akyly näçeden berýäň?

— Biri bir teňňe.

Garyp oňa bir teňňe beripdir weli, aksakgal:

— Günüň ýaşan ýerinde ýat – diýen.

— Barymy şu?

— Hawa, bir teňňä düşýäni şol.

[1] Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Ylym» 1986.

Garyp ýene bir teňňe beripdir weli, goja:

— Myhman bolan ýeriňde ýarym gijeden soň ýat – diýen.

Garyp barja puluny harçlap, goja bilen sagbollaşypdyr-da, ýoluny dowam etdiripdir. Ol gün ýaşanda obanyň bir çetinden baryp, bir kempiriňkide myhman bolupdyr. Gojanyň akylyny ýatlap, garyp ýarym gijä çenli ýatmandyr. Gije ýaryma ýetiberende, daşarda bir hyşy-wyşy ses eşidipdir. Garyp ýuwaşlyk bilen turup, penjireden synlasa, iki sany adam bäş düýe ýüpek parçany getirip, kempiriň agylynyň daşynda üýşüp duran dersiň aşagyna süsdüripdirler-de, üstüne çöp-çalam taşlaşdyryp gidipdirler. Garyp muny kempire-de aýtman, ýerine geçip ýatypdyr. Ertiri şanyň ýasawullary:

— Kimiň myhmany bar bolsa, kim del adam görse, köşge alyp barsyn – diýip, obama-oba aýlanyp başlapdyrlar. Del adam bolsa köşge eltilipdir. Kempirem garyby alyp barypdyr.

Patyşa:

— Pylan ýurtdan gelen abraýly söwdagäriň bäş düýe ýüpek parçasy ogurlandy. Haýsyň alan bolsaň aýt. Bolmasa hamyňyzy küle serdirerin – diýip, ýygnanan adamlaryň hemmesine haýbat atypdyr. Hiç-kimden ses çykmansoň, garyp:

— Ony özüm-ä alamok. Alany-da tutup berip biljek däl. Ýöne harytlary tapyp bereýin – diýipdir-de, onuň gömlen ýerini görkezipdir. Patyşa oňa bir ýyl güzeran görer ýaly altyn beripdir. Garyp ony alyp:

— Söwda jüpüne düşdi – diýen.

Patyşa garybyň bu sözüne geňirgäp:

— O nähili söwda? – diýip müňkürlik bilen sorapdyr. Garyp oňa akyl söwdasy barada gürrüň beripdir weli, patyşa gülüp hezil edinipdir. Oňa ýene bir gysym altyn beripdir.

Boş jübi altyndan dolansoň, garybyň göwni göterlip, bazara ylgapdyr. Dili süýjän garyp, nar satyp oturan biriniň ýanyna baryp:

— Işsizlikden elim gijäp dur, ýaşuly. Iş bar bolsa, mugt edip bereýin – diýişdiriberenmiş. Bu şadyýan ýigit nar satýan goja diýseň ýarapdyr-da:

— Hakyňy üstüniň «sagboly» bilen bererin. Gel, hany, tereziň başyna. Men bir ýaplanyp çaý içeýin – diýen.

Garyp gojanyň naryny satyp beripdir. Iň soňuna gezek gelende, goja «Bu çagalaryňa» diýip oňa eslije nar beripdir. Ol ýyldan bu ýyla nar dadyp görmeýän çagalary garybyň gözüniň öňüne gelip, begenjine ökjesi ýere degmeýän ýaly ýeňil ýöräp, bazara aýlanypdyr. Bazardanam alybilen zadyny alyp ýüklenip, guş bolup uçup, garaja çatmasyna ýetipdir. Heniz ellerine altyn pul düşüp görmedik är-aýal begençlerine ýyryş-da-ýyryş bolşup, aç ýatan çagajyklaryny oýaryp naharlapdyrlar.

Şeýlelikde, bu är-aýal çagajyklary bilen aksakgal gojadan satyn alan akylynyň arkasyndan hor-zar bolman, bagtly ýaşapdyrlar.

## BAKY NEBISLI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir çopanyň bäş sany ogly bar eken. Bu oglanlaryň dördüsi çopanyň özi ýaly eli açyk, göwni açyk ýigit bolup ýetişipdir. Olaryň bäşinjisi bolsa baryp ýatan husyt, nebsiniň ugrunda hallas atyp ýören ýigit bolup çykypdyr. Onuň gylygyndan heder eden çopan: «Doganlaryna bir kössi ýetmesin» diýip, ony ur-tut öýeripdir-de, öýüni aýrypdyr. Bu oglanyň ady Baky eken. Baky atasynyň beren bäş sany goýnunyň sanyny bir ýylda on bäşe, iki ýylda otuza, bäş ýylda ýüze ýetiripdir. Onuň küýi-köçesi baýlyk toplamak bolupdyr. Gije-gündiz garzynypdyr. Il ýaly ne iýipdir, ne-de geýipdir. Şeýdip, elli ýaşa ýetende, bäş süri goýnuň eýesi bolupdyr. Il-gün her kimiň gylygyna görä lakam goýýar. Bakynyň adynyň yzyna hem, ol entek otuz ýaşyna ýetmänkä, «nebisli» diýen lakamy tirkäpdirler.

Günleriň birinde Baky nebisliniň aýalynyň kellesi suwama kel bolup duruberipdir. Gars-gars gaşanyp dyrnagyny dökere getiren ol aýal ärine:

— Seniň toplan baýlygyňdan iýip-geýib-ä bilmedik. Indi ondan derdimize dermanlygam ýetjek däl öýdýän. Gysgançlygyňam çeni ýagşy, bu dert meni halys aldy, nädip dözýäň, tebip tap-da, derdime em etdir ýa-da meniň talagymy ber. Ömrümiň soňunda bir är ýaly kişi bilen ýaşap göreýin – diýen.

[1] Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Ylym», 1986.

Şundan soň Baky nebisli belli tebibi çagyryp, aýalynyň kellesine çykan ýarany görkezipdir-de:

— Muňa näme em edip bolar? – diýipdir.

Tebip ol ýaranyň emsizem aýrylyp gitjekdigini göreninden bilipdir. Ýöne: «Gel, şu husydyň biçäre çagalary bir garnyny ýazsyn» diýen niýet bilen:

— Bu keseliň emi bir kellebaşaýak bolýar. Şony iýdirseň, aýalyň kellesinde kel galmaz – diýen. «Be, bir kellebaşaýak üçin bir goýuny soýaýmaly bormykan?» diýip, içini gepledip öýden çykan Baky göni bazara barypdyr. Görse, iki-üç ýerde arassalanan kellebaşaýak satylyp durmuş. Ol bada:

— Bir kellebaşaýagyň bahasy näçe? – diýip sorapdyr.

— Bir apbasy.

— Heý, beýlede bir baha bolarmy? – diýip, Baky içini çekipdir. Şol wagt oňa belet obadaşlarynyň biri, Baky nebisliniň bolup durşuny görüp:

— Baky aga, gidibilseň pylan şäherde munuň ýaly kellebaşaýagy ýarym apbasa berýärler – diýen. Baky bu habara begenip, ymgyr çöli söküpdir-de, şol salgy berlen şähere ýakynlaşypdyr. «Gala girmänkäm, amatlyrak ýer tapyp, dynjymy alaýyn» diýen pikir bilen ol töweregine seretse, bir it owlajygyň ütülmedik kellesini agzyna alyp barýarmyş. Baky nebisli: «Ýarym apbasy berip aljak kelläm şundan gowy boljakmy? Em boljak bolsa, şu kelle-de bolar» diýip, ýaňky itiň alyp barýan kellesini agzyndan almagy ýüregine düwüpdir-de, loňkuldap, itiň yzyna düşüberipdir. Kowalaşyp baryşlaryna bularyň öňünden bir gowak çykypdyr. Söbügine düşen pyýadanyň arany ýygryp gelýänini gören it aljyrap, agzyndaky kelläni gowagyň içine taşlap, zut gaçypdyr. Nebisli begenip, gowaga giripdir welin, ýaňky owlak kellesi owadan gyza öwrülip duruberipdir. Bu alamaty görüp Baky tas özünden giden eken. Ýöne gyzyň

gepi-sözi ony derrew özüne getiripdir. Gyz Baky nebisliniň aýagyna ýykylyp, şeýle diýen:

— Eý, adam, sen meni ölümden halas etdiň. Men kakamyň ýalňyz gyzydyryn. Biziň goňşymyz jadygöýdi, öz gyzyndan owadan bolanym üçin, ol kempir göriplik edip, meni jadylady-da, owlak kellesine öwrüp, hälki seniň bize duşan ýeriň aňyrsyndaky çukura taşlady. Ýaňky itiň meni agzyna alyp ugranyda şoldy weli, sen ony kowalap başladyň. Ol-da aljyrap, meni şu ýerde taşlap gaçdy. Ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap bermek biziň adatymyzdyr. Näme gerek bolsa aýt.

Baky nebisli:

— Wah, keýgim, maňa gerek zadyň hetdi-hasaby ýok. Ýöne dek häzir zerur bolup durany uly bir zat däl-le. Keýwanymyň kellesine ýara çykdy-da, tebip bu ýaraň dermany bir kellebaşaýak diýdi. Şonuň aýagyndanam geçen, bir kelle tapsam bolany – diýen.

Onda gyz:

— Şu gowagyň töründe ýeke gözli çal döw oturandyr. Ana, şol meniň kakam. Ol seniň maňa ýagşylyk edeniňi bildi. Çekinme-de, islän zadyňy dile, tapyp berer. Ýöne kakam näme diýse, ikirjiňlenmän, onuň aýdanyny etgin – diýipdir.

Baky gorka-gorka döwüň ýanyna ugrapdyr. Ol garaňky gowakda zol-zol büdräp ýykylýarmyş. Her gezek eglip seretse, büdüreýän zatlary daş bolman altyn-kümüşmiş. Ol şeýdip ahyry gowagyň törüne ýetipdir weli, ýeke gözli çal döw ony görüp:

— Eý, adam ogly adamzat, bu ýerlere gulan gelse, toýnagyndan, guş gelse, ganatyndan aýrylýandyr. Seniň bagtyň getirdi. Gyzyma eden ýagşylygyň üçin, men öz mallaryňy özüňe gaýtaryp berýärin – diýen

— Munyňdanam bir ýagşylyk bolarmy? Öz malymy sen gaýtaryp bermäniňde-de özümiňki bolar-da.

— Ýok, seniňki däldi. Seniňki bolsa, bir kellebaşaýak üçin ýurt söküp ýörmezdiň. Mallaryň ygtyýary bu güne çenli seniň gara nebsiň elindedi. Men häzir nebsiňi öldürdim. Olar indi seniňki boldy. Bar, git-de iý, sow.

Baky döw bilen hoşlaşyp, gowakdan çykypdyr weli, dogrudan hem onuň göwrümi giňän ýaly, aç gözi doýan ýalymyş. Ol şol gaýdyşyna dogry bazara barypdyr. Görse, ynha, gyzan bazar, näme diýseň bar. Baky bazaryň bir çetinden girip, adamlar bilen keýpihon söwdalaşyp başlapdyr:

— Ýüpek donuň bahasy näçe?

— Pylança.

— Me, puly sanap al-da, dony bärik ber.

— Telpek näçeden?

— Kyrk teňňe.

— Ber, bäri telpegi.

— Aty näçe bahalaýaň?

— Eýer-esbaby, altyn gupbaly göwüsbendi bilen kyrk goýun.

— At meniňki, goýunlary pylan ýerdäki pylan çopandan sanap alarsyň.

Şeýdip, Baky başdan aýaga iň gymmatbaha geýimler bilen özüni bezäpdir. Iň gowy aty münüp, obasyna gelipdir.

Onuň «Kellebaşaýak getirjek» diýip, gidenine bir hepde bolan eken. Şol arada onuň aýalynyň kellesindäki ýaralar özözi ýok bolup aýrylypdyr. Bakyny gören oglanlaryň biri ylgap olaryň öýüne barypdyr-da, onuň aýalyna:

— Haý, ýeňňe, söýünjimi ber, Baky aga gelýär. Özem şeýle bir syratly adam bolup gelýär weli, göräýseň özüňden gidip ýykylarsyň – diýipdir.

Ärinden içi tütäp duran aýal oňa:

— Wah, balam, masgara edip durma-da, aýrylaweri gapyň agzyndan. Gelmänler geçsin şol husyt. Onuň bar zat gysymyn-

da. Biz açlygymyzdan ýykyljak. Sen söýünjiniň gürrüňini edýäň? Bizde zat barmy saňa berer ýaly – diýen.

Eýýäm ýetip gelip, bu gürrüňleri eşiden Baky aýalyna:

— Näme agzyňa gelenini ýaňrap dursuň? Söýünji bereniň bilen döwletiň egsilýärmi? – diýip, ýaňky oglana bir goýnuň bahasyny berip goýberipdir.

Äriniň geýim-gejimini, atyny, haýbatyny, syratyny, jomartlygyny gören aýal öz gözlerine ynanmandyr. Göwnüne bolmasa, onuň diňe daşky keşbi däl-de, gylygy-da üýtgäp, mähribanlaşan ýalymyş.

Baky aýalynyň sagalanyny görüp, begenjine ýedi gije-gündiz toý berenmiş.

Üýşüp gelen märeke oňa:

— Bu nä tutum, Baky? Aşyklyň eti ýaly sallam-sajak geýimler bilen elli ýaşy arka atdyň. Ne çagalaryňa yssy-ýyly iýdirdiň, ne özüň iýdiň. Aýalyň derdine derman boljak diýlende, bir goýnuňy soýmaga gözüň gyýmady. Bu jomartlygyň syry nämede? – diýipdirler.

Baky olara:

— Munuň syry nebisde eken, adamlar. Şu güne çenli öňüme düşüp heläk eden gara nebsimi pylan gowakda ýaşaýan çal döw öldürdi. Indi men öz gazanan malymyň hakyky eýesi boldum – diýenmiş.

## «AÝAZHAN, ÇARYGYŇA BAKARAK[1]»

Ençe ýüz ýyllar mundan öň ata-babalarymyzyň zamanynda ile belli bir garyp adam bar eken. Bu garyp birnäçe ýyl talabançylyk edip, ömrüniň ahyrynda diýen ýaly bir baýyň gyzyna öýlenipdir.

Baýyň gyzyna öýlenmek bilen, ol çöp küme edinip, aýaly bilen şol ýerde ýaşaberýär. Tapsa başga ýerde talabançylyk edip, bolmasa-da gaýynatasyna kömekleşip, birnäçe ýyl ýaşaýar. Günlerde bir gün bir aýazlyja gije bularyň bir ogullary bolýar. Onuň adyna Aýaz goýýarlar. Aýaz on ýaşa ýetende kakasy, on iki ýaşa ýetende bolsa ejesi ölýär. Aýaz birki ýyllap babasynyň garamagynda ýaşaýar. On dört ýaşyna ýetende babasynyň razylygy bilen bir baý Aýazy özüne öýdeniçer edinýär. Aýazyň esasy işi baýyň iki sany aýalynyň tamdyr odunyny daşamak, tamdyra ot goýbermek, öýleriniň külüni atmak, ýatakda saklanýan mallaryny suwa ýakmak, mallaryň otlaryny ýygyp getirmek, öýleriniň töweregini arassalamak bolýar.

Armany-ýadamany bilmeýän akyllyja Aýaz baýyň aýallaryna özüni aldyrypdyr. Aýazyň işeňňirligi ýurduň şasynyň aýallarynyň gulagyna-da ýetipdir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 672[f]-nji bukja. Aýdan: Ogultäç Sary aýaly. Mary welaýatynyň Peşanaly etraby. Ýazyp alan: Ç. Garabekow. 1941-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 19-y.

Patyşanyň aýallary öz kenizleriniň edýän hyzmaty bilen kanagatlanman, Aýazy özlerine öýdeniçer hyzmatkär edinmegi ýüreklerine düwýärler we şol maksatlaryny öz ärlerine aýdýarlar. Şonluk bilen hem patyşanyň buýrugy bilen Aýaz patyşanyň aýallarynyň öýdeniçer hyzmatkäri bolup başlaýar.

Şeýlelikde, aradan birnäçe wagt geçýär. Aýaz on sekiz ýaşa ýetýär. Şol döwürde patyşanyň aýallaryndan biriniň gyzy bolýar. Bir gün ir bilen patyşa daş çykanda iki sany adamyň gyzy bolan aýalynyň öýünden çykyp barýanlaryny görýär. Patyşa geňirgenip, ol adamlary saklaýar-da:

— Eý, adamlar! Siz kim bolarsyňyz we näme maksat bilen ýaş çagaly öýe geldiňiz? – diýip soraýar.

Onda ol iki adam:

— Biz täleýçi bolarys, seniň täze bolan gyzyň kysmatyny ýazyp, indi gaýdyp barýarys – diýip jogap berýärler.

Onda patyşa:

— Beýle bolsa, meniň gyzymy kime ýazdyňyz? – diýip soraýar.

Ol adamlar:

— Seniň gyzyňy öz öýdeniçer hyzmatkäriň Aýaza ýazdyk – diýýärler.

Patyşa bularyň edenine razy bolman:

— Gyzymy ýigit ýeten öýdeniçerime ýazmagyňyza düýbünden razy däl, ol ýazuwyňyzy bozuň-da, şazadalaryň birine ýazyň, şony etmeseňiz öldürerin – diýýär.

Ol adamlar:

— Biz etjegimizi etdik, iş gutardy, ýazylan bozulmaz, adamyň janyny almak Ýaradanyň işi – diýşip, patyşanyň gözünden gaýyp bolýarlar.

Bu ýagdaý patyşany gaýgy-gussa gark edýär. Patyşa günsaýyn saralyp, işdäsi kemelýär, hossarlarynyň, wezirleriniň biride birnäçe wagtlap bu ýagdaýyň sebäbini patyşadan sorap

bilmeýärler. Ahyrda wezirleriniň dilewarlaryndan biri bu syryň anygyna ýetýär. Onsoň ol beýleki wezirler bilen maslahatlaşyp, Aýazy ýok etmegiň ugruna çykýar.

Şeýlelikde, wezirleriň maslahaty bilen bir gün patyşa Aýazy ýanyna çagyrýar.

— Men ýaman syrkawladym, tebipleriň aýtmaklaryna görä, Akmaýanyň süýdüni içmesem aýňalmaýaryn. Sen git-de, Akmaýanyň süýdünden alyp gel – diýip buýurýar.

Akmaýanyň nirede bolýandygyny, onuň süýdüni nädip alyp boljakdygyny bilmän, Aýaz tükeniksiz gaýgy-gussa batýar. Bir gün ol mallaryny suwa goýberip, özi suwuň başynda tukat halda ýüzüni aşak salyp aňkaw ýaly bolup otyrka, suw almaga gelen bir garryja mama:

— Aýaz, bu nä boluş, ýaş janyňa beýle gussa batypsyň? Beýdip oturmak ýaş ýigide aýypdyr. Bu bolşuňy şa halamaz. Dogumlyrak bol – diýýär.

Onda Aýaz:

— Bilmeýän hem görmedik zadyňy etmek üçin dogumyň näme peýdasy bar? Janymy gaýgyrjak däl, işden basylamok. Emma düýbünden baş çykarmajak ýumuşlarymy buýurýarlar. «Akmaýanyň süýdüni getir» diýýärler. Ol işi näzeýilli etmelidigini bilmeýärin. «Pylan zeýilli etmeli» diýip ýol salgy berýän hem ýok – diýip zeýrenýär.

Garryja mama Aýazyň aýdýanlaryna haýran galyp:

— Aýaz, oglum, düşnüklije edip aýtsana, diýýän zadyň näme. Belkem, meniň kömegim ýeter – diýende, Aýaz:

— Patyşa syrkawlapdyr, ol Akmaýanyň süýdüni içmese hökman öljekmiş. Şonuň üçin hem maňa Akmaýanyň süýdüni getirmegi buýurdy. Akmaýanyň nämedigini, nirededigini, onuň süýdüni näzeýilli almalydygyny bilemok, hiç kim maňa aýdanogam – diýip, garryja mama gussa batmagynyň sebäbini düşündirýär. Bu ýagdaýy eşiden garryja mama:

— Bu ýumuş aňsat iş däl. Akmaýanyň özi kapyrdyr, emma köşegi musulmandyr. Onuň özi köşeginden aýry ýerde bolýar. Sen öňürti onuň köşeginiň ýanyna barmaly bolarsyň. Köşeginiň bolýan ýeri pylan ýerdedir. Onuň ýanyna baryp öz haýyşyňy aýdyp, ony pugta ynandyrsaň, ol belkäm, enesiniň süýdünden alyp berer. Akmaýanyň süýdüni almagyň başga ýoly ýokdur. Ýöne süýt saljak gabyň tulum bolsun, çünki oňa başga tüýsli gap ýaramaz – diýip, garryja mama Aýaza köşegiň ýanyna barmagyň ýoluny salgy berýär.

Aýaz mallaryny ýatagyna eltip, otuny-iýmini berýär-de, ýol enjamyny tutýar we patyşanyň aýallarynyň birisinden süýt guýar ýaly tulum alýar-da, Akmaýanyň gözlegine çykýar.

Aýaz az ýöräp, köp ýöräp, ahyry Akmaýanyň köşegini tapýar. Ýaýdana-ýaýdana onuň ýanyna barýar hem-de patyşanyň syrkawlygyny we Akmaýanyň süýdüni içmese, hökman öljekdigini aýdyp, köşekden öz enesiniň süýdünden alyp bermegini soraýar.

Aýazyň uzak ýoldan heläk bolup gelşine, boýnuny burup ýalbarşyna rehimi gelen köşek öz enesiniň süýdünden alyp bermäge razy bolýar-da:

— Her gün üç gaýta enemi emýärin. Enemiň bolýan ýeri daş. Emýän wagtym enemi orta ýolda tapýaryn. Gitmekçi bolanymda seni alkymymda tüýlerimiň içinde pugta gizlärin we sen meniň boýnuma pugta ýapyşyp oturarsyň. Soňra baryp, enemi emmäge başlanymda enemiň süýdüni ernimden akdyraryn welin, sen hem aşagyna tulumyňy tutarsyň. Şonluk bilen hem enemiň süýdüni alarys. Başga tüýsli edip alyp bilmeris. Bardy-geldi seniň bardygyňy biläýse, onda ikimiziňki hem ölümdir. Emma haýbat atsa-da, gorkup tüýlerimiň içinden çykaýmagyn – diýip, pugta tabşyrýar.

Köşegiň enesi bilen emişýän wagty gelýär. Ol emişmäge gitmekçi bolanda, Aýazy alkymyndaky tüýleriniň içinde pugta

gizläp, hemişeki barşy ýaly, enesi bilen emişýän ýerine barýar. Ol ýere köşegiň enesi hem gelýär-de:

— Bu nä boluş, bu ýerde adamzadyň ysy bar-la, nirede bolsa-da tap – diýip, köşegini gyssap başlaýar. Köşegi bolsa:

— Weý, ene, saňa näme boldy, hemişeki bolşuň däl-le, bu töwereklere adamzadyň gelip biljek gümany barmy. Adamzady görsem, saňa ýetirmän ony özüm ýok ederin – diýip, enesini köşeşdirýär, enesi ynanyp köşegini emdirmäge başlaýar.

Köşek enesini emende süýdi erninden akdyryp, Aýazyň tulumyny süýtden doldurýar-da, özi hemişekisi ýaly doýmasa hem enesine bildirmejek bolup, emmegini bes edýär. Soňra enesi bilen aýrylyşyp, her haýsysy öz bolýan ýerine tarap ugraýar.

Ep-esli ýol ýöränlerinden soň, günüň ir ikindin wagtynda köşek Aýaza:

— Öňümiz çarkandaklykdyr, seniň üçin gizlener ýaly çukur, gorp kändir. Şoňa baranymyzdan soň, düşüp öz ugruňa gidersiň, men hem öz bolýan ýerime bararyn. Bardy-geldi enem seni görüp, ikimiziň yzymyzdan kowaýsa, hökman pugta gizlengin, ýogsam seniň yzyňdan derrew ýeter we öldürer. Men her niçik hem bolsa gaçyp gutularyn – diýýär.

Şonluk bilen çarkandaklyk we gorpluk ýere ýetýärler. Köşek Aýazy ýere düşürip, öz bolýan ýerine ugramakçy bolýarda, enesine tarap seredýär we enesiniň ala-tozan edip haýdap gelýänini görýär. Onuň üçin özi hem bolýan ýerine gitmän, gaçmakçy bolýar-da, Aýaza:

— Enem haýdap gelýär, derrew gizlen, öz nejadyňy özüň göreweri – diýip, tekiz ýer bilen başga ugra gaçýar. Enesi hem süýdüni saçalandyryp, köşeginiň yzyna düşýär. Ahyrda hem ýetip bilmän: «Emdiren süýdüm haram bolsun, hernä garadaş bolup çyňsap oturasyň» diýip, yzyna dolanyp gaýdýar. Köşek enesiniň gargyşyna galyp, duran ýerinde daşa öwrülipdir.

Aýaz bolsa, derrew çukurlaryň içinde pugta gizlenip, ýagşy garaňky düşýänçä ýatýar. Akmaýa hem gaýdyşyn, Aýazy tapjak bolup her näçe köwejekläp gözlese-de, ahyry-da tapman, gidýär. Aradan birnäçe salym geçenden soň, gijäniň eslisini geçirip, Aýaz hem özüni çarkandaklykdan çarkandaklyga urup, ýurduna tarap gaçýar. Şonluk bilen hem az ýöräp, köp ýöräp, Akmaýanyň süýdüni patyşa getirip berýär. Asmandaky iki sany ullakan ýanaşyk ýol ýaly bolup, gijeler görünýän ak ýyldyzlara «Akmaýanyň köşegini kowalanda dökülen süýdi» diýýärler. Akmaýa gaty gysyk bolupdyr, öz süýdüni köşeginden başga hiç bir jandara bermeýän eken.

Aýazyň bu ýolda gören horlugyny «It görse gözi agarar». Bolsa-da, Akmaýanyň köşejigininiň hem kempiriň kömegi bilen patyşanyň bu saparky ölüme buýran ýumşundan salamat galýar.

Patyşa Aýazyň ölmän gaýdyp gelşine, Akmaýanyň süýdüni alyp getirişine akyly haýran bolup, ýene bir şonuň ýaly ölümli ýumuş tapmagyň küýüne düşýär.

Aradan bir az wagt geçenden soň wezirleri bilen maslahatlaşýar-da, Aýazy çagyrýar we:

— Sen Günüň dogýan ýerine gitmeli we ol ýerde ýaşaýan ilatdan ýazylanyň bozulýandygyny ýa-da bozulmaýanlygyny, ýazyklynyň ýazygynyň bagyşlanylýandygyny ýa-da bagyşlanylmaýandygyny soraşmaly, netijesini maňa gelip aýtmaly – diýip buýurýar.

Aýaz: «Bir beladan sag-aman gutuldym diýsem, indi ondan hem beterini tapdy» – diýip, azyk-enjamyny taýýarlap, başartsa-başartmasa günüň dogýan tarapyna ugraýar. Pylança gije-gündiz, pylança aý ýol ýöräp, tükeniksiz daglary, çölleri, ýurtlary geçip, aňrysy-bärisi görünmez deňziň gyrasyna ýetýär!

Bu ýerde näme etjegini bilmän, gam-derýasyna gark bolup otyrka, birden bokurdagy gijäp, ardynjyrap üsgürýär. Şol wagt läheň balyk kellesini suwdan çykaryp:

— Ýeri, adamzat! Sen bu ýerde näme işleýärsiň? – diýip soraýar.

Aýaz:

— Patyşamyzyň buýrugy bilen «ýazylanyň bozulýandygyny ýa-da bozulmaýanlygyny, ýazyklynyň ýazygynyň bagyşlanylýandygyny ýa-da bagyşlanylmaýandygyny» Günüň dogýan ýerinde ýaşaýan ilatdan soramaga barýaryn – diýip, jogap berýär-de, balykdan deňizden näzeýilli geçip boljakdygyny soraýar.

Balyk:

— Nebsime buýrup bilmän, gözüme görnen gymmatbaha daşlary ýuwutdym ýördüm. Netijede tükeniksiz kesele uçradym. Şol keselden gutulmagyň alajyny tapmaýaryn. Şondan gutulyp bolýandygyny ýa-da bolmaýandygyny gidýän ýeriňden sorap, bilip gelseň, men seni deňizden geçireýin – diýýär.

Aýaz balygyň diýenini etmäge razy bolýar. Balyk hem ony arkasyna mündürip, deňizden geçirip goýberýär.

Az ýöräp, köp ýöräp, Aýaz namaz okap oturan bir kempiriň üstünden barýar. Görse, garrynyň iki dyzyndan aşagy ýere gidipdir.

Kempir namazyny okap bolup:

— Ýeri, oglan, nireden gelip, nirä barýarsyň? – diýip, Aýazdan soraýar.

Aýaz patyşalarynyň buýrugyny kempire aýdýar.

Garry aýal:

— Gije-gündiz namaz okap, Hudaýa gulluk edip otyryn. Aýaklarymyň dyzlaryndan aşagy ýere gömüldi. Günüň dogýan ýerindäki adamlara aýt, meniň üçin jennetden jaý taýýarlap,

özümi hem basymjak ýygnasynlar – diýip, Aýazdan haýyş edýär.

Aýaz kempire wada berip, gije-gündiz dynman ýol ýöreýär. Ol az ýöräp, köp ýöräp, başga bir patyşanyň ýurduna barýar. Bu ýurduň adamlary Aýazyň del ýerden gelenini bilip, ony derrew patyşanyň ýanyna alyp barýarlar.

Ýurduň patyşasy:

— Ýeri oglan, nireden gelip, nirä barýarsyň, kim bolarsyň? – diýip, Aýazdan soraýar.

Aýaz:

— Men pylan ýurduň patyşasynyň hyzmatkäridirin – diýýär-de, nä maksat bilen ýola düşenini we balykdyr garryja aýalyň özüne buýran ýumuşlaryny jikme-jik gürrüň berýär. Onda bu ýurduň patyşasy:

— Sen meniň üçin hem tapylgysyz gerek ýigit ekeniň. Meniň ýurdumda bütinleý azgynlyk güýjedi. Dogan-dogana, gyz enesine, ogul ata ýagy boldy. Hiç bir ýurtda beýle zat ýokdur. Bu azan adamlara haýsy ýerden jaý bellendikä, haçan biziň hemmämizi ýygnajaklarka, şony bilip gel – diýip, Aýaza tabşyrýar.

Aýaz:

— Bolýar, siziň hem tabşyrygyňyzy aýdaryn – diýýär-de, ýola düşüp ugraýar. Az ýöräp, köp ýöräp, bir gün ertir ir bilen günüň dogýan ýerine barýar. Görse, bir topar perişde günüň çykmagyny dileg edip, Hudaýa ýalbaryp, doga okaşyp garabaşlaryna gaý. Birdenem Gün şöhlesi kem-kemden älem-jahana ýalkym salyp başlaýar we az wagtdan soň hem dogýar. Perişdeler hem doga okamasyny goýup, dynçlaryny almakçy bolýarlar. Şol halatda hem birden olaryň Aýaza gözleri düşýär. Olaryň birisi:

— Sen kim bolarsyň, nireden we näme üçin bu ýere geldiň? – diýip soraýar.

Aýaz:

— Men pylan ýurduň patyşasynyň hyzmatkäri – diýmek bilen, nä maksat bilen bu ýerlere düşendigini jikme-jik aýdýar we balykdan başlap, ilaty azan patyşanyň ýumşuna çenli ähli zady gürrüň berýär.

Aýazyň daşyna halkalaýyn üýşüp, onuň aýdanlaryny pugta üns berip diňlän perişdeleriň ekabyrraklarynyň biri Aýaza hoşamaýlyk bilen şeýle diýýär:

— Ýazyklynyň ýazygynyň bagyşlanylmagy mümkin zat. Ýazylan hiç wagt hem bozulmaz, ony pugta belläp, patyşaňyza aýt. Balyk bolsa, seniň ullakan desga tutup bärden barýanyňy görüp, zähresi ýarylar-da gusar, şonluk bilen hem içindäki daşlaryň hemmesini taşlar. Daşlaryň gaçmagy, onuň keselden gutulmagyna sebäp bolar. Garry aýalyň minnetli okan namazy biderek. Onuň üçin dowzahda jaý taýýar. Azgyn ilatly ýurduň adamlary, asmandaky Günüň we bärden Ýer bilen ýöräp barýan seniň şöhläňi görüp, biziň kasdymyza gelýän beladyr diýşip gorkarlar we boluşlaryndan toba ederler. Şonluk bilen hem günäden ýuwularlar. Olaryň öz edýän işleriniň azgynçylykdygyny bilmekleri we özlerine jeza berilmegini haýyş etmekleri, günäden ýuwulmaklarynyň nyşanydyr. Onuň üçin hem olaryň günäsi bagyşlanylar.

Perişdeler şeýle jikme-jik, düşnükli jogap hem-de ak pata berip Aýazy yzyna ugradyp: «Özüň hem hä diýmän, hanlyk derejesine ýetersiň» diýip, ýola salýarlar.

Perişdeleriň beren jogabyndan göwni hoş bolan Aýaz ýadawlygyny ýadyndan çykaryp basym yzyna gaýdýar. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyr bir gün ir bilen ilaty azan patyşanyň ýurdunyň çetinden girip başlaýar. Aýaz ýene esli ýöräp, gös-göni patyşanyň ýaşaýan paýtagtyna, soň bolsa göni köşgüne barýar.

Patyşa Aýazy gören badyna ýanyna çagyryp:

— Ýeri, oglan, sag-aman gidip geldiňmi, meniň soraglaryma nähili jogap boldy? – diýip soraýar.

Aýaz arkaýyn hem asudalyk bilen:

— Hawa, sag-aman gidip geldim, siziň tabşyranyňyzy hem diýşiňiz ýaly edip aýtdym we olaryň beren jogaby şeýle boldy: Öz edýän işleriniň azgynçylykdygyny duýmaklary, özlerine jeza berilmegini haýyş etmekleri günäden ýuwulmaklarynyň nyşanydyr. Onuň üçin hem olaryň günäsi bagyşlanylar – diýip gürrüň berdi. Özüniň we bütin ilatynyň günäsiniň bagyşlanandygyny eşiden patyşa, Aýazy öz golaýjygynda ýumşak düşek üstünde oturtdy-da, ýagşy görýän wezirlerini çagyrtdy. Şonuň bilen birlikde aşpezlere her tüýsli tagamly naharlary taýýarlamaklygy tabşyryp, uludan tutup meýlis gurmaga başlady.

Wezirleriň gelmegi we naharyň taýyn bolmagy bilen hem patyşa, Aýazy edil öz ýanynda we wezirleri hem garşysynda oturdyp, ullakan göwnühoşluk bilen nahar iýmäge başladylar.

Sähelçe salym geçenden soň patyşa, Aýaza ýüzlenip:

— Ýüzüň öňki bolşundan üýtgäpdir, has nurlanypdyr. Günüň dogýan ýerindäkiler, rehim edip, saňa öz nurlaryny salypdyrlar. Ölinçäň ýamanlyk ýüzüni görmersiň, barha abraýyň artar, mertebäň belent bolar. Seniň bu eden ýagşylygyňy ýerine salmak biziň borjumyzdyr – diýdi.

Aýaz bolsa:

— Men bir ýumuş oglany, buýran ýumşuňyzy ýerine ýetirdim we berlen jogaplary size aýtdym. Ol ýere onsuz hem barmalydym. Siziň ýumşuňyz üçin atym aryp, donum tozmady. Meniň üçin ullakan alada galmaň – diýýär.

Iýlip-içilenden soň, patyşa Aýaza ýüzlenip:

— Sen ýadapsyň, ýat-da, oňat dynjyňy al. Soň näme etmekçi bolsak, ony özüňe mälim ederis. Başardygymyzça eden ýagşylygyňy haklajak bolarys – diýýär-de, Aýaz üçin ýatyp dynjyny almaga jaý görkezýär. Aýaz gidenden soň patyşa öz we-

zirlerini ýanyna çagyryp: «Meniň hem meniň raýatym üçin şeýle uly ýagşylyk eden adamyň eden ýagşylygyny nädip ýerine salyp bolar. Eger makul bilseňiz, onda öz gyzymy oňa nikalap berjek. «Ýedi günläp toý etjek, razy bolsa goýberjek däl, juda bolmasa, onuň göwnüni ýykjak däl» diýip, wezirleriň jogabyna garaşýar.

Iň gowy görülýän wezirlerden biri patyşanyň gyzyny öz ogly üçin dilemekçi bolup ýördi. Bu ýagdaýy beýleki wezirler hem bilýärdiler. Olar öz ýanlaryndan: «Patyşa gyzyny bermände hem ol oglanyň eden ýagşylygyny gaýtaryp bilerdi» diýşip, pikir edýärler. Wezirleriň dymşyp oturmaklaryna hernäçe gahary gelse hem, patyşa syryny içinde saklap:

— Hany, näme diýýärsiňiz, aýdyp oturyň, ýa ol oglanyň eden ýagşylygyny unudyp ýetişdiňizmi – diýýär. Wezirleriň biri: «Bu zeýilli geldi-geçer oglanyň eden ýagşylygyna patyşa öz gyzyny bermände-de, üzlüşip bilerdi, gaznasynda zat az däl. Patyşa Aýaza öz gyzyny berse, halkam ony oňlap durmaz. Galyberse, gyzyň özüniň hem razy boljagy belli däl» diýen pikiri çekine-çekine aýdýar.

Şeýle jogap patyşanyň göwnüne ýaramaýar. Emma ol syr bildirmän:

— Men-ä şu zatlary öz bähbidim, ýa gyzymyň bähbidi üçin edemok. Siziň we raýatymyzyň bähbidi üçin edýärin. Gyzym bolsa, atasy näme diýse şony eder. Onuň aladasyny etmäň we sizem şu ýerden öz haýryňyza çapyp, adamkärçiligi eliňizden bermäň – diýýär. Soň hiç kimden ses çykmaýar.

Aýaz ýatyp oňat dynjyny alýar we turup el-ýüzüni ýuwýar. Şol halatda patyşanyň hyzmatkärlerinden birisi Aýazyň ýanyna gelip, ony patyşanyň öz ýanyna çagyrýandygyny aýdyp, alyp gidýär.

Aýaza:

— Seniň özüme hem raýatyma eden uly ýagşylygyň üçin biz uly-kiçi maslahatlaşyp, pylança günläp toý edip, gyzymy saňa nikalap bermegi, eger razy bolsaň, ýurduňa gaýtman, ömürlik biziň ýurdumyzda galyp ýaşamagyňy makul bildik. Eger-de hökman gitmekçi bolsaň, onda hem atly-ýaragly nökerler we kenizler bilen gyzym ikiňizi ak pata berip ugratmagy zerur bildik – diýip, göwnündäkini aýdýar-da, Aýazyň jogabyna garaşýar.

Aýaz bolsa öz ýanyndan: «Men öz ýurdumda patyşanyň hyzmatkäri bolup ýören adam. Ony bulara hem aýtdym. Bularyň bu diýýän zatlary ýatsam hem düýşüme girjek zat däl. Patyşanyň giýewisi bolmak her bir meniň ýaly hyzmatkäre nesip etmez. Muny injigim götermez, öňki hyzmatkärligimden gowusy ýok. Patyşanyň giýewisi bolup ýaşamak meniň ýaly hyzmatkär üçin hataly zat. Patyşanyň wezirlerinden, wezir ogullaryndan, hanlaryndan, baý ogullaryndan bahylçylyk edip, janyma kast etjek az bolmaz. Iň gowusy öz işim bilen bolup, öz ugrumajyk gezibereýin» diýen pikire gelýär-de öz pikirini patyşa mälim edýär we ýola düşmegine rugsat berilmegini soraýar.

Aýazdan beýle zada garaşmadyk patyşa:

— Aýaz, sen oglanlyk etme! Bu eden uly ýagşylygyňdan soň, biziň ýurdumyzda saňa duşmançylyk eden adam tapylmaz. Sen biziň sözümizi ýykma-da, özüňe ediljek bolunýan ýagşylygyň gadyryny bil – diýip, Aýazy pugta ynandyrýar.

Patyşa gyzyny Aýaza nikalap berýär-de, halkyny ýygnap, üç gije-gündizläp uly toý tutýar.

Aradan birnäçe gün geçenden soň bolsa, Aýazy öz islegi we gyzynyň razylygy bilen kyrk sany düýäni her hili gymmatbaha zatlardan we her tüýsli azykdan ýükläp, gyzyna gymmatbaha daşlardan kän iýnji berip, Aýaza-da örän kän halat-serpaý salyp, ýanlaryna-da kyrk sany atly-ýaragly nökerleri, pylança sazandadyr bagşyny, kyrk sany kenizi goşup, patyşanyň özem

janpena wezirleri bilen giýewsini, gyzyny üç günläp ugradyp, ahyr bir gün ir bilen hoşlaşyp, olara uly dilegler edip, yzlaryna gaýdýarlar.

Şonluk bilen, Aýaz hem ýoldaşlary bilen öz ýurduna tarap ýönelýär. Pylança gün ýol ýöräp, hälki dyzyndan aşagy ýere gömülen garry aýalyň bolýan ýerine ýetýär. Ol kempiriň ýanyna barýar-da:

— Ene, men-ä gidip geldim we Günüň dogýan ýerindäkilere aýtdym. Onda olar onuň ýaly minnetli namaz okaýan adama uçmahda ýer ýok, onuň üçin dowzahda jaý taýýar we haçan gelse ýerleşip biler diýdiler – diýýär. Şeýle ýaramaz jogaby eşiden namazhon aýal şol demde ölýär.

Aýaz bolsa az ýöräp, köp ýöräp hälki deňziň golaýyna ýetýär. Aýazy deňizden geçirip goýberen hälki läheň balyk göwresiniň ýarsyny suwdan çykaryp ýatyşyna, depregiň sesini, olaryň älemgoşar ýaly ýalkym salyp gelişlerini görüp, zähresi ýarylýar-da, ögäp, birentek gymmatbaha daşlar gusýar-da, birnäçe wagt bihuş bolup ýatýar.

Şol wagt Aýaz nökerleri bilen balygyň ýatan ýerine ýetýär. Az salymdan huşuna gelen balyk Aýazy tanap, Günüň dogýan ýerinde öz sowalyna näme jogap berlendigini soraýar. Aýaz bolsa:

— Hawa, seniň sowalyňa gysgajyk jogap berdiler, olaryň aýdan zatlaryny hem sen eýýäm edipsiň. Indi sende kesel bolmaly däl, sebäbi sen içiňdäki gymmatbaha daşlary gusup taşlapsyň hem birkemsiz keselden saplanypsyň – diýip jogap berýär.

Keselden saplananyny eşidip balyk gaty begenip, Aýaza:

— Adamlaryň bu gymmatbaha daşlaryň hemmesini ýygnasynlar – diýip, onuň daşyndan hem örän kän gymmat daşlar bagyşlap, şol sagadyň özünde Aýazy hemme ýoldaşlary, ulag-

dyr ýükleri bilen deňizden geçirip hoşlaşýar-da, özi deňze çümüp gidýär.

Aýaz deňizden geçip, ýoldaşlary bilen ýolda dynçlaryny alyp, nahar edinip we ulaglaryny kemsiz naharlap ýola düşýärler. Şonluk bilen hem çölleri, jeňňelleri söküp, az ýöräp, köp ýöräp öz ýurdunyň çetinden girýär. Ahyrda patyşanyň ýaşaýan şäheriniň içine girmän, onuň sowalyna berlen jogaby hem aýtmaýar-da, şäheriň eteginde ussalara gowy hak töläp, jaý saldyrmaga başlaýar. Aýazyň hak berşi başgalaryňkydan has kän bolansoň, jaýy salyşmaga döwtalap adam köpelýär hem yhlasly işlenilýär. Aýazyň jaýy hiç kimiňkä meňzemeýän has kaşaň we owadan ymarat bolýar.

Emma adamlaryň hiç birisi hoş sözli, ýüzünden nur damyp duran Aýazyň şol öňki Aýazdygyny tanamaýar, Aýazdyr diýen pikir kellelerine hem gelmeýär. Galyberse-de, bu ýurduň ilatyndan patyşasyna çenli «Aýaz gitsegelmeze gitdi, ol eýýäm ölendir» diýen pikirde bolýarlar.

Günlerde bir gün wezirleri patyşanyň ýanyna baryp:

— Şu jaýy saldyrýan adam ýöne adam däldir, munuň pul harçlaýşy zadyň çaky däl. Adamlar bilen dil tapyşam şonuň ýaly. Raýatyň ýary şol desganyň daşynda. Ahyrda ol seniň patyşalygyňa dawa edäýmesin. Onuň näkärdäki adamdygyny, nämaksat bilen bu ýere gelip, şeýle ullakan desga gurýanlygyny bilmek gerek – diýýärler.

Patyşa bolsa:

— Howlukmaň, beýle parasatly we mylaýym adam bolsa, ol ýöne adam däldir, ol hökman asylzadadyr, elbetde, bir sebäp bilen öz ýurdundan çykandyr. Her bir zadyň netijesine seretmek gerek – diýýär-de, ýakyndan-daşdan Aýazyň hemme boluşlaryny synlap başlaýar. Aradan birnäçe wagt geçenden soň patyşa özüniň «men» diýen akyldar adamlary we nökerleri

bilen atlanyp seýle çykýar. Şonda Aýazyň saldyran jaýynyň golaýjagyndan geçip, ony pugta synlaýar we wezirlerine:

— Hökman şazadadyr, elbetde, bir söý bilen öz ýurdundan çykandyr. Ýogsam, beýle jaý saldyrmaga kimiň güýji ýetjek. Onuň göwnüne degmek bolmaz. Tersine, gatnaşyk etmek gerek. Goý, göwün diýen ýakyn adamlary bilen biziň ýurdumyzda gypynç etmän ýaşasyn – diýýär-de, wezirleriniň iki sanysyny Aýazy myhmançylyga çagyrmaga iberýär.

Iberilen wezirler Aýazyňka barýarlar. Aýaz myhmanlary ullakan hoşamaýlyk bilen kabul edip, olary hezzetleýär. Wezirler nä sebäp bilen bu ýere düşendiklerini aýdýarlar. Onda Aýaz:

— Jaýlary birkemsiz salyp gutaranymdan soň, patyşany ähli wezirleridir ulamalary bilen özüm myhmançylyga çagyrjakdym. Men gijä galdym, aýby ýok, patyşa sylap adam ýollansoň, çakylygyna barmaly bolar – diýýär-de, gaýynatasynyň özüne beren halat-serpaýlaryndan geýnip, öz ýanyna akylly adamlaryň üç-dört sanysyny alyp, patyşanyň wezirleri bilen ýola düşýär. Ýurduň şasy Aýazy ýoldaşlary bilen oňat myhmanlaýar we gürleşip kän oturýar. Gaýtjak wagtlary Aýaz patyşany wezirleri bilen ýakyn wagtlarda myhmançylyga çagyrjakdygyny aýdýar.

Aradan birnäçe gün geçýär. Salynýan jaýlaryň hemmesi gutarylýar. Jaýlaryň iç-daşlary birkemsiz bejerilýär, içine her tüýsli gymmatbaha halylar düşelýär. Şonluk bilen hem Aýaz özüniň iki sany adamsyny iberip, patyşany wezirleri we ulamalary bilen myhmançylyga çagyrýar, olary garşylap, her dürli tagamly naharlar bilen hezzetleýär.

Patyşa jaýyň salnyşyna, iç-daşynyň bejerilişine we içindäki gymmatbaha halylara haýran galýar. Soňra ol myhmanlar bilen hoşlaşyp, köşgüne gidýär. Patyşa öz ýanyndan: «Gaty akylly hem gaýratly ýigide meňzeýär. Munuň bilen ýygy aragatnaşyk

saklamak we her bir işde peýdalanmak gerek» diýen netijä gelýär. Hatda oýlanyp-oýlanyp: «Men gyzymy şunuň ýaly gaýratly ýigide bersem, ol hiç zada hor-zar bolmaz» diýen pikire gelýär. Ýöne ol bu pikirini wezirlerine duýdurmaýar.

Aradan ep-esli wagt geçenden soň, ol Aýazy öz ýanyna çagyryp, onuň bilen ikiçäk gürleşýär, soň bolsa:

— Gyz ýetişse kyn bolýar, ýakyndan-ýatdan, golaýdan-uzakdan zol soraşyp gelip durlar. Biz entek olaryň hiç biriniň habaryny alamzok. Eý görýän gyzym üçin, oňat adam tapmak kyn. Onsoň şol ýaýdanyp ýörşümdi. Ynha, saňa welin, meniň göwnüm ýetdi – diýýär.

— Maňa şa gyzy razy bolarmykan? – diýip, Aýaz şanyň näme diýmekçi bolýandygyna düşünip dillenýär.

Onda patyşa:

— Biz şa atasynyň edenine «däl» diýjek gyz ýetişdiren däldiris-le – diýýär.

Şeýlelik bilen, Aýaz patyşanyň ýanyndan gaýdandan soň, onuň bilen bolan gürrüňi gelnine aýdýar. Şa gyzy esli salym böwrüni diňläp oturýar. Aýaz oňa:

— Eger sen närazy bolsaň, onda aýt, meniň üçin saňa dünýäde taý ýok. Özi dil açansoň, onuň göwnüni ýyksak, onda biz bu ýurtdan göçmeli bolarys. Şoňa razy bolsaň, onda bu köşgi-eýwany taşlap gideli – diýýär. Oýlanyp-oýlanyp, ölçerip-döküp, ahyr şa gyzy: «Bu bir bolmaýan zat däl, Aýazyňam aýdýanlarynyň jany bar. Göwnüni ýykmaýyn» diýen netijä gelýär.

Şeýdip Aýaz ýene bir şa gyzyna öýlenip, täze jaýynda ýedi gije-gündizläp, toý tutýar. Ýedi gije-gündizläp aýdym-sazyň sesi ýaňlanyp durýar. Şäheriň içinden-daşyndan ýerden ýörän bu toýa gelýär. Şäher halky bolsa daşdan gelýän myhmanlary öz öýlerine äkidip myhman edinýärler. Şäheriň etegindäki göreş tutmak üçin ýörite niýetlenen meýdanda ýedi günläp ýur-

duň «men» diýen pälwanlary göreş tutýarlar. Patyşa Aýaza ýetirmän, pälwanlara uly-uly baýraklar berýär.

Toý aman-sag sowulýar. Iki sany şa gyzy biri-biri bilen ysnyşyp, içersini ala-ýaz edýärler. Bu ýagdaýa Aýaz örän guwanýar. Günlerde bir gün Aýaz öz ýaşaýan howlusynyň derwezesiniň ýokarsynda bir jübüt köne çarygyny asyp goýýar. Aradan birnäçe gün geçýär, derwezeden çarygyň asylyp duranyny her kim görýär, emma onuň näme üçin şeýle edilendigine hiç kim düşünmeýär. Toýdan esli wagt geçenden soň, Aýaz patyşany aýaly bilen öýüne myhmançylyga çagyrýar. Derwezeden girip gelýän şanyň gözi birden ýokardan asylgy çaryga düşýär. Iýlip-içilip bolandan soň, şa çarygyň asylyp goýlanlygynyň sebäbini giýewsinden soraýar.

Aýaz ýylgyryp:

— Onuň sebäbini sizden ýaşyrmak bolmaz. Men ozal ýaşlygymda bir patyşanyň hyzmatkäridim. Özüme buýrulan ýumuşy sap ýürek bilen ýerine ýetirýärdim. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, patyşamyz ýaman syrkawlady we onuň keselden gutulmagyna Akmaýanyň süýdi zerur boldy. Patyşanyň buýrugy bilen, men Akmaýanyň süýdüni getirip berdim. Aradan birnäçe gün geçenden soň, patyşam meni Günüň dogýan ýerine iberip, ýazylanyň bozulýandygyny ýa-da bozulmaýanlygyny, ýazyklynyň ýazygynyň bagyşlanýandygyny ýa-da bagyşlanmaýandygyny şol ýerde ýaşaýanlardan sorap, jogabyny bilip gelmegi buýurdy. Men patyşanyň buýruşy ýaly, uzak ýol ýöräp daglardan, derelerden adamlaryň, balyklaryň kömegi bilen geçdim. Ol ýere baryp, patyşanyňam, maňa ýumuş buýran adamlaryňam, özümi deňizden geçiren balygyňam sowallaryna jogap alyp gaýtdym we olaryň kömegi bilen şa gyzyna öýlendim hem uly baýlygyň eýesi boldum – diýip, başyndan geçen wakalary jikme-jik gürrüň berýär — çaryk meniň geçmişim, birden bu döwletli derejäni göterip bilmedik wagtym, çarygyma gözüm

düşüp dursun diýen pikir bilen, derwezämden asyp goýdum – diýip jogap berýär. Patyşa şu gürrüňden soň Aýazyň öz öýdeniçerisidigine, oňa gyzyny bermejek bolup, gitsegelmeze iberendigine düşünip galýar we birhili bolýar.

Onda-da Aýaza:

— Hany, onda meniň sowallaryma näme jogap boldy, ony hem aýdyşlary ýaly et-de, maňa aýdyp ber – diýýär. Onda Aýaz:

— Hawa, ol ýere bardym, öňi bilen hem siziň sowallaryňyza jogap soradym we «ýazylan hiç wagtda-da bozulmaz, emma ýazyklynyň ýazygynyň bagyşlanmagy mümkin zat» diýen jogap aldym – diýip aýdýar.

Patyşa öýdeniçerisine gyzyny berenine birjigem gynanmaýar. Wezir-wekilleriniň – ulamalarynyň ogullarynyň arasynda Aýazyň başaran işlerini edip biljek akylly we gaýratly ýigidiň ýokdugyny bilýär.

Aradan ençeme ýyllar geçenden soň patyşa has garrap, özüniň wezir-wekillerine sala salýar. Unasalar ornuna Aýazy goýmakçydygyny aýdýar. Patyşa raýatlaryny ýygnap, gelen netijesini olara-da aýdýar. Sebäbi patyşa Aýazyň adalatly, parasatly hökümdar boljakdygyna berk ynanýar. Aýazyň şa bolmagyna uly il begenip, goldaýar.

Şeýlelikde, Aýazy öňki patyşanyň ornuna şa saýlaýarlar. Beýle ýagdaýa bütin halk begenýär.

## PATYŞANYŇ GYRNAKDAN BOLAN IKI OGLY[1]

Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň kyrk aýaly bar eken. Kyrkysyndan hem perzent önmeýär eken. Günlerde bir gün bu patyşanyň wezirleri, wekilleri: «Pylan şäherde bir bilgiç barmyş, geliň, şoňa adam ibereliň, patyşamyzyň perzentsizliginiň sebäbini, oňa näme çäre görmelidigini sorap gelsin» diýip, maslahatlaşyp, iki sany pälwany saýlap, bilgijiň huzuryna ibermäge taýýarlaýarlar.

Olaryň at-ýarag şaýlaryny birkemsiz düzedip, her haýsynyň horjunynyň bir gözüni gyzyldan, bir gözüni kümüşden doldurup, ýola salýarlar. Pälwanlaryň maşgalasyna bolsa olar gelýänçä, hor bolmaz ýaly, alty aýa ýeterlik engamlar berýärler.

Pälwanlar ýüzlerini günbatara tarap tutup gidiberýärler. Bular az ýöräp, köp ýöräp, şol bilgijiň bolýan şäherine ýetýärler. Şähere gelip, bir myhmanhanada düşüp, atlaryny ýerleşdirip, ornaşanlaryndan soň, şol bilgijiň nirededigini sorap tapýarlar. Bilgiç bulary güler ýüz bilen garşy alýar:

— Hoş gelipsiňiz! Geleweriň, oturaweriň! – diýip, töre geçirýär, çaý-suwdan soň habarlaryny alýar:

— Ýeri myhmanlar, daş ýeriň adamsyna meňzeýärsiňiz, bizlik näme habaryňyz bar bolsa aýdyp oturyň.

Pälwanlar:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 699[f]-njy bukja.

— Bilgiç aga, biz pylan şäherden bolarys. Özümiz hem pylança menzil ýol aşyp, siziň ýanyňyza geldik. Habarymyzy aýtsak, biziň bir patyşamyz bar, özüniň-de kyrk aýaly bar, kyrkysyndan hem perzent önmeýär. Onsoň wezir-wekillerimiz maslahat edip, bizi ýörite siziň ýanyňyza iberdiler. Siz gaýrat edip, bize bilip berseňiz. Biziň patyşamyzyň perzendi boljakmy ýa-da bolmajakmy? Eger bolmajak bolsa, oňa näme çäre etmeli? – diýip, öz habarlaryny aýtdylar.

Bilgiç:

— Ýigitler, bu ýumşuňyzy men başarmaryn. Ol meniň güýjüm ýeterden agyr. Ýöne pylan dagyň aňyrsynda bir çöllük bardyr. Şol çöllügiň gutaran ýerinde ullakan gowak bardyr. Şol gowakda bir bilgiç ýaşaýandyr. Onuň işi-pişesi hemişe çöke düşüp namaz okap oturmakdyr. Özüniň-de iýmiti günde ýekeje hurmadyr, ol hurma-da şol gowagyň ýanynda bir wagt gurap giden hurma agajyndan emele gelýär. Emma azygyňyzy gaty ýeterlik edip, şaýyňyzy ýagşy tutup gitmeseňiz bolmaz, sebäbi ol ýere baryp gelmegiň özi iki ýyla çeker. Ine, ýigitler, şuny bolşy-bolşy ýaly edip patyşaňyza aýdyň – diýip, bilgiç sözüni soňlady.

Pälwanlar bu bilgije bir horjun gyzyl bilen kümüş berip, onuň bilen hoşlaşyp, yzlaryna gaýdanlar. Az ýöräp, köp ýöräp, alty aý diýlende, olar öz şäherine ýetenler. Patyşa bularyň gelýänini eşidip, wezir-wekillerini öňünden çykaryp, hezzetläp, şähere getirden. Ýüregi takat etmedik patyşa derrew pälwanlardan habar soramaga duran. Pälwanlar bilgijiň özlerine diýen zatlaryny bolşy ýaly edip, ýeke-ýeke aýdanlar.

Patyşa hem onuň wezir-wekilleri oturyp, ýene maslahat edip pälwanlara:

— Ýene-de bolsa özüňiz gaýrat ediň – diýşip, olaryň iki ýyllyk harajatyny iki piliň üstüne ýükläp, bilgije sowgatlyk we ýol harjy diýip, bir horjun gyzyl berenler.

Iki pälwan ýola düşenler. Bular az ýöräp, köp ýöräp, uzak-uzak ýol aşyp, ahyrda salgy berlen daglyga ýetenler. Bu daglyk bilen birnäçe aý ýol ýöräp, şol düzlüge-çöllüge ýetenler. Olar bu çöllük bilen hem birnäçe aý ýol ýöränler. Aňyrsy-bärsi görünmeýän, tükeniksiz, ynssyz-jynssyz çöllük pälwanlaryň barha lapyny keç edýär. Bular bu çölüň içinde hatda haýwanyň-da yz-tozuny görmändirler. Pälwanlar bir gün uzyn gije: «Wah, armanly bolup öljek, sag-aman bir oba baryp, çagajyklarymyzyň ýüzüni görüp ölsek, hiç bir armanymyz galmazdy» diýşip ýatanlar. Ertesi irden turup töwerege seretseler, uzakdan bir tüweleý görnen. Bular ony şol bilgijiň jaýyndan çykýan tüssedir güman edip, şoňa garşy sürüp ugranlar. Ol tüweleý hem aşagy üzlüp pytrap giden. Indi bular nirä barýanlaryny hem bilmän, ýüzleriniň ugruna gidiberenler. Şu gidişde hem ýene birnäçe gün ýol ýöräp, barha umytdan düşüp başlanlar. Bu çölüň soňy gelmejege dönüpdir, ahyry uzakdan bir agaç görnen. Pälwanlar: «Be, bu it gyranyň çölünde suw ýok, söl ýok, bu agaç nämekä?» diýşip, golaýrak baryp görseler, bu bir gurap oturan hurma agajy eken. Bular bir-birlerine:

— Ahaw, şu agaç şol bilgijiň salgy beren hurma agajy bolaýmasyn, hany golaýrak baraly, gowak hem bar bolaýmasyn – diýşip, ýene birneme gündogara garşy ýöränler weli, bir gowagyň üstünden baranlar. Bular gowagyň agzyna gelseler, ynha, aşaklygyna basgançak bolup barýar. Bu pälwanlaryň biri gaty batyr eken, biri bolsa gorkagrak eken. Öňürti batyry girip, beýlekisiniň elinden tutup, ýuwaş-ýuwaşdan aşak düşüp ugraýarlar. Düýbüne düşüp görseler, ynha, bir ep-esli meýdan, ýokarsynda hem bir deşigi bar. Içinde bir-biriňi çala görmek bolýar. Pälwanlar bir salym durup, birneme gözleri öwrenişensoň, eýläk-beýläk seretdiler, hiç zat görmediler. Birden guşluk tarapyna seretseler, bir peşeneli adam çöke düşüp, ýüzüni asmana tutup, gollaryny ýokaryk galdyryp otyr. Bular ýuwaşlyk bilen ba-

ryp, salam berdiler weli, bu adam olaryň ýüzüne-de seretmän, öňki oturşyna otyr. Bir salymdan soň, goluny ýatyryp, bularyň salamyna jogap berip:

— Ýeri, ýigitler nireden gelip, nirä barýarsyňyz? – diýip sorady.

Pälwanlar:

— Geliş-ä siziň ýanyňyzadyr. Biziň bir patyşamyz bar, onuň kyrk aýaly bar, kyrkysyndan-da çaga bolmaýar. Ozal bizi başga şähere bir bilgijiň üstüne iberdiler weli, üç aý ýol ýöräp barsak-da, ol bilgiç başarmajagyny boýnuna alyp, sizi salgy berdi. Biz hem ýene üç aý ýol ýöräp, yzymyza bardyk. Patyşamyza ýagdaýy habar berdik, patyşamyz hem biziň iki ýyllyk harajatymyzy tutup, siziň üstüňize iberdi. Ýola çykanymyza on üç aý gowrak wagt boldy, köp horluklar çekip, sizi zordan tapdyk. Biziň sizden dilegimiz gaýrat edip, patyşamyza bir hoş habar bilen barar ýaly etseňiz – diýip, sözlerini soňladylar.

Bilgiç pälwanlara:

— Ýagşy habaryňyz bar eken, hany, siz bir dem-dynjyňyzy alyň, ýadansyňyz – diýip, özi ýene-de goluny göterip, bir zatlar sanamaga durdy.

Pälwanlaryň batyry eýýäm uklady, hezil etdi, dynjyny aldy. Emma gorkak pahyr gorkusyndan uzyn gije gözüne çiş kakylan ýaly ýatyp bilmedi. Birdenkä gijäniň bir wagtynda, ýokardan owaz gelip başlady: «Eý, derwüş! Ol patyşanyň kyrk aýalynyň otuz dokuzysy bikär, olardan hiç önjek zat ýok. Emma patyşanyň bir gyrnak aýaly bar, oňa-da patyşa hiç seretmeýär weli, bolsa-da patyşanyň şol gyrnak aýalyndan iki sany ogul boljak, biri ilden üýtgeşik boljak. Pälwanlar patyşalaryna aýtsynlar, şol gyrnak aýalyna göz aýlap, şonuň bilen bolubersin». Gürrüň şu ýere ýeteninde, owazyň yzy kesildi. Munuň hemmesini bu gorkak pälwan eşidip ýatyrdy. Bilgiç hem gelip ýatdy. Bular ertir turdular weli, bilgiç şol owazyň mazmunyny bolşy ýaly edip,

pälwanlara gürrüň berdi. Pälwanlar bilgiçden bu sözleri eşidip, horjundaky gyzyllary çykaryp, bilgijiň öňüne dökdüler.

Bilgiç:

— Bu näme? – diýip sorady.

Pälwanlar:

— Bu patyşanyň size iberen sowgady – diýip jogap berdiler.

Bilgiç:

— Eý, pälwanlar, siz derrew bu zadyňyzy gumy-sumy bilen horjunyňyza salyp, ýygnaň, siz pugta biliň, men dünýä zadyna zar däldirin. Iýmitim günde bir hurmadyr. Şu çukuryň agzynda bir gury agaç bardyr, şol agaçda her günde bir hurma bitýär, men hem şony iýip güzeran edýärin – diýdi.

Pälwanlar bilgiç bilen hoşlaşyp, gelen yzlary bilen ýola düşdüler. Pälwanlaryň maşgalalary, patyşa, wezir we wekiller bular wagtynda gelmänsoň, «ölendirler» diýip çaklap, ýas tutuşyp, gama batyşyp otyrdylar. Patyşanyň bolsa gaýgy-gam bilen bili bükülip galypdy.

Pälwanlar az ýöräp, köp ýöräp, ýene daglyga ýetdiler. Şol barmana bularyň öňünden bir ýolbars çykdy. Pälwanlar ýolbarsdan gorkularyna bir gowaga girdiler. Gowakda ikisi iki ýerden: «Ýa, Hudaý, bizi şu beladan gutaryp, sag-aman bala-çagalarymyza gowşur» diýşip dileg etdiler. Gijara ýolbars birden ýok bolup gitdi. Pälwanlar gowakda ýene bir gün dynç alyp, soň ýene ýola düşdüler. Az ýöräp, köp ýöräp, ala daglardan aşyp, öz watanlarynyň çölüne ýetişdiler. Gelýärkäler goýun çopanlaryň üstünden düşdüler. Çopanlar bulary gören dessine tanap, ylgaşyp gelip görüşdiler. Bularyň atlaryny tutuşyp, nahar-çaý häzirlediler, öz aralarynda maslahat etdiler: «Eý, pälwanlar, siz şu goşda bir azajyk dynç alyp, nahar-şam ediniň, biz derrew patyşa habar edeli, siziň gelýän habaryňyzy ýetireli, sizi öldi hasap edýärdiler. Belki, siziň geldi habaryňyzy eşidip,

patyşa bize sylag berer, biziň hem pukara günümize birneme ýetne bolar» diýşip, derrew bir çopany iberdiler. Ýaňky çopan ylgap gidip, ýarym menzil ýol ýöräp, patyşanyň ýanyna bardy. Barsa, pälwanlaryň aýallary hem patyşanyň ýanynda: «Biziň ärimizi gitsegelmeze iberdiň, indi biz çagalarymyzy ekläp bilemzok» diýşip, arz edişip duran ekenler. Şol wagtda-da haşlap gelen çopan içeri girip:

— Buşluk, patyşamyz! Iberen pälwanlaryňyz sag-aman gaýdyp geldiler, şu wagt biziň goşumyza düşdüler – diýip habar berdi. Bu habary eşidip, patyşanyň ruhy täzelenip, çopanlaryň her haýsyna birnäçe ýyllyk eklenç bolar ýaly engam berdi-de: «Her kim men diýse, şol pälwanlaryň öňünden çykmaly» diýip jar çekdirdi. Özi-de wezir-wekillerini alyp, derrew ýola düşdi. Patyşa pälwanlary çopanlaryň goşundan şähere getirip, bulardan habar soramaga durdy. Pälwanlar hem çeken muşakgatlaryny, gören azaplaryny birin-birin gürrüň berdiler.

Gorkak pälwan:

— Eý, patyşamyz! Sözüň gysgasy, otuz dokuz aýalyňyzdan perzent önmeýär, ýöne şol gyrnagyňyzdan iki sany ogul boljak, bu pälwan menden batyr bolansoň, bilgijiň öýünde ýatan gijämiz uklap, dynjyny aldy. Men bolsam gorkyma uzyn gije ukym tutman ýatyrkam, birden: «Eý derwüş! Patyşanyň şol gyrnakdan iki sany ogly boljak, galanlary puç» diýip, ýokardan ses geldi, men ony iki gulagym bilen eşitdim – diýdi.

Patyşa bulary hezzetläp, hormatlap, öýlerine gaýtaryp, ähli aýallaryny çagyryp, otuz dokuzysyna rugsat berdi-de, ýaňky gyrnagy çagyryp:

— Hany, Güljemal, birnemejik timarlan-da, şu gün agşam düşegi giňräk ýaz bakaly – diýdi.

Hemişe itde san bar, munda ýok pakyr Güljemal ýyljyraklap: «Ýa, Hudaý, hernä çyn bolaýbilseýdir» diýip, ýuwnup-ardynyp, özüne timar berdi. Patyşa gün ýaşan badyna Güljema-

lyň ýanyna geldi. Şol wagt birden daşardan «huw-hak!» diýen owaz geldi, patyşa derrew turup:

— Kimdir bu? – diýip sorady.

Ýasawuly:

— Bir derwüş gelipdir – diýip jogap berdi.

Patyşa öýden çykyp:

— Ýeri, derwüş saňa näme gerek? – diýip sorady.

Derwüş:

— Patyşanyň begençli gijesi engam diýip geldim! – diýdi.

Patyşa:

— Derrew bir aty-esbaby bilen beriň – diýip buýurdy. Wezirler patyşanyň diýenini getirip berdiler weli, derwüş almady-da, atyň başyny orap kowup goýberdi.

Wezirler:

— Patyşamyz, derwüş aty almady! – diýip gygyrdylar.

Patyşa:

— Näme diýip alanok? Onda bolsa maşgalasy açdyr, un beriň – diýdi.

Derwüş patyşanyň eline bir alma berip aýtdy:

— Eý, patyşa! Sen aýalyň ýanyna barmazdan öň, şu almany iki bölüp, bir bölegini özüň iýersiň, birini-de aýalyňa berersiň. Senden iki ogul bolar, şonuň birini maňa bermäge wada berseň, maňa şondan başga zat gerek däl – diýdi.

Patyşa derwüşden bu sözi eşidip, köp pikire batdy. «Beý, men ozal ogul, ogul diýip, birini-de tapman ýördüm, indi hem ahyrda ýüzüm ogla düşende, muny hem derwüşe bersem, nähili bolar» diýip içini gepletdi. Wezirler patyşanyň ýanyna baryp:

— Ogul bolanda göribereris-dä, şu wagt bir başyňyzdan sowuň! – diýdiler.

Patyşa:

— Bolýar, iki bolsa, birini saňa bereýin – diýdi.

Derwüş:

— Bolýar, emma ahmal bolma, sözüňden dänäýme – diýdi-de gidiberdi.

Patyşa almany iki bölüp, ýaryny özi iýip, ýaryny aýalyna berip ýatdy. Patyşanyň aýaly göwreli bolup, aýy güni dolup, dogurmakçy boldy. Patyşa muny hiç kime ynanman, öz ejesini çagyryp, aýalynyň ýanynda oturdyp, özi-de gulak salyp durdy. Birden çaga dünýä indi, öýüň içine şöhle saldy. Patyşanyň ejesi garap görse, bu çaganyň endamy tutuş nurdan, ol muny derrew etegine saldy. Oňa deňiç beýlekisi hem boldy. Bu-da ýalkym salyp ýatyr. Ony gabanyp patyşa derrew etegine saldy. Soň özüniň ynamdar wezirini çagyryp:

— Ýeri, indi näme edeli, oglanlar dünýä indi. Muny derwüş hem eşitse, ylgap geler – diýdi. Nurdan dörän çagalar hakyndaky gürrüň derrew ilatyň arasyna ýaýrady. Patyşanyň «nurdan ogly bolupdyr» diýşip, her kim topar-topar bolşup, gutlamaga geldiler. Patyşa birnäçe günläp uly toý tutdy. Günlerde bir gün ýaňky derwüş gelip:

— Ýeri, patyşamyz, wadada wepa barmydyr? – diýdi.

Patyşanyň gahary gelip:

— Ýok – diýip, jogap berdi.

Derwüş:

— Eý, patyşa, ahmal bolma, wadaňa jür bol! Ýogsam ýurduňda ýel öwüsdirin! – diýdi.

Oňa deňiç wezir gelip:

— Eý, patyşamyz, munuň bilen galmagallaşyp durmaň-da, «bolýar» diýäýiň. Elbetde, ol şu wagt süýtden aýryp, çagany äkitjek bolup durmaz, soňuny soň görübereris-dä – diýdi.

Patyşa weziriň sözüni makul bilip:

— Bolýar, derwüş, çaganyň biri seniňki bolsun – diýdi.

Derwüş:

— Haýsyny berjek? – diýip sorady.

Patyşa:

— Kiçisini – diýdi.

Derwüş derrew gaýyş guşagyndan bir tasma kesip, oglunyň goluna tikip, belgi etdi-de gidiberdi. Patyşa bolsa bu işi köp alada edip, ýene-de wezirine maslahat saldy.

Wezir:

— Eý, patyşahym! Ýeriň aşagyndan bir jaý saldyrmak gerek. Ondan soň şol oglanlary enesi bilen şol jaýa eltip, ýene gaty bir ylymly mollany hem birnäçe ýyllyk eklenji bilen şoňa iberip, terbiýe berdirip, okatdyrmak gerek. Oglanlar süýtden aýrylan dessine, enesini olardan aýyrmaly. Oglanlar ýeke molla bilen galsynlar. Onsoň «Patyşanyň ogullary ýitipdir» diýip, ile gürrüň ýaýradarys weli, derwüş hem eşidip, näumyt bolar – diýdi.

Weziriň bu sözüni patyşa makul görüp, derrew ýeriň aşagyndan üç gatbar tam saldyrdy, munuň içine birnäçe ýyllyk azyk saldyryp, bir mollany tapyp, oglanlary enesi bilen şol ýere iberdi. Jaýyň agzyny bolsa guýynyň agzy ýaly, bir degirmen daşy bilen ýapdylar. Şundan soň on üç ýyl geçdi, bu çagalar her taraplaýyn ylym alyp kämilleşdiler.

Günlerde bir gün ýaňky derwüş gelip:

— Patyşa, hany meniň oglum? – diýdi.

Patyşa aglamjyran bolup:

— Seniň hem ogluň, meniň hem oglum ikisi-de ýitdi – diýdi.

Derwüş:

— Eý, patyşa! Patyşa halky ýalan sözlemez, sen ýöne başga gürrüň etme-de, meniň oglumy getirip ber! Ýogsam men özüm taparyn. Eger-de oglanlary tapyp getirsem, sen utanmazmyň? – diýdi.

Patyşa:

— Elbetde, ýöne men ýiten çagalary nireden tapaýyn. Tapsam öňi bilen özüme gerek, näçe ýyldyr, gam laýyna batyp otyryn – diýdi.

Onda derwüş:

— Bolýar, patyşa! Ýiteniň gelýänligini men saňa görkezeýin – diýip, eline tamdyrasyny alyp, bir depäniň üstüne çykyp saz çalmaga oturdy weli, munuň hoş owazyna haýwan, ynsan ylgaşyp geldiler. Onuň üstüne patyşa-da bardy. Derwüş bolsa başyna gaý bolup, şol çalyp otyr.

Ýaňky oglanlaryň saklanýan jaýynyň-guýysynyň agzy bir degirmen daşy bilen ýapylyp, daşyň deşiginden guýynyň düýbüne Günüň şöhlesi düşýärdi. Oglanlar Güni görmänsoňlar, onuň nämedigini bilmeýärdiler. Olar ýere düşüp oýnaklaýan Gün şöhlesini tutjak bolşup başagaý bolýardylar. Ýeri gazsalarda, gazdyklaryça Günüň şöhlesi hem aşak düşýärdi.

Ine, bir gün oglanlar Gün şöhlesine haýran galyşyp durkalar, birden derwüşiň sazynyň owazyny eşitdiler. Patyşa bolsa molla: «Oglanlara sazyň sesini eşitdirme, hiç ýerik goýberme» diýip tabşyryk edipdi. Oglanlar sazyň sesini eşitmek bilen: «Mollamyz, bu ses näme?» diýşip, ýanyna ylgap barsalar, molla olaryň ýaňagyna şapbat bilen urup goýberdi. Oglanlar basgançaga ýapyşyp, ýokaryk dyrmaşdylar, molla bulary düşürip, urup, uly gopgun turuzdy. Ahyrda oglanlaryň biri mollanyň kellesine ýatan taýak bilen ýelmedi weli, molla entirekläp ýykyldy. Oglanlar derrew ýokaryk çykyp, daşy aýryp taşladylar. Ýeriň ýüzüne çykyp seretseler, ynha, bir ýagty sähra, özlerine meňzeş adamlar we haýwanlar, baglyk, bakjalyk ýer, uzaga seretseler, halha depäniň üstünde kowçum-kowçum adamlar, saz-söhbet. Bular ylgaşyp, hasanaklaşyp, nurly ýüzlerini aý ýaly edip, üýşmegiň gyrasyndan baryp, derwüşiň golaýynda oturdylar. Derwüş bulary gören dessine tanady. Patyşa bolsa ýüzüni aşak salyp, ýer dyrmap otyrdy.

Derwüş:

— Ýeri, patyşa, hany bular kim? Sen «Oglanlar ýitdi» diýip aýdýardyň-la?! – diýip sorady.

Patyşa:

— Bolýar, derwüş, sen indi ogluňy alyp git! – diýip, agyr gussa basmarlap, keýpsiz halda köşgüne gaýtdy. Yzynda bolsa oglanlar biri-birine dözmän, olaryň ulusy: «Men gideýin» diýýär, kiçisi-de: «Sen gal, men gideýin» diýýär. Ahyrda derwüş kiçisini alyp ugraýar. Ulusy gynanyp, gözünden boýur-boýur ýaş döküp, bularyň yzyna düşýär. Derwüş töweregine nur saçyp barýan çagany ýandagyň içi bilen golundan tutup, idenekledip barýar. Onda çagalaryň ulusy ylgap yzlaryndan ýetip: «Eý, derwüş aga, sen ony goý-da, meni alyp git, her zat bolsada, men ondan bir azajyk öňürti dünýä gelipdirin» diýip ýalbaryp, kiçi doganyny goýup, derwüş bilen özi gidiberdi. Kiçiside bir salym seredip durup, garasy ýitiberende: «Waý, meniň öwezime doganym gitdi» diýip, yzlaryndan ylgap ýetdi-de: «Eý, derwüş aga, sen ony goý-da, meni alyp git» diýip ýalbardy.

Derwüş:

— Bolýar – diýip, goltugyndan bir almany çykaryp, ýaňkyny ulusynyň eline berip, şu almany bir çüýşä salyp, äpişgäňizde goý-da, ertir-agşam şoňa seret. Eger-de şu alma täzejeligine sapagyndan suw damyp dursa bilgin, seniň doganyň keýpi kökdür. Eger-de alma myssaryp, solup gitse, onda seniň doganyň zyndana düşendir ýa-da başga bir zat bolandyr. Eger-de alma çüýräýse, bilgin, seniň doganyň ölendir – diýdi.

Oglan bu almany alyp, gynanyp yzyna gaýdyp, gelip, ony bir çüýşä salyp, äpişgede goýup, her gün iki ýola seredip, doganynyň ýagdaýyny duýýardy.

Ýaňky derwüş kiçi oglany kyrk gat galanyň ýanyna alyp geldi-de, sakgalyny iki bölüp, arasyndan kyrk açar çykaryp,

galany açmaga durdy welin, oglan aňk bolup durdy. Bir seretse, galanyň düýbünde bir çynar bar, çynaryň üstünde iki sany totuguş otyr. Guşlar oglany görüp, ilkibada gülşüp, soňra aglaşmaga durdular. Oglan her bir zadyň diline düşünýärdi. Ol:

— Eý, totular, siz näme üçin ozal gülüşdiňiz, soňra aglaşmaga durduňyz? – diýip sorady.

Totular:

— Eý, şazada, biz nurdan ýaradylan oglany görenimizde göwnümiz açylyp güldük. Emma seniň zalym jadygöýüň goluna düşüp, öljegiňi ýatlanymyzda hem aglaşdyk. Seni bu ýere alyp gelen bir jadygöý döwdür. Ýüzläp-ýüzläp şalaryň ogullaryny getirip, otuz dokuz gün bakyp, kyrkynjy gün bir uly gazany suwdan dolduryp gaýnadyp, olara: «Eý oglan! Hany şu gazanyň gyrasyna çykyp oýna, men saňa döwleriň oýnuny öwredeýin» diýýär-de, ol çykyp oýnap ugrandan ony gazanyň içine ýykyp, jady bilen ganyndan gyzyl, ýagyndan kümüş edip, süňklerini hem özi iýýär. Biz saňa dözmedik, başarsaň bir zat öwredeli. Sen gazanyň gyrasyna çykma. Döw saňa: «Çyk-da oýna» diýende, «Men başarman, öňürti özüň oýnap görkez, onsoň men oýnaryn» diýgin. Döwüň gahary gelip, seni şapbat bilen urup, özi oýnamaga durar weli, sen Hudaýy çagyryp, döwi bir itekläp goýber, aýagy gazana düşen badyna, gazan özüne çekip alar, her näçe dyzasa-da çykyp bilmez – diýip aýtdylar.

Oglan dolanyp derwüşiň ýanyna geldi. Derwüşiň elinde açarlar, galany açyp, oglana garaşyp dur eken. «Näme beýle eglendiň?» diýip, ol azmly sorady.

Oglan:

— Derwüş kaka, içim agyrdy – diýip jogap berdi.

Derwüş galalaryň kyrkysynyň hem agzyny açdy. Içinden geçip barýarkalar, bir-iki sany eýerli, uýanly atyň üstünden, ýene bir-iki sany asylyp duran tüpeň bilen almaz gylyjyň, ýene birnäçe gazan gyzyl-kümüşiň üstünden, dula basylan süňkleriň

üstünden geçdiler. Derwüş her gapydan geçende, derrew şol gapyny gulplaýardy. Ahyrda bir jaýa baryp: «Ynha, her hili nä-zi-nygmat, şulardan näçe iýseň iý-de, semräweri, men-ä on-onbäş gün dynjymy aljak» diýip aýtdy.

Oglanyň ýadyna totularyň aýdan sözleri düşüp, bogazyndan zat geçmedi. Oglan gün-günden horlanyp ugrady. Derwüş on bäş günden soň turup, oglanyň ýüzüne garasa, oglan şeýle bir horlanypdyr – diýip, aýdar ýaly däl. Derwüşiň muňa gahary gelip, käýýäp:

— Men on-ýigrimi gün awa gitjek, gelýänçäm hökman iýip semregin – diýip tabşyryp, awa çykyp gitdi. Oglan ýene aglap, gün-günden horlanyp ugrady. Wagt boldy, ýigrimi günden soň, döw awdan gelip seretse, oglan öňküden hem beter horlanypdyr. Derwüş ýene üç-dört gün syn edip gördi weli, bolmady. Bir tagtany çekip goýberdi weli, sekiz gulakly bir gazan çykdy, onuň erňeginde aýak ýalaňaç pyýada gezip ýörmeli. Derwüş bu gazany göterip, howlynyň ortasynda bir ullakan ojak bardy, şoňa eltip, içini suwdan dolduryp, aşagyna kyrk düýe ojary üýşürip ot berdi. Gazan gaýnap ugrady.

Derwüş:

— Eý, şazada, men saňa her näçe iýdirjek boldum weli, bolmady. Indi men saňa döwleriň oýnuny öwredeýin, belki, oý-na gyzyp, şähdiň açylsa, şonuň bilen hem işdäň açylar, ýogsam sen az iýýäň. Hany bar-da, gazanyň gyrasyna mün-de, ynha, şeýdip-şeýdip oýun et! – diýip, oňa her-hili hereketleri edip görkezdi.

Onda oglan:

— Aý, derwüş kaka, men ol gazanyň gyrasynda oýnap ba-şarmaryn, hany öňi bilen sen bir oýnap görkez – diýdi.

Derwüşiň gahary gelip, oglana bir şapbat çaldy. Oglanyň ýüzi gyşardy.

Ol ýene:

— Bar – diýdi.

Oglan ýene:

— Ozaly bilen özüň oýnap öwret – diýdi.

Derwüşiň gahary gelip, ýene bir şapbat urdy, oglanyň boýny öňküsi ýaly boldy. Derwüş gaharyna bäs gelip bilmän:

— Ynha, şeýle oýnarlar – diýip, gazanyň gyrasynda böküp aýlanyp, oýun etmäge durdy.

Ol oýun etmäge gaty ökde eken. Derrew gazanyň gyrasyna aýlanyp çykdy. Oglanyň ölüm howpy ýadyna düşüp, derwüş bir sapar oýnap geçende, ony iteklemäge çekindi-de:

— Hany, ýene bir aýlanyp çyk, onsoň men hem çykaýyn – diýdi.

Derwüş:

— Ynha – diýip, ýene-de bökjekläp ugrady.

Oglanyň duşundan gelip geçiberende, oglan barja güýjüni jemläp: «Ýa Hudaý» diýip, derwüşi gazana itekläp goýberdi. Ol çirkin ses edip, güpüläp, gazana ýykyldy. Ol her näçe dyzasa-da, dyzadygyça aşak gitdi, şol durşuna gaýnap bişip galdy. Oglan derrew onuň sakgalyny goparyp, kyrk açary hem aldy. Ýaňky jaýlaryň hemmesini açdy. Ol bir jaýda birnäçe gapyrgalary döwlüp, çalajan ýatan şazadalary gördi.

Olaryň ýanyna baryp:

— Men jadygöýi öldürdim, indi galany açýan, heý, yzyňyza gitmäge ýarajagyňyz barmy? Bar bolsa alyp gideýin –diýdi.

Onda bular aglaşyp:

— Aý, sag bol! Biziň hossarlarymyz gelip äkitmeseler, turmaga mejalymyz ýok – diýdiler.

Oglan derrew baryp, ýaňky atyň birine münüp, tüpeňi boýnundan asyp, gylyjy biline baglady. Gulpagynyň birini gyzyla, birini kümüşe boýady. Galalaryň, tamlaryň agyzlaryny açyp, daşyna çykdy. Ýene öňki ýaly edip, agzyny gulplady. «Belki, yzarlap gelen bolar» diýen pikir bilen diňe şazadalaryň ýatan

jaýlaryny açyk goýdy. Soň açarlary bir gowakda goýdy. Howlynyň derwezesine: «Men pylan patyşanyň ogludyryn. Şeýle-şeýle sebäp bilen jadygöý döwüň goluna düşüp, ahyrda ony öldürdim, indi özüm hem Günüň çykýan tarapyna gidýärin» diýip, ýazdy we jaýlaryň birinde şazadalaryň ýatanyny hem duýdurdy. Şunluk bilen, gündogara baka ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp, günlerde bir gün bir uly çynaryň üstünden bardy, onuň saýasynda atyny örkläp, dynç almakçy boldy. Ýatyrka birden agajyň üstünde gykylyk, gopgun turup, agy sesleri eşidildi. Oglan ýokarsyna seretse, Symrugyň çagalary bar, aşagyndan bolsa bir äpet gara aždarha agaja dyrmaşyp barýar. Symrugyň çagalary mundan gorkup aglaşýarlar. Bu aždarha her ýyl gelip, Symrugyň çagalaryny iýip gider eken. Şazada derrew gylyjyny alyp, aždarhanyň boýnuny ýolup taşlady-da, ýene gelip ýatyberdi. Symrugyň çagalary ynjalyp: «Hudaýa şükür, bizi adamzat beladan gutardy» diýşip pysyrdaşdylar. Birnäçe wagtdan soň, Symrug uçup gelip, aşak garasa, bir at bagly dur, ýanynda-da bir adam uklap ýatyr. Ol: «Beý, her ýylda meniň çagalarymy adamzat iýýän eken, muny daş bilen urup öldüreýin» diýip, baryp bir ullakan daşy göterip gelip, şazadanyň üstünden goýberjek bolanda, çagalary muny görüp: «Haý, ene, zat degme, ol bizi beladan gutardy» diýip gygyryşdylar.

Enesi:

— Näme beladan gutardy? – diýdi.

Çagalar:

— Hany, ozaly bilen daşy taşlap, biziň ýanymyza gel, onsoň aýdaly – diýdiler.

Symrug daşy taşlap geldi.

Çagalar:

— Eý, ene, aşak seret – diýdiler.

Symrug aşagyna bakyp görse, ynha, bir uly aždarha ölüp ýatyr.

Symrug:

— Muny kim öldürdi? – diýip sorady.

Çagalary bolşy ýaly gürrüň edip berdiler.

Symrug: «Bu aždarha her ýylda çagalarymy gelip iýýärdi. Bu adamzat meni şu beladan gutaryp, ullakan ýagşylyk edipdir. Muňa hormat edeýin» diýip, ýaňky uklap ýatan şazadanyň üstüne ganatlary bilen saýa berip durdy. Şazada oýansa-da, gara basan ýaly bolup, gorkusyna turup bilmän, gözüni gyrpylladyp ýatyrdy. Symrug muny duýup, gaýrak çekilip, salam berdi. Şazada jogap gaýtardy-da, dikelip oturdy.

Symrug:

— Eý, şazada, sen maňa bir ýatdan çykmaz ýagşylyk etdiň. Bu aždarha her ýylda meniň ýok wagtymda gelip, çagalarymy iýip gidýän eken. Indi dünýäde näme arzyň bolsa aýt. Men saňa elimden gelen hyzmaty ederin. Men symruglaryň patyşasynyň aýalydyryn – diýdi.

Şazada:

— Aý, ýok, dünýäde kem zadym ýok. Men gündogar tarapa barýan, men özüm şeýle-şeýle boldum – diýip, başyndan geçiren wakalaryny aýdyp berdi.

Symrug ýeleginden bir azajyk ýolup, şazada berdi-de:

— Eý, şazada, her wagt başyňa iş düşse, şu tüýleri ýaksaň, ähli goşunym bilen seniň ýanyňda häzir bolaryn – diýdi.

Onsoň ikisi hoşlaşdy. Oglan ýene ýüzüni gündogara tutup ugrady. Gidip barýarka, gün düşmez bir tokaýlygyň üstünden bardy. Onuň içinden geçip barýarka, eýmenç bir uwwuldy peýda bolup, tokaýyň içini ýaňlandyrdy. Ýigit golaýrak baryp görse, ynha, bir ýolbars ýatyr, aýagyna-da bir ullakan gyçak agaç çümüpdir. Oglan muny görüp, arkan çekiljek bolanda, ýolbars:

— Eý, adamzat, sen yza çekilme-de, bärik gel, meniň derdime derman bol, aýagymdaky tikeni sogrup al, ikimiz kyýamatlyk dogan bolaly – diýdi.

Şazada ýolbarsdan bu sözi eşidip, onuň ýanyna gelip görse, ýolbarsyň aýagyna agaç çümüp, gaty horlapdyr.

Şazada ýigit:

— Eý, ýolbars, bu agajy aýagyňdan çekip alaryn welin, sen janhowluňa meni parçalarsyň, siz ýyrtyjylara ynanmak bolmaz – diýdi.

Ýolbars:

— Aýdanyň dogry weli, sen öňürti gylyjyň bilen bir çukur gaz-da, şol çukura gir. Men şol çukura tiken batan aýagymy salaryn. Sen tikeni çekersiň, men gygyryp, ýeri peşärin, sen bolsa çukurda ýygrylypjyk oturarsyň. Bir salymdan men özüme gelerin. Onsoň seniň bilen ýene gürleşeris – diýip ýalbardy.

Şazada derrew bir çukur gazyp, içine girip oturdy. Ýolbars tikenli aýagyny içine salan badyna, ýigit bütin güýjüni jemläp çekdi, agaç sogruldy. Ýolbars bir ýakymsyz ses edip, aýaklary bilen ýer peşeläp, çukuryň üstüni ala tozan etdi-de, özünden gidip ýykyldy. Şazada çukuryň içinde galdy. Emma oglanyň gylyjy keserip ýokardan inen çöp-çalamlary saklady. Birnäçe wagtdan soň, ýolbars turup görse, aýagyndaky agaç aýrylypdyr, dünýä gan bolup ýatyr, çukur bolsa gömlüp, oglan onuň aşagynda galypdyr. Ýolbars ah çekip: «Özüme ýagşylyk eden adama zeper ýetiren bolaýmaýyn» diýip, derrew dyrnaklary bilen çukury peşäp başlady. Adamyň kellesi göründi weli, ýolbars:

— Eý, adamzat, barmysyň? – diýip gygyrdy.

Ýigit:

— Bardyryn – diýip, çukurdan silkinip çykdy.

Ýolbars şazada çukurdan çykandan soň, onuň öňünde tagzym edip:

— Eý, adamzat, men ýolbarslaryň patyşasydyryn. Sen maňa uly ýagşylyk etdiň. Indi dünýäde näme matlabyň bolsa aýt, men hem saňa başardygymça kömek bererin – diýdi.

Şazada:

— Sag bol! Meniň dünýäde kem zadym ýok. Özüm hem gündogar illerine barýan. Dünýäni görüp, seýil edip ýörün – diýdi.

Ýolbars tüýünden ýolup, ýigide berdi-de:

— Eý, oglan, her wagt başyňa bir iş düşse, şu tüýleri ýaksaň, şol sagatda ähli goşunym bilen seniň hyzmatyňa bararyn — diýdi.

Onsoň ikisi hoşlaşdy. Şazada ýola rowana boldy. Az ýöräp, köp ýöräp, tokaýlykdan çykyp, çöl-beýawandan barýarka, goýun bakyp ýören çopanlaryň üstünden geldi. Ol çopanlaryň ýanyna baryp, salam berdi. Çopanlar salamyna jogap berip:

— Gel, goç ýigit, geç, çopan goşunda otur – diýdiler.

Şazada:

— Men bir geçegçi, eger-de aňrujy ýagdaýyňyz bolsa, goşuňyzda biraz salym dynç alsam – diýdi.

Çopanlar:

— Gaty ýagşy bolar – diýşip, derrew ýigidiň atyny tutdular. Oglan bularyň her haýsyna bir goşawuç gyzyl berdi. Çopanlar derrew bir goýun öldürip, söwüş etdiler. Ýigit bir salym dem-dynç alyp, ýatyp turdy-da, nahar edinenden soň:

— Eý, çopanlar, ol görünýän köşk kimiňki? – diýip sorady.

Çopanlar:

— Ol görünýän ymaratlar paýtagt şäherdir. Köşk şanyňkydyr. Onuň beýle ýanyndaky çarbag bolsa patyşanyň gyzlarynyňkydyr. Patyşamyzyň üç gyzy bar. Üçüsi-de şol çarbagda bolýarlar. Üçüsiniň-de heniz başy bogulmadyk. Bulardan bärräkde salnan jaýlar, ýetişdirilen baglar patyşanyň aýallarynyň seýil edýän ýeridir, özüniň hem elmydama agzy gulpludyr – diýip, sözlerini soňladylar.

Şazada çopanlaryň bir köne çäkmenini, birlaý köýnek-balaklaryny diläp aldy hem-de ýaňky söwüş edilen goýnuň uly

we kiçi garnyny hem aldy-da, bular bilen hoşlaşyp gidiberdi. Gidip barýarka ýaňky patyşanyň ýeriň aşagyndaky jaýynyň üstünden bardy. Onuň gulpuny açyp, derrew içine girdi, görse, ynha, bir ajaýyp baglyk hem otluk-suwluk ýer. Ýigit derrew atynyň eýerini aýryp, şol otluk meýdanda goýberdi. Gylyjyny, esbaplaryny hem aýryp, şol ýerde goýdy. Özi ýaňky köne çäkmen bilen köne köýnek-balagy geýdi. Gulpaklaryny hem ýygnap-düýrüp, ýüzi bilen başyna-da garyn geýip, burnunyň we gözleriniň deşiklerini goýdy-da, patyşanyň gyzlarynyň bolýan çarbagyna tarap ýöräberdi. Bu galany bolsa ýene-de öňküsi ýaly edip gulplady. Baryp gyzlaryň bagyna girip, ekinlerine aýlandy. Soň ullakan bir gawuny ýoldy. Şa gyzlarynyň bagbany gelip görse, ynha bir kel, baga girip, islän zadyndan iýişdirip ýör.

Bagban:

— Eý, kel, soragsyz patyşanyň gyzlarynyň bagyna girdiň, gireniňem hiç diýsek, ekinlerini ýoluşdyryp, zaýalap ýörsüň? Derrew çyk-da, güm bol! Men bagbandyryn – diýdi.

Oglan:

— Eý, bagban, men bir mysapyr, hossarsyz ýetimdirin, eger-de ýagdaýy bolsa öz ýanyňa alsaň, saňa kömekçi bolardym – diýip ýalbardy.

Bagban: «Aý, ynha bir el-aýak ýaljak oglan, degme, bolubersin zyýany degmez» diýip pikir etdi-de:

— Bolýar-da, onuň ýaly bolsa, sen hanym, şu baglara seretde geziber – diýdi.

Şazada oglan bu bagyň içinde edil özi eken ýaly halan iýmişinden iýip geziberdi. Bir gün patyşanyň gyzlary bagyň ortasyndaky serhowza suwa düşünmäge geldiler. Şazada derrew golaýrak gelip, bukulyp gülleriň arasyndan yşyklap bulara syn etmäge durdy. Gyzlaryň ýigitden habary ýok. Olar geýimlerini çykaryşyp, şady-horram bolşup, suwa girdiler. Oglan gördi: bu-

laryň ikisiniň wagty geçeňkirläpdir, emma kiçisi weli, keýik ýaljak, özi hem edil aýdan bölünipjik gaçan ýaly. Ýigit özüniň bardygyny duýduryp: «gyzlar, gyzlar» diýip gygyrdy.

Gyzlar hasyr-husur geýimlerini geýip:

— Bu kim gyz? – diýşip, şazadany gözlemäge başladylar.

Birden biriniň gözi ýigide düşüp: «Baý, hol-ha, kel kellesi kesilen» diýip, ony kowalamaga durdular.

Ýigit:

— Waý-eý, waý-eý! Patyşanyň gyzlary meni tutjak bolýarlar eý! – diýip, iki ýana gaçyp, bulara zyk hem etdirenok.

Gyzlar ýadap, köşge gaýtdylar. Baryp saçlaryny darap otyrkalar, şazada hiç kimden gypynç etmän, gapydan baryp, patyşanyň uly gyzyndan:

— Maňa-da daragyňy beräý, başymy darap getirip bereýin –diýip sorady.

Gyz:

— Haý, kel, haram kellesi kesilen, owarra bol – diýip söğündi. Ortanjy gyzyndan diledi, bu-da:

— Owarra bol, kel kellesi kesilen – diýdi. Kiçi gyzyndan diledi weli, ol gyz: «Aý, näme bolar öýdýäň, köneräk daragymy beräýeýin-le» diýip, köne daragyny ýigide uzatdy. Oglan daragy alyp, baga bardy, kellesinden garny aýryp, saçyny daragy, ýene kellesine garyn geýip, daragy getirip, gyza berdi. Patyşanyň kiçi gyzy daragy alanda, beýlekileri ýüzlerini çytyp: «Püf, kel haramyň ysy çykandyr, indi ony zyňyp goýber-dä!» diýişdiler. Kiçi gyz sesini çykarman daraga seretse, daragyň ownuk dişli tarapynda bir gyl galypdyr, uzynlygy gulaç ýarym, alyp görse, kümüşden, eýleki tarapyna seretse, bir gyl bar, uzynlygy iki gulaç, alyp görse gyzyldan, gyz munda bir alamatyň barlygyny bilip, sesini çykarman, ýaňky saçy nagyşlyja bukjajygyna salyp, sandyga atdy-da, doganlaryna:

— Hany, ýörüň, ýene howzuň başyna gideliň – diýdi.

Doganlary:

— Wiý, samsyk ýüzi gara, howuzdan ýaňy gelmedikmi? – diýdiler.

Kiçi gyz:

— Aý, ýaňam kel suwa düşmäge goýmady. Men-ä täzeden düşüp geljek – diýip gitdi.

Baga baryp gözläp-gözläp, ahyry bir agajyň düýbünden keli tapdy. Görse, uklap ýatyr, kellesini, ýüzüni ýuwaşlyk bilen barlap görse, ynha, takyrdap dur, garyn geýdiräýipdir, kelläni açyp görjek bolsa, oglan oýanjak, ýuwaşlyk bilen köýnegini galdyryp, garnyny açyp görse, ynha, ýalpyldap dur, endam-jany tutuş nurdan, gyz muny görüp, lampa aşak oturdy. Ol bir salymdan dolanyp, öýe geldi. Gyzyň gije-gündiz pikiri şu işiň açaryny tapmak boldy. Patyşanyň bolsa özünden bilip, gyzlaryny äre bermek hyýaly ýokdy. Uly iki gyz hem şindi otyrdy. Günlerde bir gün gyzlar öz aralarynda: «Heý, bize-de bir ile meňzeş bolmak barmyka?» diýşip, gürrüň açdylar.

Şonda kiçi gyz:

— Eger-de siziň gitmek hyýalyňyz bar bolsa, men bir emel öwredeýin – diýdi.

Doganlary:

— Öwretsene – diýdiler. Kiçi gyz üç sany gawuny ýolup getirdi: biri içi ötüşen, beýlekisi oňa görä gowrak, biri ýaňy ýüzi gylawlan, bularyň üçüsini hem mejmäniň içine salyp, her haýsyna-da bir pyçak dürtüp, üstüni ýaglyk bilen ýapdy. Özüni-de bagbanyň eline berip:

— Bar, şuny kakamyň eline eltip ber, biziň sowgadymyz – diýdi.

Bagban bularyň sowgadyny alyp bardy. Patyşanyň wezir-wekilleri bilen üýşüp oturan mahaly eken. Bagban salam berip, içerik girmäge rugsat sorady.

Patyşa:

— Giriber, gel-geç otur! – diýdi.

Bagban ýaňky gyzlaryň iberen sowgadyny patyşanyň öňünde goýdy.

Patyşa sowgady weziriň öňüne süýşürip:

— Wezir, alyň, açyň hany göreliň, gyzlarymyz näme sowgat iberipdirler – diýdi.

Wezir ýene patyşanyň öňüne süýşürip:

— Patyşamyz, öz gyzlaryň iberen sowgadyny öz eliňiz bilen açyp görseňiz ýagşy – diýdi.

Patyşa weziriň sözüni makul görüp, ýaňky ýaglygy aýryp görse, ynha üç sany gawun, her haýsyna bir pyçak dürtüläýipdir. Patyşa elläp görse, iki sanysy myssaryp, tas iýer ýaly bolmadyk hala ýakynlan, biriniň bolsa ýaňy ýüzi gylawlan.

Patyşa:

— Päheý, bu gyzlaryň atasyna edýän sowgadyny, mundan başga zat tapmadylarmyka? Hany, wezir, alyň, näme-de bolsa iýeliň – diýdi.

Wezir:

— Eý patyşamyz, bu gawunlar size iýdiriljek bolup iberilen gawun däldir. Bularda bir matlap bardyr – diýdi.

Patyşa:

— Näme matlap barka? Nähili düşünýän bolsaňyz aýdyberiň! Aýry maslahat ýokdur – diýdi.

Wezir:

— Eý patyşa, görýärsiňizmi, şu iki ötüşen gawun siziň iki uly gyzyňyzdyr, olaryň wagtlary geçip barýar. Emma siz mundan bihabar. Ol ýaňy ýüzi gylawlan hem kiçi gyzyňyz, ol-da kemala gelipdir, indi gaýrat edip, şulary ýerleşdirmek bilen bolubermeli – diýdi.

Patyşa:

— Dogry aýdýaň, wezir! – diýdi.

Patyşa aradan gün geçirmän: «Her kim, uly-kiçi erkek göbekli, pylan gün patyşanyň gyzlarynyň köşgüniň aşagyndan geçmeli, patyşanyň gyzlary öz halanyny saýlajak» diýip, jar çekdirmäge buýruk berdi. Şol gün gyzlaryň her haýsynyň eline bir alma berip: «Kimi halasaňyz, ýokardan şol alma bilen uruň» diýdiler. Her kim geýibilenini geýip, bezenşip, gyzlaryň köşgüniň aşagyndan geçmäge durdular. Gyzlar bolsa köşgüň üstünden syn edip başladylar. Birden weziriň ogly atyny oýnadyp çykdy weli, patyşanyň uly gyzy derrew alma bilen telpegine ýelmedi. Patyşanyň uly gyzyny weziriň ogluna bermeli etdiler. Ýene bir salymdan wekiliň ogly bir gyldan bezenip, bezelen atyň üstünde köşgüň düýbünden geçiberende, patyşanyň ortanjy gyzy wekiliň ogluny alma bilen urdy. Ortanjy gyzy hem wekiliň ogluna bermeli etdiler. «Indi patyşanyň iň gowy gyzy galdy, hany, göreliň, ol kimi halar, kimi urarka?» diýşip, weziri-wekili, begi-hany bezenişip geçdiler weli, bu gyz hiç kimi urmady.

Patyşa:

— Hany, bir barlap görüň, şäherde gelmän galan bar bolmasyn – diýdi.

Ýasawullar:

— Bir adam hem galanok, diňe şol bagbanyň ýanyndaky kel galdy – diýdiler. Birnäçeleri: «Aý, ol hem kel, kelliginiň üstesine-de bir mejnun-la, bikär gezip ýören» diýişdiler.

Patyşa:

— Her näme-de bolsa, getirip geçiriň – diýip buýruk berdi.

Ýasawullar bagbanyň ýanyna baryp, gelmejek bolýan keli tutup, urup, südürläp, köşgüň düýbüne getirdiler. Kiçi gyz keli alma bilen urdy. Patyşadyr wezir-wekiller: «Gyz ýalňyşan bolsa gerek» diýşip maslahat bilen ýene adamlary ýygnap, köşgüň aşagyndan geçirdiler weli, gyz öňküsi ýaly otyr. Ýene ýaňky

keli getirip geçirdiler. Gyz ýene-de keli alma bilen urup goýberdi. Patyşanyň gahary gelip:

— Baryň, berip goýberiň – diýdi. Emma patyşa gyzynyň bu bolşundan köp närazy boldy. Gyzynyň kele barmagyny özüne biabraýçylyk bildi. Wezir-wekiller hem «Patyşanyň kiçi gyzy akmak eken, gül ýaly ýaş ýigitlerimiziň ýüzüne-de seretmän, gel-gel, ahyr bir kele baryp, patyşany biabraý etdi» diýişdiler.

Patyşanyň buýrugy bilen derrew ýaňky iki uly gyza ak öý tutulyp, pylança gün toý-tomaşa boldy. Patyşa kiçi gyzyna lagnat aýdyp, bir gatyrhana saldyrdy. Itde san bar, bularda san bolmady. Emma şazada bilen gyz gatyrhananyň içini gündizlik ýaly ýagtyldyp, günlerini hoş geçirýärler. Gyz kime baranlygyny bilýärdi.

Günlerde bir gün patyşa syrkawlady. Bir gün patyşanyň göwni keýik etini küýsedi. Giýewleri: «Aý, ynha, biz derrew alyp geleris» diýşip, azyklaryny alyp, her haýsy bir gowy ata münüp, awa ugradylar. Kel hem bir agsak baýtalyny leňkilledip: «Hany biz näme iş bitirýäs?» diýip, bu-da ugrady. Kel derrew baryp, hälki patyşanyň ýeriň aşagyndaky jaýynyň agzyny açyp, leň[1] baýtaly şonda goýup, öz atyny münüp, gylyjyny biline dakyp, tüpeňini boýnundan asyp, patyşalyk lybaslaryny geýip, ýene jaýyň agzyny ýapdy-da, daglara baka gidiberdi. Bir deräniň içine baryp, ýaňky Symrugyň ýelegi bilen ýolbarsyň tüýüni tütetdi. Şol sagatda töweregi ýolbarslar bilen Symruglardan dolup galdy. Oglan ortada aý ýaly bolup oturdy. Ýaňky ýolbarslaryň patyşasy bilen symruglaryň patyşa aýaly: «Näme hyzmat, şazada?» diýşip, başlaryny egşip durdular.

Şazada:

— Aý, bir ullakan habar-a ýok weli – diýip, başyndan geçenini aýdyp berdi.

[1] Leň – agsak.

Symruglar bilen ýolbarslar bir sagatda dagyň-düzüň keýiklerini ýygnap getirdiler. Keýikler hem şazada baş egip durdular. Weziriň ogly bilen wekiliň ogly birnäçe günläp, çölleri gezip, aw tapman, daga baka ýüzlenip barýarkalar, birden bularyň üýşmeginiň üstünden geldiler. Garap görseler, ynha, şirler, symruglar, keýikler baş egşip durlar, arasynda bir ýagşyzada aý ýaly bolup otyr. Bular ilki bada gorkdular. Soňra: «Gel, indi şuňa göni baraly, ýogsam biz gaçsak hem bular gutarmaz, ondan ýöne baryp, bir dileg edeli, belki, biziň dilegimizi bitiräýedi» diýşip, maslahat etdiler. Gelip iki bükülip salam berdiler.

Ýigit salama jogap berip:

— Geliberiň, ýigitler, näme habaryňyz bar? – diýdi.

Onda bular:

— Barmaga ýolbarslardan gorkýarys – diýdiler.

Şazada:

— Ýolbarslar meniň buýrugymdan çykýan bolsalar, beýle baş egşip durmazdylar, gorkmaň-da geçiberiň – diýýär.

Ýigiter:

— Biziň bir patyşamyz bar, gaty syrkawlapdyr, oňa keýigiň eti gerek. Biz çölleri gezip, keýik tapmadyk. Aýlanyp ýörkäk, siziň üstüňizden geldik. Maslahatlaşyp, sizden şu işi bitirmegiňizi soramaga geldik – diýdiler.

Oglan:

— Siz bilýärmisiňiz, bir adam ölende, siz oňa aglaşyp, ýas tutup, gaty gynanýarsyňyz! Edil şonuň ýaly biz hem her bir janaweriň ýok bolmagyna gynanýarys. Ýöne bolsa-da, garaz ýörite gelen bolsaňyz, siziň dilegiňizi bitireýin weli, meniň hem şertim bar – diýýär.

Wezirzada:

— Näme şertiňiz bolsa, aýdyberiň, garaz bitirjek bolarys – diýýär.

Şazada:

— Ynha, men iki sany keýigi özüm öldürip, kellebaşaýagyny alyp galyp, läşini size bererin. Emma siziň buduňyza şu möhrümi basaryn – diýip, möhrüni çykaryp görkezýär.

Weziriň we wekiliň ogly her näçe kyn görseler hem çäre ýok, maslahat bilen: «Aý, kim görüp dur, bular bolsa bir ýolagçy» diýşip, razy boldular. Oglan möhüri gyzdyryp, bularyň buduna basdy weli, tagma ýaly hatyny okap oturmaly boldy. Şazada keýigi öldürip, kellebaşaýagyny alyp galyp, bulara görkezmän, läşine-de ajy burç sepip berdi. Bularyň ikisi-de ýüzlerini çytyşyp, atyň üstünde kä ýokaryk galyp, kä oturyp, keýigi alyp, şähere ugradylar. Oglan derrew ýolbarsyň, Symrugyň ýeleginden ýene alyp, hoşlaşyp, olara rugsat berdi. Özi-de ýaňky patyşanyň ýeriň aşagyndaky jaýyny açyp, at-ýaragyny goýup, agsak baýtalyny münüp, kellebaşaýagy hem alyp, leňkildäp öýe geldi.

Gelip şa gyzyna:

— Hany, derrew keýigiň etini ýarma salyp, kakaňa eltip ber –diýdi.

Gelin derrew nahar taýýarlamaga durdy. Weziriň ogly bilen wekiliň ogly patyşanyň ýanyna gelip, iş bitiren adamlardan bolşup: «Aw edip geldik» diýşip magtandylar.

Uly gyz bilen ortanjy gyz ärleriniň getiren keýigini palawa salyp, getirip, patyşa berdiler. Patyşa höwes bilen alyp, iýip görüp, tüýkürdi-de:

— Bu näme ajy? – diýdi.

Uly gyzy dadyp gördi weli, edil kekre ýaly eken. Utanjyndan alyp çete çykdy. Ortanjy gyzy getirdi. Patyşa:

— Hany, bu nähilikä? – diýip, dadyp gördi.

Bu ondanam ajy çykdy. Patyşa tüýkürip, ýüzüni öwrüp ýatdy. Gyzlar utanyp, zordan gapydan çykyp gitdiler. Baryp ärlerine: «Ýagşam bir aw getiripsiňiz», dadyp görüň, edil zakgun

ýaly diýip hüňürdediler. Bir salymdan kiçi gyz hem bir okara kellebaşaýakly ýarmany göterip gelip:

— Hany, kaka, şundanam bir dadyp gör – diýdi.

Patyşa:

— Seniň özüňem, ýarmaňam maňa gerek däl – diýip, ýüzüni beýläk öwürdi.

Gyzyň enesi:

— Beýtme, her zat bolsa, maşgalaňdyr, gadyr edip getirenine görä, tagamyň haky üçin, bir dadyp göräý – diýdi.

Patyşa ýüz-gözüni kürşerdip, tagamyň haky üçin, bir azajyk dadyp gördi weli, nahar agzyna ýarady. Bir salymdan hemmesini iýip:

— Ýene bir azajyk ýokmy? – diýdi.

Gyz:

— Hany, men bir gidip göreýin, bir azajyk keliň agzyndan galan bolaýmasa – diýip, baryp baryny şazada bolşy-bolşy ýaly edip aýtdy.

Ýigit gülüp:

— Dur entek – diýip, okaranyň içine bir azajyk gatyryň tezeginden salyp, üstüni ýarma bilen ýapdy. Daşdan görseň, gabaryp, et ýaly bolup dur.

Gyz:

— Muny näme beýle edýärsiň? – diýdi.

Şazada:

— Sesiňi çykarma-da, eltip, öňünde goý, iýip barýaka birden içinden tezek çykar. «Bu näme?» diýip sorasa: «Aý, biz-ä bilmedik, bolýan ýerimiz bir gatyrhana bolansoň düşäýendir» diýip aýt – diýdi.

Gyz alyp gitdi, baryp kakasynyň öňünde goýdy. Kakasy işdäli iýip barýarka, birden et diýip agzyna salany tezek boldy.

Tüýkürip:

— Bu näme? – diýdi.

Gyz:

— Biz-ä bilemzok, kaka, bolýan jaýymyz bir gatyrhana bolansoň, her neneň tämiz boljak bolsaň-da, başardanok – diýdi.

Patyşa şol günüň ertesi kiçi gyzyna: «Derrew bir jaýjagaz tutup bermeli» diýip buýruk berdi.

Patyşanyň uly gyzlary jigisine her wagt: «Waý, waý, binamys, bir kele bardyň» diýşip igenip, onuň maňlaýyna goýýardylar. Ahyry bir gün ol çydaman, aglap gelip:

— Aý, oglan, bir ýerde keramatyň bar bolsa, şolaryň gözlerine görkezsene, men-ä halys bizar boldum – diýdi.

Şazada:

— Bolýar, sen şu gün git-de, doganlaryň ýanyna baryp otur. Men ilerden atymy münüp, şa eşiklerimi geýip bezenip çykaryn weli, sen maňa seredip: «Hal-ha ärim gelýär, gaýdaýyn» – diýip aýdarsyň, onda olar saňa: «Aý, ýit-ä, olar ýaly äri göwnüň isleýän bolsa, näme diýip kele bardyň» diýerler weli, şonda sen «Eger şol meniň ärim bolsa, siz maňa hyzmatkär bolmagy şert ediň, eger bolmasa, men size hyzmatkär bolaryn» diýgin diýdi-de, baýtalyny münüp gidiberdi. Baryp derwezäni açyp, esbaplaryny geýip, tüpeňini dakynyp, atyna münüp, yzyna ugrady. Ol asyl ilerden ýalpyldap gelýär. Ýaňky kiçi gyz birden ilerik seredip:

— Hal-ha, meniň ärim – kelimem gelýär, gaýdaýyn — diýip, uýalaryna görkezdi.

Gyzlar:

— Aý, ýit, owarra bol-a, saňa şeýle är gerek bolsa, bir haram kele baryp, ataň abraýyny dökermidiň? – diýişdiler.

Onda kiçi gyz:

— Eger şol gelýän meniň kelim bolsa, siz meniň hyzmatkärim bolmaga şert ediň, ýogsam hem men size hyzmatkär bolaýyn – diýdi.

Gyzlar:

— Bolýa-da, bolýa — boluşdylar. Birden ýaňky aý ýaly bolup gelýän atly, köşgüň düýbüne geldi-de, atdan düşdi, atyny daňyp, garaja öýe girip gitdi.

Gyzlar:

— Waý, munuň keliniň bir hikmeti bar eken – diýişdiler. Şazada ýene-de nahar-şam edinip, obanyň ilersine çykyp, ýolbarsyň, Symrugyň tüýüni tütetmäge durdy, dünýä ýolbars bilen Symrugdan dolup galdy. Ýigit bularyň ortasynda aý ýaly bolup oturdy. Bular «näme habar?» diýip, baş egip durdular. Şol wagt patyşa: «Obanyň ileri başynda giden bir ýolbarsly, symrugly biri gelip düşdi» diýip habar berdiler. Patyşa gorkup: «Aýal-erkek, uly-kiçi öňünden çyksyn» diýip, buýruk berdi-de, özi öňüni başlap ugrady. Baryp tagzym edip, şazada bilen gelip görüşdiler.

Patyşa gol gowşuryp:

— Nireden gelip, nirä barýarsyňyz, şazada? – diýip sorady.

Ýigit:

— Meniň özüm günbatardan bolaryn, gündogarlygyna baka gidip barýan. Ýöne biziň bir-iki sany gulumyz bardy, gaçyp siziň şäheriňize gaýdypdyr, biz şonuň yzyndan geldik. Eger şony tapyp berseňiz, geçip gitjekdiris – diýdi.

Patyşa:

— Biziň ýurdumyzda beýle zat ýokdur. Ynha, ýurtda bir erkek göbekli galman geldi, serediň, eger arasynda guluňyz bolsa, tutup alyň – diýdi.

Ýigit:

— Eý, patyşa, men gullarymyň siziň şäheriňizdedigini açyk bilýän. Siz tapyp bermeseňiz, özüm taparyn weli, siz utanarsyňyz. Ýöne weli, ýagşy derňäp, aňyrsyna ýetip, onsoň aýdyň – diýdi.

Patyşa:

— Şu ýere gelmän, şäherde kim galdy? – diýip sorady.

Wezirler:

— Weziriň ogly bilen, wekiliň ogly galdy – diýip jogap berdiler.

Patyşa:

— Derrew alyp geliň — diýdi-de, özi baryp:

— Eý, şazada, şäherde meniň öz giýewlerim, weziriň ogly bilen wekiliň oglundan başga adam galmandyr, olaram, ynha, geljek – diýdi.

Şazada:

— Bolýar, gelsinler, göreli – diýdi.

Ýaňky weziriň ogly bilen wekiliň ogly bolsa munuň geleni-ni eşidip, derrew gizlendiler. Baryp ýasawullar olary gözläp-gözläp tapdylar, alyp geldiler weli, şazada olary gören dessine:

— Hä, ynha, meniň gullarym – diýdi.

Patyşa:

— Şazada, munuň biri meniň wezirimiň ogly, ýene biri we-kiliň ogly, ikisi-de meniň giýewim – diýdi.

Her niçik ynandyrjak boldy weli, bolmady.

Şazada;

— Eý, patyşa, «Hemedan daş bolsa, kädibaş ýakyn», ynha, şolaryň balagyny çykaryp göreliň, eger-de budunda, ynha, şu möhürli tagmam bolsa, meniň sözümiň çyn boldugy, ýogsam-da siziň sözüňiziň çyn boldugy – diýdi.

Patyşa ylalaşdy. Giýewler hernäçe etmejek bolsalar-da, zor edip getirip, balaklaryny çykaryp görseler, ynha, hatlaryny okap oturmaly, şol möhür bilen ikisi bir hat eken.

Patyşa:

— Sözümiz ýok, dogry eken – diýip oturdy.

Şazada:

— Men bu wagt bulary ýene sizde goýup gitjek, gaýdyşda alyp giderin – diýip, bulara rugsat berdi:

Patyşa şükür edip, hoşlaşyp, ýene şol durşuna şähere girip, öz öýüne geldi. Patyşanyň gyzy dessine çykyp, ýigidiň atyny daňyp, ikisi gol tutuşyp, içerik girdiler. Adamlar muny görüp, ylgap gelip, patyşa habar berdiler.

— Eý, hormatly patyşamyz, ýaňky şazada siziň kiçi gyzyňyzyň ýanyna bardy. Onuň bilen gol tutuşyp, içerik girdiler. Ol siziň «kel» diýýän giýewiňiz eken. Özem kel-ä däl eken, şazada eken, misli nurdan ýasalan ýaly, ýüzi-gözi gülüp dur.

Patyşa anyklasa, şol şazada onuň giýewisi eken. Patyşa gyzynyň arkasyna kakyp:

— Akylly gyzym, biz tanamandyrys, sen barjak adamyňy tanapsyň. Men indi garradym, tagty ahyrda körpe giýewime bererin – diýdi.

Onda şazada:

— Ýok, maňa tagt gerek däl, tagt gerek bolsa, meniň öz ýurdumda-da bardy, maňa jahankeşdelik gerek – diýdi.

Günlerde bir gün şazada bir ýerde uklap ýatyrka, birden bir düýş gördi. Düýşünde şäheriň kybla tarapynda bir derwezeden çykyp gidiberdi. Ýat şähere baryp, bir pälwan bilen göreşdi, muny başyndan aşyryp aýlap durka, onuň ýüzünden perdesi aýryldy. Görse, ol gyz eken, özi-de gaty owadan eken, şu ýerde-de tisginip oýandy. Ertesi irden şazada ýagşy şaýyny tutup: «Men awa gitjek» diýdi-de, çykyp gidiberdi. Munuň näme işe gidenliginden hiç kimiň habary bolmady. Şazada galanyň kybla tarapyna ýetse, ynha, şol düýşünde gören derwezesi bar. Ondan çykyp, atyny sürüp gidiberdi. Az ýöräp, köp ýöräp, perileriň şäherine baryp ýetdi. Perileriň şäheriniň patyşasy hem bir pälwan gyz eken. Munuň äre barmak şerti: «Kim meni göreşip ýykyp, ýeňsämi ýere degirse, şoňa bararyn» diýýär eken. Ýykmasa-da, onuň elini-aýagyny tilsim bilen baglap, tilsim guýusyna taşlar eken. Şunluk bilen köp ýerlerden şazadalar gelip ýykylyp, guýynyň düýbünde horlanyp, ölüp galar ekenler.

Şazada şähere girdi.

Peri öňünden çykyp:

— Atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

Ýigit:

— Tutuş gerek – diýip jogap berdi.

Peri ýigidi synlasa, ol durky bilen nurdan ýasalan ýaly. Gyz ýigit bilen göreşmäge durdy. Şazada perini aýlap-aýlap, ýere urjak bolanda, peri ýüzüniň perdesini aýyrdy. Şazadanyň onuň akylyňy haýran edýän gyz gözelligine gözi düşüp süňňi gowşady. Gyz bu pursatdan peýdalanyp, şazadany göterip, ýere urup, elini, aýagyny baglap, guýynyň düýbüne oklady. Agzynda bir garawul goýup: «Şuňa günde bir damja ölmez-ödi ber» diýip tabşyrdy. Şazadanyň aýaly bolsa yzynda garaşyp-garaşyp, hiç habar bolmandan soň, aglap-aglap, saralyp galdy.

Indi sözi şazadanyň uzakda galan doganyndan eşidiň. Onuň dogany her günde şol derwüşiň beren almasyna seredip: «Doganymyň keýpi kök» diýip, begenip ýördi. Bir gün bakyp görse, alma saralyp myssarypdyr. Ol: «Wah, meniň doganymyň başyna bir iş düşüpdir» diýip, şaýyny tutup, ýaňky derwüşiň giden ýandaklygy bilen atlanyp ugrady. Ol az ýöräp, köp ýöräp, ýaňky galanyň agzyndan baryp, beýle ýanynda buşukmaga oturýar. Totular muny görüp gülüşýärler.

Şazada:

— Ýeri, totular, näme üçin gülýärsiňiz? – diýip soraýar.

Totular:

— Eý, şazada, biz näme üçin gülüşmäli, sen bir adamhoruň goluna düşdüň, biziň saňa haýpymyz gelip, saňa birnäçe zat öwretdik, sen hem jadygöýi öldürip, ondan gutulyp, ynha, sag-aman gezip ýörsüň – diýdiler. Şazada bildi: «Totular meni doganym hasap edýärler. Ol derwüş däl eken, jadygöý döw eken. Meniň doganym ony öldüren bolara çemeli» diýip düşündi. Ol galanyň agzyna gelip, doganynyň hälki ýazyp giden hatyny

okady, açarlary tapyp, galalary, tamlary açdy, ýaraglary alyp, bir gulpagyny altyna, bir gulpagyny kümüşe batyryp, beýleki aty münüp, doganynyň yzyndan sürüberdi. Az ýöräp, köp ýöräp, Symrugyň ýaşaýan çynaryna ýetdi. Symrug tagzym bilen gelip:

— Ýeri, şazada, sag-aman geldiňmi? – diýdi.

Şazada: «Bu guş meni doganymdyr güman edýär, doganym bu ýerlere gelipdir» diýip, Symruga bildirmän gidiberdi. Barýarka, bir tokaýlygyň üstünden düşdi. Ol mundan geçip barýarka, birden bir ýolbarsa duçar boldy. Ol bu ýolbarsy görüp, gaçjak boldy. Onda ýolbars:

— Eý, şazada, näme diýip menden gaçýaň? Heý, men saňa zat diýerinmi? Sen maňa nähili ýagşylyk etdiň! – diýdi.

Şazada: «Be, meniň doganym bu ýerlerden hem geçipdir» diýip, ýolbarsa bildirmän, ýene gidiberdi. Baryp ýaňky şähere ýetdi. Her kim muny görüp, görşüp başlady. Oňa deňiç doganynyň aýaly patyşanyň kiçi gyzy gelip:

— Aýtman, diýmän, haýsy jelegaýlarda gezip ýörsüň. Ýör öýe — diýdi.

«Bu meniň doganymyň aýaly bolara çemeli» diýip, içini gepledip, munuň bilen doganynyň öýüne bardy.

Patyşanyň gyzy öňküsi ýaly, onuň atyny daňyşjak boldy weli, şazada:

— Ýok, özüm daňaryn – diýdi.

Patyşanyň gyzy çaý gaýnadyp, öňküsi ýaly agzyna tutup berjek boldy weli, bu ýene:

— Ýok, özüm içerin – diýdi.

Patyşanyň gyzy düşek ýazyp:

— Ýat-da, dynjyňy al – diýdi.

Şazada düşege geçip ýatdy. Bir salymdan soň, gyz hem ýorgana girdi. Şazada derrew gylyjyny sogrup, iki ara dikip:

— Şundan bärik geçseň, aýtmadyň diýme, şu gylyç içiňden geçer – diýdi.

Şazada gelniň tanamaýandygyny duýup: «Meniň inim bir ýere gidipdir, nirä gitdikä?» diýip pikir etdi.

Gelin:

— Aý, oglan, saňa nä döw çaldy? Ozal-a «Awa gitjek» diýip gidip, geler ýerde gelmediň, ahyrym geleňde-de, bolşuň bir tüýsli – diýip, öýkeli gepledi:

Şazada jogap bermän uklady, gyz uzyn gije aglap, dik oturyp çykdy. Şazada uklap ýatyrka, düýş gördi, düýşünde dogany şäheriň kybla tarapyndan derwezeden çykyp, periler şäherine baryp, peri bilen göreş tutup, basaýmakçy bolanda, aldawa düşüp, zyndana düşýär, ýöne heniz jany bar, entek ölmändir.

Şazada bu düýşi görenden soň, tisginip oýanyp, atyny, ýaragyny alyp, ileri tarapdaky derwezeden çykdy-da sürüberdi. Baryp perileriň şäherine ýetdi. Ýaňky peri muny görüp:

— Sen näme tussag eden adamymy goýberdiň? – diýip, garawula gygyrdy.

Garawul:

— Ýok, ol adam ýatandyr, bu ondan başgadyr – diýdi.

Perileriň şasy munuň hem öňünden çykyp:

— Atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

Şazada:

— Tutuş! – diýip jogap berdi. Ikisi göreşmäge durdy.

Şazada perini aýlap-aýlap ýere urup, almaz gylyjy bogazyna goýup:

— Hany, meniň doganym? – diýdi.

Peri:

— Waý, öldürme! Doganyň bardyr, häzir çykaraýyn – diýdi-de buýruk berdi. Ony çykardylar weli, çala jany bar eken. Şazada ýanyndakylara:

— Derrew derman edip, özüne getiriň – diýdi.

Şazadany özüne getirip, dört-bäş gün bakyp-bejerdiler weli, ol öňküsi ýaly boldy. Uly şazada totulary görenini, onuň ýazyp goýan hatyny okap, açary tapyp, at ýarag alyp, Symruga duşanyny, ýolbarsyň tanamanlygyny hem-de doganynyň aýalynyň ýanyna gelenligini, onuň hem tanamandygyny birin-birin gürrüň edip berdi. Bularyň keýpleri kök bolup, üç sany Aý ýaly bolşup ugradylar. Az ýöräp, köp ýöräp, şazadanyň öýüne geldiler. Bu şäheriň ilaty şazadalary bir-birinden aýryp bilmediler. Patyşanyň gyzy bolsa haýsynyň atyny tutjagyny bilenok. Ahyrda kiçi şazada gelip, gyz aty daňandan, gyzyň boýnuna gol salyp, içerik girdi. Patyşanyň gyzy şu ýerde öňki gelen şazadanyň gaýynagasydygyny bilip galdy we ondan biýedeplik edeni üçin günäsini geçmegini towakga etdi.

Halk şazadalaryň daşyna üýşüp, olardan habar sorady. Ýigitler hem başyndan geçirenlerini gürrüň edip berdiler. Şunluk bilen, pälwan perini uly şazada nikalap berip, birnäçe gije-gündiz toý tutuldy. Mal bary öldürlip, dürli-dümen nahar bişirildi. Men hem toý palawyndan bir okara, üstünde-de ullakan omaça alyp gelýärdim weli, ýolda büdüräp ýykyldym, palaw ýere döküldi, omaçany bolsa Akbilek alyp gaçdy. Meniň garnym aç galdy, size-de zat galmady.

## AKYLLY GYZ[1]

Gadym eýýamda bir patyşanyň ýekeje gyzy bar eken. Ol on bäş hem ýaşamadyk gyzyny weziriniň ogluna bermekçi bolupdyr. Gyzy oňa razy bolmandyr. Şa ýekeje perzendi bolansoň, oňa ýalbaryp görüpdir, käýýäp görüpdir, hiç bolmandyr. Olam gaharyna ýarygije gyzynyň elinden tutup, idirdikledip köşgünden alyp çykypdyr-da: «Kesir gyz, ýagşylyk bilmez akmak diýerler saňa. Meniňem edişime bir seret. Öňümden, kim çyksa, tüýkesme ogry çyksa-da, seni şoňa berjek» diýipdir. Bularyň öňünden çem geleniň gapysynda diňe öz garnyna gezip ýören bir talaban çykypdyr.

Şa talabany saklap:

— Me, al, men şu gyzy saňa bagyşlaýaryn – diýip, gyzyny talabanyň ýanynda goýupdyr-da gaýdyberipdir.

Ýaş gyz gijäniň içinde nirä gidip, näme etjegini bilmändir. Ol talabana:

— Sen, maňa öýlen – diýipdir.

Bu ýigit:

— Dat-bidat, öňem özüme çörek tapman, horlanyp ýören halyma saňa öýlenip, maşgalany nädip eklärin? – diýip bagyryberipdir.

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 586[f]-nji bukja.

— Çöregiň bir zady bolar – diýip, gyz ýigidi goýbermändir. Ýigit başga çykalga tapman, ahyr razylaşypdyr. Olar bu şäherden çykyp gidip, başga bir şäheriň gyrasyna baryp çatma tutunyp, şol çatmada ýaşamaga başlapdyrlar. Bu gyz ýüň egrip, jorap örüp ýigidiň eline berip:

— Bar-da şuny şäheriň bazarynda dilenen ýerine ber-de, azyk alyp gaýt – diýip iberipdir.

Ýigit joraby göterip bazarda aýlanyp ýörkä oňa bir adam sataşyp:

— Jorabyň näden? — diýip sorapdyr. Ýigit:

— Dilenen ýeri – diýip aýdan.

Onda ol adam:

— Sen muny akyla satarmyň? – diýen.

Oglan:

— Akyla bererin – diýen.

Onda ol adam:

— Men saňa bir akyl bereýin, senem bu joraby maňa ber – diýip, soňam şeýle maslahat beripdir:

— Her kes birini öwer. Hijisine pikir berme, dünýäde öz ýüregiň söýeninden gowusy ýokdur. Şuny unutmagyn!

Ýigit hem joraby ýaňky akyla berip gaýdan. Çatmalaryna gelende, gelni:

— Joraby näçä berdiň? – diýip soranda, oglan:

— Akyla berdim – diýip, bazarda bir garry adama duşup, joraby onuň beren akylyna satandygyny gürrüň beren. Gelin «oňarypsyň» diýip, soň dokan ýaglygyny berip:

— Bar, munam satyp gel – diýip iberen. Ýigit bazara baryp aýlanyp ýörkä, şol garry goja oňa ýene:

— Bu ýaglygyň gaty owadan eken, akyla berermiň? – diýip sorapdyr. Ýigit ylalaşypdyr. Onda goja ýene-de:

— Uzak ýere ugrasaň, ýolda ýük ýazdyrsaň, gözlegiň, beýik ýer bolsun, hergiz pes ýerde ýatmagyn – diýipdir we ýagly-

gyny alyp gidipdir. Ýigit çatmalaryna dolanyp gelip, bolan söwdany gelnine birin-birin gürrüň beripdir. Gelin:

— Oňarypsyň, bar munam satyp gel – diýip, ikinji ýaglygyny hem berip goýberipdir. Ýigit bazara barsa, ýene şol garry pete-pet gelip:

— Munyňam akyla bermekçimiň? – diýip sorapdyr.

Oglan:

— Akyla bererin – diýip aýdypdyr. Onda goja:

— Her kim näme diýse, diýsin, emma sen öz gözüň bilen görmedik zadyňa hergiz ynanmagyn – diýip, bu ýaglygy hem alyp gidipdir. Ýigit ýene çatmalaryna gelip, bolan söwdany gelnine gürrüň beripdir, gojanyň beren akylyny hem aýdypdyr. Onda gelni:

— Bu söwdaňam oňarypsyň welin, indi senem öz başyňy çararça bolduň, gel, indi her haýsymyz öz başymyza talap edeli, bazara git-de, senem bir iş gözle – diýen.

Ýigit bazarda aýlanyp ýörkä, bir uzak ýurda ugrajak bolup duran bir täjiriň kerwenine gabat gelýär. Täjir:

— Senem biziň bilen düýekeş bolup gitseň, hakyňy bererdim – diýýär. Ýigit düýekeş durup, pulunyň ujundan azajyk diläp alyp, gelnine goýup, özi kerwenler bilen ýola düşýär. Birnäçe täjiriň kerweni uzyn tirkeşik bolup, az ýöräp, köp ýöräp, bir guýynyň başynda düşleýärler. Bu guýudan suw almakçy bolup görseler, ondan hiç suw çykaryp bolanok diýýär. Ahyr guýynyň içine adam sallamakçy bolýarlar, birini sallaýarlar, ýarty ýoluna baranda:

— Çekiň, öldüm – diýip gygyrýar. Ýene birini sallaýarlar, olam soňuna çenli gidip bilenok. Köp adamy sallaýarlar, bolmaýar, ahyry hälki ýigit:

— Hany, şu guýa menem bir sallap görüň – diýip, biline ýüp daňdyryp, özüni guýa sallaýar. Bu oglan guýynyň düýbüne düşüp görse, ynha, gök selleli bir adam otyr. Onuň her dyzynyň

üstünde-de bir peri, onuň edil maňlaýynda bolsa bir daş ýatyr. Daşyň üstünde-de bir gurbaga gözüni aýyrman, selleli adama dogry seredip otyr: Oglan guýyň düýbüne düşen badyna, bu gök selleli adam:

— Gel, ýigit, näme habaryň bar, habaryňy ber – diýýär. Onda ýigit:

— Ýokarda kerwen suwsuzlygyndan gyryljak bolýar, bize suw gerek – diýýär. Onda ol adam:

— Şularyň haýsy biri owadan, sen maňa şony aýt-da, ondan soň suw näçe gerek bolsa, göteriber – diýýär. Onda ýigit

— Öz ýüregiňe diň salyp gör, ol haýsysyny islese, şol gowudyr – diýýär. Onda ol adam:

— Ýüregimi bildiň, näçe suw geregiň bolsa göter, emma meni göreniňi hiç wagt, hiç ýerde aýtma, aýtsaň, ýa ölersiň, ýa-da ölmez-gülmez bolup ýatarsyň – diýip, eline-de bir ullakan nar beripdir. Oglan kerweniň suw şaýyny tutup, guýudan çykyp, kerwenler bilen ýene ýola düşüpdir. Ýigit ýolda öňlerinden çykan bir şäheriň bazaryndan ýaglyk satyn alyp, ýaňky nary oňa dolap, obalaryna gaýdyp barýan kerwenleriň birinden aýalyna sowgat iberipdir.

Şeýlelik bilen, bularyň kerweni ahyrky barjak şäherlerine baryp, bazarlap, aljak zatlaryny alyp, ýene yzlaryna baka ýola düşüpdir. Az ýöräp, köp ýöräp, bir ýerde ýük ýazdyryp düşläpdirler. Agşam ýatmakçy bolanlarynda, bu ýigit öz goşlaryny bir belende çekip başlapdyr, kerwenbaşy täjir muny görüp:

— Gel, onda bizem öz kerwenlerimiziň ähli ýüküni ýokaryk daşaly – diýipdir. Soňra bular hem öz kerwenleriniň ýüküni belentlige çekipdirler. Emma beýleki täjirleriň kerwenleri şol düşen ýerlerinde galypdyr. Ol agşam şeýle bir güýçli hem üznüksiz jala ýagypdyr. Ähli suw aşakda ýatan täjirleriň üstüne gaýdypdyr we bar zatlary ýuwup-ýylmap gidipdir, emma belentligiň üstündäki kerwen aman galypdyr.

Kerwen ýolda öz obalaryndan gelýän başga bir kerwene duşýar. Ýigit olardan öz maşgalasynyň ýagdaýyny soraýar. Onda olaryň arasyndan biri:

— Dünýäde seniň aýalyňdan mes ýaşaýan adam ýok, ol zyna etmekden hem gaýdanok – diýip aýdýar. Ýigit: «Meniň aýalym çem gelen bilen bolup, ýoldan çykandyr, ýogsam, onda pul näme işlesin» diýip, betgüman bolýar.

Kerwen argyşlap gaýdyşyna, olaryň ýoly ýene şol öňki guýularynyň üstünden düşüp, ýene şol guýynyň başynda düşüpdirler. Suw çykarmak üçin, ýene şol ýigit guýa giripdir. Guýynyň düýbüne ýetende, ýene şol başy gök selleli adam ýigitden:

— Bu perileriň haýsy biri gowy – diýip sorapdyr. Ýene-de oglan:

— Haýsysyny öz ýüregiň söýse, şol gowy – diýip jogap beripdir. Bu adam ýigide ýene bir nar berip, öňki eden tabşyraklaryny ýene-de gaýtalan.

Ýigit kerweniň suw ýüküni tutup, ýola düşüp ugrapdyrlar. Ýigit ýol boýy içini gepledip, gelnine betgüman bolup, obalaryna ýakynlaşdygyça, ýüregindäki betgümanlyk has güýjäpdir we ony gahar atyna atarypdyr. Kerwen obalaryna ýetip, täjiriň howlusyna düşüpdir. Täjir bu ýigidiň ýolda bitiren işleri üçin, ony sylaglapdyr. Hakyny-da doly beripdir. Ýigit bilen çaý-nahary bile edinmekçi bolupdyr. Emma ýigit öýlerine howlugypdyr. Baryp gelnini öldürmegi ýüregine düwüp, gyssanmaç çykyp gidipdir. Ýigit gelip görse, gelni köne çatmalarynyň ýerinde örän owadan hem haýbatly jaý saldyrypdyr. Içinde işlär ýaly hyzmatçy kenizler, gapysyna hyzmatkärler tutunypdyr.

Gelin adamsynyň betgüman boljagyny öňünden aňlap: «Ýigit gelen wagtynda, gapydan içerik goýbermän, ýanynda ýarag goýman alyň we ondan soň içerik goýberiň» diýip, hyzmatkär garawullaryna öňünden berk tabşyryp goýupdyr.

Gahar-gazaby iň soňky derejä ýeten ýigit gapynyň agzyna gelen badyna garawullar: «Hany, dur entek» diýip, onuň ýanynda ýarag goýman alyp: «Bar, indi giriber» diýip goýberipdirler. Oglan gelniniň gaşyna baryp, gahary içine sygman sojapdyr. Onda gelni:

— Bu nä ahwalat, gazaba münüpsiň-le? – diýip, arkaýynlyk bilen sorapdyr. Ilki ýigit gaharyna gepläp hem bilmändir. Soň gygyrypdyr:

— Bu jaý, bu derejeler näme? Sen munça baýlygy nireden tapdyň? Ýa haramlyk edip gazandyňmy?

Onda gelin:

— Gojanyň beren pendini eýýäm unudypsyň? Ol saňa gözüň gören zadyna ynangyn – diýipdi. Sen aňyrdan niýetiňi ýamana tutup geldiň. Men ony duýan ýaly öňüňden çykdym. Ýöne beýdip göwnüme degeniňden, öldüren bolsaň, gowy bolardy. Bu jaýa edilen çykdajyny seniň özüň iberdiň. Bu zatlar seniň iberen şol naryňdan bitdi. Ol nar däl-de, içi gymmatbaha daşlardan doly üýtgeşik bir zat eken – diýipdir.

Ýigit:

— Aý, beýle bolsa, ony barlap göräýeris – diýip, ýanynda göterip gelen ikinji naryny goltugyndan çykaryp, ýaryp gören, görse, edil aýdyşy ýaly, bu nar bolman lagly-merjen eken.

Ýigit müýnürgäp, utanyp hem diýen sözüne puşman edip, başyny ýerden galdyryp bilmändir. Şundan soň ýigit gözi bilen görmedik zadyna ynanmandyr. Ol özüni şu derejä ýetiren akylly gyz bilen gaty bagtly ýaşapdyr. Olaryň ekiz çagalary bolupdyr. Çagajyklar ese-boýa galypdyr.

Günlerde bir gün bir ýurduň patyşasy şikara çykyp, bularyň jaýlarynyň golaýynda çadyr gurýarlar. Olaryň meýlis gurşup, çalýan sazlary, depdir surnaýlarynyň sesleri şähere ýaň salýarmyş.

Sazyň sesine beýleki höwesek çagajyklar bilen bileje ekizjeler hem towsaklaşyp gidipdirler.

Bir almany iki bölen ýaly meňzeşje, biri-birinden owadanja hem arassaja çagalarda uzakdan gelen patyşanyň gözi äginipdir. Ol çagalaryň ikisini hem ýanyna çagyryp, esli wagt ýüzlerine seredipdir. Soň ol ekizjeleriň hersine bir ullakan armyt uzadypdyr. Olaryň ikijigem başjagazlaryny ýaýkap:

— Özümizde-de kän – diýenmişler.

Patyşa bu ýagdaýy geň görüp, ýene uzadypdyr. Olar ýene almandyrlar. Şol pursat ekizjelerini gözläp çykan gelin çadyra golaýlaşman, uzakdan olaryň atlaryny tutup çagyrypdyr.

Çagajyklar ejelerine tarap ugrandan, şa olary saklapdyr. Şol pursat şa üçin sazdan-söhbetden, uly meýlisden şujagaz çagalar bilen oturmak has gyzykly bolup görnüpdir. Şonuň üçin hem ekizjeleri ýanyndan goýberesi gelmändir.

Gelin şol bir duran ýerinden ýene çagalaryny çagyrypdyr. Bu gelniň sesi patyşa tanyş ses ýaly bolup görnüpdir. Ol çagalardan ejeleriniň adyny sorapdyr. Olar ejeleriniň adyny aýdandan, şa birhili bolupdyr. Ol ekizjeleriň ellerinden tutup, göni nätanyş gelne tarap ugrapdyr.

Şanyň wezir-wekilleri geň galyşyp, şanyň yzyndan seredip durupdyrlar. Bir nätanyş adamyň ekizjeler bilen göni özüne tarap ýöräp gaýdanyna ol gelin hem geň-taň galyp seredip durupdyr. Golaýlaşdygyça bolsa onuň öz kakasydygyny tanapdyr. Tanapdyr-da, oňa tarap ylgapdyr. Uzak ýyllar mähriban atasyndan, öý-ilinden aýraçylyk kineden, öýkeden üstün çykypdyr. Şa gyzy öýmesini galgydyp, elem-tas bolup gelşine kakasynyň gujagyna dolupdyr.

Ýalňyz perzendinem kowup goýberenden soň, şu ýaşyna çenli agtyk-çowluga ýüzi düşmedik şa begenjine iki gözündenem ýaş goýberip, agtyjaklarynyň hersini bir goltugyna alypdyr.

Şa gyzy kakasyny wezir-wekilleri bilen kaşaň jaýyna myhmançylyga çagyrypdyr.

# ALLABERDI WEZIR[1]

Gadym zamanda biriniň Allaberdi atly ýalňyz ogly bolupdyr. Ol adam bir gün aýaly bilen maslahatlaşyp:

— Eý, keýwany, gel oglumyzy mekdebe bereli. Ölenimizde molla çagyrman, Gurhany özi okasyn – diýipdir. Aýaly razylaşypdyr. Ertesi turup, çaý-nan iýenlerinden soň, ol oglunyň elinden tutup, mollanyňka alyp barypdyr we:

— Eý, molla, şu biziň ýekeje oglumyz. Ady Allaberdi. Şuny okadyň, il näme töleýän bolsa, biziňem şoňa gurbumyz ýeter – diýipdir. Molla razylyk beripdir.

Ertesi mekdepde sapak başlanypdyr. Molla okuwçylara garap:

— Şu gün biz elibi öwrenýäris – diýip, kiçijik tagtanyň ýüzüne elip harpyny ýazyp, ýokary galdyrypdyr. Şonda Allaberdi:

— Elibiň manysy näme? – diýip gygyrypdyr. Molla muňa haýran galypdyr. Dokuz ýaşly oglanyň gele-gelmäne her bir harpyň manysyny soramagy ony haýykdyrypdyr. Ol:

— Otur ýeriňde – diýip, Allaberdiniň ýüzüni alypdyr. Ertesi ýene şol hereket gaýtalanypdyr. Molla oňa:

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1342[f]-nji bukja. Aýdan: Setdar Annamämmet ogly. Ahal welaýatynyň Bagyr obasy. Ýazyp alan: B.Weliýew. 1978-nji ýylyň Ruhnama aýy.

— Özüňem dek oturaňok, ili-de oturdaňok, bar öýüňize git. Mekdebe garaňy salma – diýipdir.

Allaberdi aglap öýlerine gelipdir-de, bolan wakany ejesine aýdypdyr. Ejesi:

— Öýde oýnaber oglum! Kakaň işden gelensoň, molla bilen özi gürleşer – diýipdir.

Ertesi kakasy mollanyň ýanyna baryp, oglunyň näme üçin kowlanyny sorapdyr. Şonda molla: «Allaberdiden dynmasam ol gaty güýçli bolar, meni çörekden keser, mollaçylygy elimden alar» diýen niýet bilen:

— Ogluňy mekdebe iberme. Onuň kellesi düzüw däl. Ol beýlekilerem okamaga goýanok – diýýär. Kakasy öýe gelip:

— Sen kezzap, deýýus, betlik edip, mollanyň göwnüne degipsiň. Ýagşylyk bilmediň, çopançylyk ediber. Mekdebi gutardym hasap edäý – diýipdir.

Allaberdi bir täjiriň mekdepde okaýan ogly bilen gaty dost eken. Ol şol oglana mekdepden kowlanyny aýdyp:

— Eger sen dostlugy berjaý etjek bolsaň, her günki geçilen dersler bilen meni tanyşdyryp dur – diýýär. Täjiriň ogly molla näme öwretse, depdere ýazyp alyp, Allaberdä getirip berýär. Allaberdi şeýdip ençe ýyl okap, mollanyň özünden-de ylymly bolup ýetişipdir. Ol döwürde mekdebi gutaranlary kitaphana äkider ekenler. Şol jaýdaky kitaplardan, täsin zatlardan her kim akylynyň çatanyny alyp gaýtmaly eken. Allaberdi kakasyndan oglanlar bilen kitaphana gitmäge rugsat sorapdyr. Kakasy oňa:

— Oglum, ol ýeriň ýoly uzak, baryp gelmegiň üçin, azyndan iki ýyl gerek. Ýol harajady, ulagy özüň tapyp bilseň gidiber – diýipdir. Kitaphana gitmäge ýygnanyşan oglanlar mollanyň sözüne gulak salman, Allaberdini hem özleri bilen äkitmegi wadalaşypdyrlar. Şanyň, wezir-wekilleriň, täjirleriň ogullary Allaberdä özleri azyk, ulag berip alyp gidipdirler. Bir ýyl ýol

ýöräp, kitaphana barypdyrlar. Ol jaýyň gapysy her Anna güni bir sagat öz-özi açylyp, soň hem ýapylýar eken.

Gapy açylanda, molla Allaberdini içeri goýbermejek bolup, tutup durupdur. Emma oglanlar ony mollanyň elinden sypdyrypdyrlar. Allaberdi kitaply jaýa kürsäp urup, gizlin bir ýerde bukup ýatypdyr. Talyplaryň hersi özüne ýaran zady, öz düşünip biljek kitabyny alyp daş çykypdyrlar. Görseler, Allaberdi ýokmuş. Ony içden-daşdan idäp tapmandyrlar. Talyplar yza oba dolanypdyrlar. Allaberdi bolsa indiki Anna gününe çenli jaýyň içinde galyp, ähli kitaplary birme-bir gözden geçiripdir. Emma özüne ýarar ýaly kitap tapman, jaýyň içinde arkan düşüp ýatypdyr. Görse, jaýyň gümmeziniň astynda bir kitap bilen kiçijik haly asylgy duranmyş. Allaberdi olary alyp kitaby agdaryşdyrsa, onda dünýäniň ähli ylmy barmyş. Halynyň bir çetindäki ýazgy bolsa Süleýman pygamberiň adymyş. Allaberdi halyçanyň üstünde oturyp: «Wah, ulagym bolsady, menem il deňinde öýde bolardym» diýip, gözüni bir ýumup açypdyr welin, öz öýünde oturanmyş.

Allaberdi barada ýurdyň şasyna habar ýetipdir. Şa ony köşgüne çagyrypdyr. Ýigidiň akylyny barlamak üçin oňa her hili kyn soraglar berip görüpdir. Allaberdiniň berýän jogaplary patyşanyň göwnüne ýarapdyr. Ol bir gün Allaberdiniň hat-sowadyny barlamak maksady bilen oňa halkyň salgydyny kemeltmek barada perman ýazdyrypdyr.

Şa onuň hatyny görüp:

— Men ömrümde seniň ýaly hatdady gören däldirin. Meniň adymdan iberiljek permanlar hemişe seniň eliň bilen ýazylsyn — diýip, ony mürze saýlapdyr. Birnäçe aýdan soň bolsa baş wezirlige belläpdir-de:

— Men ömrümde seniň ýaly akylly adamyny gören däldirin – diýipdir.

Şonda Allaberdi oňa:

— Eý, şahym, meniň hatym-da, akylym-da diňe halkyň aladasyny edenimde owadandyr, ýitidir, tersine bolanda hatym betgörk, akylym kütekdir – diýipdir.

Günlerde bir gün ýaňky şa:

— Eý, wezir, biz onki ýurduň patyşasy bolup: «Her kim öz akyldary bilen pylan şähere üýşmeli, şol ýere her kim öz ýurdunyň iň gowy zadyny eltip görkezmeli» diýip wadalaşypdyk. Wadaly pursata az wagt galypdyr, ýola düşeli – diýipdir.

Allaberdi wezir oňa:

— Onuň ýaly bolsa gidibereris, täsin zadyň özi şol ýerde bar – diýip, ýola düşüberipdir. Olar bellenilen şähere bellenilen wagtdan bir sagat giç barypdyrlar.

Şa:

— Biz bir sagat gijä galyp, utançly bolduk – diýip ýaýdananda, Allaberdi wezir:

— Eý, şahym, sen onuň üçin müýnürgeme, biz olaryň özüni utanja goýarys – diýip, ýygnanyşmaly jaýyň gapysyny açypdyr welin, on bir ýurduň şasy ýerli-ýerden:

— Siz bizi äsgermezlik etdiňiz. Biz sagat onda ýygnanyşmalydyk. Häzir bolsa sagat on bir – diýipdirler welin, Allaberdi wezir:

— Eý, hormatly patyşalar, ýalan sözlemekden görýän peýdaňyz näme, hany sagatly sagadyňyza oňatja garaň – diýipdir. Patyşalar gaýtadan sagatlaryna seredipdirler welin, hemmesiniň sagady ony görkezip durmuşyn. Şonda Allaberdiniň öz patyşasy muňa haýran galyp: «Bu jadylygyň soňuna çykmasam, patyşalygymy elimden alar» diýip, öz ýurduna gaýtmaga howlugypdyr. Patyşalar ýerli ýerden: «Hany, her kim ýurdundaky täsin zatlary görkezsin» diýşip, her kim getiren zatlaryny orta çykarypdyr. Olaryň kimsi altyn çäýnek, kimsi gülýaka, kimsi çyra getiripdir. Gezek türkmen şasyna gelipdir weli, ol aljyrap-

dyr. Sebäbi ol Allaberdi weziriň sözüne ynanyp, boş gaýdypdy. Şol wagt Allaberdi:

— Biziň getiren geň zatlarymyz hol gutynyň içindedir — diýip, barmagyny jaýyň penjiresine tarap uzadypdyr welin, penjirede täsin bir guty peýda bolupdyr. Ony açyp görseler, içinde dünýäde görülmedik ajaýyp daşlar barmyş. Patyşalar türkmen şasyna: «Ähli täsinlik seniň ýurduňda eken» diýşip, boýun bolupdyrlar. Ertesi şol ýurtlaryň saýlantgy goşuny, saýlantgy ýaragy bilen nyzamly ýörişden geçmeli eken. Türkmen patyşasy Allaberdä:

— Goşun alyp gelmek hakdaky wadamyz ýadymdan çykypdyr. Indi nätmeli bolar? – diýipdir weli:

— Eý, patyşamyz, sen onuň gaýgysyny etme – diýýär. Ertesi beýleki ýurtlaryň goşunlary gezek-gezegine, sap-sap bolup, geçip başlaýar. Türkmen döwletiniň gezegi ýetip gelende, Allaberdi wezir jübüsine salyp gaýdan künjüsinden bir gysymyny meýdana sepip goýberýär welin, birnäçe müň türkmen serkerdeleri görülmedik täsin top-tüpeň bilen sap-sap bolup geçip başlapdyrlar. Muňa haýran galan beýleki şalar: «Biz esger getirmeli diýipdik, bularyň hemmesi serkerdeler» diýipdirler. Allaberdi şasyna garaşman:

— Bizde ýönekeý esger ýok. Diňe serkerde ýetişdirýäris – diýipdir. Bular şeýdip, üstünlik bilen öz ýurtlaryna gaýdypdyr. Patyşa gorkup, on iki sany pälwana Allaberdi hanyň goluny baglap, zyndana taşlamagy buýurýar. Pälwanlar buýrugy ýerine ýetirip, zyndany daşyndan gulplapdyrlar. Biraz wagtdan soň, şa Allaberdi weziriň işlän otagyna barsa, ol bir zatlar ýazyp otyrmyş. Onuň bu keramatyny gören şa has-da howsala düşüp:

— Allaberdi, seni wezirlikden boşadýaryn. Özüňem ertir günorta bolan wagty, köşkdenem, şäherdenem çyk! – diýipdir.

Allaberdi oňa şeýle jogap beripdir:

— Eý, patyşa, men islän wagtym seni jähennem edip, ornuňa geçip bilýän. Ýöne mende şa, hökümdar bolmak arzuwy ýok. Men kowmaňda-da gitmekçidim.

Ertesi şa şäheriň on iki derwezesiniň her biriniň agzynda bir top bilen bir nöker goýduryp:

— Allaberdi haýsy derwezeden çyksa, şol derwezede top atyň — diýipdir. Günorta bolanda on iki derwezäniň on ikisinde hem bir wagtyň özünde top atylypdyr. Muňa haýran galan halk häzire çenli Allaberdini ýadyndan çykarman, onuň hem ylmyň gudraty hakynda öz nesillerine gürrüň berip ýörmüş.

## MAÝMYNBIKE WE HAŞYM JAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň adyna Bährem patyşa diýer ekenler. Bährem patyşanyň zalymlykda deňi-taýy bolmandyr. Ol örän zulumkär we rehimsiz adam bolupdyr. Dar agaçlarynyň adamsyz wagty bolmandyr. Raýatlaryny her hili jebir sütemlere sezewar edipdir. Bährem patyşanyň Şamir atly bir akylly weziri bar eken. Emma olam patyşanyň zalymlygyna täsir edip bilmändir. Bu patyşanyň kyrk aýaly bolup, olaryň hiç birinden perzendi ýok eken. Patyşa zürýatsyzlykdan hapa bolup, gijeler ýatman, Hudaýa nalyş edip aglapdyr. Wezir bolsa oňa: «Sen ile zulum etmäňi goý, bolmasa iliň nalyşy seni tutar, Hudaýtagalla saňa perzent bermez» diýer eken. Patyşa-da köp gamgyn bolup, gurrandazlary ýygnar eken we olara: «Maňa Hudaýtagalla zürýat berýämi ýa ýok, hany gurraňyza seredip, maňa aýdyň» diýer eken.

Olar hem gurra taşlap, patyşanyň ýanyna baryp bilmän, weziriň ýanyna baryp: «Näçe gurra taşlasak-da, patyşa üçin zürýat göremzok» diýer ekenler we wezire: «Özüň ýagdaýyny tapyp, patyşa aýdaweri, bizi ölümden halas edeweri» diýer ekenler. Wezir bolsa amatly pursat tapyp, gurrandazlaryň aýdanyny has hem çişirip patyşa habar berer eken. Bir gün patyşa wezirini ýanyna çagyryp:

[1] Şamar. Türkmen halk ertekileri. Aşgabat, «Türkmenistan», 1981.

— Gurrandazlary ýygna we olara aýt, üç gün möhletiň içinde meniň çagamyň boljak-bolmajagyny aýtsynlar, eger bilmeseler, gurrandazlaram, senem dardan asyp öldürerin – diýipdir. Wezir pahyr öljegine gözi ýetip, zordan:

— Bolýar, tagsyr – diýipdir. Onda patyşa:

— Bar, onda, ýanymda garaň görünmesin – diýip kowup goýberipdir.

Şamir wezir zordan öýüne gelip, enesiniň ýanyna baryp, hemmesini birin-birin gürrüň berip aglapdyr. Enesi gamgyn bolup, ýüzüni aşak salyp, ep-esli oturypdyr. Soňra başyny galdyryp:

— Eý, oglum, gam iýme, bir alajy tapylar, bar-da patyşaňa: «Üç gün maňa ýeterlik bolmaz, üç aý möhlet ber» diý, soň ikimiz oturyp maslahatlaşarys – diýen.

Şeýlelikde, wezir baryp patyşadan üç aý möhlet sorapdyr, ol razylaşandan soň, begenip, enesiniň ýanyna gelipdir. Enesi oňa şeýle diýipdir:

— Oglum, ertir irden gün dogmanka, atyňa atlanyp, ilerligine gidersiň. Üç gün ýöräniňden soň, öňüňden bir belent dag çykar. Ol daga Semen dagy diýerler. Örän beýik dagdyr. Şol dagyň düýbüne baranyňda, dagyň gap biline seretgin. Başga gögerip oturan agaçlardan has ýokarda ýogyn bir arça görersiň. Atyňy bir ýerde baglap, göni şol arçanyň ýanyna bar. Arçanyň bir uly köwegi bardyr. Şonuň içinde bir aksakgal derwüş oturandyr. Ana, şol derwüşiň ýanyna baryp, menden salam aýdarsyň hem-de patyşanyň halyny beýan edersiň.

Wezir enesinden köp hoşal bolup, öz jaýyna gelip, şaýyny tutup başlaýar. Ertesi gün dogmanka atlanyp, ilerligine ugraýar. Üç gün ýol ýöränden soň, bir uly dag görünýär. Dagyň düýbüne baryp, enesiniň aýdan arçasyny gözläp başlaýar. Görse, dagyň edil gap bilinde bir arça hellewläp otyrmyş. Wezir içinden: «Megerem, enemiň aýdan arçasy bolsaň gerek» diýip, atyny bir

ýerde baglap, göni şol arça tarap ugraýar. Birnäçe wagt ýöräp, arçanyň ýanyna kynlyk bilen çykýar. Arçanyň töweregine aýlanyp görse, arça äpet uly hem ýogyn eken we içinde edil öý ýaly köwegi bar eken. Esewan etse, onuň içinde eşikleri hem, sakgalydyr kirpikleri hem ap-ak bir goja tagat-ybadat edip otyrmyş. Derwüşi gören weziriň endam-jany bir hili gowşap, salam bermäge-de dili aýlanmaýar.

Derwüş gözüniň gytagyny aýlap goýberýär-de, sömelip duran wezire kellesi bilen «geliber» diýip, yşarat edýär. Wezir azkem özüne gelip, salam berip, içeri girip, derwüşiň «otur» diýen ýerinde edep bilen oturýar. Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, wezir iki gözünden hem sil kimin ýaş akdyryp, derwüşe näme üçin gelendigini birin-birin gürrüň berýär.

— Eý, derwüşler patyşasy! Halyma rehim ediň! Bährem zalymyň ilinden bolar men. Onuň hiç gandan gözi doýmaýar. Her gün ençeme günäsiz bendeleriň nähak ganyny dökýär. Dar agaçlarynda elmydama adamlar asylgy dur. Patyşanyň kyrk aýaly bolup, olaryň hiç birinden hem zürýat önenok. Bilemok, şonuň üçinmi ýa-da özüniň zalymlygy üçinmi, ol halka azar ýamanyny berýär. Ine, bir gün bolsa ol meni ýanyna çagyryp: «Meniň perzendim bolýarmy ýa-da bolanok? Üç günüň içinde bilip gel. Bolmasa janyňdan umydyňy üz» diýdi. Men hem aglap enemiň ýanyna geldim we patyşanyň aýdanlaryny beýan etdim. Ol hem sizi salgy berdi. Patyşadan üç aý möhlet alyp, siziň huzuryňyza geldim. Siz aýdyň, biziň patyşamyzyň perzendi bolýarmy ýa-da bolanokmy? – diýip, wezir derwüşiň aýagyny gujaklap, köp aglaýar.

Derwüş weziriň başyny ýerden göterip:

— Hany, rahatlanyň! Siz biraz daşaryk çykyň! Gezmeläň! Entegräkden jogabyny bererin – diýýär.

Wezir daşaryk çykýar. Birnäçe wagtdan soň derwüş ony çagyryp, şeýle diýýär.

— Eý, wezir, siziň patyşaňyzyň kyrk aýaly bar. Emma ol üç sanysy bilen gatnaşyk etmeýän eken. Patyşaňyza aýdyň, şol üç sany bigünä zenan bilen ýaşaşsyn. Şonda enşalla, olaryň her birinden bir ogul bolup, patyşaňyzyň jemi üç sany ogly bolar. Jemile diýen aýalyndan bolan ogluna Haşym diýip at goýsun. Ýene aýdyň, mazlumlara munça zulum etmesin. Hudaýdan gorksun. Baryň, Alla ýaryňyz! – diýip, jogap berip goýberýär.

Wezir hoşwagt bolup, derwüşe köp alkyşlar aýdyp, ýola rowana bolýar. Soň patyşanyň ýanyna gelip:

— Eý, patyşahym! Size söýünji diýip geldim. Semen dagynda bir derwüşiň bardygyny, onuň ähli müşgil işleri çözüp bilýänligini eşidip, şol derwüşiň ýanyna gitdim. Köp azaplar çekip ahyry tapdym. Siziň adyňyzdan aýaklaryna ýykyldym. «Hudaýtagaladan Bährem patyşa ogul diläp beriň» diýip, köp ýalbardym. Derwüş hem: «Hudaýtagala Bährem patyşa üç ogul berýär. Ýöne otuz ýedi aýalyndan hiç zat önmeýär. Emma ýaşaşmaýan üç aýaly bilen ýaşasa, her birinden bir ogul bolar. Kiçi aýaly Jemileden bolan oglunyň adyna Haşym goýsun» diýdi – diýip buşlaýar.

Patyşa derrew ýerinden turup, weziri gujaklap, oňa köp engamlar bagyşlaýar. Haremhanasyna baryp, otuz ýedi aýalynyň talak hatyny berip goýberýär. Öňki halamaýan aýallarynyň daşynda pyr-pyr aýlanyp, olaryň göwünlerini tapjak bolup jan edip başlaýar. Bu aýallar bolsa haýran galyp, şatlanyp «Bize bagtyň geldigi bolsun-da» diýşip, bir-birlerine bakyp ýylgyryşýarlar. Patyşa şeýdip, bular bilen ýaşaşyp ugraýar. Günler geçip, bu aýallaryň üçüsi hem hamyladar bolýarlar. Patyşa çäksiz begenip, zyndanda ýatan ähli bendileri azat edýär, garyp-gasarlara sadaka berip, açlary doýurýar, ýalaňaçlary geýindirýär.

Bu aýallaryň aý-günleri dolup, iki aýalynyň her biriniň bir ogly bolýar. Jemile diýen aýalynyň bolsa olardan üç gün soň bir ogly bolýar. Bu oglanyň aý diýseň agzy bar, gün diýseň gö-

zi bar, tarypyny diýip-aýdyp, gutarar ýaly dälmişin. Bu oglanyň dabarasy bütin äleme dolýar. Patyşa kyrk gije-gündiz toý tutup aja nan, ýalaňaja don berýär. Çagalaryň her birine bir eneke belleýär. Enekeler çagalara örän yhlasly seredýärler.

Patyşa her gün ogullaryny görmäge barar eken, ogullaryny görüp köp şatlanar eken.

Şeýlelikde, aýlar ötüp, ýyllar geçýär. Patyşanyň hem ýüregi düşüşýär, ogullary hem kemala gelýär.

Patyşanyň ogullary her gün awa gidip, dürli haýwanlary awlap, keýp çeker ekenler. Bir gün uly ogullarynyň biri doganlaryna garap:

— Biz indi kemala geldik, biziň öýli-işikli bolmaly wagtymyz eýýäm gelip ýetdi, emma atamyz bizden habar hem almaýar. Atamyzyň ýanyna baralyň – diýýär.

Haşym bolsa:

— Eý, byradarlar, sabyr ediň, atamyzyň özi bilýändir – diýýär.

Şeýlelik bilen, patyşanyň ogullary bir gün awa gitmän galýarlar. Patyşanyň iki ogly ala-wagyrdy bolup otyrka, işikden Şamir wezir gelip girýär. Emma patyşanyň ogullary weziri görmeýärler. Şamir wezir bularyň pikirlerini bilip, eglenmän, ogullarynyň ahwalatyny patyşa beýan edýär. Onda patyşa:

— Olary nähili öýermeli, kimiň gyzyny alyp bermeli, bu işiň tedbirini özüň tap – diýip, Şamir wezire ýüzlenýär.

Onda Şamir wezir:

— Eý, mazlumlaryň şamçyragy, külli älem hökümdary, siziň ata-babalaryňyzdan gelýän däbi ýatlamak meniň borjumdyr. Ata-babalaryňyzyň şöhraty hem bütin äleme dolandyr. Olaryň ruhlaryna Alla rehim etsin! – diýip, elini göterip, omyn edýär-de: — Ine, şol geçen rehimdarlaryň edişi ýaly, şazadalaryň hem ellerine ok-ýaý berip, her birine bir ok atdyrmaly. Ok

baryp kimiň howlusyna düşse, şol kişiniň gyzyny alyp bermek gerek – diýýär.

Bährem patyşa: «Her şazadanyň eline bir ok berilsin, kimiň howlusyna atsalar hem atsynlar» diýip perman berýär. Şamir wezir emri berjaý etmek üçin, şazadalaryň ýanyna gidýär. Şazadalara edep bilen salam berip:

— Alla size uzak ömür bersin! Her hili bela-beterlerden hemişe gorasyn! – diýip, şazadalaryň şanyna doga edýär. Soňra şazadalara atalarynyň permanyny beýan edip, her biriniň eline ok-ýaý berýär. Patyşanyň iki uly oglunyň biriniň atan oky weziriň howlusyna düşýär, beýlekisiniňki bolsa wekiliň howlusyna. Emma patyşanyň kiçi ogly Haşym hiç kimiň howlusyna ok atman, çöle atyp goýberýär.

Haşymyň oky baryp bir guýa düşýär. Bu bolan wakalary Şamir wezir patyşa habar berýär. Patyşa bolsa iki uly ogluna ýedi gije-gündizläp toý tutup, weziriň we wekiliň gyzlaryny alyp berýär. Haşyma bolsa gaty gaharlanýar, onuň ugruna hem seretmeýär. Iki uly oglunyň her birine köşk saldyryp berýär.

Indi habary Haşymdan alyň. Ol atasynyň bu bolşuna parh etmeýär. Öz ugruna geziberýär. Bu habar bütin ilata hem ýaýraýar. Şeýlelikde, Bährem patyşanyň raýatlarynyň gürrüňleri Haşym bolýar, ýagny: «Patyşanyň kiçi ogly Haşymyň atan oky guýa gaçypdyr, ony bolsa patyşa ýaman görüpmiş, indi Haşym bilen gepleşmeýärmiş. Ýene-de patyşa gadymky zalymlyk ýoluna düşäýmese ýagşydyr» diýşip, patyşanyň raýatyndaky ähli adamlar howsala düşüpmişler. Bu habar patyşa hem gelip ýetýär. Patyşa öz ýanyna Şamir weziri çagyryp:

— Bu masgaraçylygyň näme bilen gutarjagyny men-ä bilmedim, sen bir emel edäýmeseň – diýýär.

Şamir wezir:

— Ejaza berseňiz, men baryp, Haşym bilen gürleşsem – diýýär.

Patyşanyň razylygyndan soň wezir Haşymyň ýanyna baryp, il arasynda bolýan gürrüňleri aýdýar.

Ertesi gün dogmanka Haşym okunyň düşen guýusyna tarap gidýär. Guýynyň ýanyna baran badyna guýudan bir maýmyn çykyp, şazadany gujaklap, boýnuna oralyp duruberýär. Şazada haýran galyp, maýmyny kowjak bolsa, maýmyn: «Seni asmandan agtaryp ýördüm, ýerde tapdym. Indi ýere girseňem, asmana uçsaňam, seni sypdyrmaryn» diýip, ýapyşyp ýatyrmyş. Şazada alaçsyz maýmyny alyp gelmeli bolýar.

— Ogluňyz Haşym bir maýmyn tapyp, özüne gelin edinip alyp gelýär – diýip, patyşa habar berýärler.

Patyşa dergazap bolup: «Ikisinem öldüriň, gözüm görmesin» diýip, höküm edýär. Şamir wezir derhal ýerinden turup, patyşa tagzym edip, patyşanyň işiniň rowaç bolmagynyň, ömrüniň uzak bolmagynyň şanyna doga okap, patyşa ýüzlenýär:

— Eý, patyşahy älem, mazlumlaryň howandary! Siziň permanyňyz bilen biz asmany çöwrüp, ýeri öwrüp bileris. Eger siz gülüp gijelige garasaňyz, siziň merhemetiňizden bütin gije gündize hem öwrülip biler. Oňa görä, Haşym baradaky permanyňyzdan biraz saklansaňyz, bu işiň soňuny görsek, belki, gowulyk bilen gutarar. Haşym öz jiger paraňyzdyr, soň puşman edersiňiz – diýip, patyşanyň aýagyna ýykylýar we garry derwüşiň Haşym barada aýdanlaryny ýene bir gezek ýadyna salýar.

Bährem patyşanyň süňňi gowşaýar. Derwüş ýadyna düşende bolsa beren permanyna ökünýär. Soňra wezire garap:

— Bar, siziň aýdanyňyz bolsun – diýýär. Wezir ýerinden turup, patyşa ýüzlenip:

— Eý, tagsyry älem, Haşyma bir ýerden jaý beriň, bolmasa «Il arasynda siziň mertebäňizi kemsidýän gürrüň ýaýrar» diýen gorkymyz bar – diýýär.

Patyşa başyny göterip:

— Şäheriň çetinde baýguşhana-köne haraba bardyr. Şol harabadan Haşyma jaý oňaryp beriň – diýip jogap berýär.

Haşyma derrew iki sany köne ýykylan jaýy oňaryp berýärler. Şazada Haşym bolsa takdyra ten berip, atasynyň joşan jaýynda öz aýaly Maýmynbike bilen ýaşaberýär. Hemmeleriň onuň adyny şeýle tutmagy zerarly, ýörgünli ady Maýmynbike bolup galyberýär.

Bir gün patyşa:

— Geliň, gelinlerimiziň iş başaryşlaryny barlalyň – diýýär. Onda wezir-wekiller: «Şazadalaryň gelinlerine nähili iş buýrarys» diýşip, bir-birleriniň ýüzüne bakýarlar. Onda patyşa:

— Her birine çigitlenmedik bäş batman pagta beriň, şol pagtany çigitläp, egrip, soňra bükdürip, urgan etsinler – diýýär.

Patyşanyň bu sözlerini hemme wezir-wekilleri: «Ajap bolýar» diýşip makullaýarlar. Patyşanyň permany bilen şazadalaryň üçüsini hem çagyryp, her birine çigitlenmedik bäş batman pagta berip, şondan egirme urgan etmelidigini aýdýarlar. Iki uly şazada bu ýumşa höwes bilen boýun bolýarlar. Emma Haşym pagta almakdan ýüz dönderýär:

— Meniň aýalym maýmyn, men bu işi edip bilmerin, soňundan ile ryswa bolanymdan, öňünden bolaýyn – diýýär. Muňa iki uly dogany hezil edip gülüşýärler. Haşym öz aýalynyň maýmyndygyna hapa bolup, öýüne gelýär.

Maýmynbike Haşymyň gam-gussa batanlygyny görüp:

— Eý, wepadar mähribanym, saňa näme boldy? Kim seniň göwnüňe degdi? Menden syryňy gizlemän, beýan kylgyl! – diýýär. Şazada Haşym patyşanyň ýumşuny beýan edýär. Onda Maýmynbike:

— Eý, Haşym jan, sen hiç wagt hiç zady gaýgy etmegin. Gam çekmek naçaryň işidir. Bar, pagtany getir, bir zady bolar. Patyşanyň emrini terk etmek bolmaz – diýýär

Şazada Haşym täzeden baryp, pagtany alyp gelýär. Uly şazadalaryň aýallary Haşymyň öňünden çykyp:

— Eý, şazada, näme pagtany Maýmynbikä hörek etjekmi? Beýle masgara bolman, bizde goýup gidiň, oňaryp bereris – diýşip gülüşýärler.

Haşym bolsa bu gepleri göwnüne alsa-da, kiçilik edip ýeňňelerine hiç hili jogap gaýtarman, pagtany öz öýüne alyp gelýär we: «Ine saňa pagta» diýip, Maýmynbikä berýär. Maýmynbike bolsa oňa:

— Eglemän, meni tapan guýuňa bar. Guýynyň agzyndan aşak bakyp: «Eý, Şamama, seni Maýmynbike çagyrýar. Ýanyň bilen ala sygry we çarhy hem alyp gelsin diýdi» diýip, yzyňa garaman gel – diýip Haşymy iberýär.

Haşym bolsa edil Maýmynbikäniň aýdyşy ýaly edip, yzyna garaman, onuň ýanyna dolanyp gelýär. Gelip duranam şol welin, Şamama ala sygry we çarhy alyp: «Näme hyzmat?» diýip, Maýmynbikäniň ýüzüne seredip dur diýýär.

— Eý, Şamama, şu pagtalary çigitläp, egrip, bükdürmeli we urgan etmeli. Bu patyşanyň permany. Özünem şeýle üýtgeşik sypaýy etmeli – diýip Maýmynbike aýdýar.

Şamama bolsa pagtalary sygryň öňüne üýşürip:

— Eý, sygrym, sen şu pagtalary iýmeli we egrip urgan edip çykarmaly – diýýär. Sygyr baş atyp, pagtany ýalmap-ýuwdup ugraýar we kültem-kültem edip, egrip ýüp çykaryp başlaýar.

Şamama çykýan ýüpleri çarhyň agzyna berip:

— Eý çarhym, sen hem şuny ilde ýok urgan etmeli – diýenden, çarh dile düşýän ýaly, şeýle bir urgan bükdürip başlaýar welin, hiý goýaý! Şazada bolsa haýran galyp, bu zatlara tomaşa edip başlaýar. Edil şol wagt uly şazadanyň hyzmatkärleriniň biri gelip, bu zatlary görüp, zähresi ýarylan ýaly bolup, ylgawyny ýazman baryp, uly şazadalara we olaryň aýallaryna gören zatlaryny gürrüň berýär.

Uly şazadalar we aýallary ylgaşyp gaýdýarlar, gelip görseler, hyzmatkäriň aýdyşyndan hem betermiş. Maýmynbikäniň çarhyndan çykarýan urgany taryp ederden zyýat, bolsady ekerdenem artykmyş.

Şazadalar we olaryň aýallary: «Biziň pagtamyzy hem urgan edip beriň» diýip, aýdaslary gelýär. Ýöne ony özlerine kiçilik bilip, hiç zat diýmän, öýlerine gaýdýarlar. Olar öýe gelip: «Maýmynbike jadygöýdür, ýogsam beýle zat edip bilmez, atamyzyň öňünde bizi ile ryswa eder» diýşip, pagtalaryny çigitlemäge oturýarlar. Şazadalar we olaryň aýallary özara maslahatlaşyp, bir ala sygyr tapyp, öňüne çigitlenmedik pagtany üýşürýärler. Ala sygyr bolsa pagtany heziller edinip iýip, ýüp ýerine tezek dökýär. Muňa bolsa şazadalaryň gaharlary gelýär. «Haram ölmüş, Maýmynbike bizi atamyzyň alnynda il ryswasy kylar. Nä ýüz bilen atamyzyň ýanyna bararys?!» diýşip zeýrenişýärler. «Dat, bu jadygöýüň elinden» diýşip, şazadalar, şazadalaryň aýallary gygyryşýarlar. Uly galmagaldan soň, pagtany sygryň agzyndan alyp, özleri çigitlemäge oturýarlar. Çigitlenen pagtany bolsa aýallary egrip başlaýarlar.

Maýmynbikäniň Şamamasy bolsa urgany taýýar edip, Haşymyň eline berýär. Haşym şatlanyp, urgany atasynyň huzuryna eltýär. Urgany gören patyşa we onuň wezir-wekilleri haýran galýarlar. Bährem patyşanyň soraýan topragynda heniz beýle urgan gören bolmandyr. Urgany edil ýylanyň agzyndan çykan ýaly tekizden ýylmanak edilen eken. Patyşa Haşyma garaýar welin, şobada onuň aýaly Maýmynbike gözüniň öňüne gelip, ýylan ýaly towlanyp, beýlesine öwrülýär. Şazada Haşym haýal etmän, öýüne gaýdýar. Ýolda gelýärkä, öz Maýmynbikesinden hoş bolup, onda bir alamatyň bardygyny aňýar. Şeýle hem bolsa: «Meniň aýalym maýmyn ahyry» diýip, hapa bolýar. Öýüne gelse, eýýäm Şamama sygry, çarhy bilen gaýyp bolup gidipdir.

Aradan birnäçe gün geçensoň, uly şazadalar hem urgany taýýarlap, alyp barýarlar. Emma olaryň urgany Maýmynbikäniňkä garanyňda, ýüzüne-de sereder ýaly dälmişin. Patyşanyň ozalky tamasy uly ogullarynyň gelinlerindedi, emma ol tamany ödemeýärler. Patyşa onda-da iliň gyjalatly sözlerinden ejap edip, uly gelinlerini hezzetleýär-de, Maýmynbikäniň adyny hem tutmaýar. Patyşa: «Indi bu gelinlere nahar hem buýursam, Maýmynbike nahar-a bişirip bilmez, şeýlelikde, uly gelinlerimiň hatyralary artar» diýen niýet bilen Şamir wezire garap:

— Gelinler maňa börek bişirip getirsinler! Men olaryň haýsysynyň eliniň süýjüdigini bilesim gelýär – diýip tabşyrýar. Wezir şazadalara atasynyň aýdanlaryny aýdyp, patyşanyň çagyrýandygyny edep bilen duýdurýar.

Patyşa:

— Eý, ogullarym, siz gelinleriňize börek bişirdip getiriň. Meniň siziň gelinleriňiziň bişiren böregini iýesim gelýär – diýýär. Patyşanyň uly ogullary bu permany begenip kabul edýärler, emma Haşym:

— Atam, özüňiz bilýärsiňiz, meniň aýalym maýmyn, şonuň üçin men bu permany ýerine ýetirip bilmerin – diýýär. Patyşa bolsa gaşyny çytyp, hiç hili jogap bermeýär. Haşym öýüne gamgyn bolup gelýär. Maýmynbike şazadanyň üstüne özüni oklap:

— Ýeri, Haşym jan, näme üçin hapa bolýarsyň? Ataň ýene näme diýdi? Meniň saglygymda hiç zady gaýgy etmegin. Ýüzüňi ýokary tutup gezgin, basym ähli syrlaryň üsti açylyp sen maksat-myradyňa ýetersiň – diýýär. Haşym atasynyň börek talap edenini aýdýar-da:

— Meniň aýalym maýmyn, ol börek bişirmäni nireden bilsin?! Onsoň: «Men bu ýumşy ýerine ýetirip bilmerin» diýip gaýtdym — diýýär.

— Goýaweri, Haşym jan, börek-sörek üçin gamgyn bolmagyn. Ol zatlary men el ujundan edýändirin. Bar-da, ataň haýsy malyň etini gowy görýän bolsa, şonuň etinden getir, galanyny özüm oňararyn – diýip, Haşymy patyşanyň üstüne iberýär. Patyşanyň iýýän eti diňe herek goýnuň etimiş. Haşym barsa, şazadalara bermek üçin herek goýun soýlan eken. Haşym hem şol etden böreklik alyp gaýdyp, Maýmynbikä getirip berýär. Maýmynbike bir ýere tegelek çyzyk çyzyp: «Şu ýeri gaz» diýip, Haşyma görkezýär. Haşym dyz boýy çukur gazýar. Maýmynbike öňürti birki gujak döwülgi oduny çukura atýar. Şol wagt uly şazadalar we aýallary gelýärler. Maýmynbike oduny üstüne bir küýze suw, un hem et döküp, Haşyma:

— Haşym jan, çukury göm – diýýär.

Şazada Haşym hem çukury gum bilen tapbatlap gömýär. Uly şazadalar we aýallary bu zatlary görüp, özleri şeýle etmäge gorkýarlar we «Bularyňky ýaly etsek, ýene masgara bolarys» diýýärler-de, öýlerine gaýdyp, özleri börek taýýarlamaga oturýarlar. Emma olar öýlerine gaýdanlarynda bir hyzmatkär goýup: «Çukur açylanda nähili zat emele gelýär? Gör-de, bize habar ber» diýip gidýärler.

Bir salymdan soň Maýmynbike iki eliniň aýasyny üç gezek bir-birine urup:

— Eý, wepadar Haşym jan, çukury açgyl, börek taýýar boldy – diýýär.

Haşym derhal çukury açýar. Görseler, şeýle bir börek bişipdir, iýip doýar ýaly dälmiş.

Maýmynbike böregi owadan gaba salyp, Haşyma:

— Öňürti özümiz iýeli, soňra kakaňa alyp gidersiň – diýýär. Özleri iýip hezil edinýärler. Uly şazadalaryň hyzmatkärine hem berýärler. Ol biçäre hem ömründe iýmedik zadyny iýip, hezilller edinýär. Soň garnyny doýrup, agalarynyň ýanyna baryp, bolan wakany bolşy ýaly beýan edýär. Şazadalar gamgyn bolup:

«Basym taýýarlaň» diýip, aýallaryny gyssaýarlar. Şazadalaryň aýallary gyssanyşyp, hasyr-husur taýýarlan çig-çarsy böreklerini özleri iýip görmän, gaplara salyp, şazadalara berýärler.

Şazadalar bolsa böregi edep bilen atalarynyň alnyna alyp barýarlar. Patyşa iki uly ogullarynyň getiren böreklerini hormat bilen kabul edip alýar. Her birinden bir bölek dadyp görýär welin, iýer ýaly däl diýýär. Hamyry hem, eti hem bişmänmiş. Özi hem duzsuz, gyssanyp duz hem atman ekenler. Patyşa ýüzüni turşardyp, kese bakyp oturan. Şol halatda Haşym üsti daraýy ýaglyk bilen ýapylan bir tabak börek alyp gelýär. Içeri girenden böregiň ysy adamlaryň burnuna urup, haýran galdyrýar. Emma patyşa Haşymdan börek almakdan ýüz dönderýär.

— Ulularynyň bişiren zatlary şeýle bolsa, muňky nä tüýsli bolar?! – diýýär.

Şol wagt patyşanyň ýanynda bir garry weziri oturan eken. Ol edep bilen tagzym edip:

— Eý, patyşahy älem, siz adylsyňyz, siziň adyllygyňyz äleme meşhurdyr. Şazada Haşymyň tagamyny almasaňyz, onuň göwnüne degersiňiz. Duzdan uly bolmak gowy däldir, ol size gelişmeýär – diýýär.

Patyşa göwünli-göwünsiz daraýy ýaglygy göterip, börekden bir bölejik iýip görýär welin, agzyna şeýle bir ýaraýar, şeýle bir ýaraýar. Tabakdaky böregi iýip gutaranyny onuň özi hem duýman galýar. Patyşa yşarat bilen: «Haşyma engam beriň» diýip, Şamir wezire hököm edýär. Emma geplemeýär. Uly şazadalaryň içleri ýanýar. Naharlaryny ýolda döküp, öýlerine zordan gelýärler, bolan wakany aýallaryna gürrüň berýärler. Aýallary näme etjeklerini bilmän, içlerini tutup galýarlar. Şazada Haşym bolsa şatlanyp, öýüne gelýär.

Indi habary kimden alyň? Hälki, patyşanyň ýanynda oturan garry wezirden alyň! Garry wezir aýdýar:

— Siz iki gezek gelinleriňizi synadyňyz. Indi siz hem adat boýunça gelinleriňizi şazadalar bilen birlikde myhmançylyga çagyrsaňyz – diýýär. Bu sözi patyşa makul görüp: «Ogullarymy gelinleri bilen birlikde myhmançylyga çagyryň» diýip, töweregindäkilere aýdýar. Şazadalaryň üçüsine-de: «Üç günden gelinleriňiz bilen birlikde patyşanyňka myhmançylyga barmaly» diýip, habar berýärler.

Haşym hapa bolup otyrka, Maýmynbike:

— Eý, meniň mähribanym we wepadarym! Seniň hiç wagtda ýüzüň gyzmaz, indi basym syrlaryň üsti açylar – diýýär.

Haşym bir tüýsli bolup, Maýmynbikäň ýüzüne seredýär.

Onda Maýmynbike:

— Sen baryp bazardan her hili reňkli kagyz alyp gel. Men olardan özüme geýim tikinjek – diýip, Haşymy bazara ugradýar.

Haşym bazardan ak, gyzyl, gök, sary, ýaşyl we başga reňkli kagyzlaryň her birinden geýimlik üçin alýar. Maýmynbike bolsa şol wagt iki elini biri-birine urup:

— Şamama meniň şalyk lybasymy getir – diýýär. Göz açyp-ýumasy salymda Şamama Maýmynbikäniň şalyk lybaslaryny getirip gidýär. Maýmynbike lybaslary bir ýerde gizläp goýýar. Şazada Haşymyň dürli reňkli kagyz alýandygyny, ol kagyzlardan Maýmynbikäniň lybas edinjek bolýandygyny uly şazadalar we olaryň aýallary eşidýärler. Olaryň hem aýallary: «Bize hem şeýle kagyz getiriň. Biz hem Maýmynbikäniň tikişi ýaly, geýim tikinjek» diýýärler. Şazadalar hem aýallaryna edil Haşymyňky ýaly bir topar reňkli kagyz getirip berýärler. Maýmynbike reňkli kagyzlaryň her birinden özüne bir laý geýim edinýär. Uly şazadalaryň aýallary hem şeýdýär. Patyşanyň çakylygyna gitmeli gün gelip ýetýär.

Maýmynbike:

— Atyňy eýerläp, meni hem ardyňa al. Emma atdan düşýänçäk yzyňa garamagyn – diýip, Haşyma berk tabşyrýar.

Haşym atyny eýerleýär. Maýmynbikäniň egnindäki maýmyn eşigi ýasama, emel bilen edilen eşik eken. Özi bolsa peri eken. Haşymyň yhlasyny synap, şu wagta çenli özüni mälim etmän eken. Indi bolsa Haşymyň yhlasyna gözi ýeten. Şonuň üçin hem Haşymyň atasynyň öňünde bu syry açmagy makul bilip eden işi eken. Maýmynbike içerden Haşyma:

— Men ata münýänçäm, gözüňi ýum! – diýip gygyrýar. Haşym gözüni ýumýar. Maýmynbike gelip, atyň ardyna münýär we «Yzyňa garaman sür» diýip, Haşyma ýüzlenýär.

Maýmynbike şalyk lybasynyň üstünden kagyzdan edinen geýimlerini geýen eken. Uly şazadalaryň aýallary hem kagyzdan edinen geýimlerini geýip, ärleriniň atlarynyň ardyna münüpdirler, içinden buýanky geýimleri ýok eken. Olar Maýmynbikäniň ol syryny bilmän galypdyrlar. Ýolda gelýärkäler, ýagýar bir ýagyş, aýallaryň kagyz köýnekleri sypyrylyp gidýär. Maýmynbikäniň kagyz köýnegi aýrylansoň, edil aýyň bölegi ýaly bir perä öwrülýär duruberýär. Indi Maýmynbikäniň gözelligini görmäge göz gerek diýýär. Maýmynbikäni gören uly şazadalar beýhuş bolup atdan başaşak gaýdýarlar, çuw-ýalaňaç bolan aýallary bolsa öýlerine gaýdyp, hasyr-husur eşiklerini geýip, ärleriniň ýanlaryna gelseler, olar şindizem huşsuz ýatyrlar diýýär. Şazadalaryň ýüzüne gülap suwuny sepip, özlerine getirýärler. Uly şazadalar:

— Bize näme boldy? Görenimiz düýşümizdemi ýa huşumyzda? – diýýärler.

Aýallary:

— Maýmynbike jadyly bela eken. Siziň gözüňize her dürli zat bolup görnüp, bizi hem il masgarasy etdi. Jadyly köýnek geýdirip, çuw-ýalaňaç edip, ile ryswa etdi. Maýmynbikäniň başyna indi biz hem oýun salarys-a! – diýşip gygyryşýarlar.

Şazadalar köşge barsalar, Haşym hem öz perisi bilen baran eken. Şazada Haşym atdan düşüp, Maýmynbikä garasa, ine, bir aýyň bölegi ýaly ýalkym salyp duran perizat, ol näme diýjegini bilmän, haýran bolup duruberýär.

Perizat derrew atdan düşüp:

— Ýeri, Haşym jan, bolup durşuň nätüýsli? Men saňa basym syryň üsti açylar diýdim-ä! Indi bu gün syryň üsti açyldy. Men şol Maýmynbikedirin. Indi men Maýmynbike däl-de, Dürperiň boldum. Meniň asyl adym hem Dürperidir – diýýär.

Şazada Haşym şatlanyp, Dürperiniň golundan tutup durýar. Şol wagt köşk wezirleri şazadalary we olaryň aýallaryny patyşanyň ýanyna çagyrýarlar. Olar Dürperä gözleri düşenlerinden, barmagyny dişleşip duruberýärler. Soň patyşa çagalaryny garşylaýar. Uly şazadalara, olaryň aýallaryna hormat goýup, öz ýanyndan ýer görkezýär. Haşymyň we onuň aýalynyň ýüzüne-de garaman, ýere bakýar oturyberýär. Soň jaýyň içindäki ýagtylyga haýran galyp, ýüzüni galdyryp görse, Haşymyň ýanynda bir perizat otyr, patyşa şolbada huşundan gidip, çiň arkan ýykylýar. Bir sagatdan soň huşuna gelip, Haşymy we onuň aýalyny ýanyna çagyryp, öz ýanyndan orun berip, Dürperiniň ýüzüne seredip oturyberýär. Başgalar bilen gep-gürrüňem etmeýär. Onuň bir geplän zady:

— Bu kim? – diýip, Haşymdan soraýar.

Haşym bolsa:

— Meniň aýalym Maýmynbike – diýip jogap berýär.

Uly şazadalar we aýallary seslerini çykaryp bilmän öýkeläp, öýlerine gaýdýarlar. Öýlerinde hem oturman göni Maýmynbikäniň öýüne gidýärler. Maýmynbikäniň maýmyn sypatly eşiklerini tapyp otlaýarlar.

— Heý, haram jadygöý, indi nädäýdiňkäň?! Mundan soň bizi jadylap bilmeseň gerek! – diýşip, hezil edinip gülüşýärler. Bu waka Dürperä aýan bolýar. Ol zöwwe ýerinden turýar. Şol

wagtam patyşa Dürperiniň ýüzüne iýmän-içmän seredip oturan eken. Dürperi ýerinden turandan soň, patyşa hem ýerinden turanyny duýman galýar. Dürperi Haşyma garap:

— Eý, Haşym jan! Men bu näkesleriň derdinden saňa hyzmat edip bilmedim. Elbetde, günämi ötersiň! Seniň içigara ýeňňeleriň meniň maýmyn lybasymy oda köýdürdiler. Indi men bu ýerden gitmeli boldum. Seniň meni söýýänligiň çyn bolsa, onda aýagyňa bir demirden köwüş, eliňe bolsa demirden hasa edin. Haçan-da, demir köwşüňi geýip, demir hasaňy eliňe alyp, meniň soragyma çyksaň, aýagyňdaky demir köwüş ýyrtylsa, ýagny sürtülip gutarsa, deşilse, demir hasaň hem bir tutama gelse, şol wagt meni taparsyň – diýip, bir silkinýär welin, bir gök kepderä öwrülýär duruberýär. Yzyndanam:

— Hoş, Haşym jan! – diýip, asmana göterilip, gözden ýitip gidýär.

Haşym Dürperiniň yzyndan seredip, huşundan gidip ýykylýar. Haşym birnäçe wagtdan soň özüne gelip, derrew aýagyna laýyk demir köwüş tikdirýär we eline hem ykjam demir hasa ýasadýar-da, kepderiniň uçup giden ugruna gidiberýär.

Patyşa bu ýagdaýa Haşymdan beter gynanýar. Ol hem beýhuş bolup ýykylýar. Huşuna gelenden soň, Haşymy soraýar, emma Haşymdan derek tapmaýar, ýöne özüniň uly ogullaryny ýanyndan kowýar hem-de tagtyna çykman, birnäçe günläp ýatýar.

Indi bolsa habary Haşymdan alyň! Ol şol gidişine köp horluklary başyndan geçirip, az ýöräp, köp ýöräp, bir uly gür baglyga baryp ýetýär. Görse, ajap bir çarbag diýýär. Miweleri bişişip, şahalaryndan dökülişip duranmyş. Haýsy iýmişi göwnüň islese, bu çarbagda barmyş, özem edil behişt ýaly. Bu çarbagyň ortarasynda uly howuz barmyş. Görmäge göz gerek diýýär. Şeýle bir owadanlap bejerilenmiş, söz bilen tarypyny beýan eder ýaly dälmişin. Haşym howzuň başynda: «Biraz dem ala-

ýyn» diýip oturýar, birdenem aýagyna gözi düşýär. Görse, demir köwüş sürtülip deşilipdir. Demir hasasyna seretse, olam igläp, bir tutama gelipdir.

Haşym:

— Allajanlarym, bu näme boldugyka! Hany, Dürperiniň wadasy. Ine, köwüş-de gutardy, taýak-da. Indi näme etmeli?! Ýa-da Dürperi meni aldaýdymyka?! Aý, ýog-a, ol aldap bilmez. Sözi sözdür – diýip, köp pikir edip, ahyry şol ýerde uklap galýar.

Şol gün Dürperi hem seýle çykan eken. Özem Dürperiniň haly Haşym janyňkydan hem ýaman eken. Işi gije-gündiz aglamak eken. Haşym jany ýatlap, zary girýan, bagry biryan bolýar eken. Dürperä seýle çykmak bahana, ol Haşymyň gelerine garaşýar eken. «Eger-de Haşym jan meni jany-dili bilen söýýän bolsa, şu gün-erte gara berer» diýip, gözüni şazada Haşymyň ýoluna dikip ýören eken. Emma atasy Dürperini öz agasynyň ogluna bermekçi eken. Dürperi bolsa oňa göwnemän, toý wagtyny yza çekdirip gelýär eken.

Çarbagda seýil edip ýören Dürperiniň ýoly, ine, birden, Haşym janyň ýatan howzunyň üstünden düşýär. Görse, howzuň başynda bir adamzat ýatyr. Baryp ýuwaşlyk bilen syn etse, Haşym jan eken. Dürperi özüni Haşym janyň üstüne oklanynam duýman galýar.

Şazadanyň zähresi ýarylan ýaly bolup oýanýar. Görse Dürperi. Haşym jan: «Wepadarym» diýip, Dürperini gujaklap, özünden gidip ýykylýar. Dürperi hem ýykylýar. Bular birnäçe wagt bihuş bolup ýatanlaryndan soň, özlerine gelip, öpüşip-guçuşyp köp oturýarlar. Dürperi Haşyma garap:

— Eý, Haşym jan, seniň maňa wepalydygyňy öňem bilýärdim, indi-hä hasam göz ýetirdim. Sen meniň yzymdan köp jepalary çekip, köp muşakgatlary başyňdan geçirip, paý-pyýada gelipsiň. Emma bilip goý, bu ýerlere guş gelse, ganatyndan,

gulan gelse, toýnagyndan aýrylýandyr. Meniň atam döwdür, ol rehimsizdir. Ondan hem beteri atamyň uly agasy bar, onda rehim-şepagatdan nam-nyşanam ýokdur. Eger-de gelenligiňi bilse, seni derrew iýer. Ýöne aslym adamdyr. Döw meni, çagakam ogurlap gaçyp gyz edinipdir. Ol meni dünýä taý görýär. Şonda-da Haşym jan, men seniň ugruňda herne bolsam razydyryn – diýip, Haşym janyň ýüzüne garap durýar. Haşym jan durup bilmän, Dürperini gujaklap:

— Ölümden we zulumdan gorkjak adam bu ýerlere sen diýip paý-pyýada gelmez – diýýär. Şeýdip biri-birini gujaklaşyp, köp durýarlar. Ahyry Dürperi:

— Eý, Haşym jan, häzir atam we onuň zalym agasy ýok. Şu ýagdaýdan peýdalanyp, biz seniň ýurduňa gaçaly! – diýýär.

Şazada Haşym köp hoşal bolýar. Dürperi Haşym jany özüniň çarbagyna eltip gaýdýar we:

— Men gelýänçäm, sen şu ýerden hiç ýere gymyldamagyn. Eger-de biri seni göräýse, baryp atamyň doganynyň ogluna habar berer. Ol hem derrew öz atasyny çagyryp, biziň başymyza gan çaýkar. Seni derrew iýerler. Atam meni öz agasynyň ogluna bermekçi, men bolsa oňa razy däl. Seni düýşümde görüp, saňa aşyk bolup, seniň okuň düşen guýusynda mekan tutupdym. Gaýdyp gelenimden soň, meni ýene-de şol myrtara berjek bolýarlar. Atam meni närazy etmejek hem bolýar, emma zalym agasyndan öler ýaly gorkýar. Şonuň üçin hem agasynyň gepinden çykyp bilenok. Men derrew jaýyma baryp, şaýymy tutup, ýol enjamyny edinip geleýin – diýip, Haşymdan rugsat alyp gidýär.

Dürperiniň bir enekesi bardy. Onuň jadylykda deňi-taýy ýokdy. Ol Dürperiniň hemme syrlaryny bilýärdi. Dürperi şol enekesiniň ýanyna baryp, ýüzüni sallap durýar. Kempir başyny ýokary göterip, Dürperiniň ýüzüne garasa, özi tukat ýaly hem bolsa, gözüniň gülüp duranyny we göwrüminiň giňdigini der-

rew bilýär. Özüniň hem örän möhüm iş bilen gelendigini duýýar. Şeýle hem bolsa muny närazy etmäýin diýip:

— Ýeri, gyzym, habaryňy ber! Nähili şatlygyň üstünden bardyň? Ýa-da Haşym jan geläýdimi? – diýip, lah-lah edip gülýär. Dürperi wakany gürrüň berýär we: «Meni Haşym bilen ýola salaweri!» diýip, enekesiniň boýnundan gujaklap, köp aglaýar. Kempiriň rehimi gelip, Dürperiniň maňlaýyny sypalap:

— Eý, gyzym, men seniň islegiňi ýerine ýetirmäge hemişe taýýar. Nähili ýola düşmekçi bolsaň, aýdyp otur! – diýýär.

Onda Dürperi:

— Men Haşym jan bilen şolaryň ýurduna gitmekçi. Bizi ýola salyp, pata bergil! – diýýär.

Kempir «Hoş, bolýar» diýip, iki elini biri-birine urýar weli, şol wagt bir keniz peýda bolýar. Kempir kenize garap:

— Uzak-uzak ýollara gider ýaly, hemme eýer-esbaplary bilen iki sany at taýýarlaň – diýýär. Keniz «Hoş, bolgaý» diýip, çykyp gidýär.

Kempir:

— Eý, guzym, seniň ataň we onuň agasy suwy tersine akdyrýan jadygöýdir. Olardan gutulmaga şu düwünçekler peýda berer. Yzyňyzdan kowgy nyşanyny göreniňizde, ýagny birinji gezekde, şu gök düwünçegi ýere ur, ikinji gezek göreniňizde, sary düwünçegi ýere ur, üçünji gezekde, gara düwünçegi ýere ur, dördünji gezekde, ak düwünçegi we bäşinji gezekde, mawy düwünçegi ýer ur – diýýär.

Onýança gapydan hälki keniz gelip, atlaryň taýýar bolandygyny habar berýär. Kempir bilen Dürperi derrew atlary alyp, Haşym janyň ýanyna barýarlar. Kempir adamzadyň wepalylygyna haýran galýar we bularyň bir kemsiz ýol şaýlaryny tutup ugradýar. Aradan birnäçe wagt geçenden soň, Dürperiniň atasy awdan gelýär, emma Dürperini görmeýär. Ýüregine howsala

düşüp, gözlemäge başlaýar. Dürperiniň Haşym jana duşan howzunyň ýanyna gelende, agasy hem gelýär. Ol derrew:

— Bu ýerlere adam ogly adamzat gelipdir, onuň ysy bar – diýip, gygyryp başlaýar. Bular Dürperiniň şol gelen adam ogly adamzat bilen gaçandygyny derrew bilýärler. Agasy Dürperiniň atasyna garap:

— Ýeriň deşigine girenem bolsa, asmana uçanam bolsa, tapyp, alyp gel – diýenden, Dürperiniň atasy asmana göterlip, olaryň yzyndan kowmaga başlaýar.

Şazada Haşym bilen Dürperi eýýäm birnäçe çölleri-düzleri, derýalary-deňizleri geçipdiler. Dürperi: «Yzymyza ýere we asmana häli şindi garap gel, üýtgeşik zat göräýseň, derrew maňa aýt» diýip Haşyma berk tabşyran eken. Birden şazada Haşym yzyndan asman bilen bir ak buludyň ýetip gelýändigini görüp, Dürperä habar berýär. Dürperi gök düwünçegi ýere urýar weli, Haşym we Dürperi atlary bilen iki sany guýy, iki guýynyň arasynda  bir nowa we bir gowa bolup duruberýärler. Dürperiniň atasy bulary näçe gözlese-de, tapyp bilmän, yzyna gaýdyp gelýär. Agasy oňa:

— Hany, olar? – diýip azgyrylýar.

— Näçe gözlesem-de, hiç kimi tapmadym – diýip, ol agasyna aýdýar. Agasy:

— Heý bir gözüňe ilen zat boldumy? – diýip, gyzyň atasyndan soraýar. Ol:

— Itgyranyň çölünde iki sany guýy we ikisiniň arasynda bir nowa hem bir gowa gördüm – diýip jogap berýär.

— Wah, akmagyň biri akmak, olar jady bilen sypatlaryny üýtgeden ekenler. Eglenme-de gören zatlaryňy alyp gel – diýip, agasy Dürperiniň atasyny ýene kowgy edip yzyna iberýär.

Şazada Haşym bilen Dürperi ýene öz keşplerine girip, şalar ýurduna garşy gidip barýarkalar, Haşym ýene-de bir buludyň peýda bolanyny görüp, Dürperä habar berýär.

Onda Dürperi:

— Durumy ýa-da dumanlymy? – diýip soraýar. Şazada Haşym bolsa:

— Dury – diýip jogap berýär.

Dürperiniň durumy ýa-da dumanly diýip soramagynyň öz sebäbi bar eken. Eger-de dumanly diýse, onda ol gaty gorkjakdy. Sebäbi ol atasynyň agasy bolmalydy. Emma bu gelýäniň ýene öz atasydygyny bilip, derrew sary düwünçegi ýere urýar. Gawun joýasy hem biýarasy, şol biýarada bolsa iki sany terne emele gelýär. Hälki bulut üstlerinden şaglap geçip gidýär. Bir salymdan soň yzyna şaglap geçip gidýär. Bulut gözden ýitenden soň, bular atlaryny tiz sürüp, öz ugurlaryna gidiberýärler. Dürperiniň atasy ýene-de: «Tapmadym» diýip, agasynyň ýanyna barýar. Agasy: «Ýolda näme gördüň?» diýende, ol:

— Şol aňyrky çöllükde bir joýa, ol joýada giden gawun biýarasy we iki sany terne göründi, başga zat görmedim – diýýär.

— Wah, akmak, hut şolaryň özi eken, sypdyrypsyň, seniň eliňden zat geljek däl, hany göreýin sypyşlaryny! – diýip, özi ýola düşýär. Emma onýança Haşym jan bilen Dürperi şazada Haşymyň atasynyň galasynyň derwezesine ýakyn gelen ekenler. Şol wagt bularyň arkasyna ýagyş damjasy damyp ugraýar. Dürperi yzyna seretse, yzlaryndan tozanly-çagbaly bulut ýetip gelýär eken. Derrew gara we ak düwünçegi ýere urýar. Şeýle bir zenzele gopýar, şeýle bir zenzele gopýar, edil iki dag çakyşan ýaly bolýar. Dürperi ýene-de yzyna seredip: «Wah gelýäle!» diýip, mawy düwünçegi aýlap, yzyna zyňýar we köşgüň içine girip, Haşym bilen ikisi hem alma bolup togalanyp baryp, hersi patyşanyň bir goltugyna girýär. Köşgüň içindäki adamlar bu wakany görüp haýran, bolup durýarlar.

Şol wagt döw adam sypatynda köşge girip, patyşanyň gaşyna barýar hem-de:

— Eý, patyşahym! Siziň goýnuňyza düşen iki alma meniň elimden gaçdy. Şolary berseňiz – diýýär! Onda patyşadan öňürti weziri:

— Tagsyr, bermegin! Olar seniň öz jiger-paraňdyr. Haşym jan bilen Dürperidir – diýip, özüni döwüň üstüne oklaýar. Ol wezir jady sapagyna-da ökde eken. Onsoň derrew döwi sypdyrman daňyp, jadylap öldürýär. Patyşa bolsa ogly Haşymyň we gelni Dürperiniň sag-aman gelenine begenip, täzeden uly toý berýär. Şeýlelik bilen, olar maksat-myratlaryna ýetýärler.

## ADYL ŞA

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň patyşalyk edýän welaýaty örän uly bolup, raýaty hem örän kän eken. Onuň ilatynyň asyl käri daýhançylyk, maldarçylyk, balykçylyk bolup, gaýry her tüýsli hünärmentçilik işleri bilen hem meşgullanypdyrlar. Bu patyşa örän rehimdar hem sahy bolup, ýurdy hem örän adyllyk bilen dolandyrar ekeni. Şonuň üçin aslynda ady başga bolsa hem ilaty agzybirlik hem hormat bilen onuň adyny Adyl şa diýip tutar ekenler. Onuň ömrüniň uzak bolmagyny Biribardan dileg eder ekenler.

Adyl şa örän köp ýaşapdyr we ýurdy dolandyrypdyr. Patyşanyň iki ogly we dört gyzy bolupdyr.

Garran çagynda patyşanyň iki gözi kör bolupdyr. Şol sebäpli hem onuň gaýgy-gamy, pikiri aý-ýyl geldigiçe barha artyp başlapdyr. Ahyr hem nätjegini bilmän, ýurdunyň ähli ulamalaryny, gurrandazlaryny, alymlaryny, tebiplerini we wezirlerini öz ýanyna çagyrypdyr. Olary bir kemsiz naharlap, özara gürrüňleşip oturkalar:

— Gözi körlük belasyndan halas bolmagyň alajyny tapyň — diýip, wezir-wekillerine pugta tabşyrýar-da, rugsat berýär.

Gurrandazlar pylança gije-gündizläp gurra taşlap, alymlar, ulamalar we bilimdarlar kitaplaryny agtaryşyp, tebipler öz okan ylymlaryny peýdalanyp, patyşanyň ýanyna gelýärler-de, «Pylan deňizde balyklaryň serkerdesi bar. Ol aýratyn uly hem örän ýaraşykly bir ak balyk. Şol balygyň ýagyndan ýedi gün gözüňe

çalsaň we etinden iýseň, gözüňiziň ikisi hem ýaşlygyňyzdaky ýaly bolýar, güýjüňiz hem pylança esse artýar» diýýärler.

Patyşa şeýle begençli habary eşidýär-de, balyk tutmaga iň ökde adamlary çagyryp we öz kiçi ogluny olara baştutan edip: «Balygy tutup getiriň» diýip tabşyrýar.

Ýolagçylyr öz balyk tutýan gurallarynyň hemmesini we ençeme günlük azyk şaýlaryny tutup, hälki taryply ak balygy tutmaga ugraýarlar. Şol ak balygyň bolýan ýeri diýilýän deňziň gyrasyndaky tokaýyň içine baryp düşýärler. Bir gün arkaýyn ýatyp dynçlaryny alýarlar we balyk tutýan gurallaryny peýdalanaýmaly edip goýýarlar. Ertesi ýatyp turanlaryndan soň, bütin üç günläp deňze tor taşlaýarlar. Bularyň torlaryna düşýän balyk nägadar kän hem uly bolsa-da ak balyk düşmeýär. Soňra tor taşlaýan ýerlerini üýtgedip, dördünji gün hem dürli-dürli ýere taşlaýarlar. Torlaryň birinden özgesini çykaryp görýärler, özlerine gerek balyk ýok. Iň soňky, iň uly tory çekýärler welin, onuň agramy öňkülerden iki esseden hem zyýat bolupdyr. Onuň içinden ownuk balyklar bilen birlikde başga has uly, çuw-ak, gözleri bag çebşiňki ýaly ýaldyraşyp, aýratyn ýaraşykly şöhle berip duran balygy çykarypdyrlar. Onuň üçin hem beýleki balyklaryň hemmesini deňziň içine goýberip, hälki uly we ak balygy saklaýarlar. Tory deňizden we balygy tordan çykarýarlar.

Patyşanyň ogly balygyň töweregine birnäçe gezek aýlanýarda, dözmän:

— Balygy yzyna, derýaň içine goýberiň. Aňrujy açyljak bolsa, atamyň gözi şunuň eti-ýagy bolmanda-da açylar. Atamyň gözüni açjak bolup, bu nazarkerde balygyň janyna kast etmek ynsaba sygýan zat däl – diýýär.

Şonluk bilen hem balygy deňze goýberip, adamlaryň hemmesini yzyna iberýär. Adamlaryň arasyndan birine:

— Atama işleriň bolşuny we meniň eden işimi aýdyň we onuň maňa diýen zatlaryny bolsa öňümden çykyp duýduryň, çünki, gaharlanyp, meni öldürmekçi bolsa, şähere barman, başga ýurda gaçyp gitmegim zerur. Häzir bolsa pylan wagt, pylan ýere bararyn – diýip, olardan galýar. Balykçylar yzlaryna gaýdyp, patyşanyň ýanyna baryp, gören-eşiden zatlarynyň hemmesini aýdýarlar.

Patyşanyň ozal hiç bir zada gahary gelmeýän hem bolsa oglunyň atasyna rehim etmän, balyga rehim edişine gaharlanyp:

— Hany, ol, nirä gitdi, nirde bolsa tapyň, oňa ölüm jezasyny bermeli – diýip, wezirlerine tabşyrýar.

Patyşanyň bu buýrugyny eşidip, patyşanyň oglunyň hälki tabşyran adamy onuň boljak diýen ýerine barýar. Ol ýerde oňa patyşanyň «tapmaly we öldürmeli» diýen buýrugyny aýdýarda, yzyna gaýdýar. Patyşanyň ogly hem ir gününi giç etmän, balyk tutmaga giden ýoly bilen yzyna gidýär. Uzyn gün ýol ýöräp, gün ýaşyp garaňky düşenden soň, tokaýyň gür ýerinde bir ýogyn we uzyn agajyň üstüne çykyp ýatýar. Ol gijäniň ertesi hem daň atyp, guşlar saýraşyp başlan wagtynda, agaçdan düşüp, öz ugruna gidýär. Ol gün az ýöräp, köp ýöräp, gün agandan soň, bir ýerde oturyp nahar edinýär we az kem dynjyny alýar-da, ýene ugraýar. Şeýdip, birnäçe gün ýol ýöreýär.

Bir gün bir ýerde dynç alyp, nahar edinip otyrka, görmegeý we daýaw bir ýigit gelip, oňa salam berýär we amanlyk-saglykdan soň, patyşanyň ogluna ýüzlenip:

— Meniň hem ugrum şeýläk. Razy bolsaň, ikimiz ýoldaş bolup gideli! – diýýär.

Patyşanyň ogly hem ýoldaş tapylanyna begenip:

— Ýekelikden käýinip gelýärdim. Ýoldaş bolsaň, örän gowy – diýýär.

Ýalňyzlykdan hernäçe ýol ýörese hem ýol önmeýän ýaly bolup, wagtyny tukatlyk bilen geçiren ýigit täze ýoldaşy bilen ýol öndürip başlaýar. Ol wagtynyň näzeýilli geçýändigini hem duýmaýar. Ahyr az ýöräp, köp ýöräp, aradan birnäçe gün geçenden soň, başga bir ýurduň çetinden girip başlaýarlar. Gije bir obanyň sygyr çopanynyň öýüne baryp, bir gije myhman almaklaryny haýyş edýärler. Çopan: «Garyp durmuşyma kaýyl bolsaňyz, gözüm üste ornuňyz bar. Men hiç wagtda hem Taňry myhmanyndan ýüz dönderen däldirin» diýýär-de, myhman alýar we bary bilen bazar eýläp, myhmanlary naharlaýar. Şonuň bilen birlikde gürrüň arasynda:

— Biziň patyşamyzyň örän owadan, akylly, ýetişip oturan bir gyzy bar. Ol gyz kämillige ýetip başlanyndan beýläk birjik hem geplemeýär. Şanyň özi hem: «Gyzymy gepledip bilene berjek» diýip, üsti-üstüne jar çekdirýär. Gyzy gepletjek bolup synanyşýan dilewar adam nägadar kän bolsa-da, şu çaka çenli ony gepledip bilýän adam ýok – diýýär. Iki myhman: «Bu nä hoş habar ekeni, bagtymyzy synap göreli» diýýärler-de, bu gije bu ýerde ýatýarlar. Ertiri ir bilen el-ýüzlerini ýuwup, nahar edinýärler-de, myhman ýerlerinden patyşanyň köşgüne näçe ýol galanyny we günüň näwagtynda oňa barmak bolýandygyny soraýarlar. Muny myhman ýerlerinden doly anyklanlaryndan soň, iki ýoldaş öý eýesi bilen hoşlaşyp, patyşanyň köşgüne tarap ugraýarlar. Bular birnäçe gije-gündiz ýol ýöräp, ençeme daglardan hem derýalardan geçip, ahyry patyşanyň ýaşaýan şäheriniň çetinden girip başlaýarlar. Kaşaň jaýlaryň diwarlarynyň ýüzüne: «Patyşanyň ýetişip oturan gyzy düýbünden gepläp bilmeýär. Kim gepledip bilse, gyzy şoňa berjek» diýlen buýruk ýelmenipdir.

Iki ýoldaş buýrugy okap, meýhana barýarlar, nahar edinýärler we ukudan göwünlerini hoşlap, pylança saklawyň üstünden geçip patyşanyň köşgüne barýarlar we öz maksatlaryny aýdýar-

lar. Patyşanyň özi hem gyzynyň ençe ýyldan bäri düýbünden gepläp bilmeýändigini we ony gepledip bilene ullakan toý edip, gyzyny berjekdigini mälim edýär.

Soňra patyşa ýanyna wezirlerden birini we ol iki ýigidi alyp, gyzynyň ýaşaýan jaýynyň gapysyndan baryp, oglanlaryň maksadyny aýdýar. Soňra özi weziri bilen gapynyň daş agzynda durýar. Gyzyň yşarat etmegi bilen şazada onuň ýanyna baryp oturýar. Ýoldaşy bolsa gapynyň iç agzynda eli syrma-gylyçly durýar.

Gyzyň ýanyna baryp oturandan soň, patyşanyň ogly oňa özleriniň başga bir döwletden iki adam bolup gelendiklerini, käbir zatlaryň üstüni açaslarynyň gelýändigini, ony bolsa diňe patyşanyň akylly gyzynyň açyp biljekdigini aýdandyklaryny gürrüň berýär:

— Onuň üçin hem zähmet bilmän, şol zatlaryň näzeýilli edilmelidigini aýdyp, indi bolup biljek betbagtlykdan birnäçe adamy halas etmegiňizi haýyş edýärin – diýip, ýigit gyza ýüzlenýär. Soňra gyzyň aýdyň diýip, yşarat etmegi bilen, şu aşakdaky wakalary gürrüň berip başlaýar.

Biziň ýurdumyzda iki sany dost bolup, nämälim sebäbe görä, olaryň ikisi bir ýerde otyrkalar, öz başlaryny kesipdirler. Olaryň biriniň gelni bar eken. Ol gelin hem bularyň bolup ýatyşlaryny görüp, ýarym-ýaş aglap, ýüzüni ýyrtmaga we saçyny ýolmaga başlaýar. Ahyr hem nalaç bolup, bu hem ol ýerde ýatan päki bilen öz başyny kesmekçi bolýar. Şol halatda: «Päkini taşla, oglanlaryň başlaryny ýerli-ýerinde goý, olara jan beriljek» diýen owaz eşidilýär.

Ol gelin bu owazy eşidýär-de, howlukmaçlyk bilen hälki kesilgi ýatan başlary ýerbe-ýer edip goýýar. Emma bilmezlikden adamsynyň kellesini dostunyň göwresine we dostunyň kellesini adamsynyň göwresine goýýar. Şol halatda ol iki dostuň ikisi hem janlanyp, asgyryşyp turýarlar.

Bular asgyrşyp turmak bilen biri-biriniň ýüzlerine örän geň galyşyp seredişýärler.

Gelin görgüli haýsysyny saýlajagyny bilmän, sermisar bolup galýar. Şol gelniň dostlaryň haýsysynyňky bolmalydygyny biziň ýurdumyzda hiç kim çözüp bilmedi. Gelin şu wagta çenli hem ýalňyz horlanyp ýör. Mundan başga-da ýene-de bir çözüp bilmedik meselämiz bar. Biziň şäherimizde bir agaç ussasy, kümüş ussasy, tikinçi, aýakgap ussasy we bir molla – bäşisi ýoldaş bolup, başga bir ýurda ugraýarlar. Gidip barýarkalar gije bir tokaýda düşleýärler. Olar tokaýda ýyrtyjy köp bolandan soň, gezekli-gezegine garawulçylyk çekýärler. Ilki agaç ussasy garawul bolýar. Hälki agaç ussasy garawulka boş oturman, agaçdan örän owadan, ýaraşykly, gözleri gülüp duran bir gyzyň şekilini ýasaýar. Tikinçi hem öz garawulçylyk nobatynda ony her tüýsli oňat gymmatbaha geýimler bilen geýindirýär. Kümüş ussasy ony her tüýsli oňat gyzyl şaý-sepler bilen bezeýär. Aýakgap ussasy-da beýik ökjeli gyrma köwüş geýdirýär. Molla hem garawul duranda, Hudaýa ýalbaryp, ol gyzyň janlanmagyna sebäp bolýar. Bu gyzyň janlanmagy bilen bäş ýoldaş hem: «Bu gyzy men alaryn-da, men alaryn» bolşup, dawa tutýarlar. Ol dawany çözmek üçin, köp ýere ýüz tutýarlar. Hatda ýurduň kazysy hem bu dawanyň üstüni açyp bilmeýär. Bularyň hemmesiniň hem arasynda ölüm-ýitimiň bolmagy-da bolup biljek zat. Şonuň üçin hem bularyň dawasyny gyssagly çözmegiňi haýyş edýärin – diýip, patyşanyň ogly gyzyň jogap bererine garaşyp oturýar.

Hälki pylança ýyldan bäri geplemän oturan gyz ullakan-ullakan ardynjyrap: «Kellesiz göwre boş gap hökmünde gury läş bolar. Onuň üçin hem ol gelniň äriniň kellesi nirede bolsa, gelni şonuňky bolar» diýeninden, gapynyň daş agzynda duran patyşadyr wezir jaýyň içine girenlerini hem duýman galýarlar.

Patyşanyň gyzy ýene sakynman:

— Jansyz ýatan läşden hiç kime peýda bolmaýanlygy üçin, ol gyz hem jan beren mollanyňky bolar – diýip jogap berýär.

Bu ýagdaýa atasy gyzyndan hem beter begenip, derrew ýanyndaky wezirini beýleki wezirlerini çagyrmaga iberip, özi hem bu iki myhman oglany öz jaýyna alyp gidýär. Aýalyny hem derrew gyzynyň ýanyna ýollaýar. Kenizlere hem derrew her dürli tagamly naharlary getirmegi tabşyrýar. Özi-de hälki oglanlar bilen nahara garaşyp oturýar. Şol halatda wezirler hem etek alty, ýeň ýedi, haýdaşyp ýetip gelýärler. Bular hem ellerini ýuwup, nahara garaşyp oturýarlar. Patyşanyň gatnaşmagy bilen nahar iýýärler. Soňra hem özara gürrüňe başlaýarlar. Şonluk bilen myhmanlaryň kimdiklerini we nätüýslülik bilen bu ýurda gelendiklerini bilýärler-de, gyzyň bagtyna we patyşanyň göwün hoşlugyna bir söý bilen gelen myhman hökmünde begenýärler.

Bu wakadan soň patyşanyň ygtyýar bermegi bilen gaznadan pul alyp, wezirler toý enjamyny tutýarlar. Bu gije bir tarapdan patyşanyň oglunyň ýoldaşynyň ýolbaşçylygynda şäheriň ähli begzadalary ikinji tarapdan patyşanyň gyzynyň kenizekleriniň ýolbaşçylygynda ähli gelin-gyzlar molla nika gyýandan soň, patyşanyň ogluna şazada geýimine geýindirip, ony patyşanyň gyzynyň ýatýan jaýyna eltip, gyzy oňa elinjek tabşyryp: «Akgök geýdirme, arpa çörek iýdirme, aýakla depdirme, agyzla gapdyrma» diýşip, ýene-de toý jaýyna dolanyp gelýär. Bu ýerde her dürli oňat naharlardan iýýärler, içýärler we tä daň atýança, saz çalyp, aýdym aýdyp, keýp çekýärler. Ol günüň ertesi gün dogup asmana galýar, gün guşluk bolanda toý märekesi üýşüp başlaýar, wezirler hem üç ineri her dürli gymmat baha matalardan we üç sany ullakan horjuny puldan dolduryp, toý meýdanyna gitmäge häzir bolup durýarlar. Patyşa hem myhmanlary bilen üpjün bolup, müner ýaly ata garaşýarlar. Patyşanyň aýaly hem gyzyna, kenizeklere, şäheriň hemme begzadala-

rynyň aýal-gyzlaryna baş bolup, toý meýdanyna çykmaga taýyn bolup durýar. Şol halatda patyşanyň ygtyýar bermegi, wezirleriniň öňe düşmegi bilen aýal-erkek toýçy märäkäniň hemmesi toý meýdanyna ýer süýşen ýaly bolup ugraýar. Patyşanyň özi myhmanlara we ähli atly hem ýaragly nökerlerine baş bolup, toýa gelenleriň hemmesiniň yzyndan ugraýar. Patyşanyň aýaly hem aýal-gyzlara baş bolup, patyşanyň yzy bilen ugraýar.

Toý meýdanynda toýçular iki ýan tarapda durýarlar, toýhana-da bellenilýär, mynasyp adamlardan üç adamdan ybarat dellal bellenilýär, gözel ýyndam atlar goşulyşyp başlaýar we ozan atlar oňat sylaglanýar. Olara baýrak berilýär. Toý üç günläp dowam edýär. Üç günläp saz çalnyp, aýdym aýdylýar.

Toý sowlup, aradan birnäçe gün geçenden soň, giýewisi we onuň ýoldaşy bilen nahardan soň dynç alyp otyrkalar, patyşa giýewisine: «Gyzymyň, meniň we aýalymyň pikirimiz, islegimiz siziň ikiňiziň hem biziň ýurdumyzda galmagyňyz. Aňrujy razy bolsaňyz, onda siziň üçin, öz köşgümiň alkymynda köşk salyp berjek, ýoldaşyňa öz halan gyzyny alyp berjek-de, öz maşgalam ýaly agzybirlikde ýaşajak. Hiç bir zatda kemiňizi goýman, öz eliňiz – öz ýakaňyz etjek. Muňa hem razy bolman, hökman öz ýurduňyza gaýtmakçy bolsaňyz, onda kem-kemden, howlukman, siziň ýol enjamlaryňyzy tutup başlajak» diýýär. Giýewisi: «Şeýle uly hormatyňyz üçin sag boluň, biziň öz Watanymyza gaýtmagymyz gerek. Siziň eden ýagşylygyňyz ölinçäk ýadymyzdan çykmaz» diýip jogap berýär.

Patyşa gyzynyň we giýewisiniň ýol enjamyny tutup başlaýar. Gyzyna her dürli gymmatbaha daşlar, örän kän mal iýnji taýýarlaýar. Giýewisini we onuň ýoldaşyny her dürli şazada geýimler bilen sylaglaýar. Ahyrda hem gyzynyň ýanyna kenizleriniň birentegini, ýola salmak üçin elli sany iň batyr hem gaýduwsyz atly-ýaragly adamlaryny goşup, gyzyny giýewisi bilen ýola salmakçy bolýar. Gyzy üçin iň gowy ýelmaýanyň

üstünde kejebe gurýar. Giýewisiniň we onuň ýoldaşynyň atlaryny bezeýär, özi hem ýüzlerçe atly-ýaragly nökeri bilen, aýaly hem ýanynyň kenizleri bilen olary ugratmaga taýyn bolýar.

Sähetli günleriň birinde patyşa ugradýanlaryň öňüne düşüp, şäherden çykyp ugraýar. Şeýle tertipde ullakan şadyýanlyk bilen tä gün ýaşýança olary ugradýar. Gün ýaşyp, garaňky düşensoň, bir obanyň çetinde düşüp, ol gije şol ýerde bolýarlar. Ol gije we ertiri gyzyna, giýewisine we olara janpena hökmünde iberýän adamlaryna tabşyrjak zatlaryny aýdyp, olary ugradýar, özi hem ýoldaşlary bilen yzyna şäherine gaýdýar.

Patyşanyň giýewisi ýoldaşy bilen kerweniň başyny çekip, az ýöräp, köp ýöräp, öz şäherlerinden balyk tutmak üçin deňziň ýakasyna gelen ýerine ýetýärler. Bu ýerde düşüp, dynç alýarlar, nahar edinýärler, ýene ýüklerini ýükleşdirip, ugramakçy bolanlarynda, hälki ýoldaşy:

— Indi maňa rugsat ber, men bu ýerde galmalydyryn. Meniň Watanym, ine, şu deňziň içidir. Men seniň birnäçe wagt mundan ozal, ýoldaşlaryň bilen gelip, şu deňizden tutan we öldürmän, ýene deňziň içine goýberen balygyňdyryn. Şol eden ýagşylygyň üçin, saňa ýoldaş boldum. Seniň eden ýagşylygyňy entek ödäp bilmedim. Aýby ýok, zerur bolsa we miýesser bolsa, tä ölýänçäm, seniň gadyryňy bilerin, ýadymdan çykarmaryn. Şu ýagy al-da, kakaň gözüne sürt hem iýdir. Onuň gözleri açylar, özi-de kyrk ýaşyndaky sypatyna geler — diýip, oňa epesli balyk ýagyny uzadýar.

Patyşanyň ogly bu ýagdaýa geň galýar we bialaç bolup, onuň bilen hoşlaşýar. Onuň beren ýagyny alýar-da, ýoldaşlary bilen öz şäherlerine ugraýar. Ýoldaşy hem şol ýeriň özünde balyk sypatyna öwrülip, suwa çümüp gidýär.

Patyşanyň ogly az ýöräp, köp ýöräp, öz şäherlerine golaýlaşýar-da, obanyň bir ýan çetinde düşleýär. Bu gije bu ýerde galýar-da, ertesi bir wepadar adamy atasynyň ýanyna buşlukçy

edip iberip, özüniň nähili ýagdaýda gelýändigini aýtmagyny tabşyrýar. Buşlukçy şol günüň özünde şähere ýetip, patyşa:

— Buşluk ogluňyz gelýär, meni size buşlukçy edip iberdi. Ýanynda gelni, birnäçe kenizi we elli sany atly-ýaragly gaýduwsyz esgeri bar — diýip habar berýär. Patyşa hem buşlukçyny gymmatbaha zatlar bilen sylaglap we halat-serpaý berip, uly ogluny we wezirlerini gelýän oglunyň öňünden çykyp, alyp gelmäge iberýär. Olar orta ýolda gelýänleriň öňünden çykyp, amanlyk-saglyk soraşanlaryndan soň, ullakan şadyýanlyk bilen atasynyň ýanyna alyp gelýärler.

Gaýnatasynyň ygtyýar bermegi bilen gelin kenizleri bilen bir köşkde ornaşýar. Atly-ýaragly adamlar hem myhmanhanada düşleýärler. Bu gije oňat nahar iýmek we şadyýanlyk etmek bilen geçýär. Hemmeler öýli-öýüne gidip, gijäniň köpi geçenden soň, patyşanyň ýalňyz özi galanda, täze gelin alyp gelen kiçi ogly balygyň ýagyny çykaryp, kakasynyň göreçlerine çalýar. Kakasynyň gözleri 30-40 ýaşyndaky adam ýaly, hemme zady oňat görýär. Begenjinden dünýä täzeden gelen ýaly bolan şa ogluny gujaklap, ýüzünden-gözünden öpýär. Ogly balygyň ýagyny atasyna iýdirýär. Atasynyň saç-sakgaly garalýar. Küýkeren bili gönelýär we 30-40 ýaşly «men» diýen ýigide öwrülýär. Hälki ýagdan kakasyna bermän goýan bir bölejigini hem ejesine berýär. Ol hem derrew iýip, ýigdelýär we saçlary garalýar. Olaryň hemmesi-de dünýä täze gelen ýaly bolşup, daň atýança ýatmaýarlar.

Ertirden soň patyşa wezirlerini ýanyna çagyrýar. Wezirleri ilki şany tanamaýarlar, soň tanap, patyşalarynyň şeýle derejä ýetmegine çaksyz begenýärler. Soňra bolsa patyşanyň buýrugy boýunça ýedi gije-gündizläp toý enjamyny tutup başlaýarlar. Çar tarapa çapar ýollaýarlar. Toý habary dünýä ýaýraýar. Ýedi gije-gündizläp at çapdyryp, altyn gabak atdyryp, pälwanlara

göreş tutdurýarlar. Märäkäniň, aýdym-sazyň şowhuny asmana galýar.

Ýedi gije-gündizläp tutulan toýdan soň, şazadanyň janpenasy bolup gelen elli sany atly-ýaragly adam hem patyşanyň her dürli sylagyny we gudasyna ýazan hatyny, sowgat-salamyny alyp, yzlaryna gaýdýarlar. Patyşa öz köşgüniň alkymynda bu ogly üçin aýratyn oňat köşk saldyrýar-da, ogluny, gelnini we kenizeklerini şol köşge göçürýär. Oglunyň kömegi bilen ozal öz başyny kesip, soň direlen oglanlary we agaçdan gyz ýasap, ony janlandyran ussalary, dawaly gelni we gyzy ýanlaryna çagyryp, olaryň kimiňki bolmalydygyny mälim edýär. Olar hem täzeden toý tutup, öz gelinleri bilen maksat-myratlaryna ýetýärler.

## KELJE[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtda üç ogully bir garry adam bar eken. Günlerde bir gün bu garry ogullaryny çagyryp:

— Men ölemsoň, her biriňiz meniň mazarymy üç günläp saklaň! – diýip wesýet edipdir. Aradan esli wagt geçensoň, ýaňky garry amanadyny tabşyrýar. Ogullary atalaryny jaýlap, onuň mazaryny saklamaga başlaýarlar. Mazary ilki uly ogly saklaýar. Ol kirpiklerini gyrpman, daňy atyrýar. Emma hiç zat görmeýär. Daň saz berip başlaýar weli, bir gara atly gara döw hasanaklap gelýär. Ol mazaryň golaýyna gelip: «Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar» diýýär. Emma ses-üýn çykmaýar. Oglan gorkusyna çöp-çörlere bukulýar-da, ýatyberýär. Döw bolsa garrynyň mazaryny agdar-düňder edýär-de gidiberýär. Onsoň ýaňky oglan ýalançy ýagtylandan soň, mazary täzeden bejerişdirýär-de, öýe gaýdýar. Doganlary ondan:

— Näme gördüň? – diýip soraýarlar. Ol hiç zat görmedim – diýip jogap berýär.

Ikinji gije hem gije ýarym bolanda, bir gyr atly döw gelýär. Ol hem: «Adam adam ysy bar, adamzadyň pisi bar» diýýär. Oglan bu gezegem gorkup, ýene-de çöpe-çöre bukulýar ýatyberýär. Döw ses-seda çykmansoň, garrynyň mazaryny agdaryşdyrmaga başlaýar, ýykan-ýumran edýär-de, gidiberýär. Oglan

[1] Türkmen halk ertekileri. III jiltlik, II. j., Aşgabat, «Ylym», 1979.

bolsa ol gidensoň, ýene-de mazary bejerişdirýär-de, öýlerine gelýär. Doganlary ondan:

— Näme görüp-eşitdiň? – diýip soraýarlar. Ol hem ýene:

— Hiç zat görüp-eşidemok – diýýär.

Şeýdip, ol üçünji gezek saklamaga gidýär. Bu gije mele atly mele döw gelýär-de, öňki döwleriň edişi ýaly, garrynyň mazaryny ýykyşdyryp gidýär. Oglan ýene-de bejerişdirip, öýlerine gaýdýar. Doganlaryna-da hiç zat aýtmaýar.

Gezek ikinji oglana ýetýär. Ol hem her gün uly doganynyň gören zatlaryny görýär. Emma ol hem her gezek döwüň ýykanlaryny bejerip gaýdýar-da, doganlaryna hiç zat aýtmaýar. Şeýdip, bu hem öz gezegini geçirýär.

Gezek kiçi doganlary Keljä ýetýär. Kelje atasyndan galan bir jonnuk gylyjy alyp, doganlarynyň ýatan ýerinde ýatýar. Gije ýarym bolanda, bir gara atly döw gelýär-de:

— Adam adam ysy bar, adamzadyň pisi bar – diýýär.

Kelje hem:

— Bardyryn, döw aga – diýip seslenýär. Döw:

— Atyş gerekmi, tutuş? – diýýär. Kelje:

— Atyş ataň başyna, tutuş gerek – diýýär. Ikisi garpyşýarlar. Köp wagt geçmänkä, Kelje döwi ýere ýazýar-da, jonnuk gylyjy bilen onuň kellesini kesýär. Soňra onuň egin-eşigini, atyny alyp, bir çola ýerde gizleýär.

Ertesi doganlary ondan näme görüp eşidenlerini soraýarlar. Kelje-de:

— Hiç zat göremok – diýýär. Ikinji gün ýatýar. Gije ýarym bolanda, mele atly mele döw atyny debisläp, mazara ýakyn gelende, aty diýen etmeýär, yza tesýär. Atynyň yza tesişini geň görüp:

— Näme adamzadyň ysyny alýarsyňmy? – diýýär. Şol wagt Kelje:

— Alsa alýandyr – diýip, ýerinden turýar. Kelje munuň bilenem tutuşyp, kellesini kesýär. Munuň-da egin-eşigini, atyny alyp, öňki atyň ýanyna salyp goýýar. Öýe gelip, doganlaryna:

— Ýene-de hiç zat görmedim – diýip, ýalan sözleýär.

Üçünji gün Kelje gyr atly döw bilen urşup, jonnuk gylyjy bilen bu döwüň-de kellesini alýar. Şeýlelikde, Kelje munuň hem egin-eşiklerini, atyny alyp gidýär. Öýüne gelse, jarçynyň: «Patyşanyň üç sany gyzy bar. Kim-de kim patyşanyň üç şertini bitirse, gyzlaryny şoňa berjekdir» diýen sesini eşidýär.

Şanyň birinji şerti: Başy al-asmana ýetýän bir agajyň başynda kiçijik jaňjagaz asylgymyş. Ol çalaja görünýärmiş. Kim şony atyp gaçyryp bilse, uly gyzyny berjekmiş.

Patyşanyň bu gyzy şeýle bir owadan eken. Owadanlygyndan ýaňa, görmäge göz gerek diýýär. Hemmeler ony almak höwesinde eken. Şonuň üçin aýagy ýörän bagtyny synamak üçin, ol ýere barypdyr. Keljäniň doganlary hem gidipdir. Kelje olara «Menem äkidiň» diýip, näçe ýalbarsa-da, oňa: «Seňem bir bitiren goşuň bolarmy? Atlaryň astyna düşüp, dert bolarsyň» diýşip, taşlap gidipdirler. Doganlarynyň garasy ýiten dessine Kelje hem döwleriň atlaryny we beýleki zatlaryny gizläp goýan ýerine baryp, gara döwüň eşiklerini geýip, gara aty münýär-de, «Niredesiň patyşanyň köşgi» diýip ugraberýär. Atyny gorduryp, doganlarynyň yzyndan ýetýär. Doganlary ony tanaman, salam berýärler. Kelje salamy alyp, özüni tanatman geçiberýär. Baranlar yzly-yzyna nyşana alyp atýarlar. Hiç kim nyşanany gaçyryp bilmeýär. Gezek Keljä ýetýär. Kelje nyşana alyp, atyp goýberýär weli, jaň jaňňyrdap ýere gaçýar. Edil şol wagt hem patyşanyň gyzy sülmüräp ýanyna gelýär. Kelje ony atyň syrtyna alýar-da, gaýdyberýär. Gelip gyzy-da şol gizlin ýerde goýýar. Onsoň Kelje eşiklerini çalşyryp, doganlarynyň ýanyna gelýär-de, olardan:

— Gyzy kim aldy? – diýip soraýar. Olar:

— Gyz-a gara atly bir ýigide nesip etdi — diýýärler. Kelje:

— Wah, meni äkiden bolsaňyz, menem synanyşyp görerdim – diýen bolýar.

Ertesi patyşanyň ortanjy gyzy üçin, hemmeler nyşana atylýan ýere ýygnanyşýarlar. Keljäniň doganlary muňa-da gidýärler. Kelje:

— Menem äkidiň – diýip, olara ýalbarýar. Onda oňa:

— Haý, samsyk, seniň näme işiň bar, kelläňi gaşa-da otur-da – diýýärler. Hemmeler gidensoňlar, Kelje şol öňki ýere barýar-da, mele döwüň eşiklerini geýip, mele aty münüp, köşge ugraýar. Bu günem jaňy hiç kim urup bilmeýär. Ahyry Kelje baryp, ýagşyja çenäp atýar weli, jaň guma garylyp ýatyr diýýär.

Şeýlelikde, ol şanyň ortanjy gyzyny hem alyp gaýdýar. Getirip ony hem şol gizlin ýerde goýýar.

Doganlaryndan gyzy kimiň alandygyny soraýar. Olar:

— Patyşanyň ortanjy gyzyny bir mele atly ýigit alyp gitdi – diýýärler.

Ertesi Keljäni ýene goýup gidýärler. Kelje ýene şol jaýa baryp, gyr aty münüp, köşge ugraýar. Ol bu gezek hem nyşanyny urup, gyzy alyp gaýdýar. Ony-da beýlekileriň ýanyna eltip goýýar.

Günlerde bir gün patyşanyň öz giýewlerini görjekdigi hakyndaky habar ýaýraýar. Muny eşidip, Kelje patyşanyň uly gyzyny uly agasyna, ortanjy gyzyny ortanjy agasyna berýär. Özi bolsa kiçi gyzyny alyp, üçüsi patyşanyň huzuryna ugraýarlar. Olaryň ulusy gara, ortanjysy mele, özi gyr ata münüp, her haýsy öz gelinlerini syrtlaryna alyp gidiberýärler. Olar ep-esli ýol geçensoňlar, Keljäniň gelni köwşüni galdyrandygyny aýdýar.

Kelje atyny gelnine tabşyryp, özi oba tarap gaýdýar. Olar hem Kelje yzlaryndan ýetýänçä, dem-dynç almak üçin, bir tarapda görnüp oturan baglyga sowulýarlar. Barsalar, ol baglyk

döwüň bolýan ýeri eken. Döw dişlerini çarhlap, olary iýjek bolýar. Şonda Keljäniň doganlary gorkularyna döwe ýalbarýarlar. Ahyry Keljäniň gelnini we atyny döwe berip, özleri zordan sypýarlar. Birnäçe wagtdan soň Kelje doganlarynyň yzyndan ýetýär weli, doganlary oňa:

— Ýolda döwe duşduk, ol bizi iýjek boldy. Biz gaçdyk. Emma döw gelniň yzyndan ýetip, ony alyp galdy. Biz näme etjegimizi bilmedik – diýýärler.

Kelje doganlaryndan öýkeläp, döwüň bagyna ugraýar. Ol döwüň uklap ýatan wagtyny gabatlap, gelnini alyp gaçýar. Keljäniň gelnini alyp gaçanyny görüp duran döwüň aty deprenip, hokranyp başlaýar. Muňa döw oýanýar-da, atynyň ýanyna gelýär. Döwüň aty gepleýär eken. Ol: «Gyzy Kelje alyp gaçdy» diýýär.

Döw derrew atlanyp, Keljäniň yzyndan kowýar. Döwüň adam dilli aty derrew Keljäniň yzyndan ýetýär-de, döwe garap:

— Nädeýin? – diýýär. Döw hem:

— Her bölegini tike ýaly et – diýýär. Döwüň gepleýän aty barşyna Keljäniň atyny şeýle bir kakyp goýberýär weli, Kelje atdan gaçyp, ýedi togalanyp gidýär. Döw bolsa gyzy alýar-da gaýdyberýär.

Kelje özüni bilmän ýatyrka, bir garry çopan onuň üstünden gelýär. Ol Keljäniň agzyna suw damdyryp, eýlesini-beýlesini owkalaşdyrýar. Kelje gözüni açýar. Çopan oňa goýun-geçilerini sagyp, süýt berýär.

Şeýdip, Kelje oňat bolup gidýär. Çopan onuň habaryny soraýar. Kelje öz atyny hem gelnini bir döwüň alandygyny aýdyp:

— Indi gyr atym bilen gelnimi döwden almasam, bu dünýä maňa gerek däl – diýýär. Onda çopan:

— Oglum, biler bolsaň, Kap dagynyň aňyrsynda gepleýän atyň ýelesini bakyp ýelinleýän, ygyny bakyp gulanlaýan enesi

bardyr. Ol her gezek gulanlanda, bir möjek gelip, onuň taýyny iýip gidýändir. Sen bir goýun alyp git-de, möjek gelende, onuň agzyna goýny ber-de, gepleýän atyň taýyny alyp gal. Çagasyny möjekden halas etseň, şol gysrak seniň ähli ýumşuňy bitirip berer – diýýär.

Kelje muňa begenip, onuň gözlegine çykýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, Kap dagyna ýetýär. Gepleýän atyň enesiniň ýatagyna barýar. Kelje özüniň baranyny bildirmän, tä ene gysragyň gulunlaýan wagtyna çenli şol ýerde geziberýär. Günlerde bir gün ýaňy iňrik garalanda, ene ýaby gulanlaýar. Edil şol wagt hem bir möjek peýda bolýar. Möjek ýaňyja bolan taýa topulýar welin, Kelje hem möjegiň öňüne goýny itekleýär. Möjek goýna agyz urandan, Kelje-de taýy göterip, alyp gaýdýar. Möjek gidenden soň Kelje taýy göterip, enesiniň ýanyna getirýär. Taýyň enesi Keljeden:

— Näme hyzmat? – diýip soraýar. Kelje oňa gelnini we atyny döwüň alyp gidendigini aýdýar. Şonda ol gysrak Keljäni üstüne mündürýär-de, döwüň bagyna tarap ugraryar. Döwüň bagyna baran wagtlary döw uklap ýatan eken.

Gysrak:

— Kelje, sen gelniňi baryp alyp gaýdyber, atyňy bolsa soň alarys – diýýär.

Kelje gelnini alyp gaýdýar. Ony görüp, döwüň aty ýene deprenip, horgurýar. Onuň sesine döw oýanyp gelýär. Görse, gelin gidipdir. Ol derrew şaýyny tutýar. Atyna nahar berýär, özi-de naharlanýar. Soňra atlanyp, Keljäniň yzyndan kowýar. Döw atyny debsiläp, derrew Keljäniň yzyndan ýetýär. Gepleýän at enesini görüp, gaýra basyp başlaýar. Onda döw atyna:

— Keljäniň özünem, atynam ur-da ýyk – diýýär.

Döwüň aty bolsa:

— Ýok, döw aga, onuň münüp barýan aty kowsa, meniň yzymdan ýeter, gaçsa-da, menden gutular. Gowusy, yzymyza gaýdaly – diýýär.

Muňa döwüň gahary gelip, atyny ýençmäge başlaýar. Gepleýän at ahyry çydap bilmän:

— Ene jan, üstümdäkini nädeýin? – diýýär.

Enesi:

— Her tikesini dary ýaly et! – diýýär. Gepleýän at haýkyryp, asmana bökýär. Döwi bulap ýere urýar. Şeýdip, Kelje ilki gelnini, soňra hem atyny alyp, gepleýän atyň enesine köp sag bol aýdyp, agalarynyň yzyndan gaýdýar hem-de obalaryň birinde mesgen tutýar.

Goý, Kelje mesgen tutup ýaşabersin, indi habary kimden al, habary Keljäniň agalaryndan eşidiň.

Olar Keljäniň sag-aman gelenini görýärler-de:

— Kelje biziň eden etmişimizi bilendir. Ol indi bize hezil bermez, gowusy, patyşanyň kömegi bilen biz onuň ýoguna ýanalyň – diýşip maslahatlaşýarlar.

Şeýdip, olar patyşa baryp:

— Eý, şahymyz, siziň welaýatyňyza bir bende geldi. Onuň bir gözel näzenini bar. Ol gözel şol bendä mynasyp görer ýaly maşgala däl. Ol diňe size mynasyp. Siz gowusy, onuň ärini uzak ýere ýumşa iberiň. Goý, şol ýumşy bitirmegiň ugrunda ömrüni ötürsin – diýýärler.

Patyşa buýruk bilen Keljäni çagyrdyp, ony doganlarynyň maslahaty bilen uzakda bir dagyň jülgesinde ýaşaýan gözel perini köşgünden ogurlap getirmegi buýurýar:

— Eger bu möhümi bitirmeseň, başyň ölümli, malyň talaňlydygyny ýadyňdan çykarma – diýip tabşyrýar. Kelje näme etjegini bilmän, atynyň ýanyna barýar.

Gepleýän at Keljäniň arzyny diňläp:

— Sen ony gaýgy etme – diýen. Soňra olar darajyk geçelgä tarap gidiberipdirler. Olar köp wagt geçmänkä, geçelgäniň öňünde peýda bolupdyrlar. Dilli at Keljä:

— Gözüňi ýum-da, berk ýapyşyp otur – diýipdir. Kelje gözüni ýumup-açsa, eýýäm dagyň beýleki ýüzüne geçen ekenler.

Dag atyň guýrugyndan gysyp, bir penje alyp galypdyr.

At Keljä:

— Sen şu ýerde garaş. Özüňem taýýar bolup dur. Men köp eglenmerin – diýip, asmana göterilip ötägidipdir. Ol at köşge barsa, perileriň patyşasy kyrk kenizine oýun etdirip oturan eken. Köşk garawullary aty näçe kowalasalar-da, tutup bilmändirler. Ahyry: «Bu aty periniň özi tutaýmasa bolmajak ýaly» diýşip, periniň özüne habar beripdirler.

Perileriň şasy:

— Hiç kime tutdurmaýan at üýtgeşik bir at bolaýmasyn. Hany, göreli bakaly – diýip, daş çykan badyna at durupdyr. Ol ata münüpdir weli, at ony alypdyr-da, ýene asmana göterilipdir. Peri näçe sypjak bolsa-da, at ony sypdyrman, Keljäniň ýanyna alyp gelipdir. Onsoň ol:

— Ikiňizem meniň üstüme münüň, berk ýapyşyň – diýip tabşyrypdyr. Olar gözlerini ýumupdyrlar. At ýüzüniň ugruna jülgeden geçipdir weli, dag ýene atyň guýrugyndan birnäçe gyl alyp galypdyr. Şeýdip, Kelje perini patyşa eltip beripdir.

Patyşa bäş-alty aýlyk ýola iberen adamsynyň eýýäm geleni-ni görüp, aňk-taňk bolupdyr. Sebäbi patyşa Kelje gidensoň, onuň aýalyny getirmegi buýrup, onuň gelerine garaşyp ýören eken. Emma ony getirip ýetişmänkäler, Kelje patyşanyň gaşynda peýda bolupdyr. Patyşa muňa dergazap bolup, Keljäniň doganlaryny ýanyna çagyrypdyr:

— Eý, kezzaplar, indi siz meni aldajak bolýarmysyňyz? – diýipdir.

Olar:

— Patyşamyz näme hyzmat? – diýip, bil büküp, taýýar bolup durýarlar.

Patyşa Keljäniň gaýdyp gelenini aýdyp, gahar-gazap bilen olary iýäýjek bolupdyr. Doganlar patyşanyň gazabyndan gorkup, ölüp direlýärler. Saňňyldaşyp, zordan aýak üstünde duranmyşlar. Ahyry:

— Eý, patyşahymyz, biz siziň goluňyzdaky bendeleriňizdiris. Näme etseňiz, siziňki dogry. Emma şu gezek günämizi ötüp-geçiň, biz size başga bir ýol tapaly. Ol ýeňiýoluk ýigit ikilenç gaýdyp gelmez – diýýärler.

Şa olary bagyşlaýar-da:

— Aýdyň, ýöne öňküňiz ýaly bolaýsa welin, başyňyz ölümli, malyňyz talaňly bolar – diýýär.

Onda doganlar:

— Şundan gitseň bir uly çöllük bardyr. Şol çöli geçenden soň, bir düýpsüz deňiz bardyr. Şol deňziň düýbünde bir suw aty bardyr. Ol at her alty aýdan çykýandyr. Ana, şol suw aty tüýs size mynasyp at, şony getirip bilse, getirsin göreli. Getirmese, «başy ölümli» diýip, buýruk berseňiz bolar. Şol aty düýpsüz deňziň içinden tutup, daşyna çykarmak, oňa başartmaz – diýýärler.

Şeýlelik bilen patyşa Keljä suw atyny getirmegi höküm edýär. Kelje näme etjegini bilmän, gamgyn bolup otyrka, onuň gepleýän aty Keljäniň halyndan habar soraýar. Kelje tabşyrylan işiň agyrdygyndan nalaýar. Onda at oňa:

— Bu iş gaty kyn eken. Ol aňsat başartmaz. Sebäbi suw aty meniň atam bolmalydyr. Şonuň üçin onuň güýji meniň güýjümden ýokarydyr – diýýär.

Kelje ýene başyny aşak sallap, gamgyn bolup oturýar. Oňa at:

— «Müň gaýgy bir iş bitirmez» diýipdirler, gowusy synanyşyp göreli, sen şadan kyrk öküziň hamy bilen kyrk gulaç tanap al – diýýär.

Kelje muňa begenip, köşge gidýär. Ol kyrk öküziň hamy bilen, kyrk gulaç tanap alyp gelýär. Ol öküz hamlaryny we tanaplary atyna ýükleýär-de, üstüne münýär. At Keljä:

— Gözüňi ýum – diýýär. Kelje gözüni ýumýar. At asmana galýar. Biraz wagtdan at Keljä:

— Gözüňi aç – diýýär. Kelje gözüni açsa, aňyrsyna-bärsine göz ýetmez suw çaýkanyp ýatyr diýýär. Kelje ähli hamlary we tanapy bir ýere düşürýär.

At oňa:

— Şu hamlary meniň daşyma berk dola, meniň hiç ýerim açyk galmasyn. Soňra bolsa tanaplar bilen berk çekip saraşdyr – diýýär.

Kelje aýdyşy ýaly edýär. Soňra bolsa at Keljä:

— Men şu ýerden suwa çümjek. Suwuň astynda suw aty bilen söweşjek. Sen meniň çümen ýerime seredip otur. Men ýeňilsem, suw tolkunlap, agyp-dönüp bulanyp başlar. Ýeňsem, suwuň ýüzi üýtgemez. Şol wagt meniň çümen ýerimden at çykar. Sen berk tanap taýýarlap, şol atyň boýnuna syrtmak atarsyň. At gitjek bolar weli, goýbermegin. Soňra ýalbarmaga başlar. Ol her zat etse-de, ant içmese, goýberme – diýip berk tabşyrýar. Soňra özi suwa girýär-de, gidiberýär. Ahyry ol suw aty bilen tapyşýar. Suw aty ony görüp, agzyny açyp topulýar. Her gezek gazap bilen agyz uranda, öküzleriň hamynyň birini goparýar. Dilli at bolsa atasyna agyz urmaga dözmän, ony omuzlap, suwuň ýüzüne çykarmakçy bolýar. Suw aty hüjüm edip, beýleki atyň üstündäki 39 hamy goparýar. Suw aty her gezek topulanda, suwuň ýüzi tolkunyp bulanýar. Kelje bolsa «Wah, atym ýeňilýär-ow» diýip gynanýar. Ahyry Keljäniň aty ony omuzlap, suwuň ýüzüne çykarýar. Kelje bolsa şol pursatda onuň boýnuna syrtmak salýar. Suw aty näçe dyzasa-da, Kelje

goýbermeýär. Suw aty sypyp bilmejegini bilensoň, ýalbarmaga başlaýar. Kelje munda-da ony goýbermeýär. At ahyry ant içýär. Şondan soň, suw aty deňziň gyrasyna çykýar. Şol wagt dilli at hem çykýar. Şeýlelik bilen, Kelje şanyň bu buýrugyny hem bir-iki günde bitirýär.

Patyşa suw atyny görüp, näçe begense-de, gözel gelni almak niýetiniň başa barmanyna gynanyp, gaharlanyp, iki dogany çagyrmagy buýurýar. Şol mütdetde doganlar häzir edilýär. Şa olary dardan asmaga buýruk berýär. Doganlar zar-zar aglaşyp, şanyň aýagyna ýykylýarlar

— Patyşamyz biz günäkärdiris. Siz öldürmäge-de haklysyňyz. Ýöne üçden soň puç diýipdirler. Getiren bolsalar, şondan öňe düşjek at ýokdur. Sen şoňa münüp, Keljäniň aty bilen çapyş. Ol hökman galar. Şu diýenimizi hem bir synap gör. Hökman şu gezek Keljäniň soňuna ýeteris. Eger ýetmesek, bize näçe jeza berseň-de, ýüzümizi çytman çekeli – diýýärler.

Patyşa bu gezek hem olar bilen razylaşýar-da: «Pylan gün patyşa Kelje bilen at çapyşyga çykjakmyş» diýip, jar çekdirýär. Bellenen gün gelip ýetýär. Dilli at bu ýumşuň-da aňsat däldigini aýdýar. Onda-da: «Synanyşyp göreli» diýip, çapyşyk meýdanyna çykýarlar. Patyşa hem suw atyna münüp meýdana çykýar. Özleriniň patyşasynyň at çapyşygyny görjek bolşup ýurduň bütin ilaty gelýär. Atlar çapyşyga goýberilýär. Suw aty derrew saýlanyp başlaýar. Dilli at atasyna:

— Atam, sen menden ozsaň, üstümdäki oglanyň başy ölümli. Şony ýatdan çykarma. Sen muňa ýamanlyk etmeli dälsiň. Ol enemiň taýlaryny ýyrtyjy möjekden halas etdi – diýýär.

Şondan soň suw aty haýallaýar. Demini dürsäp, bir çarpaýa galýar-da, patyşany agdaryp urýar. Patyşa gözüni açyp, uly ýalňyşlyk goýberenine düşünýär. Ýagşylyk ýaraşmaz doganlaryny Keljäniň islegi bilen jezalandyrman, ýurtdan çykaryp kowdurýar. Keljäni bolsa wezir-wekiller bilen maslahatlaşyp, goşunyna serkerdebaşy belleýär.

## ŞAMAR[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Ol öz raýatlary üçin, bir geň höküm çykarypdyr. Şol höküme görä, kimden kyrk ýaşyna çenli çaga önmese, şol adamy aýaly bilen birlikde beýik dagyň aňyrsyna aşyrmaly eken.

Şunlukda, aý geçip, ýyl geçip, ýurduň şasy bilen onuň weziriniň hem otuz dokuz ýaşy dolup, kyrkyna gadam basanlar. Emma bularyň ikisiniňem perzende ýüzi düşmändir. Günlerde bir gün patyşa wezirini ýanyna çagyryp:

— Eý, wezir, indi biziň hem otuz dokuz ýaşymyz dolup, kyrkymyza gadam basdyk. Öz raýatymyz üçin çykaran hökümimiz özümize hem degişlidir. Biziň ikimizdenem perzent önmedi. Indiki maslahat? – diýip, oňa ýüzlenen.

Onda wezir:

— Eý, patyşahym, biz öz çykaran hökümimizden boýun gaçyryp bilmeris. Iliň duran ýerinde bizem durmaly bolarys – diýip jogap beripdir. Onda patyşa:

— Eger ýagdaýymyz şoňa dirän bolsa, onda biz il ýatyp, it uklanda, atlanyp, ýurtdan çykyp gideli. Biz öz ornumyzda otursak, halk bizi dagdan aňryk taşlabam bilmez, taşlamasalar hem

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 868$^{f}$-nji bukja. Ýazyp alan: G.Esenow. Mary welaýatynyň, Mary etrabynyň Gökje obasy.

öz göwnümize jaý bolmaz. Iň gowusy, hiç kime duýdurman, çykyp giden ýagşy. Sen şu maslahaty nähili görýärsiň? – diýen.

Bu maslahat weziriň hem göwnüne jaý bolup, ony makul görüpdir. Şunlukda, patyşa bilen wezir hersi bir ata atlanyp, her haýsy bir horjun tyllany-da atyň syrtyna bökderip, il ýatan wagty, ýuwaşlyk bilen şäherden çykyp ötägidipdirler. Ozal kän bir ata münmän ýören patyşa ep-esli ýöränlerinden soň, halys ýadapdyr. Onsoň:

— Wezir, düşläli, men atyň üstünde oturyp bilemok, dynç alaly – diýipdir.

Wezir hem ylalaşypdyr. Bularyň ikisi hem atdan düşüp, dem-dynç alyp oturypdyrlar.

Patyşa hakykatdan hem gaty ýadan bolara çemeli. Ol tirsegine gyşaryp ýatyşyna derrew uka gidipdir. Weziriň welin, ukusy gelmändir. Ol bir sellem aýlaň-çaýlaň etmek üçin ýerinden galypdyr. Görse, düşen ýerleri mazarystanlyk eken. Onuň gezip hoşy bolmandyr. Onuň nazary bir yşyk görünýän mazarda eglenipdir. Bilesigelijilik ony mazaryň ýanyna eltipdir. Ol mazaryň depesinden seretse, onuň içinde bir aksakgal adam kybla tarapa bakyp, bir zat okap otyrmyş. Wezir hem ýaňky deşikden boýnuny uzadyp, oňa garap:

— Salawmaleýkim, atam! – diýip, salam beripdir.

Ol aksakgal weziriň salamyny alýar-da:

— Sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň, kim bolarsyň? – diýip soraýar.

Onda wezir patyşa bilen öz ýagdaýlaryny birin-birin ol goja aýdyp berýär we: «Şu sebäplere görä, ýurdumyzdan çykyp gaýtdyk» diýip, sözüni jemleýär.

Ol oturan aksakgal:

— Eý, wezir, siz ýurdy taşlamaň, bu gowy bolmaz, şu ýerden yzyňyza gaýdyň. Siziň heniz kyrk ýaşyňyz dolanok –

diýýär-de, oňa goltugyndan çykaryp, bir alma berýär we şeýle diýýär:

— Şu almany sen öz aýalyň bilen paýlaşyp iý!

Soňra ol aksakgal ýene bir alma uzadyp:

— Muny bolsa patyşaňyza eltip ber, ol hem muny öz aýaly bilen paýlaşyp iýsin – diýýär. Soň ýene bir alma berip.

— Ine, muny bolsa patyşanyň ýeke özi iýsin! – diýip aýdýar. Soňra hem:

— Almalary meniň aýdyşym ýaly, ikiňiz hem öz aýalyňyz bilen paýlaşyp iýip, ýaşaşyp ýörseňiz, seniňem, patyşanyň hem perzendi bolar. Baryň, ýurduňyza gaýdyň, Alla ýaryňyz – diýip, wezire rugsat berip goýberýär.

Wezir aksakgalyň beren almalaryny alyp, patyşanyň ýatan ýerine baryp: «Aýratyn patyşa iýsin» diýip berdi welin, şunda bir hikmet bardyr. Gel, şuny özüm iýeýin» diýip, ýaňkyny özi iýýär.

Soňra patyşany turzup hem şatlanyp:

— Eý, patyşahym, atlanaly, daň atyp, ýalançy ýagtylmanka, öz ýurdumyza ýeteli – diýýär. Patyşa:

— Wezir, bu nähili gep boldy? Biz ýurdumyza baryp bilmeris-ä! – diýip, geň galýar.

Onda wezir:

— Ýok, patyşahym, baryp bileris. Biz indi yzymyza gaýtmaga hakly bolduk – diýip, patyşanyň öz aýaly bilen paýlaşyp iýmeli diýen hälki almasyny goltugyndan çykaryp berýär. Soňra hem patyşa uklap ýatan wagtynda, bu ýerde özi hem aksakgal goja bilen bolup geçen wakalary ýeke-ýeke düşündirýär.

Şeýlelikde, patyşa bilen wezir begençlerine atlanyşyp, gelen yzlaryny ýel bozmanka, ýurtlaryna tarap ýola düşýärler. Il örmänkä hem şa köşgüne gelip ýetýärler. Hiç kim bularyň gidenini-nem bilmeýär, geleninem. Ol gün işleri bilen gümra bolýarlar. Agşamsy hersi öz öýüne gelip, patyşa-da, wezirem öz aýaly

bilen aksakgal gojanyň beren almasyny paýlaşyp iýýärler we süýjülik bilen ýaşaberýärler.

Şeýlelikde, wagtyň geçmegi bilen bularyň ikisiniň hem aýaly hamyla bolýar.

Günleriň birinde patyşa wezirini ýanyna çagyryp:

— Wezir, eger bizden perzent önüp, birimizden ogul, birimizden gyz bolaýsa, onda ikisi jübüt bolsun, eger ikisi hem ogul ýa-da ikisi-de gyz bolsa, dost ýa jora bolsunlar – diýýär. Patyşanyň bu maslahatyny wezir begenip goldaýar.

Şeýlelikde, patyşadyr wezir ikisi iki tarapyň razylygy bilen ähtnama baglaşyp goýýarlar.

Şunlukda, aý ötýär, gün geçýär, dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat diýlende, patyşanyň bir gyzy bolýar. Onuň aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi bar diýýär. Uly il altyn aşyk ýalyjak owadanja gyzjagazy görmäge gelip, akyllary haýran bolýar.

Weziriň welin, heniz hiç zady bolanokmyş.

Wezir: «Be-ýe, ikimiziňem wagtymyz birdi, näme üçin meniň çagam bolmaýarka? Eger bolaýsa-da, ogul bolabilsedir, patyşanyň gyzyny alar ýaly» diýip, öz-özi bilen gepleşip hem gyssanyp, öýünden daşa gidip bilmän, içini hümledip ýörýär.

Günlerde bir gün weziriň aýalynyň hem aýy-güni dolup, ondan-mundan garry aýallar onuň daşyna üýşüp başlaýarlar. Wezir hem gyssanyp «Ogul boldy» diýen buşluga garaşyp, daşarlarda gezip ýörmüş.

Birdenkä weziriň aýalynyň daşynda üýşüşip oturan garry aýallar: «Waý-da-waý» bolşup, çykyp gaçdylar diýýär. Sebäp diýseň weziriň aýalyndan dünýä inen jandar adam-gara meňzemeýärmiş. Şol wagt ýaňky gaçanlaryň öňünden wezir çykyp:

— Hä, näme boldy? Bu galmagalyňyz näme? – diýip soraýar welin, aýallar:

— Waý, seň aýalyň aždarha dogurdy – diýşip, ýakalaryny towlaşyp, duşundan geçip gidiberipdirler diýýär.

Wezir köp hapa bolup: «Be-ýe, bu niçik iş boldy? Ogla garaşyp ýören halyma gyzam bolman, aždarha dogdy oturyberdi. Indi men neneň edip ile görnerin, nädip öýüme – aýalymyň ýanyna baryp bilerin?!» diýip, gorka-gorka ýuwaşlyk bilen baryp, içerik seredip görse, aýaly pahyryň gorkusyna ýüzi duw-ak bolup, dili tutulyp, aglap otyrmyş, aždarha hem dim-dik bolup, gapdalynda ejesine seredip durmuş. Özem eýýäm dil açyp:

— Eje, aý eje, sen näme üçin gamlanýarsyň? Näme kakama buşlukçy ibermeýärsiň? Asyl ol nirä gitdi? Aýt derrew! – diýip, ejesini aljyradyp barýarmyş.

Ahyr ejesi pahyr:

— Kakaňam şu ýerlerde bolmalydyr öz-ä – diýenem şol welin, ýaňky ýylan:

— Beýle bolsa, men ony häzir çagyryp geleýin – diýip, boýnuny galdyryp, daşaryk süýşüp ugran. Onuň içerden çykyp gelýänini gören wezir bolsa: «Wah, işim gaýtdy» diýip, zähresi ýarylan ýaly bolup, gaçmakçy bolýar. Şol wagt ýaňky aždarha:

— Kaka, nirä gaçýaň? Gel, hany bärik! – diýip gygyrýar.

Wezirem nätsin, aňk-taňk bolup, duran ýerinde doňup galýar. Onýança ýylan hem ýetip gelýär-de:

— Essalawmaleýkim, kaka! – diýip salam berýär. Kakasy hem saňňyllap, sözlerini agzyndan gaçyryp, zordan onuň salamyny alýar.

Soň ýylan ýene:

— Sen näme, kaka, meni tanamajak bolýarmyň? Men seniň ogluň ahyry! Ýaňyja dünýä indim. Ýör, derrew öýe baraly. Ejemiň ýeke özi horlanyp oturmasyn – diýýär.

Wezir hem: «Eý, Allam, men senden ýylan dilemändim ahyry. Ogul ýa gyz diläpdim ahyry. Öňki perzentsizlik hesretini çekenimi az gördüňmi?! Başyma inderen bu musallatyň näme?!» diýip, içini gepledip zeýrenen.

Onda ýylan:

— Sen näme maňa göwnüýetmezçilik etjek bolýarmyň? Men bu görünýän ogullardan gowudyryn, ynha, görersiň. Seniň bolşuň nähili, hany, ýör, öýe! – diýýär. Bular şeýdişip, tirkeşip öýe barýarlar. Adamsyny görüp, aýaly pahyr hem ýarym-ýaş aglaýar.

Wezir:

— Aglamasana, Allaň edenidir-dä. Maňlaýymyzdakyny görübermeli borus-da – diýip, oňa göwünlik berýär.

Şunlukda, bular kem-kemden biri-biri bilen öwrenişip ýaşaberýärler. Ýylan welin, aýma-aý däl-de, günbe-gün ösüp, ulalyp barýar eken. Ýöne indi weziriň gapysyndan gelýän ýokmuş.

Asyl il-gün daşary çykmaga-da, iş-güýçlerini etmäge hem gorkýarmyşlar. Onsoň ahyr bir gün ýaňky aždarha:

— Kaka, näme üçin daşarda hiç kim görünmeýär, asyl biziň gapymyzdan gelýän-gidýän adamam ýok-la? – diýip sorapdyr. Onda atasy gynanyp-gynanyp:

— Weziriň aýaly aždarha dogrupdyr – diýip, uly ile ýaýrapdyr. Halk senden gorkup, daşaryk çykyp bilmeýär – diýip dogrujasyny aýdypdyr.

— Eý, ata, ata jan, sen adamlara menden gorkmaly däldigini aýt. Men hiç kime hiç zat degjek däl, gaýta, menem öz deňduşlarym bilen oýnajak, güýjüm ýeten işi etjek – diýipdir.

Onsoň bu gürrüň hemmelere ýaýrap, adamlar hem kem-kemden arkaýynlaşypdyrlar. Her kim öz işi bilen bolup, ýene-de halk öňki durmuş ýagdaýlarynda, kadaly ýaşap başlapdyrlar. Aždarha bilen obaň çagalary-da kem-kem öwrenişip, bile oýnamaga başlapdyrlar. Bir gün wezir ir bilen öýünde otyrka: «Be-ýe, mallarymyz şu ýyl gaty hor-ow, millet olary nirä sürjegini bilenok» diýip zeýrenipdir. Onda kakasynyň gürrüňini diňläp oturan aždarha:

— Kaka, o näme üçin mallaryňyz horlanýar? – diýip sorapdyr. Onda wezir:

— Aý, näme, ileri, aşak hem ýokary gapdaldaky meýdanlardaky otlar-a iýip gutarypdyrlar. Gaýra tarapda ot köpem welin, peýdasy ýok – diýip, düşündirip ugrapdyr welin, aždarha:

— O näme üçin peýdasy ýok? – diýip sorapdyr.

— Sebäbi ol ýere mal sürseň, bir läheň aždarha gelýär-de, paýhynlaýar ötägidýär. Şoň üçinem hiç kim o ýere mal goýberenok, çopanlaram äkitmäge gorkýarlar – diýip düşündiripdir.

— Beýle bolsa kaka, sen obaň adamlaryna habar ýetir. Ertir irden mallaryny gaýraky depäniň ýanyna eltsinler. Onsoň men olaryň baryny üýşürip, özüm äkidip bakaryn — diýipdir. Wezir oglunyň sözüni birhilíräk görse-de, ony bolşy-bolşy ýaly edip adamlara aýdypdyr.

Ilatam ýylana ynanyp, ertesi ir bilen malyny şol diýlen ýere eltipdir. Ana, onsoň aždarha şowurdap gelipdir-de, mallaryň ählisini gös-göni gaýralygyna sürüp, alyp gidipdir. Mallar gaýraky örüniň otlugyna baryp, ýaňy bir otlap ugrapdyrlar welin, äpet bir aždarha sürä tarap süýnüp gaýdyberipdir. Muny görüp, weziriň aždarha ogly hem ýaňkyň garşysyna ýöräp ugrapdyr.

Aňyrdan gelýän aždarha ony görenden, zähresi ýarylan ýaly bolup, yzyna tarap göteripdir ökjäni. Ol şol gaçyşyna obadan-a däl, bütin welaýatdan hem çykyp gidenmiş. Şondan soň mallaram arkaýynlykda otlamaga başlapdyrlar. Asyl olar gün geldikçe semräp barýarmyşlar. Onsoň weziriň oglunyň häki aždarhany gaçyryp goýberen habary hem bütin ilata ýaýrap, oňa Şamar, ýagny «ýylanlar şasy» diýip, at goýupdyrlar. Şeýdip, Şamar obaň mallaryny bakyp geziberipdir.

Ine, onsoň günleriň birinde Şamar kakasynyň ýanyna gelip:

— Kaka, seniň meni öýlendirmek niýetiň ýokmy? Ýa sen meni ogul deregine göreňokmy? – diýýär.

Kakasy pahyram:

— Ýeri, men saňa näme diýeýin, saňa kim gyzyny bersin ahyryn?! Men kimiň gapysyndan barsamam: «Seniň aždarhaňa-da bir gyz berip bolarmy?» diýiljegi görnüp durmanmy – diýýär.

Onda Şamar:

— Kaka, sen nähili adam – aýt?! Birdenkä howsala düşüberýäň-le, maňa-da geplemäge maý bersene. Sen näme üçin: «Gyz bermezler» diýýärsiň. Seniň maňa alyp bermeli gyzyň ozaldan taýyn ahyry. Hany, patyşa bilen eden wadaň? Ana, şol patyşanyň gyzyny maňa alyp berersiň. Ertiriň özünde ejem gitsin-de, onuň işigini sübseläp, söz aýdyp gaýtsyn! – diýýär.

— Wah, muňa seretseňiz-le. «Syrty kül üstünde, göwni kap dagynda», gaýtam beterinden-beterini tapýar – diýip, ejesi pahyram zeýrenip ugrapdyr. Kakasy bolsa:

— Dogry, patyşa bilen wadamyz bardy. Ýöne «Birimiziňki ogul bolup, birimiziňki gyz bolsa, olar jübüt bolsunlar» diýşipdik. Patyşanyň gyzy boldy welin, sen ýylan bolup doguldyň-da. Onsoň biz oňa nädip söz aýdyjy baraly? – diýýär.

Onda Şamar:

— Kaka, o zatlar bilen seň işiň bolmasyn. Sen git-de, diýleni et, ejemi sawçy iber. Özem patyşa nähili salgyt salsa-da, razy boluň, näme jogap berselerem, diýenlerinem damjasyny damdyrman, maňa gelip aýdyň – diýip gaharlanan we ýene:

— Eger buýtar-suýtar edip, bardy-geldi gitmejek bolsaňyz, menden gaty görmäň. Perzendini öýli-işikli etmek – ene-atanyň borjy – diýýär. Ahyrda Şamaryň goýmajagyna gözleri ýetip, kakasy bilen ejesi pahyram alaçsyz, patyşanyň gyzy üçin, sawçy barjakdyklaryna ony ynandyrypdyrlar.

Onsoň wezir aýaly bilen maslahatlaşyp, «Öljek hassa, ölüp dynsa ýagşy» diýenlerini edip, işi tizleşdirmegiň ugruna çykypdyrlar.

Şeýlelikde, ertesi ir bilen Şamaryň ejesi patyşanyň köşgüniň işigini syryp gaýdypdyr.

Patyşa turup görse, işigi syrylypdyr diýýär. Ol: «Be, meniň bilýän şa hem soltanlarymyň, beg hem begzadalarymyň haýsysynyň ýetişen ogly barka, janlarym?» diýip, oýa çümüpdir.

Onsoň ertesem, biri güni hem ir bilen işigi syrylyp durlupdyr. Patyşa kimiň işigi syryp gidýänini bilmegiň ugruna çykyp, ol hakda baş wezirinden sorapdyr. Onda wezir:

— Ol-a biziň aýalymyzdyr, şahym! Ozalky ähti-wepamyza görä, biz size gudaçylyga gelmelidiris – diýip jogap beripdir. Patyşa weziriniň sözüne gaharlanyp, ör-gökden gelip:

— Men gyzymy aždarha bermegi wada etmändim, heý-de, aždarha-da gyz berip bolarmy? – diýýär.

Onda wezir ýaýdanyp:

— Ony-ha özümem bilýän, şahym. Ýöne biziň Şamarymyz: «Men ýylanam bolsam, gowy oguldyryn. Bar-da, patyşa aýt, äht etdi dälmi? Wadasynda tapylyp, gyzyny gowulyk bilen bersä-hä bereni, ýogsada tagtyny başyna ýumraryn, ýurduny weýran ederin» – diýip, ejesi ikimizi günümize goýmady. Onsoň çäresiz bolup, gelmeli bolduk – diýip ýagdaýyny düşündirýär.

Onsoň patyşa beýleki wezir-wekillerini hem ýygnap, näme etmelidigi barada maslahat sorapdyr. Olaryň arasynda bir akyldar ulamasy bar eken. Ol:

— Eý, patyşahym, bir çemçe ganymy ötseň, saňa bir sözüm bar – diýipdir.

Patyşa ony gaty sylaýar eken. Şonuň üçinem:

— Ötdüm, aýdyber – diýipdir.

Akyldar şeýle diýipdir:

— Eý, patyşahym, gyz maşgala kişi maşgalasydyr. Ol ýetişensoň, her ýerdenem sawçy gelip, söz aýdar. Ýöne öňkülеň aýtmadygy ýok, «Müňüsi geler, birisi alar» diýlenidir. Aňyr-

sam nesibe işidir. Goý, Şamar hem gelse, gelibersin. Şonuň üçinem hiç bir kişiniň elinden gelmejek salgydy sal-da goýber.

Onsoň patyşa ýaňky akyldar ulama bilen maslahatlaşyp, Şamaryň kakasyna – wezirine şeýle diýipdir:

— Bir günüň içinde meniň köşgümiň ilersindäki giňişlikden täze bir köşk salyň. Onuň diwarlarynyň dördüsem altyndan bolup, her burçunda bir altyn horaz gygyryp dursun. Köşgüň ortarasynda bir altyn howuz bolup, onuň suwy gyşda yssy, yssyda sowuk bolsun. Onsoňam köşgüň bir gapdaly gyş bolup, beýlekisi tomus bolsun, ýene bir gapdaly güýz bolsun, başga biri ýaz bolsun. Her biriniňem özüne görä howasy, haýwany, bagy-bakjasy bolsun. Ine, şu köşgi bir gije-gündizde bitirip bilseňiz, gyz siziňki, ýogsa-da «tamaňyz tala daňlan ýaly» bolaýsyn. Özünem şol köşgi gyzym bilen Şamaryň özüne bagyşlajak – diýen. Şundan soň Şamaryň kakasy ýüzüni sallap, öýüne gaýdypdyr. Gele-gelmäne Şamar kakasynyň öňünden çykyp:

— Ýeri-how, kaka, gurtmysyň, tilki? – diýipdir.

Kakasam käýinip:

— Aý, gurduňam gursun, tilkiňem oň üstüne. Patyşanyň gyzyny bermejek bolup salan salgydy akyla-huşa sygjak zat däl – diýipdir.

— Hä, näme diýdi? – diýip, Şamar hem ýeň bermeýärmiş. Onsoň kakasy patyşanyň salan salgydyny bolşy ýaly edip, birin-birin aýdyp beren. Şamar hem onuň gürrüňini diňlän:

— Pahaý, kaka, şoň üçinem gam iýýäňmi? Indi sen patyşanyň gyzyny duluňa geçdi hasap edäý. Ýöne munuň üçin seň bir etmeli işjagazyň bar. Häzir sen çaý-çöregiňi iý-de, atlan. Şol patyşa bilen ýurdy taşlap gideniňizdäki düşlän mazarstanlygyňyza git. Şonda saňa alma beren aksakgal adam bar-a, ana, şoň ýanyna bar. Saglyk-amanlyk soraşanyňyzdan soň, sen oňa: «Şamaryň sende bir amanat zady bar eken, şony beräýseňiz»

diýip iberdi diý. Eliňe näme berse al-da, derrewem yzyňa gaýt. Şony maňa çaltjak getirip ber. Ana, onsoň ertir gün dogar-dogmazda patyşanyň diýen ýerinden aýdyşyndanam oňat köşk salyndygy biläý – diýip aýdypdyr.

Wezir hem sesini çykarman atlanyp, şol gonamçylyga giden we baryp, hälki aksakgal goja Şamaryň diýenlerini aýdan. Aksakgal goja hem: «He-ýe, bolýar» diýip, oňa bir ýüzük çykaryp beren. Wezirem ony alyp, yzyna gaýdyberen. Getiribem Şamara beren.

Ana, onsoň agşam çaý-çöreklerini iýip bolanlaryndan soň, Şamar ene-atasyna garap:

— Indi siz arkaýyn ýatyberiň, hiç zadyň gamyny iýmäň-de, dem-dynjyňyzy alyň. Meniň bir gitjek ýerim bar. Özüm soňrak gelerinem, ýerime geçip ýatarynam, arkaýyn bolaýyň. Ýöne meniň nirä gidip, näme iş edýänimi biljek bolup durmaň – diýipdir-de, çykyp gidiberipdir.

Olaram: «Wah, biljek bolup ne azarymyz, bizar-la, näme gudratyň bolsa görkezibersene!» diýip, ikisem giripdir ýorgana. Ertirden soň turup äňetseler, dogrudanam, Şamar öz ýerinde ýatan eken. Bular geň galyşyp:

— Sen haçan gelip ýatdyň? – diýip sorasalar, ol:

— Meniň haçan gelenim bilen işiňiz bolmasyn-da, baryň, seredip görüň, guran köşgüme göwnüňiz ýetýärmi? – diýipdir.

Är-aýal geňirgenişip, biri-birinden öňürti daş çykyp, garap görseler, gözüňe söweýin şeýle bir köşk welin, patyşanyň aýdyşyndanam on esse gözelmiş. Seretseler, şol wagt patyşa hem onuň wezir-wekilleri hem, ulama akyldary hem şol köşge agzyny açyp, aňk bolup, garap duranmyşlar. Onsoň Şamaryň kakasy hem, näme indi ýüregi suwluja adam, ýöräberýär olara tarap. Patyşa hem onuň gelýändigini görüp, ýaňky akyldaryna ýüzlenip:

— Aýdaweri, indiki maslahat?! – diýýär.

Onda akyldar:

— Patyşahym, lebiz diýeniň bir bolýandyr. Indi gyzyňy beräýmekden başga çäräň bolmaz – diýenmiş.

Onýança Şamaryň kakasy hem bularyň ýanyna ýetip gelipdir.

Patyşa oňa garap:

— Sen rüstem çykdyň, toýuň bolsa tutuber, gyzymyzyňam nä, kysmatydyr-da – diýip, razydygyny aýdypdyr.

Ana, şeýdip, toý üstüne toý tutulypdyr. Patyşanyň gyzyny Şamaryň köşgüne eltip, onuň enesi-atasy, dogan-garyndaşlary, ýarym-ýaş aglaşyp: «Bagtyňdan görersiň-dä!» diýşip, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Gün ýaşyp, iňrik garalansoň, Şamar ýylanam köşge tarap süýnüp şowurdap ugrapdyr. Köşge girip ugrandan, şa gyzynyň oňa gözi düşüp, wägirip, ýüregi ýarylara gelipdir.

Şamar bolsa mylaýymlyk bilen gepläp:

— Menden gorkma, men seniň görüp-guwanyp ýören ýigitleriňden has gowudyryn, arkaýyn bol, aglama – diýip, kem-kemden gyza ýakynlaşyp gelýär diýýär. Emma gyz pahyr dili tutulyp, ne bir gepläp bilýär diýýär, ne-de gymyldap. Söm-saýak bolup duran.

Şamar hem: «Birdenkä ýüregi ýarylyp öläýmesin» diýip, pikir edýär-de, gyza garap:

— Hany, onda maňa ynanmaýan bolsaň, aňryňy bak! – diýýär.

Gyz aňyrsyny bakansoň, köp wagt geçmänkä-de:

— Bäriňi bakaý! – diýýär.

Gyz bärsine bakyp, gözlerine ynanman, doňup galýar. Onuň garşysynda çaksyz syratly, görmegeý, çynar ýaly bir ýigit durmyş.

Ýigit:

— Ýeri, indi ynandyňmy, meniň adamdygyma – diýip, ýuwaşja ädimläp gyza tarap ýöreýär. Ýigit sadaja ýylgyryp, henizem aňk bolup duran gyzy gujagyna gysýar. Gyz garşylyk görkezmeýär. Gün dogansoň welin, häki ýigit ýene ýylan lybasyny geýnipdir-de, mal bakmaga gidiberipdir. Garaz, Şamar gijesine ýigit, gündizine ýylan sypatynda gezýär eken.

Şeýdip, bular birnäçe wagt ýaşaşanmyşlar. Onsoň günleriň birinde gyzyň hossarlary:

— Ol pahyry taşladyk-da gaýdyberdik-le. Öldümi, ýitdimi, habar hem tutmadyk. Gidip ondan bir habar tutup göreliň – diýşip, gyzyň köşgüne gaýtmakçy bolanlar.

Bu habary eşidip Şamar hem gelnine:

— Eger öýüňizden adam gelip soraýsalar, meniň gijesine gowumdan çykyp, ýigit sypatynda bolýandygymy aýtmagyn – diýip tabşyrar eken.

Ana, onsoň gyzyň hossarlary gelip görseler, gyzyň keýpi kök, ýüzi-gözem oňat eken. Olar bu ýagdaýa haýran galyp:

— Bu nähili beýle bolýar, a gyz, gaýdaňda ölüme gaýdan ýaly aglap-eňräp gaýdypdyň. Indi bolsa tüweleme, tanar ýalam bolmansyň. Ýaňaklaryň nar ýaly, ýüzüňem üzümiň suwy ýaly buldurap dur – diýýärler.

Gyz hem:

— Şuňa-ha ýylan diýer ýaly däl. Häsiýeti örän gowy eken. Eliniň aýasynda saklaýar. Hiç bir zatdan hor-homsy edenok – diýip, hernäçe öwse-de, hakyky syryny açmandyr. Gelenler hoş bolup, gaýtjak wagtlary hem:

— Senem baryp durawergin – diýşip gaýdanlar.

Agşam Şamar gelensoň, gyz öz hossarlarynyň hoş bolup myhmançylyga çagyrandyklaryny aýdyp berýär.

Ýigidem:

— Gitseň, git welin, şu syry açaýmagyn – diýip, ýene-de berk tabşyrýar.

Şunlukda, günleriň birinde gyzy atasy öýüne görme-görşe alyp gidýärler. Şa mähriban gyzynyň düşen ýerinden hoşdugyny görüp, begenjine toý tutýar. Şa gyzy birnäçe günläp atasy öýünde bolýar. Gyzyň garry enesi şol günleriň dowamynda hasam gadyrlysyrap, eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip, onuň äri hakynda gaty köp sorap, hiç gününe goýmandyr. Gyz hem:

— Aý, sypaty ýylanam bolsa, ähli bolşy adam ýaly – diýip, hernäçe sowjak bolsa-da, hiç goýanokmyş:

— Jan gyzym, bolşy-bolşy ýalyjak etdejik aýdyp beräýsene, heý, meňem bir saňa ýamanlygym bormy? – diýip, özelenip oturanmyş.

Agşam ýatylanda bolsa:

— Gel, guzym, bileje ýataly, bagryma bir basaýyn, balam, seni – diýip, şelaýynlyk edip, gyzyň eline-aýagyna garaman, ýorganynam bile ýazypdyr. Şeýdip, gije hemmeler uklansoň, kempir ýene köne heňine tutup, gyzy gününe goýmandyr. Ahyry bolmajagyny bilen gyz:

— Ene, halys goýmadyň-la. Men saňa bolşy ýaly aýdaýyn welin, ýöne sen ömralla agzyňdan sypdyraýmagyn – diýýär.

Diýeni bolan kempirem:

— Waý, aýdýanyň näme, guzym?! Heý, menem bir adama aýdarynmy?! Ýöne men-ä seň begenjiňi deňje paýlaşjak bolup, biläýeýin diýýän – diýýär. Gyz garry enesiniň gürrüňine güp ynanyp, adamsynyň gündizine ýylan gowuna girişini, gijesine bolsa gowdan çykyp, örän bir owadan ýigit sypatynda bolşuny birin-birin gürrüň berýär.

Kempirem:

— Wah, şeý diýsene, balam! Bolubilýä, bolubilýä. Oň ýöne-möne zat däldigini bir gijäň içinde binýat eden köşgündenem bilipdim-le, asyl – diýip, yzly-yzyna sugşuryp ugraýar. Ýöne sen bilýäňmi näme? Şoň hemişe-de ýigit sypatynda gezmegini isleseň, meň diýenimijik edäý! Ol agşam gelip, gowun-

dan çykyp ýatar, uzyn günem aryp-ýadap gelen adamdyr, agyr uka gider. Şol wagt sen ýuwaşlyk bilen ýeriňden tur-da, ýaňky gowy otlap goýber. Onsoň ol bialaçja gündizlerine-de ýigit sypatynda gezer – diýýär.

Enesiniň öwüdi gyzyň ýüregine jüňk bolup, şeýtmegi makul bilýär.

Ana, onsoň, ol ertesi öz köşgüne gaýdypdyr.

Gün ýaşyp-ýaşmanka Şamar hem gelip, ýigit sypatyna geçip, onuň bilen süýji-süýji sözleşip, oýun-dalaş gurup, keýpisapada bolupdyr. Soňam arkaýyn uka gidipdir. Gyz hem onuň uklanyny bilip, ýuwaşlyk bilen ýerinden turýar-da, eline kükürt alyp, Şamaryň gowunyň ýanyna barýar. Barybam, ýakyn goýberýär. Ot degen badyna ala-zenzele gopýar. Gyz bolsa nämäň näme bolanynam bilmän, duran ýerinden diň arkan gaýdýar. Bir haýukdan soň, özüne gelip, töweregine garasa, ne köşk bar, ne-de ýigit diýýär. Özem sal-sal eşikde, giden alaňyň içinde guma bulaşyp ýatanmyş. Gyz pahyr enesine nälet baryny okap, ýarym-ýaş aglap, atasy öýüne barýar. Baryp bar bolan zatlary, ähli gören-eşidenlerini bolşy ýaly edip aýdyp berýär. Emma hernäçe ökünse-de, hiç hili peýda bolmaýar, gaýdyp Şamardan derek tapylmaýar. Ýöne şol ýaşaşan döwründe ol Şamardan göwreli bolan eken. Aýdan aý, günden gün dolanyp, çaganyň dogulmaly pursaty gelip ýetýär. Çaga bolýar welin, ol şeýle bir owadan, görmegeý, nurana diýýär, hiç diýip-aýdar ýaly dälmiş. Özem agynjak Şamaryň özüne meňzäp duran oglanjykmyş.

Ana, onsoň, ol gelniň birneme ýüki ýeňläp, ýüregi ýerine gelen ýaly bolýar. Asyl ýeke olam däl, hemme kişem ol oglanjygy diýseň gowy görýärmişler. Patyşanyňam agtygyny günde-günaşa görmese, güni geçmeýän ýalymyş.

Bu oglanam gününi sanap ösüberýär. Şeýdip, ýedi ýaşyndan ony terbiýeläp, molla berip, hat-sowat öwredip ugraýarlar.

Ol on-on iki ýaşlaryndan eýýäm at münüp, awa çykyp ugraýar. Diýseň edepli ýigit bolup ýetişýär.

Şunlukda, on bäş-on alty ýaşlaryna baran mahalynda, bir günden bir gün atyny suwa ýakmaga ýaba barýar welin, görse ýabyň aňry ýüzünde bir gyz kir ýuwup otyrmyş. Özem ol gyzy görmäge göz gerekmiş, içen suwy alkymyndan görnüp, buldurap duran perizatmyş. Ýigit muny görenden, oňa aşyk bolup, bitakatlyk tapýar. Öýe gelibem hiç zat bilen hoşy bolmaýar. Ejesi muňa bir heseriň ýetenini aňyp:

— Balam, saňa näme boldy? – diýip soraýar. Ýigit ejesine gören gyzy hakda bolşy ýaly aýdýar.

Onda ejesi:

— Oglum, sen oňa aşyk bolmagyn. Ol ýabyň aňyrsy periler mekanydyr. Oňa aşyk bolsaň, ol seni menden azaşdyrar – diýýär. Ejesiniň sözleri oglanyň ol gulagyndan girip, beýleki gulagyndan çykýar. Atyny münýär-de, depäýýär şol tarapa. Oglan bärden barýar-da, gyza hak aşykdygyny aýdýar.

Gyz hem oňa:

— Men saňa barmaga razy bolardym welin, ýöne sen meniň şertlerime razy bolmarsyň – diýýär.

Onda oglan:

— Ol-a şert eken, men öl diýseňem, janymy gurban etmäge taýyn, aýdyber nähili şertiň bolsa – diýýär.

Gyz:

— Onda sen, ilki bilen-ä, şu ýapdan bärde ýaşamaly borsuň, gaýdyp yzyňy ýatlamak ýokdur. Onsoňam, meniň näme edýänim bilen seniň işiň bolmaly däldir. Ine, meniň şertlerim – diýýär.

Onda oglan:

— Men seniň şertleriňi kabul edýärin, ýöne bu gün gidip ejem bilen hoşlaşyp geleýin – diýýär.

Gyz hem:

— Ondan bu ýanyny özüň bil, haçan isleseň, geläý – diýip jogap berýär.

Oglan öýlerine gelip, ejesine hemme zady bolşy ýaly aýdyp, özüniň ertir gitjekdigini, hoşlaşmaga gelendigini düşündirýär. Ejesi pahyram näderini bilmän, aglap-eňräp, halys usurgaýar. Emma oglan onda-da sözünden dänerli däl diýýär. Onsoň ahyrda bolmajagyny bilip, ejesi barmagyndaky ýüzügi alýarda, ony ogluna berip, şeýle diýýär:

— Ine, şu kakaň pahyryň maňa beren ýadygär ýüzügidi. Meniňem bar guwanjym ýeke sendiň. Indi senem gitjek bolsaň, şuny bir alyp git, başyňa her hili iş düşende, kömek edýän ýüzükdir bu!

Oglanam ýüzügi alýar-da, dogan-garyndaşlary bilen allaýarlaşyp: «Niredesiň periler mesgeni?!» diýip gidiberýär.

Häki perizadam ýene şol oturýan ýerinde kir ýuwup oturan eken.

Ýigit baryp, özüniň aýdylan şertlere razy bolup, ömürlik gelendigini aýdýar. Şondan soň perizadyň yşarat etmegi bilen, atyny suwa urduryp, ýabyň aňyrsyna geçýär.

Şunlukda, bular uly toý tutup, ýaşap başlaýarlar.

Ýöne her gün agşam ýigit uka gidýärem welin, ýaňky perizat nirädir bir ýere zym-zyýat bolýarmyş. Gürüm-jürüm, daňa çenli ondan derek bolmaýarmyş.

Ýigidem ozal söz berensoň, onuň nirä gidýänini hiç sorabam bilmeýärmiş. Ýöne öz perisiniň beýdip ýörmesi ýüreginede batanokmyş. Onsoň bir gije ol ýene-de uka giden kişi bolup ýatyrka, perizat ýuwaşlyk bilen turup, ýene-de ugraberýär. Ýigidem ol gapydan çykansoň, emaý bilen ýerinden turýar-da, ýaňkyň yzyna düşüberýär. Özem ejesiniň berip goýberen häki ýüzügini barmagyna geýýär welin, ine, göze görünmeýän adam bolup duruberýärmiş. Onsoň ol şeýdýär-de, garama-garama öz perisiniň yzyna düşüberýär. Şol baryşlaryna bir ýere ýetýärler

welin, başga-da bir topar perizat munuň perisine garaşyp duranmyşlar.

Olar:

— Näme gijä galdyň-da, näme gijä galdyň, äriň gujagyndan aýrylyşmak beýle kyn boldumy? – diýşip, muň perisine degýärmişler. Soňra bolsa:

— Hany, palawy bir sowatmalyň – diýşip, aý berşip, tegelenişip oturýarlar welin, ynha, ortada nohutly, kişmişli, jüýjekäşirli palaw dur diýýär. Ýigidem özüniň başgalaryň gözüne görünmeýändigini bilip, bu hem çökýär palawyň başyna. Iýip ugraýarlar welin, palaw hemişekilerinden tiz gutaran bolara çemeli. Perizatlar biri-birlerine:

— Be, şu gün palaw aýratyn süýji bolupdyr-ow – diýişýärler.

Soňra bolsa: «Hany, onda gideliň!» diýip, perizatlaryň baştutany asmana bir yşarat edip goýberýär welin, ynha, bir altyndan tagt gelip aşak düşdi diýýär. Perilerem münýärler muň üstüne. Oglanam öz-özüne: «Aý, näme bolsa, ahyryna çenli göreýin-le» diýip, bu hem münýär-de, görünmän oturyberýär.

Periler bolsa biri-birlerine:

— Bu gün nä hemişekimizden gyslyşyk-la – diýşip, aňry süýş-de, bäri süýş boluşýalar.

Emma oglany welin, görýänem ýok, asyl bular özlerinden başga kişi bardyr öýdüp gümanam edenokmyşlar.

Onsoň ýagşy ornaşansoňlar, tagt asmana göterilýär-de, uçýar gidiberýär. Ýedi gat asmany söküp, bir ýere baryp gonýar welin, şeýle bir köşk diýýär, hiç waspyny edip gutarar ýaly däl-miş. Özem bir giden peri aýdym aýdyp, saz çalyp, tans edip, agyn şadyhorramlyk diýýär. Ýöne şu şadyhorramlykda bir çüňkde sakgaly dyzyna düşüp duran bir goja ýarym-ýaş bolup, aglap otyrmyş. Perizatlar näçe heşelle kaksalar-da, ol hiç şatlanmaýarmyş. Ýöne öz perisi ýaňky gojanyň ýanyndan pyrla-

nyp geçende, onuň ýüzi bir ýagtylan ýaly bolaýýarmyş. Onsoň şol goja bir zat aňýan ýaly, töweregine garanjaklapdyr-da, barmagyna bir ýüzük dakanmyş. Ýüzügi dakan badyna-da:

— Waý, balam, sen bu ýerlere nädip düşdüň? – diýip, özüni ýigidiň oturan ýerine oklapdyr – diýýär.

Periler bolsa, henizem nämäň-nämedigine düşünmän, aňk-taňk bolşup durmyşlar. Goja bolsa hem aglap, hem gülüp:

— Guzym, oguljygym, meň bar arzuwym seni bir görmekdi. Saňa şu perileriň iň owadanyny, akyl-huşlusyny niýetläp ýördüm. Ynha, ol – diýip, ýigidiň öz perisini görkezenmiş.

Oglanam:

— Ata, ol-a meň öz perim. Asyl meniň bu ýere düşmegimede şol sebäp boldy. Onuň her gün gaýdyp durmagyna betgüman bolup, ejemiň ýüzügini dakynyp, hiç kime görünmän geldim – diýip, goja özi hakda aýdyp berýär.

Şondan soň häki aksakgal:

— Oň ýaly bolsa, aýyr ýüzügiňi, goý, meniň balamy hemmeler görsünler. Toý-tomaşa edeliň – diýip diýseň şatlanýar.

Oglan ýüzügini aýyrýar welin, hemmelere aýdyň görnüp durýar. Onsoň häki perisem sülmüräp, onuň ýanyna gelýär.

Goja-da şatlanyp:

— Hany, toý tutuň, şatlanyň. Men ahyrsoňy maksadyma ýetdim – diýýär. Soň ýene-de ogly bilen gelnine garap:

— Bu köşkde döwran sürmek bizä-hä miýesser etmedi. Ejeň sadalygy bilen, ýere düşmekden binesip boldum. Özünem ýalňyz goýdy, menem. Syrymyzy aýtma-aýtma diýip, näler ýalbardym, gulak asmady. Indi siz beri şu köşkde ömürlik döwran sürüň – diýýär.

Asyl bu köşk şol şa gyzyny almak üçin, Şamaryň bir gijede guran köşgi eken. Ol gowy otlanandan, köşgi bilen uçup şu ýere gaýdan eken.

Bu wakalaryň hemmesini goja Şamar ogluna gürrüň berýär. Soň köşgi ol ogly bilen gelnine bagyşlaýar. Gelnem alaga-da, jadygöýlük tilsimlerinden habarly bir peri jorasynyň kömegi bilen asyl gaýnatasynam, ärinem şol gözel köşgi bilen ýere düşürdenmiş. Şol günüň özünde gaýnenesinem köşge göçürip getirenmişler. Iki garry owadanja-owadanja agtyjaklaryna guwanşyp, ýene uzak ýyllar döwranly durmuşda ýaşanmyşlar.

# JADYLY DÜNÝÄ SYÝAHAT

Köklerini uzak geçmişden alyp gaýdýan, ata-babalarymyz tarapyndan döredilip, uzak ýyllaryň paýhas eleginden geçirilip, timarlanylyp biziň eýýamymyza ýetirilen. Halkyň baý durmuş tejribesiniň, pähim-parasatynyň önümi bolan ertekilerde halk öz isleg-arzuwlaryny, geljege bolan umytlaryny, ynançlaryny beýan edipdirler.

Halkyň ruhy önümi bolan ertekilerden türkmen halkynyň geçmişini, belli-belli döwürlerdäki ýaşaýyşlaryny, gün-güzeranlaryny, meşgullanan kärlerini, hünärlerini, däp-dessurlaryny, ýaşaýyş şertlerini, hatda taryhyny hem öwrenmek bolýar.

Ertekiler boýunça taýýarlanan şu ýygyndy jadyly ertekileri özünde jemleýär. Jadyly ertekiler haýwanlar hakyndaky hem-de durmuşy ertekiler bilen deňeşdirilende juda mazmuna baýlygy, çeperligi, göwrümliligi bilen tapawutlanýar. Ertekileriň bu görnüşinde durmuş toslama, jadyly hem durmuşy wakalar bilen utgaşdyrylyp beýan edilýär. Olarda köplenç adamzat bilen jadyly güýçler çaknyşýar. Meselem, «Hatam Taý», «Allaberdi wezir», «Kerem», «Akpamyk», «Şa gyzy», «Körpe ogul», «Şamar», «Kelje», «Diwana», «Gülýaka», «Adyl şa» we ş.m. ertekilerde ýagdaý şeýledir.

Jadyly ertekileriň esasy alamatlary olarda adatdan daşary hyýaly güýçleriň heňe gelmejek hyýaly ýagdaýlardaky akyla sygmajak hereketleriniň häli-şindi gaýtalanyp durmagydyr. Meselem, Symrug guşuň arkasyna münüp, («Hatam Taý») ýa-

da jübä sygar ýaly zada öwrülip, göze görünmän («Şamar») arşa çykmak. Jadyly ertekileriň gahrymanlary bir görseň hala münüp uçup ýör, bir görseň hem jadyly tokmak bilen duşmanyndan («Kör garga») ar alyp ýör.

«Şamarda» adamzatdan ýylan (aždarha) dünýä inip, ol hem adamlaryň arasynda ýaşap, şa gyzyna öýlenip ýör. Şamar gije gözel ýigit, gündizine ýylan bolup adamlar bilen gürleşip, iş salşyp ýör.

Şeýlelikde, ertekileri dörediji ynsanlar görlüp-eşidilmedik täsin-täsin gahrymanlary, wakalary oýlap tapypdyrlar. Meselem, «Hatam — Taý» ertekisinde Hatamyň öz arzuwyna ýetmekde ýa-da kimdir birini arzuwyna ýetirmekde hötde gelýän işleri adam güýji ýeterden has çylşyrymly hem kyn. Hatam eger Symrug guşuň arkasyna münüp arşa çykmasa, arşdaky Gülüň mekanyna ýetip bilmezdi. Ýa-da «Şamar», ertekisinde Şamaryň ogly jadynyň, tilsimiň güýji bilen göze görünmeýän zada öwrülmezden, gizlinlikde perileriň mekanyna düşüp, perisiniň gijelerine nirä ýitirim bolýandygyna akyl ýetirip bilmezdi we mähriban kakasy bilen arşda didarlaşmazdy.

Toslama esaslanylyp döredilen çeper eseriň beýleki toslamalardan has ýokarda durýandygyny edebiýatçy alymlar belläpdirler. Aýdaly, döwsüz erteki ýok. Emma adamzada golaýlanda allaowarradan tupan turuzyp, ýer sarsdyryp, ala-galmagal bolup gelýän äpet-äpet döwler adamlardan beden güýji bilen rüstem gelse-de, akyl-parasaty taýdan olaryň döwi pes gelýär. Hatda gazabyndan, adamhorlugyndan bütin bir ýurdy howp astynda goýup, olara ot ýakdyrmaýan, ýüzläp goşuny yza serpikdirýän aždarhalar hem («Şa gyzy») iň soňunda haýsydyr bir mert ýigidiň alnynda dyza çökýär ýa-da onuň elinden gurban bolýar.

Jadyly ertekilerde wakalar hernäçe toslamalara ýugrulsalarda, jadyly güýçler, tilsimler bilen adamlary islän zadyna öw-

rüp, olara tor gursalar-da, barybir ynsan hem onuň güýji, akyl-parasaty, gahrymançylygy başky orunda durýar.

Erteki gahrymanlary üçin hötde gelnip bilinmejek güýç ýok. Olaryň bary adam erkine, güýjüne tabyn bolýar. Onda ähli janly-jandar adamzada hyzmat edýär. Ertekilerdäki hyýaly zatlar, jadyly güýçler, toslamalar gahrymanlara hykykaty açmaklyga kömek edýär.

Şeýlelikde, hernäçe hyýaly toslamalara baý bolsa hem, jadyly ertekiler halk durmuşyndan, geljeginden, halkyň ýaşaýyş şertlerinden, gün-güzeranyndan, isleg-arzuwyndan üzňe däl. Halkyň öz döreden zady ondan üzňe hem bolup bilmez.

Hyýaly ertekilerde halk wakalary ynsan güýjünden daşary bolan jada ýugrup, öz öňünde goýýan ençeme maksatlaryny hasyl edýär. Meselem, adatdan daşary güýçlere garşy göreşmek, ýeňmek gahrymanlarda batyrgaýlyk döredýär. Batyr, garadan gaýtmaz ýigitler haýsy döwrüň guwanjy däl. Galyberse-de ertekiler adamlarda, onda-da ýaşlarda mümkin däl zatlary, gudratlary amala aşyrmaga isleg döredýär, hyjuwlandyrýar. Her bir eýmenç, äpet güýçleri ýeňip geçip boljakdygyna ynam döredýär. Sebäbi adamzat özlerini gurşap alan älemiň nämedigine göz ýetirmeklige, gelejegi bilmeklige çalşypdyr. Belki, uçarlaryň döremeginde halk hyýalynyň, jadysynyň hyzmaty bolandyr. Uçýan halylar ýöne ýere oýlanylyp tapylan zatlar däldir. Adam aňy uzakdan görýär. Sebäbi ertekiler halkyň durmuşynda möhüm akyl ýetirijilik, özboluşly ylym-bilim bolup hem hyzmat edendir. Ynsan öz çagasyny heniz okap bilmeýärkä, ýatdan aýdylan ertekiler bilen terbiýeläpdir. Aýratyn hem haýwanlar hakyndaky hem beýleki ertekileriň üsti bilen olara halallygy, dogruçyllygy, dost sarpasyny tutmagy, enä-ata, aga-inä hormat goýmagy, ynsanperwerligi, watanperwerligi öwredipdirler. Halk döredijiligini öwrenijiler entek bir harpy hem tanamaýan adamlar üçin ertekileriň gymmabaha taryhy resminamalardygyny belläpdirler. Beýik Serdarymyz Mukaddes

Ruhnamasynda gyş giželerinde üýşüp-üýşüp diňlenilýän halky eserleriň täsiri barada ýakymly ýatlamalary ýazypdyr. **«Telewizoryň ýok, radionyň gyt wagtynda uzyn gyş gijelerinde, salkyn tomus agşamlarynda goňşylar bilen mesawy söhbet etmek oňat dessurlardandy. Dessan diňlenilýän, gyzykly hem pähimli rowaýatlar aýdylýan şeýle gyş gijeleri, tomus agşamlary türkmen durmuşynyň iň ajaýyp görnüşleri bolup galdy. Olar biziň üçin edep mekdebidi. Ekabyr bolýançaň, eneň eteginde oturyp, Hydyr gören aýallaryň, ekabyr çykaňsoň, ataň ýanynda oturyp, Hydyr kimin ýaşulularyň gürrüňlerini diňlemek goňşuçylykda bolup geçipdi. Bu görnüşler tebigy, ýürege ýakyn hem türkmen durmuşynyň özi ýaly pessaý owazly pursatlardy»[1].**

Juda durmuşy bu ýatlama arkaly halk döredijilik eserleriniň, ertekileriň nähili derejede söýülýändigine, sarpa goýulýandygyna, olaryň adam aňyna ýetirýän täsirine iňňän aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Ertekilere türkmen halkynyň jomartlyk, sahylyk, myhmanparazlyk, şahandazlyk, adyllyk ýaly milli häsiýetleriniň siňdirilmegi, olaryň terbiýeleýjilik häsiýetiniň göz öňünde tutulanlygyndandyr. Aýratyn hem toslamalara, ulaltmalara baý jadyly ertekilerde halk öz isleg-arzuwlaryny, göwün ýüwürtmelerini, oýlap tapan hyýaly hem jadyly wakalary hem gahrymanlaryň hereketleri, oý-pikirleri arkaly iňňän täsin ýüze çykarmagy başarypdyr. Adalatly şa bilen asuda, erkana, bol-elin ýaşamagy isleýän halk, şol adalatly, parasatly şany saýlamak üçin ýörite bir guşy oýlap tapypdyr ýa-da aýdaly, durmuşda, heý, düýşüň satylanyny gören-eşiden adam bolupmy? Tüýs erteki-dä, näme etseň, bolubam dur, ynanybam otyrsyň. Sebäbi onuň aňyrsynda ynsan üçin bähbitli ýagşy niýet, arzuw ýatyr.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. ikinji kitap. – Aşgabat, 2004, 167 s.

«Satylan düýş» atly şeýle täsirli ertekide bir garyp goja özüniň gören gowy düýşüni bir süri goýna çalşyp, ömrüniň ahyrynda bol-elin ýaşamaga çykalga tapýar. Düýşüň gudratyna ýüregi bilen ynanan sada çopan bolsa, şol ynanjy bilen şa gyzyna öýlenip, otursa-tursa hyýalyna gelmedik bagta ýetýär. Halkyň hyýaly erteki wakalarynyň serhetiniň bolmaýşy ýaly çäksiz. «Hatam Taý» atly ertekide hatda Gülüň jenesediniň doňup, altyna öwrülmegi ýa-da beýleki käbir ertekilerde jadynyň güýji bilen adamlaryň doňdurylyp daşa öwrülmeginiň käbir babatda hakykat bilen baglanyşygynyň bardygyny gazuw-agtaryş işlerini geçirenlerinde ençeme alymlar ylmyň üsti bilen tassyklapdyrlar.

«Öwez ýalta» atly ertekide iňňän geň, täsin wakalaryň üsti bilen özi ýalta, emma çaksyz halal, arassa ogluny halkyň durmuş synagyndan geçirip terbiýeleýşinde ýokary ussatlyk bar.

«Baky nebisli», «Döw» atly ertekiler-de ýokarky «Öwez ýalta» atly ertekä kybapdaş, aňyrsy-bärsi görnüp duran çaklaňja ertekiler. Emma muňa garamazdan, olaryň taglym taýdan bir dessanlyk ýüki bar.

«Öwez ýaltada» baý Öwezi talaban tutanda, onuň öňünde iki şert goýýar. Ol halal hak isleýäne bir teňňe, haram hak isleýäne ýüz teňňe töleýändigini aýdýar. Öwez ol söwdagäre bir teňňä talaban durup, bir teňňesine başga zat düşmänden soň, bir güjük bilen pişik satyn alyp, ony öýlerine ýollaýar. Ol iki jandar soňundan Öwez ýaltanyň ykbalynda ynsan hötde gelerden kyn işleri bitirip, ýigidi uly bagta ýetirýär. Onuň şa gyzyna öýlenmegine sebäp bolýar.

Jadyly ertekileriň dünýäsine aralaşdygyňça, biri-beýlekisinden täsin, gyzykly wakalaryň, biri-birine meňzeýän, şol bir wagtyň özünde häsiýetleri gapma-garşy erteki gahrymanlarynyň üstünden barýarsyň. Meselem, «Hatam Taý» ertekisinde sahylykda Gündogara meşhur bir gahryman, baýlygyny il-halka paýlap ýörkä, ikinji bir ertekiniň gahrymany Baky nebisli

(«Baky nebisli») sürüläp maly barka, näsag aýalynyň derdine derman gözläp (kellebaşaýak), onam ýarym mugtuna aljak bolup ýurtdan-ýurda aşýar.

Soňundan hem päli-niýeti düzüw bolmadyk, nebsi damagyny çalyp barýan Baky nebisli ertekide halkyň eline, diline düşüp, şeýle bir eýlenip, täzeden ýasalýar welin, onuň erteki gahrymanydygy ýadyňdan çykyp gidýär.

Halk Baky nebislini itiň yzyna salyp, şeýle bir gözden düşürýär welin, zehiniň, ýazyjylyk ukybyň daş ýaraýmasa, beýle meňzetmäni tapyp, açgöz-husydyň häsiýetini beýle derejede ussatlyk bilen açmak mümkin däl. Bolmanda, bazarda bir kellebaşaýagy ýarym mugtuna diläp, gözgülban bolup duran Baky nebisli mugut kelle tapar-da, itiň yzyna düşmezmi?! Ol jübüsinden puluny çykaranyndan janyny berenini gowy görýär. Onuň öýünde bolsa «owlagyň ýa-da geçiniň kellesini getirdiň» diýjek adam ýok. Sebäbi Baky nebislä maşgalasyndan belet adam barmy?! Owlajygyň kellesini göterip barýan itiňem bada ol kelläni nireden çilendigi, ogurlap alypmy ýa zir-zibiliň içinden tapypmy, belli däl. Baky nebisli bu hakda oýlanardan has ejiz, pes. Baky nebisliniň Taňrysam, dost-ýaram, maşgalasam diňe baýlyk.

It janawer rysgalany agzyndan aljak bolup söbügine münüp gelýän adamdan gorkusyna, kürsäp döwüň gowagyna girýär.

Baky nebisli üçin item gorkuly däl, döwem, janyny berjek, emma kellebaşaýagy mugt aljak. Ýöne ol bagty getirip, öz halasgäriniň üstünden düşýär. Hemişe giň, geçirimli, dözümsiz halk bu gezegem geçirimlilik edýär. Halk — «ýalkasa ýaz, gargasa gyş». Baky nebislini erteki gahrymanyna öwrüp, ony açgözlügi, husytlygy üçin gözden düşürip, ýedi gat ýere sokandan soň, ýene dözmän, onuň durmuşyny ýaza öwrüp goýberiberýär.

Halk öz döreden jadyly, hyýaly ertekilerinde zerurlyk ýüze çykanda ölüsinem direldiberýär. Ol ruhy taýdan bir wagt ölüp giden Bakysyny hem oýunda-hyýalynda ýok, garaşylmaýan

wakalaryň üsti bilen direldip goýberýär. Döw Baky nebislä şeýle diýýär: «Şu güne çenli seniň baýlygyň gara nebsiň elindedi. Men häzir nebsiňi öldürdim-de, baýlygyňy özüňe gaýdyp berdim».

Baky nebisli döwüň gowagyndan çykandan ilkinji gezek öz bolup ýörşünden utanyp, dünýä täzeden seredýär.

Jadyly ertekilerde gahrymanlaryň köpüsi diýen ýaly ady, serheti näbelli bolan bir mekanda ýaşaýan şa gyzyny ýa-da bir perini düýşünde görüp, onuň yşgyna düşýär. Şol gyza gowuşmak üçin ähli zady terk edip ýola düşýän gahrymanlaryň özlerini alyp baryşlaryna ser salsak, olaryň maksatlaryny amala aşyrmak üçin edýän tagallalaryny, göreşlerini, jadyly toslamalaryny azaltsak, ol gahrymanlar başdan geçirme häsiýetli çeper edebiýatyň gahrymanlaryny ýadyňa salýar. Halk döredijilik eserlerinden iýmitlenýän edebiýat üçin bu meňzeşlik geň däl.

Meselem, «Hatam Taý» atly ertekide Hatam Gülüň baýlygynyň syryny anyklamak üçin, gyzyň gözlegine çykýar. Sahylykda, jomartlykda, paýhaslylykda tapawutlanýan keşbi döreden «Hatam — Taý» ertekisi, bir tarapdan, diýseň durmuşylygy bilen durmuşy ertekilere ýakyn. Ikinji bir tarapdan bolsa, ol ertekä däl-de, bir ussadyň elinden çykan durmuş hakykatyny anyk, janly beýan edýän çeper edebiýatyň naýbaşy eserlerine-de meňzeýär.

Çagalykda eneden-atadan galan üç doganyň iň körpesi Hatamyň çagalyk we ýetginjeňlik ýyllarynda oňa doganlarynyň gatnaşygyndaky ýowuzlyk, ýalňyzlykda Hatamyň gussa çekişi, anyk durmuş wakalarynyň üsti bilen şöhlelendirilipdir. Hatam bütin Gündogarda sahylykda tanalýan hem halkyň kalbynda ýaşaýan özboluşly bir gahryman. Ol jomartlygyň özboluşly bir nusgasy. Bol-elinligiň, baýlygyň gönezligini halallykdan, halal zähmetden gözlän halk şol gözlegleriniň netijesini Hatamyň üsti bilen halka ýetiripdir. Jadyly ertekileriň köpüsinden tapawutlylykda, Hatamyň özünden uly doganlary bilen gatna-

şyklarynda-da, mähriban ata ýurdundan kowlup, hor-homsy ýaşan günleri, onuň gara güýji bilen gazanç edip, halka birigişindäki başdan geçirmelerinde-de, Taýyň islegi bilen Gülüň sahylygynyň, baýlygynyň syryny, çeşmesini açmak üçin ýolda gören azaplaryny beýnisinde durlap, ahmyr edişinde-de çeper edebiýatyň gahrymanlaryna mahsus bolan häsiýetler jemlenipdir. Gülüň mekanyny yzarlap, uç-gyraksyz ymgyr çölde ençe ýyllap paý-pyýada horlanan, suwsuzlykdan, açlykdan ejir çeken Hatamyň öz-özüne käýinişinde hem durmuş hakykaty bar.

Hatam hatda Symrug guşuň çagalaryny iýýän, aždarha çykan ýylan bilen söweşende-de, tä tapdan düşýänçä gidişýär. Onuň hiç bir maksady aňsatlyk bilen amala aşanok. Şol agyr pursat başga zada güýji ýetmeýän, emma ýigidiň depesinde duýgudaşlyk bildirip, pel-pelläp uçýan ýaşajyk Symrug guşuň çagalaram oňa ruhy goldaw berýär.

Çeper ýazuwly edebiýatyň ertekilere, ertekileriň ýazuwly edebiýata täsirini beýleki ertekilerden-de yzarlap bolýar. Jadyly ertekilerde erteki gahrymanlary durmuş ýollarynda ýa-da öz öňlerinde goýan maksatlaryny amala aşyrmakda, şol ýeňip geçmeli garşylyklary gahrymanlaryň öz güýçlerinden rüstem gelende, olar haýsydyr bir garaşylmaýan tötänlikleriň, jadyly güýçleriň kömegi bilen ony ýeňip geçýärler. Beýle ýagdaýda olar beýni bilen, akyl bilen kän iş salşyp durmaýarlar. Emma «Hatam Taý» we «Gülýaka» atly ertekilerde erteki gahrymanlaryna öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetmek aňsat başardanok. Olar durmuş garşylyklary bilen ýüzbe-ýüz bolanlarynda, hatda başga güýçlerden peýdalanýan pursatlaram, barybir ýüküň agramly bölegi olaryň öz gerdenlerine düşýär. Ýöne özlerinden näçe esse güýçli duşmanlar bilen bolýan çaknyşyklarda hem adalat ugrunda göreşýän, hatda ejizje gahrymanlaram duşmandan rüstem gelýär. Ýeňiş hemişe adalatyň tarapynda bolupdyr. Türkmen halkynyň iň ajaýyp sypatlaryny, milli

häsiýetlerini, däp-dessurlaryny, ar-namysyny, abraýyny, şan-şöhratyny öz içine alýan halky eserlerimizi-de, öwrenmäge, ýygnamaga şert döreden, olaryň edebi esaslaryny, köküni anyklap, ähmiýetini, gymmatyny açan, olary dünýä meşhur eden Beýik Serdarymyz, bu ajaýyp gymmatlyklarymyz hakynda şeýle ýazýar: «**Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu güne söýgüsidir, ertirine ynamydyr.**

**Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu güne ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň, geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.**

**Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir»[1].**

Her bir ertekiniň esasynda ony döredijiniň arzuw-islegi ýatandan soň, ol ertekileriň agramly böleginde halk şalary, han-begleri, wezir-wekilleri ynsanperwerlige, adyllyga, agzybirlige çagyrypdyr.

Agzybirlik, ynsaperwerlik, halallyk, watansöýüjilik, pespällilik, sabyr-kanagatlylyk, ula-kiçä hormat goýmak, rehimdarlyk, kişä hyýanat etmezlik, dogruçyllyk, ruhubelentlik her bir süteme garşy agzybirlik bilen göreşmek, agyr günde birek-birege hemaýat etmek ýaly türkmen halkynyň ganynda bolan belent häsiýetler bütin ertekileriň içinden eriş-argaç bolup ge-

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Geçmişiň ýaňy – geljegiň daňy. Kitapda: Mahmyt Zamahşary. Ýagşyzadalaryň bahary. — Aşgabat, «Miras» 2004, 6 s.

çipdir. Ertekileriň terbiýeleýjilik güýji-de şol taglymlarda jemlenýär.

Ertekilerde halk hemişe il-ýurt bähbidini arapdyr. Akyl-paýhasly, mert, adalatly, ynsanperwer ogullaryny, başarjaň gyzlaryny şa saýlapdyr. Zalym, halka sütem edýän şalary adamkärçilige, adyllyga çagyrypdyr. Niýetleri başa barmadyk ýagdaýynda erteki gahrymanlary kim bolanda-da «ýüz görüp, gapyrga syryp durmandyr».

Aýratyn hem, ertekilerde halk öz isleg-arzuwlaryny, ýagşy-niýetlerini amala aşyrmakda, esasan, körpe nesli orta çykarypdyr. Meselem, «Hatam Taý», «Körpe ogul», «Allaberdi wezir», «Patyşanyň gyrnakdan bolan iki ogly», «Kerem», «Ak ýylan», «Adalatly şa» we ş.m. ertekilerde körpe ogullar mertligi, gaýratlylygy, başarnyklylygy, akyl taýdan kämilligi, il-ýurda söýgüsi bilen eserleriň beýleki gahrymanlaryndan tapawutlanýar. Halk körpe ogullaryň-gyzlaryň keşbini çekende iň oňat sypatlary olaryň häsiýetinde jemläpdir. Şunuň üçin hem türkmen halkynyň milli häsiýetleri olaryň keşbinde has äşgär ýüze çykýar. Hatda «Gyz-ýigit» atly täsin ertekide halkyň hyýaly, ylhamy şeýle bir täsin öwrümler edipdir. Onda akylly, gaýratly ýaş gyz jadynyň, halk hyýalynyň güýji bilen ogulsyz öýde ogla öwrülip, döwletiň başy bolupdyr.

Beýik Serdarymyz Mukaddes Ruhnamasynda körpe ogullary nesilleriň dowamaty hökmünde häsitlendirip şeýle diýýär: **«Türkmençilik düzgünine görä, ata ýurdy körpe ogla galdyrylýar. Ala-böle şeýle edilmeginiň sebäbini tapjak bolup, oýlanyp gördüňizmi? Sebäbi ýaşlyk, körpelik maşgala geljeginiň, nebere dowamatynyň nyşanydyr. Ata-babalaryň ruhuny, dessuryny hut körpe ogul ilkinji bolup gelejege ýetirmelidir. Diýmek, türkmeniň bu dessurynda geçmiş bi-**

**len geljegiň bitewiligine ymtylma bar. Bu bitewilik bolsa bakylyga ymtylmakdyr»[1].**

Körpe ogul bilen bagly Mukaddes Ruhnamada şeýle ajaýyp hekaýat getirilýär. Hekaýatda gürrüň her gün bagtly bolmagy arzuw edýän üç dogan hakynda gidýär. Doganlaryň yhlasy bilen bir ýagşyzada gelip, olary sähra gezelenje alyp gidipdir. Doganlaryň ulusy aýlanyp ýörkä, bir uly çukuryň üstünden gelýär, görse, içinde bagt otyr diýýär. Bagt uly doganyndan näme isleginiň bardygyny soraýar. Ol köşk ýaly howly sorapdyr. Ortanjy dogan agasyna görä nebsini şagladyp, köşk ýaly howly bilen bir horjun tylla diläp, ikisi hem arzuwlaryna ýetipdir.

Biraz wagtdan soň şol çukuryň gyrasyna olaryň körpe doganlary gelipdir. **«Görse, ullakan çukurda Bagt otyr.**

**Bagt körpe dogana ýüzlenipdir:**

**– Arzuwyňy aýt? Näme isleýäň?**

**– Seniň özüň näme isleýäň? – diýip, körpe dogan sorapdyr.**

**– Men şu uly çukurdan çykmak isleýärin.**

**Körpe dogan Bagty çukurdan çykarypdyr-da, ýene öz ýoly bilen ýöräberipdir.**

**Bagt näme edendir öýdýärsiňiz?!**

**Dogry, Bagt körpe doganyň yzyndan ylgapdyr»[2].**

Uly doganlaryň bagta düşünişi, ýagny oňa göz ýetirişi bir köşk bilen bir horjun tylla. Ondan aňyrda bagt ýok. Olar «ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa, habarym ýok», diýýän bir öz bähbidini bilýän, il derdinden, il aladasyndan üzňe adamlaryň hilinden. Olaryň bagtyň ykbaly bilen, özi bagt paýlap, haýsy sebäbe görä, çukurda oturanlygy bilen işi ýok. Kiçi dogan welin, özünden öňürti bagtyň ykbaly bilen gyzyklanýar. Ýogsam bolmanda köşk ýaly ymaratda bol-elin, hiç bir zada mätäç bolman

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 67 s.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. ikinji kitap. — Aşgabat, 2004, 133-134 s.

ýaşamak her bir ynsanyň arzuwy. Emma ol arzuwa gujurly gollaryň ýa-da ýiti zehiniň bilen ýetmek bir başga. Bu ýagdaýda hem özüň bagtly, hem seniň zähmetiň eşretini il görjek. Bagty çukurdan çykaran körpe ogluň ýoly hakykatdan hem bagtagelejege barýar.

Ertekilerde boýdan-başa diýen ýaly betpäl, arabozar, açgöz, husyt, görip adamlaryň öz pällerinden tapyşlary suratlandyrylypdyr.

Hatda ýokarky ertekilerde körpe doganlar özlerinden uly agalaryndan, gyzlar ejekelerinden sütem görüp, horluk çekipdirler. Bu ýagdaýa olaryň özlerinden ulularda dörän göriplik, basdaşlyk sebäp bolupdyr. Ýöne, barybir ýeňiş körpeleriň tarapynda bolupdyr. Meselem, Hatam («Hatam Taý») sahylykda özünden-de, Taýdan-da has tapawutlanýan Gülüň baýlygynyň ýere-göge sygmazlygynyň sebäbini agtaryp gidende, zäherli dermanyň üsti bilen gyzyň adamlary öldürip, şol durkuna altyna öwürýändigine akyl ýetirende, ýigitde oňa çaksyz ýigrenç döreýär. Gözellikde taýsyz gyz Hatamyň gözüne adamlara elhenç sütem edýän ýyrtyjy ajdarhadan hem eýmenç bolup görünýär. Ynsanperwer Hatamda dörän gahar-gazap, aldaw bilen bigünä adamlaryň ömür tanapyny kesýän Gülden, ar almak meýlini döredýär. Hatam zalym Güli özüni öldürmek üçin naharyna sepen dermany bilen zäherleýär. Şeýlelikde, Hatam ýüzmüňlerçe adamy Gülüň zäherinden halas edýär. Bu ýerde-de jadyly toslama bilen ynsan durmuşy utgaşyp, «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň» diýen ajaýyp taglym ündelýär. Şonuň bilen birlikde Hatam bilen Taýyň hem Gülüň gazanç, eklenç çeşmesini deňeşdirip, halallygy ündän halk, bu ertekide Gülüň haramlyk bilen ýaşap geçen ata-babalaryna-da ýigrenç döredipdir.

Şeýlelikde, halk jadyly ertekilerde jadyly güýçleri-de öz isleglerine boýun egdiripdirler. Ertekide Hatam öz maksadyna

ýetmekde perileriň kömegi bilen biri-birinden rüstem uly garşylyklary, päsgelçilikleri ýeňip geçýär.

Beýle eserleriň nesilleri terbiýelemekde nähili hyzmatynyň, terbiýeleýjilik gymmatynyň boljakdygy öz-özünden düşnükli. Belent adamkärçiligi, ynsanperwerligi, şahandazlygy, çaksyz sahylygy bilen tanalýan erteki gahrymanlaryň dili bilen aýtsaň, «älem sahysynyň, jomardynyň» alnynda janly-jandar dyza çökýär.

Jadyly ertekileriň baş gahrymanlary, patyşa, wezir-wekiller, şa gyzlary, şazada, söwdagärler, daýhanlar, çopanlar, täjirler we ş.m.

Jadyly ertekilere onuň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende, döwler, periler, aždarhalar hem beýleki jadyly güýçler we zatlar has köp gatnaşýar.

Bu ertekileriň esasy gahrymanlarynyň biri perilerdir.

Döwlerden sütem görýän, kähalatlar bolsa olary ynsan bähbidi üçin peýdalanýan perileriň häsiýetlerinde halk ynsana mahsus bolan iň oňat sypatlary jemläpdir. Gözellikde, akylpaýhasda olary ertekileriň beýleki adaty gyz gahrymanlaryndan tapawutlanýar. Olar görgür, ugurtapyjy, köp zady öňünden bilýän gahrymanlar hökmünde şekillendirilipdir. Halkyň arasynda bir gözel gyzy häsiýetlendirenlerinde bir söz bilen «Peri ýaly», «Perisypat» diýilýär. Bu ýagdaý erteki gahrymanlaryndan gelýän ynançdyr. Jadyly ertekilerde periler köplenç sada, garyp ýigitler bilen ykbalyny baglap, olaryň durmuşynda gabat gelýän päsgelçilikleri, garşylyklary ýeňip geçmeklige olara hemaýat edipdirler. Meselem, «Satylan düýş» atly ertekide sada çopan ýigidi bilen ykbalyny baglan peri, şol ýigidi ýok edip, özüne eýe çykjak bolýan betpäl, ar-namyssyz adamlary diňe akylparasaty, görgürligi, duýgurlygy bilen ýeňip geçýär. Ýa-da «Hatam Taý» atly ertekide Hatamyň Gül bilen bagly işleriniň ugrukmagy ýa-da onuň il-güne hemaýat etmekde, ýeňip geçýän

päsgelçilikleri, öz maksadyny amala aşyrmakda edýän tagallalary periler bolmadyk ýagdaýynda amala aşmazdy.

«Maýmynbike we Haşym jan» ertekisindäki Maýmynbikäni biri-birinden rüstem garşylyklardan, göwne degilmelerden diňe onuň çaksyz mähremligi, mylaýymlygy, düşbiligi, geçirimliligi, Haşym jana bolan söýgüsi alyp çykýar. Bu babatda Maýmynbike erteki gahrymanlarynyň köpüsinden tapawutlanýar. Ýöne bu ýerde bir zat nygtalsa kem bolmaz, adamkärçilik babatynda Haşym jan bilen Hatamyň, Dürperi (Maýmynbike) bilen Taýyň arasynda ýagşy gylyklary babatynda umumylyklar bar. Bu gahrymanlaryň keşbini çekende halk olaryň häsiýetinde adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň, sahylygyň, myhmanparazlygyň, sahawatlylygyň iň oňat sypatlaryny jemläpdir.

Kökleri gadymyýetden gaýdýan, timarlanyp-timarlanyp, şu günlere getirilen bu ajaýyp ertekiler öz taglymlary, gahrymanlary bilen, gör, näçe nesilleri terbiýeländir.

Ýagşylyga-ýagşylyk bilen jogap bermek, ýagşylygyň, ýagşynyň gadyryny bilmek ýaly belent taglym bütin ertekileriň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Bu taglym dürli-dürli durmuş wakalarynyň, gahrymanlarynyň üsti bilen her ertekide özboluşly ündelýär. Meselem, «Gülýaka» atly ertekide gahryman öz hemrasyny orta ýolda taşlap, gözüniň alnynda ogurlanan gülýakasynyň yzyna düşýär. Gülýakany döwüň aşpeziniň üsti bilen gola salan, işiniň aňsadrak bitenine aşa begenen gahryman, ýoňsuz ýoly geçenden soň, özüne ýagşylyk eden aşpeze minnetdarlyk bildirmänligi ýadyna düşüp yzyna dolanýar. Ertekidäki gahrymanlaryň ikisine-de ýagşylyk etmegem, ony ýerine salmagam arzan düşenok. Ýagşylyk eden döwüň pidasy bolýar, ýagşylyk görenem ony ýerine saljak bolup ýolda hupbat baryny görýär. Ynsanperwerlik, adamkärçilik etmek hiç wagtam adamzada ýeňil düşmändir. Ertekem şony aýdýar. Gülýaka bahanasy bilen adamkärçiligiň açylyşynda ýokary ussatlyk bar.

«Adyl şa», «Körpe ogul» ýaly ertekilerde-de adamkärçilige adamkärçilik bilen jogap berilýär.

Ýagşyzadalar kimin akyl-paýhasly, dana gojalar jadyly ertekilerde beýleki gahrymanlar bilen deňeşdirilende az hereket edýär. Olar her bir meseläni akylly-paýhasly çözmekde, hatda adamlaryň kähalatlarda ýurtlaryň arasynda bolup biljek agzalalygyň, betbagtlygyň öňüni almakda möhüm hyzmaty ýerine ýetiripdirler. Dana gojalaryň tersine, kempirler köplenç gara güýjüň wekili hökmünde çykyş edýär. Jadyly ertekilerdäki öweý enelerem häsiýetleriniň ýowuzlygy, barlyşyksyzlygy, daş ýürekligi bilen jadygöý kempirlere meňzeýär. Jadygöý kempirler erteki gahrymanlarynyň amala aşyrjak bolýan haýyr işlerine ýa-da bagtly durmuşlaryna göripçilik edýän betpälleriň ýaramaz niýetleriniň amala aşmagyna ýardam edýärler.

«Galandar soltan» atly ertekide Galandaryň daýzalary, onuň özüne we ejesine diňe jadygöý, betpäl kempiriň üsti bilen ýamanlyk edýärler. Betpäl kempir ertekide hemişe öz ýaramaz niýetini amala aşyrmakda Galandaryň barmaly tarapyny bilip, ony toruna düşürýär.

Ýöne bu ertekilerde-de bary bir adalat, adamkärçilik dabaralanyp, ýaman öz pälinden tapýar.

Jadyly ertekiler öň hem nygtaýşymyz ýaly, juda mazmuna baý. Meselem, «Syrlaryň açylyşy», «Körpe ogul», «Allaberdi wezir», «Kerwenbaşy», «Kerem», «Adyl şa», «Ak ýylan» we şuňa meňzeş beýleki ertekiler özlerine ençeme görnüşli hekaýatjyklary-da birleşdirýär. Bu ýagdaý ertekileriň mazmunyny baýlaşdyrýar. Biri-birine baglanýan owunjak hekaýatlar erteki gahrymanlarynyň başarnygyny, ugurtapyjylygyny, akyl-paýhasyny, oýlap tapyş ukybyny açmakda uly hyzmatlary ýerine ýetirýär. Ol hekaýatlaryň üsti bilen köp zatlaryň, wakalaryň syrlary açylýar. Tas dessanlary ýadyňa salyp duran ol ertekilerdäki hekaýatlar aýry-aýrylykda alnanda-da özbaşdak many aňladyp duran eserler. Bu hekaýatlar jadyly ertekilerde köplenç

haýsydyr bir patyşanyň geplemeýän gyzyny gepletmek, onuň akyl-huşuny barlamak üçin getirilýär.

«Adyl şa» atly ertekide uzak bir ýurtda bir şanyň gyzynyň geplemeýändigi aýdylýar. Ony hem kim gepletse, şanyň gyzyny şol ýigide berjekdigi äşgär bolýar. Şu şert «Kerwenbaşy» atly ertekide-de goýulýar.

«Adyl şa», «Kerwenbaşy», «Körpe ogul», «Ak ýylan» ýaly ertekileriň her biri dürli-dürli adamlaryň dilinden ýazylyp alnan, başga-başga etraplardan toplanan, özbaşdak mazmuny, gahrymanlary bolan nusgalar. Muňa garamazdan, bu ertekilerde birinden beýlekisine geçip, göçüp-gonup ýören hekaýatlar, wakalar ýa şol bir hyzmaty ýerine ýetirýän gahrymanlar bar. Elbetde, bu ýagdaý şol ertekileri aýdyjylara hem bagly bolýar. Meselem, erteki aýdyjylaryň halky eserleriň nusgalaryny ýygnaýjylaryň bir ertekiniň içindäki haýsydyr bir hekaýatjygy başga bir ertekä geçirip aýtmagy-da ýa-da öz toslap tapan täze wakalaryny-da oňa goşup, baýlaşdyrmagy-da mümkin.

Üns berilse, adamlaryň agyzsuwuny kesip ýa başga bir zada yrsarap, adam talap edýän aždarhalar ençeme ertekilerde duş gelýär. Şol aždarhalaryň ýok edilşinde-de, meňzeşlik bar. Meselem, bir ýurt bolup garşysyna çykyp bolmaýan aždarhany garaşylmaýan pursatda peýda bolan bir batyr ýigit gylyjyny aýlanda iki bölüp, şa gyzyna öýlenýär.

Ýa-da jadyly ertekilerde uzak ýola söwda gidýän kerwenleriň ýoldaky başdangeçirmelerinde şol bir gaýtalanyp gelýän wakalaryň bolmagy, meselem, ýolda aždarha hem döwler bilen söweşmek, olaryň baýlyklaryna eýe bolmak ýaly wakalaryň, hadysalaryň gaýtalanmagy käbir ertekiçileriň wakalary gatym-garym etmegi bilen baglydyr. Hakykatdan hem, erteki gahrymanlarynyň başga-başga adamlardygyna garamazdan, şa gyzyny gepletmek üçin aýdylýan hekaýatlaryň käbiri, ol ertekilerden beýleki ertekä göçüp ýör.

Meselem, «Kerwenbaşy» atly ertekide üç ýolagçynyň gije tokaýda düşläp, daň atýança gezekleşip garawulçylyk çekmeli bolanlarynda agaç ussasynyň agaçdan heýkel ýasamagy, tikinçiniň öz nobatynda oňa geýim tikip geýdirmegi, ýolagçylaryň mollasynyň Taňra mynajat okap, oňa jan bermegi bilen bagly özboluşly hekaýat beýleki ertekilerde-de gabat gelýär. Olarda hereket edýän gahryman aýry-aýry bolsa-da, maksatlary bir. Ýagny agaçdan ýasalan gözel gyzyň üç ýolagçynyň haýsysyna degişlidigi bilen bagly çözgüdi orta atyp, şa gyzyny gepletmek.

Gyz heýkeli bilen bagly hekaýata «Adyl şa» atly ertekide-de, «Totynyň hekaýatlarynda-da» gabat gelinýär.

Ertekilerdäki tapmaçalaryň ýaşlaryň akylyny, oýlap tapmak ukybyny ösdürmekde hem hyzmaty uly.

Biz jadyly ertekilerde käbir nusgalaryň, olaryň many-mazmunlarynyň, olardaky geň-enaýy wakalaryň, şol bir hyzmaty başga-başga ýagdaýda ýerine ýetirýän gahrymanlaryň, wakalaryň käbir ertekilerde gaýtalanyp durandygyna garamazdan, olary özbaşdak erteki nusgalary bolany üçin ýygynda girizdik. Sebäbi şol bir hyzmaty ýerine ýetirseler-de, olarda hereket edýän gahrymanlar başga-başga. Olaryň hereket edýän meýdanlaram, iş salyşýan adamlaram başga-başga.

«Adyl şa», «Körpe ogul» atly ertekilerde dürli-dürli adamlar agyr ýagdaýda özleriniň düýbünden tanamaýan adamlaryna ýa-da bilmeýän jandarlaryna hyzmat edýärler. Ol ýagşylyklaryň ýerine salnyşy birmeňzeşrägem bolsa, şol ýagşylyklary gaýtarýan adamlar, jandarlar başga-başga. Gahrymanlaryň ýüzbe-ýüz bolýan päsgelçiliklerinde-de käbir tapawutlar bar. Ertekileriň ikisinde-de şol bir taglym ündelýär, ýagşylygyň, ynsanperwerligiň gadyryny bilmek. Ertekileriň ikisinde-de wakalar diýseň durmuşy.

Ýöne bu ertekilerde tanyş-nätanyşlaryň esere goşulan ýerinden jady bilen durmuşy hyýalylyk, toslamalar utgaşýar. Sebäbi bir maksat bilen ýola düşen erteki gahrymanlaryna ýolda goşul-

ýan adamlar, güýçler hakyky adamlar däl-de, toslanyp tapylan gahrymanlar. Ýöne olaryň hem aňyrsynda hakyky adamlaryň niýeti ýatyr.

Meselem «Adyl şa» atly ertekide şazadanyň ölümden halas eden ak balygy onuň ençeme kynçylyklary ýeňip geçmegine, maksadyna ýetmegine hemaýat edýär.

Ynsanperwerlik, rehimdarlyk ýaly belent taglymy ündeýän, ruhubelent, sahy, mert özdiýenli gahrymanlary bolan «Körpe ogul» atly ertekide-de Amanylla ogullaryny synamak üçin üç oglunyň hersine eslije pul berýär. Pul mätäçlere paýlanylmaly. Uly iki dogan hersi bir bahana tapyp, pullaryny sowman, yzyna getirýär. Emma Amanyllanyň körpe ogly, puluny garyp-gasarlara paýlap, galanjasyny gonamçylykda sähelçe bergisi üçin ýaňja jaýlanan bir jesedi mazaryndan çykaryp duran päli bozuk adamlara, şol jesediň bergisini berip, jaýladyp gaýdýar. Päliýaman mahluklar tarapyndan öwlüýä sygman, zyňylan adam hökmünde ile ryswa bolmaly jeset, Kereme talaban durup, oňa duýdurman, söwdagärler bilen ýola düşüp, uzak bir ýurda giden ýigidiň özüni we ýoldaşlaryny üç gezek ölümden halas edýär. Ondan başga-da bu ertekide Kereme talaban durýan adam (jeset) Keremi başga-başga ýagdaýda döwden hem gyzyň içindäki aždarhadan goraýar.

Edil beýleki ertekilerde bolşy ýaly, Kerem talabanyň kömegi bilen uly baýlygyň eýesi bolýar. Bu ertekide ýolagçylara howp salýan jadyly kempir ýok. Ýöne ertekilerde içi ýylanly şa gyzy bilen duşuşyk we ýylanyň öldürilmegi birmeňzeşräk.

Birek-birege ýagşylyk etmegi, mätäje hemaýat etmegi ündeýän «Körpe ogulda» ýazuwly edebýatyň gahrymanlary ýaly Keremiň häsiýeti giňden, her taraplaýyn hem çuň açylýar. Ilegüne hemaýat edip oturan Amanyllanyň belent adamkärçiligi, sahylygy, şahandazlygy onuň körpe oglunyň häsiýetinde has belent derejä göterilipdir. Kerem diňe bir uzak ýola ýoldaş bolan söwdagär ýoldaşlaryny talabanyň güýji, öz adamkärçiligi,

sahylygy, jomartlygy bilen ýalkaman, kömek etmän, eýsem, şol häsiýetleri bilen il-güne-de hemaýat edýär. Şonuň üçin hem halk diňe bir Keremi ýa onuň ynsanperwer atasyny sylaman, uly il bolup, nätanyş merhuma Hudaýoly berip, aýat-töwir edip, onuň mazarynyň üstünde gümmez galdyrýar. Şeýlelikde, bu ertekide türkmeniň ruhuna mahsus bolan ynsan mertebesini belent tutmak, ölini öli ýerinde, dirini diri ýerinde sylamak ýaly ajaýyp taglymlar ündelýär.

Umuman, adamzat paýhasynyň döreden, gymmatlyklarynyň biri bolan, uzak ýyllar ýatdan aýdylyp gelnen, iňňän uly terbiýeçilik ähmiýete eýe bolan ertekiler ynsan kalbyna ýetirýän gymmatly täsiri, güýji bilen, hut häzirki güne çenli hem ýüz müňlerçe nesilleri terbiýeläp gelipdir. Ertekiler adamlaryň gamly gününde ýakyn, janköýer dost, eziz dogan, dana maslahatçy, mährem ene, pähim-parasatly ata hökmünde derdini, hesretini paýlaşýar. Ters ýola düşende pälinden gaýtmaga, azaşan wagtynda dogry ýola ugrukmaga, niýetini ýamana tutan wagtynda bolsa, oýlanmaga goltgy berýär. Şu jähetden dürli ýaşdaky adamlar üçin-de ertekileriň, onda-da adaty güýçlerden tapawutlylykda toslama hem hyýaly hadysalara ýugrulyp döredilen, çuň mana eýe bolan jadyly ertekileriň ähmiýeti iňňän ulydyr.

Eziz okyjy, oka, dynjyňy al! Gel, bileje ertekiler dünýäsine syýahat edeli!

**Şirinjemal Geldiýewa,**
***Milli medeniýet «Miras» merkeziniň***
***bölüm müdiri.***

## MAZMUNY

Aldarköse döw hem tilki ........................................................ 9
Ýylanbaý.............................................................................. 14
Syrlaryň açylyşy ................................................................. 21
Akpamyk ............................................................................. 33
Diwananyň ogly .................................................................. 46
Kör garga ............................................................................ 59
Öwez ýalta ........................................................................... 63
Kaşamşam ........................................................................... 71
Hoja küş-küş ........................................................................ 74
Patyşanyň ogly ..................................................................... 78
Galandar soltan .................................................................... 82
Kerwenbaşy .......................................................................... 90
Şa gyzy ................................................................................ 103
Körpe ogul ........................................................................... 115
Garyp oglan ......................................................................... 136
Sowgat ................................................................................. 142
Gyz-ýigit .............................................................................. 145
Gülýaka ................................................................................ 150
Gurjak gyz ........................................................................... 159
Satylan düýş ......................................................................... 162

Hatam —Taý ........................................................................171
Ejekejan ..............................................................................195
Kerem ...................................................................................206
Üç gyz dogan ......................................................................211
Döw .......................................................................................222
Ýartygulak ..........................................................................226
Satyn alnan akyl ...............................................................232
Baky nebisli .........................................................................235
«Aýazhan, çarygyňa bakarak» ......................................240
Patyşanyň gyrnakdan bolan
iki ogly .................................................................................258
Akylly gyz ...........................................................................293
Allaberdi wezir ..................................................................300
Maýmynbike we Haşym jan ...........................................306
Adyl şa .................................................................................329
Kelje ....................................................................................340
Şamar ...................................................................................351

*Şirinjemal Geldiýewa.* Jadyly dünýä syýahat.......................371

**Türkmen halk ertekileri**
(Jadyly ertekiler)

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory S. Abaýew**
**Sahapda Maýsa Hojaýewanyň çeken suraty**
**Korrektor B.Öwezow**

Çap etmäge rugsat edildi 16.10.2006 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 24,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-22618

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.